Agageldi
ALLANAZAROW



# OJAK

Roman
Ikinji kitap



Aşgabat – 2008

UOK 894-361
A - 48

**A.Allanazarow. Ojak.** Roman.
2-nji tom, TDKP 2008.

Tanymal ýazyjy Agageldi Allanazarowyň köptomly «Ojak» romanynyň birinji kitaby türkmen okyjylary tarapyndan gyzgyn garşylanan eserleriň biri boldy. Bu roman hem şol öňki birinji kitabyň gönüden-göni dowamy bolmak bilen, 1930–1937-nji ýyllarda bolşewikleriň döwlet başyna gelmegi bilen, asuda, parahat oturan ojaklaryň zora tutulyp, köpçülikleýin weýran edilişi, halkymyzyň gören agyr jebir-jepalary taryhy maglumatlaryň üsti bilen çeper beýan edilýär.
Romanyň taryhy çeşmeleriň, gözi bilen gören şaýatlaryň maglumatlary bilen utgaşdyryp ýazylmagy eseriň gymmatyny has-da artdyrypdyr.
Awtor bu romanynyň üsti bilen biziň häzirki bagtyýar zamanamyzyň owal-ahyr berkarar bolmagyna mynasyp goşant goşan merdana gerçekleriň, gujurly-gaýratly aýal-gyzlarymyzyň ruhy keşplerini tirsegine galdyrýar. Eser ýazyjynyň bu merdanalary mertebeläp, olara diken mynasybetli ýadygärligi bolupdyr.

*Awtor kitabyň döremegine öz maglumatdyr maslahatlary bilen hemaýat eden adamlar: alym Baba Weliýewe, Myrat Abdyrahmanowa, Agajuma Seýitmyradowa, Meret Suhanowa, buharaly taryhçy, žurnalist E.Kurbanowa, ýazyjy Sapargeldi Hudaýberdiýewe, Annamyrat Kakabaý ogly Tätän agtygyna, Allamyrat Mommadowa, Nabat Kakabaý Batman gyzyna mertebeläp, tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirýär.*

KBK. 84.Tür – 7
© A.Allanazarow, 2008.



# Ikinji kitap

## DÖRDÜNJI BÖLÜM

Şol ýyllarda gazak sährasynyň halky ýeleden-ykdan getirilýän: türmä höküm edilýänleriň, sürgün edilip getirilýänleriň hasabyna barha möwç alyp artmak bilendi.

Otlular şol döwürde hamala, gazak topragynyň bir daban ýerini hem boş goýmazlygy maksat edinene meňzäp, eşelon-eşelon edip, bu ýere SSSR-iň dürli ýerlerinden bendileri, sürgüne höküm edilenleri çekýärdiler. Şeýdibem, bu ýerlerde soňra «Karlag» adyny alan Gazagystan möçberindäki bendileriň Zulum-Imperiýasy döreýärdi. Gazagystan hakykatdanam «KAZEKstana»[1] öwrülýärdi.

Gazak topragy sürgüne gelen türkmenleri özüniň birsydyrgyn seleňläp oturan tükeniksiz giňligi bilen haýran galdyrdy. Türkmenem-ä ýurduny giňden tutan halkdyr welin, ýöne gazagyň ýeri çeniň-çakyň dagy däl eken. Akmolla topragy gazak ýerleriniň arasynda bir ýanyny «Sibir çöketligi» adyny alan ýerlere, günortasyny Syrderýa, gündogaryny Semipalatinskä, günbataryny Turgaý ýerlerine, demirgazygyny Tobolski ýerlerine sanyp, ummasyz tükeniksizlik bolup gernip otyr.

Türkmenleriň sürlüp getirilen ýeri Garagandadyr Akmolla şäherleriniň aralygyndaky, soňky döwürde, ýanama ýerlerde ýaz kömelekleri ýaly köpçülikleýin peýda bolýan barak-obalarynyň biridi. Bu barak-obaçylyklarynyň şol günler öz tertip sanlaryndan başga ne atlary bardy, ne-de oňly salgy-belgileri. Olar başga ýerde, esasanam, köp halatlarda, bendilere gözegçilik edip, ýokardan

[1] КАЗЕКстан – «Түрмелер юрды» манысында (А.Солженицин. Архипелаг ГУЛАГ. Москва. Инком НВ, 1991, 358-нҗи сах.).

seredýän komendantlaryň ady bilen tanalardy. 31-nji barak hem şol döwürde komendant Şadmanowyň ady bilen tanalýardy.

Tomus günleridigine seretmezden, her gün diýen ýaly ir bilen Tobolsk tarapdan, gazak sährasynyň gümmezekläp ýatan sagrysyny sypalap, ýaz şemalyna berimsiz salkyn şemal ösýärdi. Şu pursatda gündizem heniz ymykly gijäniň içinden çykyp bilmän, gerinjiräp, gamaşybrak durýany üçin, ol güýzüň üstünden ätläp, ýene-de şol bu ýerde hederlenişip-hümerlenişip, eýýämden güýzüň üstünden ätläp, gürrüňi edilýän gazaply gyşa-da sapyp giderli görünýärdi. Emma bu ýagdaý her gün dünýä ýagtylyp, asmanda Gün görnensoň, uzak bolmaýar. Gazagyň tebigaty tüp yssy günleri türkmen tomsuna belli bir derejede meňzeýän hem bolsa, onuň häzirki tomsy welin türkmeniň has irki güýzüni ýada salýardy.

Günüň bol çogy sährany eýemsirenip, ony gujagyna alansoň, bu ýerlerde tomus her gün şondan soň başlanar eken. Şu pursatda asman hasam açyk bolýar. Asmanda adaty bolaýýan lemmer-lemmer bulutlaram häzir ol ýerde aňsat görjek gümanyň ýokdur. Yssynyň derdinden dünýä her gezek şundan soň, ir-ertirki ter-juwanlygyny ýitirip, lagşap, saly gaçan goja ýaly juda argyn görünýär. Şeýdibem, bu döwürde gazak sährasy özüniň süňňüniň Sibir topragyna sanylýanyny hem ýadyndan çykarýar.

Gazagyň yssysy Türkmenistandan gelenlerde ilki hamala bu yssyny öz ýurtlaryndan özleri getiren ýaly duýgyny döretdi.

Barak obaçylygy biraz beýigräkde ýerleşenligi üçin, Işim derýasy bu ýerde onuň duşundan biraz oýtarlap, ýarym halka görnüşde, onuň daşyndan aýlanyp, hamala duýdurman, soňra obajygy gujagyna alaýjak ýaly, küýlenip, ýere-ýoma sygman, ýaýraw ýasap akýar.

Belki, onuň akman, duran ýerinde, ten saklap duran bolmagy-da mümkin. Onuň akýanlygy oňly duýulmaýar. Derýa dagy däli öküz ýaly, hyjuw-höwesine bäs gelip bilmän, Murgapdyr Jeýhuna meňzäp, akmazmy kenarlaryna agram salyp süýkenip, oýmur-

oýmur aýlak ýasap, düňderilip?! Ýok, munuň bolsa akmak bilen seri ýok, duran ýeri özüniňki.

Barak obasynyň sesýetimliginde aňyrsy-bärsi görünmeýän peslikde Işim derýasynyň boýunda dörän gäbe garyn kölleriň biri dolup-daşyp, Gün şöhleleriniň aşagynda, äpet bir aýna bölegi ýaly bolup, ýalpyldap dünýäni eýemsirenip otyr. Kölüň syra gyrasynda gamyşdyr ýeneki suw otlarynyň döreden jeňňeli bar. Ol ýerlerde gündizlerine ýabany ördeklerdir ýeneki suw guşlarynyň tirkeşip, pytraşyp, ygyşyp ýüzüp ýörenlerini-de görse bolýar. Gijelerine bolsa dünýä imisalalyk aralaşan mahaly ol tarapdan şol guşlaryň gagyldysy, ganatlarynyň pysyrdysy eşidilýär. Ördek-gazlar her gezek göç edenlerinde goguldaşyp, asmana göterilişip, obanyň depesindenem öwrüm berşip geçýärler. Şeýle pursatlarda gazak topragy diňe bir sürgündir bendileriň däl, guş-gumrularyň hem mekany bolup görünýär.

31-nji baraga türkmenler ýygyn tutup gelende, bu ýerde bary-ýogy on-on iki sany barak öýler bardy. Ony-da öňki ýyl bu ýere Orusýetden, Ukrainadan sürgün edip getirilen adamlar gurupdylar.

Jaýlar munda bu ýer Sibir bolmasa-da, onuň sowuk meselesinde ondan kem oturmaýanlygy hasaba alnyp gurlandy. Her jaýyň ortasyndan uly däliz goýberilip, soňra onuň syra-gyrasynda gurlan sekiz otagyň gapysy şol ortadaky dälize tarap çykar ýaly edilipdir.

Bu ýerde ýene-de dürli hajatlar üçin gurulýan gurluşyklaryň birnäçesi bardy. At ýatagynyň eýýäm boýy ýetip barýan bolsa, okuwçy okatmak üçin salynýan mekdebiň gurluşygy ýaňyrak başlanypdy. Şeýle-de, dört sany barak hilli gurulýan jaýlaryň hem gurluşygy dowam edýän eken. Kolhoz başlygy Iwan Zaharowiç Reşetnikow bu zatlary gyşa çenli gurup gutararyn diýen tamadady. Türkmenistandan gelen sürgünleri birbada şu gurluşyklaryň arasyndaky boşlukda ýerleşdirdiler.

Adamlary surnukdyryjy sürgün ýoly, näbelli ykbalyň gaýgy pikirleri, ýeter-ýetmez azyk-suwluk, bu zatlaryň bary diýseň

ýadadypdy. Olar bir ýerde düşüp, dem-dynç alsalar kaýyldylar. Şonuň üçinem birbada bu ýalazy meýdanam olara köşgi-eýwan bolup göründi. Asylam billeri giden ýaşuly adamlaryň gonalga tapansoňlar, ýanlaryny ýerden galdyraslary gelmeýärdi, olar zeruryna-da turup, yraw-daraw zordan gidip gelýärdiler. «Bäh, beýle-de gowulyk bar eken-ow» diýşip, şu pursadyň uzagrak bolmagyny dileg edýärdiler.

Biraz-da bolsa özüňi oňaýly ýerli-jaýly duýmak üçin, şeýle bir köp zadam gerek däl eken, agyr güzaplardan soň adamlara sähelçe ýazylganlyk berseň, şolam ýeterlik eken. Şeýdibem, ykbalyň ala getirenligi belli bolupdy, indi Taňra ten berip, onuň şeýledigine diňe özüňi ynandyraýmak galypdy. Bu ýagdaýa hatda belli bir derejede uýgunlaşmak üçin bolsa, diňe şeýdip, ykbala boýun bolan mahalyňda mümkindi.

Täze ýerde durmuş sürgüne gelen türkmenleriň pikir edişinden has tiz ýaýbaňlanyp ugrady. Olaryň gelenine iki gün geçip, üçünji gün diýlende kolhoz ýolbaşçylary – başlyk Iwan Reşetnikow bilen komendant Şadmanow ikisi sürgüne gelen erkek adamlardan ybarat işçi güýjüni ir bilen obanyň biraz çetinde duran kolhoz kontorasynyň öňünde ýygnady.

Göýä äpet bir gyzyl almany ýatladyp, gyzaryp dogan Gün ýuwaşlyk bilen asmana göterilip barýar. Ol ýokary göterildigiçe-de, öz-özünden aýdyňlyk tapyp, süňňündäki artykmaç gyzyl reňkinden sabap, öz hakyky altynlaç kaddyna gelme bilendi. Onuň şöhlesiniň bir bölegi derýanyň tekiz ýüzüne düşüp, ol ýerde owadan aýna bolup ýalpyldaýar.

Kontor jaýy äpet bir tolkunyň derýadan çykaryp, kenara taşlan läheň balygynyň gerşini ýatladyp duran depäniň üstünde gurlupdy. Bu ýerden barak obajygy özüniň daş-töweregi bilen aýyl-saýyl görünýärdi. Obanyň çar töwereginde bolsa şol ummasyz bolup görünýän gazak sährasy seleňläp, öz bimöçber hökmürowanlygyny göz edip, töweregiňe öwrülip otyr. Şonuň

üçinem bu pursatda ýolbaşçylar adamlary bu ýere hut şu zatlary görmek, duýmak üçin ýygnana meňzedi.

Reşetnikowdyr Şadmanow dagy kolhozyň beýleki ýolbaşçy-işewürleri bilen mähelleden bäş-on ädim öňde özbaşlaryna aýratyn bölejik bolşup durdular. Ýolbaşçylaryň işi pikir edişleri ýaly, obanyň indiki hal-ýagdaýy, adamlary iş bilen üpjün edip, olaryň hersini öz ýerli-ýerinde goýup, işi kommunistlerçe talabalaýyk gurnamakdan ybaratdy.

Başyna barylmagyna garaşyp ýatan iş bolsa kändi.

Orazgeldi ýygnak ýere iliň soňragyndan gelenleriň biri boldy. Ol goňşusy Kämirandyr çaga bilesigelijiligi bilen öz yzlaryna düşen ogly Allanazar bilen gelende, kontor jaýynyň öňünde adam bary eýýäm hyň berýärdi. Ýygnak başlamandy, obaçylyk tarapdan henizem iki-ýeke adamyň ygam-sygam ýygnak ýere ýetip gelýänligi görünýärdi.

Adamlar jemlenişýän mahalynda hümerlenişip duranlaryň arasynda çilimleşýänleri-de bardy, özara mesawy gürrüňçilige berlenleri-de.

Eýýäm sürgün ýolunda iliň ünsüne düşen ýaşulularyň dört-bäşisi: Gully emindir Seýitmyrat aga, Ermeni mirapdyr Orazmyrat işan, Täjilidir ýene bir inçemikden gelen hortap Hydyr aga dagy mähelläniň öňünde bir toplum, iliň öňi bolşup durdular.

Duranlaryň pikiriçe, barak ýolbaşçylary bilen boljak gürrüňde, gerek bolsa, il bähbidini gorap, akylly-başly gürrüň etjegem ýene şu adamlardy.

Orazgeldi dagy gelip, märekä goşulanlarynda Tätän[1] baýdyr ussa Çarynyň duran ýeriniň gabadyndan gelip çykypdylar.

---

[1]Тәтән бай. Гурбанмырат хак ады болуп, Тәтән оңа соңра галан лакам болупдыр. Тәтән Ашгабат төверегиндәки обаларың биринде өнүп-өсен, ил ичинде абрайлы, хорматланылян адам болупдыр. Журналист Г.Мередов хем өз обаларының адамлары хакындакы макаласында Тәтәниң герек еринде ёл кесип гезен догумлы адам боландыгыны язяр. Шол йылларда ил бәхбиди үчин кервен гурлуп, аргыша гидиленде, беемчилик эдип оны, Тәтән байың ёла саландыгыны ятлаяр.

Allanazar bir görse, Tätän baýyňam ýanynda ogly bar. Deň-duşlar bir-birlerini görenlerinde «Senem bu ýerdemisiň, ine, menem geldim» diýen manyda bir-birleriniň ýüzlerine, hezil tapma bilen, ýyljyraklaşyp seredişdiler. Allanazardyr Kakabaýyň ýyltyldaşyp-gürleşip duranlaryny gören, kakalary bilen ýeneki bu ýere gelen  oglanlaryň hem birnäçesi adamlaryň arasyndan geçişip, olaryň töwereginde köpelişip ugradylar. Allanazar bular bilen birki günden bäri bile oýnaýan-da bolsa, ol öz bir wagonda gelen  oglanlaryndan başgalar bilen entek oňly tanyş däldi. Ýöne olaryň birini welin tanaýardy, ol uzyndan gelen oglanyň ady Sähetdurdy bolup, onuň ermeni diýen adaty bolmadyk taň görülýän atasynyň ady bardy. Şonuň üçinem tanyşlyk berip aýdanyndan, onuň ady dessine deň-duşlarynyň köpüsiniň ýadynda galypdy. Şondan bärem deň-duşlary onuň Sähetdurdy adyny Ermeni diýip tutýardylar.

---

...Отузынҗы йылларда ол хем машгаласы билен Газагыстана сүргүн эдилйәр. Ол хем дүрли ерлерден гетирилен адамлар билен 15 йыллап хеммелер билен билеликде сүргүн гараматыны чекишенриң бири боляр. Дүрли кәрлерде ишлән-де болса, сүргүнчилигиң соңкы йылларында ол колхоз малының бир бөлегини бакыпдыр. Бир гезек болса ол сүрүден ики-үч мал йитипдир. Бу голайда Кавказ тарапындан бир бөлек адам сүргүне гетирилен экен. Шол адамларың ики-үч санагының өңем габат гелсе, ондан-мундан оны-муны алаймасы бар экен.

Тәтән гөни шоларың үстүне барыпдыр. Огрулар малларың бирини соймак үчин эййәм пычак-палталарыны чалыбам отуран экенлер. Сүңкбашы ири Тәтәниң гая бөлеги ялы болуп, гапыда пейда болмагы гарашылмадык дуйдансызлык болупдыр. Огруларың икиси эле илен авларыны сыпдырмазлыга чалшып, Тәтән билен чакнышарлы болсалар-да, огруларың Тәтәни танаян үчүнҗиси онуң хакыны гидермеҗегини биленсоң, ёлдашларына: "Тәтән гелен болса, ол задыны алман гитмез" дийипдир. Соңам "Зелелиң ярысындан гайтмагам бир пейда" эдип, сыгырлары онуң өңүне салып гойберипдир.

1947-нҗи йылда сүргүнлере ругсат эдиленсоң, о-да машгаласы билен Ватана илки гайдып геленлериң бири болупдыр. Онуң неберелери хәзир Ашгабат төверегинде яшаярлар.

Şol barmana-da Tätän baý bilen bileräk duranlaryň biri tutugrak Çary ussanyň oglanlaryň töwerekde gaýmalaşyp, ulularyň aýagyna çolaşýan ýaly bolşup, sokjaryşyp ýörmeklerini halamanlygy belli boldy. Ol depjek at ýaly çytylybrak oglanlara tarap öwrüldi.

– A-how, bular näme işläp ýör-ä bu ýerde, ejeleriniň eteginiň töwereginde boluberenlerinde bolmaýarmykan?..

Çary ussanyň nägileligi oglanlaryň badyny aldy, ýaramady, olar ilki müýnürgenişip bir-birleriniň ýüzlerine seredişip, soňundan özlerine: «Baryň, siz gaýdyň!» diýläýmegini ahmal görşüp, töwerekdäki uly adamlaryň ýüzlerine ýazyksyz seredişdiler.

Tätän gaňrylyp, öz oglunyň ýüzüne sereden mahaly oňa talaply bir gep diýerli görünse-de, tizden ol özüniň Çary ussa bilen pikirdeş däldigini mälim edip, sypaýyçylyk bilen, sözüne aýgyt berip gepledi:

– Ussa gardaş, bularam gelen bolsa, goý, bolsunlar bu ýerde. Biziň keç ykbalymyzyň ýüküni çekişip ýören inerçeler-ä bular. Ýolbaşçylar näme diýseler, men-ä şularyňam eşidäýenini kem görjek däl...

Oglanlar ussanyň oýun bolsa dyzanyp, onuň bir ýanyndan galmaýan, garagol ogly Jepbaryň häzir öz ýanlarynda ýoklugyny hem şundan soň onuň kakasyndan gördüler. Arkalaryny alany üçin bolsa olar Tätänden minnetdar boldular.

Däne oragy alkymlap gelipdi. Ony bolsa indi isripsiz ýygnamak gerekdi. Talap şeýledi. Şol wagtda hem bu ýerde adamlaryň işçi güýjüni, olaryň sürgün ýagdaýlaryny göz öňünde tutup, türme ýaşaýşynyň bir görnüşi hökmünde OGPU tarapyndan goýlan komendantyň talaplary astynda gurnamalydy we her adamyň öz gününe kaýyllyk bilen işläp, işlemeýänligi onuň gözegçiligi astynda bolmalydy. Kolhoz döredilenligine seretmezden, bu ýerde öňki sürgüne getirilenlerem hut şeýle öňden talap boýunça girizilen kada-kanuna laýyklykda ýaşaýardylar.

Adamlaryň öňünde ilki Şadmanow gürledi. Ol bu duşuşyga taýynlanypdyr: ösgün saç-sakgalyny alyp, geýim-gejimine timar berip çuslanyp syrdamlanypdyr, nämedir bir zatdan nägile ýaly, onuň ýüzi bolsa ýene-de çytyk, gaşlary gözleriniň üstüne bürelişip dur. Komendant her pursatda hökmürowanlygyny nygtap, mähellä özüni agramly görkezmäge çalyşýar. Ol terjimeçi Güýji türkmenleriň arasyndan terjimeçilik etdirmek üçin ýanyna çagyryp alansoň, öz gepine gerim berip, ony aýlap aňyrdan başlady. Sowet adamlarynyň, sosialistik döwletiň berkararlygy üçin, ýurduň ähli ýerinde alnyp barýan häzirki uly işlerini, gazanylýan zähmet üstünliklerini, daşary ýurtly duşmanlaryň dilini, hyýanatyny ýetirip durmaklaryna seretmezden, ýurtda ähli işleriň  üstünlikli alnyp barylýanlygyny ýatlady. Bu işlere bolsa ýoldaş Staliniň hut özüniň pähim-paýhas bilen ýolbaşçylyk edýänligini buýsanç bilen belledi.

Gürrüňiniň esasanam Stalinli bölegine aýratyn dabara berip, «Eger ol bolmasa, ýokarky agzalan uly işler amala aşmazdy, ähli gowulyklar hut şonuň özi ýurda ýolbaşçylyk edýäni üçin şeýle bolýar» diýen äheňde suňşuryp dabaraly gürledi.

Şadmanowyň yz ýanynda duran adamlar ýoldaş Staliniň ady agzalan mahaly hamala içki joşgunlaryna bäs gelip bilmeýän ýaly bolşup, ýerli-ýerden ony makullamak bilen el çarpyşdylar.

Haçanda Şadmanowyň iki ädim gapdalynda ellerini owkalap, onuň diýýän sözlerini oýurganyp diňläp duran Güýç dilmaç, onuň gepini türkmençä geçiren wagty türkmenler hem beýlekiler ýaly, komendantyň gepiniň şu ýerine dilmaç el çarpansoň, özleriniňem çarpmalydyklaryna düşündiler. Emma muňa seretmezden, eller üzlem-saplam hem çala-çula çarpyldy. Heniz görmedik zadyňa birbada goşulyşaýmak, elbetde, aňsadam däldi, onda-da bular ýaly, öýünden-ilinden aýrylanlaryna janlary ýanyp duran nägile halda mahalyň.

Komendantyň yzyndan kolhoz başlygy Reşetnikow söz aldy. Ol ilki garşysynda topar tutup, başly-baradrak duran adamlara

gysgaça nazar aýlap aldy. Iwan Zaharowiç Reşetnikow kyrk ýaş töweregindäki saryýagyz dogumly adamdy. Ol bu wezipä geçen ýyl Orusýetden getirilen sürgünleriň arasyndan, bu ýerde oba hojalyk işlerini ýola goýmak üçin, olaryň öz aralaryndan alnyp, hojalyga ýolbaşçy edilip goýlupdy. Ýöne muňa seretmezden, bu ýerdäki ähli işler diňe komendantyň gözegçiligi astynda alnyp barylýardy. Kolhoz başlygy oňa her günki edýän we etmekçi bolýan işleriniň jikme-jik maglumatlaryny berip durmalydy.

Ýaşaýşyň daşynyň berk gabawy ýok diýmeseň, bu ýerde-de ol köp babatda türme kada-kanunlaryna görä, organ işgärleriniň göz astynda bolmagynda galýar. Başlyk ilki bu ýerleriň ýas-ýaňylaram, has takygy sürgüne gelinmezinden ozal boş meýdan bolup şyňlap ýatandygyny, adam dabanynyň seýrek sekýän ýeri bolanlygyny aýtdy:

– Hökümet, partiýa bu tozap bikär ýatan giň sährany jylawlap, ony il bähbitli ýerleriň hasabyna goşmagy karar edensoň, ol indi galkynyp, saýlanyp ugrady. Biziň toparymyzyň gelmegi bilen, bu obanyň geljekki durmuşynyň ilkinji gazygy kakyldy. Ýazda biz öz bar bolan güýjümiz bilen ýüzlerçe gektar ýeri sürüp, oňa däne ekdik. Ýolda gelýärkäňiz sizem onuň bir çetini öz gözüňiz bilen görensiňiz. Diýseň gowy hasyl ýetişip gelýär. Siziň geleniňiz gowy boldy. Ol biziň bir özümize aňsat ýygnatjagam däl. Indi tizden bugdaý oragyna başlarys. Billeri guşap işlemeli bolarsyňyz. Daýhançylyk bolsa siziň görmedik pişäňiz däl bolsa gerek!

Reşetnikow haçanda sözüniň arasynda kömegimiz ýetik bolar diýen äheňde: – Bize Täjigistandanam bir tapgyr adam gelmeli – diýende türkmenler ýolda gelýärkäler duşan adamlaryň özlerinden: «Siz täjigistanlymy?» diýmekleriniň sebäbine diňe häzir düşünip galdylar.

Bu maglumat duran adamlaryň arasynda: «Bizi ýerleşdirmäge ýerleri ýok welin, bular täjikleri nirede ýerleşdirjekkäler?» diýen ýaly garyşyk pikirler döretdi.

Reşetnikowyň daýhançylyk bilen bagly aýdan zatlary, adamlarda özleriniň bugdaý-nandan uzakda bolmajakdyklaryny tama etdirip, olarda kanagatlanma duýgusyny döretdi. Heý, nana ýakynlygyňy bilmekdenem bir aňry gowulyk bolarmy!? Onda-da ýat ýurda bendi bolup gelip, çagalardyr aýal-ebtatlar bilen ýalazy meýdanda byglaşyp oturan mahalyňda.

Kolhoz başlygy adamlaryň geljekde göz öňüne tutulýan ýaşaýyş şertleri barada gürrüň edende ilki bu ýeriň gyşynyň gazaplydygy bilen onuň uzak bolýanlygyny ýatlady. Ol gyşyň öňünde durmak üçin, ertiriň özünde gurluşyk işleriniň hem başlamalydygyny aýdanda, onuň gep saluwynda adamlaryň aladasy mese-mälim duýuldy. Onuň bu gürrüňi adamlaryň öz ýanyndan soňra ýolbaşçylara aýdaýmaga çemelenişip oturan: «Biz indi şeýdip guma bulaşyp, Günüň, ýagyş-ýagmyryň talaňyna berlip oturmaly bolarysmy?» diýen soraglarynyň hem belli bir derejede nagt jogap boldy.

Haçanda Reşetnikow möhüm işleriň biri hökmünde obada gurulýan mekdep jaýynyň gurluşygy barada, onuň döwlet syýasatynyň gaýrygoýulmasyz pudagydygy bilen baglap aýdanda ol pikirinde mekdebe girip barýan şadyýan çagalary göz öňüne getirip, buýsançly sähelçe ýylgyryp goýbereninem duýman galdy.

Reşetnikow öňünde hümer bolup, duran adamlara ähli aýtmak islän zatlaryny aýdyşdyransoň, maňlaý saçy bireýýäm düşen, birnäçe kagyzy elinde turba ýaly edip, togarlap-düýrüp duran gojany öz ýanyna çagyrdy.

Orazgeldi ol gojany ogly Allanazaryň ýolda tapan babasy hökmünde tanansoň, oňa hem ýolbaşçylaň arasynda sala-ýumuş düşýänini görüp: «Allanazaryň orus babasy ýöne bir arabakeşem däl öýdýän, başga wezipesem bar bolmaly munuň...» diýip, ol hakda gyzyklanyp pikir etdi.

Goja biraz öňe çykyp, elindäki kagyzlaryň gatyny açansoň, gözüni süzgekledip, onuň hatyny okamaga girişdi. Ol käte-de sözüne dyngy berip, aralygynda Reşetnikowyň, Güýç dilmajyňam

ýüzüne seredip säginibem goýberýärdi. Kagyzlardaky ýazgylarda adamlar ýörite iş toparlaryna bölünipdi. Toparyň uly bir bölegi ýer sürüp, ekin ekip, daýhançylyk etmelidi. Kerpiç goýup, jaý salmaly adamlar hem aýratyn, oňa ussaçylykdanam biraz başy çykýan adamlar seçilip alnypdy. Gurluşykçylara ýolbaşçy edibem Matweý atly gaşlary çytylyp duran galjaň adamdygy duýulýan, kyrk-kyrk bäş ýaşlar töweregindäki hortap adam bellenildi. Çary ussa, Beki Seýitmyrat, Kakabaý Gurban, Nöker Ermeni... dagy hem şol bölüme girizilen eken. Adamlar häzir öz brigadirleri Matweýiň rus goşunynda köprüleri, demir ýollary kada laýyklap gurup gezen uly inženerdiginden habarsyzdylar.

Gurluşykda işlemelileriň atlary okalyp, olar bir ýana toplanan wagty Reşetnikow: «Hany, sen näme diýjek?» diýip, Matweýe söz berdi.

Ol belli bir derejede özünden öň iş barada gürlän Reşetnikowyň sözlerini özüçe gaýtalap, nygtap gürledi:

–Iş ýeňil bolmaz. Ýöne ýetik bolar. Gije-gündiz işlemeli bolarys. Eýläňe-beýläňe seretmänkäň, gyşam geläýer. Bir gar küräp ugransoň, bu öwrede ojagyň-oduň bolmasa, onsoň janyňa jaý tapmak juda kyndyr. Her maşgalany bir sümelge bilen üpjün edilmegi hökman. Agaç-tagta meselämiz, elbetde, öwerlik däl. Ýöne onuňam ýolbaşçylar ugruna çykyp ýörler. Bolar bir alajy. Emma biz öz elimizden geleni edeliň, kerpiç goýup, jaýlary gurup, boýny ýetiribereliň. Talabam şeýle, wezipede. Ýogsam gyşda meýdanda galsak, köpümiz doňup öleris...

Ol bu sözleri hiç kimiň ýüzüne seretmän, makullama-da isläp durman, esgerlerine tabşyryk berýän komandire meňzäp, talaply, kesgin-kesgin aýdyşdyrdy.

Ýygnak her sürgüne gelen erkek kişiniň nirede işlemelidigini̇ň, näme bilen meşgul bolmalydygynyň aýyl-saýyl edişi ýaly, işlän bilen işlemedige her günki beriljek çörek paýynyň hem möçberinde anyklanyldy. Iwan Zaharowiç beriljek çöregiň

möçberi barada gürlände gürrüň arasynda aýallaryň hem güýjüniň zähmete çekiljegini aýdyp:

–Olar hem işleseler, işleýän erkek adamlar bilen deň paý çörek alarlar – diýip, sözüni anyklady. Bar bolan ähli güýjüň bu ýerdäki alnyp barylýan işlerden çetde galmajagy belli boldy. Ýygnakda näme hakynda gürrüň edilýän-de bolsa, ol ahyr-soňy aýlanyp, dolanyp ýene-de ýetip gelen galla oragyna syrygdy.

Maljanlydygyny aňan ýaly Orazgeldiniň ady jaý üçin kerpiç guýýanlardyr gallada işlemeli daýhanlaryň arasynda-da bolman, ol kolhozyň at ýatagydyr ol ýerde jemlenilen arabalar bilen däne çekmeli adamlaryň arasynda agzaldy.

Bu ýerdäki galla hakyndaky gürrüňler türkmenler ýene-de gelýärkäler ýol boýunda tümmül bolup, ygşyldap, ýetişip oturan bugdaýly meýdanlary görüp, yzlarynda goýup gaýdan, rysgal döwletleriniň, indi ondanam köp bolup, öz öňlerinden çykanlygyna ynanan pursatlaryny ýatlatdy. Adamlar muny: «Hudaý hor etmese, bu ýerde-de hor bolmarys, bir berekediň üstünden turuzanam bolsalar, ýene-de getirip, başga bir berekediň üstüne gondurdy» diýşip, öz ýanlaryndan tama bilen bu bolýan zatlary gowulyga ýordular...

* * *

OGPU-lar Orazgylyç dagyny sürgüne agasy Orazgeldini maşgalasy bilen atarylandan  iki hepde soň ugratdylar. Wokzalda bendileri äkitmeli wagonlar at gaýtarym aralykda hatar bolşup durdular. Wagt bolsa eýýäm-haçan howur bilen tomsy nygtap günortana sanyp barýardy. Ýeriň süňňünden indi bug göterilýän ýaly bolup, lagambir gyzgyn howur göterilip ugrapdy. Bu günüňem depäňi deşip barýan yssy günleriň biri boljaklygy duýlup ugrapdy.

Sürgünler Alladan birugsat çöp başynyň gymyldamaýanlygy baradaky ynanjy kaýyllyk bilen, bu ýola özlerini OGPU gazabynyň däl-de, Alla tarapyn ykbalyň alyp barýanlygyna ynanýardylar. Mümkin boldugyndan, kalba teselli bermäge çalyşýardylar. Olar

bu gidilişigiň haçanam bolsa bir sähetli gün Watana ýene-de gaýdylyp gelinmek boljagyna göwün ýüwürdýärdiler. Maryny iň soňky gezek görýänlerini pikir edişip, olar ony hoşlaşýan nazar bilen ýürek ezip synlaýardylar.

Sürgünleri OGPU esgerleri wokzal meýdançasyna getirenlerinden soň, birazdan wagonlaryň gapysy açylyşyp, sanaw okalyp başlanyldy. Wokzalyň öňi sürgüne gitmelilerden ýaňa indi hyň berýärdi. Sereden ýeriň egni, eli goşly adamlar, eme çagalaryny bagryna basyp, aýagy ýöränleri yzyna tirkäp gelýän aýallar boldy durdy.

Adamlar häzir özleriniň nireden-niräk alnyp barylýanlaryny bilmeseler-de, ýöne bu jelegaýda goýulmajakdyklaryny, otly bilen ýol sökülip barylmaly alys bir ýerlerden çykaryljakdyklaryny biraz howpurganma bilen pikir edýärdiler.

Wagona mündürilmeleriň atlaryny okamaga wokzal jaýyndan tirkeşip  çykan iki adam has hökmürowan görünýärdi. Olar edil wagonyň girelgesiniň gapdalynda hamala heniz mündürmänkä, adamlaryň hersini aýry-aýrylykda tanap bilmekçi bolýan dek köpçülige haýbatly nazar dikip, ýerli-ýerden gezelişip durdular. Sürgüne ugramalylaryň atlary ýazylan telim sahypaly kagyz wagona has golaý duran harbynyň elinde bolup, ol ony gezekli-gezegine okaýardy. Ol Maryda baý-kulaklary ýüze çykarmakda we olara temmi bermekde ýakasyny tanadan, ady eşidilende arwah-döwden gorkulan ýaly gorkulýan OGPU-nyň ýolbaşçylarynyň biri zalym Wadim Gaýharowdy. Onuň häzirki bolup durşy dartgynly hem nägiledi. Halkyň üstüne dazarylyp, özüniň öte hökmürowanlygyna baýrynyp, nygtap durdy. Her gezek Marydan sürgüne ugradylmaly bolanda bu işi başga ynanman, onuň hut özi höwes bilen ýerine ýetirerdi. Gidýänleriň atlary ýeke-ýekeden okalyp, ete geçirilýän mal ýaly sanap, wagonlara gapgarylardy. Soň görlüp oturylsa, onuň gapdalynda duran murtly bu eşelony äkitmeli toparyň ýolbaşçysy bolup, Gaýharowyň ýola gitmelileri oňa sanap tabşyryp durdugy eken.

Ol sesini çykarman diýen ýaly burnunyň aşak etegindäki ýelmenen ýaly bolup duran pezzigräk murtuny mahal-mahal aýasy bilen sypalap, mündürilýänleri ünsli synlap durdy.

Mary şäheriniň eteklerindäki obalaryň birinden getirilen Kakabaý[1] atly daýanykly ýigit ady okalansoň, ýerde goýan ýorgan-düşek daňlan uly ýüküni egnini göterip, kiçiräk ýüklerini eli çagaly aýalydyr onuň gapdalynda duran ejesiniň eline berip, girelgäniň öňüne geldi. Gelşine-de egnindäki goşuny wagona atyp, öwrülibem, aýalyna münmäge kömek edensoň, oňa ejesiniň eline berlen çagany alyp berdi.

Ýöne haçanda ol ejesine münmäge kömek etmekçi bolan mahaly milleti sanap, wagona gapgaryp duran Gaýharowyň garrynyň adynyň sanawda ýokdugyny bildi. Garrynyň ady hakykatdanam hasapda ýokdy. Ýöne ol ýeke oglundan galasy gelmän: «Sizsiz ýurdy, sizsiz dünýäni başyma ýapaýynmy, näme bolsagam, siz bilen boljak» diýip, edilen abaý-syýasata hem gulak

[1] Какабайың какасы Вели Батман Марының атлы байларының бири болуп, ол өз галласы билен халкы гуракчылык йылларында ачлыкдан алып чыкан сахаватлы адам хөкмүнде ил аңында галыпдыр. Онуң дәне пайлайшы хакында шейле ровает бар. Ол дәне беренде оны хер гелене чекдирип бердирипдир. Хачанда ондан «Нәме берйән галлаңызы соң бир вагт ызына гайтарып алмак ниетиңиз дагы бармы, дәнәни бир алянам бар, ики-үч гелип алып гидйәнем?» дийип сораларында ол: «Мениң берен задымы ызына алмак ниетим ёк. Йөне бейле этмек иле чен-чакыны билмәге герек. Ким нәче гезек гелсе-де бериң. Йөне херки зат хасап-хесиби халаяндыр. Дилег агыр затдыр, адам аңружы өзүнден оңян болса, хәли-шинди гелип, сенден дилег салмаклыга йүзи чыдамаз, онда-да хасабы хем йөредиленде. Шейдиленде хем-ә исрип аз болар, хемем көпе етер» задың дийипдир.

...Какабай Батман 1947-нҗи йылда 16 йыллык сүргүнден гайдып геленде, мүнүп гелйән отлулары Марының демир ёл көпрүсинден гечип гелйәркә, деряның гырасында кесе дуран ики гатлы, керпич җайы гөрүп: «Бәх, өзүмизи сүргүн этселер-де, Советлер җайымызы йыкман саклан экен» дийипдир. Марыда Вели Батманың 1903-нҗи йылда гурдуран бу кашаң җайы хенизем бар. Сүргүнден гайдып гелмек миессер боланларың ене бири хем шол гидишликде зор билен галдырылҗак болнан Какабай Батманың эҗеси Бибиҗемал эне болупдыр. Ол Ватана доланып гелип, агтык-човлукларының арасында 96 яшап, дүнйәден өтүпдир.

asman, olar obadan alnyp gaýdylanda bile gaýdypdy. Ejesini ýeke goýup gitmegi näçe kyn görse-de, gidilip barylýan ýeriň azabyny, hupbatyny, zulumyny göz öňüne getirip, ogly ony şunça galdyrjak bolsa-da, kejir ejesi öz diýenini gögerdipdi. Ejesiniň göwnüni ýykmagy kyn gören Kakabaý: «Gitseň ýör, eje jan» diýip, töwekgelçilik edipdi.

Eger Gaýharow hasaby beýle talaply çintgäp ýöretmedik bolanlygynda, garry bu garma-gürmelikde bilinmän ötse-de öterdi. Emma ol ýiti gözli Gaýharowyň nazaryndan sypyp bilmedi. Onuň gaharyny getirdi. Ol:

– Sen nirä barýaň, kempir, donuň synyna dolaşan ýaly bolup!? – diýip, ony saklady.

Garry:

– Komendir adam, goýberiň menem balalarym bile gideýin– diýip, oglunyň golundan ýapyşyp durşuna özelenip ýalbardy.

– Biziň hasabymyzda seniň adyň ýok, garry.

– Haýyr bolmasa, Bibijemal Batman diý-de, ýazaý, han komandir!

Garry aýal bu gepi elenip ýalbaryjy äheňde aýtsa-da, ol Gaýharowdan «Bar, gidýän bolsaň git, onda toýa-ha barýan dälsiň, sürgüne barýansyň!» diýen ýaly gepe garaşsa-da, ýöne ol tamasy çykmandy. Garrynyň özi bilen gep gaňryp, kejeleşýän ýaly görüp, oňa has hem gahary atlandy. Ol töwerekdäki duran ýaragly esgerleriň ikisine garryny görkezip buýruk berdi:

– Ýok ediň bu heleýi!

Aýalyň ogly Kakabaý gollaryny daldaladyp:

– Ýoldaş, neçelnik, beýtmäň! – diýip haýyş etse-de, aňyrdan gelen esgerler haýyş-ýenekä üns bermän, garry aýalyň gollaryndan tutup, zor bilen ony oglunyň elinden çekip aldylar. Garrynyň börügi togalanyp gitdi. Köwüşleriniň hersi bir ýere düşdi, ezenegi agdy. Ýöne kempir esgerler gollaryny goýberenine mähetdel: «Meni balalarymdan aýyrmaň!» diýip, ýene aglap, ogluna tarap topuldy.

Esgerleriň täzeden aslyşmagy, garrynyň galmajak bolup görkezýän garşylygy bilen baglylykda ýas-ýaňyja aradan aýrylan ýaly bolan başagaýlyk agyr märekäniň öňünde täzeden başlandy. Esgerleriň biri tüpeň gundagyny aýgytly erjellik görkezýän aýalyň başyndan eňtermekçi boldy.

– Ah, ty staraýa suçka...

Kakabaý ejesiniň depesinden inip gelýän tüpeň gundagyny öz gujurly goly bilen howada saklady.

Töwerekde bolsa bu ýagdaýy görüp, bir bolmasy işiň bolaryndan gorkan adamlaryň OGPU-laryň hereketini ýazgaryjy sesi wag berýärdi:

– Gidende nämekän şol ýumruk ýaly garry!

– OGPU öz diýenini etmese bolmaz.

– Garram-a erjel eken.

– Ol gaýta beýdip, oglunyň başyna-da bir bela getiräýmese.

– Çeträk çykaryp atar goýbär-dä hemmesini, sürgünden gaçdy diýen ýaly bir ýok delil-bahany tapar-da.

– Herki zat bolup biler. Atmak, çapmak näme bularyň etmeýän pohumy!?

– Bulardan gorkmadygyň imany ýokdur...

Ýagdaýyň barha ters öwrüm alýanlygyny görüp, Gaýharowyň gapdalynda halamazlyk bilen mähelläni synlap duran komandir gahar bilen elini mauzerine ýetirdi. Onuň münlüşigi saklap duran aýala äjennesiniň atlanandygy belli bolup, ony il öňünde it atan ýaly atyp taşlarly göründi.

– Diýleni edip, galmajak bolsa biz ony beýdip galdyraýarys– diýip, ol garra ýarag tutdy. Kakabaý rejäniň geň däldigini görüp, dessine ejesini goraglap, onuň öňüne özüni tutdy.

– Gaýrat ediň, komissarlar! Goýberiň, gitsin biz bilen. Siziňem ejeňiz bardyr-a, ejeme düşünäýiň ahyryn! Ol bizden galyp bilmez! – diýip, Kakabaý ýene-de ýalbaryp, düşünişmekçi boldy.

Komandirler şundan soň öz ejelerini ýatladylarmy, nämemi olaryň gurawynyň birneme üýtgäp ugranlygy duýuldy. Olar bir-birleriniň ýüzlerine seredişip, sala salyjylykly gepleşdiler.

Beýle ýagdaýa garaşmadyk harby bir bada nätjegini bilmän, Gaýharowyň ýüzüne bir pursat sala salyjylykly gözläp daýandy.

Gaýharow aýaly ýok etmegiň hiç hili kynçylygy bolmasa-da, ýöne häzir ony ýok etmegiň ýeri däldigini duýdurdy:

– Hötjetje heleý eken. –Soňam ol aýaly töweregini tutuksy, halamazlyk bilen synlap durşuna–Diňe bir Orusýetiň däl, türkmenleriňem öz islegine görä özlerini sürgüne berýän dekabristkalary bolýan eken–diýip, öz gepine ýaňsy gatyp, halamazlyk bilen gürledi.

– Bu heleýe nähili dekabristka bolmalydygyny görkezäýse-hä bordy welin, ýöne arman häzir ýeri däl-dä...

– Menem şu pikirde. Muny güm edip, şol obada galmazlyga ilki synanyşda atyp goýbermeli ekenler. Oglanlaram käte şeýdip, dözmän, ýeneki edip, gowuşgynsyzlyk edäýýäler-dä, zaluwatlar–diýip, Gaýharow aýgytlanýana meňzäp, köýneginiň ýakasynyň ýokarky iliklerini ildirişdirip durşuna aýtdy.

Dogrusy, ol aýaly ýok edip, aradan aýyrsa-da boljakdy, ýöne ony etseňem töwerekdäki adamlaryň gahar-gazabyna bat bermezden şeýle etmelidi. Şu pursatda ikinji komandir Gaýharowa haýyşly ýüzlendi.

–Wadim Gaýharowiç, şuny bir meniň elime beriň! – diýip, ýolda özüm onuň merkini bererin, sürgüne gidenleriň arasynda bolsa-da, baryp ýetenleriň arasynda bolmaz... diýen äheňde gürledi. Şeýdibem, «It itiň aýagyny basmaz» diýleni bolup, bu iki OGPU ýolbaşçysy ýarym sözden bir-birleri bilen düşünişdiler.

Wagonlara gapgarylmak sanawy bir togtan ýaly bolup, şundan soň ýene-de öňki talaply hörpünde täzeden dowam etdi. Mündürilýänler talap bilen howlukdyryldy.

Orazgylyç ady okalyp, maşgalasy bilen ilkinjiräk wagona mündürilenleriň biri boldy. Ol egnindäki goşuny wagona atyp, soňundan aýaly bilen ogly Aganazara oňa münmäge kömek etdi. Diňe şundan soň özi gapynyň öňünde duran ýerinden yzyna bir gaňrylyp gözläp, wagona mündi. Wagonyň içi onuň pikir edişine görä entek boşlagrak bolmalydy. Oňa entek ýedi-sekiz maşgaladan köp mündürilmändi. Şeýle-de bolsa ol bir bada wagona atansoň, nirede nähiliräk ýerleşjegine aýgyt edip bilmedi. Ähli ýeri gabalyp, petiklenip ýapylan wagonyň tör tarapy dagy hasam gözedürtme garaňkydy. Hatda ol bir pursat bu garaňkyda özünden öň münen ogludyr aýalyny hem ýitirdi.  Orazgylyç töweregine göz aýlap, gözüni garaňka öwrenişdirip durka gapdaldan kimdir biri raýdaşlyk edip, ilgezik seslendi.

– Gardaş, senem goýaý goşuňy biziň gapdalymyzdan!

Orazgylyç gözi biraz garaňka öwrenişensoň, özüne ses beren adamy tanady. Bu şol ýaňky ejesi galdyryljak bolnanda dartgy-çekgä düşen, ahyrynda-da kynlyk bilen öz gepini gögerden adamdy. Häzir onuň gapdalynda aýralyk çukurynyň gyrasyndan gaýdan ejesi agtygyny öňüne alyp, buýsanyp gujaklap otyrdy. Wagon içinde gonalga ýerleriň barha azalýanyna seretmän, Gaýharow bolsa hamala ony dykyp doldurjak bolýan ýaly sanaw okap, adam mündürmesini wagty bilen goýar ýerde goýmady. Soňam wagonlara gapgarjaklar gapgarylyp, gapylar ýapylansoňam, otly wagty bilen ugramaga gyssanmady. Durdy Günüň aşagynda ýene esli salym Burkuda aýdylan ýaly bolup gazarylyp. Ol diňe arsyz wagt garaşdyryp aljagyny alyp, mündürjegini mündürip, sürgüne höküm edilenlerden ýagşy ýüküni tutansoň, jygyldap, silkinip ugramak bilen boldy. Wokzal tarapdan «Boldy, ugraýas! Esgerler, tiz ýerli-ýeriňizi eýeläň!» diýlip, gygyrylyp, hökümli aýdylýan sesleriň yzysüre demir ýol işgäriniň otla ugramaga rugsat berýän jürlewüginiň sesi eşidildi. Otly hamala ýeňil bolmadyk agyr ýüki alyp barýanyny syzýan ýaly islegsiz, ýaltalaç ýola düşdi. Barha bat

alyp «güpürdik-tapyrdyk» edip, ýoluny külterläp ugrady. Täleýi ters gelen türkmenleriň ýene-de müňlerçesiniň Watandan bölünip, gümgiden atlandyrylýan nirededigi belli bolmadyk alagümana bir ýere alnyp gidýänligi belli boldy. Adamlary aýralyk bilen bagly gynançlydan galagoply ýagdaý gurşap aldy. Hemmeleriň ýüregi ezildi, bogazlary dolup nemlendi. Bu hupbul Watan bilen sürgünleriň ýene dolanyp gelmegi arzuw edip, aglap hoşlaşmasy boldy. Otly wokzalyň at gaýtarymlygyndaky köpriniň üstünden hatar tutup barýan agyn yzzyldy-agy bolup ötdi.

Sürgünleriň şeýdip gözi girýan, bagry biryan bolup gidenlerine köp wagt geçmänkä, olaryň yzyndan ýolbars nazary bilen seredip galan köp döwür-döwranlary başdan geçiren Maru şahu Jahan gara gijäni perdeläp, ýüzüne çekdi.

Ýurdy sürgün belasynyň barha möwjemegi bilen galagoply ýagdaý gurşap alypdy. Mary wokzaly bu günler garynjanyň hinine dönüpdi. Ýanalan adamlary ýanynyň aýal, oglan-uşagy bilen yzanda-çuwan edip, wagonlara gapgaryp-gapgaryp, aýagaldygyna sürgüne atarýardy.

Demir ýol bir wagtlar paýhasly adamlar tarapyndan ynsan bähbitleri üçin, ýagşy niýet bilen gadyrly gatnaşyklar üçin döredilen hem bolsa, indi ol sürgünleri, alyslara alnyp barylýan bendileri eşelon-eşelon edip, ondan-oňa çekişi bilen öz başdaky niýet-manysyny unudana dönüpdi.

Otly bir salym töweregi bugdur tüsseden dolduryp ýöränsoň, Marynyň gaýra etegini parran kesip, şäher çetine çykdy. Şundanam şakyrdyklap, gadamyna bat berip, ýol külterlemesi başlandy.

Otlynyň näçe gijeleriň içine urdurylyp girip, näçe gündizleriň içinden atylyp çykyp, ala güpürdi bolup, ýene-de niçe ýol külterlejegini bilýän ýokdy. Sürgüne barýanlaryň bilesi gelse-de, ol hemişe olaryň barmaly ýerlerine barýança hemişe syr bolmagynda galýar. Şeýdilip zora ýanalyp ýörelen ýoluň bolsa jebir-jepasy uwunyp çekip çydardan agyr bolýar. Ýöne başyňa

düşensoň nätjek, näçe kynam bolsa çekäýmelisiň, başga alajyň ýokdur.

Uzakly gün Gün astynda durup gyzan wagonlaryň içiniň yssysy öňem-ä ýeterlikdi welin, adam bary dykylyp, gapylar ýapylansoň, onuň içi hasam kapaslandy. Wagon içine oňly howa düşmän, adamlaryň ýerli-ýerden daljygmasy başlandy. Hasam çagalar nätjeklerini bilmän, ikiýana urnup kösenýärler. Yssynyň derdinden ýaňa geýim-gejimler julk der basyp sykybermeli boldy.

Aganazar oturan ýerinden gursak dolduryp uludan dem alyp bilmän, daljygarly bolup kösendi. Nätjegini bilmän, bir ejesiniň, bir kakasynyň dyzyna ýaplanyp gördi. Ýagdaýlary oglunyňkydan öwerlik bolmadyk Orazgylyç bilen Amangül nädip oňa delalat etjeklerini bilmän kösendiler. Şeýdilende biraz delalat boljagyna tama edişip, biraz ýokarrakda howa kändir öýdüp, Orazgylyç oňy ýeriňden turzup, biraz aýak üstünde duruzdy. Barybir adamlaryň ýokarsynda-da ajy derdir ýeneki agyr yslar aňkap durdy.

– Wah, bu içigaryň howa geler ýaly penjire-deşigi bolmazmy!?

– Tagtasynyň birini-ýarymyny aýryp bolsa-da, biraz howa düşerdi welin...

– Onam beýdilse, hojaýynlar halajaklarmy, halamajaklarmy? Onsoňam hany tagta ýenekä urup, gaňryp goparybir ýaly palta barmy?

–Wagonyň diwarlary guýma ýaly gaty syk. Muny aňsat deşip bolmasa gerek–diýşip, Orazgylyjyň töweregindäki adamlar bir çykalga gözläp, özara pikir alşyp ugradylar. Birden Orazgylyjyň ýanyna alan pyçajygy ýadyna düşdi. Ol dörünip, pyçajygyny goşlarynyň arasyndan tapyp aldy. «Taýak gelýänçä ýumruk» edip, iki tagtanyň yşgalaňynyň arasyny howa geler ýaly edip, ony giňeltmegiň ugruna çykdy, özi ýadasa, pyçagy goňşusy Kakabaý Batmanyň eline berdi. Arsyz wagt synanyşyk dowam edensoň, wagonyň dürli ýerlerinde şemal syzar ýaly birnäçe yşgalaň peýda boldy.

Wagon böwründe ýel syzar ýaly edilen yşgalaňlaryňam bary bir oňly peýdasy bolmady. Dem almak soňam demligiňden alynýan ýaly kyn boldy. Ol has-da otly bir ýerde duran wagty juda yrykgatlaşýardy. Otly birki gün ýöränsoň, bu zuluma çydaman, birnäçe adam oturan, süýnen ýerinde jan berdi.

Käte otly säginen mahaly gapy açylyp, adamlar öz hallaryndan habar alnar tamasyny etseler-de, ýöne her gezegem olaryň tamasy çykmaýardy. Ne-hä gapy açylýardy, ne-de sürgünleriň halyndan habar alýan bardy.

Günüň, ak gündiziň daşarda barlygy çen edilse-de, ol bu ýerde duýulmaýardy. Wagonyň içini şol bir tümlük büräp durdy. Hemmeleriň gündizi, depesinde Güni göresi gelýärdi.

Otly üç günden gowrak ýol ýöräp, ahyrsoňy Samarkandyň eteklerinde bir ýerlerde daýandy. Esgerler bilen otlyny alyp barýan komandiriň ondan düşenligi belli bolup, ondan-mundan olaryň gygyryşyp gepleşýän sesleri eşidilip başlandy. Ýene birazdanam olar wagonlary gabap, olaryň gapy tarapyny ýarag besleşip halkaladylar. Diňe şundan soň wagonlaryň gapylary ýeke-ýekeden bir tarapa syrylyp açylyp ugraldy.

Orazgylyç dagynyň wagonynyň gapysy açylan wagty şol golaýda oturan aýal hamala ýakynlarynyň birini görmän-görmän gören ýaly:

–Wah, gündizem görmek bar eken! – diýip, gapydan giren ýagtynyň üstüne özüni taşlady. Şeýdibem, depgä galdy. Ýagtyny, Güni görmek islän adamlar duran-duran ýerlerinden silkinişip turup, gapa bosdular.

Şeýle-de bolsa olara wagty bilen ýere düşmek, ine-gana dünýäniň synlamak, aýak ýazmak, ýazylmak nesip etmedi. Wagonlaryň gapdalyndaky ýolda demir araba bilen iki sany daýaw adam peýda bolup, olar ilki şoňa ölüleri ýükläp, olary bir ýerlere daşap ugradylar. Ýolda heläk bolanlar bolsa az däldi. Orazgylyç dagynyň wagonyndan birbada üç çaga bilen iki sany

uly adamyň jesedini düşürdiler. Howa ýetmezçiligi, üstesine-de iýmitdir suwuň teňlik etmegi adamlary halys ysgyndan düşüripdi. Köpleriň hatda söýget-goldawsyz oturan, ýatan ýerlerinden turup, ýardamsyz, tekgesiz gapynyň öňüne gelmäge-de rowgatlary ýokdy. Beýle zuluma tutmaklyk adamlaryň köpüsiniň alnyp barylýan ýerine ýetjegini gümana goýdy. Bu ýagdaý ýene-de dowam etse, adamlaryň gyrlyp gutaryljagyna munça düşürilen ölüleri görüp, sürgünleri äkidip barýan komandiriňem aňyna ýeten borly. Ol şol gün öli daşaýan demir araba münüp, nireleredir bir ýerlere maslahat üçinmi, görkezme almak üçinmi gidip geldi. Diňe şundan soň adamlar ýene-de wagonlarda ýarym gün jinnek bolup oturansoňlar, garaşylmadyk ýagdaýda olardan goşlary alyp, wagondan düşmek talap edildi. Sürgünler bu ýagdaýdan çen alnyp, özleriniň gelmeli ýerlerine gelendiris öýdüp, ýol azabyndan dynmak bilen bagly inçejigem bolsa tamaly pikiri başdan  geçirdiler. Bu bir pursatlygam bolsa olarda gowulyk bolup barýanlygyna pikir ýüwürtmäge, ýagşy niýetler bilen göwnüni aldamaga mümkinçilik berdi.

Adamlar ýere düşensoňlar, assa-ýuwaşdan özlerini ele alşyp ugradylar. Zeruryňa gidip gelmäge suw tapylyp, el-ýüzleri hem ýuwmaga mümkinçilik boldy. Bir ýerlerden meýdan aşhanasy araba çekdirilip getirilip, sürgünler suwa gaýnadylan şüle bilen naharlanyldy. Günortanyň yzýanlarynda ýapyk wagonlaryň deregine uzyn hatar bolup, daş-ýeneki çekýän üsti açyk eşelon peýda boldy. Ol ilki görlende geçip barýan otlularyň biridir öýdüldi, emma gider ýerde gidibermänsoň, onuň belli bir maksat bilen getirilenligi aýdyň boldy. Durdy soňam adamlaryň oturan tarapyna  bir gapdalyny ýanap, gaňňasyny agdaran ýükçi eşegi ýatladyp. Gijöýlänlerem onuň ýönelige getirilmänligi, ýörite sürgünlere niýetlenip getirilen ulag ekenligi bilindi. Sürgünleriň ähli ýeri ýapyk wagonlarda äkidilse, olaryň barmaly ýerlerine aşman, ýolda gyrlyp gutarjakdygy ýokardaky ýolbaşçylaryň haýsydyr biriniň aňy çatan bolsa gerek.

Adamlar şu ýerde üsti açyk wagonlara mündürilensoň, olaryň sürgün ýoly ýene-de täzeden başlandy, sürgünler açyk wagonyň üstünde dünýäni synlap gitmegiň ýapyk wagonlarda demigip, daljygyp gitmekden müň paý gowy boljagyny tama etdiler. Erkek adamlar aýallardyr çagalary goraglap ortada toplum oturdyp, özleri olaryň daşynda, otlynyň diwar gyrasyna ýaplanyşyp, halka guraşyp oturdylar. Otly ýola düşüp, tizliginiň badyny göterip, başlary, ýüzleri şemaly sypalap ugransoň, özlerinde ýakymly ýeňillik duýup, öz hal-ahwallarynyň belli bir derejede gowulyga üýtgänligine Hudaýa şükür edişip, bir ýol bilen Allatagallanyň özlerine kömege ýetişenine ynandylar. Olar kadaly dem alşyp, gapdaldan otlynyň yzyna aýlanýan ýaly bolup geçýän daş-töweregi aýratyn bir gözügidijilik bilen synlaşyp otyrdylar. Sürgünleri alyp barýanlaryň Maryda Gaýharowyň elinden gidýänleri sanap, jogapkärçiligi boýnuna alyp gaýdan, köpleriň gözünde galan komandiri ugralany bäri «O-da Maryda galandyr» diýdirip görünmeýärdi. Ýöne ol görünmese-de bar eken. Esgerlere hökümini ýöredýänem, sürgünleriň ýagdaýy barada bermeli ýerine her durlanda hasabat berýänem şol eken. Munuň şeýledigine göz ýetirmek ýapyk wagonlardan düşülenden soň mümkin bolupdy. Häzirem wagonyň bir gapdalynda her iki wagonda diýen ýaly onuň bendilere göz-gulak bolmak üçin ýörite goýuşdyran ýaragly esgerleriniň ikisi milleti garawullap otyrdy. Olaryň elinde tutup oturan ýaraglarynyň ujundaky çişleri Gün şöhlesine ýalpyldaýardy. Ýöne otly, wagonlar çalyşsa-da, sürgünlere bolan garaýyş, gatnaşyk welin üýtgemändi. Indi komandir wagondan wagona ätläp, ýene bir ýanbaşy ýaragly komandir bilen aýlanyp, tutuş otlyny öz gözegçiligi astynda saklardy. Otly ugramanka ol çalgyrt dilli bir esgeriň üsti bilen halka ýolda berjaý edilmeli kada-kanunlary talap hökmünde ýetiripdi. Otly barýarka uly adamlara ýerinden turmak, onuň duran ýerinde düşmeklik gadagan edilipdi. Eger şeýle edilen mahalynda munuň gönüden-göni kanuny bozma

bolup, onuň gaçmaga synanyşyk hökmünde kabul edilip, günäkäre temmi beriljekligi aýdylypdy.

Açyk wagonlaryň üstünde toýa barýan ýaly bolup, hezillige göterilen şemala ýüz-gözüňi, saçlaryňy sypadyp, ýol sökmegiň ýeňil boljaklygy barada göwün ýüwürdilen hem bolsa, ýöne gitdikçe munuňam derdi-belasynyň ýetikligi belli boldy.

Howa ýetmän daljygyşyp gelinýän wagty juda arzuw edilen şemal soňra hasyrdap bir ondan kürsäp urdy, bir mundan. Şol bir dowamly birsydyrgynlyk başlanansoň, töweregi synlamak hem adamlary barha irizdi. Erkekler arkalaryny wagon diwarlaryna ýaplaşyp oturyşlaryna oňaýsyz ýagdaýlara kän ýan bermeselerde, ortada oturan aýal-gyzlardyr çaga-çugalaryň ynjalygy gaçyp, hyk-çoklary köpeldi. Aýallar şemalyň hüjüminden sowulmak üçin çagalary bilen oturan ýerlerinde bir tarapa gyşardylar. Mümkin boldugyndan töwerekdäki adamlary, bir-birlerini ykladylar. Özlerine biraz ynjalykly ýagdaýy döretdiler. Telim günüň dartgynly ýadawlygyndan soň olar gyşaran ýerlerinde uklaşyp galdylar. Otly özüniň birsydyrgyn şakyrdy-güpürdili bady bilen wagonlary sallançak edip üwräp-yrady. Şondan soň sereden ýeriň irkiljiräp oturan adam boldy durdy. Şemal bolsa wagonlaryň ýokarsynda, tekerleriň arasynda alabasga düşüp, hasyrdap köwsarlady. Ahmallyk tapan ýerinden birnäçe adamyň telpegidir ýaglygyny hem kakyp, uçuryp-gaçyryp almaga ýetişdi.

Şemal wagonyň yzynda gözegçilik çekip oturan iki esgeriň hem biriniň papagyny alyp düşdi.

Otly şol günüň ertesi ýene-de bir çolarak stansiýalaryň biriniň gapdalynda badyny gaýtaryp saklandy. Wokzal tarapdan ýene-de demir ýolçy geýimli, wagonlardan ölen adamlaryň meýitlerini ýygnaýan iki adamyň demir arabany sürüp gelýänligi göründi. Araba her wagonyň gapdalynda durup, ol aňyrdan uzadylan jesedi alansoň, gelip ýeneki bir wagonyň gapdalynda saklanýardy. Her

wagonyň ýanyna gelip, ondan öz gerek ýüküni düşürip alýardy. Bu gezek eşelondan dört-bäş meýit tapylsa-da, ýapyk wagonda gelinýän wagtyndaky ýaly, oňa münderlenip ýüklenen ýük bolmady. Orazgylyç dagynyň gapdalynda gelip duranda oňa düýn öýlän özünden gidip, daňdanlar ýürek urmasy duran aýaly göter-göter edip alyp berdiler. Araba ýene-de aňyrlygyna indiki wagona tarap ýoluny dowam etdirdi.

Telim bir günden bäri şol bir ýerde oturyp-aryp, ýadap ýol şöwrüni çekip gelýän sürgünler indi şeýdip, wagonyň üstünde pinekleşip ýatyp geçirýärdiler. Wagtyň göre-gündizdigine seretmezden, adamlaryň köpüsi oturan ýerlerinde irkilişip otyrdylar. Ortadaky aýallaram gyşaryşyp, çagalary bilen lagambir gujaklaşyp ýatyrdylar. Töwerek bolsa, sereden ýeriň şol bir görnüş, birsydyrgynlyk bolup, ol indi sürgünleri gyzyklandyrmaýardy. Wagonlaryň syra gyrasy argyn ýüzlerini asyşyp, dymşyp oturan dünýä bilen weji bolmadyk adamlar bolup durdy.

Şol arada ýatan aýallaryň arasyndan ukudan oýanan bir oglanjyk gözlerini owkalap çykdy. Ol eljagazlaryny sähelçe gerip, soňam duran ýerinde ukuly halda pallady. Kimdir birini gözleýänini mälim edip, töwerekdäki irkilişip oturanlaryň ýüzüne seljerijilikli gözledi. Bu şol biraz mundan ozal bir ejesiniň, bir kakasynyň gujagyna dolup, hezil tapyp, oýnan tokarja oglanjykdy. Ol şol hezil oýnuň täzeden gaýtalanmagyny isläp, ýene-de ylgap baryp, irkilip oturan kakasynyň gujagyna dolarly göründi. Ýöne gyssanandygy belli boldy. Ol çepe öwrüldi-de, ozalky ejesiniň elinden tutup, siýdirip gidýän ýerine tarap ýöneldi. Şu pursatda oglanjyga üns beren, onuň näme üçin goldawsyz-garawsyz gezip ýöreni bilen gyzyklanan adam bolmady. Eger kimdir biri görenem bolsa, çagajykdyr-da, jiş-ş eder gaýdar-da diýen bolmaly-da. Emma haýp, oglanjyk gowzap, işini bitirip-bitirmänkä, gozganyp ugran otlynyň birden duýdansyz güýçli silkinmegi maşgalanyň üstünden garaşylmadyk howpy eňterdi. Otly içigip, alaşakyrdy

bolup, şeýlebir silkdi welin, daz edip duran oglanjyk onuň badyna atylyp, nädip wagondan aşyrylyp gapdala düşeninem bilmän galdy. Oňa badyny saklara, nämedir bir zatdan aslyşyp, ýapyşmaga-da mümkinçilik bolmady. Gören adamlar ör-gökden gelşip: «Haý, oglan gaçdy-da, çaga gaçdy» bolşup, ýerli-ýerden howsalaly gygyryşdyler. Muny eşidip, wagondakylar özlerine rugsatsyz ýerlerinden turmagyň gadaganlygyny unudyşyp, ürken süri ýaly güsürre som-saýak bolşup, aýak üstüne galdylar.

Bir salym hatda olara halkyň köpçülikleýin galkynanyny görüp, howsala düşüp, olary oturtmak üçin yzly-yzyna ýokaryk ok atyp, talaply dyzanýan esgerleriň tagallalary-da täsir etmedi. Oglany tanan çaganyň kakasy duran ýerinden özüni wagondan aşak oklap, ony ýüzugra ýerden götermäge howlukdy. Barşyna-da ýerde aglap ýatan çagany kakyp aldy-da, ýene-de ýeňsesine dolanyp, ony ugrap barýan wagonlarynyň gapdalyndan gelip, ýokaryk uzatdy. Emma şu pursatda tüpeň sesini eşidip, wagonlaryň arasynda ondan-oňa geçip, düzgün-tertibi öz garamagynda saklap ýören komandir bir bolmasy işiň bolanlygyny, kimdir biriniň sürgünden gaçanlygy çen edip, aňyrdan ýarag somlap, gazaply geldi. Gelşine-de, ol adamlaryň bolup durşuny görüp, olar özlerini wagondan zyňybererli gördümi nämemi, dessine olardan aşak oturmagy talap edip haýbat atdy:

– Oturmasaňyz, hemmäňizi gaçmaga edilen synanyşyk hökmünde günäkärläp, duran ýeriňizde ataryn! – diýip azym etdi. Adamlar oturyp-turmanka-da, ol otlynyň gapdaly bilen oňa aslyşyp, münjek bolup, dert-azar bolup gelýän ýigidiň öňünde häzir boldy.

Wagondan düşmegiň sebäbini seljerjek bolubam durman gazaplanyp:

– Hä-ä, senmi şol başbozar?! – diýip, onuň kükregine sapançany tutdy.

Töwerekde oturan adamlaryň birnäçesi işiň işden geçip barýanlygyny görüp, howpurganyşyp, komandire ýagdaýy düşündirmek maksady bilen oňa ýerli-ýerden haýyşly ýüzlendiler:

– Haý, komandir aga, öz keýpine magundan düşen däldir ol!
– Gaçmak, galmak niýetinde-de ýokdur onuň!
Emma sürgünleri täze Sowet jemgyýetine geregi bolmadyk adamlar hasap edýändigini, olara näçe zabun daralsa, ýokarynyň şonça göhüniň gelýändigini bilýändigi üçin, onuň hiç kimiň töwella-tagsyryna gulak asasy gelmedi. Yzly-yzyna ok atyp, zalymlyk bilen ýigidi gana boýady. Ýigit wagondan tutup gelýän elini aýryp, onuň bilen deşilen gursagyny tutup:
– Haý, bolmad-ow–diýip, bir armanly ah urdy-da, entirekläp, gapdalyndan geçip barýan wagonlaryň yzyndan soňky gezek gözläp ýykylyp, gapdala togarlandy.
Oglanjygyň ejesi adamsynyň düşen pajygaly ýagdaýyny görüp:
– Waý, sen bolmasaň, biz indi näderis!? –diýip, uly ili bilen möňňürip, adamsyna tarap topulan wagty onuňam ahwalynyň adamsynyňky ýaly boljagyny pikir edip hopugan aýallar ýerli-ýerden onuň synyndan çekip sakladylar. Biçäre türkmen zenanynyň zaryn agysy sulhup oturan özbek topragyna ýaň berdi. Ýene-de bir bagtyýatan zenan aglap tükedip bolmajak hasratyň eýesi boldy.
Otlularyň, wagonlaryň çalyşmagy bilenem sürgünleriň gata düşen ykbaly barybir olaryň ýanyndan aýrylman eken.
Sürgünleriň Marydan bäri ýol boýy orlup-çapylyp gelýän otlusy on gün ýol ýöräp, on birinji gün diýlende ýüzüni garaňka tutup, hasrat bilen Daşkent şäheriniň bir çetinden gelip girdi.

* * *

Daşkende gelnip ýetilensoň, sürgünleriň durmuşynda birnäçe üýtgeşiklikler bolup geçdi. Bir-birinden uzaga çekýän ýaly bolup görünýän tomsuň ahyrky günleri bolsa aýlanyp-dolanyp, tükeniksizlik bolup, geçip durdy. Henizem Gün gyzdyrmasynyň ýakyp-ýandyryp dowam edýän-de bolsa, indi ol sürgünleri ýoldaky gazaba tutulan günlerdäki ýaly bişirip barmaýardy. Bu ýerde

sürgünlere ýol boýy aldajy yssydanam beter sütem eden, Marydan gaýdan OGPU komandiri, töwereginiň bile gelen esgerleri ýene bir beýleki topar bilen çalşyrylypdy. Täzeden sanaw okalyp, kimiň Özbegistanyň çäginde galdyrylýanlygy, kimiň ýoluny dowam etdirip gidýänligi gaýtadan anyklanyldy. «Paýok» diýlip, belli bir mukdarda adam başyna nan berlip, günde bir gezek çorba-çolpy bilen naharlanylyp ugralmagy ýanyna göteren azyk harytlarynyň soňuna çykyberen adamlara tüýs wagtynda maňlaýdan direlen hemaýat boldy.

Bölünişikden soň, Özbegistanyň çäginde galdyrylýanlary başga bir wagona mündürdiler. Orazgylyjy hem maşgalasy bilen şol topara goşdular. Bu adaty ýük çekýän wagon bolsa-da, ähli ýeriniň ýapyklygyna seretmezden, dört ýerinde dagy diwarynyň ýokarsynda howa düşer ýaly deşikleri bolany üçin, öňki görgi baryny görlen wagonlardan has ýeg görünýärdi. Indi esgerler wagonlaryň gapdalynda biýemçilik edip, buýruk, talap edip ýören komandiri komendant diýip atlandyrýardylar. Ol hem ýanbaşy mauzerli, başy bäşýyldyz papakly, harbylarça geýnen, ýüzi ozalky komandiriňki ýaly awy bilen suwalan ýaly ýowuz görünýän elek ýüz, dolmuş, kyrk-ýelli ýaşlaryndaky adamdy. Komendant mahal-mahal ýanbaşyndaky mauzeriniň gabyny eli bilen sypalap goýberýän-de bolsa, ony mazamlap, gola almaga gyssanmaýardy. Şeýle-de onuň sürgünleri öwrenijilikli siňňin seredýän haýbatly ýolbaşçy nazary bardy.

Ýöne sürgünler bilen olary alyp barýanlaryň arasynda duýlar-duýulmaz, az-owlak mylaýymlyk dörän ýaly bolsa-da, entegem ýolbaşçylaryň yzgytsyzlygy dowam edýärdi. Olar henizem sürgünleri jemgyýetiň halamaýan gatlagynyň wekilleri hökmünde talap edilişi ýaly pugta tutýardylar. Gijelerine duran wagonlaryň gapylary ýapylyp, onuň içi ýene durar ýaly bolmazdy. Hamala bilgeşleýin edilýän ýaly, özi-de soň şol gapylar ertire çenli açylmazdy. Şonda-da «Adam bende ölinçä tamada» diýleni,

sürgünler otly bir ugrap bilse, deşiklerden şemal düşüp, wagonyň içiniň serginlik tapjagyna tama edýärdiler. Eger otly ugrasa, bu gowulygam haçan bolsa bolubermelidi...

* * *

...Otly tekerleri gijäniň goýry mahaly süýji ukusynyň bozulanyna nägile bolýan deý, öz polat ýollaryna sürtenip-süýkenip, jygyldap, gaharyna dişini çalýan ýaly bolup, çaýkanyp-şakyrdap, herekete gelşip ugradylar. Orazgylyç dagynyň iki hepdä golaý Özbegistan içinde, demir ýoluň bir ýerlerinde saklanan wagon-öýleriniň garaşylmadyk halda ýene-de ýola düşenligi belli boldy. Dogrusy, bu bir garaşylmadyk zat hem däldi. Düýn gündelik nahar, nan paýlanan wagty adamlaryň biri: «Indi biz şeýdip, ýedi ýoluň üstünde güne kakap durmaly bormukak?!» diýip, komendantdan sorapdy. Ol başyndaky papagyny çykaryp, onuň maňlaýyna degip derçigen ýerini elýaglygy bilen süpürip, çörek paýlanýan ýeriň gapdalynda abşarylyp, töwerekdäki işleriň gidişine gözegçilik edip durşuna:

– Ugrarys tiz, şu günde-ertede, indi bu ýerde uzak eglenmeris – diýipdi.

– Bizi nirä götermekçi bolýaňyz? – diýip soranda bolsa, ol:

– Näme, «Öňümden çyk!» diýip, daýzaňa habar ederin öýdýäňmi? – diýip, gümürtik ýaňsyly jogap berdi.

Töwerek ümüş-tamyşdy, otly biraz ýöränsoň, wagonlaň içine şemal öwüsgini bilen ýanýan kömrüň ajy tüssesiniň ysy doldy. Birazdanam ol ýakymsyz ys barha azalyp, onuň ýerini arassa serginlik eýeläp ugrady. Dem almak aňsatlaşdy.

Amangül ugrap barýan otlynyň şakyrdy-güpürdisine oýandy. Olar öz ýorgan düşeklerini ýetdik ýerlerine ýazyp, onuň üstünde arkalaryny wagonyň diwarlaryna berip, aýaklaryny öňlerine uzyn salyp oturýardylar. Orazgylyç bireýýämden bäri oýady. Ol ukusyna sakdy, sähel takyrdy bolsa oýanýardy. Obada onuň saklygy üçin «Çopan bolaýmaly adam ekeniň» diýýänler-de bardy.

Şeýle gürrüň deň-duşlaň arasynda bolanda olar her gezek: «Sen munuň egnine egri taýak atdyrraýjak bolýansyň welin, emma ol beýdäýmez, bulaň atasy Kymyş duzçynyň «Çöle çyk, çopan bol!» diýilse, aýdanyny eşideňokmy? Ol: «Heleýimiň eteginden uzak aýrylarlygym ýokdur» diýer eken, bu-da şonuň ogludyr-da» diýip, belli gürrüňi ýatlaşyp,  oňa degerdiler.

Amangül adamsydyr ogluna göz aýlanda Orazgylyjyň alagaraňkyda gözüniň açykdygyny, Aganazaryň bolsa onuň gapdalynda serlip, süýji ukuda ýatanlygyny gördi. Ol häzir düýşünde özüni obada mamasydyr babasynyň gujagynda ýatandyryn öýdýärdi. Amangül Orazgylyja ýüzlenip:

– Ugradyk öýdýän ahyry! – diýip, oýananlygyny oňa mälim edip pyşyrdady... Soňam: – Nirä äkiderlerkän? Allanazar jan dagyny äkiden ýerlerine äkidýän bolsunlar-da hernä bizem– diýdi.

– Allanazar dagyň ýanyna äkitjek bolsalar, Maryda görmänmidiler, şol wagt bile gabardylar-da beýtjek bolsalar. Bular dogany-doganyň ýanynda goýar öýdemok.

– Gully emin agalar-a topbagy bilen bir ýere gabapdylar, belki, bile-de düşendirler.

– Aý, nä bileýin, olaňkyňam bellisi ýok, bir ýerde bolmasa, başga bir ýerde bölüp aýrandyrlar. Bularyň bolaýmaly zady boldurasy gelmez? Indi bu adamlar hem biziň Marydan kerwen gurup çykyp gaýdan otlymyz-a mündürilen adamlaryň hemmesi däl-ä. Ýolda onuň ençeme wagonlary bölünip alnypdyr. Ol bary-ýogy bäş-alty wagona direlip galypdyr.

– Şularyň näme edýändiklerini özlerem düşünmeýärmikän diýýän men-ä.

Ýolda käte otlyň her duran ýerinde diýen ýaly wagona başga ýerden getirilen ýene birki maşgala mündürilip, wagonyň ozaldanam dar dünýäsi hasam daraldylýardy. Darlygyň ejirini hemişe has artyk çekýän aýallar, üstlerine del adam getirilmegini halaman:



*3

– Bu ýurt ýykanlar (Jany ýangynly adamlar özlerini alyp barýan hökümet adamlaryny öňki ak patyşany ýykanlar hökmünde şeýle atlandyrýardylar) indi adamlary bir-birleriniň üstünde oturtjakmykalar, öňem-ä bu artybyň içi gör ýaly dar, öwrülere-aýlanara ýer ýok – diýşip, öz ýanlaryndan nägile bolşup, arz-datlarynyň ýeten ýeriniň bolmajagyny bilseler-de, janlaryny ýakyşyp samyrdaşýardylar. Şeýle mündürilişikleriň birinde bir gün ýene bir maşgala Orazgylyç dagynyň ýanyna mündürildi.

Wagonyň gapysy açylan mahaly ol ýerde peýda bolan uzyndan gelen daýaw kyrk ýaşlaryndaky adam oturanlara salam berip, münşi ýaly hem yzyna öwrülip, gezekli-gezegine aşakdan özüne äberilýän çagalara münmäge kömek etdi. Iň ahyrda hem ol eli goşly gonalga tapman, münen ýerinde töweregine seredip durşuna, wagondakylara tarap öwrülip:

– Adamlar, araňyzda Pendiden adam barmy? – diýip, töweregine garanjaklady. Orazgylyç eýýäm münen aýalyň başbogusyny görenden onuň öz öwreleriniň adamsydygyny bilipdi.

– Bar! – diýip, Orazgylyjyň seslenenine mähetdel, ol kanagatlanma bilen oňa baş atdy:

– Ildeş, biraz gobsunyşyň, menem seniň ýanyňda ýerleşeýin! – diýip, ol bu gepi ikimiz geljekde bir-birimize gowy düşünişeris, hemaýatda bolmaly bolarys! – diýen terzde gepledi. Soň olar tanşyp otursalar, ol gelen hem özi ýaly tagtabazarly bolup, Dädeguly obasyndan bendilenilip alnyp gaýdylan maşgalalaryň biri bolup çykdy. Şeýdibem, biraz iki tarapa süýşülenden soň, «Çöken düýe ýer tapar» diýleni boldy. Onuň aýalyndan ýanynda iki sany Aganazar duşly oglanlary bardy. Oglanlaryň kiçirägi ornaşmaga mümkin bolan dessine gelip, Aganazaryň gapdalynda ýerleşip:

– Meniň adym Ahmet – diýip, oňa tanyşlyk berdi.

– Aganazar – diýip, ol hem şonda Ahmede özüni tanatdy. Şeýdibem iki sany ozal bir-birinden uzakda ýaşamadyk ýigdekçe,

durmuş harasadyna düşüp, tozap ýören ene-atalary bilen galgaşyp ýörüşlerine Watandan ýüzlerçe menzil alysda bir-birleri bilen duşuşyp tanyşdylar. Şundanam olaryň soňra birnäçe wagta çeken mežbury sergezdançylyklary başlandy.

Otly ugransoň ýene-de wagonyň içine arzuw edilen imisalalyk aralaşdy. Aganazar otly ugran mahaly ykranjyrap gaýtadan uklady.

Sürlüp barylýan adamlaryň arasynda: «Bizi Sibire äkidip, doňduryp öldürjekmişler”, «...Beýdip aýlap-horlap ýörmekleri, nähili jeza berjeklerini entek bolşewikler aýgyt edip bilenokmyş, biz üçin zabun bir jeza oýlaýamyş» diýen gürrüňleriň gapdaly bilen şol döwürlerde ýene-de Owgana geçen Buhar emiri aňyrdan uly güýç bilen sürüp geljekmiş, çaknyşyk mahaly Sowetler bu adamlary özlerine galkan edinip, onuň öňüne sürüp, şolara paýhynlatjakmyş» diýenem bir gürrüň peýda bolupdy.

Otly dogrudanam Daşkendi parran bölüp geçensoň, indi Termez ýoluna düşüpdi. Emir Seýit Alimiň hem güýçleriniň Termeziň golaýynda, şol ýerde serhedi ýaplanyp ýatanlygy gürrüň edilýärdi.

Dar ýerde itinişip, güýlünen ýaly bolup oturan adamlar: «Ýene-de bir ýerde düşüp, aýaklary ýazyp, daşarynyň ys-koksuz howasyndan dem alyp bolsady?» diýşip, arzuw edişip ugrapdylar. Otly Daşkentden ötensoň, ol bäri-bärde durarly däl bolup görnenem hem bolsa, ýöne ýene-de tizden onuň ýyndamlygy «Pişigiň ýyndamlygy samanhana çenli» diýleni boldy. Daşkentden geçen bolsa ol on bäş-ýigrimi duralga geçendir, onsoň badyny gaýtaryp, ýene-de durma bilen boldy. Ilki onuň haýsydyr bir howlukmaç ötmeli otla gapdala çekilip, ýol berip, aýak çekenligi çen edildi. Ýöne ol soňra-da gapdalyndan otlularyň telimsini geçirse-de, gozganmaga gyssanmady. Gün dogmagy bilen ýene-de wagonyň içi kapasap, dem almak kynalyp ugrady. Howa-da adam deridirsiýdik yslary bilen goşulyşyp, ýiti ysa öwrülip aňkady. Hasam

geçen agşam ýogalyp, bir burçda üstüne keçe ýapylyp goýlan merhum gyzjagazyň süňňi zaýalanyp, wagon içini ýakymsyz ys dolduryp ugrapdy.

Ýolda ölenleriň jesedi otlynyň her bir uzak durýan duralgasynda wagonlardan düşürilip alnyp, soňra äkidilip, jaýlaýjylaň ellerine berilýärdi.

Pahyr gyzjagaz hem indi şeýle pursada garaşýan jesetleriň biridi. Jesediň ysyna bogluşyp oturan ýakynlarydyr beýleki adamlar indi nirede bolsa-da bir ýerde otlynyň uzagrak saklanaryny dileg edýärdiler.

Ýöne içiňi ýakaýyn diýen ýaly otly dursa-da, wagty bilen onuň gapylary açylyp, adamlaryň halyndan habar almaga ýene-de howlukmadylar. Oturanlaryň çydam ýagdaýy synaga goýlana meňzedi.

Sürgünleri alyp barýan esgerlerdir OGPU işgärleriniň bu wagt çilim çekişip, özara hümürdeşip, wagonlaryň gapdalynda ikibir, üçbir bolşup, gezişip ýörüşleri wagonyň yşgalaň-deşiklerinden görünýärdi. Niredendir bir ýerden beriljek täze görkezme buýruklara garaşylýardy.

Şol baryşdan diňe günortanyň öň ýanynda sürgünlere wagonlardan düşmäge rugsat edildi. Adamlar wagonlardan düşüşip, özleriniň çolarak bir otly duralgasyndan gelip çykandyklaryny gördüler. Şol ýerde hem adam başyna berilýän nan paýlanylyp, her gün bir gezek berilýän kelem ysly çorba berildi.

Adamlar iýip-içip, ýazylyp ýaýraşyp, biraz özlerine geldiler. Töwerekde ýene çagalaryň näzijek jedirdileri, hyk-çoklary peýda bolup, ýaşaýyş arabasy täzeden tigirlenip ugrady.

Öýlän sürgünleri goşlary bilen sürläp äkidip, wogzal jaýynyň sesýetimligindäki bir wagt taşlanan köne saraýa gabadylar.

Adamlar daş-töwereklerinde oba ýa-da adam ýaşaýyşly ýer görmänsoňlar, bu ýeriňem entek öz ahyrky gelmeli ýerleri däldigini, ýene-de göç-gonuň boljagyny çen etdiler. Haçan ýör

diýilse, gidibermek üçin, özleriň haýsydyr bir duralga golaýda ýerleşdirilendiklerine ynandylar.

* * *

Eýýäm tomsuň ortalaryndan başlap, tä güýzüň ahyryna çenli Murgabyň suwy kenar taşlap, barha içini çekmek bilen bolardy. Bu döwürde ol derýa däl-de, ulurak bir ýaba öwrülip akýar. Özi-de hamala süňňüne erk edip bilmeýän ýaly, ýeňsede üstüne abanyp oturan Garabil baýyrlaryna söýenip, oňa gysmyljyrap akýar. Ol şonda ýazdaky gün-günden ersip, hanasyna sygman öňünden çykan ähli zady ýyrtyp-ýylmap öňe düwläp akýan joşgunly Murgaba asla meňzemeýär. Bu döwürde onuň akymy parahat, suwy-da dury. Edaly owsunyp, salyhatly, sapaly görünýär. Şonda onuň olumy öňe dyzanyşyp, ýüzüşip, hezil edişip, çapyşyp oýnaýan ownujak balyjaklaryň oýun ýerine öwrülýär. Murgabyň uly-uly çapraz, lakga balyklaram bolmaly, ýöne olaram aňsat bu döwürde görjek gümanyň ýokdur. Olaryň diňe derýanyň çuň ýerlerinde, läbige gömlüp, gijelerine çykylýan aw-şikara göwün çaglap ýatandyklaryny pikir etmek mümkin.

Bu döwürde adamlar derýanyň diňe bir ýalpak, saý ýerlerini saýlap däl, onuň islendik ýerlerindenem atly, düýeli ötüşip-geçişip ýörerdiler.

Sürgüne gidenleriň yzyny ýel çalmanka Söýünalyda ýene-de olar bilen bagly ýakymsyz myş-myş gepler örç alyp ugrady. Myş-myşlar ýalan gepe meňzese-de, soňky döwürde olar hasam çyna köp öwrülip ugrapdylar. Iliň bu zatlary nädip bilýänligine hut haýran galaýmalydyr. Ýer astynda ýylan gäwüşese-de bilýän, daýza-heleý habarlaryň bu ýagdaýda has gowy işläp ugranlygyny görkezýärdi.

Myş-myşlar ýylan bilen duşan ýaly birtopar adamy tisgindirip, üýşendirenem bolsa, olar obada käbir adamlarda «Kulaklaryň zadyny hökümete geçirýän bolsa gowy edýärler, nä, ömür-baky

olar bizden gowy ýaşamaly diýen zat barmy näme?» diýdirip, makullama-da tapýardy.

Bu gürrüňleriň gapdaly bilen «Beýle bolsa-ha indi Kymyş duzçy ýaly, oba bilen halys bagry badaşanlaram çemin tapsa, paty-putusyny alyp, Owgana ökjäni göterse gerek» diýen ýaly obada şübhe astyna alnan adamlar baradaky geplerem has köpelip ugrady.

Bir ýola bu gyşyk gepi eşiden wagty Begendik ussa ussahanasynda onuň jogabyny nagt edipdi. Ol şonda täze ýasaýan piline gulak çykaryp, taraşlap durdy:

–E-ýe, ýüki saman hyýalhonjalar diýerler size. Kymyş joramy tanaňyzok, ol bu toprak bilen bile bitendir. «Gaçar, tutular, öýüne talaň düşer. Bize-de ondan bir zat ýeter» diýip, göwün çaglap, şir awuna ymsynyp ýören şagallar diýerler size. Haý, akmak halk, Muhammetgylyç serdaryň gylyç syryp, goran-soran ýurduny, siz onuň nesli bolman, ýagdaýy nädip göz öňüne getirjek?.. – diýipdi.

Ussanyň töweregindäki birnäçe adam hem şonda ata-baba geçmişlerini ýatlaşyp, ýerli-ýerden onuň gepini makulladylar.

Ýöne obada indi ikiniň başynyň çatylan ýerinde şeýle gürrüňler welin köpelmese azalmaýardy.

Bir gezek Gurt ýalakdyr Altmyş aga, Sapar daraz – üçüsi şura jaýynyň gapysynyň öňünde irden kemsidiň gelerine garaşyp otyrdylar. Olar: «Täze hökümet-ä ýene-de niýetini bozan ýaly, «kulak» diýlip tirseklenen maşgalalaryň indi galanja zadynam ellerinden gaňryp aljakmyşlar...» diýip, özara gürrüň edişip otyrkalar aňyrdan at säpjedip, garaşylýan Ýagdy şura göründi. Ol at münüp eselip, göterim häsiýetine görä gomasalanyp, hondan bärsi bolup, jylawy deň tutup gelýärdi. Ony görüp, söhbetdeşler bir-birleriniň ýüzlerine seredişip, bada-bat mesawy gürrüňi togtatdylar. Gurt ýalak onuň bolup gelşini kinaýalyrak synlap ýylgyryp oturyşyna öz ýanyndan onuň halyna biraz gözügidijilik bilen pessaý dillendi.

– Bol, bol gul ogly bol, adamyň eli gelse, kimem bolsa şeýdip eseläýýän eken. Ýagdy dagy il öňüne düşer diýip, heý, kimiň kellesine gelerdi? – diýip, soň ol onuň oglanlykda bile oýnan döwürleri hiç zatda-da onuň bir ilden saýlanyp barmanlygyny biraz geň galmak bilen ýatlady.

Aňyrdan gelýänini görüp, ýaňyrak şuranyň gapysyna gelip atdan düşen jigit ylgaşlap baryp, onuň atyny tutdy. Ýagdy gamçysyny gysymlap, çytylybrak, ýüzüni asyp, satan somlap atdan düşüp durka Gurt ýalak gözlerini ýaňsylyrak erejekledip, deň-duşlarça oňa henek höweslidigini mälim edip gülümsiredi.

– Diýseň-diýmeseň, Ýagdy, sen ata dagyn çyksaň, Sary hana-da, Arnageldi baýa-da birhili meňzäberýäň! – diýip, taryplap bada-bat onuň beleňini berip, uguny ýekeläp ugrady.

Hoş söz hoşuna ýakyp, muňa öňküdenem biraz eselen Ýagdy oglanlyk ýoldaşynyň gepini höwes bilen dolap alyp, ony öz gepine gatdy.

– Eý, Ýalak han, il-ä maňa «Stalin papagyňy dagyn geýeniňde, sen ýoldaş Budýonnynyň gazetde çykan atly suratyna meňzeýäň» diýýär– diýip, özüne göwnüýetijilik bilen, onuň gepine görä gep gaýtarmaga çalyşdy. Gurt ýalak  ony Budýonna deňäp gomaldýanyň Hanumadygyny öň eşidipdi.

Şonuň üçinem basdaşlarça oňa: «Ýagdy han, onda seni töweregiň öňräk oýnap ugrapdyr» diýip, kem galmazlyk üçin oňa bir ýoknasyzyny aýdasy geldi.

Ýöne bu gepi aýtsa, degnasyna degen şuranyň soňra öz saljak ýumşuny bitirmezliginiň mümkinligini ýatlap, ondan gepine görä degerli jogap alandan bolup, dymaýanyny kem görmedi. Gurt ýalagyň göwünetmezçilikli henegine Ýagdynyň barybir eýýäm çeti gyzyp, oňa öz-özünden beleň alyp öjügdi. Ol duranlaryň üstüne burnuny talawladyp, gezelibräk durşuna:

– Eý, Ýalak, şu Nurjuma ikiň adama göwnüňiz ýetmän geçjek aslynda... Sary han, ýeneki diýen bolşup. Şol adamlaň nämesi artyk bolanmyş menden? Men islesem, sen ýalakyny ýurtdan çykaryp

kowubam bilýän, hä, senem bir gün Handepä aldyryp, bir gowy ýençdirmelimikän diýýärin. Şonda bilersiň, Ýalak, sen meniň kimligimi. Beýle zatlar seniň Sary hanyň elinden ýa gelendir, ýa gelenem däldir.

Töwerekde duran adamlar degişmäniň Ýagdynyň çetine degip henegiň çyna öwrülip barýanyny görüp, onuň köşeşmegi üçin, ýerli-ýerden baş atyşyp, ony makullap, ugurragyna sürme bilen boldular.

Ýagdy şura elindäki örme gamçysynyň ujy bilen biraz gözüne düşüp ugran papagynyň etegini ýokarrak göterip, kabul jaýyna ýönelen wagty töwerekde duranlar gapdala çekilişip, oňa ýol berme bilen boldular.

Gurt ýalak köpmanyly ýylgyryp, ýüzüni sypalansoň, gürrünini öňki hörpünde dowam etdirip, Ýagdyň yzyna düşdi.

–Aý, kemsit, ýaňy gümgidene gidirin diýeňde ýadyma düşdi, sen habarlymysyň mundan, Söýünalyda senden bidin çöp başy gymyldaýarmy, eýsem?

– Eri, ýeri, çek barmagyňy sokan ýeriňden! Onsoňam men nämäni bilmeýänmişim?

Gurt ýalak:

– Hökümet indi gulakçylyga çekilenleriň elindäki galan-gaçan zatlarynam toplap aljakmyş diýenem bir gürrüň bar welin, heý, şol ugrunda barmy?

Ýagdy gamçysyny elinde oýnap barşyna göwnühoşlyk bilen:

– Näme etjegini hökümetiň özi gowy bilýändir. Diýse, şonuň diýenem bolar... Aýagyny göre sokup oturan Kymyş baýyň gapysyna indi at nämä gerekmiş, eşegini goýsalar kaýyl bolsun. Gullar çopanda-da onuň maly bar bolmaly. Aýagyny sallap giden Gully eminiň harazy-da indi hökümetiňki bolar...

– Hökümetiňki diýmek seniňki-dä.

– Muny bildiň, Ýalak han, hökümet şu gün men.

Töwerekdäki adamlara bu badyhowa gepi eşidip, ahmyr bilen hyrçlaryny dişläýmek galdy.

Köp wagt geçmänkä il içinde gezýän myş-myşlaryň hakykata öwrülip barýanlygy, hökümetiň Kymyş duzçynyň oglanlaryny sürgüne atarany bilenem kanagatlanman: «Sizi ýene-de bir etjegim bardyr» diýenligi belli boldy.

Kymyşlaryň öýi torulmazyndan bir gün öň garaşylmadyk halda Hanuma bilen ýaňyrakdan bäri şuraň hat-petegine kömek berip ugran uzyn boýly Mergen diýen ýigit olaryň gapysynda peýda boldy. Hanumanyň golunda, onuň nämedir bir zatlar ýazarmandygyndan habar berýän kagyz, galam bardy. Olar biraz mundan ozal Gully eminiň howlusynda bolup, onuň emläginden galan-goýan zatlary anyklap, hasaplap hata ýazypdylar. Indem nobat Kymyşlara ýetipdi.

Daşarda gyzlary bilen ýüň tüýdüp, sümek-sümek ýüňlere bulaşyp oturan Jemal mama asla garasyny salmaýan adamlaryň öz gapysyna gelýänini görüp, halamazlyk bilen seňrigini ýygrap eşidiler eşidilmez hüňürdedi.

– Indi bular nä maksat bilen süssenekleşip gelýärkäler? – diýdi.

Hanuma Jemal mama salam berensoň, mylaýymlyk bilen habaryny bermäge durdy.

–Mamasy, biziň siziň hojalyk emlägiňiz bilen bagly geçirmeli käbir çärämiz bar!

– Ol nämäniň çäresimiş ýene-de! – diýip, bularyň oňlulyga gelmedigini pikir edip, ýüregi çişip ugran garry nägile boldy.

Onýança uzyn ýigit, töwereginde uçup ýören kebelekmidir teneçir ýaly bir zady tutmaga synanyşýan ýaly, goluny salgap gepe goşuldy.

– Biz siziň hojalyk emlägiňiz barada anyk hasap geçirmeli. Hökümetiň özüniň talaby şeýle. Onsoň dänim...

Onýança-da itiň golaýda üýren sesine hem daşardan eşidilen gümür-sümür gepiň bir ýanyny eşidip, Kymyş duzçy hasasyna daýanyp, öýden çykdy.

Eýesiniň öýden çykanyny görüp, ot-suw tamakin at eşek gapdalyndaky üstüne gaňňa atylan kese agaja süýkenip hynçgyryp, gep-üýn alyşmaga goýman, agzyny ýokary tutup aňňyrdy.

Malýatak tarapdan eşegiň ýaňyrak tezeklän tezegininiň ysy gelýärdi. Eşek aňňyryp ugran mahaly Jemal mama gapdalynda ýatan ýüň saýýan ýylgyn çybyk-saýgajyny depesine göterip:

–Gapylsan-aý, haramölen, şu wagt görensiň-ä eýäňi! – diýip, ozalam hökümet adamlarynyň talap tutuşyp sürnüşine kejigip duran Jemal mama eşegiň bolşuny halaman, oňa igençli käýindi, soňundanam onam az görüp, agtyklaryna buýurdy:

–Baryň, bir gysym ot atyň şol gaty eşegiň öňüne, sem ediň ony!

Ogulbike mamasy gepini aýdyp bolaryna mähetdel ýeňillik bilen  gopup, malýataga howlukdy.

Eşek aňňyryp, ile metgi bolup, öz almaly höregini alyp, sem bolansoň, gep-üýn alyşmaga mümkinçilik boldy. Hanuma täzeden öz habaryny bermäge durdy. Ol sürgüne gidenleriň galan engamdyr mallaryny döwlete geçirmeli diýip, ýokardan buýrugyň barlygyny aýdyp, özleriniň şonuň üçinem bu ýere öňünden öýlere aýlanyp, nämeleriň bar-ýoguny anyklap görüp, derňäp-görüp, ýazgy etmelidiklerini mälim etdi.

Hanuma özüniň Ahmediň agasydyr ýeňňesiniň öňünde duranyny unutmaýardy, özüni Ahmede dahylly hasap edip, öz gaýynlarynyň gapysyndadygyny, olaryň ýüzüne dogry gözläp bilmän, başa atan ýaglygyny çümreräk bürenip, ýüzüni gizläbräk, gelinlerçe süňňünde gozgalaň tapyp gepledi. Onuň gepiniň äheňinde düşnüksizlik bolsa-da, onda talap ýokdy.

Hanumanyň aýdanlaryny göwnübirlik bilen diňlän Kymyş duzçy ilki bir zat diýerli bolsa-da, ýene-de ol öz ýanyndan: «Boljak iş bolup, öý dargansoň, zat indi kime gerekmiş, alsyn näme alsa, dyksyn şony hökümet gowuz ýerine» diýip, kaýyllyk bilen oýlanansoň: «Barlamaly bolsaňyz barlarsyňyz-da» diýip, gapynyň öňünde duran ýerinden olara öýe girmäge ýol berip,

ýeňsä çekildi. Emma gelenleri diňläp, zowzanaklap ugran Jemal mama welin geplemän durup bilmedi. Hanumanyň ýüzüni nägile nazary bilen dalap:

– Hökümetiň nä, meniň öýümde goýany barmyşmy? Ýa sürgüne berip, bala-çagamy zir-zöwran edenini az görýärmikän? – diýip, nägile bolup hüňürdedi. Ikiýana gaýmalap, gapydan goýbererli däl göründi.

Baran ýerinde şeýleräk ýagdaýa duşýany üçin Hanuma muňa darygybam durmady. Dogrusy, raýondan ýörite gelmeli adamlar gelmänkä beýdilmese beýdilmezdem welin, ýöne Ahmede göwni gideni bäri Hanumanyň onuň ýakynlaryna-da nämüçindir elinden gelen delalaty edäýesi geler durardy. Şu öňünden derňew ýazgysyny geçirmegi hem Kymyşlara nepim deger diýen oý bilen, onuň özi toslap tapypdy. Ýagda bolsa şeýle eden ýagdaýynda raýon ýolbaşçylarynyň: «Ýagdy ederini bilýär, hüşgärligi elden bermeýär» diýen tarypa eýe boljakdygyna ynandyrypdy. Ýagdy munuň ýaly ýolbaşçylaryň dagy berekellasyna mynasyp boljagyna gözi ýetse, ol işi nä soňa goýarmy!? Şol günüň özünde ol Hanuma bilen Mergeni bu işleriň ugruna çykardy.

Hanuma suw boýlajak ýaly bolup duran ýoldaşyna: «Sen daşarda ýazgy geçiriber, içerini özüm ýazaryn» diýdi.

Ol Jemal mamanyň yzyna düşüp, içeri girensoň, sandyklaryň üstlerine galdyrylyp goýlan gat-gat ýorgan düşekleriň öňüne barmagyň ýerine olardan bir ýanrak çekildi-de: «Akgynyň mamasy, rugsat etseňiz, men-ä biraz dyzymy epjek?» diýip, onuň mürehedine hem garaşman, aşak oturdy. Ol öý eýesini mertebeläp, mylaýym gepläp, özüniň ýaman pikiriniň ýoklugyny aňdyrmaga çalyşdy. Özüniň barlagçy bolsa-da, gapydan gelen myhmandygyny hem sypaýyçylykly mylaýym gepläp, garrynyň ýadyna saldy.

–Allanazaryň mamasy, suwsapdyryn, babasyndan galan çaýyňyz dagy ýokdur-da? – diýip, ol Jemal mamany özüne öwrenişdirmek islegi bilen ýene-de alçaksy gepledi.

Şundan soň öýüň kastyna gelen gelin Jemal mamanyň ýanynda arkasyny tärime öwrüp oturan ýabany towuk ýaly, görmekli, mylaýym zenana öwrüldi. Jemal mama ojagyň başynda duran çäýnegi alyp, ondaky galyndy çaýy bir käsä sarkyryp, Hanuma uzatdy.

– Al, gelin, şuny iç, men häzir ýene gyzlara çaý goýduraýyn!

– Gerek däl, mamasy. Damagymy öllemäge şu bolar, uzak oturmakçy däl! – diýip, oňa minnetdarlyk bildirdi. Garrynyň öz ýanynda bolmagyny islänligini mälim etdi.

Jemal mama Hanumanyň mylaýymlygynyň sebäbine oňly düşünip bilmän, bu ýagdaýa biraz geňirgenibräk, onuň käsä guýan çaýyny içip bolaryna garaşyp, gapdalynda oturdy. Hanuma gepbaşy hökmünde soran çaýyny, juda aňyrsy alyp barmaýan-da bolsa, howlukman owurtlap oturyşyna, birbada matlabyny nähili beýan etmegiň ebeteýini tapman oýlanjyrady. Öý eýesi onuň matlabyna dogry düşünse-hä ne ýagşy? Onuň öýi öň bir talansa-da, henizem halys durmuşa üstüni basdyran garybyň öýi däldigi görnüp dur. Öý içiniň goş-golamy ýetik.

Iki öýüň adamlary gidip, olaryň-da galan-goýan goşlary adam ýaşaýan ýeri diýlip, garrylaryň agtyklary bilen bolýan ýerlerine getirilip basylansoň, öý daryşgan görünýärdi. Öýüň duluny tutup duran sandyklaryň üstüne ajarly keçedir ýorganlar gat-gat edilip basylypdyr. Barlagçylaryňam gelse, ilki silkip-silkip aljagy şunuň ýaly zatlar. Dörüljek ýerem sandyklar.

Hanuma oýurganyp, ahyram sypaýyçylyk bilen aýtmagy niýet edinen gepini aýlaman, beýleki etmän göni aýtmasa, Jemal mamanyň özüne düşünmejegini aňdy. Hak-u, nähak hökümet tarapyndan tirseklenýän maşgalalaryň adamlarynyň şübhe-gorkusynyň ýetik bolýanlygyny bolsa ol oňat bilýärdi.

–Mamasy, meniň-ä size aýtmaly bir gepim bardy! – diýip, Hanuma gürrüňe başlanda, bu gümürtik gepe Jemal mamanyň özüçe düşünenligi belli boldy. Ol: «Oglanlardan bir erbet habar

gelen bolmasyn. Bu heleýem şuny aýdyp bilmän, itinip oturan bolmasyn?» diýip pikir edeni üçin,  garrynyň kalbyny gubar baglap, süňňi lagşady.

Hanuma:

– Aganazaryň mamasy, alsaňyz meniň size bir maslahatym bar. Öýüňizdäki goş-golamlaryňyzyň öz ulanjagyňyzdan başgasyny erte barlagçylar gelmänkä, şu gün agşam Ballynyňka ýa-da başga bir barylmajak, barlanylmajak ýere eltip goýuň! Apyla-sapyla sowlansoň, yzyna gaýdyp alyberýäňiz?!

Jemal mama Hanumadan nämä garaşsa-da, beýle ýagşylyga garaşmandy. Şonuň üçinem ol ilki gulaklaryna ynanmady. Ähli zady tersine gaňryp ýören şuraň adamlary nire, bu gürrüňler nire!? Ýa-da Kymyş baýyň turup giden rysgal-döwlet ýükli kerweni indi ýene-de yzyna dolanyp ýörmükän?! Hasam ony Hanumanyň aýdan gepiniň öz sürgüne gidenleriniň ajy habary bilen bagly däldigi begendirdi.

Nägile halda özüni nobatdaky ýowuz urga taýynlap duran Jemal mama bu garaşmadyk ýagşylygyna duşup, goram-gowşak bolup, nädip sessiz aglap goýberenini-de duýman galdy. Aşak oturyp, gözýaşyny özüne holpugrak bolýan köýneginiň ýeňine syldy.

Minnetdar bolup: «Ömür ýamanlyk ýüzüni görmäsiň, gelin, bizi sylany Alla sylasyn!» diýip, adaty ojak başyna öwrüldi. Täze hökümetiň ýagşylygyň nämedigini bilmeýän adamlarynyň arasynda, onda-da Hanuma ýaly ygtybarly ýagşylyk edip bilýän adamlaryň-da barlygyna begendi.

Hanuma şundan soň Jemal mamanyň üç sany köneräk keçesi bilen iki ýorganyny orta atdyryp, olary alynmaly zatlaryň sanawyna goşansoň, onuň bilen düşünişip, tirkeşip daş çykdy. Jemal mama Hanumanyň bu janköýerlik bilen özlerine edýän garaşygynyň aňyrsynda bir zadyň  bolmagyny güman edýän-de bolsa, ýöne ol heniz Ahmet bilen onuň arasy barlygy

barada il içindäki myş-myşy eşitmänligi üçin, onuň nämeliginden habarsyzdy.

Şundan soň Jemal mamanyň kalbyndaky şübhedir närazylygyň ýerini minnetdarlykdyr kanagatlanma duýgusy eýeledi.

Kulak emläklerini alyp, döwlet hasabyna geçirmegi gurnaýjy topar hem özlerine köp garaşdyrmadylar. Hanumanyň gelip gidenine üç gün diýlende olar topary bilen Kymyş duzçynyň gapysynda peýda boldular. Topar Aman OGPU-dan, iki sany nätanyş ýaragly esgerdir Ýagdy bilen Hanumadan ybaratdy.

Birtopar atly-ýaragly adamlaryň ýetip gelýänini görüp, ilki bilen el-heder alyp, «Indi nätsekkän?» diýip, howsala düşen çagalar –Akjagül bilen Ogulbike boldy. Olaryň ikisi-de ýaragly adamlaryň köçeden öýlerine tarap öwrülenlerini gören batlaryna ýylan gören ýaly, inleriniň şowlap, ýalaňaç tenlerine buzly suw urlan ýaly bolup gidenini syzdylar. Olaryň ytygsan ýürekleri bolsa, indi tutulan guşuň ýüregi deý göwrä sarsgyn berip, gürs-gürs edip, gorkuly urýardy.

Gyzlar güýmenip ýören öý işlerini duran-duran ýerlerinde galdyryp, ylgaşlaşyp gelip, daşky ojakda ot ýakyp oturan mamalaryny penalap, onuň arkasyna geçdiler. Ýerli ýerden:

–Mama, ol artyplar-a ýene gelýär.

–Aralarynda şol akgam dagyny äkiden adamam bar-da hakyt...

–Mama, indi olar bizem äkitjeklermikän? – diýşip, howsalaly pyşyrdaşdylar.

Jemal mama ilki agtyklarynyň galagoplugyny hemişe şeýle pursatda döreýän ýagdaý hasap edenligi üçin, olaryň soraglaryna jogap bermegiň geregi ýok hasap etdi, emma gyzlaryň: «Indi bizem äkitjeklermikän?» diýen gepini eşidip, özüniňem howsalasynyň barha artyp barýanyny duýup, mümkin boldugyndan, agtyklaryny köşeşdirmek üçin, ýagdaýyň olaryň göwnüne gelşi ýaly juda bir zabun däldigini aňdyrmak maksady bilen, ýanyp duran odunlary ojagyň törüne ýüzüni tüsseden kese sowup, itiberişdirip oturyşyna:

– Gorkmaň-aý, saçy kesilmişler. Bular bizi başyna ýapsynlarmy!? Äkitjeklerini äkitdiler-ä agdaryp, agdaryp... Indi bular öý dökmäge gelýändirler.

– Mama, olar näme garakçylarmy?

– Aý, şondan oňlam däl şular...

– Hanuma ejem-de bar eken.

– O-da şolaryň adamsydyr-da näme...

Kymyş duzçy tuduň aşagyndaky sypanyň üstüne atylan keçe üstünde aňyrdan gelýänleri görüp, üýrüp garşy alan itiniň adyny tutup kowsa-da, turup olary garşy almaga howlukmady. Toparyň öňi bolup, howla giren Ýagdy  golaý gelip, Kymyş duzçynyň üç-dört ädimliginde saklandy. Abşanaklabrak durşuna, başyna ýaňyrakdan bäri mazamlap geýip ugran papagyny çykardy-da, elýaglyk ornunda ulanýan mata bölegini çykaryp, ony papagynyň maňlaý deri siňen ýerine aýlap aldy. Şu geýimleri bilen kybaplaşdyrjak bolandyr-da, aýagyna çokaý çekäýmeli ýalydyram welin,  ol tomuslygyna seretmezden, ýalpyldadyp gara ädik geýip, öňküsinden hasam haýbatlanypdyr. Özüniň hakyky Sowet ýolbaşçylarynyň biri bolanlygyna ynanypdyr.

Bu gezek ol hökümetiň halamaýan adamyna ezmaýyşlyk etdigim bolar, muny bolsa töweregindäki hökümet adamlary halamaz öýtdümi nämemi, ol hemişe göni gabatlaşylanda, ýaşuly mertebesini saklap, Kymyş duzça berýän salamyny-da bu gezek oňa bermedi. Ýagdydaky bu geýim täzeligini, onuň özüni alyp barşyndaky üýtgeşiklikleri görüp, o-da sypaýyçylygy saklap özüne berilmedik salama «aleýk» aljagam bolup durmady. Gelenleriň ýüzüne, göwnübirlik bilen: «Eli gelen kişilersiňiz, eliňizden gelen ýamanlygy ediň hany, sizden mundan gowa garaşýan barmy?» diýen manyda nazaryny ümürledip, olaryň gözlerine göni gözledi.

Ýagdy yzyna gözläp, Hanumany ýanyna çagyrdy.

– Hany, okap ber karary! – diýdi.

Hanuma elinde düýrläp duran kagyzyny açyp, onuň ýüzündäki haty okady: «*Tagtabazar raýonynyň ispolkomynyň kararyna*

*laýyklykda kulak maşgalasy Muhammetgylyç Mülkaman oglunyň öňki ýyllarda garyp gatlagy ezmek ýoly bilen gazanan emlägini elinden almaly we ony döwletiň hasabyna geçirmeli. Çäre mahalynda kulak garşylyk görkezse, oňa ýerinde çäre görmeli...»*

Onsuzam bu adamlaryň näme üçin geljegine öňünden habarly goja bu pursatda ahmal galmazlyk üçin öz alajyny öňünden görüpdi. Ol Hanuma haty okap, gutararyna mähetdel hatar tutup oturan öýlere tarap goluny salgady.

– Näme almaly bolsaňyz, baryp görüň-de alyberiň, men-ä şolaryň köpden bäri içine giribem göremok – diýip, goluny uzadyp, olara ogullarynyň boş galan öýlerini görkezdi.

Bu adamlaryň hiç kimi sylap goýmajagy, hiç kime nebsi agyrmajagy belli. Olar Kymyş duzçynyň gapysynda duran ýerlerinde Orazgylyjyň münen atyny, sürgün edilenleriň boş duran altyganat öýleriniň ikisini, ýorgan-düşekden birnäçesini, sandykdan tapylan birki kişilik zenan geýimlerini, gapynyň gapdalynda direnip duran täze hasylyň bugdaýly çuwallarynyň birini hata ýekän-ýekän ýazyp, olary hökümete geçirmeli etdiler. Diňe Ballynyň öýünde bukulan ýorgan-düşekdir ol-bi goş-golamlar aman galdy.

Zatlary elinden alnan mahalynda Kymyş duzçy garşylyk görkezer öýdülen hem bolsa, goja olara hiç hili garşylyk görkezmedi, ne-de olara bir zat diýip, özüne yrsaramaga mümkinçilik berdi.

Şol günüň ertesi çöle giden topar Gullar çopanyň sürüsindäki Kymyşlaryň barja maýda mallaryna hem talaň saldylar. Çopana diňe agasynyň malyndan tagmasyny üýtgedip, iki-üç sany gurbanlyk, ýenekä gerek maly ogryn-dogryn alyp galmak başartdy.

Iki-üç günden Ýagdy şuranyň iberen iki-üç adamsy Kymyş duzçynyň oglanlarynyň döwlete geçirilen öýlerini söküp alyp gitdiler-de, olary şuranyň howlusynyň bir burçuna üýşürip basdylar.

Kymyş duzça takdyra ten berip, başa gelenini çekäýmeden başga alaç galmady. Gaty eşegi bilen inisi Ballynyň gazygyna iltän sygrynyň aman galanyna şükür etdi.

* * *

Gije. Dünýä imi-salalyk. Sürgün obaçylygy indi bir wagtdan bäri garaňkynyň boldan tikilen gara köýneginiň etegine çolanyp, süýji ukuda ýatyr. Howada ozalagşam töwerekde ýakylan oduň ýeňiljek ysy bar. Säheriň özi ýok bolansoň, heniz onuň her gün irden ösýän şemalyndanam derek-nowa ýok. Häzir ol bolanlygynda, sürgün obasynyň süňňünden göterilen bu ysy öňüne salyp äkidip, gör, nirelerden çykarardy. Ozalagşam asmanyň o ýerinde, bu ýerinde ýalpyldaşyp, ýyldyzlar görnüşip ugransoň, birsalymdan bir ýerlerden togalanyp gelýän ýaly bolup, Aý hem ol ýerde peýda boldy. Gijäni öňküsinden has-da ýagtyltdy. Özi-de bu agyr gaflat ukudan millet entek-ýentekler oýanmajaga, ýagdaý şu halda ýene-de arsyz wagtlap dowam etjege çalym edýärdi. Hatda häzir türkmenler gelende olary ýat görüp, iki günläp üýrüp bizar eden itiň hem sesi eşidilmeýärdi. O-da bu ýagdaý bilen ylalaşyp, symah bolan bolmaly. Käte ýatanlaryň ileri ýeteginde bir öýkenli adamyň üsgülewügi eşidilip,  ol häzir hä, onuň agzyna gyzgyn suw tutan bolaýsa, bokurdak giňän ýaly bolup, ýumşaşardy diýip oýlandyrýardy. Mahal-mahalam lagambir ýatan märekäniň bir ýerlerinden ýaş çaganyň ynranyp edýän hyk-çoky, agysy eşidilýär. Ýöne ol agy garry kişiniň üsgülewügi ýaly uzak we bizar ediji däldi. Çaga agysynyň gapdalynda ukuly aýal sesi peýda bolanyna köp wagt geçmänkä, ol köşeşmek bilen bolýar. Çarbaý çaganyň öz emmesine ýetenligi belli bolýar.

Aýyň ýere yhlasynyň artan mahaly, onuň mylaýym süýtreňk şöhleleriniň adam süňňüne hüwdi ýaly ýakymly täsir etmek häsiýeti bar. Şeýle pursatda adamyň ukusy süýji bolýar. Dartylan damarlardaky ýadawlyk sypalyp aýrylan deý bolup, adamyň ertirki aladalary üçin güýç-kuwwat toplaýan pursady bolýar. Aý

her gezek şeýdip, dünýä aýdyňlyk berip, asman gujagynda gelin deý owsunyp, nur bolup gezen mahalynda ol şol ozalagşam gelip gonup, dünýäniň ähli ýerine öz äpet ýazgyn gara ganatlarynyň aşagyna alan garaguşuň bu gün wagtyndan has öň, hä diýmän, uçup göterilip gitjegine ynanýarsyň.

Gije garrap goýazlaşansoň asmanyň Aý-ýyldyzlary hem bu pursatda höwes-hyjuw tapyşyp, şuglalanyşyp barha owadan boldular. Ýyldyzlar penje-penje, göwnüňe bolmasa, olar indi ýere-de öňküsinden bir depik golaýlaşana meňzeýär. Ozalagşam dünýäni basmarlan garaňky indem barha töwerek çalaryp, çaň-tozan bolup göterilip, syrylyp-dargap, ýene bir salymdan öz ornuny gijäniň etegini basyp, geljek gündize galdyryp giderli görünýär. Aý bolsa häzir ýalpyldap, hasam owadan bolupdyr, ol ýaňyrak ýar wysalyna ýeten, kalby joşgun-arzuwdan doly gelne öwrülip, özüniň töweregini gallaşyp gelýän ýyldyz-gyzlara baş bolup, höwes bilen seýil-seýrana çykan ekabyr ýeňňe gelin bolupdy. Asmanyňam häzir seretseň, diýseň bir gönençli pursady başdan geçirýänligine ynanasyň gelýär. Gowy arzuw-niýetleriň, buýsançdyr begenjiň kalba ýakymly täsir etmek häsiýeti bar. Şeýle-de bu pursat Aý gelnejäni görelde edip, öňe salan ýyldyz-gyzlaryň öz ýanlaryndan edýän gelin bolmak, goç ýigidiň yhlasyna gowuşmak ýaly höweslerine has-da ersgin berýär.

Seýil-seýranda bolup ýören Aýyň bir öwrümde nämedir bir zat bilen gyzyklanyp, günebakaryň Güne tarap öwrülen kellesi ýaly, onuň aşakda sergi bolup ýatan sürgün obaçylygyny üns astyna alanlygy belli boldy. Giden meýdany tutup ýatan sürgün obaçylygy özüniň başly-baratlylygy bilen şu pursatda aýylganç gyrgynçylyk bolan söweş meýdanlaryny ýatladýardy: heniz boýy ýetmedik jaýlaryň keserişip duran diwarlary, onda-munda jemlenibräk goýlan nara-krowatlary, bir ýerde çagasyny emdirip gazarylyp oturan aýal, ýatanlaryň arasynda kimdir biriniň çete çykyp barýan sulbasy, ýeneki ýeneler...

Emma bu janly hereketler onuň bu ýeriň söweş geçen meýdanydygy, bu ýatanlaryň bolsa onda pida bolanlaryň heniz ýere berilmedik jesetleridigi baradaky pikirini üýtgetmedi. Aý özüni öwlüýäniň üstünden gelen hasap edip, şu ýere ýetende ürken ýaly bolup bir kürtdürip terpendi. Aý akyp barýan ýaly bolup, şol aýlanyp ýörşüne ýene biraz sürgün düşelgesini ýokardan ünsli synlansoň, onuň öwlüýäni basyp geçmäýin – diýýän ýaly, 31-nji baragyň daşyndan oýtarlap, aýlanyp ugranlygy belli boldy. Ol soňra ýyldyz-baldyzlaryny yzyna düşürip, olary ukuly sähranyň üsti bilen Işimiň oba tarap ýaý berýän egremçesiniň depesi bilen alyp gitdi.

* * *

31-nji barakda köp gürrüňi edilen bugdaý oragynyň başlananyna ýaňy iki-üç gün bolupdy. Tutaşyp barýan uruş ody ýaly bu iş barha gerim alýardy. Bugdaý oragy ähli işleriň arasynda iň esasy işe öwrülip, bar bolan ähli güýçler indi şoňa gönükdirilýärdi. Eýýämden gürrüňi az edilmeýän, öňünden gazabyndan eýmenilýän gyş gelmänkä ýetişdirilen hasyly nädibem bolsa isripsiz hem wagtynda ýygnamalydy. Orsýetde, Ukrainada halkyň açlyk çekýänligi baradaky eýmenç gürrüňleriň bir ujy ara uzagam bolsa, resmi däl aragatnaşyk ýollar bilen bu ýerlerigem gelip ýetýärdi.

Şadmanowyň adamlardan talabynyň barha güýçlenýändiginiň sebäbiniň bir tarapynda şu ýagdaýlaryň barlygy hem ikuçsuzdy. Baragyň tehniki üpjünçiligem diýseň ýabygorludy, ähli tehnikasy bir kombaýn bilen, birem at goşulyp bugdaý orýan maşyndan ybaratdy. Ony-da guratlygyna seredip, 31-nji baragyň türkmenlerden öňki sürgünleri işledýärdiler. Ýöne bu iki maşyn ýeterlik däldi. Şu hörpde işlenilse, Şadmanow her gezek ýygnak edende: «Biz ýagyş möwsümin-ä däl, gyşyň ortalaryna hem hasyly ýygnamaga ýetişmeris» diýip, adamlardan has tijenilip işlenilmegini talap edýärdi.

Türkmenistandan gelenler esasan bugdaý toplamak, daşamak işlerine çekildiler. El güýji ýetmezçilik edýänligi üçin, tizden Türkmenistandan gelen aýal-gyzlaryň hem saltman, asgynjagy bolmadyklary bu işe gatyldy. Hasyly ýygnamagy has tizleşdirmek üçin aýal-gyzlary Matweý ussaň ussahanasynda Çary ussaň ýasan oraklary bilen üpjün etdiler. Şundan soň meýdanda zähmetiň has-da joş urýanlygy duýlup ugrady.

Sürgünler arasynda polewoýstan ady bilen belli bolan ýer obanyň 12 kilometre golaý uzaklygyndady. Türkmenleri bu bugdaý meýdanlar özüniň giňligi bilen haýran galdyran zatlaryň biri boldy. Onuň doly örüsiniň aňyrsyna çykyp gelmek üçin kombaýna bir gün gerek bolýardy. Şeýle-de, orum-örüsi alys bolanda, sozulyp-süýrenip, onuň yzyny ýygnamak kyn bolýardy. Ýeri çaklaňrak böleklere bölüp, ýygyp ugralmagynyňam sebäbi şu ýagdaýlar bolupdy.

31-nji baraklylar hem bu ýyl adam sanlary köpelensoň, «Gyzyl kerwen» meselesine uly ähmiýet berdiler. Kerwene goşuljak arabalar öňünden aýratyn yhlas bilen guratlanyp, kä biriniň böwrüne: «Watan, gallaňy kabul et!», «Nanym bar – ýurdum abat!», «Ýoldaş Staliniň paýhasly syýasatyna şöhrat!» diýen ýaly ýazgylar ýazyp, baýdak göterip, bu güni dabaralandyrdylar. Şol günüň ertesem komendant Şadmanowyň, kolhoz başlygy Reşetnikowyň ýolbaşçylygynda däne ýükli ýigrimi arabadan ybarat kerwen Akmolla tarap ýola düşdi.

Orazgeldi hem şonda özüne berlen araba bilen şol dabara gatnaşanlaryň biri boldy. Ähli ýerde bir wagtda «Gyzyl kerwen» gurlany üçin, Akmollanyň däne kabul ediş edarasynyň öňüne märeke şeýle bir kän ýygnanypdy welin, 31-nji baraklylar ýaly ara alys bolup, yzrakda gelenlere, elten dänesini tabşyrmak üçinem iki gün dagy gerek bolupdy.

«Gyzyl kerwene» gatnaşyjylar yza gaýdyşyn çagalarynyň halyndan habar almak üçin gijara oba sowuldylar. Bir gün

maşgalasynyň arasynda bolmak üçin Şadmanow Akmollada galansoň, onuň arabasynda ol ýere baran Reşetnikow hem däne tabşyrylýan ýeriň howlusyndan 31-nji baraklylaryň soňragy bolup saraýdan çykan Orazgeldiniň arabasynda gaýdypdy. Ol öýüniň duşuna ýetip, arabadan düşen mahaly oňa: «Ertir daň bilen polowoýstana gitme, meniň irden kontorlyk işim bar, soň ýüzugra bu ýerdäki gurluşyk ýagdaýlary bilenem tanyşjak, sen ukyňy al-da, Gün dogansoň geliber. Soň meýdana bile gideris» diýip tabşyrdy.

Kakalarynyň gelenine çagalary juda begendiler. Rahmannazar ony görenden «Akgam!» diýip, ylgap baryp, gujagyna özüni oklady. Ýaňy emedekläp ýören Rahmanguly özgeler kakalaryna tarap owsunan mahaly o-da şol tarapa baryberjek ýaly etse-de, kakasyny nirede görenini ýada saljak bolýan deý soňra emedekläp barşyna ýadyrgap, eljagazlaryny ýere diräp kürtdürdi. Haçan-da: «Hany, gel senem!» diýip, kakasy eline aljak bolanda bolsa ol kemşerip aglady. Onuň eýýäm bäş-alty gün görmedik kakasyndan ýadyrgap ugranlygy belli boldy.

Orazgeldi maşgalasynyň sag-aman oturanyny görüp begendi. Özi ýok mahaly öýde ýerkek kişileriň başy bolup galýan Allanazaryny tama baglap, atalarça göz astyndan synlady. Onuň gerek bolsa öz ornuny tutjak, maşgala hossarynyň barlygyny pikir etmek hemişe onuň çöken kalbyna teselli berýärdi. Ol çagalaryny töweregine jemläp, Oguljumanyň taýynlan çaýyny içip, iki gysym bugdaýdyr paýlanýan çöregiň galan-gaçany bilen gatylyp taýynlanan çorba-bulamagyndan iýip otyrka, öz töweregine «Bu günlerem geçer» diýip, göwünlik berýän ýaly, telim gün işde bolup, gören-duýan zatlaryny ýatlady:

–Biziň kolhozyň ýeri örän giň eken. Söýünalyda-ha däl, tutuş Pendide-de onça ekin ýeri ýokdur. Reşetnikow dagam ekip bilen meýdanyny ekipdirler. Hudaýa şükür, şeýle bir boldumly hasyl ýetişipdir welin, gözüňe söweýiniň her dänesi guş gursagy ýaly, atyp sanabermeli – diýip, buýsançly aýtdy. Oguljuma indi köpden

bäri adamsyny şeýle tamaly ýagdaýda görmänligi üçin, onuň umytlanmagyna begendi. Ol ýene-de oňa öňküsi ýaly ruhubelent, hojalyk işleriniň ugrunda bolup, bitelik edip, göz guwandyryp ýören söwer ýaryny ýatlatdy. Oguljuma:

–Şeýdip birneme hasyl bolsun-da, hernä, aç-ýalaňajyň bagtyna – diýip, ol hem adamsynyň ynamly halyny özüçe buýsançly goldady.

–Bolar, enşalla – diýip, Orazgeldi hamala ýat birine jogap berýän hörpde ynamly gepledi.

Oguljuma Kymyşlara hele-hüle zadyň bu tamaly sözleri aýtdyryp bilmejegini bilýärdi. Şonuň üçinem ol bu ýerde öz pikir edip, göz öňüne getirişindenem uly hasylyň öndürilip ýetişdirilendigine ynandy. Öz tebigatyna mahsus agrasdan gelen salyhatlylygy bilen tama, dilege berlip oýlandy.

Maşgala şol gün ertirki bol çörek bilen bagly ýakymly, islegli duýgulara berildi.

Sürgünler ilki geçen ýygnakdan soň, mümkin boldugyndan, obada öz ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmagyň ugruna çykypdylar. Matweý ussanyň ýolbaşçylygynda eli hünärli ussalar indi gijesini gündiz edip, gurluşyklarda işleýärdiler. Türkmenleriň arasyndanam Çary ussa, Beki Seýitmyrat, Berdi murt ýaly bäş-alty sany eli hünärli adamlar kiçi toparlara ýolbaşçylyk edýärdiler.

Derýa golaýda bolsa-da obanyň öňki ilaty agyz suwuny guýudan alyp içýän eken. Bu giden adama ýeke guýynyň suwunyň ýetmejegi göz öňünde tutulyp, obaçylygyň dürli ýerlerinde ýene-de iki sany guýyny hem gazmagyň ugruna çykylypdy. Geçen ýyl gurlan çörekhanany giňeltmek üçin ilkinji nobatda onuň gapdalynda goşmaça gurluşyk başlanyldy. Adamlaryň ýalazy meýdandan-a gowudyr diýlip getirilip, gabalan üsti açyk atýatagy hökmünde düýbi tutulan, depesi açyk, heniz gurluşygy gutarylmadyk ýerinde hem bada-bat abatlaýyş işleri başlanypdy. At ýatagyny belli-belli ýerlerden bölüşdirip, örüläýmeli ýerlerine kerpiç örüp, biraz

giňär hem belli bir derejede ýaşaýyş ýerine meňzär ýaly, onuň içine tagtadan ýasalan üç gat narylar goýmaga hem girişilipdi. Ýene-de sürgünler ýaşaýyşlaryny birazam bolsa ynsan ýaşaýşyna meňzetmek üçin, ellerinden gelenini etmäge taýyndylar. Ýöne bu meselede ellerinden gelmejek hem badyňy keç edýän zatlaram az däldi. Jaýyň üstüni ýapmaga pürs gerekdi, kolhoz öz atýatagyny gurmak üçin telim gezek bu meselede degişli ýerlere haýyşnamalar bilenem ýüzlenipdi. Obanyň üpjünçiligi bilen meşgullanýan Sergeý Karatow indi at tezegini guratman, Akmolla gatnap, pürs getirmegiň ugrunda bolup ýördi. Pürs gelerine garaşylyşy ýalyda kolhoz ýolbaşçylarynda, onuň bir gün özleri üçin ýakyn demir ýol duralgasy Kaşikowa getirilip döküljegine bolan ynamlary-da bardy. Şonda ony arabalar bilenem, traktora süýredibem daşamaly boljakdyklaryny pikir edýärdiler.

Obaçylykda iki-üç gatly narylaryň türme durmuşyny ýatladýanlygyna seretmezden, olaryň iki-üç maşgalany aralabrak, keserdilip goýulmagy Gully emin ýaly ýaşulular onuň münüpdüşmesini halamaýjak ýaly hem bolsalar, gaýta olar muny hiç neneňsi görmediler.

Orazgeldi dagy obadaşlar, ildeşler bolup, bir syrgynrakda ýerleşipdiler. Onuň sag tarapky goňşusy Gully eminler bolup, Orazgeldi öýden örňeýän günleri Gully emin bilen, olaryň hersi aralykda keserdilip, ýanaşyk goýlan narylaryň bir gatynda ýatardylar. Gully eminiň narany erbet görmediginiň ýene bir sebäbi, bu ýer täze hökümetiň adamlaryna görünmänräk, ogryndogryn namazyňy okamak üçin amatlydy. Ýogsam namaz okaýanlygyny hökümet adamlary görseler, munuň olara: «Men-ä ýene Taňrym bilen» diýen ýaly, diýleni bilen bolman, tersine gaňryşma boljakdygyny seresaplyk bilen pikir edýärdi. Hökümetiň bolsa ýeňibilmez ýagysynyň biriniň Hudaýlygyny bilýänligi üçin, ol bu ýerde namazy başyny etegine salyp okaýardy.

Gully emin Türkmenistanyň özbaşdak respublika diýlip yglan edilen günleri döwlet başyna hem Atabaýew ýaly öz

tanaýan gujurly, akylly-başly adamynyň geçmegine az begenip, buýsanmandy. Şol günler ol: «Türkmen agaň başyna ahyrsoňy bagt guşy gonaýan bolsa gerek, ykbalymyzy Taňrym Gaýgysyz ýaly dogumly il ogluna ynanmagy hem şoňa meňzeýär...» diýip, halk içinde buýsançly gürläpdi.

Emma onuň bu begenç-buýsanjy uzaga çekmändi. 1929-njy ýylda basa-baslyk başlanansoň, ol hem «Eziji synpyň wekili» hökmünde obadan ýygnananlaryň biri bolupdy. Barybam Daşkent türmesinden çykypdy. Köp sorag-gynamalaryndan soň olam atuwa garaşýanlaryň kamerasyna salnypdy. Ýöne şol günleriň birinde «Atabaýew Daşkent türmesinde ýatan türkmenleriň halyndan habar almaga gelýämiş» diýlip, myş gürrüň ýaýranynyň yzysüre bir gün türkmenistanly bendileri aýratyn bir ýere ýygnapdylar. Şeýle-de bolsa olar bu gepe tä Atabaýew töweregi birnäçe adamly gelip, öňde ýörite goýlan üsti gyzyl mata örtükli stol başynda peýda bolýança ynanmadylar. Bendiler ony soragly, agyr ýüz bilen garşyladylar. Atabaýewiň töweregindäki adamlaryň türme naçalniginden özgesi bendilere nätanyşdy. Ýöne geýnişlerinden olaryň hem ýokary wezipelerde işleýän, derejeli ýolbaşçylardygyny pikir etmek mümkindi. Atabaýewiň töweregindäki bu adamlar şonda türkmenistanly bendilerde onuň bilen açyk gürrüňiň boljagyna şübhe döretdiler. Eýsem-de bolsa, ýeňsäňde OGPU işgärleri özleriçe her aýdylan sözüň manysyny tirip: «Bir ters gep bolmazmykan?» diýşip, awunyň golaýlaýanyny duýup, göwün çaglap garaşýan syrtlan bolşup otyrkalar islegli gürrüňçilik nireden boljakmyş?! Emma şeýle-de bolsa geljekde bu duşuşygyň bendi ykballaryna nähili täsir etjekligi näbelli bolsa-da, ýurt ýolbaşçysynyň hossar çykyp, öz yzlaryndan gelmekligi bendileriň çöken göwünlerini belli bir derejede galkyndyrypdy.

Atabaýew ör galyp sözlärmen bolan wagty bir salym ara agyr ümsümlik düşüpdi. Bu pursatda diňe gözler bilen gözler gürleşipdi. Ol köräp ýanýan müň soragly gözleriň öňünde durar dagy eder ýaly däldi: «Gaýgysyz Atabaý, hany: «Özbaşdak bolduk, indi öz

elimiz, öz ýakamyz bor» diýipdiň-ä sen?.. Biziň bolsa ýakamyzy OGPU eline tutdurdyň. Hany seniň indi ol wadaly gowulyklaryň?», «Kremel näme saz çalýan bolsa, senem şoňa aýak goşýan bolmaly... Häý, Sowetler bir ele alansoň, ýakaňy sypdyrmy? Ol seniň halkyňy başyna ýapsynmy? Öňki baýarlara gerek bolşy ýaly, bulara-da sen däl-de, seniň malyň, ýüňüň, pagtaň, baýlygyň gerek», «Azatlyk bermek» diýmegem hile-alyň töwereginde bolýan onuň boş, mylaýym gürrüňi bolmaly», «Jüneýit, ýaragy tabşyr» diýeňde tabşyrman, serhedi böwsüp gidipdir. Dogry eden eken, ýogsa o-da häzir biziň aramyzda bolardy. Ýa eýýäm atylyp, owarra edilip goýberilerdi», «Bizi basyp, beýdip horlamakdan bolşewigiň näme utýan zady barkan!?, «Ber, ýurduň habaryny ber, aldy-la onuň küýsegi».

Gaýgysyz şol ýüzläp özüne gözleýän soragly gözleriň öňünde öz sözüni türkmençiligi saklap, salam berip-aleýk almakdan başlady.

Ol hamala oturanlaryň ýüregini, olaryň ýurtda-yzlarynda ýas baglap galan bala-çagalaryny, bu görülýän görgüleň arasy bilen juda küýsändiklerini bilýän ýaly öz gürrüňini Türkmenistan bilen bagly soňky döwür täzeliklerinden başlady. Oturanlara ýakymly bor diýen tama bilen geçen ýyl meýdanlarda gowy hasyl bolup, bu ýylam oňat hasylyň ýetişip gelýänligini, täze onlarça mekdepler açylyp onda çagalaryň okadylyp, ylym-bilime çekilýänligini, ýer sürýän traktorlaryň köpçülikleýip gelip ugramagy bilen, ýerleri sürmek işiniňem barha giň gerim alyp ýeňleýänligini, ýene-de ýurduň hal-ýagdaý, durmuşyna degişli maglumatlar aýdyp, ençeme mysallar bilen öz sözüniň üstüni ýetirdi.

Haçan-da ol daýhançylyk barada gürlän mahalynda oturanlaryň köpüsi oý-pikirlerinde özleriniň alysdaky tagallyk ýerlerinde ekin hyzmatynda bolup, bugdaýyny orup, pagtasyna suw tutup ýören halda gördüler. Olar şu pursatda bir salymam bolsa hemişekileri ýaly işden soň ýene-de öýlerine–maşgalalarynyň arasyna dolanyp barjakdyklaryna hem ynandylar.

Atabaýewiň gürrüňiniň soňy onuň isleýşi ýaly, sorag-jogaba öwrüldi... Şonda Gully emin aga-da turup, oňa sorag berenleriň biri bolupdy. Ol paýhasly adamlara mahsus tap bilenlik bilen, sorag diňleýäne birbada kyn sorag berip, ony töweregindäkileriň ýanynda kyn ýagdaýa salmaz ýaly edip gürlemäge çalyşdy. Soramakçy bolan zadyna gepine öwrüm berip, mylaýymlyk bilen golaýlaşdy.

–Ýoldaş Atabaý Gaýgysyz, ilki bilen-ä hossar çykyp, bizi idäp geleniňiz üçin sag boluň! Respublikada bolan özgerişikler barada eşidibem diýseň begendik. Mundanam beýlägem işleriňiziň has ilerläp, halka bähbitlisi bolsun hernä...

Gully emin Gaýgysyz özüni tanan däldir öýtse-de, ol-da tanapdy. Gaýgysyz ony gören mahaly bugdaýreňk adamyň ýüzüniň gögerip, garalanyny görse-de, kümüş sakgalyň ýerini juw-ak sakgal eýelän-de bolsa, gözler onuň şol Pendide bolanda gören agras-parasatly goýun gözleridi. Idegsiz sakgal-murt ýüzi eýelänsoň, onuň öňki at ýüzi biraz öwrüm alyp, halkalanybrak görünýärdi. Şeýle-de ol türme diýdimzorlyklaryna sezewar edilen köne tanşynyň saralyp-solup, has garran ýaly bolanlygyny hem gördi.

Gully emin bolsa onuň Söýünala Akynýaz baý bilen dost-ýar bolşup gelişini, soňra duşuşyp, özi bilenem pisindi alşyp, halkynyň aladasynda bolmagy oňarýan adam hökmünde gatnaşykda bolmaga döwtalap bolan günlerini ýatlady.

–Ene bir barmak büküp diýjegim, täze hökümet bilen biz – oturan bendileriň arasynda bir ýakymsyz özara düşünişmezlik bar. Gyşyň ümür-dumany ýaly, özi-de ol wagty bilen entegem biziň depämizden syrylarly däl. Ýogsam, biz ne täze hökümete ok atanda bar, ne-de edeniň bolanok diýip, onuň öňünden çykanlaryň arasynda. Şeýle-de bolsa onuň şol bizi duşman okunyp, gidip oturyşy. Aramyzdan adamlary sogrup-sogrup äkidip atybam durlar... Geçmişde barly bolup ýaşanymyz üçin günäkär hasap edilýäris.

Atabaýew gyzyklanma bilen bendileri synlap, gernibräk gürrüňe beýemçilik edip oturyşyna birki ýerde Gully eminiň sözüni keserli bolsa-da kesmedi. Onuň gepiniň mazmuny barada oýlanyp, soňra berjek jogabyny peýledi. Gully emin näme diýse-de, bu onuň: «Aý, gardaş Gaýgysyz, döwlet gurup, töweregiňe ýaran toplanyňda ile Sowet hökümetiniň adyndan gaty uly gowulyklar wada beripdiň, hany olar? Kremel türkmeniň tohumyny tüketmegiň ugruna çykan bolsa, bir gün sizedem-ä nobat ýetse gerek. Bu gabahatlygyň öňüni almaga hany wagt bolar ýaly dälmi? Ýol kesmeli adam-a sen, türkmen saňa bil baglaýar, ýa senem «Namartja olam, sagja olam» edip, özüňe degmeseler kaýyl bolup ýörjekmi şeýdip, ýöwselläp, halkyňa jüri dikildi, burny sykyldy...» diýen armanly ahmyr duýulýardy.

Gully emin gürrüňini gutaransoň, Atabaýew ilkinji gepinden ony tananlygyny mälim edip gürledi:

–Gully aga, her hili ýagdaýlaryň barlygyndan bizem, elbetde, belli bir derejede habarly. Biz öz gezegimizde ýerlerdäki ýagdaýlar bilen Moskwany-da habarly etdik. Tizden ol ýerde şu meselä bagyşlanan ýokary derejede döwlet ýolbaşçylarynyň ýörite maslahaty boljak. Onda bizem hasabat-ýagdaýlar bilen çykyp gepläris, häzirem men şol boljak ýygnak-maslahatyň öňüsyrasynda, ine, sizden habar alaýyn diýip şu ýere ýörite geldim. Bu ýerde bolan gürrüňçilik, gören zatlarymyz bize ol ýerde anyk gürrüň etmäge mümkinçilik berer...

Onuň gürrüňi şu ýere ýetende oturanlar ýerli-ýerden:

–Bir bähbitli maslahat bolsun-da, hernä. Belki, patyşa kalbyna Taňry rehimdarlyk salsyn-da, hernä – diýen galkynyşly, basyksy gürrüňler eşidildi.

Atabaýew gürrüňiniň soňunda ýene atuw jezasyna dolandy. Gully eminiň ýüzüne dogry seredip:

–Gully aga, indi atmazlar? Galyberse-de, hökümet bu işlere ýakyn günlerde täzeden seretmegiň hem ugrunda – diýdi.

Dogrudanam, 1930-njy ýylda Staliniň kolhoz gurluşygynda goýberilýän ýalňyşlyklar barada «Üstünlikden başy aýlananlar» atly çykyşyndan soň, az wagtlygam bolsa daýhanlara edilýän hüjümler gowşadyldy.

Atabaýew bilen bolan duşuşykdan soň, döwlet syýasatyna düşnüksiz ýumşaklyk aralaşan pursady Gully emin hem türmelerden goýberilen adamlardan biri bolupdy. Ýöne eýýäm ýene 1932-nji ýylyň başyndan täzeden has möwjäp ugran ýanamalardyr yzarlap saýrykdyrmalar Gully emini hem öz tolkunlarynyň bady bilen göterip getirip, bu ýerlerden çykarypdy. 31-nji baraga gelensoň, ol bu gezek tanşy Atabaýewiň ömürboýy ajy doýrup, ýalaňajy ýapyp, ile eden öz ýagşylyklarynyňam il içinde ýagşylyk etseň, ol bir gün bolmasa, bir gün öňünden çykar diýlen ynam bar-da bolsa, helebärde onuň öz öňünden welin çykyp, arkasyny almajagyna göz ýetiripdi. Ol indi takdyra ten berip, täze ýaşaýşa garylyp, gatylmaga ymtylyp, maşgalasynyň uly böleginiň öz töwereginde barlygyna şükür edip ýaşaýardy.

Orazgeldi irden namazlygyň üstünde Alla sygnyp, doga sanap oturan goňşusy Gully eminiň samyrdy-pyşyrdysyna oýandy. Töwerek ümüş-tamyşdy, özi-de wagt, pursat depjäp, barha açylyşmakdyr ýagtylmak bilendi.

Orazgeldi gözüni ýokarsyna dikip ýatyşyna Gully emin bilen salam-helik alyşmak üçin onuň namazyny okap bolaryna garaşdy. Soň tirsegine galyp, uklaşyp ýatan özüniňkilerden habar alyp, gapdalyny gözledi.

Onuň golaýynda hemişe ejesini, emmesini jigisi Rahmangula aldyrany bäri kakasyny has eýemsirenip gujakda ýatýan Rahmannazar myşylap, dünýäden bihabar aýajyklarynyň hersini bir ýana atyp ýatyrdy. Beýlekiler bolsa ondan aňyrda hatar tutupdylar.

Orazgeldi nämüçindigini bilmese-de, beýleki çagalarynam ondan kem görmeýänine ynansa-da, gujagynda ýatýany üçinmi

nämemi bir ýere gitse, Rahmannazary has köp küýsäp ýatlaýardy. Şonda her gezek Rahmannazaryň süňňüne mahsus çyrşakdyr belli bir derejede oňa gatylan ýakymly çaga ysy hem müşk bolup burnuna uran ýaly duýgy döreýärdi.

Uzakly gije görk-görmegi bilen şugla saçyp, bereketli nurana ýüzli gazak zenanlaryny ýatladyp, dolup asmany gezen Aý töwerek agardygyça indi öz täsirini ýitirme bilendi. Reňkini öçürip, barha symgylt bolup görünýärdi.

Orazgeldi şol barmana özüniň çagalar heniz oýanyp-oýanmanka gitmelidigini, düýnki aýdylan ýere wagtynda baryp, Reşetnikowy garaşdyryp lekgetmeli däldigini ýadyna saldy. Bu pikir onuň özi-de duýmazdan, biri elinden çeken ýaly bolup, turup-oturmagyna sebäp boldy. Ýogsam ol Gully emin namazyny okap, dogasyny sanap bolýança entekler synçy bolup ýatmakçydy. Bary bir Gully eminem şundan soň özüne köp garaşdyrman, namazlygyň üstünden turdy. Orazgeldi mertebeläp, oňa salam berdi.

Gully emin donunyň astyndan guşanýan guşagyny biline aýlap guşap oturyşyna «Hä, sag-aman geldiňmi?» diýen manyda göwünjeň onuň ýüzüne gözläp:

–Orazgeldi, sag-aman örlediňizmi? – diýip, onuň salamyny aleýk aldy.

–Şükür!

–Biz düýn giçlik işden gelenimizde sen ukuda ekeniň.

–Üç gün dagy gijesi ýok, gündizi ýok, aýak üstünde bolunmaly boldy-da. Gaty ýadalan eken.

–Şeýledir, sarsman ýatdyň. Ýeri, onsoň däne oragynyň ýagdaýy nähili?

–Aýak aldygyna däne oragy dowam edýär. Traktor bilenem ýygylýar, ata goşulan ot orujy bilenem. Wah, olaram bolsa bir-iki-dä. Şolar bir köpräk bolan bolsady. Obadan saltman aýal-gyzlarym eltip, ony birýan çetinden el orak bilenem orduryp ýörler. Özümiziňkilere bugdaý oranda nähili ýarag gerekdigine, ony nädip ýasamalydygyna bolsa Çary ussa belet. Ol iki-üç

sany demirçi ors ussalary bilen sanlyja günde gerek oraklary türkmenorak edip ýasap berdi. Gully aga, bugdaýyň ýerligi bol. Barsaň tutuş dünýä bugdaý bolup ýatyr, aňyrsyna-bärsine göz ýetenok. Kombaýn onuň o başyndan bu başyna gün içinde zordan bir gezek gidip gelmäge ýetişýär...

–Uly eken.

–Biziň geljegimizem bilen ýaly bugdaýy köpem ekipdirler.

–Erliginde meýdanda däne bolsa, onuň ýygnalmagyňam bir alajy tapylar. Ekileni gowy iliň bagtyna.

–Reşetnik ederini bilýän adama meňzeýär.

–Şeýle bolsun-da hernä. Il öňüne düşýän adama hemişe-de gaty köp zatlar baglydyr. Müň işçilen bir başçy diýilmänmi näme? Türkmen orakçylarynam işe salyp gowy edipdirler. Äkitseler, öz oragymyz bolsa, men ýalagam orjak-da eslini...

Orazgeldiniň haýransyz däne hasylynyň ýetişdirilenligi baradaky gürrüňiniň öňem bu barada gulagyna degenligine seretmezden, Gully emine ol barada ýene-de bir gezek eşitmek ýakymly boldy. Ol öňünde ýatan namazlyk edip ulanan donuny toplap alyp, howlukman onuň ýeňlerine gezekli-gezegine, ellerini sokup geýip oturyşyna alysdan görünýän ygşyldap oturan bugdaýly meýdany synlaýan görnüşde başyny göterip, esli wagtlap dymyp, oýurganyp, sürgün obaçylygynyň üstaşyry, aňyrlygyna bir ýerlere seredip oturdy.

Bir haýukdan bolsa ol bu bol hasylyň adam baryna ýagşylyk boljagyny, onuň kyn günde özüniň ýeten ýerleriniň hemmesinde adam baryny açlyk belasyndan alyp galmagy gabryň gyrasyndan alyp galmak boljaklygy barada tamaly oýlananlygy belli boldy. Ol:

– Doga bidöwlet-ä däldiris. Nan bolsa, başga ähli zadyň bir alajy bolar – diýip, eşiden gürrüňinden kanagat tapma bilen dillendi. Hatda ol hoş bolup, sähelçe agzyny açyp, seýrek sakgalynyň ölçegini alýan deý ony gysymlap, oýa berlip oturyşyna myssa ýylgyrybam goýberdi.

–Size bu ýerde näme işler etdirilýär, Gully aga?

–Men kerpiç guýýanlaryň ýanynda, Hudaýberdi, Allan Hally, Reýim ýaly degenekler-ä kerpiç guýýarlar güpledip-güpledip, bizem Seýitmyrat bar, Kakaly bar, Orazdurdy ahunyň agasy bar, şolaryň guýan kerpiçlerini agdarýas, Güne guransoň basýas bir ýana, onuň şol guranlaryny Matweý ussaň adamlary gelip äkidibem durlar.

Goňşular özara pikir alşansoňlar, işleriň ugrugyp gidip barýanlygyny barada bilmek olaryň ikisinde-de gowulyk bilen bagly arzuw-tamalar döretdi.

* * *

Gün öýläne sanyberende Kymyş duzçy eşegine iki halta saman ýükläp, bugdaý ýerinden gaýdyp geldi. Dänesi alnan-da bolsa, ol ýeriň samanyny hemişeki edişleri ýaly, onuň oglanlary: «Mallar muny gyşda bal bolanda iýerler» diýip getirip, kümä basyp, bitelik etmäge ýetişmändirler. Ýogsam muny etmäge wagtam bolupdy, ýöne sürgün bolmagyň abanyp gelen howpy onuň oglanlarynyň elini işden sowadypdy. Saman bugdaý ýerlerde üýşürilip, depe edilip, üstüne başy bozulman şemal, ýenekide tozman durar ýaly edilip, ulurak keseklerden, toraňňydyr ýeneki agramlyklar atylyp goýlupdy. Gerek bolsa, soň äkideris diýlipdi. Belki, Kymyş duzçy samanyň ugruna entegem çykmasa çykmazdy. Käte ýadyna düşende hem ol öz ýanyndanam: «Güýzegräk ýagyn-saçyn başlanmanka, onuň ugruna çykaryn-da» diýip, oňa oňly geleň etmän ýördi. Kymyş duzçynyň oglanlaryna degişli pagtany şol alnyşykda hata ýazyp, onuň döwlete geçýänligini gojanyň düwnesini üzmek üçin özüne aýdypdylar. Şu günden beýläk pagtanyň suwy, otagy bilenem işi bolmaly däldigini hem oňa duýdurypdylar. Ýöne gojanyň oglanlarynyň azap baryny siňdirip ýetişdiren pagtasyndan düwnesini üzesi gelmändi. Tutmaly däl diýilse-de, onuň suwunam tutupdy, agtyklary bilen otagyny hem otap, çyrpym işlerini-de öz wagtynda geçirip, oňa bolan yhlasyny

artdyrmasa kemmändi. Kymyş duzçynyň özi indi köplenç pagta üstüne agtyklary bilen bile çykýardy. Sebäbi ol iş başynda görünse, ýetişdiren hasylyna dawa salýanlaryň aňsat öz töweregine gelip bilmejegini bilýärdi. Goja ol ýere her baranda agyn goza bolup oturan pagtalary görüp: «Bu ýyl pagta-da gowy boljak» diýip, oňa guwanyp, buýsanyp ýördi. Käte aňynda özüni aýalydyr agtyklary bilen ak patrak bolup açylan pagtaly atyzda görüp, «Ha, gelinler dagy bolan bolanlygynda muny diýseň gowulap ýygardylar... Ogulbike gyzymyň ýygşy çalarakdyr welin, ýöne mamasy bilen Akjagülüm ýanynda bolsa, o-da görer, öwrener, howlugyp ýekeçigit edip, übtük galdyryp gitmez. Ünslüjedir meniň oglantap gudamanja balam...» diýibem söýünçli oýlanardy.

Emma şol gezek alnyşykda däne ýeriň gürrüňi bolaýmaly bolsa-da, ol bolmandy. Şonuň üçinem goja bolmanda bugdaý ýerim-ä özüme galdy hasar edip: «Ýeri, bu adamlaryň pagtasyny al, öýüni dök, eýsem nä adamlar aç ölmelimi?» diýibem ýördi. Olaryň şol wagt bugdaý ýeri hakynda hiç zat diýmezlikleri gojada gidenleriň yzyna talaň salyp ýören organ işgärleridir Ýagdy kemsidiň meseläniň şu tarapyny hem hasapda saklanlygyny, maşgalanyň çykgynsyzlygyny göz öňünde tutup, nebisleri agyryp goýandyrlar diýibem özüne osup, pikir edip ýördi. Şonuň üçinem Parlaň baýyň oglanlary Gully emindir siziň bugdaý ýerleriňize eýemsirenişip, çilini düzläp-täzeläp, ders döküşip ýörler diýip aýdanlarynda, ol birbada muňa ynanmandy. Ýöne şol günler haýsydyr bir märekä baranda ol Parlaň baýyň özünden oýtarlaýanyny welin aňdy. Asyl bu günlerde bir erbetlik bilen bagly gürrüň bolsa, onuň aňsat ýalan bolýan wagty ýokdy. Parlaň baýyň gaçgaklaýanynyň sebäbi, elbetde, düşnükli. Kymyş duzçynyň garşydaşlary bilen göreşmäge ýagdaýy bolmasa-da, onuň dili bardy. Duşmançylyk, basdaşlyk edýän adamlar hemişe onuň diline düşmekden, degnasyna degjek agyr gepi eşitmeden ýaýdanýardy. Beýdip aýagy basylanda Jüneýit han ýaly adama: «Aý, ýalbar-

ýakar edip oturandanam bir han bormy, ýör, tur gitdik!» diýip bilen adamyň seniň Ýagdyňdan, prokuroryňdan çekinip durmajagy belli zat. Oňa belet adamlar onuň gaharyny getirseler, ondan bir içden çykmajagyny eşitjeklerini gowy bilýärdiler. Kymyş duzçy ata-babasynyň yhlas-azaby siňen bu toprakdaky muňa buýsanmak belli bir derejede hem eýemsirenmek bilen, il derdine ýarap, ynam-ygtykatly elkin ýaşaýardy. Parlaň baý baýlygyna, Ýagdy ýaly arkasy barlygyna seretmezden, näçe syr bermediklige salsa-da, onuň Kymyş duzçudan hemişe sussy pesdi. Gyşarylyp sähel bir zat diýäýse hem, ondan bada-bat gaýtargysyny aljagyny gowy bilýärdi.

Ýakynda şeýle märekeleriň birinde gürrüňden gürrüň çykyp, kulak ýerleriniň kolhozçylara paýlanylýany hakda gep çykanda onuň duzçyň çetine degenligi belli bolupdy. Ýüregi çişen goja ähli erbetlikleriň bir gyrasynda görýänligi üçin gaýpynman, Ýagdy şuranyň üstünden inipdi.

–Aý, hawa-da, iti urup, ýerinde ýatyp ýören gul ile aga bor-da, gowulyk bormy? Ýöne her kim gelende sürmeli-dä, munuňkam geldi-dä häzir. Onsoň onuň gözi ýer görermi?

Soňam ol Parlaň baýyň kimdir biri bilen gürleşenden bolup, diýilýän zatlary eşitmedikden bolup oturan tarapyna gözüni süzgekledip, oturanlaryň arasyndan gep eýesini gözleýäne meňzäp:

–Ýykylan öýüň zady ýykyljak öýe bararmyş – diýibem ol bir gün bu döwran sizdenem geçer diýen manyda suňşuryp, içini sowadypdy. Parlaň baý eşitmedikden, bilmedik bolaýmakdan başga alaç tapmandy.

Eger Ýagdyny gudasy hökmünde goraglap çykyş edäýen ýagdaýynda hem munuň duzçynyň oduna pahal atylan ýaly, örç alyp, mundanam agyr gepleri aýtjagyny, onuň bu edilýän zatlara jany ýanyp ýörenini bilýärdi. Onsoňam bu gepleri aýdýan Kymyş duzçy bolsa-da, onuň aňry-düýbi halkyňkydy. Munuň şeýle

bolmagy bolsa Ýagdynyň tarapdarlaryny oýlandyryp, belli bir derejede eýmendirýärdi. Emma Ýagdy welin indi gün-günden özüne ynamly öz hereketleriniň täze hökümetiň ýolbaşçylaryndan makullama, ençeme ýagdaýda buýsanç döredýänligini duýup, öz pikirindäki bolşewiklerçe gaýduwsyz, tarhan, hökmürowan hereket etmäge çalyşýardy.

Kymyş duzçynyň bugdaý ýerinde galan samanyny öz çak eden wagtyndan öň çekip ugramagyna hem onuň ondan-mundan gulagyna degen şu zeýilli gürrüňler sebäp bolupdy.

Goja saman ýükli eşegi bilen howluda peýda bolandan Akžagüldür Jemal mama ony görüp, hersi ýüküň bir tarapyndan gelip tutdular. Depilip dykylyp ýüklenen ýüküň ortasynda küýkeribräk ýüzüne gylçykly çaň syradyp oturan goja eşekden düşmäge kömek etdiler. Yzyndanam eşegi gapydan ilerräk sürüp, şol ýerde ony öňden duran saman üýşmeginiň gapdalynda üç bolup gaňňadan agdardylar.

Kymyş duzçy egnindäki saman owuntgyklarynyň galan-gaçanlaryny çöpläp aýryp, ardynyp-kakynyp durka eşegi ýatagyna daňmaga alyp barýan Akjagüle: «Gyzym, eşegiňe-de bir gysym saman ataweri!» diýdi. Akjagül bor diýen manyda ilki baş atsa-da, soň ýagdaýy ýadyna düşürip babasyna: «Baba, bersegem munyň saman iýenog-a» diýip, soragly nazar bilen babasyna seretdi.

– Iýmese iýmedigi bor-da. Men onuň her naharyna ýüpek gulpakly höjegöldiri[1] nireden tapaýyn?

Soňam ol aňyrdan el-ýüzüni ýuwdurmak üçin kündüge suw salyp gelen aýalyna ýüzlendi:

–Hany, heleý, ol urşak gyzyň görnenok-la?

–Wah-ýeý, ýaňy, Kümüş gelin gelip: «Mamasy, gyzyňyz sallançak yrap bersin!» diýip alyp gitdi. Bally iki-üç sany öz arakylaryny yzyna düşürip gelipdir. Içjekdirler maňlaýy garalar.

[1] *Хөжҫегөлдир* – отуң ады.

Nahar-şoruň ugrunda bolup, Kümüş gelniň çagasyna eli ýetýän däldir.

Goja daş işikde donuny silkip, içerik girensoň, içerde öz oturýan ýeriniň gapdalynda demlenip, basyrylyp, depesine käse düňderilip goýlan çaýly çäýnegi görüp kanagat tapdy. Ol suwsapdy. Agzy taplap kepäp durdy. Ýolunda ýap gabat gelse-de, çaýa ýetirin diýip, çig suw içmändi. Onsoňam ol özi ýaly çaýhoryň suw içende-de, aňsat teşneligini göwnejaý gandaryp bilmejegini bilýärdi. Çaýyň ilkinji käsesini ol howlugybrak, dodagyny ýakybyrak içdi. Birazdan daşarda bir hümürdi bolan ýaly bolmagynyň yzysüre Jemal mama iki gyzy bilen käýinjiräp, içerik girdi. Goja agtygy Ogulbikäniň gözünde gözýaş gören mahaly kimdir biriniň onuň göwnüne degenligini çak etdi.

– Näme boldy, balam? – diýip, aladalanyp sorady.

– Baba, biziň Bally akgamlara eltip ýygnan ýorganlarymyz bar-a, ana, şony Kümüş gelnejem ýumşak bolsun diýip, gatlap myhmanlaryň aşagyna düşäpdir. Ol artyplaram ädikli-zatly otyrlar şolaryň üstünde, ädikleriniň garasyny süýkäp... Enemiň maňa diýip köpän şahy ýorganynyň üstünde oturan dagy wagtal-wagtal agzyny süpürip, eliniň şire-beýlekisinem oňa çalyp otyr...

Kymyş duzçynyň agtygyny köşeşdir ýaly bir zat diýesi geldi. Soňam: «Bally bilen özüm gürleşerin, balam!» diýip kanagatlandy. Olaryň hemmesiniň aňynda şol pursatda Ballyňkyda arak içişip, wakyrdaşyp, hezil edip keýp çekişip oturan adamlar peýda boldy. Şol arada eserdeň gözläp, Akjagül Ogulbikäň düwülgi ýumrugyny tutdy.

– Maňa-da bir dişlet-dä, gyz?

– Kümüş gelnejem ony maňa berdi – diýip, elindäki gant bölegini bölüşesi gelmedik Ogulbike kejirlik edip, ýumrugyny arkasynda gizläp, yza çekildi.

– Beräý, gyzym, şoňa-da bir minnaly, ýogsam damak bor – diýip, Jemal mama-da Ogulbikä söýünç bilen ýüzlendi.

– Näme ol – diýip, onýança Kymyş duzçy hem agtyklarynyň hytdy-pytdy gepleri bilen gyzyklandy. Jemal mama:

– Wah-ýeý, ýaňy Kümüş muňa bir tokga gant beripdir. Dadaýyn diýse, Ogulbike-de: «Kijijek, özüme-de az» diýip, muňa bermejek bolýar. Ir ertir Bally kepretilläp gelipdi. Gant dagy gelendir-dä?

– Hawa, mama, gelipdir. Juma çaýhoryň ogly Hakam alyp gelýän eken – diýip, Ogulbike ýene dillendi.

Toýa niýetlenilip köpelen täzeje ýorganlaryň ädikli aýak bilen depgilenýänligi, gant iýesi gelen agtyk-gyzlarynyň gürrüňleriniň Kymyş duzça täsir edenligi, onuň ata-eneden aýra düşen göwnüýarym çagalaryna nähili-de bolsa teselli berjek bir zat edesi gelenligi belli boldy. Ol sähelçe baş atyp, Jemal mama ýüzlendi:

– Heleý, sandygyňy aç, hol günki beren pulumy al bäri!– diýdi.

– Näme etjek ony, oňa keprtile keresin gelende alarys diýmedikmi?

– Keresini-de Hudaý bir ýerden ýetir.

– Hudaýam soňky döwürde bizi goldap ýadady öýdýän, äkitmese getirýän zady ýok.

– Eri, ýeri, Hudaýyň işine goşulmak saňa galypmy indi? Edýän zatlary bähbidedir, belki, enşalla. Näme edýänini onuň özi senden gowy bilýändir. Toba et, akmak heleý!

– «Jany ýanan Taňrysyna gargar» diýilmänmi näme, menem bir jany ýanan-da...

Jemal mama sandyga ýönelenden gyzlarynyň ikisi iki ýerden topulyşyp onuň gyrasyndan göterişip, mamalaryna sandykdan akja mata dolanan puly almaga kömek etdiler.

Hemişe kepretile gant gelenini eşitse-de, muňa ol oňly üns bermezdi. Gaýta aýaly: «Gant gelipdir, bulaňam dalbynyşyp dur, birki düwür alaýsak» diýende, Kymyş duzçy: «Hany alaýar-a puluň barmy, heleý, öýde sök bar, kak bar, erik kişdesem, heý, şulardan gowam zat bormy?» diýerdi.

Jemal mama barja puluny Ogulbikäniň eline berip: «Bar, balam, şu puluň ýetenine sizem gant alnaýyň!» diýip, ony kepretile ýollady. Puly eline alyp, gant iýjegine begenen Ogulbike iki bökende taýzaryp öýden çykdy. Indi ulaldygyça gelmek-gitmek bilen bagly öýden daşky işler az buýrulýan Akjagül oňa garaşyp, öýde galdy. Il deňinde gant alynjagy baradaky pikir bir pursatlygam bolsa, maşgalada kyn ýagdaýyň aňyrsyna çykylan ýaly gowy duýgy döretdi. Ogulbike gant aljagyna begenip, towsaklap kepretile gelende bu ýerde nobat bilen gant satylyp durdy. O-da aýallaryň arasyna goşulyp, süýjä nobata duranlaryň biri boldy.

Hardat kepretilçi Ogulbikäniň gelip, gypdyklap gant nobatyna duranyny gören wagty gözüniň gytagyny aýlan hem bolsa, oňa üns bermedikden boldy. Içinden bolsa: «Kymyş baýlaryňam şura hökümetiniň gandyndan iýesi gelen ýaly-la» diýip nägile oýlandy. Ogulbikäniň nobaty ýetiberende duranlaryň arasynda:

– Kepretilçi, bize-de ýetermikän?

– Ýarym halta ýalyrag-a bar.

– Aý, onuň kime ýeter.

– Ertirden bäri satyp durus-da.

– Azyrakdan bereweri bize-de dadymlyk ýeter ýaly– diýen ýaly aladaly nägile gürrüňler çykyp ugrady.

Howalanybrak gant çekip duran Hardatyň gapdalynda bir agaç ýaşşigiň üstünde Parlaň baý otyrdy. Ol Ýagdy şuranyň gudasy hökmünde tanalyp, obada bir kesdi degäýmesin diýlip howatyrlanylýan adamdy. Ol şol ýaýkanybrak oturyşyna Hardat bilen maýda-maýda gep alyşýardy. Has dogrusy, Parlaň baý hökümetiň çölde, kölde alyp barýan işlerini göwünjeň makullama bilen janköýersiräp gepleýärdi. Hardat gant çekip berip, hasaplaşyp durşuna baş atyp, onuň sözüne hä berýärdi.

–Bu täze hökümetiň ediberşini gör-ä, nepýag diýseň, nepýagyň gelip dur, gant diýseň gandyň.

– Gurşunly çaýyň, wagtal-wagtal üstüňe gelip dur. Öňki döwür ýaly ýol söküp, bazar-beýleki diýip gitmeli däl.

– Ýurt basmaçy, kulak-sulaklar bilen bellisini etse, munuň sahawaty hasam artar.

– Şeýle boljagy häzirden bildirýär.

– Bolar, Parlaň aga. Ine, gant beýlekini wagtal-wagtal ugradyp durşuny gör-ä munuň...

Şol arada garaşylmadyk ýagdaýda gamçysyny gysymlap, jigidini yzyna düşürip, Ýagdy kemsit hamala aýaklarynyň üstünde bökýän ýaly bolup, dogumly-dogumly ätläp, kepretile girdi.

Ýaşkiçiler ýerli-ýerden oňa salam berdiler. Ýaşulular baş atyşyp, oturan-duran ýerlerinden onuň bermedik salamyny aleýk aldylar. Kepretil jaýy ýeke äpişgeli bolansoň, gündizligem bolsa, oňa ýagty ýeterlik düşmeýärdi. Şonuň üçin daşardan gelip giren garaňkyrap duran alagaraňka düşýärdi. Ýagdy gapynyň öňünde aýak çekdi-de, nazaryny alagaraňka öwrenişdirip durşuna töweregininiň habaryny almak üçin garanjaklady. Sähelçe baş atyp, berlen salamy aleýk alandan bolup durdy. Toparyň yzragynda adamlaryň depesinden gözläp duran obada Sähet mahluk diýlip tanalýan adam gandyň azalanyny eşidip, özüne ýetmez öýdüp nägile bolup durdy. Kemsidi görüp, ol ony özüne hossar tutunyp gepledi.

Kolhoz agzasy bolup ýörenligine seretmezden, özüne gant ýetmeýänligini aýdyp, oňa arz etdi. Şundan soň onuň hoňňy-soňňy edip aýdan gepiniň ýeneki gep-gürrüňlere bat berip goýberenligi belli boldy. Onuň gepini eşidip, elek ýüz Paýzy galyň dodaklaryny aýasy bilen sypap goýberip ýaňsyly gülümsiredi. «Kemsit, Hardatda ýolbaşçylara niýetläp goýanam bardyr-la birki halta» diýip, şonam çykarsa, hemmelere-de ýeter diýen hörpde oňa ýüzlendi.

Mahlasy, güman astyna alnan Hardat çeti gyzyp, duran ýerinde bu gürrüňi aýdandan nägile boldy.

– Paýzy, geplemeli diýse, senem bir zat diýip goýberýäň-ow, jora! Hany geç meniň ýanyma gizlenip goýlan zat bolsa, gör!

– Mönsüremeseneý, Hardat. Men tanaýan-a seni. Käşgä seniň kimligiňi tanamaýan, bilmeýän bolsam. Seniň çagalaň, agaň çagalary haçan görseň, gant ketirdedip, oňatja zatlar iýşip ýörler. Size näme ol zatlar asmandan dökülýämi, eýsem?

–Bal tutan barmagyny ýalar – diýip, märekeden şol arada ýene-de biriniň beleň beriji gepi eşidildi. Hardadyň güman astyna galyp, tüýsüniň üýtgeýänini görüp, Paýzy öz gepini hasam teýeneledi.

– Wah, barmagyny ýalap goýsalar-a boljak-la, ýöne bular bally çelege gollaryny tutuş sokup, soň ony tirsegine çenli ýalaýarlar-da bular...

Hardadyň götinogry tutulyp, gepe galyp barýanyny görüp, Ýagdy şura onuň bir tarapynyň indi özüne-de kölege salyp barýanyny duýup, urdurylyp gantly gürrüňiň arasyna goşuldy. Hökmürowanlyk, badyhowalyk bilen ol bu meseläni, duran adamlaryň indi şundan soň kepretilçä gizletmän, ähli gandy satdyr diýip pikir edişiçe däl-de, başgaça çözdi.

Ol başyny howada gezdirip, mähelläni syndan geçirensoň, kepretilçä hökümli ýüzlendi:

– Kepretilçi, Sähet mahlugam bolsa onuň şu gepi dogry. Ýekebaralar, baý-kulak syrkyndylary biziň bilen kolhoz gurmakda ýok, Sowetiň işlerine gatyşmakda ýok, onda olar, goý, oň gandynam iýmesinler. Soň ol seljeriji nazar bilen ýene märekäni synlap: – Gully eminiň agasy Soltanýaz, Gurban lükge, Haýty kel, sizem ýekebara, özleriňizem ýurduň otuny iýen, suwuny içen mallaryňyz üçin salgydam az töleýäňiz, çykyň märekeden, size gant ýok.

Ady tutulan adamlar şundan soň eşidiler-ýeşidilmez hüňürdeşip, iki-ýekeden daş çykyşyp ugradylar.

–Narly guluň ogly ile baş bor-da agzyň süýjärmi!? Siz bir bizsiz gant iýip, bal günüňize batyň, häý, işigaýdan täze hökümet

munuň ynam edýän adamlarynda derek ýok!? Parlaň baýa otyr, ana, onuň-a adyna tutaýanok.

–Parlaň baý ýaly senem inileriniň birine onuň bajysyny alyp berip gaýyrdan bolsaň, saňa-da degmezdi.

Bu mahala çenli Ogulbikäniň nobaty süýşüp, gant çekip berip duran Hardaty alkymlap barypdy. Öňündäki alyp duran hasaplaşyp aýrylsa, gezek onuňkydy. Hatda ol eýýäm gant salmaga getiren ak süzek haltasyny hem taýynlap, onuň agzyny-da açypdy.

Indi bir gysymynda gaty gysyp duran mamasynyň gaçyraýma diýip, sargap berip goýberen puluny kepretilçä uzadaýmak galypdy. Ogulbike eýýäm hyýalynda gandy aňyrsyna geçirip, ony eltip, iş bitiren adam bolmak üçin gumak ýoluň etegi bilen ýelpep, öýlerine ýetibem barýardy... Şol barmana-da adamlaryň hemmesini abaýlap, kowarly bolup, mähelläni gözden geçirip duran Ýagdynyň gözi gant çekdirip duran Ogulbikä düşdi.

– Eri, sen nämä dursuň, Kymyş yňdarmaň agtygy!? Ataň-eneň sürgün bolany bilen kulaklykdan dynandyryn öýdýäňizmi? Berme şoňa katymudam hiç zat. Bar, ýok bol, özüňem gözüme görünme şu ýerde!

Soňam ol Ogulbikäniň gant salmak üçin agzyny açyp, häzirlän haltasyny gahar ugruna penjeläp duran ýerinden kakyp aldy-da, ony eliniň tersi bilen gapa tarap yrgadyp goýberdi.

– Bulaň ýumruk ýalysam diýeniňi etmän garşylyk görkezjek!

Ol gaharlanyp düwlän wagty Ogulbike haýygyp, yza çekildi.

Nätjegini bilmän, gözüni balkyldadyp, haraý gözläp töweregine gözledi. Kemsinip egnini gysdy.

Adamlaryň arasynda nägilelik döräp hyşy-wyşy köpeldi.

– Weý, Ýagdy şura, bolşuň nähili seniň, ýüregini ýarjakmy ýumruk ýaly çagaň! – diýip, uzyn boýly syratly ganda nobata duran aýal Ogulbikä hossar çykyp, onuň arkasyny aldy. Ol Nurjuma başlygyň aýalydy. –Seniň ýeňibilmeziň asyl şular bolaýdy-la. Ýeri, sen olardan näme ýamanlyk görenmişiň, bizem-ä şu obada

ýaşap ýörüs, olaryň size näme ýamanlyk edenini bilemzok? – diýip nägile gepledi.

Soň ol götinjekläp, gapydan çykyp barýan Ogulbikä:

–Ogulbike ýegen, sen gitme gapydan çyk-da, şol ýerde duruber, men gant alaýyn, size-de bererin şondan – diýip, hossar çykyp gepledi.

Gapynyň ýeňse tarapynda özlerine nobatyň ýetdi gel diýlerine garaşyp sabyr saklaşyp, çommalyşyp oturan Meret diýen gysga boýly degenek kişi bilen inçesagat Ýazmyrat Ýagdynyň bolşuny görüp, halaman ýerlerinden turdular.

Ýazmyrat oňa:

–Aý, kemsit, munuň-a bolmady. Kim degse-de, Kymyşlara sen degmeli däl-ä. Ýadyňdamy Orazgeldi aga toýda-ýenekide naharçylara: «Ýagdyň garnyny doýruň, öýleri ýetde-gütderäkdir. Kän doýa iýibem bilýän däldir» diýip, ýuwaşlyk bilen aýdyp, oglanrakkaň seniň aladaňy ederdi. Ýa ýadyňdan çykaraýdyňmy eýýäm hemme zady?

– Köne saman agtarma, Ýazmyrat!

– «Geçen gyşyň sowugy ýok» diýleni-dä.

– Sen gaty gitme, Gaplaňlar saňa aňsat özlerini kemsitdirmezler. Olaryň Ahmet ýaly gaýratlydan gaýduwsyz gödekleri bardyr. Nädersiň ähli dogan-gardaşyňy bir tanapa çatyp, bir gijede Owgandan çykaraýsa!

Ýazmyrat bu diýeninem az görüp, soňam turup donuny silkip, hüňürdäp kepretilden çykyp gitdi:

– Gandyňam özüň iý, ýenekiňem.

Nurjumanyň aýaly gant alyp, gapydan çykyp, Ogulbikäni töwerekden gözlän mahaly eýýäm onuň yzyny ýel çalanlygyny gördi.

* * *

Ýaldyrak dogup, onuň «Ýaldyragyň ýangyny» atlandyrylýan we bir hepde-on güne çekýän juda yssy bolýan günleri ýene bir

gezek toplum bolup geçensoň, bu ýylam tomsuň ýüzüniň gaýdyp ugranlygy belli bolupdy. Şundan soň köp wagt geçmänkä eýýäm Söýünalynyň o ýerinde, bu ýerinde hemişe tilkilenip, ümsüm-kümsüm gelýän güýzüň ululy-kiçili alamatlary peýda bolup ugrapdy. Iki tarapdan seleňleşip, obany ýanap oturan baýyrlaryň ýüzünde seýregem bolsa indi töwerekdäki derýadyr köl-kölçeleriň üstünden göterilen goňrasdan gelen çal ümür-dumanyň goýun sürüsi deýin sürlenip barýanlygy hem göze ilýärdi. Dünýäniň haýsydyr bir agyr pikire berlip suslanmasy duýulýardy. Howa welin gündizlerine henizem yssy bolýardy. Ýöne şeýle-de bolsa, öňki ýaly dünýäde howa azalan ýaly duýgy döredýän hopukdyryjy, kapas yssylar gijelerine indi bolmaýardy.

Arly tomusdan tä güýzüň ýagyn-saçynly ortalaryna çenli daşardaky sypada serginläp ýatýan öýüň iki gyzy Akjagüldür Ogulbike hem indi daňdanlar howa biraz sowap ugransoň, aýaguçlaryna gerek wagty üstlerine çekäýer ýaly, ýukarak bir düşek ataýanlaryny kem görmezdiler. Gyzlar Alabaýy arkalanyp, daşarda ýatsalar-da, iki garry derimizi şemal çalsa, derdim artýar – diýşip, derçigip ýatmak üçin içerde ýatardylar.

Emma garrylar nirede ýatsalar-da, olar indi köpden bäri ynjalykly ukyny alyp bilmezdiler we munuň sebäbini olar hemişe özleriniň gyşa sanyp barýan ömürlerinden görerdiler. Ýöne bu juda beýle hem däldi. Sürgüne gidenleri küýsäp, ýürekler bitakat urýardy, alaçsyzlykdan ytygsap kemsinýärdi. Munça derdiň bolsa, eýsem, ýürek sazlaşykly urarmy, göze uky gelermi!? Bu bolsa her gün diýen ýaly Jemal mamanyň: «Artyp, bu kellä gum dykylan ýaly» diýip, öz halyndan nägile bolmagyna sebäp bolýardy. Eýlesine-beýlesine agdarylyp, uzakly gijesi bilenem Jemal mama pikirindäki agtyklary, ogullary, gelinleri bilen gepleşibem ýatandyr. Ol her gezegem öz gepini Taňra sygynyp, sürgünlerine, öýünde barlaryna, dogan-garyndaşlaryna onuň hossarlyk edip, öz penasynda saklamagyny, ýürek ezip sorap, doga bilen tamamlardy.

Ýene bir-de görseň, gidip daşarda Alabaý bilen gepleşip, oňa-muňa baran bolup ýörendir howluda-da aýlanyp. «Irki namazymy kaza eden bolmaýyn» diýip, gijäniň içinde telim bir turup, gapydan gözläp, wagtyň hasabyny alýanam ýene şoldur.

Bu günlerde Kymyş duzçynyň sürgüne gidenleriniň oduna ýanyp ýörşüne başdan geçirýän oý-pikirleri, düşüp ýören hal-ýagdaýlary aýalynyňkydan artyk bolmasa kem däldi. Ýöne ol bu derdi «Hudaý maňa berdi, menem ony çekmeli, çekip bilmejek ýüküm bolsa, Taňrym ony maňa bermezdi» diýip bilýänligi üçin, ol her ýeteniň ýanynda derdinip ýörmeýärdi.

Hasam ol gündizlerine sürgüne gidenlerini küýsäp köp ýatlan güni, gije onuňam garaklaryna çiş kakylan ýaly bolup, uklap bilmezdi Beýle pursatlarda gojanyň her gezek «hüw» diýip, öýden çykyp, nirädir bir ýerlere tutduryp gidiberesi gelerdi.

Bu gije-de onuň agyr ýatlamalardan soň ýüregi howlap, daş çykan günleriniň biri boldy. Onsoň wagty bilenem onuň düşege dolanasy gelmedi. Daşarda köw-söw edip ýörşüne, ýerde bulaşyp ýatan eşegiň içirgisini alyp, ony gapdaldaky pessejik towuk ketegiň üstüne atylan gaňňanyň üstüne göterdi. Sygyr ýatagynyň duşundan geçip barýarka, ýatan sygryň agyr hossuldysy eşidildi...

Dolan Aý bolsa asmanda dünýä gündize berimsiz ýagtylyk berip, dolup-daşyp aýlanyp ýör. «On dördi gijäniň Aýy kimin» diýilýäni, dogrudanam, Aýyň owadan bolşy ýaly, onda birhili zenan garaýşy hem bar ýaly. Ol zenanlarça uz görünýär.

Kymyş duzçy öz iç gepletmesini kimdir birine tassyklatmak isläne meňzäp, bir öwrümde aýak çekip, öz yzyna düşüp aýlanyp ýören iti Alabaýa ýüzlendi:

–Ýa-da men ýalňyşýanmy? – diýip, Aýyň ýagtysynyň şu pursatda has ýitelen ýaly bolýanyna ynanyp, gözlerini süzgekledip aýtdy. Alabaý: «Ýaňky aýdanyňy oňly eşidip bilmedim, ýene bir gaýtala?!» diýerli görnüp, aýak çekip, baş göterip, onuň ýüzüne soragly seretdi. Elbetde, özüçe düşündi. It bende düşünse-de,

ýöne gepläp bilmese nätsin? Goja itiniň jogabyna-da juda bir garaşybam durman, ýene-de owadan bolup görnen Aý bilen bagly pikirleriniň yzyna düşdi.

– On dördi gijäniň Aýy kimin – diýip, zenany Aýa meňzeden kimem bolsa, meniň ýaly bir wagtynda öýlenip bilmän, şory depesine çykan zenan zaryny çekip, köseneniň biri bolmaly. Heleý gadyry oňa ýetmän-ýetmän ýeteninde gowy bildirmeýärmi näme?

Soňra eýesi nirä ýňsa, aýak şoňa gider diýleni boldy.

Kymyş duzçy aňynda Gaplaňlaryň jedel tümmegine ýetmek islegi peýda bolansoň, köp wagt geçmänkä ol özüniň howludan çykyp, aralykdaky ýola düşüp, şol ýana ugrugyp barýanyny hem duýman galdy. Diňe birazdan töweregiň oba itleri onuň yzyna düşüp gelýän Alabaýyny görüp, aýaklaryndan basylan ýaly, ýerli ýerden oňa öjügişip, üýrüşip ugran mahallary onuň itine ünsi düşdi.

– I-i, Alabaý, senem meniň bilenmi? Maňa ýoldaş bolasyň geleni gowy zat. Ýöne sen öýde bolmaly, öýde, düşündiňmi? Sypada meniň iki gyzym ýatyr-a. Biz-ä olary saňa ynandyk, sen bolsa meniň yzyma düşüp gelýäň. Bar gaýt yzyňa, olar gije oýanaýsalar töwereklerinde seniň-de ýoklugyňy görseler, gorkar meniň balalarym. Bar, öýe bar!..

Gijäniň ümsümliginiň bozulmagyny islemese-de, Kymyş duzçy Gaplaňlaryň jedel tümmegine gapdalyndan, yzyndan hataryň itlerini örüzip üýrdürip geldi. Ol hasasyna söýenibräk depäniň üstüne çykan mahaly onuň depesiniň Aý ýagtysynyň aşagynda tegelenip, ýörite taýyn edilip goýlan göreş tutulýan ýeri ýatladyp ýatanyny gördi.

Kymyş duzçy öz peýlän ýerinde çöküp ýerleşensoň, şol ýerden synçy bolup, dünýäniň häzirki agyp-dönmesini öz maşgalasynyň töweregindäki wakalar bilen, öňki geçen adamlar, döwür-döwranlar bilen baglap, islegli giňişligini alyp, özüçe kellede pikir aýlap oýurganyp otyrdy. Itler sesini goýansoň, dünýä ýene

çolarypdy. Obany gapdalyndan eme çaga ýanan ýaly ýanap ýatan Pendi baýyrlary indi Aý şöhlesiniň aşagynda hasam owadan bolan ekenler. Ýüzlerini Aý şöhlesiniň howadan dokan ak nykabyna çolan ol baýyrlar häzir howalanyşyp, ýerli-ýerden şol ýerden pökgi ýaly togarlanyşyp, jedel depä tarap gaýdybererli hem görünýärdiler. Edaja öwüsginiň şol tarapdan getiren tanyş ýakymly ysy baýyrlary alarladyp ösýän tilki guýruk ýezgenleriň güýzäp ugranyny ýada saldy. Şu döwürde onuň ysy hasam ýakymly bolardy. Söýünalylar özleriniň bu depesine onuň Gaplaňa sanyp oturanlygyny hem olaryň tebigatynyň has oýunbaz, jedelkeşräkdiklerini göz öňüne tutup, şu ady beripdiler. Ýöne oba Jedel depeden günorta-gündogarda ýaýraw bolup oturan Hangululularyňam, obanyň demirgazyk-aşak ýüzi bolup oturan düýejileriňem hemişe gelýän ýerleridi. Tomus döwri howanyň gyzýan mahaly bu ýeriň adamsy bolmasa-da, dünýä güýzäp, hasyllar ýygnalyp, meýdan işlerine böwşeňlik aralaşansoň, ýazda güneş çogy küýselýän mahallary bu ýeriň mähellesi hasam köpelerdi. Ana, onsoň gelenleriň düzzüm oýnap oturany haýsy oýna şüweleň berip janköýerlik edip: «Ony göçme-de, muny göç!» diýip oturany haýsy. Ýaşuly adamlaram gelşip, alaň ýaplanyşyp ýatandyrlar. Töweregiň synçysy bolşup, mesawy gürrüňlere berlişip, dünýä aň edişip oturanlaram ýene-de şolardyr.

Şeýle günlerde Kymyş duzçy giçlik wagty bilen öýe köwlenmese, Jemal mama:

– Baryň ol göherdi dürtüp gaýdyň. Oýun-gep diýip, öýüni-ilini unutdy-la ol! Haý, bigäne Gaplaň, oýun diýseň, munuň garrysy ýok, ýaşy ýok hemişe iki paýdyr bular. Ýa aýdyň oňa «Şol ýerde ýatjak bolsaň, mamam ýassyk-düşegiňi getirip gitjek diýdi» diýiň– diýip, ondan gaýybana nägile bolardy. – «Gaplaňa nan, suw berme, jedel tapsa bolanydyr» diýilmänmi näme? – diýibem hüňürdärdi. Soňam daşarda yzyndan iberilen agtyklary bilen gaýdyp gelýän adamsynyň howlynyň girelgesiniň öňünde görnerine garaşardy.

Jedel depäniň geçmişdäki gyzan bazary ýadyna düşen mahaly ilkinjileriň biri bolup, onuň hakydasyna Akynýaz baýyň bu ýerde adamlarynyň arasynda mesawy gürrüňe berlip, oýun-tomaşanyň bir ýanynda hezillige goşulyp oturyşy geldi. Şol pursatda Kymyş duzçynyň görmek islän adamlarynyňam ýene-de birnäçesiniň keşmeri salgymlap, Akynýazyň töwereginde görnüp, salgym atyp gitdi. «Gör, nähili adamlar bardy?» diýip, Kymyş duzçy olary küýseg bilen ýatlady.

Ol obadaky bulançaklygy häzirki döwürde şol adamlaryň ýoklugyndan  diýip bilýärdi. Bu adamlar bolanlygynda olaryň häzirki ýagdaýdan baş alyp çykmaga öz pähim-paýhaslary bilen bir gutulga, ýol tapjakdyklaryna ynanýardy. Ýagdy kemsidiň il öňüne düşüp, gomalyp, begsiräp bolmajysy bolup ýörşi indi oglanlary sürgüne gidenden bäri aňynyň bir tarapynda durany üçin, Akynýaz baýdyr kemsit bilen bagly öňräk şu depäniň özünde bolan bir waka hem şol barmana onuň ýadyna düşdi.

...Şol günem Gaplaňlaryň žedel tümmeginiň bazarynyň gyzan, eliboşluk aralaşan güýz günleriniň biridi. Bu ýere üýşen adamlar hamala gowaça paýlaşýan, bir-birlerinde haklary galyp barýan ýaly jedele berlipdiler.

Akynýaz baýam şonda bäş-alty özi ýalylar bilen depäni ýassanyp ýatan bu ýere gürrüňçilige gelenleriň biridi. Depäniň aşak eteginde bolsa bir toplum ýigdekçe oglanlar uly şowhun bolşup, kowalaşyp, gygyryşyp, dartyşyp-çekişip, žedel depäniň heziline hezil goşuşyp, top zyňşyp, oýnaşyp ýördüler. Oglanlaryň içinde Nurjuma-da bardy, Ýarly kel-de, Narly gamyşçynyň ogly Ýagdy-da. Wagtyň geçmegi bilen ýene kimseleň barlygy aňdan çykyşan-da bolsa, bular weli şonda bolan bir waka bilen baglylykda Kymyş duzçyň ýadynda galypdy.

Şol arada Akynýaz baýyň oýna gowşagrak Ýarly keli deň-duşlarynyň tirsekläp, oýundan çykaryşlaryna syny düşüp, olary öz ýanyna çagyrypdy. Soňam olary siňňin synlansoň, düşnüksiz gepläp, Ýarlyň arkasyny çalypdy:

–Ýarlynam oýnadyň! Oýnaberse olam ökdelär, ilden saýlap kowmaň! – diýipdi. Sözüni dowam etdiribem: –Ulalansoň bu ile nan berjek ogul bolup ýetişer. Gamyşçyň oglunyň berjek nanyndan munuň berjek nany bol bolar hem minnetsiz-gönençli bolar – diýip, ertirki güni ýatlap tapmaça gepläpdi. Şol wagt bu gepe köpler oňly aň etmedigem bolsa, onuň welilik bilen aýdany obanyň ýadynda galan eken. Ýagdynyň häzirki öňe düşüp, urup-ýaryp, dargydyp ýörenini görüp, il Akynýaz baýy ýatlaýardy. «Akynýaz baý dagy weli adam-a, ol şol wagt Ýagdydan oňly adam çykmajagyny aýdypdy» diýşerdiler.

Kymyş duzça-da häzir bu ýagdaýy ýatladan Ýagdynyň «elim geldi» diýip, gomalyr soňuny saýman, ähli zady tersine gaňryp ýörmegidi.

Gojanyň Akynýaz baý hakyndaky ýatlamasy onuň kakasynyň öz gudasy Mämmet han düýeji bilen guda-guda bolşup, toýda-ýasda gabatlaşylanda-da, garyndaşlarça gadyrly hal-ahwal soraşyp gezen lezzetli günlerine, ömrüniň ýakymly pursatlary bilen sepleşip gitdi.

Oglanlary sürgüne höküm edilende ol özüniň hem Watany taşlap gitmezlik bilen bagly öňki pikirini bir janýangynly mahaly üýtgedermen bolupdy.

– Meniňkilerem, Akynýaz baýyň diýenini edip, wagtyragynda «Essiň barka etegiňi ýap» edip, Pyrara aşan bolsalar, belki, häzir sürgünden halas bolardylar. Olaryňam ýat ilde ömürlik galmak niýetleri ýokdy. «Ýene birazdan, bu ýerdäki ýagdaýlar bir karar tapansoň, ýene dolanyp yzlaryna gelmekçidiler» diýip, Mämmet han ogullarynyň Owgana ötmeklerini öň göwnüne jaý etmedigem bolsa, sürgün belasy başdan inen günleri belli bir döwürde öz ýanyndan olary mamla-da tapypdy.

Kymyş duzçy gijäniň şöwrüni çekip oturyşyna öz pikirlerine barha çuňlaşdy. Hamala, häzirem gijrägäm bolsa, aň edip, ýagdaýyň anygyny alanda ähli bolan gowulyklaryň öňki-öňküligine yzyna gaýdyp geljegine ynanarly göründi. Goja dünýä

bilen öňem köp gyzyklanypdy, erbetliklere alaçsyzdygyny ýatlap gyýlyp gynanypdam. Ol maşgalasynyň sürgün boljagyny eşidende hem ýanyp-bişip: «Ondan gutulmagyň bir ýoly bardyr-a?» diýip gaçybatalga agtarypdy. Gözlense-de, barybir ol ýok, göwnejaý çykalga şol wagt tapylmandy. Goja ähli zadyň Hudaýyň emri bilen bolýanlygyny ýatlap, özüne basalyk beräýmekden başga alaç galmandy. Şondan bäri-de ol lapykeç halda özüni dolanmaly möhleti ýakynlan jahan ötegçisi hasaplaýardy. Her gezek onda-munda seýregräk görýän ýakynlaryna duşanda özüniň ony iň soňky gezek görýän bolaýmagynyň mümkinligini hem oýlaýardy. Saly segsene ýetip barýan adam, eýsem, bu halda başga nähili oý edip biler.

Garrylyk, garyplyk, ölüm – üçüsi
Bilmen haýsy uly, haýsy kiçisi.

Kymyş duzçy her gezek şu köne paýhasy ýatlan mahaly «Ha, şuňa aýralygam goşaýmaly ekenler» diýip, öz çekip ýören derdiniňem ýeňil däldigini ýatlap, ol goşgyny ýene biraz uzaldylaýsa-da kem dälligini oýlaýardy.

Goja älemden gitmeden juda bir çekinibem barmaýardy. Dert çekmän,

dogan-gardaşa iş bolman, ýygnalmaly ýerine ýygnalsa kaýyldy. Gezen ýerinde özem: «Alar bolsaň, çagalarymyň ýaman gününi görkezmän alaweri meni!?» diýip, Taňra sygnybam gezýärdi.

Ýaşamak nähili gowy-da bolsa, maşgalanyň häzirki gata düşen ykbaly oňa bu gowulygyň mazasyny bilmäge mümkinçilik bermeýärdi. Adam şeýle pursatda hemişe dünýäde özüni amanat duýýar.

Kymyş duzçy Akynýaz baýy Ýagda beren bahasy bilen ýatlanda bolsa, ýene-de onuň pikiri düýejiniň depesinden

aýrylmady. Mämmet han düýeji öz döwründe taýpasynyň öňüne düşüp, gerek bolanda oňa serdarlyk edip, il bähbidini arap, gylyç syran adam bolupdy. Ýöne ol agasy Şiregiň täsiri bilen soňra Alla ýoluna ýüregi togalap, ýarag esbaplaryny din taglymatlaryna berip, dileg-doga, namaz, haýyr-sahawat bilen çalşyrypdy. Şeýdibem Kurany-keremiň parasatyndan öz ömürboýy gözlän ähli zadyny tapypdy. Musulman parzyny berjaý etmegiň ugrunda bolup, agasy bilen Mekge-Medinä zyýarata barypdy. Olar agasy Şirek bilen bir eşekli, bir düýeli bolup gidip, alty aý diýlende hajy bolup dolanyp gelipdiler. Şeýdibem olar il içinde Şirek hajy, Mämmet hajy bolup tanalyp ugrapdylar.

Mukaddes gara daşy öpen, özüniň barça mukaddesliklere duşanyna öte begenen Mämmet han bir gezek Mekgede namazlygyň üstünde namaz-dogada bolup oturan mahaly her bir adama nesip etmeýän beýle mukaddes ýerlere ýetireni üçin Taňra sygnyp, ondan minnetdar bolup otyrka, Mekgäniň zyýarata baran ahun-ulamalarynyň biri Mämmediň ýüzüniň bir öwrümde ynjap, sähelçe oňa bulut çaýylan ýaly bolup gidenini görüp, ondan sorapdyr: «Hajy, dileg-dogada wagtyňyz bir ýakmazrak zady ýatladyňyz öýdýän, biz sizi kemsinen ýalyrak gördük, nämedir ol, açyň bu mukaddeslige ýüregiňizi!?» diýipdir. Mämmet han şonda özüniň iki aýalyndan birnäçe gyzynyň bolup, orun tutar oglunyň ýoklugyny ýatlap, hapa bolanyny aýtmakdan başga alaç galmandyr. Şol ýerde Mekgäniň hajy-ulamalary gerçek ogully bolmagyny arzuw edip, oňa ak pata beripdiler. Şeýle-de şol ýerdäki ulamalaryň biri oňa: «Başdaş aýalyňa yhlas ediber!» diýip hem maslahat beripdir. Ol adama «boljak-goýjagam» belli bolup duran bor çemeli. Mämmet han dolanyp gelensoň, onuň başdaş aýaly Oranýazdan yzly-yzyna üç ogul: Akynýaz, Hoja, Mahmyt dünýä inip, Mämmet hajynyň hajy gowşup, arzuw-dilegi aňry ýany bilen hasyl bolupdy.

Kymyş duzçy her gezek Mämmet hanyň mertebe-mynasybetini ýatlanda, ol ogly Orazgeldä bu asylly ýerden alan



*6

gelninden önen, häzirki wagtda biraz daýylaryna çalym berşip ýetişip gelýän agtyklarynyň hem soňra daýylary ýaly dogumly, mertebeli adamlar bolup ýetişmeklerini arzuw edip göwün çaglaýardy.

Şol barmana asman giňişliginiň bir ýerlerinden eşidilen durna sesi Kymyş duzçyny ýatlama ummanyndan alyp çykanlygy belli boldy. Ol ses oňa ýakymlydan tanyş bolup eşidildi. Onuň nä wagt, nirede oturanlygyny ýadyna saldy. Durna sürüsiniň toýçular ýaly gykuwlaşyp, höwesli uçuşyp baryşlary onuň göz öňüne geldi. Goja şonda hamala olary göräýjek ýaly çöňňelen gözlerini süzgekledip, depesine gözledi. Emma alagaraňkyda görnen zat bolmady. Ýöne duranlaryň sesi öňki eşidilen ýerinden biraz öňräkden ýene bir gezek eşidildi. Goja hemişe-de olaryň sesleriniň özlerinden öňden uçýanlygyny ýatlap, bolmanda salgymlaryny bir görüp galaryn-da tama bilen ses gelen ýerden ýene birneme öňrägi synlady. Olaryň hatar guraşyp, asmana mynasybet berip, diňe bir uçuşyp gelişlerini däl, hemişekiler ýaly durnalaryň sazlaşykly kakylýan ganatlarynyň ygşyldysyny hem eşitjegine tama etdi. Asmanda onda-munda gyşdan galan garly meýdandyr öýtdürip, gerlişip duran seýrek ak bulutlar çaňjaryp görünseler-de, ýöne durnalar wagty bilen görünmediler. Belki, olar şol bulutlardanam ýokardan, aňyrdan bir ýerlerden uçuşyp barýandyrlar. Durnalar hemişe-de uçanlarynda küýlenip hem özüni synlap oturan dünýäni küýlendirip uçýarlar. Şeýle beýiklikden barýan bolsalar, onda olaryň Hindistandan bärde aýak çekmejegi hem belli zat. Özüni görmeseň-de, ol ýagşy guşlaryň sesini eşidip galmagyň özi nämä degenok! Durnalaryň sesini eşidip, Kymyş duzçy şu pursatda gowy adam bilen duşuşan ýaly gönençli bir ýakymly duýgyny başdan geçirdi. Olary öz maşgalasy bilen baglap, haçanam bolsa birwagt olaryňam şu durnalara meňzeşip, ojaklaryna dolanyp geljekdiklerini öz ýanlaryndan ýorgut arzuw etdi.

Goja geçen döwür-döwranyny ýatlap, hyýalynda ony göz öňüne getirensoň, hamala gaýtadan şol günleriň gujagyna dolup,

indem ol gujakdan çykasy gelmeýän deý ýene-de esli wagtlap şol oturan ýerinde gijäniň şöwrün çekip, garaňka gatylyp oturdy.

Şonda ol bir pursat hol aňyrdan gözünde galandaky ýaly, bir meňzeşje geýnen agtyklary Aganazardyr Allanazaryň toparyň öňi bolup, öz ýanyna biri-birinden tiz ýetmek üçin ylgaşyp gelişlerini gördi...

Kymyş duzçy Gaplaňyň jedel depesinden gaýdyp gelen wagty Jemal mama eýýäm aýak üstünde bolup, daşardaky ojakda ot ýakyp, täret suwy ýylytmagyň ugrunda bolup ýördi.

* * *

31-nji barak obaçylygynyň ýolbaşçylarynyň çagaly eneleriň ýagdaýyna düşünişme bilen seredenligi belli boldy. Beýlekilerden edilişi ýaly olardan bir ýerlerik gidip, işlemegi şeýle bir talap edibem durmadylar. Ýöne durmuşyň bar bolan güzeran atly talaby hemmelere bolşy ýaly bulara-da degişlidi. Işläne nan paýy işlemediklerden iki essä golaý artyk berilýärdi. Şonuň üçinem ýagdaýy bolan işlejekdendi, şol nan paýyny artdyryp aljakdandy. Häzirki döwürde hemmeler üçinem baş alada gara bokurdakdy.

Bugdaý oragy başlanaly bäri barak obaçylygynyň mähellesi gündizlerine mese-mälim azalýardy. Täze hasyly isripsiz ýygnamak işleri bolsa barha möwç alýardy. Bir bölek adam meýdanda palçyk garyp, kerpiç guýmagyň aladasynda bolsa, adamlaryň ýene bir bölegi olary guradyp üýşürmek, gerek ýerlerine daşamak bilen meşguldylar. Has-da daýhançylyga buýrulanlar bugdaý üstünde bolup, aňsat oba gara bermezdiler. Obanyň çagaly aýallaryny hem şol günlerde Akmolladaky bugdaý kabul ediş ammaryna desbidähel äkitmäge mümkinçiligi bolmadyk dänäni sermek, toplamak, ammarlara salmak işlerine çekildiler. Oguljuma hem indi kiçilerini Allanazara goýup, obada bugdaý taýynlyk işlerinde işleýän aýallaryň biri boldy. Bu ýerde işleýänleriň köpüsi-de sürgüne gelen türkmen aýallarydy. Mariýa atly daýaw, ýaşy elliden geçeňkirlän dogumly rus zenany bolsa olara ýolbaşçylyk edýärdi. Mariýa serlip

çalykdyrylýan, üýşürilýän bugdaý depeleriniň arasynda aýlanyp, elini salgap iş talap edip gezýärdi. Türkmen aýallary köplenç onuň ümüne düşünäýmeseler, geplände köp halatda gepine oňly düşünmeýänleri üçin, talabyna hem oňly düşünmeýärdiler. «Näme diýýär-ä, bi Mariýa?» diýşip, bir-birleriniň ýüzüne seredişibem durýardylar. Şeýle bolanda onsoň buýurýan işini onuň özi ilki, ine, şeýtmeli diýýän hörpde edip görkezip, lal bilen düşünişýän ýaly, «üm-çüm» bilen düşünişmeli bolýardy. Ol dilli-diýenli zenan bolansoň, aýallar etmeli işlerini bilmän, oňa başgaçarak düşünip, edilmelisi ýaly däl-de başgaçarak edýänlerini gören wagty bolsa jany ýanyp: «Nabat, Bibi, Ogul..., ha siziň eneňizi...» diýip, onuň erkeklerçe sögünibem goýbermesi bardy.

Aýallar talapkär, göwni açyk aýalyň diline oňly düşünmeselerem, onuň bilen zenanlarça gowy düşünişýärdiler. Mariýanyň talap-tagallasy bilen tizden işleýänler üçin işde günortan gyzgyn nahar hem ýola goýuldy. Ol naharlar hemişe diýen ýaly suwa gaýnadylan noýbadan, çüýrük ysly geçen ýylky kartoşkadan, käte bugdaýdan taýynlanylardy. Munuň üçin Mariýa ýarym aç aýallaryň başy aýlanyp ýykylanlarynyň barlygyny, şeýle bolansoň iş öndürijilikleriniňem ugrunyň ýokdugyny aýdyp, diňe Reşetnikowy däl, Şadmanowdyr raýondan däne oragynyň barşyna gözegçilige gelen raýispolkomyň jogapkär wekillerine-de hä diýdirmek başardypdy.

Ähli zadyň ters tarapyny görýän deý hereket edýän Şadmanow Mariýanyň pikirine ilki hä berip, belli zat aýtmadygam bolsa, raýispolkomyň jogapkär wekili:

–Adamlaryň iş mümkinçiligini artdyrmaga kömek etmeli. Häzir bize gowy işleýän adamlar juda gerek. Hasyly tiz ýygnamaly – diýensoň, o-da Mariýanyň pikirine garşy bolup durmandy. Aýallar nahar iýenlerinde öz ýanlary bilen göteren nanlaryna ýanap, çagalaryny ýatlap, ony gysganybrak iýýärdiler. Çagalarynyňam özleri ýaly şeýdip, gün içinde hi bolmanda bir gezek gyzgynja

nahar bilen naharlanmaklaryny arzuw edýärdiler. Bu barada öz aralarynda maýda-maýda gepleşýärdiler:

–Näme diýseňem, şu çorba maňlaýdan diräýýär, ýogsam günortana golaý dagy içim syrygyp, açlykdan gözüm garaňkyraberýär.

–Bugdaý orýanlara iki gezek nahar berýämişler.

–Olaryň işleriniň gijesi-gündizi barmy, bugdaý bolsa känmiş, orup aňyrsyna çykyp bolar ýaly dagy dälmişin.

–Bol bolawersin. Şol ýerde bol bolsa, bize-de bir gyrasy ýeter onuň, enşalla.

–Şeýle bolup, bir garynlar doýsun-da, hernä.

–Türkmenistanda häzir pagta aladalary başlanandyr, irräk ekilen ýerleriň pagtasy açylandyr eýýäm patyrap.

–Biziňem giçkirägem bolsa, gurawy gowy ýetişip oturan pagtamyz bardy – diýip, Gully eminiň gelinleriniň biri nurana ýüzli Akjemal bilen tabak başynda atyşyp, çorba içişip oturan Oguljuma ýene küýsegli Watany ýatlady. Şonda gyzlary Ogulbikedir Akjagülüň  meýdanda pagta ýygşyp ýörüşleri onuň göz öňüne gelip, onuň özüniňem şolaryň ýanynda bolasy geldi...

Her gezek nahar başynda aýallaryň özara hyşy-wyşy gepleri köpelip ugran mahaly Mariýa ýerinden turardy-da, ýapaşaklap aýallara tarap göz aýlap durşuna:

–Heleýler, hany garnyňyzy otaran bolsaňyz, turuň indi. Iş ýeriňize baryň. Ýogsam ýokumyňyz ýetse, siz indem ärleriňizi küýsäp ugrarsyňyz. Beletdirin men bu baýtal tohumyň ýagdaýyna – diýip, söýünçli käýinjiräp, aýallary işe götererdi.

Aýallar tabşyrylan işleri hars urşup işleýärdiler, hatda Mariýa: «Ony eýdiň, muny beýdiň» diýip, köp halatda talap etmek-de gerek bolmaýardy.

Türkmen aýallary rus aýallaryndan tapawutlylykda eginleri uzyn, birsydyrgyn gyzyl, goňras matalardan tikilen köýnekli, donly bolup, olar çolaşyp, işe päsgel bererli bolup görünýän geýimlerini biraz ýokarrak çekişip, ony guşak bilen aýlap berkidip, gollaryny

çermeşip, çemelerini alşyp, beýlekilerden kem oturmazlyk üçin, derläp, ýüz-gözlerine çaň syradyşyp, yhlas bilen jan edip işleýärdiler. Brigadir Mariýanyň göwnüýetijilikli makullamasyna mynasyp bolmaga çalyşýardylar.

Iş ýeriniň obanyň golaýynda bolmagynyň ýene bir amatly ýeri Zeýtune ýaly, ýaş eme çagasy bolan enelere-de bu ýerden aýak üstündenem bolsa baryp, çagasyny emdirip gaýtmaga mümkinçilik bolardy. Häzirki gaýgy-hasratyň sülük bolup, ýürek ganyňy sorýan mahalynda, açlykdyr horlugyň bosagadan höwp-hatar bolup direnip duran mahalynda adamlaryň gün-güzeranlaryna hemaýat bolýan zatlaryň bu-da biri bolupdy. Ylaýta-da zenan kişiler çagalaryna bähbit boljagyny bilseler, olar seniň işiňden çekinjeklermi!?

Töwerekde ýola taýynlanýan bugdaýlaryň depe bolşup, göz dokundyryşyp durmaklary adamlarda ýaşaýyş ýene-de gowulyga özgerip ugran ýaly, şol gowulygyň bir tarapynyň özlerine-de ýetjekligi barada göwün ýüwürdip, ýakymly pikir etmeklerine sebäp bolýardy.

Oguljuma bu gün Zeýtune atly gujurly tatar gelni, Beki Seýitmyradyň aýaly Bibi, Galýa atly degenek daýaw, mor ýüzli, erinlek zenandyr olardan gujury kem bolmadyk Tätäniň aýaly tegelek çörek ýüzli Ogulnabat, Güýç dilmajyň aýaly Kümüş dagylar bolup, bir kowçumda işleýärdiler. Olaryň işi bugdaýy haltalara gapgaryp, ony saraýyň girelgesiniň gapdalyndaky ýörite ýere çekmekden ybaratdy. Oguljuma bilen Bibi ýetişip bildiklerinden halta dolduryp, onuň agzyny bogsalar, Zeýtune bilen Galina, Kümüş bilen Ogulnabat dagy «ha-da, ha» bolşup, haltalary goldaşyp göterip, bellenilen ýere daşaýardylar.

Indi ýola taýynlanyp goýulýan ýerde bugdaýly haltalaryň sany barha artmak bilendi. Arabalar wagtal-wagtal gelip, şu ýerden ýüklerini tutuşyp giderdiler. Bu ýerdäki serlip, sowrulyp taýynlanýan dok däne bugdaýyň telim bir ýerde tümmek tutup,

kert baglap durmagy dänäni görenleriň göwnüni göterýärdi. Ýeneki gowulyklara göwün ýüwürdilmegine sebäp bolýardy.

Işleriň gidişine aýlanyp gözegçilik edýän Mariýa bir gezek bir haltany göterip äkidip, aňyrdan ýene bir haltaň yzyndan gelýän Zeýtunäniň serlen bugdaý üsti bilen mongalap, ak gözilginç aýaklarynyň töweregine däne syçradyp, dogumly ýöräp gelýänini gördi. Onuň her aýak basan ýerinde ürgün çäge üstüne basylandaky ýaly, düýe dabanynyň yzyna meňzeş oýmur atyp, yz galýardy.

Nan aýak astynda bolsa-da, onuň barybir ýeterlik däldigi doýa garyn nan tapylmaýanlygy üçin, ol häzir sürgün obasyndaky adamlaryň ählisi üçin ýeke-täk arzuw-islege öwrülipdi.

Akjemal bir gezek işden başyny göterip, bu giden bugdaý bolçulygyny gözi gidýänligini mälim edip, her gün ýüzlerçe gezek içinden edýän arzuwyny nähili daşyna çykaranyny hem duýman galdy:

–Ha, şu bugdaýy degirmene salyp, un edip, tamdyry dolduryp, güpledip-güpüledip bir nan ýapsadyň!

–Näsini aýdýaň, dogan jan! – diýip, elindäki sübsesi bilen işiň yzyny ýygnap gelýän Kümüş hem şu ýerde işden başyny göterip, Akjemalyň sözüne göwünjeň goşuldy. Ogulnabat:

–Islänimiz bilen kim ony bize berip dur. Öňlerine süňk oklanan ýaly, ýolbaşçylaryň özi häzir bir-birleri munuň üstünde gyrda-gyr. Kakabaýyň kakasy meýdanda işläp ýören ýerlerinde görüpdir. Şol sebil däne ýygýan kombaýn diýen maşynam gezip ýörşüne köp isripçilik edýärmişin. Şony hoşalap alyň diýse-de, bir oba nan boljak diýýär.

–Belki, bererler – diýip, gürrüňi agzyndan alnan Akjemal doldurylan halta direnip, onuň agzyny bogup daňyp durkan hyrydar gepledi.

–Berilmegi mümkin, ýöne ony Mariýa brigät ýaly ýokaryk aýdyp düşündirip bilýän dogumly biri gerek-dä.

– Şul-a, eýdip-beýdip gazandy, gyz, bir wagtyna gyzgyn nahar berilmegini – diýip, Oguljuma Mariýa tarap minnetdarlyk bilen gözläbem goýberdi.

Aýallaryň gepe berlip, söm-saýak bolşup duranyna ünsi düşen Mariýa:

– Hä, näme dursuňyz, ärleriňizi göresiňiz gelip, ýene olaryň gürrüňini edýäňizmi? Şu heleý halky ärinden bir salym aýryldygy onuň gürrüňini eder eken. –Hany, boluň işläň indi. Işläň, hä, diýmänem arabalaram geler ýüklerini tutmaga– diýip, duran ýerinden tarp atyp, aýallara talap bildirdi.

Ogulnabat:

–Mariýa rabataý – diýýän bolsa, onda rabataýam edeliň! – diýip, gapdalda duran doly haltany goldamak üçin goşaryny Akjemala uzatdy.

Iş täzeden gyzyşdy.

* * *

Bugdaý oragy başlanany bäri komendant Şadmanow bu işleri kada-kanunyň çäginde alyp barmagy, hökümetiň özüne ynanlygyna hondanbärsilik bilen ynanýanlygy hem-de muny özüne dereje bilip, masaýynlanýanlygy üçin, ol ýeke atlyk paýtundan düşmän diýen ýaly, iş üstüne aýlanyp, ähli edilýän zatlary öz gözegçiliginde saklap, özge ýolbaşçylardan bu işlere özüniň has jogapkärdigine ynanyp, bir ýerde durman paýtunynda tigirlenip gezýärdi. Onuň bir aýagam bugdaý orulýan ýerdedi.

Ol bu gün Orazmyrat brigadiriň meýdanda bugdaý orujy toparynyň ýanyna gelende iş şüweleňi gidip durdy. At gaýtarym meýdany tutup duran orlan bugdaý üýşmeklerini iki sany arabanyň häli-şindi gelip, olary bir başyndan döwek ýere alyp gidýänligine seretmezden, hasyl köplügi göz guwandyryp otyrdy. Çary ussanyň demirçi körügine taplap ýasan oraklary häzir işe berlen adamlaryň elinde ýalaw ýaly işleýärdiler.

Şadmanow aňyrdan paýtunynyň üstünde galgap gelşine orakçylaryň duşuna ýetip, jylawy çekdi-de, olaryň garşysynda paýtunyny keserdip saklady. Agyr başyny göterip, nämedir bir zady huşunda aýlaýan hörpde ümürläbräk durşuna bir pursat orakçylary synlady. Soňam gol salgap işleriň gidişine gözegçilik etmek bilen desse üýşürýänlere kömek berip ýören brigadiri öz ýanyna çagyryp aldy. Orazmyrat aňyrdan salam berip gelende, bu ýerde bäş deşigini bir ýere üýşürip dymyp duran Şadmanow oňa nägile nazaryny aýlasa-da, gönüläp bir zat diýmäge howlukmady. Her gezek ol bir küýe berlende bolşy ýaly, onuň ýene-de gyýma-kiçijik gözleri süzülen ýaly bolup, kiçelip ýumlupdy. Komendant çytylyp duransoň, Orazmyradam birbada onuň bilen gürrüňi nähili başlajagyny bilmän boýurgandy. Şeýle-de bolsa ony başlamalydy. Şadmanowyň aňyrsyny bäri almak üçin bu gerekdi.

–Howamyz-a gowy boldy, ýoldaş komendant!

Onuň ilki agzyna gelen sözem şu boldy. Şeýle-de häzir güýç aýaman şüweleňli işleýişlerine komendantyň syny düşendir: «Şeýdip, hüjüm etseňiz-ä, siz dünýäň ýüzi bugdaý bolsa-da, ony ýagyn-saçyna goýman ormaga ýetişersiňiz» diýen ýaly ondan hoş söze garaşdy. Emma tamasy çykmady. Gaýta komendant welin ondan nägile boldy:

–Sen näme üçin, brigadir, öz burnuň aşagyndaky bolýan bidüzgünçilige ýol berýäň?

Orazmyrat birbada komendantyň näme gürrüň etmekçi bolýanyna düşünmän, geň galyp, egnini gysyp, onuň ýüzüne soragly seretdi. Onýança-da komendant endigine görä nägile bolup käýinip ugrady:

– Siz kulaklaryň nebsewir-kulak häsiýeti galman geçjek. Aslynda men seni bulara baş edip nämüçin goýdum, göz-gulak bolmajak bolsaň, döwlet bähbidini aramajak bolsaň...

–Ýoldaş komendant, nämäniň siziň nägile bolmagyňyza sebäp bolanlygyna men-ä entegem düşünen däldirin, hatamyzyň

nämeligini bir aýtsaňyz? – diýip, Orazmyrat onuň ýüzüne soragly gözledi.

Içinden bolsa «Komendantyň nämedir bir zada-ha gahary gelip gelipdir. Näme bolup bilerkän ol?» diýip, susluk bilen oýlandy.

Şadmanow Orazmyrada nägile nazaryny dikip, bir eliniň başam barmagyny kemerinden geçirip durşuna.

–Kim şolar düýn günortan kombaýnyň geçen ýerinden hoşa çöplänler, bar, şolary tapyp getir maňa. Döwlet emlägine el urmagyň nämeligini görkezeýin men olaryň gözlerine...

Iňkise giden Orazmyrat brigadire diňe häzir gürrüňiň näme hakynda bolaýmagynyň mümkinligi çen bilen belli boldy. Düýn günortan nahar wagty adamlara billerini ýazmaga az salymlyk dynç alyş berlen mahalynda, bu ýerde işleýän gyzlaryň birki sanysy meýdana gidip, ol ýerdenem hersi başlaryndaky ýaglyklaryna salşyp, çöplän hoşalaryny getirip: «Kombaýn yzynda hoşa köp galýan eken, ine, bir salymda toplanymyz» diýşip, begenişip gelipdiler. Eýýäm Şadmanow bu barada bir ýerden eşidip, häzir şol gyzlaryň ýakasyny talap edýän eken.

Bu ýerde komendanta beýle çişere näme edilen erbetligiň barlygyny bilmän geň galan Orazmyrat gyzlary getirmezden janygyp, onuň bilen düşünişmäge çalyşdy:

–Ýoldaş komendant, olar harmandan alnan däne-hä däl. Gyzlar hoşa çöpläpdiler, kombaýn oran ýerinden – diýip, ol dänäniň ogurlyk däldigini oňa düşündirmäge çalyşdy.

–Meýdanda ýatan zat köp, onsoň ony şeýdip alybermelimi? – diýip, Şadmanow barha gyzyp gepläp ugrady.

–Bular almasa-da, ol galjak guma-çöpe garylyp, ýoldaş komendant,  ýa-da guşa-gumra şam boljak.

–Bugdaý orlup bolnansoň, biz halky hoşa çöplemäge sürmegi niýet edinýän bolsak näme!?

–Entek bugdaýly iş-ä kän, ýoldaş komendant, ýagyn-gara çenli bu giden meýdanyňam hasylyny toplap ýetişip bolar

öýdemok, hasyl beýdip ýaplanyp ýatyrka, soňra hoşa çöplemäge mümkinçilik bolarmykan?

–Iş wagty gidip, hoşa çöpläp ýörseňiz, elbetde, ýetişmersiňiz– diýip, gürrüň dolap, ýene öňki ýerine getiren Şadmanow Orazmyradyň öz üstüne süründi.

Orazmyrat brigadir komendantyň bu ters dawa tutup durşuna, onuň bilen düşünişjek bolup, mundan aňrygam erjellik ediberse, onuň muny özi bilen erjeşme hasap edip, hüjümini has güýçlendirmeginiň mümkinligini, beýle bolsa işiň haýryna bolmajagyna düşündi. Ugruna sürüp, oňa köşeşdiriji gürrüň aýtmaga çalyşdy.

–Ýoldaş komendant, indi bizde beýle zat gaýtalanmaz. Olar obadaky ýaly hoşa bolsa çöpläbermelidir öýdendirler. Indi türkmenleň hiçisi dagy-duwara onuň ýaly ýerde görünmez.

–Hany brigadir, beýdip gep nokatlap durma-da, bar getir şol hoşaçylary, hoşalaram meniň ýanyma! – komendant hökümli gepledi. Orazmyrat brigadiriň ony biraz-da bolsa ýumşatmak üçin eden synanyşygynyň ýerine düşmänligine düşündi. Komendantyň hemişekisi ýaly bu ýere işiň gidişine däl-de, gözegçilik etmek, ýagdaýlary anyklamak üçin hoşaçylaryň yzyndan ýörite gelendigine düşündi.

Çäresizlikden içine zym gitdi. «Indi şeýdip gyzlary munuň öňüne düşürip berip goýberibermeli bormukan? Bular heniz gökbeýnije gyzlar, indi şeýdip türme ýeneki diýip, köýüp gidibermeli bormukan!? Komendantyň päl-ä gowy däl» diýip, Orazmyrat çäresiz alada galdy.

Komendantyň talabyny nähili ýerine ýetirjegini bilmän, häli-şindi ýüzüni basan agyr deri aýasy bilen syldy. Oýurganyp ýene biraz duransoň, komendanty raýyndan gaýtarmaga inçejik umyt bilen täzeden haýyşa berildi.

–Ýoldaş komendant, entek olar çaga. Mümkin bolsa, geçiň günäsini şu gezeklikçe? Onsoňam özüňiz bilýäňiz, häzirki döwürde el güýjem diýseň bize derwaýys!?

–Sen meniň buýrugymy eşideňokmy, türkmen?! Meniň buýrugymy ýerine ýetirmezligiň jenaýatdygyny, eýsem, sen bilmeýärmiň!? Hoşaçylaň bilen senem äkidibersem nädersiň häzir?! – Ol soňam paýtunyň üstünde oturan ýerinden allowarrada işleşip ýören orakçylara tarap elindäki sapy bilen aýasynda gapjap-jemläp, duran gamçysyny hökümli uzatdy. –Bar getir şolary. Ýa özüm baryp gamçylap öňe salaýynmy? – diýip, brigadire has-da öjügip dazaryldy. Ony nämälim, sowuk nazar bilen dalady.

Orazmyrat häzir bu ýerde Iwan Zaharowiçiň ýoklugyny ýatlap: «Eger ol bolan bolsa, häzirki ýagdaýdan bir çykalga tapardy» diýip, alaçsyz lapykeç boldy.

Orazmyrat orakçylaryň ýanyna gelip, ilki olaryň arasyndan öz aýalyny ýanyna çagyryp aldy. Aňyrdan başyndaky atynjasyny düzedişdirip, ýaşmak dişläp gelýän ýüzi güne ýanyp, gara ört bolan aýal onuň ýanyna gelen mahaly adamsynyň gany gaçan ýüzüni göreninden oňly habaryň ýoklugyna düşündi. Orazmyrat aýalyna:

–Şol düýnki hoşa çöplän iki gyzy al-da, gel meniň ýanyma!

Orazmyradyň aýaly:

–Ol komendant haýran şolar üçin gelipmi? – diýip, pesaý ses bilen ondan sorady.

–Hawa, ýöne senem şolar bilen gidersiň. Olaryň ýanynda bir akyly ýeten bolmasa bolmaz, ýaş gyzlardyr gorkup ýürekleri ýarylaýmasyn. Brigadiriň aýaly köpüň arasyndan baryp, gyzlary çagyryp alansoň, olary yzyna düşürip geldi. Haçanda olar Şadmanowyň huzuryna peýda bolan mahaly komendant olary ýekeme-ýek üýşenip synlap:

–Bu aýal näme? – diýip, ýüzugra-da ol Orazmyratdan sorady.

Orazmyrat biçäre halda şumjarşyp aglaşyp duran gyzlaryň ýüzüne göni seredip bilmän, sus gepledi:

–Ol meniň aýalym.

–Maňa seniň aýalyň hoşa çöplänleriň arasynda bar diý-mediler.

–Men iliň gülüň seçegi ýaly gyzlaryny size ýanynda akyly terräk biri bolmazdan beýdip, berip goýberip biljek däl – diýip, Orazmyrat biraz çeti gyzyp ugranlygyny mälim edip gepledi.

Şadmanow öz soňky sözüni buýruk hökmünde ýene bir gezek gaýtalady:

–Aýalyň galsyn, onuň bilen işim ýok meniň...

–Gyzlar gitse, o-da gitmeli bolar, ýoldaş komendant.

Ol sözüni has nagdynlap aýtdy. Onuň komendanta türkmeniň öz aýal-gyzlary üçin başyny goýmakdan çekinmeýänligini düşündiresi geldi. Düýnki hoşaly ýaglyklar bilen baglylykda bir harasadyň gopanlygyny bilşip, adamlar komendantyň paýtunynyň töwereginde üýşüşip ugradylar. Alnyp gidiljeklerini eşidip gorkan gyzlar Orazmyradyň aýalynyň arkasynda ýygrylyşyp, aglaşyp otyrdylar. Märekäň yzynda bu ýerde üýşülýänini görüp, soňrak gelen Juwajy durdy. Ol il gapdaldan geçip gaýdanda özüniň birki ýoldaşy bilen döwek ýere bu gezek bugdaý desselerini daşaýan arabalara ýük ýükläp duranlaryň biridi. Şeýle-de bolsa ol bu ýerde nämäniň näme bolýanlygyna aňyrdan gelenden dessine göz ýetiripdi. Gyzlaň biriniň öz agasynyň gyzy bolmagy bolsa, onuň has-da çetine degipdi. Onuň gözleri bir komendanta, bir eginlerini sallaşyp, biçäre bolşup oturan gyzlara seredip, gözleri möjek gözleri ýaly jel-jel etdi. Soňam ol adamlary böltedi-de, komendantyň öňüne geçdi.

–Ýoldaş komendant, siz näme bu işiň hakyky günäkärini gözlemän, ejize ganymlyk edýäňiz?

Bu söz komendanty geň galdyrdy:

–Kim ol hakyky günäkär? – diýeninde, hatda onuň hemişe ýumlan ýaly bolup görünýän gözleri-de bir pursatlyk ulalyp, ýitelen ýaly bolup, ýylpyldap görnüp gitdi. Juwajy komendanta tarap ýene bir ädim etdi.

–Kombaýnyň yzyndan hoşany çöplän-ä men bolmaly, ony soňra salara zadym bolmansoň, jigim dagy geçip gelýän eken, şonuň ýaglygyny almaly boldum-da...

Juwajynyň gyzlary halas etmek üçin, özüni oda oklaýany belli boldy.

Komendant Juwaja öjügip:

–Şeýlemi asyl? – diýende bu töhmetiň gyzlaň başyndan aýrylmagyny isleşip duran adamlarda kanagatlanma duýgusyny döretdi. Şundan soň köpi gören Şadmanow türkmenleriň gyzlaryny aňsat öz öňüne salyp goýbermejeklerini, körüň aty ýaly dyzaberse, başga-başga zatlaryňam bolaýmagynyň ahmaldygyny pikir edendigi belli boldy. Ol öňünde ähli günäni öz üstüne alyp, hiç zat bolmadyk ýaly arkaýyn duran Juwajyny pisindi oturmazlyk bilen synlap:

–Sen bolsaň, düş onda sen öňüme! – diýip hökümli gepledi.

Kyn güne galyp duran märeke şundan soň eginden agyr ýük düşen ýaly uludan demini aldy. Bu batyrgaýlygy üçin il içinde eýýäm jalataýrak häsiýeti bilen tanalyp ugran Juwajydan bolsa minnetdar boldular. Töwerekde duran adamlaryň köpüsi: «Şu wagt Juwajunyň ýerine men bolan bolsam näderdim?» diýen soragy beren hem bolsalar, oňa jogap tapmadylar.

Komendantyň başga biriniň ýeneki biriniň başyndan inen belany ýeňillik bilen öz başyna satyn alanyny gören wagty munuň nähili beýle bolup biljegine düşünmän geňirgenenini görüp, Orazmyrat brigadiriň komendantyň dişinde et galmaz ýaly, oňa iki agyz gep aýdasy geldi: «Sen özüni görýän-de bolsaň, meniň sadalaç görünýän halkyma düşünip bilmersiň. Ol juda bir görnüşi ýalagam däldir. Dälisem bardyr, dolusam. Onuň häzirki ýorganyna görä aýak uzatmasyna osma!»

Komendant paýtunly bolansoň, gidende Juwajynam oňa mündürer öýdülse-de, ol beýtmedi, oňa «Düş hany öňe!» diýdi-de, özem ulagly onuň yzyndan sürdi. Adamlar komendantyň öňüne düşüp barýan Juwajynyň yzyndan sähelçe baş ýaýkaşyp, alaçsyz, diş-gysyşyp seredişip galdylar.

Häli-häzir-ä märekäniň elinden gelen zadam diňe şu boldy.

* * *

Orazgylyç dagynyň soňky göç edilip getirilip gabalan uly saraýynyň bir gyrasynda on-onbäş sany gümmezekleşip, toplum tutup oturan hüjrelik bar eken. Saraý häzir göçülen ýurduň harabalygy bolup oturan hem bolsa, onuň haçanam bolsa özi-de mundan alys bolmadyk geçmişde gelim-gidimli, ylym ojaklarynyň biri bolanlygyny pikir etdirýärdi. Hüjreleriň bir tarapynda süňňüni söküp, olar bilen deňine garrap oturan azan diňi asmana gezelip, somalyp durdy. Adamlaryň bir bölegi bu ýerdäki şol hüjreleri özlerine mesgen edinip ýerleşdiler. Içi-daşy syrylyp-süpürilip, tertibe salnansoň, biraz daryşganrak diýmeseň, indi olar hiç neneňsi öýlerem däldiler. Telim hepde dar wagonda gysylyp-gynanyp ýaşan adamlara ol häzir üýtgeşiklik, tagty-eýwan bolup göründi. Bu meýdanda Güne kakap oturanyňdan-a müň paý gowudy.

Ýöränden togarlanyp barýan ýaly bolup görünýän garynlakdan gelen pes boýly dykyz komendant howlynyň içindäki hüjreleri ýekeme-ýeke at tutup, yzyna düşüp sürrenekleşip ýören erkek adamlara paýlaşdyransoň, galan halky howlyň dürli ýerlerindäki jaýlarda, basdyrmanyň aşagynda ýerleşdildi. OGPU işgärleriniň özleri bolsa, bir mahalky ulamalar üçin niýetlenip gurlan, süňňüni has gowy saklan jaýlarda ýerleşdiler. Orazgylyç täze tanşy Allaberdi bilen bir ýany biraz ýan beren hüjrede ýerleşdi. Olar bu ýerde ýaşamaly bolsalar, hüjre diwarlarynyň täzeden seretmeli ýerlerine seretseler, onuň özlerine hiç neneňsi sümelge boljagyny pikir etdiler.

Saraýyň ýeňse tarapynda taşlanan köne ýabyň suduryny görmek bolýardy. Ondan uzak bolmadyk geçmişde mele suw tolkunyp akan bolmaly. Şol ýap sudurynyň golaýynda telim ýerde depesinden basylan ýaly ýepberip ösüp oturan tut agaçlary hem bar eken. Muňa seretmezden, bu ýeriniň suw meselesi oňuşmazça däldi. Saraýyň sesýetimligindäki peslikden äpet bir derýa suwy

çyrpynyp akyp ýatyrdy. Al, geregiň suw bolsa, näçe alsaň. Onsuzam OGPU-nyň özem içimlik suwy indi bu ýere çelekläbem ýeterlik getirip ugrapdy. Howludan çykan ýeriňden derýanyň egrem-bugram bolup akyp ýatyşy uzakdan salgym bolup görnübem dur.

Sürgünleriň getirilen ýeri oba bolup, bir oba-da däldi, geçmiş-de dagy bir belli oba bolan bolmagy mümkin. Ol jelegaýda demir ýol duralgasynyň töweregindäki üç-bäş jaýdan başga jaýdyr ýeneki-de görünmeýärdi. Belki, demir ýol ulgamlarynyň ýeňsesinde, golaý bir ýerde oba ýa-da şäherçe bolmagy hem ahmal. Ýöne garşyda hemişe otly kerwenleri ikiden-üçden hatarlanyşyp, keserişip durýanlygy üçin, ol ýerler görünmeýänligi sebäpli, onuňam barlygy güman içindedi. Haçan-da bu gadymylyklary, olaryň töweregindäki boşluklar, derýadyr ýarym-ýalaňaç ýerler bilen bilelikde synlanyňda, ol hamala güýçli bir ýagy gelip, töweregiň halkyny, hüjrelerde bilim alýan talyplardyr olara sapak berýän ahunlar, ýenekiler bilen öňe salyp, bir ýerlere sürüp äkidene meňzeýär.

Pendililer ozal bir-birlerinden uzakda ýaşamadygam bolsalar, şu ýere sürgüne gelensoň täzeden tanyşdylar. Tanalsa-da nä, hemişe-de il özüniň öňüne düşen begi-töresi bilen tanalardy. «Pylan baýyň, pylan serdaryň obasyndanmy?» diýlip soralardy. Indi bolsa adamlar oba şurasydyr kolhoz başlyklarynyň atlary bilen tanalyp ugralypdy. Elbetde, ilçilik onsoňam aňyrdan ilen-çalanlygam az däldi. Emma Orazgylyç bilen Allaberdi ilen-çalan hem bolmansoňlar, bir-birlerinden habarsyzdylar. Adam bir sebäp bolup tanyşmasa, ýakynda ýaşasa-da bir-birlerinden habarsyz bolýan bolmaly. Ýogsam Tagtabazar obalary bir-birlerinden şeýle bir uzakda-da oturmaýardylar. Onsoňam Sowet hökümeti gelmezinden öň Tagtabazarda Arnageldi baý diýen bir ederini bilýän, sözüni giçirýän jomart baý kişi döräpdi. Ol indi on-onbäş ýyldan bäri Tagtabazaryň merkezine millet ýygnap, bagşy aýtdyryp, bir günem göreş tutdurardy. Ol günler adamlar: «Arnageldi baý eý görýän bagşylary– Uly Garla, Nobat bagşa, Kiçi

Garla özi ne geýim geýse, olara-da şeýle lybas geýdirermiş. Özi bilen Mara äkidip, Ýolbaslyda meýlis gurap aýdym aýtdyrarmyş» diýip, gürrüň edýärdiler Halk şeýle ogluň öz aralaryndan döränine buýsanýardy.

Özi-de «Uly göreş» adyny alan bu tomaşa her gezek öwlüýäde – Sahy baba gonambaşyň aramgähiniň töwereginde ilki öten-geçenler ýatlanylyp berlen sadakadan soň başlanardy. Şol ýyllarda göreş juda ürç edilip, tarap-tarap bolup tutulardy. Pälwanlaryň ady il içinde wagyz edilerdi. Şol wagyzlar bu toýa, onuň pälwanydyr aýdyjy bagşysyna mertebe dereje berýärdi.

Göreşi pendililer, Herzeki, Sugty diýlip, şäheriň aňyrsy, şäheriň bärsi bolnup bölünişip tutýardylar. Ol göreşler şeýle bir gyzykly geçerdi welin, oňa tomaşa etmäge gelen ýeneki barly adamlar: «Şu pälwana mendenem bir öweç, pylan aýdymam aýdyp ber, mendenem bir düýe» diýip, nähili ara goşulanlaryny hem bilmän galardylar. Şol döwürlerde gapdaldan ses goşup, toýa şowhun berip ýören Mitdi akga diýenem biri bordy.

Ol özüne biraz holpugrak bolan gyrmyzy donunyň synyny süýräbräk, märekäň arasynda, toýa şüweleň berip uly goh bolup gezerdi. Kimdir biriniň üstüne it küşgürýän ýaly, golun salgap jedele goşulardy. Özüniň kimligini bilmän, oturan ýerinden pälwanlara «Sal, çopaneki badagy», «Goýber meniň ýaşlykda ediberşim ýaly, syrta çekip ýyldyzdan bäri, tezegi on ädime pytrasyn!», «Haý, berekella, ana, munyň boldy, şu edişiňi haladym, menden saňa-da bir öweç!» diýip, toýa şowhun berýärdi.

Mitdi akga bir toýda bagşyň aýdymlaryna gyzyp, nasyny ýuwudyp, göz-gülban bolaly bäri indi hüşgärligi elden bermeýärdi. Her gezek bagşy diňlemekçi bolanda, naskädisini jübüsinden çykaryp, ony tanaýanlarynyň biriniň eline bererdi. «Ýogsam men ýene-de kellämiň gyzgynyna ýuwdaryn muny. Bagşy gutarýança sorasamam beräýmegin maňa şuny!» diýibem, öz ýagdaýyna belet bolansoň, oňa sargardy.



*7

Onuň päwanlara baýrak berşi bolsa «Mitdi akgaň serpaý ýapyşy ýaly» diýip, il içinde gep bolupdy.

... Şol gezek göreşe tomaşa edip oturanlaň arasynda Mitdi akgaň oglam bu ýerde bolup, kakasynyň yzragynda bir ýerde oturan eken. Kakasynyň göreşde goýun baryny tutanyny görüp, öýe gelensoň ol nägile bolupdyr.

–Aý, kaka, pälwanlara mal baryny tutduň-la sen, gapyňda ýeke toklyň bar, onça maly nireden aljak sen? – diýipdir. Şonda Mitdi akga ogluna:

–Heý, oglum, öz obamyzyň pälwany Gyjat pälwana şol toklyny bereris. Galanlary bolsa eşegiň onusyny alsyn... – diýipdir.

Ýatlaşyp otursalar, şol toýlar bularyň ikisiniňem, Orazgylyjyňam, Allaberdiniňem Arnageldi baýy, Mitdi akgasy bilenem ýadynda eken. Bularyň ikisi-de şol toýlaryň telimsine gatnaşanam ekenler.

Haçanda Orazgylyç özüniň neberesini takyklap, garry atasy Muhammetgylyç serdaryň adyny tutanda Alllaberdi: «Garrylarymyz aýdardylar: «Bizi Pendä getiren Muhammetgylyç serdardyr...» diýip, onuň könelerini tanapdy.

Soraşyp-ideşip otursalar, Allaberdi Baýraç obasynda gurlan kolhozyň başlygy Merdan Maçyň hak inisi bolup çykdy. Biraz mundan öň ol obada gopan başlyklyk dawasyndan soň, onuň ady Pendide soňky döwürde giňden tanalan adamlaryň biri bolupdy.

Baýraçlylar mundan öň öz hojalygyny oňarýan hökmünde, bu öňe düşse, ilem oňar diýip, Merdan Maçy özlerine başlyklyga göteripdiler. Emma onuň wezipesine göz gyzdyrýanlaram kolhozy özüniň ondan has gowy oňarjagyna ynanyp, ony alyp ýatmagyň ugruna çykanlaram bardy. Şeýdibem, iki ýyldan ýeleden ýel alyp gopupdy obada bir harasat-dawa.

Onuň bir çeti hatda Aşgabada, Gaýgysyz Atabaýewe çenli baryp ýetipdi. Ine, bir günden bir günem gara maşynda ýanynyň

bäş-alty garageýimli ýaragly adamlary bilen Atabaýewiň özi-de ýetip gelipdi.

Ol gele-gelmäne agzalalygyň döremegine ýol berenligi üçin bada-bat Merdan Maçy işden boşadypdy. «Onuň ýerine kimi goýarys?» diýip, halkyň özüne sala salypdy. Göreniňem nä il-dä, saýlasa her kim özüni, bolmasa özüne has önjeýli nepi deger diýen ýakynlaryny, dost-ýaryny saýlajak. Gopýar ýene-de bir jedel, dawa. Atabaýew galmagaly ýatyryp: «Siz saýlap bilmeseňiz, onda başlygy meniň özüm saýlajak. Hany hemmäň elleriňizi öňe uzadyp, görkeziň maňa!» diýip talap edipdir.

Atabaýew öňde aýlanyp, birsalym adamlaryň elleriniň aýalaryny synlansoň, olaryň içinden, iliň garaşmadyk bir adamsynyň ýakasyny tutup: «Ine, şu hak daýhan adam eken, elleri dagyn jaýryk-jaýryk onuň. Size başlyk şu bolar» diýýär. «Hä, ol iş oňaraýsa-ha, ondan-a Maçymyz müň esse gowudyr» diýip, nägile bolanlarynda bolsa ol: «Alarlasaň, at bolar, iterleseň– it» diýip, il pähimini aýdyp jogap berýär. Öz sözleriniň ýer tutmajagyny gören halka: «Hany şonuň nähili at bolşuny göreli!» diýşip, nägile hüňürdeşäýmeden başga alaç galmaýar.

Merdan Maçy bolsa ol diňe bir wezipeden boşadyp goýman, elini bagladyp, öz münüp gelen maşynyna mündürip, bendiläp alyp gidýär. Şeýdibem, onuň hemişelik deregi ýitýär. Tizden betbagtçylygyň ýeke gelmeýänligi belli bolup, Merdan Maçyň töweregi hökmünde Allaberdiniň maşgalasy hem sürgüne ýollanylýar. Şeýlelik bilenem, onuň yzynda galanlar üçinem onuň dogan-garyndaşlary üçinem sürgünligiň surnukdyrjy selhä-selli günleri başlanýar.

Hökümetiň belli bir ýerde goýman Orazgylyç dagyny beýdip ondan-oňa hallanladyp, göçürip-gonduryp ýörmegi, göýä olary nirede goýjagyny bilmeýäne, bu barada telim wagt geçende bolsa, henizem olar barada belli bir karara gelmedige çalym edýärdi. Hawa-da, bu döwürde hökümetiň sürgüne berýänäm kändi-dä, haýsy birine ýer-jaý tapsyn! Köp bolansoň, hasabyny ýitirip, käbir

toparlary unudaýan bolmagy-da mümkin. Orazgylyç dagynyň topary bolsa, şol unudylanlardan bolmaly. Şeýledir, ýogsam birki aýlabam bir beýle göç-hä-göçlük, selkä-sellik bolarmy?!Ýene adamlaryň iş meseleleri-de şeýle boldy. Ýogsam dünýä güýzäp barýar, häzir dagy meýdan işleriniň hetdi hasaby ýokduram welin, ulanmaly-da munça el güýjüni şol işlerde... Adamlar ikibir, üç bir bolşup, öz ýaşaýan ýerleriniň öňünde üýşüşýärdiler, gürleşip oturýardylar, indiki ykballary bilen gyzygyşyp, çen-çak gürrüňler edişýärdiler. Köplenişip oturmak bolsa gadagandy. Adamlar köplenişiberseler, dessine bir ýerden togalanyp, komendant ýa onuň adamlary peýda bolup: «Hany dargaň, üýşüşmäň!» diýip, bada şular hökümetiň garşysyna bir iş gaýraýmasyn diýýälermi nämemi, olary dargytmak bilen bolardylar. Diňe çagalar tarhandy. Olar howlyň içinde nirä baraslary gelse barardylar, nirede oturaslary gelse oturardylar. Uly goh bolşup, howlyň ortasyndaky açyk meýdanda öz oýunlaryny hem oýnardylar. Şeýdibem ömrüň her güni alasarmyk oý-pikirler bilen başlanyp, şonuň bilenem paýawlaýardy.

Orazgylyç bilen Allaberdi şeýle günlerde öz ýaşaýan hüjre jaýlaryndan çykyp, onuň diwaryna arkalaryny berşip, ondan-mundan gürleşip, güneşläp otyrdylar. Her gezek diýen ýaly goňşulary, ýapbaç telpekli Juma-da gelip, bu ýerdäki gürrüňçilige goşulardy.

–Güneşleýäsmi?

–Eýsem, näme etjek?

–Bikärlig-ä gowy däl-ýeý bi!

–Alajyň näme?

–Ýaşamak, işiň ugrunda eplik-de-ýaplyk bolup, ýetişiksiz günde bolup ýören wagtyň gowy eken.

Jumanyň ýok iş-aladany ýatladyp, goňşularynyň ýarasyny täzelänligi belli boldy. Allaberdi:

– Şu bikärlikden-ä daş köwdürse-de gowy bordy.

Orazgylyç ýer çyzyp oturyşyna:

– Alanyňda şondan gowy iş alarynam öýdýämiň şulardan?

– Wah, bir iş berse bolýar-la – diýip, Juma çommalyp oturyşyna, indi göwresiniň aýaklaryna agram berip, zora tutup ugranyny duýup, aýaklaryny uzadyp, ynjalykly otyra ýer gözläp, töweregine garandy...

Birazdan bu ýerde indi göçülip gelnen gününden bäri bikärlikden bizar bolnup, şuňa meňzeş gürrüňler edilýärdi. Sürgünler ýat ilde kemsidilmelerdir ondan ýeňil bolmadyk aýralyk derdini çekýärdiler.

Bularyň dilegini Taňry eşidenligi belli boldy. Şol günleriň birinde komendant erkek adamlary jemläp, olara gazy-gazmaga äkitdi. Adamlar boldugyndan töwerekdäki obalardan alnan pil, kätmen ýaly iş gurallary bilen üpjün edildi.

...Ýaba girilensoň, Allaberdi eline tutdurylan kätmeniň ebeteýini tapman durşuna ony bir eýläk aýlady, birem beýläk.

–Heý, kätmen bilenem bir gazy gazylar oguşýan? Ýeten ýerde gepläp ýörmeýän Orazgylyç onuň kätmeniň ebeteýini tapman durşuna duýdudaşlyk bilen sähelçe ýylgyrdy. Eýýäm eline pil berlen Mämmet atly ýigit gernip-gernip raýşa çyg toprak oklap durşuna göwünjeň gepe goşuldy:

– Aý, beý diýme, gardaş, biziň türkmenimizde gazylmasa-da, özbekler-ä uly ýaplarynam kätmen bilen gazýamyşlar aslynda.

– Onuň üçin özbek bolmaly-da.

– A, bol-da senem! Ýurduna geldik, gün-güzeranyna şärik bolduk. Indem näme ýagdaýa görä bolubermeli – diýlip, oňa özüçe göwünlik berdi.

Iş adamlarda doňup duran durmuş täzeden herekete gelen ýaly göwün çaglaýdyjy, ýakymly duýgy döretdi.

* * *

Irden okuwa diýip giden Ogulbikedir Akjagül gidenlerine köp wagt geçmänkä, boýunlaryny sallaşyp, keýpsiz süllerişip

yzlaryna gaýdyp geldiler. Mekdepde okuw bu ýylam ýene-de täzeden, ýaňyrak başlanyp ýördi. Eýýäm okuwçylaryň öňünde birden-ikiden täze neşir edilen kitaplar hem peýda bolup ugrapdy. Gyzlar indi mamasynyň ýumuşlaryndan sypynyp bildikleri ürç edip, şol kitaplary okamak bilendiler. Gerek wagty olar dessine gopubermän, şol kitaplar sebäpli käte mamalaryndan käýinjem eşiderdiler. «Haý, bikärler, şol kitap diýip, halys bagry kebap bolaýdyňyz-la siz, näme ýazylypdyr onda beýle molla bolup, üstünde tükgerip ýataryňyz ýaly!?» diýerdi.

Adatdakysy ýaly şol günem okuwçylar öz okuw otaglarynda okaşyp otyrdylar. Wagt günortana sanyp barýardy. Şol barmana mekdep direktorynyň yzy bilen aýnanyň öňünden ýene-de iki adam geçdi. Olara gözi düşen okuwçylar: «Bular kimkä? Näme üçin gelýärkäler, sürrekleşip ýörkäler?» diýen soraglary özlerine berip bermänkäler, olar gapydan girdiler.

Topary yzyna düşürip gelen mekdep direktory gele-gelmänede gözüni jel-jelledip, içerä gözüni gezdirmäge durupdy. Onuň kimdir birini gözleýänligi belli boldy.

Oturanlar nämäniň nämeligine düşünip-düşünmänkä-de, ol Ogulbikä tarap baş atyp duran ýerinde talaply gepledi.

–Orazgeldiýewa, hany sen ýygna goşuňy! Kulak çagalarynyň garyp daýhan gatlagynyň çagalary bilen okamaga haky ýok. Çyk derrew, bar gidiber!

Onuň yzyna düşürip gelen adamlarynyň islegine laýyk hereket edýänligi düşnükli boldy. Ol häzir kemsitdir şäherden gelen wekiliň gepini gepleýärdi. Soňra ol gapdalda bu ýagdaýyň nähili beýle bolup biljegine oňly düşünibilmän duran Ogulbikäniň çykarylyp kowulmagyny halamazlyk bilen, nägile bolan mugallyma ýüzlendi:

– Şu günden şeýläk, kulak çagalary mekdebe garasyny salmasyn!

–Ogulbike aramyzda iň zehinli çagalardan biridi-dä – diýip, eli kitaply duran mugallym ýene-de otagdan çykyp barýan

Ogulbikäniň yzyndan gözläp durşuna, öz nägileligine mälim etmän durup bilmedi.

Bu gezek mugallyma direktoryň gapdalynda barmaklarynyň arasyndan barmaklaryny geçirip, iki elini esli ýumruga öwrüp, bilkemeriniň aşak eteginde tutup duran şäherden gelen wekil jogap berdi:

–Eziji synpyň gowusy bolmaýşy ýaly, olaryň çagalarynyňam gowusy bolmaz. –Ýylanyň ulusy ne, kiçisi ne? Soň ol öňünde oturan çagalara ýüzlenip, ýene sözüni dowam etdirdi: –Hökümet-partiýanyň talaby biziň üçin bada-bat ýerine ýetirilmeli kanundyr.

Ogulbike gapydan çykyp barýarka Ýagdy bir ädim gapa tarap ätläp onuň öňüni kesdi-de, oňa ýaglygyna dolap alyp barýan kitabyny görkezdi.

–Ol kitaby nirik alyp barýaň, gyz!?

–Öýe.

–Kitaby goýup gitmeli. «Kulak çagasynyň Sowet mekdebinde okamaga haky ýok» diýlip aýdyl-da saňa!

Duranlar elinden kitaby alnansoň, gyz gorkup müzzererli görünse-de ol beýtmedi.

Tutulan guş ýaly pasyrdap yzyna dolanansoň, gapydan çykyp barýarka, sähelçe bir säginip, yzyna gözledi-de, duranlara kymyşlarça öjügip:

–Bow, alsaňyz alyberiň kitabymy. Men onuň bar hatyny eýýäm ýatdanam bilýän – diýip, duranlaryň içini ýakjak gep aýdýanlygyna ynanyp, dogumly gepledi.

Ogulbike käte yzda galan mekdep jaýlaryna öwrülip gözläp, tasap çykyp gelýärkä, özünden biraz öň mekdepden çykarylyp kowlan dogany Akjagülüň yzyndan ýetdi.

–Senem kowdularmy?

–Baý-gulak çagalarymyş-a biz.

–Bolanda näme?

–Bolandasy şol. Biziň okamaga hakymyz ýokmuş.

–Kim diýýäkän şony.

–Aý kim diýer. Ýene Ýagdy şuradan çykýandyr-da bu gep. Onsuz çöp başy gymyldaýarmy, eýsem, bu obada – diýip, Ogulbike mamasynyň gepini tapdy.

–Şol gömüleniňem-ä ýeňibilmezi biz – Kymyşlar-a bolduk özün-ä.

–Bir bizem däldiris-le, gyz!

–Häzir öýe baryp, mamama bir aýdaýyn. Ýagdyň enesiniň üstüne gidip, oňa ýogy-bary aýdyp, ýüregini bir bulap gaýtsyn.

–Goýsana, gyz. Mamamçalap, diýibermesene senem näme diýesiň gelse. Indi okap bolansyň.

–Men-ä okaryn, şulaň içini ýakyp okaryn... Babam aýdýar-a, bizsiz uzak gitmezler, ekiniň, malyň ýagdaýyny bilýän adamlar bular-da gerekdir – diýip. Gördüň-ä hol gün Nurjuma daýym: «Kymyş aga, pylan ýere suw eltmekçi welin, derýadana gulagy nireden alarkak? Orazgeldi ýegen şunuň ýaly zada gowudy welin...» diýip gelenini.

–Goýsana, gyz! Özüňkini dogry etjek bolup, ýöne dyzap dursuň. Täze hökümet bize sala salýança, tal ösüp, tam ýykylar...

Mekdepden biraz saýlanansoňlar, başyna bir pikir gelen Ogulbike Akjagüle:

–Gel, şu töwerekde biraz oýnaly, şol barlagçy sebiller giderem welin, ýene yzymyza baraly!?

Ogulbikäniň oglan pikirini Akjagül goldamady.

–Söte ýaly bolşup, köçede bikär oýnap ýörseň, il näme diýer, gyz, geňlemezmi? Onsoňam yzyňa baraňda-da, olar kowmaly diýensoňlar, mugallym bizi okuwa goýbermez – diýip, janagyryly aýtdy.

Agtyklary aňyrdan basdaşlarça hüňürdeşip, boýunlaryny burşup keýpsiz gelen mahallary Jemal mama daşarda kölegä atylan keçäniň üstünde ýüň tüýdüp, bulaşyp oturdy. Ol agtyklarynyň wagtyndan öň gaýdyp gelýänlerini görüp, ilkä geň galdy, soňam: «Hany gelen bolsaňyz, geliň ýanyma, gutaralyň şuny günortana» diýip, olaram öz ýanyna ýüň tüýtmäge çagyrdy. Gyzlar özleriniň

baý-gulagyň çagasy diýlip, mekdepden kowulanlaryny aýdan mahaly, bu ýagdaýyň ýene-de mamanyň mertebesini kemsidip, ýüregini ýerinden gozgany belli boldy. Ol:

–Okutmasalar, okutmasynlar okuwlaryny, iki epläp, gowuz ýerlerine dyksynlar – diýdi, ýüregini çişirdi.

Onsuzam Jemal mama bu günler ene-atalarynyň mährinden jyda düşen gyzlarynyň hesret çekişip, saralyp-solup ýörüşlerini görüp, köýüp ýördi. Ogulbikäniň ejesine meňzeş at ýüzi inçelen, alma gözleri has ulalan ýaly bolupdy.

Akjagül kellesi sämän ýaly, tutuk perişan bolup gezýärdi. Ol aýralygy kiçi jigisinden has çuň berlene, onuň aňyrsyndaky maşgala bilen bagly bolaýmagy mümkin betbagtçylyklardan eýmenýän ýaly kalbyna salyp gyýlyp gynanýardy. Onuň bu bolşuna bada-bat ünsi düşen Jemal mama agtygynyň zyýan-zähmetden aňynyň üýtgäp gidibermeginden howpurganýardy.

Häli-şindi ünsüni basmak üçin, oňa ol-bi ýumuşlar buýruşdyrýardy, içini hümledip, dek oturtmazlyga çalyşýardy. Jemal mamanyň ýene-de agtyklarynyň ýüzünde çaga garagollugynyň, bagtyýarlygynyň alamatlaryny göresi gelýärdi. Aýralygyň agyr daşynyň aşagyndan çykmak üçin häzir garrynyň pikiriçe birazam bolsa özüňe gelip ruhlanmak hökmandy.

Iki-üç ýyllykda aýal-gyzlaram okamaly diýlende ol ilki gyzlaryny okuwa bermegi islemedigem bolsa, soňra beýtmegiň hökümetiň diýenine garşy bolýan ýaly boljadygyndan çekinip: «Iliň gyzy okaýan bolsa, goý, bularam okasyn» diýipdi.

Akjagül bilen Ogulbike hersi öz synplarynda gowy okaýan okuwçylaryň hasabyndadylar. Has-da Akjagülüň haty keşde ýaly owadandy, özi ýaly saýhallydy. Hemişe ähli zatda onuň bilen basdaşlyk edýän Ogulbike hem her babatda ondan kem galmajak bolup çir-çitirdi. Ol Akjagülden çakganlygy, taryh, edebiýat sapaklaryna ökdeligi bilen tapawutlanýardy. Ýady gowudy, goşgulary, kiçiräk hekaýalary tiz ýat tutýardy.

Emma adamlar baý-kulak diýlip tagmalanylyp, bölünip, kemsidilip ugransoňlar, gyzlara zehinleriniňem nepi degmedi. Bolşewige zehinliler gerekdi, ýöne oňa hökman öz adamlarynyň arasyndan çykan zehinler gerekdi. Şeýle bolanda bu olaryň soňra: «Gör, garyp-daýhan çagasy biziň döwrümizde okap, nä derejä ýetdi!» diýip, öz alyp barýan syýasatlary bilen öwünmek üçin gerekdi.

Kymyş duzçy agtyklarynyň ilden saýlanylyp kowulmagyny halamasa-da, syr bermezlige çalyşdy.

–Eý, balam, okutmasalar okutmasynlar, okap bilýäňiz, ýazyp bilýäňiz bor şol. Mamaňyzyň işlerine kömekleşiberiň, janyňyz sag bolsa, galan zadyň bir alajy bolar – diýdi. Agtyklaryny köşeşdirip, olara özüçe göwünlik berdi.

Gol doly maşgalasy sürgüne berlensoň, Jemal mamanyň indi özi-de bu dünýä sygmaýanlaryň biridi. «Ha, Allam, çagalaryň ýamanlygyny görkezmän, meni ýygnamalydyň!» diýip, ol häli-şindi ýürek togalap, Taňra sygnardy. Ol öýüni hem indi döwrany öten haraba, adamsy bilen özüni bolsa şol harabada «gak-bak» edip oturan baýguş hasap ederdi.

Kymyş duzçynyň hem hemişe nirä gitse, ýetmäge howlugyp gaýdyp gelýän öýüne indi aňsat aýagy çekmezdi. Köplenç ol gününi meýdanda, gawun başynda, onda-munda, üýşmeleňlerde geçirenini kem görmezdi. Ogullarynyň maşgalasy bilen sogrulyp-sogrulyp gitmekleri onuň özüniňem ýüreginiň sogrulyp, olar bile gitmegi bolupdy. Indi ol tä şolar gaýdyp gelýänçäler özüniň ynjalyp, şol öňki bagtly gojalygyna öwrülip bilmejegine göz ýetiripdi. Oňa indi diňe ýatlamalar galypdy. Oglanlary barka eýýäm ol öý-ojak bilen bagly ähli aladalaryny abraý bilen özünden olara geçirdim, hak eýelerine gowşurdym hasap edip ýördi: ekin ekýänem, mallaryň aladasyny edýänem ogullarydyr onuň gelinleridi. Toý-ýasa-da Kymyşlardan esasy wekilçilik edýänlerem ýene-de şolardylar. Kymyş duzçy gün içinde mallara bir eşek ýüki ot getiräýmese ýa-da gerek bolanda bugdaý, gawun başynda sakçy

bolaýmasa, beýleki aladalara ulaşybam ýörmezdi. Dogrusy, goja halyna beýleki aladalara goşulyberse, ogullary halamazdylar, uly ogly hiç zat diýmese-de, kiçisi häsiýeti birkyýama özüne meňzeş Orazgylyç: «Akga, siz namaz-täretiňiz bilen boluberseňiz bolmaýarmy, özümiz edip ýörüs-ä işleri» diýerdi. Onsuzam süňňüni yzarlap, gitdigiçe süýekleri bogunlary yzarlap gezýän agyry-yzanyň hem segsenden soň öňünde duraýmak bu-da ýeňil däldi.

Kymyş duzçy şol döwür indi şeýdip, tä ömrüniň ahyryna çenli öz gojalygy bilen gidişip gezjegine ynanýardy. Emma onuň maşgalasynyň keşigini çekmeli pursady entegem gutarman eken. Oglanlar gidensoň, ol lagşap, barha öýläne sanyp barýan gojalygyny saklamak üçin, täzeden bili guşamaly bolupdy. Bu ýagdaýa düşen wagty ol: «Hudaý jan, meniň bu ýüki çekip biljegimi bilýändir, ol hiç kime onuň çekip bilmejek ýüküni bermezmiş» diýip, onuň bu meselede gerek ýerinde ýene-de özüni goldajagyna göwün ýüwürdip, öz-özüne göwünlik bermäge çalşypdy. Şeýle-de ol täze hökümetiň yrsaramasynyň öňki edeni bilen gutarmanlygyna-da, garyplygyň barlylykdan gowudygyna bil baglap ynanýan hökümetiň hemmäni sürüp, ahyrsoňy şol ýoksullyga eltmän köşeşmejegini hem pikir edýärdi. Her ýagdaý bolsa-da, oglanlary gaýdyp gelip, öz orunlaryny eýeleýänçäler, aýak üstünde durmaga Alladan ömür, kuwwat diläp çytyraşýardy. Şonuň üçinem, agtyklarynyň ilden saýlanyp kowulmagy onuň täze hökümetden garaşmaýan zady hem däldi.

Kulak çagasy diýlip, mekdepden kowlan Akjagüldür Ogulbike şundan soň, mamasydyr babasynyň güzeran aladalary bilen bagly tükeniksiz işlerine ýardam berşip, günlerine kaýyl bolşup geziberdiler.

* * *

Owganystanda «Orta Aziýa halas ediş» goşunlarynyň döredilmäge synanyşyklar edilýändiginden Sowet hökümeti

bireýýämden bäri habarlady. OGPU ondan ahmal galmazlyk üçin, eserdeňligi elden bermeýärdi. Ol güýjüň döremeginiň öňüni almak üçin ýerlerde gyssagly hem pirimli işler alnyp barylýardy. Ähli bar bolan we bolmadyk mümkinçilikleri öz peýdasyna ulanmaga çalyşýardy, şeýle mümkinçilikleri uzakdan-uzaga gidýän planlar bilen Sowet organlarynyň özleriniň ýörite gurnaýan wagtlaryda az bolmaýardy. Onuň dürli ýollar bilen ataran habarçy-içalylary gije-gündiz Owganystanyň süňňünde haram ölen malyň teninde dömen gurçuklar deýin müňňüldeşer ýörerdiler. Döwrüň garma-gürmeliginden peýdalanyp, öz garabaşlaryny gutarmak üçin, mümkin bolan pursady elden bermän, halkyň arasyndan töwekgelçilige berlip, oňa işleýänlerem, işlemäge mežbur edilýänlerem az däldi.

Guşgy, Tagtabazar, Sarahs ýerleriniň üsti bilen, päsgelçilikleriň az däldigine seretmezden, täze hökümet tarapyndan göwnüne deglen adamlaryň: «Ýamandan ýaý boýy» edip, gaçyp-sypyp serhetden aşmasy bolsa henizem az däldi. Günortada ýüzlerçe kilometrlikde ýaý berip ýatan bu serhede hökümini doly ýöretmek entek täze hökümete başartmaýardy. Dartylan ykbal ýaýyndan milletiň ok bolup, çar tarapa atylýan döwrüdi. Ýöne Owganda OGPU-nyň näçe gulagy bolsa-da, barybir ol azlyk edýärdi. Köp babatda aňyrdan gelýän habarlaryň ýetmezçilik edip, ýagdaýy derňemäge mümkinçilik bolman, ters, netijesiz hereketleriň bolmagyna getirýän ýagdaýlaram az bolmaýardy. Merkez şonuň üçin-de, ýerlerdäkilerden onda-da häzirki emele gelýän ýagdaýlar bilen baglylykda Jüneýit ýaly serdarlaryň töwereginde öz jansyzlarynyň artmagyny, nädibem bolsa, ygtybarly maglumatlar gazanylmagyny talap edýärdi.

OGPU-nyň Owganda geljekde şeýle ynamly öz gulaklary bolup biler diýip tama edýän adamlarynyň biri-de Ahmetdi. Şonuň üçinem Owgana gizlin gatnaýan, Sowet serhedini äsgermezlik edip bozýan hökmünde tussag edilen Ahmede gutarnykly

çäre görmäge howlukmaýardylar. Ýogsam Ahmedem şol ele düşen günleri türme tussaglygyna höküm edilip, etaba goşulyp, gümgidene gitmelileriň biridi. Indi esasan onuň bilen öňki öliň soragyny sorap, öz isleýän jogaplaryny  almak üçin, her hili gynamalar geçirýän jellatlar däl-de, pes boýly, ýaňy saçynyň eteginden ak girip ugran Sarkis atly, «kontrazwedka» lakamly, harbylarça geýinse-de, harbylara o diýen meňzäp barmaýan bir hili mylaýymdan müsgin görünýän ermeni adamsy duşuşýardy. Onymuny sorap, Owgandaky ýagdaýlary anyklap, Ahmedi hemme taraplaýyn ilik-düwme öwrenýänem ýene-de şoldy. Öwrendikçe-de onda öz diýenine getirip, «hä» diýdirip bilse, Ahmediň tüýs özlerine gerekli, öz adam bolup biljekdigine bolan ynam artýardy. Jansyza has gerek häsiýetleriň ýene birisiniň – aýtmaýyn diýse, Ahmediň syr saklap bilýänligini bolsa ol günäsini boýun aldyryljak bolnup edilen agyr synaglarda onuň sep bermän, gerek bolanda, mertlerçe durup bilýänligini bolsa görüpdi. Nirede bolsa-da, syr saklap biljekdigine-de ynandyrypdy.

Dogrudanam, Owganda täze hökümete biri ynamly adam bolmaly bolsa, şol bolup biljek adamlaryň birem Ahmetdi. Ahmet şeýle-de ol ýerde arkalydy. Onuň arkasynda Akynýaz baý bardy. Akynýaz baý bu ýerden täze hökümeti göwnüne jaý edip bilmän, şeýle at-abraýy bilenem ondan geçen-de bolsa, ederini bilýän parasatly adam hökmünde tiz köpe özüni aldyrypdy. Onuň gerek ýerinde garyndaş hökmünde Ahmediň arkasyny aljagy-da ikuçsuzdy. Ahmediň aýaly Akgül Akynýaz baýyň enebaşga aýal doganlarynyň biridi. Kymyş duzçy Mämmet hanyň ol gyzynam öz uly gelni Ogujuma ýaly sarpaly, salyhatly, adamsyna, çagalaryna, öýüne edýän hyzmatlaryndan lezzet alýan yhlasly aýal bolar diýen tama bilen inisi Ahmede alyp beripdir.

Sarkisow Ahmedi ýene bu gün serhet galasyna degişli öz oturýan otagyna getirtdi. Indi soňky günlerde näme üçindir Ahmet bilen Sarkisow aýratynlykda, diýseň içgin gyzyklanýardy. Ony sorag soralýan ýerdäki ýakasyny tanadan, baş jellatlaryň ýanyna

hem ertmäni bes edipdiler. Şol ýyllarda bu ýerde ýumruklary küdüň ýaly, bir uranda eňegiňi ýazdyrýan, gyzyl orus Morozow bilen, garaýagyzdan gelen mazardat, burunlak, kükreginiň tüýleri ýakasyndan çykyşyp duran, ýok ýerinde ady Apbow kürt diýlip tutulýan, tussag-bendileri zalymlyk bilen ýugrup-ýassaýan, bir-birinden zalym iki sany ýakasyny tanadan jellatlar bardy. Olar öz islän maglumatlaryny almak üçin dübleşip, Ahmediň üstüne hem köp dyzanyşyp alypdylar.

Şol günleriň birinde ýenjip süýndürenlerinden soň, gana bulanan Ahmetden: «Aýtjakmy, ýok?» diýip, täzeden soralanda ol: «Aýdaýyn!» diýip, mugyra gelene meňzäpdi. Soňam agzynyň ganyny ýeňi bilen sylyp durşuna şeýle diýipdi:

– Meniň size bir aýtjak gepim bar. Ýa-ha meni urup öldüriň, ýa-da bu erden gaçyň Orusýet, Kürdüstan diýip öz ýurduňyza. Ýogsam meniň aýak ýeterimde galsaňyz, diri soýup, deriňize saman dykyp, ýolda goýaryn!

Şonda Ahmediň gylawly gepine jogap hökmünde Morozowdyr Apbow kürt ikisi öjügişip, ony suwasalma edip öňküdenem beter edip ýenjipdiler. Ýöne näme üçindir şondan soň welin, ony bularyň eline bermäge howlukmadylar.

Ahmet Sarkisowyň oturan oturgyjyndan iki-üç ädim ýeňsede goýlan oturgyçda ýaňyrak çözülen elleriniň gurşan goşarlaryny taýly gezegine sypalap otyrdy.

Sarkisow gapdalynda gatlanyp duran kagyzlaryň içinden Ahmede degişlisini tapyp aldy-da, ony öňüne çekdi. Onuň ýüzi argyndy, gije ýatman şöwür çekip, serhet ýakalarynda öz geçirýän işleriniň ugrunda bolup gezene meňzeýärdi. Mahal-mahal gerinjek ýaly düýrügip, pallap ýadaw gözlerini owkalaşdyrýardy.

Gapdaldaky penjireden ak gündiziň bir bölegi içerik düşýärdi. Gaýrada derýanyň arkasynda bir ýerlerde Garabil baýyrlarynyň depe tutup üýşüşip oturyşlary salgym atyp, bu ýerden görünýärdi. Penjiräniň öňünden wagtal-wagtal esgerler gorsuldaşyp, o-ýan, bu-ýan ötüşip-geçişip durdular.

–Akynýaz baýyň Owgan bürgüdi bilen näme sebäpden alagöz bolşanyndan seniň habaryň barmy onsoň?

Sarkisowyň ýene-de gürrüňde Akynýaz baý bilen gyzyklanmagyny dowam etdirmekçi bolanlygy belli boldy.

–Men-ä olary juda bir alagözdürem öýdemok.

–Galada bolan maslahatda olar dikleşip almandyrlarmy, eýsem?

–Meniň-ä oňa dikleşigem diýesim gelenok, çakyşygam. Bir-birine gazap eden ýok, ýarag çekenem. Bu ýöne suw-ýer dawasy bilen bagly adaty bir dartgynlyrak bolan jedelleriň biridir. Bürgüdiňki düşnükli, ol Sowetden gaçyp gelýän adamlaryň köpelýänini görüp, olardan Marçagyň töwereginiň ýerini gysganýar. Ýaşaýşyna şärik edesi gelenok. Olaryň jedeliniň sebäbem esasan-da şundan ybarat.

Bärden baran türkmen baýlarynyň para-peşgeş bilen ol ýerde özlerine gereginden artyk ýer alşyp, ilden çykyberişleri ol ýere baran garyp gatlakda uly nägilelik döredipdi. Olar bolsa köplükdi. Şu ýagdaýda Akynýaz baý orta düşüp, ýersiz galanlaryň bähbitlerini arap, baýlary ynsaba, ýersizleriň ýagdaýyna düşünmäge çagyrypdy. Bürgüdiň, ýeneki baýlaryň halky ekerançylyk ýerleri bolmadyk, suwsuz gaty ýerlere ibermek meselesine garşy çykypdy. Ol:

– Eý, musulman doganlar. Biz Owgan emiri Nedir hanyň bize edýän ýagşylygyna dogry düşünmelidiris. Goý, Ýaradanyň özi emir hezretleriniň mertebesini mundanam beýik etsin. Ol bu ýeri diňe barly adamlar peýdalansyn diýip däl-de, bu onuň ähli musulman bendeleriniň arkasyny alyp, olara eden haýyr sahawaty, ýardam-peşgeşidir. Ondan paý almaga hemmeleriň-de haky bardyr! – diýip, garşydaşlar bilen düşünişmek isläpdi. Baýlar:

–Bu-ha bolşewigiň gepini tapdy.

–Garybyň arkasyny alan bolşuny gör!

–Bu öňem Atabaý Gaýgysyz bilen ülpet bolşup, Sowetiň hyzmatynda bolup, uly derejelerde oturan adam – diýip, ondan

nägile bolupdylar. Akynýaz baýy raýyndan gaýtarmak, öz maksatlaryna ýetmek üçin onuň üstüne abraýly işan-mollalary hem töwella iberip görüpdiler. Oňa:

–Sen özüňe islän ýeriňden al näçe ýer-suw alsaň, ýöne köpüň öňünden aýryl!? – diýipdiler. Akynýaz baý olaryň şertini kabul etmänligi üçin bolsa indi şundan soň Bürgüt başlyklaýyn türkmen baýlary ony döwletiň derejeli adamlarynyň ýanynda agzyna sygan günäler bilen günäkärläp ýamanlaýardylar. Hatda onuň bu ýere Sowetler tarapyndan içaly edilip iberlenligine hem hökümeti ynandyrmaga synanyşyklar edilýärdi. Baýlar diňe şu ýol bilen Owgan emeldarlarynyň göwnüne güman salynsa, ondan dynyp bolar diýip çen edýärdiler.

Ýöne oba baýlarynyň ýakynda Jüneýit hana wepadarlyk bildirmek üçin onuň ýaşaýan Kepderhan obasyna eden saparlary Akynýaz baýy ýene-de hemmeleriň öňünde bir gez beýgeldipdi.

Jüneýit hanyň agyr ýygna baş bolmagynda ýurdy halas etmäge gitmäge taýýarlyk görülýändigi baradaky habary, özge ýerleriň barly adamlarynyň eýýäm oňa: «Han aga, işiň ileri!» diýip, ýaranlyk bildirmäge barýandyklaryny eşidip, marçaklylaram Bürgüdiň ýolbaşçylygynda on-on iki sany, Jüneýit hanyň işi bitip, ýurda han dagy bolaýsa, bizem gözden salmasyn diýen tama bilen, näden nä borkan diýşip ýören çemeçileriňem birnäçesi onuň bilen gitdiler.

Bürgüdiň goşasy gelmän, bu topara goşan adamlarynyň biri-de Akynýaz baýdy. Has dogrusy öň Sowete işlän adam, Jüneýit hanyň hoşuna ýakmaz bahanasy bilen, Bürgüt ony galdyrmakçy bolanda, işan aga ara düşüp: «Irde-giçde bir iş tutup, halky yzyňa düşürjek bolsaň, ýene-de sen töwereginde Akynýaz baýdan gabylyny tapmarsyň» diýip, Akynýaz baýyň-da ol ýere gitmegine ony zordan razy edipdi. Marçakdan hana: «Işiň ugruna!» diýmäge gelenleri Jüneýidiň ýakyn-ýaranlary, Ahun işany bilen ogly Eşşi kabul etdi. Hal-ahwal soraşylyp, göwündeşlik üçin olara

minnetdarlyk bildirildi. Hanyň özlerini kabul etmänligine biraz kemsinen Bürgüt hoşlaşalmazyndan ozal, öz nägileligini mälim edip, onuň ogluna ýüzlenip:

–Serdar, han hezretleriniň saglygy ganymatmydyr?

–Şükür alhamdililla. Han habarly. Jankörlik edip geleniňiz üçin siz –marçaklylara minnetdarlyk bildirýär.

–Bizi sylany Alla sylasyn! – diýip, Bürgüt köpügörenligini edip,  kabul edilişlerinden närazy bolsa-da, olar bilen minnetdar bolandan bolup hoşlaşdy. Öz ýanyndan  bolsa «Han hezretleri bir zerur iş bilen gidip, bu ýerde bolmany üçin bizi kabul eden däldir» diýip, göwnüne basalyk berip oýlandy.

Emma haçanda marçaklylar atlanyp durkalar aňyrdan gelen ýigit:

–Adamlar, siziň haýsy biriňiz Akynýaz Mämmet ogly bolýarsyňyz? – diýip, olara ýüzlenipdi. Kimiň kimligini anyklansoň bolsa: – Sizi han aganyň huzuryna alyp gelmeli diýdiler – diýip, oňa habaryny beripdi.

Akynýaz baý şundan soň Jüneýit hanyň özüni tanandygyny bilip, şeýle ýagdaýda köne tanyşlara mahsus bolan yzzat edijilikli kanagatlanma duýgusyny başdan geçirdi. Atlanjak bolup duran atynyň jylawyny gaýtadan attutaryň eline berip, täzeden yzyna dolanyp, sorap gelen adamyň yzyna düşüpdi. Giň howlynyň töründe bir toplum bolup oturan Jüneýit hanyň maşgalalaryna degişli öýlere golaýlaşan mahallary öňden hanyň ýanyna ugradyp barýan adam ol öýlere ýetmän, aýak çekdi-de, yzyna öwrülip:

– Myhman, ýaragyňyz bolsa, bize goýaýyň – diýip, sypaýyçylykly ýüzlendi.

Döwür talap edýän-de bolsa, Akynýaz baý uzak ýola ýekeräk gitmeli bolaýmasa, hemişe ýanbaşa ýaplap, ýarag götermezdi. Häzirem onuň ýanynda ýarag ugrundan çaklaňrak ýasalan ak saply jöwher pyçagy bardy. Onsuzam Jüneýit han ýaly daşy goragly mertebeli adamyň ýanyna nähili barylýanyny ol gowy bilýärdi.

– Şul-a bardyr – diýip, Akynýaz baý pyçagyny ýatlap, gapdalyny sermedi, soňam ony guşagyndan ýazdyryp, öňe düşüp gelýän ýigidiň eline berdi.

– Şonam goýaýyň! Gideniňizde alyp gidersiňiz! – Ýigit ony öňlerinden çykan iki adamyň birine uzatdy. Çakylyk edip alyp gelýän ýigit Akynýaz baýy öýlerden üzňeräk oturan iki gara öýüň sag tarapyndakysyna alyp bardy. Içerik girip-girmänem: –Han däde, myhmany alyp gelendirin–diýip habaryny berdi.

Içerden gysgajyk ardynmadan soň bogugsyrak ses eşidildi:

– Gowy edipsiň, gelsin myhman!

Han Akynýaz baýy görüp, gobsunyp ýerinden turdy. Onuň bilen iki el berşip, gadyrly salamlaşdy. Gysgajyk aýak üstünde salam-helik alşyp durdy. Diňe şundan soň oňa öz gapdalyndan oturmaga ýer görkezdi.

Alty ganat ak öýüň içinde hanyň özünden başga adam bolmansoň, ol öý sekiz ganat öý ýaly boşlaň hem giňiş görünýär. Öýüň içinde biraz ojakdan göterilen tanyş kül ysy bilen öý içine gatbar-gatbar düşelen haly düşeklerden göterilen edaja boýagdyr ýüň ysy bar.

Han «Türkmen törüni bermez» edip, töre ýazylan uly düýphalynyň üstünde oturan eken.

Akynýaz baý giren mahaly öýüň içi bir hili alagaraňkyrak görnen hem bolsa, soňra kem-kemden gözleri içerik öwrenişip ugransoň, hamala şol çal perde bir tarapa syrylan ýaly bolup, öýüň içi barha aýdyňlyk tapdy. Akynýaz baý Jüneýit hanyň häzirki durkuny bilesigelijilik bilen ony ilki görendäki keşbi bilen deňeşdirdi. Han diýseň-diýmeseň, biraz sykylyp, sakgal-saçynyň agy artyp gojalypdyr. Gözler welin şol mundan on bäş-on alty ýyl ozal gören howlukman, dünýäniň manysyny tirip oturan agras bürgüt gözler. Onsoňam bu güýçlüden güýçli bilen gazaply garpyşylyp, agyr hunabaly ýagdaýlary başdan geçirip, kalby ýyňrandyryp, agyr ýitgilerem çekip ýören Jüneýit han garraman kim garrasyn!?

Akynýaz baý şol ýyllar içinde ýene bir gezek onuň bilen duşuşjagyny tama edipdi. 1924-nji ýylda Türkmenistanyň respublika diýlip, yglan edilmegi bilen bagly Aşgabatda geçiriljek dabara çagyrylanlaryň arasynda ol-da bardy. Türkmenistana döwlet statusynyň berilmegi, türkmen watançylarynyň kalbynda uly joşgundyr kanagatlanma döredipdi. Bu özbaşdak döwlet bolmak ozal-ahyr telim bir asyrlardan bäri halkyň kalpda besleýän arzuwy dälmidi, nä eýse!? Özbaşdaklyk bu türkmeniň elýetmez altyn halka elini ýetirmegidi. Ol günler bu şatlykly habary eşidip, oňa buýsanyp begenýäniň sany-sajagy ýokdy. Jüneýit han hem bu hoş habary eşidip, öz öwresinde toý tutanlaryň biri bolupdy. Türkmeniň döwlet bolmagyna kelläni orta goýup, duşman bilen indi onlarça ýyllardan bäri onuň erkinligi üçin göreşip ýören Jüneýit han guwanman kim guwansyn!? Ol täze döreýän türkmen döwletiniň ýolbaşçylarynyň ýörite çakylygyny hem uly kanagatlanma bilen kabul edipdi. Şol günler ol Magtymguly şahyryň: «Bir suprada taýyn kylynsa aşlar, göteriler ol ykbaly türkmeniň» diýen arzuwynyň hasyl bolup barýanyna hem bir döwür ynanypdy. Şonuň üçinem onuň dabaranyň başlanjak gününe çenli öz töweregi bilen ýetip gelmegine garaşylýardy.

Gaýgysyz Atabaýew Marydan dabara gatnaşmaga gelenler bilen onuň öňüsyrasynda duşanda adamlar nähilidir bir hili gyzyklanyp ondan: «Ýoldaş Atabaýew, dabara han Jüneýidem çagyrylanmyş, ol gelermikän?» diýip sorapdy. Atabaýew olara: «Habar ugratdyk» diýip, gysgajyk jogap beripdi. Şonda şol ýygnaga gatnaşyp oturanlaryň biri Akynýaz Mämmet oglunda Atabaýewiň jogabynda birhili gümürtiklik bar ýaly bolup duýlupdy. Ol ýalňyşman eken. Ahyrda-da onuň çeni dogry bolup çykypdy. Jüneýit hanyň ýerine dabara onuň ýörite iberen adamlary gelip wekilçilik edipdiler. Hatda onuň adyndan dabarada söz sözlän işan: «Meniňem halkyma ahyr soňy döwlet ýar boldy» diýip begenip, buýsanyp, onuň baýdagynyň etegini ýüzüne sylyp,

aglap çök düşüp ogşapdy. Şu baýdagyň indi şundan aňry türkmeni çogly Gün bolup çoýjagyna tama edipdi.

Bu ýagdaý dabaradan soň, Jüneýit hanyň dabara gatnaşmazlygy barada oňa gatnaşyjylaryň arasynda ýene-de uly gürrüňler döredipdi. Kimseler Jüneýit han gelen bolsa, ony iliň öňünde ýaragsyzlandyrjak ekenler diýse, ýene birleri onuň gelmezligini ýakyndaky çaknyşyklaryň birinde alan ýarasy bilen baglapdylar. Ýöne köpler onuň Goçmämmet serdaryň ýalňyşlygyny sapak edinenligini pikir edipdi. Edermenlikde, çaparmanlykda özüni tanadan Goçmämmet serdar Sowetleriň aldawy bilen ele salnyp, uçuryp atylanlaryň biri bolupdy.

...Goçmämmet han hem bir döwürde Sowetlere ot ýakdyrman gezen türkmen serdarlarynyň biridi. Ol Jüneýit han öz halkynyň adamsy diýip, gaýgyryp goýman, öküzleriň batyr serdary Şammy keli aldaw ýoly bilen alyp ýatansoň, meýdan saýlap gyrlyşmasada, onuň bilen deň öwsesi gelmändi. Goçmämmet serdar bu işi garşydaşa garşy edilen adaty uruş däl-de, ahyr soňunda namartlyk bilen öz halkyna garşy edilen etmiş diýip hasap edýärdi. Umumanam, Şammy keliň öldürilip, goşuny dargadylansoň, Sowetler bilen ýurtda gaçyşyp-kowşup ýören serdarlaryň köpüsi birbada Jüneýit handan daşlaşypdylar. Hasam öýleri talaňa berlen öküzler, toýlary ýasa öwrülen garadaşlylardyr ata depgiledilen gökleňler handan arlydylar. Jüneýit han şol döwürde agzybirlik etmek üçin töwerekdäki hereket edýän serdarlary bir üýşüribem alypdy. Emma bu maslahaty serdarlar Jüneýit hanyň özlerini alyp ýatmak üçin gurnan hilesidir öýdenleri, hüşgärligi elden bermän dartgynly oturanlary üçin olaryň gürrüňleri alyşmandy. Maslahat Goçmämmet serdaryň Jüneýit hanyň öňe süren agzybirlik baradaky gepine jogap hökmünde tapan hokgasy bilen jemlenipdi. «Näme üçin biz şol bir maksatly bir halkyň adamlary bolup durkak düşünişip, agzybirlik edişip bilemzok?» diýen sowal ör-boýuna galan mahaly adamlaryň oňa jogap tapman, işiň gata düşenligi belli bolan

mahaly bu ýagdaýy göwnüne jaý edip bilmedik Goçmämmet han düşnükli zada düşünilmeýän zat hökmünde seredilmegini halaman, ol maslahatdaky öz gepi hökmünde bilindäki ok hataryny aýryp, ony ortadaky alawlap ot ýanyp duran ojaga taşlapdy. Oklaryň göçüp, alagürpüldi bolşup, ugramaklary şonda töwerekde howsalaly başagaýlygy döredipdi. Oklar göçüp ugrandan ojagyň töwereginde halka gurap oturan serdarlar oturan-oturan ýerlerinde okdan başlaryny gutarmak üçin ýüzin ýykylyp ýer bagyrtlapdylar.

Oklaryň göçmesi galyp, serdarlar başlaryny göteren mahallary däri ysy tutan içerde ojagyň başynda diňe iki adamyň şol oturan ýerlerinde sarsman, däri ümri bilen dumanlap oturandyklaryny gördi. Olaryň biri Goçmämmet serdar bolsa ikinji Jüneýit handy. Olar şundan soň bir-birlerine sözsüz düşünişdiler. Türkmeniň arslan ýürekli bu ogullaryna şundan soňam, öňem düşünişmek miýesser etmändi.

Biraz wagtdanam Sowetlere Goçmämmet serdary öz taraplaryna çekip, ony bähbitleri üçin ulanmak başardypdy. Goçmämmet han gyzyllaryň hatarynda bolup, ataman Dutowyň, Nozdyrýowyň toparlaryny ýok etmäge işjeň gatnaşýar. Emma onuň Sowetleriň degirmenine suw guýmasy iki-üç ýyldan uzaga çekmeýär. Hywadaky Sowet hökümetiniň ýolbaşçy wekilleri Şakirowdyr Soltanmyradow bir mümkinçilik bolanda ony nökerleri bilen aldawa salyp, baş galada ony geçmişdäki ata-babalarynyň Pýotr I-iň ilçisi Çerkaskini öldürişleri ýaly haýynlyk bilen öldürýärler.

Şeýdibem «Duşmandan ataň bolsun, ýanyňda paltaň bolsun» diýlen halk pähiminiň juda mamladygy ýene-de bir gezek hakykat bolýar.

Jüneýit handyr Akynýaz baý geleniniň yzysüre öňe gelen çaýdyr nahar-şoruň başynda könäni, ýeneki bolan-goýanlary ýatlaşyp, ertirki günlere çen-çak urşup, mesawy gürleşip oturdylar. Jüneýit hanyň ýolunda duşup, göwni ýeten adamlarynyň biri Gully emin, onuň soňky ýeňil bolmadyk ykbaly ýatlanyldy. Gully emi-

niň Daşkent türmesinden aman-sag çykyp gelenini Gaýgysyzyň tanyş hökmünde oňa delalat etmek islän-de bolsa, onuň-da elinden hiç zat gelmändigini oňa Akynýaz baýyň özi gürrüň berdi.

Türkmen döwletiniň esasy ýolbaşçysy Gaýgysyz Atabaýewden gürrüň çykanda Akynýaz ýene-de Kerkide özüniň Sowet ýolbaşçylarynyň biri bolup işlän döwründe onuň bilen bagly bolan ýene bir wakany ýatlady. Bu Amyderýa boýlarynda ýaşaýan, şol döwür ähli dokumentlerde «Uly ärsary göçi» diýlip atlandyrylan göç bilen bagly bolan wakady.

...Bu öwräniň halkynyň uly bir böleginiň Owganystana gaçyp geçmek hyýalynyň barlygyny Sowet ýolbaşçylary öňden bilýärdiler. Akynýaz şeýleräk ýagdaýyň barlygyny habar berip, bu ýagdaýyň öňüni almak meselesinde Gaýgysyzyň hut özüne sala salypdy. Şonda Gaýgysyz oňa: «Tizden özüm Kerkä barýan, meseläni şonda ýerinde çözeris» diýipdi. Göçüň gozganyp, ýola düşüp ugranyny eşidibem Atabaýew gyssagly Kerkä uçup gelipdi. Soňam ol halky raýyndan gaýtarmak üçin Akynýazdyr ýanynyň bir bölek atlysy bilen göçüň öňünden çykypdy. Şol ýerde at üstünde ärsary türkmenleriniň öňüne düşüp, ýol kesip barýan abraýly kethudalary, edermen batyrlary bilen hutma-hutrak şeýle gürrüň bolupdy.

–Adamlar, Watany terk edip, siz nirä barýaňyz?

–Eýsem, nädeli? Bu Sowet diýeniň äkidip güpledip-güpledip basyp dur, atanyny atyp dur. Halky tirsekläp hiç günlerine goýmasalar näme, OGPU diýdi, sut, prokuror diýdi bir-birinden zalym, belasy bolsa kän munuň. Özi-de halky ýagşy egismese, köşeşerli däl bularyň...

–Kynçylyk bar, adamlar, dogry aýdýaňyz. Ýöne bizem-ä mümkin bolan ýerde halkyň arkasynda durjak bolýarys!

–Onyň dogry, ýoldaş Atabaýew, ýöne köp halatda size-de ony etmek başardyp-da baranok. Wah, azar berilmesedi. Hiç ýerde Watandan gowy ýer tapmajagymyzam biz gowy bilýäs. Gyrlyp gutaraýmankak göçäýmesek, biziň başga alajymyz ýok.

Gaýgysyz, seniň biziň ýurtda galmagymyzy isleýäniň gowy zat, ýöne aýt hany sen bize galsak, onsoň bizi Sowetiň edýän bu duşmançylykly zulumlaryndan gorap biljekmi? Şu garamatymyzy boýna alsaň, biz göçmeýäs. Göçi ýeten ýerimizden yzyna dolap-da bilýäs!?

Döwlet başyna geçip, bu ärsary kethudalarynyň dogry durup beren bu sowaly Gaýgysyzyň jogap tapmadyk iň kyn soraglarynyň biri boldy. Atabaýew at başyny öwrüp, göçüň öňünden sowulaýmakdan başga alajy bolmandy. Bu ýene-de türkmeniň uly bir böleginiň Watandan bölünip, ýer süýşen ýaly bolup, onuň durmuş-döwranyndan alaçsyz çykyp gitmesi bolupdy.

Akynýaz baý ýene bir salym hödür-keremde, gadyr-gymmatda bolup, han bilen gürleşip oturansoň, onuň ýurt küýseglidigine, ol barada mümkin bolandan köpräk zat bilmek isleglidigine göz ýetirdi. Gürrüň birnäçe gezek oýlanyp, dolanyp ýurt içindäki ýagdaýlaryň, Gaýgysyzdyr ýurtda tanalýan beýleki ýolbaşçylaryň üstünden geldi. Haçanda Akynýaz baý ýurtda pagta meselesiniň has ilerlenilip, däne meselesinden öňe sürülýänligini, «Pagta geldi, bugdaý çyk!» edilýändigini aýdanda, han nämedir bir zady makullaýan ýaly sähelçe baş atyp:

–Pagtany ilerleýän bolsa düşnükli, Sowetiň päwriklerine çig mal ýetýän däldir–diýip pikir ýöretdi. Soňam biraz sözüne basymly dyngy berip, ýene-de gürrüňi dowam etdi: –Bugdaýam-a agzy bolana gerekdir özün-ä... Bugdaýy tirseklese-de, özünden uzaklaşdyryp bilmez. Gerekligini bilipjik durandyr.

Halkyň Sowetleriň hajyk-hujugyna aldanyp barha oňa ylygýanlygyny eşiden wagty bolsa, ol hasam oýurgandy.

–Ýurdy gylyç bilen alyp, soňra ony syýasat bilen dolandyrylmalydygyna gijrägem bolsa düşünip ugran bolmaly.

Jüneýit han ganym garşydaşynyň syýasatynyň ýurtda gala alýanlygyny eşidip, halamazlyk bilen gamaşaýjak ýaly bolsa-da, ol muny hamala ozaldan islegli arzuw-dilegi gowşan ýaly ynjalyk tapmak bilen parahat kabul etdi.

Akynýaz baý gürrüňçilik mahalynda onda galan Watan hakyndaky käbir gürrüňleriniň hemmesiniň, han kalbynda sazlaşyk tapýanlygyny görüp, olaryňam gerek ekenligine göz ýetirdi. Eger-de Watanyň bir ýerlerinde wagty eşiden bolsa bu gürrüňler hanyň ünsüni beýle çekmese-de çekmezdi. Bu tutma-tut gürrüň bolup gürrüňem däldi-de, Watanyň, onuň topragynyň süňňünden göterilen hanyň küýsegli kalbyna ýakyn hüwdüdi. Onda geçmişem bardy, şu günem, belli bir derejede geljegem bardy. Ýat ýurtda gabatlaşan türkmeniň il öňüne düşen serdar ogullarynyň ikisine-de bu duşuşyk diýseň ýakymly boldy.

Köne tanyşlar şol söhbetde maslahatda bolup oturyşlaryna bir-birleri bilen ikindi namazyny bile okaşyp mähirli hoşlaşdylar.

Jüneýit hanyň Akynýaz baýdan özgeleri kabul etmezligi şonda Bürgütdir onuň töweregindäkileri belli bir derejede nägile halda ýuwdundyrypdy. Onuň tersine bolsa, bu duşuşyk Akynýaz baýy has mertebelendiripdi. Ýolda gaýdyp yzlaryna gelýärkäler Akynýaz baý, Jüneýit hanyň gyzyklanyp, özünden köne tanşy Gully emin barada soraşdyryp oturanlygyny aýdan mahaly, onuň töweregindäki adamlarda Söýünalyda birem däl, Jüneýit hanyň iki sany tanşynyň bolanlygy anyk bolup, häzirki döwürde olaryň hiçisi bilenem «oýun» edäýmeli däldigi belli bolupdy...

Sarkis çilimini, kükürdini stoluň bir başynda çykaryp goýup, düşnüksiz nazar bilen Ahmedi synlap, hüşgärlik bilen çyn aýdýanyny, beýleki aýdýanyndan tapawudyny aňarman bolup, onuň ýüzüni dikanlap synlaýardy. Özi-de ol Ahmediň sorar diýen soragyny däl-de, ondan Owganystan, oňa geçen adamlar barada has köp soraýardy. «Näçe baýyň zadyny geçirmäge kömek etdiň, näçe gazandyň?» diýibem hetjikläp sorabermesi-de bardy. Bir gezek bolsa ol hatda bu adaty berýän soragynyňam çäginden çykdy. Stol üstündäki çiliminden alyp otlanyp oturyşyna:

–Nätdiň onsoň syrtyňa alyp, Owgana aşyran aýallaryňdan peýdalanyp bir bildiňmi? – diýip sorady.

Ahmet birbada onuň niräni tozudýanlygyna düşünmedi. Sarkisow ýene sözüni dowam edip, öz gepini Ahmet düşüner ýaly edip çugdamlady.

– ...Ana, sen-ä bir näzenin maşgalany syrtyňa mündürip alyp barýansyň, birdenem ýeňsäňe gözlärsiň, onuň näzenin ýüzüne gözüň düşüp göwnüň gider. Şonda harsa ony atyň üstünden kakyp alyp, basa düşübem-ä alansyň, zaluwat...

Sarkisow şol pursady, bu hezilligi özüçe göz öňüne getirip, nämedir bir zatlary pikir edip, ýesersiden içýakgynç gülümsiredi. Ahmediň oňa girre gahary geldi.

Ol:

– Hä, seniň... – diýdi-de, oňa paýyş sögesi geldi, ýöne onuň kimdigini, özi bilen türkmen dilinde gepleşip oturanyny ýatlansoň, ýuwdunyp, hyrçyny dişläp, gazabyny zordan ýuwutdy. Sarkisow bu gepi diýen mahaly onuň özüne dikilen gözleriniň ýyldyrym çakan ýaly bolup ýalpyldap gidenini görüp, gürrüňdeşini gazap atyna ataranlygyna düşündi. Onýança-da Ahmet ýaryldy:

–Iliň heleýini eltip bereýin diýip, lebiz edibem, heý, ony bozup bolarmy? Soň bir ýerde duşanyňda onuň äriniň ýüzüne nähili seretjek?

– Çola ýerde, äri nireden görsün? – Sarkisow ýene-de ussatlyk bilen Ahmedi gordurmak üçin, onuň oduna nebit sepdi.

– Eý-ý, ermeni OGPU, biriniň heleýini eltip bereýin diýip, söz bereňsoň, ony ýolda atdan düşürip, höwese ýanamak seniň gowy görýän zadyň bolmagy mümkin. Ýöne bizde ol juda erbet görülýän zatdyr.

Mertebesine kölege düşendenmi nämemi, Serkisowyňam peltesine ot degenligi belli boldy, ol agzynda çilim barlygyna hem seretmezden, ony unudyp, ýene-de papirosyny duran ýerinden penjeläp öňüne çekip, onuň ikinji birini otlandy.

– Ýeri, ýeri, senem tanalmaýan tohumdan dälsiň, segsenden geçibem henizem «Dabany ýaglyja gelin bolsa, gözüňizde bolsun» diýip, heleýiniň üstüne ýaşrak heleý edinermen bolup,

esräp ýören agaň bar-a seniň. Şol eli hasaly küýkeribräk ýören, Kymyş diýilýän agaň dälmi näme seniň?

– Segsenden ýaşy geçen, üstesine-de, adyna-da Kymyş duzçy diýilýäni bolsa, şol meniň agam bolmaly.

– Şol henizem ýaşrajyk heleý diýip kişňäp ýör dälmi?

– Bälçiremesi-hä bardyr özün-ä – diýip, Ahmet Sarkisowyň agasy barada beletlik bilen aýdan gepi bilen ylalaşýanlygyny mälim etdi. Içinden bolsa: «Bäh, bular obany ilik-düwme öwrenýän ekenler-ow» diýip, biraz geň galmak bilen uýalyp durşuna ysmyksy ýylgyrdy.

Sarkisowyň Ahmet bilen edýän gürrüňiniň çägi gün-günden barha giňeýärdi, ol özüniň bilesi gelen zatlaryny şu endige öwrülip barýan gepleşikleriň üsti bilen, howlukman jikme-jik anyklaşdyrýardy. Özi-de onuň beýtmek bilen wajyp bir zada taýynlanýandygy hem duýulýardy.

Ahmet onuň näme diýjegini anyk bilmese-de, berýän soraglarynyň öwzaýyndan çen tutup, bu ýerde Owganystan bilen bagly bir gepiň barlygyny welin aňýardy. Gönüden-göni ol OGPU-nyň özüni Jüneýit hanyň töwereginde ýerleşdirip, öz gulagyna öwürip bolmaga çemli adam hasap edýänliginden welin ol häli-häzire habarsyzdy. Onuň Hanuma bilen gatnaşygynyň barlygyna göz ýetirensoňlar bolsa, olaryň bu ynamy hasam artypdy. Onsuzam OGPU-nyň bu döwürde öz sähel bähbidi üçin oýnamaýan oýny ýokdy. Ýöne indi bu işi ýiti gözli çekistlerçe sep berdirmezden, çyna berimsiz edip, ýerine ýetirip gurnamak meselesi galypdy.

Ähli zat indi bu ediljek bolunýan emeliň, Ahmediň düşüriljek bolunýan gapanynyň nähili edilip gurnalyşyna baglydy. Türkmen dilini bilýän iş zerurlygy sebäpli onuň halkynyň häsiýetini ymykly öwrenen Sarkisow işiň juda wajyplygyny göz öňünde tutup, bu duzagy ýalňyşmazdan, meseläniň ähli tarapyny ölçäp-döküp, giňden gurnamaga çalyşýardy.

Ahmet Sarkisowyň Owganda Sowet hökümetine hyzmat etmek baradaky teklibine ne «hä”, ne-de «ýok» diýip, belli bir gep aýtmadygam bolsa, soňra ol oýlanyp-ölçerip, teklibi göwnejaý edip bilmeýän-de bolsa, «hä» bermegiň OGPU-nyň elinden sypmaga ýeke-täk ýoldugyna göz ýetirensoň, özüniň gepe ylygyp ugranlygyny Sarkisowa mälim etdi. Şeýdibem ol Sarkisowyň giňden guran duzagyna özüniň nähili düşüp ugranyny bilmänem galdy. Içinden bolsa «Eliňizden sypyp, derýadan bir geçeýin, nätjegimi onsoň özüm bilerin» diýip küýli oýlandy.

Günorta owgan topragy tarapdan bolsa ýagarman gara bulutlar deýin bolşup, töweregini tüsselendirip, aladaly habarlar barha köp gelýärdiler. Şonuň üçinem OGPU Owganda näçe gulagy bolsa-da, bary bir ony ýene-de az görýärdi. Galyberse-de, Ahmet garadan gaýtmazdy. Şeýle adamam OGPU üçin diýseň gereklidi, onda-da häzirki «Orta Aziýa halas ediji» şol uly güýjüň döremek wehimi abanýan mahalynda.

Sarkisow ürç edip özüni sorag-synaga tutaly bäri Ahmet bu zatlaryň sebäbini gözläp, hemişe iňkis-oýdady. Ol bu ýagdaýlaryň aňyrsynda Ýagdyň berýän gizlin maglumatlarynyň matlabynyň bardygyny çen edýärdi. Eýsem, başga kim bolup bilsin. Häzirki döwürde diýeni bolýanam, diýenine ynanylýanam ýene-de Ýagdy. Hanuma bilen aranyň bardygyny dagyn eşiden bolsa, ol gabanyp, hasam gazaba galandyr. Atdyryp, basdyryp goýbermek bolsa onuň çep elinden gelýär... Ýa-da şol gezek ony atjak bolanyň mendigimi Nurjuma bir ýerde dilinden sypdyraýdymykan? Muny anyklan dagy bolsa, biziň Bäşbelany gözünde oky bolsa atmaýarmy ol. Gaty arsakdyr öz-ä, ýaşlykda özüne biri «gul!» diýip ýüzlenenem bolsa ýadyndadyr.

«Myratdurdyny nätdi, ýygnakda ol gatyrak gidip: «Eý, sen, Ýagdy kemsit, gul gomaslygyňy edip, beleň alyp, agzyňa gelenini atalap durma!» diýeni üçin, ony eziji synpyň wekili hökmünde, bir gijede ýygnadyp, gümgidene gidirmedimi, eýsem? Indem onuň

niredeligini Alla bilsin?..» diýibem, ol onuň özünem, neberesinem bir amatly bahana tapsa, aýap goýmajagyny biraz howatyrlanybam oýlanýardy.

Sarkisowyň tap bilenlik bilen öz uguny ýekelemegini dowam etdirmeginiň sebäbine ol henizem oňly düşünip bilmeýärdi. Elbetde, bu edilýän ezmaýyşlygyň ýöne ýerden däldigi düşnüklidi. Ýogsam bolsa soňky döwürde edilýän garaşyklar, aladalar näme üçin bolsun. Ony indi soraga çagyryp gazaba gerňemeýärdiler. Esgerleriň iýýän naharlaryndan naharlap ugrapdylar. Sarkisowyň bolşy ylla Ahmediň kimligini ýadyndan çykarana meňzeýärdi. Hökman bir sebäp bolmaly. «Bir sebäbi bolmasa, guýruk munda ne ýatyr?» diýilmänmi näme? Töwerekde bolýan ähli ýagdaýlardan çen tutup, bu zatlaryň soňunyň näme bilen gutarjagyny ynjalykdan gaçyp, öňünden anyklamaga çalyşýardy. Gün geçdigiçe-de onuň başynda ýaz bulutlary ýaly kowsarlaşyp ýören pikir bulutlary barha artmasa kemelmeýärdi.

* * *

Daňdanlar az salym-da bolsa, gijäniň bölünip-dargap ak gündize sanyp ugran pursady, dünýä birsalymlygam bolsa, töweregine bulutlaryny gonduryp-göçürip ýören güýze meňzäp, ol içgip-içgip ýagyş bolup, şybyrdap ýeriň üstünden inerli görünýär. Dünýä hoştapdan sergin bolup, onuň üstünde ýakymlydan ýumşak zenan eli sypalaýan ýaly şemal peýda bolýar. Açyk asmanyň astynda bala-çagalary bilen pytraşyp, ýatyp-turup ýören sürgünler täze ýeriň howa ýagdaýlarynyň gylyk-häsiýetine näbelet bolansoňlar, bu görnüşi görüp, ilki-ilkiler: «Ýagyş ýagmasa-da ýagşydyr» diýşip alada galardylar. Ýerli-ýerden özleri üçin ýaşaýyş jaýlaryny gurmagyň ugruna çykan adamlar üçin, häzir iň bir islenilýän zat ol-da ýagyn-saçynsyz gurugançylykdy.

Sürgün obaçylygyndan her gün ir bilen hemmelerden öň hemişe kerpiç guýujylar çykardylar. Olar soňundanam brigadirleriniň yzyna düşüşip, iş ýerlerine gyssanyşyp giderdiler.

Kerpiç guýujylara ýolbaşçy edip, türkmenleriň öz aralaryndan Beki Seýitmyrat goýlupdy. Onuň Daşkentde okan döwri öwrenen ors dili, şol bir wagtda bolsa, işe erjelligi az salymda oňa barak ýolbaşçylarynyň ünsüne düşmäge mümkinçilik beripdi. Kerpiç guýlup ugralandan bir hepde soň, komendantyň özi gelip, ony şu ýere belläp gidipdi. Adamlar her gün näçe ir turdummykamam diýseler, her gün ýygnanyşyk ýere baranlarynda Bekiniň eýýäm ol ýerde aýak üstünde özlerine garaşyp, alagaraňka gatyşyp, elini arkasyna tutup, öňe-yza gezmeläp ýörenligini görerdiler.

– Bu zaluwat ýatýarmykan bir? – diýşip, onuň galjaňlygyna haýran galardylar.

Bekiniň özüni wezipesine laýyklygyny görkezjek bolup, şeýle jan edýänligini pikir edýänleriň, has-da uka namardraklaryň arasynda bu «daň horazyndan» «Bu bizi gün-günden ir turmaga mejbur edýär, öňki orus başlygymyz «Rabataý» diýip, abyr-zabyr etse-de, mundan gowudy, soňy ýokdy, buýä bizi halys işledip öldürjek» diýip, ondan nägile bolýanlar-da bardy. Emma Beki hem adamlaryň bähbidini aramak meselesinde-de özüniň hiç neneňsi bolmajagyny eýýäm görkezip ugrapdy. Ol ýolbaşçy bolup işläp ugranyna uzak wagt geçmänkä, Reşetnikowdyr komendanta kerpiç guýmagyň agyr işdigini, onuň asla-da aç garnyň, ysgynsyzlygyň işi däldigini, işjeňligi artdyrmak üçin, dänede işleýänlere edilişi ýaly, bulara-da bolmanda bir wagtyna nahar berilmegini gazanypdy. Ine, şondan bäri-de, kerpiç guýýanlar günortan alýan çörek paýlarynyň daşyndan her gün kolhoz ammaryndan gysganylyp berilýän nohutdan ýa-da çüýrük-çarykdan saýlanylyp alnanlygy üçin, biraz çüýrük ysly geçen ýylky kortoşkadan taýynlanan nahar berlerdi. Şondan bärem adamlaryň arasynda bu nahary gazanmagyň oňa aňsat düşmedigini ýatlap: «Biziň şu ýigidimiz ýaş-da bolsa, ederini biljek adam özi...» diýip, ondan minnetdar bolýanlar-da, onuň ýolbaşçylygyny göwne jaýlaýanlar-da köpelipdi.

Bu günem ol öz kerpiççileriniň başyny jemläp, olary ozalky gelenleriň ýaşaýan barak obajygynyň gapdaly bilen sürüläp äkitdi. Kerpiççiler kolhoz kontorynyň ýanyndan geçip barýarkalar, Şadmanowyň her gün irden gelip, bir maňlaýyny diräp alýan ýeri bolan kontora gelip, arabadan düşüp duranyny gördüler. Ol alagaraňkynyň içinden müňedekleşip barýan adamlary tanansoň, öňünden goşun sapyny geçirýän komandire meňzäp, olara tarar öwrüldi.

Bekiniň «Ýoldaş komendant» diýip, mazamlandyryp beren salamyny-da alman, toparyň yzyndan gelýänleri oňa görkezip, harbylarça dözümli talap bildirdi:

–Eý, brigadir, seret yzyňa, guýrugyň galdy üzülip. Tije-de, deňle olaram tizräk!

Komandantyň talabyndan soň Beki toparyň öňünden bir ýana sowuldy-da, süýrenibräk gelýänleri gyssady.

–Adamlar, köpüň aýagyna görä ýöräweräliň!

Iliň yzy bolup, ahmallykda balagynyň uçgurynyň bir tarapyny içine gidiren Küdam maňka balagyny aşak gaçyrmajak bolup, ony bir eli bilen äbşitläp tutup gelşine, käte öz aýagyna çolaşyp entirekläbem gidýärdi. Aljyraňňy halda ýetişiksiz gara günde bolup gelýärdi.

–Eri, beýle howlukmak aslynda nämä gerekmiş, dem-salym gijräk barlanda, nä ol iş gaçyp, ýene bir ýere gidýämişmi? Onsuzam uky almadyk adamlar alasarmyk – diýip, ol şol gelşine-de nägile halda maňkalaýardy. Küdam maňka bilen eginleşip diýen ýaly gelýän süňkbaşy iri Tätän özüne kelteräk bolýan donuň daşyndan guşalan guşagyndan bir elini geçirip, toparyň öňüne göz aýlap, suw boýlaýan ýaly bolup gadam basyp gelýärdi. Şol barmana Küdamyň balagyny çekip bolup barşyny görüp, hemişe onuň bilen bileräk, arkalaşybrak işleýän Tätäniň ýoldaşyna degesi gelenligi belli boldy. Ol töweregine seredip:

–Eý, adamlar, bu maňlaýygaranyň balagy elinden dagy sypsa, aýp ýerlerini ýapyp-gabsara başga içki geýim zadam-a ýokdur munuň, sallap görkezip durubermese – diýdi.

– Eý, dost, seret ünslüje, gyssagarada ýene özümiňki diýip, keýwanyň içkisini geýip gaýdan bolma? – diýip, şundan soň öň ýanyndan barýan Nöker Ermeni hem ýeňsesine gözläp, ýeser ýylgyryp, bu gepe özüçe şüweleň berdi. Degişmelere çeti gyzmaga derek Küdam maňka ýene şulaň aýdýan gepi ugrunda bar bolaýmasyn diýen hörpde üşerilip, öz aýagyna seretdi.

– Eý, keşde, zada görnenok...

– Sen gowuja seret! – diýip, uzyn boýly, iliň bir baş depesinden gözläp barýan ýigit gyzygyp, bu gürrüňe goşulan wagty, öň onuň bilen degşip ýörmänligindenmi nämemi Küdam maňka onuň gepi ýaramady. Ol.

– Aý, lal bol-a, öseri çirtim edilmedik syryk! – diýip, çeti gyzanyny mälim edip, oňa hyňrandy. Soňam ol, senem meni şeýdip ýetene gülki edip goýýaň-ow – diýip, bir egni bilen gapdallaşyp barýan Tätäniň egnine kakyp goýberen mahaly beýleki golundaky içi nanly günortan iýmegi niýet edip ýanyna göteren düwünçegini elinden gaçyrdy. Ony görüp, dostunyň aljyraňňyrak ýagdaýyna düşünen Tätän ýere gaçan düwünçegi ýüzugruna kakyp aldy-da:

– Özüm götärin düwünçegiňi, sen balagyňy oňarsaň bor! – diýdi.

–Aý, senem bir iýdisiz-ow, Tätän, saňa oýun gerek, il bolsa munda balaksyz galyp barýar – diýip, Küdam maňka onuň degişmesinden hezil tapyp hüňürdedi. Barybir munuň bilenem Tätäniň onuň ýakasyny goýbermänligi belli boldy. Ol ýene diýen gepinden keýp alyp, Küdam maňkanyň ýüzüne ýesersi seredensoň:

–Eý, gardaş, ýaňy komandantyň gapdalyndan geçip barýarkak, çermegi biraz gowşadyp, balagy aşak düşüren mahalyň, şol-a görkezmän gizläp ýören aýyp zadyny göräýdi öýdýän.

Töwerekdäkiler bu gepiň Küdam maňkanyň çetine degjegini, onuň has-da nägile boljagyny pikir etseler-de, beýle bolmady. Gaýta ol: «Gören bolsa, gowy edipdir. Şoňa onsuzam görkezesi gelip, jany ýanyp ýören az däl. Hiç zat ýok ýerinden hol Juwajy – gül ýaly oglan ýanyp gitdi» diýip, hesret bilen aryny ýerine salan hörpde gepledi.

Kerpiç guýmak üçin derýanyň kenarynda bir-birlerinden uzak bolmadyk iki ýer toprak laýyklygyna, suw amatlygyna seredilip saýlanylyp alnypdy. Işim derýasy bu ýerde hamala töwerekläp, obanyň daşyna öwrülmegi niýet edinen ýaly tirsek bolup, gapdala ýaýraw berip sowulýardy, şol ýerdenem aňyrlygyna öňküsinden has giňäp akýardy. Gün dogan mahaly suwuň ýüzünde bar ýaly bolup duýulýan garamtyl gögüş örtük aýrylýardy-da onuň deregine ol giňişligiň üstünde Gün şöhleleriniň döreden altynlaç ýalpyldamasy bilen, şähdaçyklyk peýda bolýardy.

Kerpiç guýujylaryň işiniň şüweleňi hem her gün şeýdip, Gün çykyp, ýeriň, adamlaryň arkasyny gyzdyryp ugransoň başlanardy.

Balaklarynyň agzyny dyzylaryna çenli çermeşip işlenilen wagty aýaga çolaşýan donlary gapdala atyp, çemesini alan adamlar duran-duran ýerlerinden diýseň ýeňil gopuşyp, gyzgalaňly işleýärdiler. Onsoň milletiň derçigip, çukurlardan palçyk çykaryp durany haýsydyr, ylgawyny ýazdyrman, dazanaklaşyp galyp-göterip gatnap, galtak daşap güpüledip, kerpiç guýup ýöreni haýsydyr. Köp wagt geçmänkä-de töweregiň agyn kerpiç bolup ýatandyr.

Şu halatda depe bolup duran üýşmek-üýşmek palçyklar, hamala, palçyk däl-de, bugdaý harmany ýaly bolup görnüp, ondan her kime alanyň özüňki, alan aldy diýlen deý, adamlar ýerli-ýerden topulyşyp, ony şaram-şark bölüşýäne öwrülýärdiler.

Brigadir bir salym kerpiççileriň arasynda aýlanyp, işleriň gidişine gözegçilik edensoň, kepäp sarygyp ugran kerpiçleri agdaryp ýören Gully emindir Seýitmyrat aganyň ýanyna geldi.

Onuň kakasyna aýtmaly gürrüňi bardy, ol birki günlükde Bekä: «Sen bularyň dilini bilýäň. Juwajyny bir derekläp görseň!» diýipdi. Düýn kontorda duşanda Reşetnikowdan Juwajy barada soranda ol-da: «Sud bolupdyr, bäşmi-on ýylam ýelmäpdirler, haýp, armanlyja gitdi-dä oglan» diýipdi.

Elbetde, olam Şadmanowdan eşiden bolmaly. Bu zatlaryň şondan başga anygyny bilýän barmy?

Seýitmyrat aga ogly Bekini diňläp, biraz sakgalyny sypap, oýa batyp duransoň:

–Beki, sen bir gulagyňy şol tarapdan aýyrmagyn! – diýip, oňa ýagdaýy bolsa Juwaja kömek etmegi ýene bir gezek tabşyrdy. Beki kakasynyň sakgalynyň berkligini barlap görýän ýaly çekip-çekip alýanyny görüp, onuň inisiniň düşen gününi ýatlap kejigýänligini gördi. Ýöne nätjek!?

Juwajynyň nähakja uly bir edilen etmişi ýok ýerinden aýagyny sallap, türmä gitmegi sürgünleri üýşendiripdi. Olar sähel bahana tapsa, komendantyň özlerinem gaýgyryp goýmajagyna düşünipdiler.

Bu ýerden gurluşyga kerpiç çekýän araba gelensoň, bile işleýän Gully emin Seýitmyrat aga bilen ony ýüklemäge gitdiler. Bu tabyna-ýagdaýyna görä, iki-üç sany gojalýan adama ynanylan wezipedi. Ol kerpiç agdarmak, olaryň saryganlaryny bir ýere üýşürmek ýaly ýeňilräk işlerden ybaratdy. Seýitmyrat aga üýşmekden alan kerpiçlerini ikiden-ýekeden Guly emine uzatsa, o-da olary döwlüp ýenjilmez ýaly usullyk bilen arabada ýerleşdirýärdi. Gardaldan özlerine kömek berýän eginlek orus adamsyna meňzeýän, ýöne orusdanam saryýagyz görünýän Rawil atly tatar adamsyna iş arasynda ikiden-ýekeden gep atýardy.

–Rawil, onsoň sen Gazanyň hut özündenmi?

–Özünden bolaryn men.

–Onsoň ol şäher, dogrudanam, «Gazan» diýilse, gazana meňzeýärmi?



*9

–Belki, meňzeşdirem, ýöne men oňa üns-de bermändirin.

–Ýok, meňzeş bolmaly şol. Dolanyp baraňsoň, synla-da göräý şony.

–Ýa nesip, şol günlere bir ýetsek...

–Etersiň, inşalla. Bir gün biziň hemmämizem Watana gaýdarys. Biz barmasak bolmaz-a...

–Şeýle bolsun-da hernä, Alla jan – tatar watany ýatlanda göwnüçökgünlige berlip, umytsyz uludan dem aldy.

–Bilýäňmi näme, tatar gardaş, gadymýetde seniň ata-babaň bilen biziň ata-babalarymyz bir dogan – şol bir türki halkyň adamlary bolupdylar. Bu gürrüňi Gully emin onuň hapa bolup barýanyny görüp, ony ýürege agram salyp ugran agyr oýlardan birazam bolsa gutarmak üçin, göwünlik berijilikli äheňde aýtdy.

Gully emin soňam bu nurana ýüzli tatar adamsynyň öz dogandyklary barada eşidip, bilesigelijä öwrülenini görüp, onuň üçin bu baradaky öz eşiden köne taryhyny ýatlady:

–Ol döwürlerde Hazar bolupmy, ýeneki bolupmy biziňkiler saryýagyz türkmenler hökmünde dünýäde tanalan, Itil derýasynyň boýlarynda ýaşan bir halk bolupdyr. Olaryň paýtagty sarylaryň ýurdy diýen manyda «Saryk il» [1] ady bilen tanalypdyr.

Şol şeýtan ara düşen güne çenli olar bir halk bolşup, agzybirem ýaşaýan ekenler. Emma şundan soň welin halk ikä bölünip, bir-birlerini duşman okunyşyp, gyrlyşyp ugrapdylar. Sarylaryň bir bölegine Tatar han diýen bir han serdarlyk etse, ýene birine biziň babakelamymyz Salar Gazan baş bolupdyr. Bularyň näme üçin, näçe wagt bir-birleri bilen tarap-tarap bolup çaknyşany belli däl, ýöne şol uruşlaryň birinde Salar Gazan agyr ýaralanypdyr. Ol agyr halda ýatyrka aýtmakçy bolan iki agyz sözi üçin Tatar hany öz ýanyna çagyrdypdyr. Tatar han özüniň ýöne ýere çagyrylmaýanlygyny, onuň nämedir bir zady öz boýnuna dakjagyny aňyp, Salar Gazanyň çakylygyna ilki bir gitmejegem

[1] *Сарык ил* – гадымы Хазар дөвлетиниң илкинҗи пайтагтының ады.

bolupdyr. Ýöne töwerekdäki derejeli adamlar baryp, Salar Gazan bilen razylaşmagy, doganlygyň raýy üçin munuň hökmandygyny aýdyp töwella edipdirler.

Ol baranda Salar Gazan: «Saňa aýtjak üç gepim bar. Olaryň birinjisi, biziň ikimiziň yzymyzda duranam şol bir sarylar – bir halkyň wekilleri şonuň üçinem sen her kimiň haýsy birimiziň tarapymyzy çalmak hukugyny özüňde goý, olara azar berme, goý, seniň sanyňda galasy gelen sende, meniň bilen bile bolmany isleýänlerem mende galsyn» diýipdir.

Ikinjisi, men älemden ötüp barýan. Ölemden soň meni şu ýerde depin ediň. Şol ýere-de meniň adym galsyn... Ýöne häzir meniň onuň üçünji aýdany hakydama gelenok... – diýip, Gully emin ýadyna ýene-de bir zady saljak bolýan deý üstüne göterip goýup duran kerpiçleriniň çaňyny siňdirip durşuna oýlandy... Ýöne şol wagt hakydasyna gelmedik zat soňam onuň ýadyna düşmedi. Ol munuň ýerini gürrüňiniň dowamy bilen dolady. –Tatar han Salar gazanyň adynyň şol ýerde ýer ady bolup galmagyny kyn görse-de, ol ölensoň, ölmänkä merhuma söz berensoň, soňra muňa garşy bolubam durmandyr. Şeýdibem, ol ýere Gazan diýlip, biziň sarylarymyzdan är çykan Salar Gazan atamyzyň ady galypdyr. Şundan soň Sarylaryň Tatar hanyň arkasyny tutanlara tatar at galypdyr. Biziňkiler Salar Gazan ölensoň, kem-kemden ýeňse basyp, Müňgyşlaga çekilip ugrapdyrlar.

Şu arada gürrüňe berlen Seýitmyrat aga:

– Gazana Salar diýmekleri nämedenkän? – diýip gyzyklandy.

– Meniň bir kitapda okanym ýadyma düşýär. Ol Türki-Hazarlaryň ilkinji paýtagty Saryk il – Sarylaryň ili diýilmek bolup, munuň-da orsuň polowesler diýenleri ýaly «sary-saryk» diýen manysy bolupdyr.

Gully emin öz gürrüňini Seýitmyrat aga geňräk görendir hasap etdimi nämemi, ol soňra Rawiliň kerpiçden ýüküni tutup barýan arabasynyň yzyndan gözläp durşuna, munuň sebäbini düşündirýän äheňde ýene gürledi:

–Adama öz gowusyny, mümkin boldugyndan, ýatladyp durmalydyr, munuň peýdasy degmese, zyýany degýän däldir. Gowulygy ýadyna düşen adama seniň özi barada gowy pikirdedigiňi bilmek ýakymly bolar. Soňam seniň şol pikirde galmagyňy isläp, başardygyndan gowy bolmaga çalşar. Tatar ýigidine-de ýat ýerde, gaty günde, özüne dogan tapmak hiç neneňsi bolan däldir. Şeýle ýagdaýda tapylan doganlyk kalba kuwwat berýän zat bi...

Seýitmyrat aga hem bu pikiriň maňzyna batanlygyny mälim edip, makullaýjylyk bilen oňa baş atyp, Rawiliň yzyndan gözläp, sakgalyny gönençli sypalady.

* * *

Aňyrsyna-bärsine göz ýetmeýän gazak sährasynyň giňişliklerinde galla oragy gyzgalaňly dowam edýärdi. Onuň depgini barha güýçlenmese peselerli däldi. Kemala gelen bol hasyly wagtynda isripsiz ýygnamagyň, döwlete tabşyrmagyň ugrunda ýüzlerçe adamlar gezip ýören-de bolsa, el ýetmezçiligi, ony şähere daşamaga ulag meselesinde kynçylyklar az däldi. Bugdaý bolsa näçe orulsa-da, henizem kändi, ol müňlerçe gektary tutup, ygşyldap, göz guwandyryp otyrdy. 31-nji barak hojalygynda däne ýazda ekilmelisinden has köp ekilipdi. Muňa esasanam şol döwürde ýokardan gelen görekezme-buýruklar sebäp bolupdy. 1930-31-nji ýyllarda ýurdy dänedir ýeneki oba hojalyk önümleri bilen üpjün edýän daýhanlar synp hökmünde köpçülikleýin ýok edilip ugralansoň, özüniň ters jogabyna köp garaşdyrmandy. Çörek meselesi diýseň ýiti duýlupdy. Ýurduň başyndan agyr açlyk belasy inip, adamlar ençeme ýerlerde köpçülikleýin gyrlyp ugrapdylar. Nan atly bolup, adamlar pyýada onuň yzyndan ýetjek bolşup, ser-sepil bolup ýörenlere öwrülipdiler. Sowetiň saýasy düşen ýerleriň hemmesinde adamlaryň üstüne ýok bolmak howpy abanypdy. Kreml oba hojalygyna belli bir derejede bolsa-da, garaşyk etmäge mejbur bolupdy. Bu ýyllarda Sowet hökümetiniň ýolbaşçylary tarapyndan Orta Aziýa, Gazagystan respublikalarynyň ýolbaşçylaryna:

«Wolga boýlary açlyk çekýär”, «Ukraina açlyk çekýär, tiz däne ugratmagy ýola goýuň!» diýen buýruklar berilýärdi. Emma hany nirede, kimiň üýşüp duran özüňden artyk haýransyz dänesi barmyş? Şeýle-de bolsa ýerli Sowet işgärleri halkyň özüne azyk-günlük güzeranyny hem elinden alyp, Moskwanyň salgy beren raýonlaryna eşelonlap däne ugradýardylar. Kremliň önjeýli däne kömegine tama bildirýän ýerleriniň biri-de gazak topragydy. Dänäni mümkin boldugyndan köp ekmek hem Kremliň şol döwürdäki ýerlere bildiren talaplarynyň biri bolupdy.

Ýazda bugdaý ekilip ýörkän Reşetnikow soňra muny ýygnamagyň gara görgi boljagyny, oňa öz güýçleriniň ýetmejegini aýdanda, hojalykda däne ekilişinden habar almaga gelen Akmolla raýon partiýa guramasynyň ikinji sekretary Ýerlan Satybaldyýew oňa: «Sen Reşetnikow, dänäňi ek, gerek bolsa, ýygjak adamlary hökümetiň özi tapar» diýipdi. Soňra Satybaldyýewiň diýşi ýaly hem bolup ugrapdy. Hasyl ýetişip barýarka türkmenler bu ýere getirilipdi. Indem Täjigistandan sürgün edilen adamlaryň gelerine garaşylýardy. Emma täjikler meselesinde bu gürrüň wagty bilen tassyk bolmady. Ýogsam şu wagt bugdaý oragynda olaryňam gol güýji diýseň gerekdi. Ýakynda goşmaça kömek hökmünde obanyň 12-14 ýaşly ýetginjekleri-de bu işe çekilipdiler.

31-nji barak hojalygynyň ýolbaşçylary Şadmanowdyr Reşetnikow ýetişen hasyly wagtynda ýygnap almak üçin, raýonyň hojalyklarynyň beýlekilerinde hem ýagdaýlaryň özleriniňkiden öwerlik däldiginden çen alşyp, goşmaça kömegiň wagtynda bolmajagyna tiz göz ýetiripdiler. Häzirki pursatda her hojalygyň öz alajyny özüniň görmelidigi anyk bolupdy. Türkmenleriň getirilmegi hojalyga tüýs wagtynda berlen kömek boldy. Hojalykda bugdaý el bilen orýan orakçylardan başga-da, iki sany traktora tirkelgi däne orýan kombaýnlar-da bardy. Olar döwülmän aýlanyşyp ýörseler, her gün umyryň bugdaýyny orýardylar.

Şähere däne daşaýan arabalar öz ýüklerini esasanam şu ýerden tutýardylar.

Iwan Zaharowiç gara daň bilen kolhoz hojalygynyň kontor baragyna gelen wagty dünýä entek henizem ümüş-tamyşyň içinde otyrdy: gije biraz ýerden ýokary göterilip, uzak gitmänem, hamala asmanda jemlenip, täzeden injege meňzäp, şol ýerde toplum tutup, obanyň depesinden abanyp durdy. Edaja säher şemaly ýeriň üstüni ýelpäp ösüp, bir ýerlerde orulýan tanyş bugdaý ysy bilen, meýdanlarda orlup taşlanan, heniz oňly gurap ýetişmedik, dymyljap ugran ýorunja ysyny alyp gelýärdi. Hümer tutup duran gara gije şundan soň şemal öňüne salyp gelen bulut sürüsine meňzäp, tizden asmandan iki-ýeke damja oklap ugrarly göründi.

Gijäniňem gozgalaň tapyp ugrany belli boldy.

Reşetnikow aňyrdan gijäniň içinden çykan ýaly bolup gelende, Orazgeldi eýýäm kontor öňündäki boşlukda arabasyny keserdip, at ýatagynda berilýän körpeden öz atynyň haky hökmünde alyp gaýdan otuny oňa iýdirip, hyzmata taýyn bolup durdy.

Bugdaý oragy başlanyp, goja Potap hat-sowatdan başy çykýan adam hökmünde hojalyk tarapyndan Akmollanyň däne kabul ediş edarasyna wekil edilip goýlansoň, onuň ýerine başlygyň münýän ýeke atlyk arabasyna başga arabakeş tapmaly bolanda, goja oňa öz körpe dosty Allanazaryň kakasyny almagy maslahat beripdi. Iwan Zaharowiç bu meselede şonda ilki dile düşünmeýän adam bilen özüniň nähili işleşjegini bilmän biraz kürtdüripdi. Soňam häzir dile düşýän adam tapmagyň aňsat däldigini, tapsaň hem bu işiň gyzgalaňly wagty ony edýän işinden almagyň wagty däldigini pikir etdimi nämemi ol:

–Aý, bolýa-da, näme getir. Bir salym üm-ýom bilen gol salgaşyp, lal bilen işlejek ekinim-dä – diýip, bu ýagdaý bilen goja aýdansoň ylalaşdy. Şeýdibem, Orazgeldi ýakynda başlygy çekýän arabany sürüp ugrady.

Şondan bäri-de ol başlygy garaşdyryp-lekgetmezlik üçin çirçitirdi. Gel diýen ýerine onuň özünden öň gelmäge çalşardy, sür diýen ýerine sürüp äkidýärdi. Mala seretmegiň ugruny bolsa ol

ilden soramaly däldi. Kymyş baýyň sürüläp sygyr-gölesi, şu adamlaryň yhlasyndan döremänmidi näme?

Diňe Orazgeldi däl häzirki döwürde ähli sürgüne gelenleriň diýen ýaly başdan geçirýän dil kösençlikleri esasy dertdi. Elbetde, türkmenleriň hem arasynda diňe öň Güýç dilmaçmykan diýlip, pikir edilse-de, soň görlüp oturylsa, başga-da üç-dört patdyk-putduk orusçany gepleýän adam bar eken. Hany, ýöne saňa gerek bolanda her halatda tapdyryp duran dilmaç barmy? Ýagdaýa görä bolup, üm-ýeneki bilen düşünişmeden başga alaç ýok. Potap goja-ha bir gezek dil meselesiniň türkmenlere ýeňil düşmeýänligi barada gürrüň bolanda: «Siz mele gulpak rus gyz-gelinleriniň saçyny ysgamasaňyz, aňsat dil öwrenmersiňiz!» diýip degşipdi. Bu gep Çary ussa ýaly, ozal möwsüm-möwsüm täze zenan bilen «herremhanasynyň» üstüni ýetirip duran adamlara has-da ýiti täsir edipdi. Şonda: «Şeýdip bolaýsa-ha!?» diýip, mele gelin arzuwyna düşenlerem bolupdy. Degişmä göni düşünen erkek adamlaryň kä birine şondan soň hamala kontorda işleýän göze gelüwli gelin Mariýa Borisenkonyň boldumly saçyndan bir gysym, ýarym gysym dagy çokul edinip bolsa, rus dilini öwrenmek öz-özünden aňsatlyk bilen bolaýjak ýaly hem bolup duýlupdy.

Il bolnup bir-birinden wajyp edilmeli işleriň ugruna çykylansoň, dil böwediniň barlygyna seretmezden, dürli milletden bolan adamlar bir-birlerine öňküden barha gowy düşünişip ugradylar.

Aňyrdan gelen mahaly kontor gapysynyň gulpludygyny görüp, Reşetnikow bu gün özüniň ilkinji bolup gelenligine düşündi. Emma gelmeli adamlar uzak garaşdyrman gelşip ugradylar. Ilki bolubam alagaraňkydan bölünen ýaly bolup, komendant Şadmanow peýda boldy. Ol gapynyň öňüne ýetiberende-de aýak çekip, nazary bilen töweregiň habaryny aldy. Araba goşulan ýabynyň arkasyny sypalap duran Orazgeldini görüp, kolhoz başlygynyň eýýäm bu ýerdeligine düşündi. Onuň yzysüre-de bu ýere buhgalter Mariýa Borisenkonyň ýüzugra çaşyşan saçlaryny bol-

dugyndan ýeňsesinde jemläp, timar berip, howlugybrak gelýänligi göründi. Ýeriň topur-gumy sähelçe tozanlap, onuň köwüşlerine çolaşýan ýaly bolup görünýärdi. Ol Orazgeldiniň duşuna gelende, onuň täze öwrenen «Zdrawstwuý» salamyna sähelçe baş atyp jogap gaýtardy. Barak ýolbaşçylarynyň yzysüre-de kontoryň öňüne ýüzi ganar bilen süpürilen ýaly üpür-üpür bolup duran traktorçy Wolkow diýilýän bilen, oňa golaýda kömekçi edilip goýlan Aman ikisi tirkeşip geldiler. Aman kontora tarap baş atyp, Orazgeldä ýüzlendi:

–Başlyklar geldimikän?

–Siz näme üçin bu ýerde?

Orazgeldi düýn olary irden döwlen traktoryň ýanynda, bugdaý meýdanynda görüpdi.

–Komendant siz gideniňizden soň baryp, biziň ikimizem öňüne salyp alyp gaýtdy. «Bir aýda iki gezek traktory döwdüňiz» diýip, ol bizi  hyýanatçy hökmünde görkezjek bolýar. Düýn getiribem ikimizdenem öliniň soragyny sorady. Wolkow traktor işine ökde adam, hele-hüle kemçilig-ä ol el ujundan düzedip goýberýär. Hemişe traktoryňam köp kemçiligini şu oňarýar. Ýöne şarpa döwülse, ol nätsin?!

Düýn Reşetnikowyň şähere gyssagly gitmeginiň bir sebäbäm şu traktoryň bir şaýynyň döwülmegi, işiň togtamagy bolupdy. Onsuz-da traktor döwülse, başlyklaryň ikisiniňem weji bolmazdy. Reşetnikow ony tizräk bejertmegiň aladasyna berilse, komendant «Bu ýerde bir duşmançylyk bar bolmasyn?» diýip, onuň sebäbini yzarlap başlardy.

Reşetnikowyň düýn Akmolla gyssagly gitmeginiň ikinji sebäbi bolsa, Potap gojanyň bilini gypjyndyryp, ol ýerde güýlünip ýatanlygy, işini ýerine ýetirmäge ýagdaýynyň ýoklugy baradaky ýük çekýänleriň getiren habary bolupdy. Reşetnikow şonda gojanyň ýerini tutup biljek okuwly, ol ýerde öz hakyny gidermejek adam hakynda pikir edende onuň ýadyna kerpiç guýujylaryň ýaş,

tutanýerli brigadiri Beki Seýitmyratda saklanypdy. Her babatda onuň kişiden kem oturmajagyny pikir edipdi. Reşetnikow Beki barada netijä gelen pikirini komendant bilen ylalaşmalydygy barada pikir edende onuň özüne berkidilen adamlary öz golastyndan goýbermegi halamaýanlygyny, «başga birini tap!» diýäýmeginiň mümkinligini ýatlap biraz ýaýdanypdy. Emma komendant Bekini ýolbaşçy hökmünde eýýäm belli bir derejede tananlygy üçinmi, nämemi, üýşenip oýurgansa-da, onuň däne tabşyrylýan ýerde kolhozdan wekil bolmagyna garşy bolmandy. Ýöne oňa gümanynyň barlygyny hem gizläp durmady.

–Dogrudanam, şol başarmanam durmaz. Hat-sowadam bar, adamlaram işledip bilýär. Ol gaýtmazdan öň komsomolada geçip ýetişipdir. Ýöne bu juda jogapkärli ýerde wekil boljak köpi görenräk bolsa kem bolmazdy. Bu bolsa ýaş, težribesizlik kösäýmese muny?!

–Ol ýaş bolsa, onuň töwereginde sizem, ýoldaş komendant, bizem bar-a. Gözegçilikde saklap, maslahat-tabşyrygyny ýetiris. Gaty jogapkärli işdir, bilýän. Häzirki döwürde däne döwletiň berk gözegçiliginde durýar. Sähel aýagyny gyşyk bassa, ikimizem ýüzügara eder, sylap goýmazlar. Özüm oňa bek tabşyryn, ýoldaş komendant. Onsoňam sürgün bolup gelensoň, onuňam akyly gözündedir-le!

Şu gürrüňiň yzysüre Reşetnikow Beki Seýitmyradam ýanyna mündürip, Akmolla ýetmäge howlugypdy.

Reşetnikow Akmolla baran dessine-de ol ýerdäki jogapkär adamlara Bekini gojaň ýerine goýýandygyny mälim edip, bu aladasyndan dynansoň, araba atlanyp, ikinji bir aladasynyň ugruna çykypdy. Emma traktoryň demriniň gözlegi wagty bilen netije bermändi, ne onuň täzesini tapyp, ne-de öňki döwlen ýerinden ony kebşirledip bolupdy. Ahyr ol partiýanyň raýon komitetindäki öz hojalyklarynda gözegçilikde bolýan Ýerlan Satybaldyýewi ýatlap, kömek soramak üçin raýkoma sürdürdi. Ýöne bu galla oragy

gyzgalaňly gidip duran wagty hany ýolbaşçylar kabinetde oturýarlarmy? Emma bu gezek Reşetnikowyň işi ugruna boldy. Bu ýerde şu gün Almaatadan gelen ýolbaşçylaryň biri jogapkär adamlary toplap, däne oragynyň depginini artdyrmak barada ýygnak geçirýän eken. Şonuň üçinem Satybaldyýewi tapmak oňa kyn düşmedi. «Töwekgeliň işini Taňry oňar» diýleni boldy.

Satybaldyýew jaň edensoň, Reşetnikowa öz gözlän demrini öňki sorag salyp baran skladlarynyň birinden tapyp almak başartdy.

Gerek demirlerini ele salansoňam, ol tizräk traktoryň ýanyna ýetmäge howlugyp, ýüzugra däne bazadan Potap gojanam ýanyna alyp, yzyny ýel çalmanka, ýene-de tiz oba dolanma bilen bolupdy. Häzir onuň şol ýerde dolap atan ýagly demri tirsek boýy ýaly bolup, arabanyň yzynda ýatyrdy.

Orazgeldi ol demri Amana görkezip:

–Size gerek demir-ä başlyk düýn raýkomlaşyp, bir ýerden tapdyrdy – diýdi.

Aman begenip, dessine onuň görkezen demrine elini uzatdy. Wolkowam kömekçisiniň el uzadan ýerine tamaly seredip:

–Şolmy? – diýip sorady.

–Ýok, täzesi.

–Bolupdyr – diýip, Wolkow agyr ýüküň aşagyndan çykan ýaly uludan demini aldy. Soňam biraz arkaýynlaşanyny mälim edip, gapdalraga çekilip, çilim otlandy.

Reşetnikow tiz çykarman bolup kontora giren-de bolsa, ol garaşylyşyndan has köp eglenýäne meňzedi. Alnyp barylýan ähli işlerden habarly bolmaga çalyşýan Şadmanow oňa galla oragynyň gidişi, şähere gidip gelşi barada sorag baryny berýän bolmaly. Ýolbaşçylar ýene biraz wagtdan gapynyň agzyna bile tirkeşip çykdylar. Arabanyň gapdalyna söýenişip duran traktorçylary görüp, Şadmanow iki elini biline tutup, talaply dillendi.

–Wolkow!

–Men.

–Sen bolsaň, diňle meni. Başlyk seniň traktoryňa täze şaý tapyp getiripdir. Dessine ýetiň meýdana! Özüňem seresap sür traktory! Aýy ýaly bolup, usulsyzam seniň özüň. Indi şuny döwseň, özüňi döwerin, bilip goýaýgyn!

Wolkow nägile bolup, burnunyň astyndan:

–Men döwýänmi ony, demir-de bolsa, zora tutulsa, döwülýädä näme – diýip, eşidiler-eşidilmez hümürdedi. Reşetnikow komendant bu sözi aýdanyna mähetdel olary tizräk bu ýerden ugratmak üçin Orazgeldä tabşyryk berdi.

–Bulary tiz iş ýerlerine eltip gel, eglenmesinler, men entek obada biraz eglenjek, barmaly, görmeli ýerler bar. Sen elt-de geliber, meni obadan taparsyň! – diýdi.

Reşetnikowyň galla oragy bilen ulaşyp, başagaý bolup ýörşüne, bu ýerdäki gurluşyk işleri bilen gyzyklanmaga bir hepdä golaý wagtdan bäri eli hem ýetmändi. Akmollada ýanyna baranda, özüniňem ýakyn günlerde aýlanyp gaýtjagyny aýdyp, Ýerlan Satybaldyýew ondan gurluşyk barada hem gyzyklanyp sorapdy.

Anyk täze maglumatlar bolmansoň, oňa şonda bu barada çen bilenräk umumy maglumatlar bermeli bolupdy. Şonda ol bu meselede hem özünden edilýän talabyň galladan edilýän talapdan kem bolmajagyna ýene bir gezek göz ýetiripdi. Oba ýetip, ertirki iş güni gurluşygyň ýagdaýyny anyklamakdan başlamagy niýet edinipdi. Orazgeldi traktorçylary gyssagly äkidip, yzyna gelende, Gün eýýäm günortana golaýlap ýördi.

Şemal ösüp, agşamky obanyň üstüne gazan düňderilen deý bolup, döreden dem gysdyryjy petişligi aýrylyp, onuň ornuny ýaz günlerine berimsiz şähdaçyklyk eýeläpdir.

Orazgeldi Reşetnikowy gözläp, ýaşaýyş baraklarynyň gurulýan ýerinden tapdy. Bu ýerde eýýäm hersi 8-10 maşgala niýetlenip gurulýan barak-jaýlarynyň birnäçesi seňňerläp, boýy ýetip gelýärdi. Gurluşyk mundan buýana-da şu hörpünde dowam

etse, onuň sürgüne gelen türkmen maşgalalarynyň gara gyş gelmänkä sümelgeli boljakdyklarynyň ujy iki däldi. Orazgeldi galla aladalaryna ulaşany bäri bu ýere gelip görmändi. Şonuň üçinem oňa bu jaýlar ertekilerdäki ýaly, jadyly bir gudrat, aňsatlyk bilen biten ýaly bolup göründi. Has-da oňa şu otaglaryň birinde çagalary bilen özüniň hem ýaşajakdygyny ýatlamak ýakymly boldy. Häzirki döwürde depesinde üçegi bolmadyk, ýalazy meýdanda üstlerine gum syradyşyp ýaşaýan adamlaryň hemmesiniň sümelgeli bolmak elýetmez islegidi. Jaýly bolunsa, adamlaryň arkalary alnan ýaly boljagynyň ujy iki däldi. Üstesine-de, şundan soň hemmeler durmuşyň hem dartgy-çekgi çekiminiň gowşap, öňküden biraz-da bolsa ganymat ýaşaljagyna hem tama edilýärdi.

Reşetnikow kellesini mahal-mahal birden silkip-silkip alýan, daşyndan tentegräk görünýän, ýüz-gözüni sakgal-murta basdyran ussalaryň biri Walasenko bilen tirkeşip, gurluşuga aýlanyp ýördi. Ol käte aýak çekýärdi-de, onuň bilen gözde-ýüz bolup, bir zatlar barada gepleşip dikleşýän ýaly bolubam durýardy.

Başlyk ähli gurluşygy aýlanyp, işleriň gidişini birin-birin gözden geçirip, bu ýerdäki ýagdaýlary özi üçin anyklansoň, ýene üstüne jogapkärçilik ýüklenen ussalaryň birnäçesi bilen baş ussa Matweýi öz ýanyna toplap, şol ýerde olar bilen gysgaça gürrüň geçirdi. Ussalara gyşyň gar-sowugy bilen aldajy ýaly bolup ýetip gelýänligini ýene-de bir gezek ýatladyp, işiň badynyň has artdyrylmagyny, gyssanylmagyny ýolbaşçylarça talap etdi. Onuň ýanyna toplan ussalarynyň ikisi türkmenler bolup, olaryň birisi gözlerini gyrpyldadyp, diýlene pisindi oturmadyk ýaly, näme diýilýänine oňly düşünmän, tumşugyny sypalap duran Çary ussady. Ol elindäki paltasyny beýleki golunyň egremçesine atypdyr. Türkmenlerden bolan ussalaryň ikinjisi sürgüne gelensoň, tegelenip duran gelşikli sakgalyny syrdyryp, täze döwre täzeçe girişen Garýagdy ussady. Adamlar: «Aý, ussa, hany sakgaly nätdiň?» diýenlerinde. Ol:

–Aýjahan aýyr diýdi – diýip, aýalyny gepledip, oýunlyga salyp jogap bererdi.

Garýagdy ussa iş meselesinde daşyndan göräýmäge tagaşyksyz görünýän hem bolsa, ol eýýäm özüniň işeňňir adamdygyny görkezip, gurluşykdakylaryň synyna düşen adamlaryň birine öwrülipdi. Ol kerpiç örmäni sürgüne gelip, orus ussadan öwrenen-de bolsa, üşükli bolansoň, örmegiň aby-tabyny ilkinji alan türkmenleriň biridi. Ol kerpiji diýseň tiz örýärdi, üç-dört adam onuň kerpijini alyp berip, palçygyna zordan ýetişýärdi. Işleriň beýdip, aýlanyp dolanyp bitip barmagynyň sebäbi hem ýolbaşçylaryň şeýle işine kybap adamlary toplap, olary ýerli-ýerinde ulanyp bilmegidi.

Orazgeldi gurluşykçylaryň arasynda daýawdan gelen sünkbaşy iri saryýagyz, ýaňydan bäri öz aralarynda Reýim ärsary lakamy bilen tanalyp ugran, ýaş meselesinde öz duşundaky adamy görüp, onuň bilen duran ýerinden baş atyşyp salamlaşdy.

Reýim ärsary soňam Orazgeldi bilen beýleräkden baş atyşyp salamlaşanyny az görüp, münderläp kerpiç daşan mahaly üst-başyna siňen çaň-tozy kakyşdyryp, aralykdaky üýşmek bolup duran kerpiçleriň daşyndan aýlanyp, onuň ýanyna geldi.

–Gardaş, nähili täze işiňiz bilen öwrenişýäňizmi?

–Araby sürmek, mal ugruna seretmek biziň üçin görülmedik pişemi näme! Atyny mähir bilen idedip, bakyp-bejerip çapanda, onuň uçjagyna ynanýan, sygryny bakanda, gapdaldaky ýapdan suw deregine böreňläp süýt akjagyna ynanýan türkmen-ä biz.

Orazgeldi bu sözleri aýdan mahaly el ugruna mähir bilen gapdalynda duran araba goşulan atyň arkasyny hem sypap goýberdi. Reýim ärsary Orazgeldiniň aýdanlaryny göwünjeň goldap, makullaýjylyk bilen baş atdy. Soňra ol paza ýaly uly elleriniň çaň-tozuny aýryp durşuna bugdaýly oragyna alnyp gidilen ýigdekçe inisini ýatlady.

El güýji ýetmän, obanyň 11-12 ýaşly oglanlary orak işlerine çekilende Reýimiň inisi Gurbanam şol işlere çekilenleriň biri

bolupdy. Süňkbaşy agasy ýaly iriligine seretmezden, onuň entek on ýaşy hem dolmandy. Ýöne oglanlar toplananda onuňam bulardan galasy gelmändi. Ýogsam ene-atasy ýogalany bäri Reýim ärsary inisini aýaly bilen ikisi iki ýerden oňa buýsanyp, goraglap, aladadyr hyzmat bilen gurşap ýaşaýardylar. Orazgeldi birki günlükde Reşetnikowyň gije bugdaý başynda ýatymlyk galanda ol ýerde Reýimiň inisi Gurban bilen hem nahar wagty gabatlaşypdy. Hossarlarça hal-ýagdaý sorap, onuň bilen gürleşip oturypdy. Gije onuň bilen bile arkalap bugdaý çekilişine gatnaşyp, Gurbanyňam ýoldaşlaryndan kem oturmaýanyny görüpdi. «Agaňa duşsam, ýagdaýyňy aýdaryn, arkaýyn ederin» hem diýipdi. Şondan bärem bularyň ilkinji gabatlaşyp duruşlarydy.

Reşetnikowyň gurluşykdan çykyp, araba tarap ýönelenini görüp, Reýim hem Orazgeldi bilen tiz hoşlaşdy. Kolhoz başlygy ol ýerden soňra däne taýynlanyşynyň ýagdaýyndan habar almak üçin, hojalygyň däne çalykdyrýan, taba getirip tabşyryga niýetlenilýän, saklawa taýynlaýan ýerine geldi. Görse komendant Şadmanowam bu ýerde eken.

Onuň bilen ýene bir gezek duşuşyp, özüniň aýlanyp gören ýerlerindäki işleriň barşy, ol ýerdäki meseler barada pikir alşyp durdular. Soňam olar brigadir aýalam ýanlaryna alyp, bu ýerdäki işleriň gidişi bilen tanyşdylar. Giden ýere serlip, depe tutup duran däneleriň süňňünden biraz dymyljan çüýrüntgi ys göterilýärdi.

Orazgeldi Oguljumanyň hem şu ýerde işleýänini ýatlap, bir öwrümde töweregine göz aýlan mahaly onuň hem özi ýaly aýallaryň dört-bäşisi bilen eli agaç pilli bugdaý üýşürip ýörenligini gördi.

Galla taýynlaýyş meýdançasynyň her ýerräklerinde depelenip duran bugdaý üýşmekleri göz dokundyrjydy. Mariýanyň brigadasynda işleýän zenanlaryň serlen däneleriň töwereginde işleşip ýörüşlerine, häzir beýleräkden seretseň, olar aýaklary bilen ýer peşäp, däne çokuşyp ýören akly-gyzylly towuklary ýatladýardylar.

Işleşip ýören aýallaryň köpüsiniň arkasynda besse-besse bolup, der yzlary peýda bolupdyr. Mariýanyň işgärleriniň köpüsi Türkmenistandan gelen zenanlar diýseňem boljakdy. Olar ýewropaça geýnen aýallardan özleriniň uzyndan geýen gyzyl-ýaşylly köýnekleri, başlaryna geýen soky topby-börükleri bilen tapawutlanýardylar.

Häzir olar eglen wagtlary aýaklaryna çolaşyp-durmazlygy üçin, köýnekleriniň etegini biraz ýokary göterip, billeriniň daşyndan aýlap guşanyşyp, çemelerini alşyp, özleriniň arkaýyn işlemeklerine belli bir derejede mümkinçilik döredipdiler. Baş börükleri eglenlerinde agyp-dönüp durmaz ýaly, olaryňam aşak etegini maňlaýlarynyň ýüzi bilen ýaglyk dolap daňyp berkidipdiler. Mariýa galsa-ha ol bu topbulary bada-badam çykardyp, gapdala atdyrmakçydy. Ol börükleriň häli-şindi agyp-dönüp durýanlygyny gören wagty:

– Çykaryň güm ýediň-de şol başgabyňyzy. Näme börüksiz bolsaňyz, ärleriňiz tanamaz, tapmaly ýeriňizi tapman, başga birine gidäýer öýdýäňizmi? – diýibem, abyr-zabyr edýärdi.

Reşetnikowdyr Şadmanowyň Mariýa bilen gürleşip duran ýeriniň sag tarapynda işleşip duranlaryň biri, gyýma gözli Zeýtune haçanda bilini ýazmak üçin işden başyny göteren wagty, derweze girelsiniň öňünde atdyr-arabasynyň töwereginde bir zatlara güýmenip ýören Orazgeldini görüp tanap, Oguljuma onuň gelenini habar berip, ýesersi gülümsiräp, bälçiredi.

– Gör, iliň äri nähili, agşam ýelmeşip ýatanlaryny az görüp, gündizem onuň yzyndan gelip görüp gidýär. Meniň Rawilim welin asla geläýmez. Hepdede görse-de, günde gören ýalydyr.

Oguljuma işden baş göterip, öwrülip, onuň gözlerini jikgerdip-jelledip seredýän ýerine gözlän wagty, arabanyň yz tarapynda oňa däne ýüklän wagty daşyndan aýlap daňýan ýüpüni tirsegine orap, külterläp, tertibe salyp duran adamsyny gördi.

Bu görnüş bir pursadam bolsa oňa Orazgeldiniň Söýünalyda arabaly öýe ot-çöp getirip, indem orak-ýüpüne saýhal berip duran öýleriniň gapdalyndaky keşbini ýatlatdy. Şu pursatda:

– Hä, geldiňmi, balam? – diýip, Jemal mama-da gapdaldan bir ýerden çykaýjak ýaly onuň aňynda birhili alasarmygrak pikir döredi.

Orazgeldiniň oňa ýaňy şu ýere gelen wagty syny düşüpdi. Börüginiň daşyndan pugtalyk üçin öwrüp daňan tanyş ýaglygyndan tanapdy. Indi biraz könelişip ugran bu ýaglygy oňa bäş-on ýyllykda atasy öýlerine gezmäge baranda Akynýaz baýyň aýaly:

– Al, gyz, agaň Aşgabatda bolan uly ýygnakdan geldi. Bu zatlar şol ýygnaga gatnaşyjylar üçin çykarylanmyş. Bu ýaglygam agaň saňa niýetläp alypdyr – diýip, oňa beripdi.

– Gelnejem berdi – diýip, atasy öýlerinden onuň begenip geleni Orazgeldiniň ýadyndady.

Günortan naharynyň golaý geleni üçin, başlyklaryň hem bu ýerdäki işleriň gidişini hiç neneňsi görmänlerinden ýüregi suwlanan Mariýanyň özleri üçin bişirilýän nahardan ýolbaşçylary hem hezzetlemän goýberesi gelmedi. Olaryň ikisiniň-de sypaýyçylyk edenlerine seretmezden, öz oturýan stolunyň başyna çagyrdy.

– Hany, garnyňyzy bir doýruň, onsoň niräk gitseňiz gidiberiň. Sizem günortan bir zat garbanmalysyňyz-a bir ýerde! – diýip, ol öz diýenini tutup tutanýerlik görkezdi. Aladaçyl aýallarça, janköýerlik bilen olaryň aladasyny etdi.

Ýolbaşçylary stol başyna geçirip oturdanyna mähetdelem, gapdaldaky depesine ýakymly bug göterip gaýnag gaýtaryp duran gazandan Mariýa dessine bir çanaga nahar salyp gelip, ony iki çemçe bilen başlyklaryň öňünde goýdy. Şol barmana-da onuň ünsi arabanyň töwereginde başlygyna garaşyp güýmenip ýören Orazgeldide saklandy. Kimdir birini gözleýänini mälim edip, aýallaryň arasyna gözüni aýlap alansoň, ol Oguljumany tapdy-da,

ony ýanyna çagyryp aldy. Soňam oňa getirden okarasyna nahar guýup berdi:

–Bar, äriň bilen naharlan. Nahar är-heleý, bolnup bileje iýlende, süýji bolýandyr-a – diýibem bu pursadyň özi üçinem islegli, pursatdygyny hem ýatlap, ýüzugra çalarak degşibem goýberdi.

* * *

–Ogulbikäm, owlak-gyzym-uw!..

Jemal mamanyň ýumuş buýurmak üçin ýene-de töwereginden Ogulbikäni gözläp ugranlygy belli boldy. Mama gitmek-getirmek bilen bagly ýumuşlaryny ýeňil aýak çaga hasaplap, gaýymrak görüp, hemişe oňa buýrardy. Jemal mama her gezek şeýdip, Ogulbikäni gözläp ýanyna çagyranda ony darsyldap, gulajyklaryny selpildedip, böküp ýören owlajyga meňzedip buýsanardy. Içerde onuň ýanynda şol wagt Akjagül otyrdy. Ol dümtünip ulugyzlara mahsus tikin işleri bilen gümrady. Ýetişip gelýän ulugyz hökmünde ýakyn geljekde el işiniň oňa gerek boljagyny pikir edýän Jemal mama haçanda ol el işlerine güýmenýän wagty, ünsüni bölmezlik üçin, hele-hüle zatda ony alada goýup durmazdy. Emma Ogulbike bu gezek mamasynyň ne birinji, ne-de ikinji çakylygyna wagty bilen ses berdi. Onuň golaý-goltumda ýokdugy belli boldy.

Ogulbikäň goňşy çagalaryň ýanyna oýnamaga gidenini pikir eden Jemal mama oturan ýerinden töweregine garanjaklap:

–Şu gyz soňky döwürde bir ýer-ä ýitirim bolmany çykardy – diýip samyrdady.

Akjagül mamasy şeýdip samyrdap ugransoň, aşak bakyp, ogryn ýylgyrdy-da, mamasynyň buýurjak ýumşunyň ugruna özi çykmak üçin, işini bir ýana goýup, Ogulbikä derek özi hä berdi.

–Mama, näme?

–Gün günorta bolup barýar. Biş-düş edip bir zatlar taýynlamaly, Babaňam hä diýmän geler gawundan, onuňam öňüne bir



*10

ýyly zat goýmalydyr. A, gyz, Ogulbike nirä gümlam bolup gitdikän?

–Bardyr töwerekde bir ýerde ýa-da Ahmet akgamyň çagalary bilen oýnap ýörendir.

–Ol günküsi ýaly «Suwa düşdük» diýip, eňkamyny aşyryp, eňegini şakyrdadyp, surnugyp gelmese-de ýagşydyr. Balyk däldirin öýdenok özüni bu gyz. Ajygyp ýeneki etmese, şüýä suwdan bäri geljegem däl– diýip käýindi.

Akjagül:

–Mama, häzir özüm tapyr getirerin ony–diýip, daş çykan mahaly, Jemal mama alada galyp, ýene onuň yzyndan gygyrdy.

–Jaryň boýuna-da bir köw salyp gaýt! Suwa düşýän bolsa aýt! Mamam: «Bejit çyksyn» diýdi diý, «Çykmasa, özüm elime saýgyç alyp barýan» diýdi diý!

Ogulbikäniň nirededigini mamasy bilmese-de, Akjagül gowy bilýärdi. Ol mundan biraz öň mamasynyň gözüne güýdüşip, öýden zyp beripdi. Häzir ol esli wagtdan bäri mekdepdäki synpdaşlarynyň töweregindedi.

Akjagüldür Ogulbike kulak çagasy hökmünde bir günde mekdepden kowlandyklaryna seretmezden, olaryň hersiniňbu ýagdaýy kabul edişleri dürli-dürli bolupdy.

Akjagül biraz uluraklygyny etdimi, nämemi, Sowetiň indi wagty bilen öz maşgalalaryna ýüz bermejegine tiz düşündi. Bu ýagdaý bilen kaýyl bolup ylalaşdy. Ogulbike bolsa onuň tersine, bu ýagdaýy göwnüne jaý edip bilmän gyýlyp-gynandy. Okuwy ýadyndan çykaryp bilmedi. Her gün öňki okuwa gidýän wagty gelende «Biziňkiler-ä okap oturandyrlar...» diýip, gözügidijilik bilen öz ýoldaşlaryny göz öňüne getirip ýatlady.

Mamasyndan gizlin gyýlyp aglan gezekleri-de az bolmazdy. Bilse mamasynyň diýjek gepi bes-belli: «Wah-ýeý, gyzym, bor şol okanyňyz. «Köpek ýüwrüp, tazy bolmaz, heleý okap, kazy bolmaz». Hat okap, adyňy ýazyp bilýäň, bor şol» diýip, bolmajak

zady boldurjak bolmagyň gereginiň ýoklugyny düşündirmäge synanyşjagy belli zat.

Okuwa bolan höwesi bolsa ýene-de birnäçe günden Ogulbikäni mekdebe alyp gelipdi. Ol her gezek okuw başlanansoň garanjaklap, töwerekde hiç kimiň ýoklugyna göz ýetirensoň, görünmän baryp, öz okaýan otaglarynyň penjiresiniň golaýynda oturardy. Guruganççylyk döwri bolup, bar bolan ýeke penjire-de açyk bolansoň, onuň daşynda-da mugallymyň sesi jaýyň içindäkiden kem eşdilmezdi. Ogulbike her gezek şeýdip, bu ýere gelende köp wagt ýene-de özüni jaýda oturan deň-duşlarynyň arasynda ýaly duýardy. Jaň kakylan dessine bolsa, ýene-de ol gelşi ýaly hiç kime görünmezlige çalşyp, başga bir bukurak ýere çekilmek bilen bolardy.

...Eger şol gezek Ogulbike oturan ýerinde özüniň niredeligini unutmadyk bolanlygynda onuň bu syry entegem açylmasa-da açylmazdy.

Mugallym şol gün öňe geçirip, bir okuwçydan sapak sorap durdy. Gezek Durdynýaz atly gyza ýetende, ol başda sammyksummuk birki agyz geplese-de, onuň soňy bolmady. Ogulbikäniň bolsa oňa ýat tutmaga berlen goşgynyň yzyny aýdasy gelip, gizlenip oturan ýerinde içini it ýyrtyp barýar. Ahyr ol pessaýrak ses bilen, goşgy setirlerini oturan ýerinden yzly-yzyna suňşuryp, aýdyp ugranyny-da hem duýman galdy.

Daşardan gelýän basyksy ses sapak geçip duran Aman mugallymy geň galdyrdy. Ol: «Bu näme boldugy?» diýip, töweregini diňşirgendi. Okuwçylaryň birnäçesi mugallymyň bu ses bilen gyzyklananyny görüp, ýerli-ýerden:

–Mugallym, ol Ogulbike-laý. Hol-l kulak diýlip kowlan. Ol kowulsa-da, her gün daşardan gelip, jaýyň daşyndan sapak diňläp gidýär. Bize duşanda bolsa: «Şu gün haýsy sapak geçeniňizi aýdyp bereýinmi?» diýip, bilgiç bolan bolup, aýdyp berýär.

Ogulbikeden gürrüň çykanda hälden bäri agzyna suw alan ýaly, sapagyny bilmän duran Durdynýaz-da gepe goşuldy.

–Hol gün, okuwa gijä galyp gelen günüm onuň jaýyň daşyndan bizi diňläp, büküdip oturanyny menem gördüm-dä, mugallym – diýip, o-da öz halyny unudyp jammyldady.

Mugallym penjiräniň öňüne gelen wagty tyrryk köýneklije Ogulbikäniň eýýäm golaýdaky Gurban baýyň saraýynyň gädiginden çykyp, taýzarylyp barýanlygyny gördi.

Ogulbikäniň okuw höwesi bilen öýleridir mekdep aralygynda ser-sepil bolup ýörenliginden Akjagül habarly bolsa-da, Jemal mama entek habarsyzdy. Ol bilse: «Kowlan ýeriňe baryp ýörmezler, balam!» diýip, onuň bolup ýörşüni halamazlygy mümkin. Emma obada welin bu ýagdaýdan habarly adamlar başga-da az däldi. «Örän zehinli gyzjagazmyş. Haty dagy şarlandyryp okaýarmyş. Ýeri, ata-enesi kulakçylyga çekilenmiş-dä, çagada näme günä barmyş?» diýibem gürrüň edýärdiler. Ogulbikäniň saýlanyp, mekdepden daşlaşdyrylmagyny göwünlerine jaý edip bilmän, oňa duýgudaşlyk edip, närazylyk bildirýänler-de bardy. Aman mugallym bolsa gepden-gep çykanda «Ol gyzjagaz okar» diýip ynamly aýdýardy.

Ogulbike aňyrdan towsaklap gelen mahaly mamasy bilen Akjagül eýýäm bişiriljek unaşyň suwuny gaýnadyp, noýbasyny, soganyny atyp, unaşyny salaýmaly edip kesip taýyn edip otyrdylar.

Jemal mama ony görüp, ojagyň odundan ýüzüni keseräk tutup, çemçe bilen unaş atyljak suwuň duzuny görüp durşuna:

–Hä, iş gutaransoň, ana, bu-da tapyldy. Nirä gitdiň gumlam bolup, gyz? –Soňam beren soragynyň jogabyna hem garaşyp durman oňa: – Bar gelen bolsaň, samandöläniň maňlaý agajyndan bir düzüm galampyr asyp goýupdym, şondan getirip ber maňa birki sanysyny... Babaň ajyçyldyr, «Galampyryň ýokmudy?» diýäýmegi mümkin – diýip, oňa bada-bat ýumuş buýurdy.

* * *

Şol günleriň birinde Sarkisowyň ýene bir hyýala münenligi belli boldy. Ol garaňky ýagşy gatlyşyp aýak ýygnalansoň, Ahmedi

oturan zyndandan çykaryp, ýuwundyryp-ardyndyryp biraz özüne serenjam berdirensoň, ony serhet galasynyň howlusynda duran ýeke at goşulan araba mündürip, öz ýanynda oturtdy. Araba serhet galasyndan çykansoň, saga – Söýünaly tarapa öwrülip, şäher ýoluna gönükdi. Bu mahala çenli gije eýýäm öz etegini büräp, garaldyp bilen ýerini garaldyp, dünýäni özüçe eýemsirenipdi. Öwlüýäniň depesinde gije hümerlenip, ol ýer has garaňky bolup görünýärdi. Dünýäni içiňe düşüp gelýän dym-dyrslyk gaplapdy. Ahmet öwlüýäniň deňine ýetilende öten-geçenlerini ýatlap, doga okap, elini ýüzüne sylyp, degsin etdi. Sarkisowyň özüni niräk alyp barýanlygy ony iňkise goýdy. Ol harby lybasyň üstünden uzyn türkmen donuny geýip, başyna silkme telpek sokupdyr. Ine, indem ol arabasyny tigirdedip, daňdan şäher bazaryna ýetişmegi niýet edinen bir obaly adama öwrülipdir. Ahmet ony ýaňy bu halda ilki gören wagty: «Bä, bu ermenide oýun kän-ow, indi bi ýene nämäniň kül-külüne düşdükän?» diýip oýlanypdy. Ýöne OGPU-nyň hany häzir näme oýun etjegini öňünden bilip bolýarmy?

Haçanda araba obanyň Hangulular tarapyny gapdalda galdyryp, gaplaňlaryň çetinden girip ugran mahaly Ahmet öň çen edişi ýaly Sarkisowyň özüni serhetden geçirip goýbermek üçin däl-de, nämüçindir oba alyp barýanyna düşündi. Ol ýalňyşman eken, ermeni arabany ýene biraz sürensoň, gaplaňlaryň göbek bolup oturan Jedel depesiniň duşuna ýetip, arabany saklady. Hataryň ýol gyrasynda serginläp, keserişip ýatan itler olary ýat görüp, ýerli-ýerden üýrüşip, aňyrdan çykdylar. Şu ýerde Sarkisow Ahmede tarap sähelçe öwrülip:

–Öýüňe bar! Agam-beýleki diýip, başga ýerde görünme. Daňdan ýene il örmänkä gelersiň şu ýere, men garaşaryn şu töwerekde – diýdi.

Ondan nämä garaşsa-da, beýle zada garaşmadyk Ahmet birbada öz gulagynyň eşiden gepine ynanmady. Sarkisow aýdan gürrüňiniň çyndygyny tassyklap, makullaýjylyk bilen baş atdy.

–Bar, bar, gidiber!

Ahmet ugrap barýarka ol ýene-de dillenip, oňa arabanyň yz tarapynda ýatan haltany görkezdi:

–Ony-da al arkaňa, biraz un, çaý, beýleki bardyr...

Ahmet näme-nämäniň bolýanlygyna oňly düşünip bilmän dola ýakyn haltany arkasyna aldy. Öýüne golaýlaberende Alabaý onuň öňünden üýrüp çykdy. Ady tutulansoň welin eýesini tanap, begenip onuň elini ýalarly bolup, töwereginde ýalmanyp aýlandy. Ahmet öýüne gönükmezden öň, aýak çekip töweregine nazaryny aýlap, öz töwerekleriniň habaryny aldy. Agasy Kymyşyň üç öýüniň bolan ýerinde indi diňe bir öýüň duranyny, Ballynyň öýüniň öňünde bolsa ýene bir jaýyň peýda bolanlygyny gördi. Agasynyň sürgüne berlen ogullarynyň öýleriniň kulak emlägi hökmünde elden alnyp, sökülip: «Biraz ýatdan çykyşansoň, özüm ulanaryn» diýen pikir bilen, Ýagdynyň ony öz howlusynyň bir tarapyna basdyryp goýanlygyndan bolsa entek ol habarsyzdy. Ýöne ol Ýagdydan bir zat ýetenligini welin aňýardy. Ozalky bir ýerlerden gaýdyp gelendäki ýaly bolanlygynda Ahmet bu iňkisiniň jogabynyň ugruna çyksa-da çykardy. Ýöne ol Sarkisowa başga ýerde görünmezligi tabşyrypdy. Elbetde, bu talapdy. Maşgalanyň ertirki gününi bulamazlyk üçin şeýle etmek hökmandy. Owgana gidip gelýänçäň, maşgalanyň bularyň elinde girew galýanlygyny bolsa unutmaly däldi.

Başgaça bolanlygynda, ol agasynyň öýleriniň nirä ýitirim bolanlygyny gidip, Ýagdydan soramakdan, sähel hykgy-çokgy etse-de, onuň bokurdagyna pyçak goýmakdanam gaýtmazdy.

Ballynyň penjiresinde yşyk bar eken, ol entek ýatmadyk bora çemeli. «Ýa Ballydyr-da, bir ýerde çüýşedeşleri bilen toý-meýlisde ýörendir, aýaly Kümüş onuň gaýdyp gelerine garaşyp, ýatman oturan bolmaly. Çyra-da şonuň üçin ýanykdyr. Kepretildenem ol gelen zatdan hakyny alyp bilýän adam, onuň ýakmaga keresinem ýetik bolmaly ýenekisem, näçe ýakanda näme?» diýip, Ahmet Bally hakda häzirki ýagdaýda onuň başyny çarap, täze hökümetiň ynamly adamlarynyň biri bolup, garylyp-gatnaşyp ýörüşi hakda

garyşyk pikirler bilen oýlandy.Ahmet gapysynyň öňüne ýetip, arkasyndaky ýüki düşürensoň, öz gelenligini duýdurmak üçin, inisiniň adyny tutup, gapyny sähelçe iterdi.

–Öwezdurdy, ýatdyňyzmy!?

Öwezdurdy oýanan-da bolsa birbada gulagyna ynanmadyk bolarly, ol yňyrgansa-da, ses bermedi. Ahmet gapyny ikinji gezek dözümliräk iterdi. Indi ol oglunyň adyny tutdy.

–Geldimyrat, açyň gapyny!?

Şundan soň ol köp garaşmaly bolmady. Içerden inisi Öwezdurdynyň:

–Gelneje, Ahmet akgamyň sesi ýaly-la bi! – diýip, oýaly-ukuly halda hymyrdysy eşidildi.

Şundan soň içinden kiltlenen gapy jykyrdap ýuwaşlyk bilen açyldy.

Ahmet ýükli haltasyny süýrekläp içerik girdi.

Onuň aýaly Akgül gyzy Jümmini gujagyna alyp, ýaňyrak uka gidipdi. Akgül dert çekýärdi. Tebibiň edýän däri-dermanlaram entek oňa ugurly em bolup barmaýardy. Näme-de bolsa ol dert içdedi. Akgül bu günem gujagyndaky gyzjagazynyň saçlaryny sypap ýatyşyna barha beterläp barýan derdini alaçsyzlyk bilen ýatlap, özüne bir zat bolsa, çagalaryň ýetim galjagyny hasrat bilen ýatlap: «Bulara ne günler garaşýarka?» diýip, hasrat çekip uklap galypdy.

Akgül birden dert tapynyp, indi iki ýyla golaý wagtdan bäri onuň bilen ýykma-ýykylma süýrenişip ýördi. Nobat tebip oňa ir bilen saglan badyna düýe süýdüni ajöze on gün içmegi maslahat beripdi. Ýöne hany indi ilde ýataga sygman, boýurganyşyp duran düýeler galdymy? Sygyrlar, goýunlar ýaly düýelerem bireýýäm kolhoz hasabyna geçipdi. Ol ýerde bolsa indi olary sagýanam, çalagaran tutýanam ýokdy. Eýesiz bereket köýüp ýatyrdy. Köşekler birsalym emensoň, düýeleriň öz-özleri süýtden çykyşyp giderdiler. Gapyda düýe dursa, ol baý-kulak diýilýän gepe ýakyn bolýan mahalynda kim gapysynda düýe saklaýar. Akgül ýene düýejide

bir ýerde biriniň ygtyýar edip, köşekli düýe saklaýanyny eşitse-de, emma dert edinip, oňa-da gidip bilmändi. Ýogsam dermanlyk diýilse, kim bermeýär bir käse süýdi, onda-da Mämmet hanyň gyzyna. Ol sygyr süýdüni içipdi. Jemal mama: «Gelin, Nobat tebip şeý diýýän bolsa şony edäý, ol kejir bolşy ýaly, öz işine örän ökdedir, ateşegi al-da, gatna düýejä sen!» diýipdi.

Ol ikinji gezek tebibe baranda, buýran eminiň edilmedigine jany ýanan Nobat tebip: «Diýenimi etmeýän bolsaň, nepim degmez saňa, gelin» diýip, onuň ugruna hem seretmändi. Indi bolsa bokurdakdan nan geçmän, ol gaýynlary Kymyş duzçylaryň sygrynyň süýdi bilen zordan mydar edýärdi.

Akgül daşardan Ahmediň sesini ilki eşiden mahaly ony düýşüdir öýden-de bolsa, soňra tiz tanapdy. Ol tärime söýenibräk turdy-da, sermenekläp baryp, gapyny açdy. Ýöne Ahmediň bosaganyň öňünde durup, töweregine garanjaklap, howlugybrak girmegini halamady. «Bu ýene-de birini urup-ýenjip gaçyp gaýdan bolsa gerek?» diýip howpurgandy.

–Akgasy, özüňmi?

–Hümm...

–Seni özleri goýberdilermi ýa?..

–Sizi aýak üstünden görmäge geldim.

–Ene gidýämiň?

–Gitmeli...

–Gara başyň bar eken. Şonuň gaýgysyny edip öldük. Hudaýa şükür...

Akgülüň gepi hemişekisi ýaly Mämmet hanlara mahsus mähirliden batnyklydy. Agasydyr gelnejesiniň hüňürdisine eýýäm aň edip alan Öwezdurdy Ahmediň gelenine begendi. Göresi gelen agasyny garsa gujaklady. Salamlaşansoňam öýde yşyk edere çyrada nebitiň ýoklugyny ýatlap, onuň gelenine ýene bir gezek göz ýetirmek üçin, näme etmelidigini düşünip, goýlan ýerinden çyrany alyp, ukuly gözlerini açalak-ýumalak edip, gapa ýöneldi.

–Gelneje, men häzir Kümüş gelnejemden bir ýakarlyk kerosin sorap geleýin.

–Ýatan bolaýmasalar?!

–Penjirelerinde ýaňy yşyg-a bardy – diýip, Ahmet hem şol arada yşyk bolsa kem bolmajagyny aňdyryp dillendi. Soňra-da gapydan çykyp barýan Öwezdurda:

–Öwedi, meniň gelenimi aýtmagyn! – diýip duýdurdy.

Öwezdurdy ýeňil ýumuş oglanlarça düňkäp, Ballynyňka gidip gelensoň, öýe yşyk düşüp, Ahmet töweregini täzeden ünsli synlady. Indi içerde köp zat aýyl-saýyldy.

Çagalar dünýäden bihabar uklaşyp ýatyrdylar. Akgül:

–Sen açsyň – diýip, oňa bir zatlar äbermegiň ugruna çykarman boldy.

–Ýatyber! – diýip, Ahmet gapdalda üýşüp duran, hoşboý ysy içerini tutan gawunlara tarap seretdi. – Nanyňyz bolsa, gawun bilen nan iýäýerin men – diýdi. –Öwedi, inim, pyçagy al! – diýip, soňam özüniň gelenine begenip oturan inisine ýüzlendi. Akgül başujunda goýan saçagyna elini ýetirip, ony Ahmede tarap süýşürdi.

–Şunda bir döwüm nan-a bardyr! Ertir mamasy bilen goşup, bir tamdyr nan ýapsak – diýip otyrdym... Babasy, mamasy gaýrat edýär hälem. Gawunam bolsa, süýt-gatygam bolsa Ahmediňkilere diýşip, uzadyşyp otyrlar. Tüweleme, Jummanjemiň gyzlary Akjagül bilen Ogulbike janam maňa uly kömek.

Ahmet saçakdan alnan gaty nany bilen käseläp öňüne alan gawunyny işdämen iýip oturyşyna agasydyr ýeňňesiniň ýagdaýlary barada, sürgüne gidenler hakynda, täze hökümet hakynda, Ballyň işi hakynda soraşdyryp oturdy.

–Ballynyň-a şol içip ýörşi bendäniň. Kä günä atynyň boýnundan gujaklap, zordan özüni öýüne atýar.

–Içişýän bolsa düşünişýändir.

Ahmetdir Akgül çyra söndürilenden soň hem esli wagt hal-ahwallar barada çagalary oýarmazlyk üçin pyşyrdaşyp gürleşip ýatdylar.

Agasy gelensoň arkaýynlaşyp, täzeden düşegine geçen Öwezdurdyňam indi birazdan burnunyň sazlaşykly myşşyldysy eşidilip ugrady. Gije bolsa indi barha garramak, dünýäniň uky kölüne gark bolýan adamlaryň sanyny artdyrmak bilendi.

Ahmet gijäniň bir wagty Akgül bilen hoşlaşyp, daş çykan mahaly henizem Ballynyň öýüniň penjiresinde yşyk barlygyny gördi. Ilki ol Bally henizem gelen däldir diýip oý eden-de bolsa, mal ýatagyň gapdalyndan geçip barýarka, onuň atynyň gazykda hütürdedip, ot iýip duranyny gördi. Gelse-de onuň ýaňyrak gaýdyp gelenligini çen etdi. Ahmet öýden çykyp gaýraky gaplaňlaryň Jedel depesine tarap ýönelen hem bolsa, onuň gapdalyndan ötüp, Sarkisow bilen duşuşmaly ýerine howlukmady. Entek oňa biraz wagtam bardy. Ol bu ýerde ile «Ahmet gezip ýör eken obada» diýdirmän, jahan ýagtylmanka barsa bolanydy. Onsoňam güýz güýzsüräp ugraly bäri, gije-de ol öňki tomus günlerindäki ýaly juda bir gysga hem däldi. Ol üç ýoluň çatrygyna ýetip, bir salym nirä gitjegini bilmeýän ýaly, eňegini sypalap aýak üstünde, oýurganyp durdy. Bir pursat ukuda ýatan gijäni diňşirgendi.

Sarkisow «Agaňka-iniňkä, hiç kimiňkä barman, göni öýüňe gidip, göni hem yzyňa gel!» diýip sargan hem bolsa, ol Gurt ýalagyň öýüne ýetiberende ýeňsä dolananyny duýman galdy. Onuň aýak üstündenem bolsa Hanumany diýseň göresi gelýärdi. Hanuma indi şol ýakymly duşuşyklardan soň, onuň aňynyň, höwesiniň aýrylmaz bir bölegine öwrülipdi. Onuň boldumly sagrysyny güjeňleýän ýaly gümmezekledip, bir gowy bolup ýatyşy häzir onuň göz öňüne geldi...

Hanumanyň mähir-mylakaty ýatda galan lezzetli gowulyk bolup, ýene erjellik bilen ony özüne çekdi. Ol pikirini nädip Hanumany görmän gidip biljegini Akgülüň saglyk ýagdaýy, ondan dynman nadynç bolmasa bilen baglansoň, Hanumany baryp görmek meselesini birbada etmeli däl hereket hökmünde gören-de bolsa, soň ony özüniň hökman görmelidigine düşündi. Ahmet Sarkisowyň guran duzagyna islese-islemese-de özüniň çörňeşip

barýanlygy, indi haçan oba dolanjakdygynyň belli däldigi, Sarkisiň tizden özüni derýadan geçirip goýberip, buky ýerde yzyndan garap galjagyny, maşgalasynyň bolsa oňa girew bolýanlygyny, islese-de indi yza dolanmaga ýol galmanlygy barada garyşyk pikirler bilen oýlandy. Ahmet Gurban baýyň obanyň ortasyny eýemsirenip, salgym atyp oturan howlusynyň daşyndan aýlanyp geçip, Hanumanyň öýüne ýakynlaşyberende, ýaňyrak haýsydyr bir itiň ýat görüp üýren ýeriniň töwereklerinde öňde oturan salgym-garanyň biriniň göni öz üstünden gelýändigini görüp, gapdaldaky ýapdan ýeňillik bilen donunyň synyny ýelpedip, kimdir biriniň böküp, gijä gatylan sulbasyna öwrüldi. Ahmet ony görüp, töwerekdäki öýleriň birinden gije ýazylmaga daş çykanyň biridigini, üstüne göni adam gelýänini görübem uýalyp, gyssanyp turup gidenligini pikir edensoň, oňa şeýle bir üns berip durmady. Içinden bolsa ol barada häzirki sowuk däl mahaly bir salymlyk daş çykmak üçin beýle ykjam geýinmek nämä gerek boldukan? diýip, geňirgenibräk oýlanan hem bolsa, Hanumanyň huzuryna howlugýanlygy üçin ol şol pursatda bu pikiriň yzyna düşjegem bolmady. Garaňky bolsa häzir öwrüm berip, töwerekde toplanyp, hamala, Ahmetdir Hanuma duşuşandan soň boljak hezillige göwün çaglap, näden-nä borkan? – diýip, hezillige garaşyp, göwnüni bökdürip oturan synça öwrülipdi.

Ahmet gelende Hanuma dünýäni unudyp, süýji ukuda ýatyrdy. Şonuň üçinem ol Ahmet adyny tutup, gapyny sähelçe itende, ol bu sesiň düýşdenmi, huşdanmy nireden gelýänligine birbada düşünmedi. Haçanda Ahmediň tanyş sesi gapynyň yşgalaňyndan syzylyp, ýene bir gezek gaýtadan eşidilen mahaly bolsa, ol sesiň diňe onuň bir kimiňkidigini däl, niireden gelýänligini hem dessine anyklady. Syçrap ýerinden turup, garaňky içerde çen bilen ýöräp, gapa tarap howlukdy.

–Hä... häzir... – diýende, onuň sesi ukuly hem howlukmaçdan üzlem-saplam eşidildi. Hanuma Ahmet giren badyna, höwes bilen onuň boýnuny gol salyp mähirli garşylady.

–Meniň bagtym, sen nireden çykyp ýörsüň!?

Ahmet jogap ýerine ony kükregine söýäp, hyjuwly gujaklady. Gapynyň öňündäki ilkinji harsa bolan mähir-mylakatlylykdan soň, Hanuma Ahmediň gujagyndan sypyp, bir ýerlerden tapyp, çyrany ýakdy. Öýüň içi şuglanyp, ümürliräk gündizligiň bir bölegi dörän ýaly duýgy döretdi. Aýyl-saýyllyk emele geldi.

Hanuma şol öňküsi ýaly näzeninden höwes-hyjuwlydy. Onuň egninde biraz ýakasy agan, giňiş tikilen, könеräk köýnegi bolup, ol ony halta giren ýaly söliteräk edip görkezýän hem bolsa, zenan görmegeýdi. Şol halta köýnegiň aňyrsynda zenan gözelliginiň bir baby galgyn göwüsleriň tümmerip, ýeri göterip ersip gelýän kömelegi ýatladyp, salgym atyp durşy, barha köreşip, begençli hyrydar seredişýän şuglaly göreçler, biraz çaşyp, eginlere pytran saçlar Ahmediň öňünde ýene-de onuň zenan gözelligini nygtady. Hanuma dessine saçak ýazyp, baryny orta goýup, hödür-kereme berilse-de, öň öýünde hem biraz garbanan Ahmet iýgi-içgä imrinmedi. Hanuma galyp-gopup, orta ony-muny goýup, özüni hezzetlemek üçin töwerekde pyrlanan ýaly bolup ýörkän Ahmet ýene-de ol barada özüniň höwesine höwes goşujy pikirler bilen oýlandy. «Muňa näme geýse-de gelşip dur-aý, şu sölite köýnekde-de bu owadan, sölitelik gaýta daşyna aýlanýan ýaly görnüp, onuň görküne görk goşýar. Gadymýetde beýle ýagdaýy köp synlan ata-babalarymyz «Gözel jinde içinde-de gözel» diýipdirler ahyry, şolaram şeýle gelne duşanda şunuň ýaly bir gowy pursady başyndan geçiren bolmaly» diýip heserli oýlandy.

Ahmet Hanumanyň saçagy ortadan ýygnanyna mähetdel ýene onuň bileginden çalyp tutup, sähelçe özüne tarap çekdi.

–Gel ýanyma!

–Hiç zadam iýmediň-le?

–Diýdim-ä aç däl diýip.

–Belki, dessine ot gallap, gyzgynja bir zat bişirin.

–Ýok, gerek däl, gel özüň!

–Dur, çaýly çäýnegi bir ýana goýaýyn, garaňkyda büdräp, ala takyrdy bolaýmaly...

Gitmelidigi ýatdan çykmaýan Ahmede Hanuma häzir gereginden artyk güýmenjireýäne meňzedi. Ahmet Hanuma gapdaldaky üstüne düşek galdyrylan sandygyň öňünde ýorgan aralygyna goluny sokup, ol ýerden bir zatlar gözläp güýmenjiräp durka, harsa onuň köýneginiň eteginden çalyp tutdy-da, ony ýarym öwrüm daşyna öwrüp, gujagyna çekip aldy. Hanuma diňe:

–Barýan-la, oglan, baý munuň tiz bişerligini! – diýip, söýünçli näzirgedi.

Ahmet giren wagty ýakylan çyra ýene-de köp wagt geçmänkä öçdi. Bir-birine höwesli iki guwwasyň ýene-de hyjuw-yhlasa berlişip, söýgi deňzini gulaçlaşyp, alyslara ýüzüşip barýandyklary belli boldy...

Ahmet ýas-ýaňy tagamly nahar iýen pişik ýaly, göwnühoş ýalmanyp, Hanumanyň öýünden çykan mahaly daň ýaňy saz berip ugrapdy. Ol töweregine ýaltaklan wagty şuraň gapysynyň öňünde bir atyň eýerli, başyny aşak egip, aýak üstünde irkilip duranyny görüp, şuradyr onuň jigidiniň eýýäm işe gelenini çen etdi. Sebäbi Ahmet ýaňy onuň duşundan ötende ol at bu ýerde ýokdy.

Bir ýere gitmän, obada bar bolsa, ol atyň Ýagdynyň aty bolmagynyň mümkindigi kellesine gelende, Ahmet hüşgärligi elden bermezlik üçin: «Ol üstümizden geläýmesin» diýip, pikir etmänligini özüne igenibräk ýatlatdy. Ol biraz ýöränsoň, aşak ýandaky baýyrlardyr düýeji hem gaplaňlar toplumy aradaky köwe tarap çekildi-de, öz syrgynlaryny oýtarlap ýöredi. Onuň bar pikiri häzir indi hiç kime görünmän, tizräk Sarkisowyň özüne garaşýan ýerine barmakdy. Ol düýeji obaçylygyndan çykan ýaly bolup aňyrdan gelende Sarkisow arabasynyň üstünde irkiljiräp, oňa garaşyp otyrdy.

Ol telpek-don geýnip, hakyky türkmen adamsyna öwrülipdir. Ahmet öýünden çykyp, Hanumanyňka barýan çagy görüp, zeruryna çykandyr öýden adamsyny, onuň ýeňillik bilen donunyň

synyny ýelpedip, suwly ýapdan böküp geçişini ýatlan mahaly şol salgymyň adaty oba adamsy bolman, öz yzyndan gözegçilik edip ýören Sarkisowdygyny çen etdi.

Sarkisow Ahmedi görüp: «Görjekleriňi gördüňmi?» diýip guraksy sorady. Ahmedem: «Hawa» diýip, oňa gysgaça jogap gaýtardy.

Takyrdap ýola düşen arabanyň üstünde oturan Ahmet biraz ýörelensoň, gaplaňyň Jedel depesiniň ýeňsesinden görünýän öz syrgynlaryna tarap boýurganyp, ýene bir gezek intizar seretdi.

* * *

Ahmediň gelip, oba aýlanyp giden gününiň ertesi Aman OGPU gelip, şuraň jaýynda Hanuma bilen duşuşdy. Onuň bilen ikiçäk, gözde-ýüz bolşup, arsyz wagt gürleşip oturdy. Gürrüňiň uzaga çekýänini görüp, «Bu näme boldugykan?» diýip, ýüregini bükgüldedip, daş işikde gezmeläp ýören Ýagdy çaý-suw mürehet etmek bahanasy bilen içerik giren mahaly, ol Aman OGPU-nyň Hanuma bilen haýsydyr bir dartgynly gürrüňe berlip oturanyny gördi.

Bada-bat bu ýerde mesawy gürrüniň edilmeýändigine düşündi. Hanumanyň adatdakysyndan biraz üýtgäp, bozaran ýüzünde, tekepbirlikdir nägilelik alamatlary-da bardy. Aman OGPU-nyň Hanumany nyşana alan nazary talaplanyp, öňküsinden hasam haýbatlanypdyr.

Aman OGPU Ýagdynyň girip, gürrüň arasyny bölmegini halamady.

Ýagdy girişi ýaly sypaýyçylyk bilen oňa ýüzlendi:

–Ýoldaş Amanow, bir çäýnejik çaý getirdäýsem nähili borkan!?– diýip, ýaýdanybrak sorady. Aman OGPU:

–Geregi ýok – diýip, «Sen näme gürrüňe çolaşýaň?» diýen äheňde onuň soňky gepiniň öňüni alyp, sowuksy kesgin gepledi.

Ýagdy häzir bu ýerde özüniň artykmaçdygyny duýup, ýüzüne urlan ýaly bolup, girişi ýaly hem dessine yzyna çykdy.

* * *

Bu ýyl güýz Söýünala örän gurak geldi. Käte ýagyş ýagarly bolup, şemal basga düşüp hazylap-howlugyp öwüsýän-de bolsa, barybir howanyň beýdip bulaşmagy bilenem ýere damýan zat bolmady. Diňe şemalyň uly tutum bolup, dünýäniň üstüne düwläp, topulyp alany galdy. Bu seýrek hadysady.

Dogrusy, indi-hä onuň häzirki pagta ýygym möwsüminiň barha gyzgalaň alýan döwri asla geregi-de ýokdy. Ýöne her hal-malynyňam bähbidini aramagy endik eden ýarym çarwa halk irräkden tapgyr-tapgyr ýagşyň hem ýagyp, gyrtyç-ýylaklaryň ösümine bat berip, baýyr ýüzleriniň ýazyň reňki bilen ýaşyl öwsüp oturanyny görmegiňem arzuwyndady. Şeýle bolanda şol islegli goşa ýaz bolýardy. Gök otuň garyş-sere ösüp, mallara doýum bolmagy has-da arly tomus Günüň ýiti şöhlesiniň aşagynda ezilip gezen goýun malyň maňlaýyndan direýärdi. Şeýdip mallar güýzüň goşa ýazyny boýlap, içlerine bir gök çaýkap guratlanyp bilseler, soňra olar gyşyň gazabyna aňsat per bermezdiler. Muňa seretmezden, güýze sanan zatlaram az däldi. Güýz tukatlygy duýulýardy: töwerekdäki baýyrlaryň oturyşynda, suwlaryň akyşynda, meýdanlaryň töweregine çolaryp bakyşynda-da güýzüň suslugy duýulýardy. Söýünalynyň içinden, iki ýan gapdalyndan geçýän derýadyr jaryň, Bedeňýabyň suwy çekilip azalypdy. Güýz hasaby başlanyp-başlanmanka hemişeki edilişi ýaly, gazy-haşar işlerine taýynlamak üçin Bedeňýapdyr Ýekýüzüň suwy bireýýäm kesilipdi. Erkek adamlaryň ençemesi eýýäm oba miraby bilen bu işleriň ugrunda bolup, Ýapbaşdan bäriň gazysyny gazyp, palçykdyr laýa bulaşylyp ugralypdy. Söýünalyda şeýdip, hemişe gazy-haşar işleri pagta ýygymy bilen bir wagtda bileräk başlanyp, işçi güýçleriniň esasanam iki bölege bölünmegine sebäp bolýardy.

Gazynyň wagtynda başlanandygyna seretmezden, Gara mirabyň ony bu ýyl wagtynda gutarjagyna ynamy ýokdy. Obanyň

gazyny hek edip gazaýjak adamlary bolsa hökümetiň türmä basyp, sürgün etmegi bilen  hasam azaldypdy. Her gezek işi gata düşende mirap: «Ha, muňa Abdylla, Orazgeldi, Gökgöz ýaly zant daýhan gazyçylar gerek-dä» diýip, ahmyrly ýatlardy. Ýene bir gezekde Gara mirap gazy gazylyşyndan habar almaga gelende, onuň gidişinden nägile bolan şuranyň ýanynda bu gepi aýdanda ol halamandy. Hatda ol çeti gyzyp, depermen at ýaly, gaşlaryny çytyp, pälini bozup barýanyny mälim edip, halamazlyk bilen düýrügipdem. Şeýdibem, olaryň arasynda şeýle tartgy-çekgiliräk gürrüň bolupdy. Ýagdy:

–...Şolar bolmasa, nä bolmaz öýdýäňizmi?

–Bolar, ýöne bolmalysy ýaly bolmaz.

Barybyr Sowetiň ynamdar bat-beleňinde gezip, beglenip ýören Ýagdynyň onuň bilen ylalaşasy gelmedi. Gazyçylaryň ýanyndan gidende hem:

–Täze ýyl suw alyp, ekin ýakjak bolsak, gazyny gazmaly bolar.  Özi-de öňki ýyllardaky ýaly edip, böwedi dürtdügiň suwuň özi paglap atyzlara eňteriläýer ýaly edip göwnejaý gazmaly. Güýç azlyk etse, hany pagta ýygymy bir gutarsyn, onsoň eli pil tutany gögerderin şu ýerde –diýdi.

Gara mirap Ýagdynyň goşmaça işçi güýji hökmünde kimleri göz öňüne tutýanyna düşündi, ýöne göwnemedi.

–Biziň bu gazylarymyz aýallarymyza agyr düşer. Onsoňam özüň bilýäň-ä beýle agyr gazylara biziň il aňsat aýal tohumyny golaýladýan däldir. Görünselerem olar bu işiň goljuk ýap, çil ýap diýen ýaly ýeňil-ýelpaý ýerlerinde görünýändirler.

–Näme, heleýleriň ýatgysy düşer öýdýäňmi?

–Düşse düşýändirem, ýöne özüň bilýäň-ä, olary hiç wagt agyr gaza-ha salmandyrlar.

Ýöne mirap aýaly agyr gaza salmaly däldigini aýdyp, näçe jaň etse-de, Ýagdynyň oňa düşünesi-hä däl, beýle gepi eşidesi-de gelmändi. Onuň gepine hä bermändi. Şeýdibem, bu meselede her kim öz pikirinde galypdy.

Ýagdy şeýle gürrüňleri eşitmegi halamanlygy üçinmi bu gürrüňlerde, iliň şu güne düşmegine seniňem günäň az däldir diýlen äheňiň barlygyny syzýanlygy üçinmi nämemi, ol pagtalyk işiň gyzgalaňlydygyny bahanalap, soňky döwürde gazyçylaryň ýanyna gelmesini has-da azaltdy. Soň bolsa gazyçylaryň ähli garamadyny Nurjuma başlygyň üstüne atdy.

–Nurjuma, gazçylara özüň göz-gulak bol. Tijensinler. Talap et! – diýdi.

–Mirabyň-a ýanyna barsaň, «Güýç ýok, wah, öňki gazyçylar bolan bolsady?... Gazyny islesegem, wagtynda dynyp bilmeris» diýip, muşakgat baryny ýagdyryp otyr – diýip, mirapdan nägiledigini duýduryp, oňa sargady. Ýöne Ýagdynyň munuň bilenem gazyçylardan gulagy dynmady.

Nurjuma pilini egnine atyp, gazyçlaryň ýanyna gidenine iki-üç gün geçip-geçmänkä bu ýerdäki işleriň ýagdaýynyň habary raýon ýolbaşçylaryna hem ýetdi. Özi-de bu gürrüň raýondan wagtal-wagtal obalarda işleriň gidişinden habar almaga gelýän wekiller gelip gideninden iki gün soň boldy. Wekilleriň baryp, Söýünalyda gazy-haşar işleriň gidişiniň ugrunyň ýoklugyna özlerinden ýokarky wezipedäki ýolbaşçylary ynandyrandyklary belli boldy. Wekiller şol gün gazy gazylýan ýere gelip: «Hany, bu ýerde başlyk Nurjuma bolmaly?» diýip soranlarynda, ony ýap boýundan däl-de, hars urup gazy gazyp duranlaryň arasyndan tapypdylar. Ýabyň içinde ýokarky göterim ahyra laý zyňyp, derläp duran Nurjuma ady tutulyp soralanda:

–Men bärdedirin! – diýip, ýeňi bilen derini sylyp durşuna olara hä beripdi.

Bu bolsa ol wekilleriň soňra raýkomda: «Söýünalyda gazy-haşar işleri talabalaýyk gurnalmandyr, bu zatlara ýolbaşçylyk etmeli adamyň gaýta özi gazyny gazdyrmanyň ýerine laýa bulaşyp, gazy gazyp ýör eken» diýip, maglumat bermeklerine sebäp bolupdy. Şeýle-de şol günüň ertesi Nurjumadyr Ýagdy



*11

raýona çagyrylyp, raýkomyň birinji sekretary Ata Hymlynyň hym baglamagyna, ýolbaşçynyň nähili bolmalydygy barada surnukduryjy mysallar bilen eýi ýetirilen uzyn gürrüňler etmegine sebäp bolupdy. Şeýdibem, diňe bir Nurjuma däl, obanyň esasy ynamly ýolbaşçysy hökmünde Ýagdy hem mundan öz igenç paýyny alypdy.

Ýagdy Nurjuma bilen ýygnakdan çykyp, öýe gaýdyp gelýärkäler basdaşlarça ýene bir gezek bir-birleriniň üstüne büküdişip aldylar. Nurjuma onuň bilen ýüzüniň ganyny gaçyryp, bu ýerde özünde ýazyk duýmaýanlygy üçin, Ýagdynyň igenjini kyn görüp, ýene bir gezek onuň bilen sensireşip aldy.

Ýagdy:

–Eý, Şallak, seniň bolşuň nähili?–diýip, gamçysy bilen öz gapdalynda atyny debsiläp gelýän Nurjumaň bykynyna sähelçe dürtüp goýberdi.

Nurjuma:

–Nähili? – diýip, nägile dillendi.

–Näme, bolmalysy ýaly bolubereňde bolmaýarmy?

–Mundan artyk nähili bolmalymyşym, eýsem?

–Seni ile baş edip göterdilermi, başam bolmaly-da, talabyň-da bolmaly, gazabyň-da. Ýatla Gully emin, Arnageldi baý, Akynýaz düýeji dagy ile baş bolanlarynda nähilidiler? Heý, seniň ýaly şolaryň palçyga, bugdaý-gylçyga bulaşyp ýöreni barmydy? Olaryň-a ähli zat diline biter durardy, işleýänem seň ýaly, meň ýalylardyr. Olar bolsa isleseler, ili dilleri bilen üýşürip, isleselerem çaşyryp oturandyrlar.

–Aý, goýsana, Ýagdy, senden, mendenem bir olar bolan bormy? Olar üstünde bitýän çöpden çen alyp, ýeriň tabyny, aşagynyň ýagdaýyny, ol ýerdäki topragyň gowşak, gatydygyny bilip oturan üşükli adamlar-a. Seniň ýadyňda bolmaly, Gully eminiň Söýünala baş bolup ýören günleri bedeňleriň öňüne düşüp, olara ýap çekip beripdi. Şondan öň bedeňler ýerlerine suw

çykarmak üçin, derýadan telim ýerden ýapbaş alyp görüpdiler. Işleri oňmansoň bolsa:

–Gully emin, bize bir derýadan gulak alyp ber! – diýip, olaryň ýaşululary gelip haýyş edipdiler.

O-da:

–Bir diýenimi iki gaýtalatmasaňyz, siz ýaplam bolarsyňyz, suwlam – diýip, olara öz şert-talabyny aýdypdy. Ozal derýadan saka-ýapbaş almak üçin eden synanyşyklary başa barman, paltalary daşa degen bedeňler şonda onuň goýýan şertine, bu gepiň näme üçin aýdylýanyna şeýle bir üns-de berip durman, dessine razylaşypdylar.

–Sen näme diýseň şony ederis, Gully emin. Bir amatlyrak ýapbaş alsak bolýar–diýşipdiler.

Bellenilen sähetli gün Gully emin ýorga baýtala atlanypdy. Bedeňiň gazyçylaram sozan-da guýruk bolup, onuň yzyna düşüpdiler.

Gully emin gazyçylary Söýünalynyň obaçylygynyň sesýetimlik ýokarsyna ertip, şol ýerde hem, derýanyň pes saýyp, gapdala eňýän ýeri bilen suwuň esasy akýan olumy aralygyndan olara ýapbaş alyp beripdi. Ýabyň gazylmagyna hem özi beýemçilik edipdir. Ýorga baýtalyň yzyna düşüp gelýänleriň kimsine 50, kimsine 70-100 ädim ýeri gazmaga beripdi. Elbetde, bu deňsizlik bolsa şonda nämäniň nämeliginden habarsyz gazyçylarda närazylyk döredipdir. Gully eminiň ýol kesmegini sorap öňlerine salanlarynda bedeňler: «Bir diýeniňi iki diýdirmeris, emin aga!» diýen-de bolsalar, bu deňsizligi görüp, olar öz wadalaryny tiz unudypdyrlar. Olaryň biri bolsa durup bilmän:

–Ow, Gully emin, hadany deňräk etseň bolmaýarmy? – diýip nägile hem bolupdyr.

Guly emin şonda ýorgasynyň başyny çekip oňa:

–Han ogul, sen ýeriňi şol elli ädim alan bilen çalşaý! – diýipdi.

Ýöne soňra şol ýerini çalşyp, ýüz ädim alan ýerini elli ädim alandan tiz gazyp gutarypdy. Çalşyp elli ädimi gazmaga alan bolsa

henizem şol dert azar bolup, öz paýyny gazyp dur diýýär. Şonda işleriň gidişine aýlanyp gözden geçirip ýören Gully emin oňa:

–Inim, indi bildiňmi oňa näme üçin az ýer berenimi? Sebäbi ol ýeriň gatylygy üstünde biten göýdük ot çöpünden belli bolup dur-a – diýipdir. Şondan soň bedeňde ýap gazylyp gutarylýança, Gully eminiň sözüni iki gaýtaladan bolmandyr. Gaýta olar minnetdar bolup, öz ýaplaryna Gully emin ýap diýibem at goýupdyrlar. Elbetde, dünýä çaýkanyp, Gully eminiň dartgy-çekgisi köpelensoň, onuň adyny agzamaga çekinilip ýabyň ady Bedeň ýap bolanam bolsa, bedeňleriň arasynda henizem ony Gully emin ýap diýip tutýanlaram az däldi.

Nurjuma bu wakany ýatlan mahaly Ýagdy özüniňem şol gazyçylary görenini, olar gazy gazyp durka çykýan ak pokaryk süýji gamyş düýplerini çeýnäp, hezil edişini ýatlady. Ýabyň Söýünalyň duşundaky ugry gazylýan wagty ol ýer oba oglanlarynyň höwes edip gelýän ýerine öwrülipdi. Telim gün tä gazyçylar obadan daşlaşýança Ýagdy hem ol ýerde ekilen ýaly bolanlaryň biridi. Şeýle-de bolsa Nurjumanyň gürrüňinde beýle adamlara bolan küýseg barlygy duýulýanlygy üçin, oňa hä beresi gelmedi.

Nurjumanyň edenli obadaşlaryny ýat edip, mertebeläp eden gürrüňiniň ýene-de Ýagda ýaramanlygy belli boldy, ol hamala budundan, ýeneki ýuka ýerlerinden gögeýin dişlän ugran eşek ýaly, eýeriň üstünde oturan ýerinde oýkanjyrap, nägile bolup galagoplandy. Ol adamlaryň taryp edilmegini onuň ýene-de özüni kemsiden ýaly kabul edenligi duýuldy. Ol biraz çeti gyzanlygyny mälim edip:

–Gully eminem, ol düýeji Akynýaz baýyňam bolaýsa özümizçe, bolmasa paşmagymyzça adamlardyr-laý... – diýip, olary gaýybana kemsidip gomaslandy.

–Aý, ýitsen-aý, it ogly! Sendenem bir ol adamlar bolarmy?! Sen bola, men bola ile baş bolup, hany soň-soňlaram minnetdarlyk bilen ýatlanara näme gowulyk edenmişik biz Söýünaly üçin? Gaýta iliň-güni saňa, maňa galansoň, gör näçe erbetlikler boldy.

Indi tutulyp türmä atylýanam, atylyp öldürülýänem, bala çagasy bilen gümgidene gidýänem, orulýan-çapylýanam şolar boldy. Sowetlerden öňki obaňy ýatla, Söýünalynyň maly iki gyryň arasyna sygman, töweregi bilen dolup-daşyp oturardy. Indi galan bolsa şol mallaryň milletde ondan biri galandyr, belki, ondanam azdyr. Onsoň seniň öňki ýaly göwne jaýlanyp ekiniň ekilermi, gazyň gazylarmy?

Ýagdy Nurjumanyň bu aýdýanlarynyň ugrunda barlygyny bilmeýänden, ony öz ýanyndan boýun almaýandan hem däldi, sebäbi ol ýat adamlaryň gürrüňini edenokdy, onuň özi-de döwürdeş deň-duş oglanlary ýaly bu adamlary görelde edinip, şeýle pylankesler bolmaga göwün ýüwrüdip gezen oglandy. Ýöne Nurjumanyň gep salywunda şol adamlar bilen bagly geçmiş günleri arzuw bar ýaly bolup, hamala häzir özlerine derek ile şolar baş bolanlarynda, obadaky ýaşaýşyň has gowy boljaklygy baradaky pikir çetine degip, onuň özüne göwnüýetijilikli menini kemsidýärdi. Geçmişdäki Akynýaz baýdyr Gully eminiň il içindäki at-abraýyna, olaryň hatda Gaýgysyz Atabaýew ýaly döwlet ýolbaşçysyňam tanap, mertebelänligine bäsdeşlerçe gözi gidýärdi.

Olar Akdaş baba öwlüýäsine ýetip, bu ýerde ýatan bendileri ýat edip, doga okap, ellerini ýüze sylansoňlar, şol ýerden jaryň ýalpak ýerinden geçmek üçin at başlaryny gaýralygyna aldylar. Olaryň ýoly bu ýerde jar bilen gaýradaky ekin meýdanlarynyň arasyny eýemsirenip ösen jeňňelligiň içinden geçýärdi. Güzerden geçip geçmänkäler olaryň daşyny çar tarapdan gamyş-gajraw diwarlary gabalady. Üstesine-de, jeňňeliň içi tomusdakysy ýaly kapasdy. Çybyn-çirkeýlerem wag berýärdiler. Dünýä assa-ýuwaşdan güýzäp ugranlygyna seretmezden, ýene birki günden bäri tomusdaky ýaly hopukdyryp gelýän tüp yssy bolýardy. Şeýdibem, çybyn-çirkeýleriň ömrünem ýene-de telim güne çenli uzaldyp, olaryň bazaryny hasam gyzdyrypdy. Bu ýere ýetenlerinden soň atlaryňam ynjalygy gaçyp, boluşlary üýtgedi. Çybyn-çirkeýden

goranjak bolşup, guýruklaryny bulaýlaşyp, toýnaklaryny tarp-tarp ýere kakyşyp, bu ýerden tizräk gaçmaladygyny mälim edişip dyzanyşdy. Nurjumadyr Ýagdy hem kakynyşyp, ýüz-gözlerine gonýan çybyn-çirkeýden dert-azar bolşup gorandylar. Şol barmana Ýagdy boýnunyň ýüzüne gonan çybyny aýasy bilen şarpa urdy-da, gaşyny çytyp, öňki gürrüňi dowam etdirip nägile gepledi:

–Şolar bolmanda pagta, bugdaý bitmän dur-ow onsoň!?

Nurjuma onuň gepine jogap bermäniň ýerine, onuň bilen agzyny deňäsi gelmän, Ýagda tarap gaňrylyp gözledi-de, ýaňsyly ýylgyryp oňaýdy. Emma tizden onuň bu ýaňsyly garaýyş bilen Ýagdyň oduny ölçerenligi belli boldy. Ol täzeden öjügip, Nurjuma ýüzlendi.

–Şallak, şolary taryp etmäňi goý indi sen! «Kolhoz başlygy Nurjuma Öwez köne düşünjeden sabap bilenok. Ozalky durmuşy küýsäp, il içinde gep edýär» diýerin welin, şol günüň özünde seni tussag edip, syrtyňa depip äkiderler – diýip, ýaňsyly ýylgyryp, onuň ýüzüne öjügip seretdi. Nurjuma:

–Ana, muny welin sen oňararsyň. Tüýs seniň ýaly ödi başganyň edäýjek işem-dä bi – diýip gyzyp, Ýagdydan kem galmazlyk üçin, çeti gyzanyny mälim edip gürledi. Şu pursatda onuň özüniň eli arkasyna daňylyp, OGPU işgärleriniň öňüne düşüp gidip barşy göz öňünde peýda boldy. Sebäbi ol Ýagdynyň elinden nämäniň gelýänini gowy bilýärdi.

Islese onuň Nurjumanyň hem başyna ýetjeginiň ujy iki däldi. Söýünalyda häzirki döwürde hökümetiň öňünde esasan sözi geçýänem, işleriň ählisiniň ynanylýan adamsy hem Ýagdydy.

Ýagdyň bu hasap tutup aýdan gepi oňun ýaňynda deň-duş hökmünde, başlyk hökmünde özüniň aýratyn sarpasynyň barlygyna ynanyp ýören Nurjumany haýykdyrdy, şol bir wagtda, hamala at öňüne salnyp äkidilip barylýan ýaly juda gahary gelip, göwresi leňňer atyp saňňyldady. Awunyň üstüne zyňarly gaplaňa meňzäp, düýrügip, oňa çenendi:

–Gomasa gul, men saňa bir zat aýdaýyn. Eger maňa hyýanat edýäniňi öňünden aňaýsam, boýnuny sallap, näme edilse, kaýyl bolup, ugra gidibererem öýtmegin! Sen bilýäň-ä meniň duşmanyny çapyp, gylyjynyň ganyny ýalanlaryň biridigimi. Henizem şol gylyç, öýüň töründen asylgy durandyr, bir uram-da boýnuňy eneň etegine gaçyryn! – diýip, oňa tüýsüni üýtgedip aýtdy.

Ýagdy şundan soň özüniň Nurjuma meselesinde gaty gidenine, öz haýbatly gep bilen ony gorkuzyp, çekindirip bilmejegine düşündi. Hamala, şundan soň onuň Andymy çapan gylyjy öz depesinden inip gelýän deýin, onuň ini şowlap gitdi. Ýöne ýene-de köpügörenligini edip, dostuny oýundan-çyndan indi mundan artyk gazaplandyrmaly däldigine göz ýetirip, tar bolup dartylan ýagdaýy gowşatmak üçin, özüne zor salyp gülümsiräp, gepine henek äheňini bermäge çalyşdy. Nurjumanyň ganly gylyç ýalamagy bilen bagly pikiri başynda aýlady.

Häzir dostuny köşeşdirmek üçin, çyny oýuna sandyrmakdan başga ýoluň ýoklugyny bildi.

–Eý, Şallak, ol bendäni öldüreniň-ä öldüreniň, soňam onuň ganyny ýalamaň näme? – diýdi. Nurjumanyň silkme telpegiň buýralarynyň astyndan gözleýän otlukly gözlerine nazar aýlady.

Nurjuma ýene biraz ýüzüni keseräk tutup, geplemän düýrügip, öýkelidigini mälim edip gidensoň, Ýagdynyň talaply gepini henege öwrenini görüp, ahyr dillendi:

–Şura, sen ähli zady bilenden bolup, balagyňa sygman gomalyp ýörsüň welin, şu duşmany ilkinji gezek çapan adama näme üçin ganly gylyjy ýaladýanlaryny bilmeýän ekeniň! – Yzysüre-de oňa düşündirýän äheňde onuň öz soragyna özi jogap berdi.–Şeýdilmese, ilkinji gezek gan gören adamyň kellesi üýtgäp, ol zyýan-zähmet tapynarmyş...

Öwrenilen endik diýlişi ýaly, ýene Ýagdy ýas-ýaňyja öz ýanyndan Nurjumanyň gaharynyň gelenini görüp: «Bir zadyň üstünden baraýmankak saklanaýyn, ol meniň käbir geplerimi

götermejek bolýar» diýip, ylalaşykly pikirini eden-de bolsa, emma dostunyň sadadan gelen bu düşündirişini diňläp, ol ýene-de degişme heziline berlenini bilmän galdy.

Gözlerini ýesersi gülümsiredip ýalanan dodaklaryny hezil tapyp çeýnekledi. Bu amatly pursady elden beresi gelmedi. Nurjumanyň gepini aýlap, ony özüne gönükdirdi.

–Hä-ä... Onda hemme zat düşnükli. Ol däbiň kime peýdasy degse-de, saňa degmändir. Ýa sen ony ýalasaňam, azrak ýalan bolmaly...

Nurjuma dostunyň haýsy depäni çaňydýanyna düşündi. Näme üçin muňa bu gepi aýtdymkam diýen manyda başyny ökünçli ýaýkap, penjesini şapyladyp dyzyna urdy.

Ýagdynyň henege salyp, hemişe öz gaçgyn edýän zadyny ýatlatmagy Nurjumanyň köne ýarasynyň kesmegini aýyrmak bolup, onuň ýene bir gezek demliginiň daralmagyna sebäp boldy.

–Ha, seniň eneňem bir at bolup... – diýip, Ýagda öjügip sögdi.

Ýagdy ýene-de, ýagdaýyň bulaşyp barýanyny görüp, onuň öňüni almaga howlukdy.

Olar ýene-de Şallak-da Ýekegapan bolşup, gyzyl ýumruga girerli göründiler. Ýagdynyň dessine at başyny çekip, onuň sögünjiniň öz çetine degenligini mälim etdi:

– Eý, Şallak, ýene şallaklap ugradyňmy? Enä ýetme! Aýdaryn eneme ýene!.. – diýip, Nurjumanyň çyny bilen aýdan gepini, oýun-henege öwrüp, biraz mundan öň, şu sögünç bilen bagly bolan wakany onuň ýadyna saldy.

Ýagdynyň hezil tapma bilen göhüni getirip, haýsydyr bir zady ýatlap aýdan bu gepi çynyň henege öwrülmesi bolup, ýene Nurjumanyň badyny aldy. Bu sögünjiň aňyrsynda Nurjumanyň öň sögüp, soňundan uýada galyp, kyn ýagdaýa düşen ýeri bardy. Enä ýetip sögmek aslynda Nurjumanyňam oruslaryňky ýaly, agzynyň endik eden käýinçlerniň biridi. Bile iş salşyp, dartyşyp-çekişip ýörensoň, Ýagda bu sögünji Nurjumadan öňem köp eşiderdi. Her gezek diýen ýaly hem ol Nurjuma özüne şeý diýip sögende Ýagdy:

–Eý, enä ýetip sögme! Enem bardyr, aýdaryn seni! – diýerdi. Ýöne hemişe-de, yzy yzarlanyp ýörülmän, ol gep aýdylan ýerinde hem galardy.

…Şol günem olar daňdandan ikisi iki atly meýdan işleriniň üstünde bolup, indem Ýagdynyň öýüne gelip naharlanyp otyrdylar. Ýagdy haçanda ojak başyndaky oturan ejesi çaý demläp uzadyp, turup gidibermekçi bolanda: «Ene!» diýip, bir aýtmakçy bolýan gepiniň barlygyny mälim edip ony saklapdy. Soňam oňa çaý guýnup, owurtlarly bolup oturan Nurjumany görkezip:

–Ene, şu Nurjumanyň sizlik bir möhümi bar. Köpden bäri aýdyp, gulagymam kamata getirip, gyjynybam ýör bi... Häzir nemazaly akgamam öýde ýok eken şunuň bir işini bitir özüň!

–Näme diýorsyň, oglum? – diýip, ene birbada oglunyň tapmaça gepine düşünmän, gapyň öňünde aýak çekip, yzyny gözledi.

Ene birbada bu gepe oňly düşünmese-de, Ýagdynyň näme diýjek bolýanlygyna Nurjuma welin bada-bat düşünipdi.

Bu Ýagdyny atyma getirip, öz «Eneme aýdaryn sögme!» diýen gepini gögerdip oturdygydy.

Nurjumanyň utançdan ýaňa üstünden sowuk suw guýlan ýaly bolup, ini şowlap gitdi. Bokurdagy daralyp, çeýnäp oturan lukmasyny damagyndan geçirip bilmän düwnükdi.

Ýüzüniň perdesini sypyran Ýagdy ýene-de gepini dowam etdirip: «Ene, şunuň-a sende göwn-ä bar, men çykaýyn bolmasa, ikiň bir basa düşüp alaýyň» diýmeginiň hem daş däldigini pikir edip, ol hasam aljyrady.

Ýagdynyň üstüne gezelip, ol gepini has anyklarly bolsa, topulyp onuň agzyny hapyladyp, aýasy bilen ýapmakçy boldy.

Bu gep şeýle bir duýdansyzdan alasarmyk boldy welin, gapynyň öňünde aýak çekip, yzyna gözlän ene oglunyň näme diýmekçi bolýanyna wagty bilen oňly aň edip bilmedi.

Ene oglunyň hezil tapyp ýylgyrmasyndan, Nurjumanyň Ýagda talaply gözläp, aljyrap kyn ýagdaýa düşüp oturmasyndan çen

alyp, bularyň öz aralarynda bir bolgusyz oýun-gepiň bardygyny çen edip, nägile bolup, gapa ýöneldi:

–Iki sany ulalyp oňalmadyk sähne diýerler size – diýip, şol barşyna käýinip, samrabam goýberdi.

Häzir Ýagdynyň «Sögme enä!..» diýmeginiň aňyrsyndan şu waka bardy.

Nurjuma şol gezekdäki kyn, uýatly ýagdaýa düşenini ýene bir gezek ýatlap, ahmyr bilen baş ýaýkady-da, Ýagda tarap öwrülip:

–Adam däl-ow sen, ýekegapan–diýdi.

Ýagdam oňa:

–Sen, enä ýetip sökme-dä onda–diýdi.

Olar düşünişme bilen bir-birleriniň ýüzlerine ýylgyryşyp, ýarym ýaňsyly seredişdiler.

Olar soňra çybyn-çirkeýli bu ýerden tizräk geçmek üçin, atlary debsiläp, gyssap sürdüler.

Ýagdydyr Nurjumanyň bu bir-birleri bilen hyňranyşyp almaklary olaryň ýene-de bir gezek bir-birleriniň ýagdaýyny saldarlaşyp görmesi boldy. Ýagdy öz gepini kim-de bolsa Nurjuma çekdirip, oňa lepbeý diýdirip bilmejegini ýene bir gezek düşündi. Nurjuma hem häzirki döwürde bu bagty geleniň ugurragyna sürübermeden başga alajyň ýoklugy barada oýlandy.

Olar soňra ýolda gazy gazylyşynyň ýagdaýyny gowulandyrmak, pagta ýygymynyň depginini güýçlendirmek barada gürleşseler-de, ýas-ýaňy tamamlanan «Sen kim-de?–Sen kimli?» taraplaryň ikisi üçinem ýakymly bolmadyk gürrüňe dolanyp gelmediler.

* * *

«Bathyz töwereginde bir bölek atly galtaman peýda bolanmyş» diýen gürrüňiň ýaýramagynyň yzysüre Ýagdy şura, hamala, onuň bir ýany özüne-de degip barýan ýaly, eger galtamanlar üstünden geläýse diýen pikir bilen olary ok-ýarag bilen garşy almagyň ugruna çykdy. Ýagdy şeýle pursatda özüni goşun

serkerdesi hasap edýärmi nämemi, hondan bärsi bolup, göterilip hasam gylawlanardy. Bu habar eşidilen mahaly Söýünaly töwereginiň gaçylyp-tezilip, serhetden Owgana aşylýan ýerleriň biri bolanylygy üçin, bu ýerde hemişe-de ýurt gaçgaklarynyň öňüni ýapmak üçin, OGPU-nyň, serhet goraýanlaryň işlerine ýardamlyk edilip, çäreler geçirilerdi. Olaryň geläýjek ýerleriniň töwereginde gözegçilik güýçlendirilerdi. Adaty şeýle habarlary bu ýere ähli ýerde gulakly, ähli zatdan habarly OGPU işgärleri getirerdiler, görülýän çärelere obanyň şuradyr ýeneki ýolbaşçylaryny hem ýanlaryna alyp, ýolbaşçylyk edýänlerem ýene-de şolar bolardy. Indi iki gün bäri Ýagdydyr Nurjuma obadaşlarynyň birnäçesi bilen galtamanlaryň geçäýjek ýeri hasap edilýän Söýünalynyň ýokary başyndaky Hangulular toparynyň sesýetimindäki Babahan depäniň ýokary ýüzünde öz adamlary bilen galtamanlaryň ýoluny saklap ýatyrdylar. Häli-häzire onuň wekili gelmedigem bolsa, alnyp barylýan işler barada OGPU hem habar edilipdi. Şeýle günlerde oba hemişe galagoply, ýakymsyz duýgyny başdan geçirýärdi, hemmelere ýagy, başga ýerden däl-de, hut atlaryny dyzandyryp öz üstlerinden inip gelýän ýaly bolup duýlardy.

Geler öýdülip garaşylan garakçylaryň ýakynda däldigi belli boldy, olar ne-hä şol gün, ne-de şol günüň ertesi gara berdiler. Geljegi-gelmejegi näbelli garakçylaryň öňüni saklap, hiç pişesiz garaşyp ýatmaklyk soňabaka işsiz ýatmaga endigi bolmadyk adamlary irizip, olaryň öýleridir iş-aladalaryny küýsedip ugrady.

Bu adamlaryň pikiriçe, galtamanlar geljek bolsa, bu çaka çenli eýýäm gelmelidiler. Şonuň üçinem bu iriziji garaşmaklyk olaryň Söýünalyny oýtarlap geçip, eýýäm başga bir ýerden urdurylyp, serhetden geçip gidendiklerini pikir etdirýärdi. Beýlekiler oba gitmeseler-de, Ýagdy baş ýolbaşçy hökmünde tarhandy. Ol aýagy bişen ýaly bir ýerde durmazdy, dor atyny debesiläp, bir görseň, oba barýandyr, ýene bir görseňem, ondan gaýdyp gelýändir.

Bu ýagdaý soňabakan ýalazy meýdanda gum ýassanyşyp, gözegçilik çekýän adamlaryň arasynda ownukly-uşakly nägile-

likleriň, gep gürrüňleriň döremegine hem sebäp bolup ugrapdy. Adamlar öz bolup oturyşlaryndan nägile bolýardylar:

– Ýagdyň öz-ä işlisirän bolup, heleýidir Hanumasynyň ýanyna gidip-gelip dur. A biz bolsa ýatyrys Burkuda aýdylan ýaly bolşup.

–Aý-how, hany, ol indi, kakasy Narly gamyşçy çybyga gerňäli bäri Hanumadan sowaşanmyşam-a diýýärler.

– Aý, goýsana, hol günem ýüzüni gijä tutup, onuň öýüne girip barýardy-laý...

– Hanumadan ol aňsat aýrylaýmasa gerek. Hanuma tüýs heleýem-dä, hany, ondan gowyny Ýagdy nireden tapsyn.

– Juda beýle-de däl ýaly-how.

– Hä, näme bolanmyş?

– Ol hany Çopan hanyň birki ýyllykda soraga äkidilip, urlup öldürilen ogly Azym neressäň dul gelniniň etegine-de çolaşyp ýörmüş diýenem-ä bir gürrüň bar.

–Haý, tapýar-ow zaluwat. «Gawunyň ýagşysyn şagal iýdirleri-dä.» Zyba-da gowy gelin. Äriň ýaňy mazasyny alyp ugran döwri galdy-da o-da.

– Onuň ýaly zat görse, Ýagdymy erniniň suwuny saklap biljek...

– Hany ýene birki gün heleýlerden aýra ýatalyň bakaly, biziň öz heleýlerimiziň gözelligem Zybanyň gözelliginden artyk bolmasa, kem bolmaz.

– Heleýlerden daşlaşdygyňça, olar süýjeýär diýjek bolýarmyň?

– On-on iki ýyllykda ýaş gödeklerimiz Kymyş duzçudan oýunlyga salyp: «Kymyş akga, şu heleýiň höziri altmyşdan soň nähilidir?» diýip sorapdyrlar. Şonda ol: «Aý, öz-ä barha süýjäp barýar şol artyp...» diýenmişin.

– Aý, goýsana, ýöne öz diýesiňiz gelen zadam bolsa, Kymyş aga ýaly biriniň üstüne ataýýaňyz-ow. Ýogsamam, ondan beý diýip, gönüläp sorap biljek barmy-aý seniň obaňda?

–Hezzi ýaly gaýyn atasynyň böwrüne dürtüp: «Gyzyň gowy eken, öňki berlen galyň möçberdinde ýene galyň tölejek» diýip ýören bir bimessebiň soran bolmagy-da ahmaldyr.

Adamlaryň heleýli gürrüňleriniň ahyrsoňy toparyň bir ýanynda babasyndan galan hyrlyny oklap, ýanyn ýaplanyp, sabyr saklap ýatan tebigaty agras Abdylla üýşmegiň ýüregine düşüp ugranlygy belli boldy. Ol ýatan ýerinden çytylyp:

–Aý, goýsaňyzlaň-ow, ediljek bolunsa, indi şu heleýlerden başga gürrüň ýokmy? Ýagdyň bir, Kymyş aganyň bir üstünden gülen bolýaňyz, ýöne özüňizem ýagdaýyny tapsaňyz, şolara meňzemek höwesiňiz bar. Emma aňsat olaram bolmak size başartmaz. Size heleýlerini küýsän hanlar diýerler – diýip, olaryň geplerini göwnüne jaý edip bilmän, gyjalatly käýindi. Töwerekdäkileriň köpüsi Abdyllanyň howlukman, häsiýetine görä, nommul-nommul edip, üýşürip-üýşürip aýdan gepini diňläp, biygtyýar ýylgyryşyp, onuň bilen ylalaşdylar.

Olar soňundanam özara maslahatlaşyp, Ýagdy obadan gaýdyp gelensoň: «Geljek garakçy geljek bolsa, häzire çenli gelerdi, indi bolmasa gaýdybersek nädýär?» diýip, ondan rugsat soramagy öz aralarynda dilleşdiler.

Ýagdy şol gidişden ozalagşam atynyň syrtyna bökdürip, bir horjun iýer-içer bilen yzyna gaýdyp geldi.

* * *

Töwerekde kömege çagyrýan «gyk-bak» sesler eşidilip ugranda Hanuma gijänii öňüne alyp, köýneginiň ýyrtyk çägini ýamamaga güýmenip oturansoň, ertir daň bilen pagtaçylaryň üstüne atlanmalydygyny ýatlap ýaňyrak çyrany söndürip başyny ýeňiljek ýaglyk bilen bogup, ýatmak üçin düşegine geçipdi. Dünýä imi-salalyga berlip barýardy. Golaýdan eşidilen ýiti aýal sesiniň yzysüre-de yzly-yzyna iki gezek tüpeň atyldy. Töwerekde at aýaklarynyň sesi barha artyp ugrady. Hanuma ol

ýerde näme-nämeleriň bolýanlygyny bilmese-de, bir bolmasy işiň bolýanlygyny welin aňdy.

Diňirgendi. Bularyň şol birki günden bäri obanyň ýoluna gözleýän garakçylar bolmagy gaty ahmaldy. Şu pikir kellesine gelende Hanuma eýmenip, eginlerini ýygyrdy we endamynyň birhili jümşüldäp gidenini syzdy. Ol goýan ýerinden alyp, täzeden ýakan çyrasyny elinde saklap, daşardaky bolýan zatlary çyraly görjege meňzäp, iki-üç ädim näme-näme edýänine oňly aň etmän, gapa tarap ýöredi. Ýöne çykmanka ol ýerde çyranyň asla gerek däldigine beýtmegiň gönüden-göni ýagyny öz üstüňe çagyrmak boljakdygyna düşündi. Hyrra yzyna öwrülip, çyrany üfläp öçürdi-de, ony alan ýerinde goýdy.

Garaňkyda sermenip baryp, düşek göterilen sandygyň gapysyny ýokary göterdi. Bu ýerde Hanumanyň gerek bolaýan haladynda ahmallygy elden bermezlik üçin, hökümet tarapyndan ýörite berlen sapançasy bilen, oňa niýetlenen oklary bardy. Olaryň nirede ýatanyny gowy bilýänligi üçin, onuň elleri garaňkyda-da sandygyň düýbünde ýatan ýaragy aňsatlyk bilen tapdy. Sapançanyň daşyna dolan matasyny aýyrdy-da, oňa beletlik bilen ok sürdi. Diňe şundan soň ol daş çykdy. Hanuma gabatdaky şuraň jaýynyň töwereginde bir atlynyň kimdir birini dabyrdadyp kowalap ýören salgymyny gördi. Jyrraýlap gaçyp barýan şol barmana sesiniň ýeten ýerine habar berip: «Gaçyň, adamlar, galtamanlar!» diýip, gygyrybam goýberdi. Ýöne gaçyp ýöreniň gorkudan sesi üýtgänindenmi nämemi onuň kimligini ol bada tanap bilmedi. Ýöne onuň şuraň gapysynda wagt-biwagt Ýagda garaşyp oturýan jigitdigini welin çen etdi. Ol salgymyň Ýagdynyň özi bolmagyda mümkindi. «Ýok» diýip Hanuma soňra onuň häzir Babahan depäniň töweregindäki ýol saklap oturan toparyň ýanynda bolmalydygyny gündiz gelip durýan-da bolsa, gije onuň hökman ýolbaşçy hökmünde şol ýerde bolaýmalydygyny pikir edip hasap tutdy. Onda ol galtamanyň demine düşen kimkä!? Emma Ýagdy

şura-da häzir Babahan depäniň töweregindäkileriň arasynda bolaýmaly ýalydyram welin, belki, bir iş çykyp gelmeli bolandyr-da? Haçanda gaçyp barýan birden harsa jaýyň daşyna dolanan wagty ony kowup barýan atynyň badyny saklap bilmän, eňterilip baryp, onuň diwara urlarly göründi. Şol arada gygyryp gaçan adamy kowalap, jaýyň ýeňsesine aýlanan atly kowalap barýan adamsyny garaňkynyň içinde ýitirdimi nämemi atyny dyzandyryp, ýene şuraň jaýynyň öňünde salgym atyp peýda boldy. Gaçanyň bir ýerden gara bererine garaşýan borly ol töweregini siňňin synlady. Atlynyň bolşunda nähilidir bir hili düşnüksiz geňislik bar ýaly bolup duýuldy. Şura jaýyndan çen tutup, töweregine içgin aňtaw salýana meňzedi.

Hanumanyň öýüniň gapdalyndan, hol beýleräkden iki sany eli taýakmy, çarşakly adam hasanaklaşyp ilerligine tarap gykylyk-gohuň has gaty gopan tarapyna ylgaşyp geçdiler. Şuranyň Gurban baýyň gara diwar bolup duran haýatyndan çekilip bölünen ýaly bolup duran ýeke jaýy häzir ýaňky «Gaçyň!» diýlip eşidilen howsalaly sesiň yzysüre howul-haralykda galdyrylyp gidilen, üstüne münderlenip ot basylan arabany ýada salýardy. Hanuma şuraň gapysynda peýda bolan atla tiňkesini dikip, içgin nazar salyp durşuna häzir Ýagdyň ýolbaşçylygynda Babahan depäni ýassanyp, gädik saklap ýatan adamlaryň bu ýerde has gerek ekenligini haraý isläp ýatlady. Töwerekdäki erew-de-derewligi görüp, süňňi galpyldap, biraz howsala düşen Hanumanyň şundan soň şuranyň gapysynda atyma gelip duran galtamany ardur sypdyrasy gelmedi. Bu aralykdan okunyň degjegine juda bir ynanyp barmaýan-da bolsa, ol garşylyklaýyn atylan sapançadan ýagynyň bolmanda gorkup, çekinip gaçjagyny çen edip, sapançasyny oňa çenedi. Sapança atylan mahaly nämedir bir zat gümpüldäp ýarylan ýaly bolup, gijäniň süňňüne sarsgyn berdi. Onuň yzy indi hasam gürelerli, ýagy gaýtarmaly ýaraglar ýetişip

gelip, atyşygyň bady artarly göründi. Emma wagty bilen «tüw» edip tüpeň atan bolmady.

Birazdan Hanumanyň atan okunyň diňe bir alan nyşanasyna degmedigi däl, gaýtam galtamany hem özüne öjükdirenligi belli boldy. Atly özüniň nyşana alnanyny bildi-de, dessine atyny gyssap, jaýyň ýeňsesine aýlanyp, indiki atyljak okuň öňünden sowulmak bilen boldy. Atly şol bir wagtda okuň nireräkden atylýan salgysyny hem bilip alypdy. Ok biraz beýlede ýekeräk duran jaý bilen ol ýerde ösüp oturan äpet tuduň töwereginden atylypdy. Atly emel etdi. Ol ilerligine gaçyp barýan ýaly etdi-de, biraz gidensoňam öwrülip, göz astyna alan jaýydyr tuduna ümsüm-kümsüm golaýlady. Şonda ol gapynyň öňünde kimdir biriniň eli sapançaly gijäni siňňin synlap, şura jaýy tarapdan özüniň gaýtadan görnerine garaşyp, gözlegli duranlygyny gördi.

Garakçy gapdaldan aldaw salyp gelşine Hanumanyň ýanyna duýdansyz golaýlaşdy. Hanuma birden at dabradyp, üstüne gelýäni görüp, näme ederini bilmän aljyrady. Ol gorkusyna ellerini daldalap, kellesiniň ýokarsyna göterenine mähetdel, atly ony agramy ýok ýaly edip, bir çekende ýokary göterip, bagyrdyp atyň öňüne kese basdy. Hanyma atyň öňünde urnup, kömege çagyryp, çäresiz ses bilen «haý-waý» etdi. Ýöne bu ber-başagaýlykda kim seniň sesiňi eşitjek, dadyňa ýetjek?!

Bu atly galtamanlar arasyndaky garadan gaýtmazlarynyň biri Bäpbedi. Ýakymly zenan müşgi burnuna uran çagy ol gerekli daşy gola salanyna, özüniň Arap reýhan bolup, Göroglynyň ýeňňesini Üçgümmez dagyndan tapyp, atyň öňüne alanlygyna ynandy. Şundan soň ol garma-gürmelikden peýdalanyp, gyssanmaç atynyň başyny ilerligine Pendi baýyrlary tarapa öwrüp, yzyny dolanmak bilen boldy.

Oba dökülen galtamanlar Babahan depe tarapdan oba adamlarynyň tüpeň atyşyp, at saýgylaşyp gelýänlerini gördülermi-nämemi olar gelişleri ýaly hem ellerine ilen zatlary alyşdyryp,

ýene-de tiz yzlaryny ýel çalmanka gyssagly dolanmak bilen boldular.

Ýagdy dagy aňyrdan howlugyşyp oba gelip ýetenlerinde, galtaman atlylary eýýäm, at debsiläp, alaň-depe aşyp, gözden ýitipdiler. Ýagdy ilki başda ýagynyň yzyndan gyzgyny bilen kowarly görünse-de, soň nämeüçindir howlukmady. At başyny çekip, töwerekdäki bu wakanyň şaýady bolan adamlary diňläp, ýagdaýy anyklady. Adamlar oňa galtamanlaryň adam paýhynlamaga juda bir höwes bolman, ýarag gezeşip, içerlere kürseşip girişip, saçaklary silkişip, nan alandyklaryny, ýatakdaky mallardan gabat gelenini öňlerine basandyklaryny, olaryň aýallaryňam birki sanysyny bagyrdyp, atyň öňüne basyp äkidendiklerini aýdyşdyrdylar.

Alnyp gidilen aýallaryň biriniň başga biri däl-de, Hanumadygy belli bolan wagty Ýagdy jany ýanyp, gany depesine urdy. Onuň ala gözleri piserdi. Diňe şundan soň ol töwekgeliň işini Taňry oňar edip, galtamanlaryň yzyndan gyzgyny bilen kowgy gitmänligine ökündi.

Aşakda, düýeji obaçylygynyň ilersindäki, galtamanlaryň geler diýlip çen edilen ýerleriniň ýene birinde jülge saklap ýatan Nurjuma aňyrdan gelip, obadaşlarynyň üýşüp duran ýerleriniň beýleräginde bir toplum adam bilen atdan düşensoň, bilindäki gylyjyny eýeriň gaşyndan asyp, Ýagdyň ýanyna geldi.

–Garaşylmadyk ýerden gelipdir-ow haramzadalar...

–Olaryň azyk suwlygy gutaran bolmaly, ýogsam oba dökülmäge milt-ä etmeli däl.

–Orup-çapanlary köpmi? Setdar köse bilen, Gaýlyny atypdyrlar. Gaýly kel çarşak bilen olara garşy duran bolmaly.

–Atandyrlar, ýogsa çarşaga bir el ýetiren bolsa, Gaýly kel birki adamyňa aňsat per bermel-ä däl...

–Gana bulaşyp ýatyrka-da, çarşak elinde eken. Olar aýallardan Hanuma bilen ýene birini hem oljalapdyrlar.



*12

–Hanuma, beh, ol nädip ele düşüp ýörkän? – diýip, näme-näme oýunlaryň edilýäninden bihabar Nurjuma bu ýagdaýyň nädip beýle bolýanyna düşünip bilmän, muňa gynanmakdanam beter geň galdy.

Ýagdy şol barmana bir hyýala münenligini mälim edip, töwereginde söm-saýak bolşup duran adamlardan bölündi-de bilinde hallan atýan sapançasyny gabynyň daşyndan penjeläp, ýüzugra-da: «Nurjuma sen, Gurban sen, Hajy sen!» diýip, indiki görülmeli çäreleriň maslahatyny etmek üçin, gerek adamlaryny toparlap, şuraň ýaňyrak daşy agardylan jaýyna tarap ugrady. Şol barşyna-da gaýybana Hanuma käýindi:

–Heleý-dä bi, daşarda goh-galmagal eşidip, «Näme barkan?» diýip çykandyr başlyksyrap, gerreýip, ýogsam galtaman howpunyň oba abanýanyny aslynda bilmeýärmidi näme ol? Göni geleniň birem gidendir kakyp ýüzugra...

Jaýda oba aktiwleri serhet galasyny habar etmek üçin atly gidenini, onuň tizden serhedi som-saýak edip aýaga göterjegini ýatlaşyp, kömek gelip ýetensoň, şolar bilen bilelikde hereket etmegi makul tapdylar. Aman OGPU-nyň hem şeýle ýagdaýlarda ýetirmeli ýerlere hökman habar ýetirip, bilelikde hereket etmeli diýeni ýatlanyldy. Maslahaty jemläp geljek kömege şu ýerde garaşarman boldular.

Ozallar oba dagy duşman burnuny görkezäýdigi adamlaryň hemmesi ýerli-ýerden özi-de bada-bat olar bilen haklaşmagyň ugruna çykylardy. Gazaba atlanan adamlar gitmeli bolsa kowgy gidip, çaknyşmaly bolsalar çaknyşyp, gan döküşip, arlaryny alýançalar karar tapmazdylar. Emma bu gezek welin hemme zat düşnüksizden başgaça boldy.

Ýagdynyň sepi açyldy. Onuň gerek ýerinde halky töwereginde jemläp, güýje öwrüp, soňundanam öňe düşüp, ýol kesip, ýagy üstüne äkidip biljek serkerde däldigi belli boldy. Üstesine-de garaşylýan goşun kömeginiňem wagty bilen gara berip

barmaýanlygy, oljasy oňan galtamanlaryň bolsa, barha daşlaşyp barmaklary, olaryň birsalymdanam aýak ýeterden has alysda bolup, çölde ýitip gitmeginiň mümkinligi, oba adamlarynyň mertebesini kiçeldip, olaryň alasarmyk pikirler bilen pikirlenişip, janlaryny ýakyşyp, galagop bolmaklaryna sebäp boldy. Adamlar, hamala, çyp-ýalaňaç halda üstlerini aldyran deý bu pursatda özlerini diýseň oňaýsyz duýdular.

* * *

Söýünalyny bir gyrasyndan gelip, çapyp oljalap giden galtamanlar ogry syrty gowşak edip, gelişleri ýaly, elleriniň ýeten ýerlerinden, gözleriniň gören, gabat gelen zatlary alyşdyryp, ýene-de yzlaryny ýel çalmanka, gyssanyşyp, ala basga düşüşip, ümdüzüne tutduryşyp gaçmak bilen bolupdylar. Gijäniň içinde obanyň depesinde gaçyp barýan galtamanlaryň at aýaklarynyň sesleri soňundanam ýene bir salym eşidilipdi.

Galtamanlar şol sapandan sypan ýaly bolup, atylyşyp baryşlaryna obadan birneme ara açansoňlar, yzdan derhal gelner öýdülip, heder edilip gorkulýan kowgynyň hem heniz bolubam görünmeýänligi üçin, biraz-da bolsa, öz ýanlaryndan arkaýynlaşdylar.

Töwerek ýagtylyp, dünýä hem indi ähli goş-golamy aýyl-saýyl edip, öz adaty kaddy-kamatyna gelip ugrapdy.Ýerli-ýerden gelşip, bir ýere jemlenişýän adamlar bir-birlerini gijäniň eteginden tapan ýaly, assa-ýuwaşdan aladadan sabap, özlerine gelýän ýaly duýgyny başdan geçirdiler. Aňyrlygyna atlary gyssaman, öz maýdalyna sürdüler.

Dünýä bolsa şu pursatda imisalalyga öwrülip, ýüzüni çaňjardyp: «Hany bu zatlaryň soňy näme bilen gutararkan?» diýip, asman bolup, ýeriň depesinden gözläp küýlenip otyrdy.

Hanumany oljalan Bäpbedi. Onuň «batyr» lakamy-da, «däli» lakamy-da bardy. Çöle çykyp galtamançylyk edip ýöreli

bäri, ady ýaly onuň lakamlarynyň ikisem ýörgünlidi. Sebäbi onuň durmuşda gözsüz batyrlyk görkezip, özüne batyr diýdirýän wagtam bolardy, mantyga gelmeýän hereketler edip, özüne «däli» diýdirýän ýerlerem az däldi. Ol Hojam hanyň bala-çagasy bilen Owgana barýan göçüne Sarahs töwereginde duşup goşulypdy. Bäpbe ozal Hojam bilen Hojaguly hanyň töwereginde jigitlik edip gezipdi. Onuň Sowetler bilen çöl içinde gaçyp kowup alyp baran çaknyşyklaryna gatnaşypdy. Hojaguly han Owgana gidende ol:

– Sizem meniň bilen gidiň, wepaly adamlarym, nirde bolsagam, özüm sizi gözden salmaryn! – diýse-de, şol wagt bularyň ikisi-de onuň bilen gitmek islemändiler. Ýogsam olaryň ikisi-de Sowet bilen ylalaşman, şol döwür öz maşgalalaryny gaçyryp, çöle alyp çykan adamlardy. Şondan bäräm olaryň hersi bir ýerräkde öz töwerekleri bilen bölek topar bolşup, çapawulçylyk edişip, wagtal-wagtal Sowetiň adamlary bilen çaknyşyp, wagtal-wagtal käbir ýagdaýlarda ylalaşyk gazanyşyp ýaşardylar. Bäpbe hem öň Hojamguly han bilen gitmedigem bolsa, soň gitmän mümkinçiligi elden gidirenine ökünenleriň, indi mümkinçilik tapsa, gitme hyýal bolup ýörenleriň biridi. Şeýle-de bolsa Owgandaky ýaşaýyş oňa barybir ýowuz hem garaňky görünýärdi. Şonuň üçinem ol ilki, ýagdaýy özi gidip görüp geläýenini, göwnüne jaýlasa, maşgalasyny soňundan gelip äkidäýenini kem görmeýärdi.

Şonuň üçinem ol Owgana göçüp barýan Hojama duşanda, oňa ýoldaş bolmaga göwünjeň bolupdy. Hojam şonda oňa: «Irde-giçde gitmekçi bolsaň, senem git-de tapyp getir maşgalaňy, biz saňa-da garaşaly, başy-başa, jany jana goşup gitsek gowy bolar» diýipdi. Ýöne Bäpbe:

–Bäri-bärde Tejen aýagy barmy, meniňkiler şol ýerde, olary tapyp getirmek üçin azyndan üç-dört gün gerek, men senem ýoluňdan saklaryn. Häzir bolsa seniň bilen gidip, soňra maşgalamy ertjek ýerimi görüp gaýtsamam bor maňa. Ýer-ýurt bellämsoň, maşgalany aşyrmagyňam soň bir alajy bolar – diýip,

öz diýenini tutup, Hojam hanyň raýdaşlyk edip aýdan maslahatyny göwnemändi.

Hojam han Bäpbäniň häli-häzire maşgalasyny Owgana aşyrmaga göwünjeň däldigine göz ýetirensoň, ýagdaýa görä bolmalydygyna düşünipdi. Oňa: «Bolýar onda, batyr, senem ýanymyz bilen sürüber!» diýmek galypdy.

Hojam han bu öz elli-altmyş adamdan, telim ýükli düýelidir atlylardan ybarat toparyny öz belet ýerleri bilen, gerekdir öýden jülgelerinde, ýylgynlyklarda, töwerekde Sowetiň bolaýmagy mümkin adamlaryna görünmän, it görmesinem üýmesinem edip, ýöremäge çalyşýardy. Şu gidilişine gidilse, göçe serhetden geçmäge bary-ýogy bir ýarym günlük ýol galypdy. Hojam han hüşgär hereket edýärdi. Her gezek ol düşläp, ýola düşmezden ozal daş-töweregiň habaryny almak üçin töwerege ýörite aňtawçy toparlary barlaga atarardy.

Hüşgärligi elden bermezlik üçin, ol bu öwrede aw mallaryny hemeläri edip, goşalap atara-da mümkinçilikleriň az bolmaýanyny ýatlap, töweregindäki adamlaryň hemmesine aw awlamagy düýbünden gadagan edipdi. Şeýdilende ol özüniň topary bilen hamyrdan gyl sogrulan ýaly bolup, serhetden aşyp gitjegine tama edýärdi.

Allany çagyryp, Owgan diýip ýola düşen mahaly dagy ýolda galtamançylyk etmek onuň küýünde-de ýokdy. Ýeriň pessi bilen, bilniksizden gidip, Sowetiň adamlaryna duşman, garamatyny başyna alan adamlaryny sag-aman serhetden aşyrsa kaýyldy. Emma şol gezek Garaşor diýen ýere ýeten mahaly, onuň öňden iberýän aňtawçy adamlary howsalaly habar getirmedik bolanlygynda ol eýýäm serhetden geçse, geçer giderdem... Olar öňlerinde on-on bäş atlydan ybarat harbylaryň Owgan gädik ady bilen tanalýan, serhetden aşylýan ýerde peýda bolandyklarynyň habaryny getirdiler. Hojam han soňky döwürlerde şeýle toparlaryň çölde aýlanyp, özleri ýaly serhetden geçjekleriň ýoluny kesmek

üçin ygyp gezýänlerini, häzirem olar bizi görmeseler, çaýlap-suwlap geçip giderler diýen tama bilen, buky ýerde garaşmagy dogry tapdy. Emma giderine garaşylýan harbylar ol ýerden ne ýarym günden, ne-de bir günden atlanyp gidip, başdan sowuldylar. Olaryň ötegçi harbylar däldikleri, haýsydyr bir serhetden geçjegi öňünden duýlan adamlaryň öňüni kesmek üçin iberilen harbylardygy düşnükli boldy. Bu ýagdaý hele-hüle zada kejigip ýörmeýän Hojam hana hem «Ha, bularyň duşup ýören wagtyny» diýdirip, bu ugurdan ýöränligine ahmyr etdirip kejikdirdi.

Hojamguly hanyň döwründäki ýaly elli-altmyş atly bolnup, çöli eýemsirenilip gezilen wagty bir gabat gelen bolsady şular! Bulardan gypynjak adam barmy!? Şol döwür ol toparyň gözläp ýöreni şular ýaly gyzyl goşunyň kiçiräk bölümleridi. Gyzyl esgerler ol döwür Hojamguly hanyň esgerlerini «basmaçy» atlandyryp, çölde olardan gaçyp gutulsalar kaýyl bolardylar. Şol bir ýerde busylyp ýatylanyna iki gün diýlende Owgan gädigiň habaryny almaga iki adam bilen Bäpbäniň özi gidermen boldy. Ol mümkin boldugyndan bukulyp, esgerlere golaý baryp, «Çaknyşylaýsa nähili borkan bular bilen!?» diýip oýlanyp, töweregiň ýagdaýyny jikme-jik öwrendi. Gijöýlänler gaýdyp gelibem Hojam hana anyk ýagdaýy aýdyp berdi:

–Çakym çen bolsa, ol esgerler adaty çöli aýlanyp gidýänler bolman, biz ýalylaryň ugrunda aňtaw salyp ýörenler bolmaly. Özi-de oturyşlaram jaýly, ertede, birigünde atlanyp gidiberjege hem meňzänoklar. Iň erbedi-de ýanlarynda pilmutlaram bar eken.

Soňky gepi ol «Üstlerine hüjüm dagy etsek, olar biziň barymyzy gyzyl-ýaýyrt edip, serip taşlar» diýen manyda, heder edýänini mälim edip aýtdy.

Hojam han şundan soň, Owgan gädikden aşmagyň hatarlydygyna göz etirensoň, ýola alnan azyk-suwlugyňam gutaryp barýanlygyny göz öňünde tutup, ol ýoluny üýtgetmelidigine düşündi. Bäpbe bilen maslahatlaşyp, azyk-suwluklarynam gapdalyndan

ötülen mahalynda gabat gelen obalardan üstüni ýetirip bolar diýen tama bilen Pendä – günorta, gündogara çekilmegi maslahat bildi. Bu ýerden ümsüm-kümsüm Pendi baýyrlaryny penalap ýöremegiň bähbit boljaklygyny çen etdi. Şeýdibem ýoluň uzap azap-horlugyň öňküden ýene telim günlük artanlygy belli boldy. Emma Pendä ýetilensoň hem suwa ýetmek mümkin bolsa-da, ol ýerdäki obalar täze hökümetiň elinde bolansoň, topara ýeterlik azyk gazanmak ýeňil düşmedi. Başy etege salyp, gizlinlikde dileg salnyp getirilen azyk harytlary bu mähelle üçin ýeterlik bolmady.

Şonda Bäpbe haýsydyr bir öňdäki obalaryň birini gyltyzrak çapmagy hana maslahat berdi. Hojam han Bäpbäniň maslahatyny ilki birbada «Öz iliňem bir çapyp bormy?» diýip, oňlamadyk hem bolsa soňra Bäpbe oňa: «Hä, sen öz iliňi birinji gezek çapýansyň-ow, näçe Tejen obalaryny çapdyk gan agladyp, ol nä biziň halk dälmidi? Onda-da biz ikimiziň-ä hut öz mekanymyz. Atabaý Gaýgysyz, Annamyrat Potra[1], Çary Permanlar bolsa ony indi So-

[1] *Аннамырат Сарыев* (*Потра*) Советиң ерли халкың векиллеринден Совете вепалы, жаны-тени билен онуң бәхбитлерини горап, сөвешлерде хызмат гөркезип, ынама гирен адамларының бири. Ол Совете эден хызматлары үчин, «Гызыл Байдак» орденининң икисини дөшүнде гөтерйән гайдувсыз командирди.

...Ол 1921-нжи йылда Түркменистандан РКП(б)-ниң X гурултайына гатнашан адамды. Хачанда гурултай гидип дуран вагты Ленин Кронштатда Совет хөкүметине гаршы баш гөтериленини айдып, делегатлары оны басып ятырмага чагыран махалы оңа сеслененнлериң хем бири болупды. Шол ерде-де ол илкинжи гезек топалаңы ятырмага гатнашаны үчин «Гызыл Байдак» орденине мынасып болупды. Ордени оңа хут В.И.Ленининң өзи говшурып мертебеләпди.

1922-нжи йылда Аннамырат Потра мейлетинчилер отрядына баш болуп, Бухара топалаңчыларына гаршы уршуп ураяр.

Түркменистан өзбашдак республика болансоң, ол Дашховуз басмачылары билен сөвешмәге ёлланыляр, 1925-нжи йылың 25-нжи августындан ол 1928-нжи йыла ченли өз отряды билен Пелең пәлваның, Саша келиң, Язан өкүзиң, Жүнейит ханың, Ахмет бекиң, газак, гарагалпак топалаңчыларының гаршысына уршуп гезйәр. 1925-нжи йылың сентябрындан декабрына ченли 200 адамы ёк эдйәр. Хывалы Садулла бала билен уршуп, оны есир аляр…

Аннамырат Потра 1928-нжи йылда ол бу ерде Овгандан гайдып гелен Дурдыгылыжың топарыны ёк эдйәр. 1930-31-нжи йылларда теженли Оразгелди ханың топарыны ёк эдйәр. Хут шу дөвүрде-де ол гөркезен эдерменликлери үчин ене бир гезек «Гызыл Байдак» ордени билен сылагланыляр.

wet bolup çapýar» diýip, yzly-yzyna degerli mysallar bilen onuň üstüni mysaldan gömdi. Hojam hana: «Batyr, gitseňiz gidiň, ýöne gyltyzrak çapyň, gan dökmejek boluň» diýip, azyk gazanmagyň başga bir ýolunam görmänsoň, kynlyk bilen oňa alamana ygtyýar bermeli boldy.

Han Bäpbäniň ýadynda galar ýaly, öz iliňi çapmagyň türkmende örän ýaman görülýän zatdygyny ýene bir gezek nygtap aýdyp, şonda atasynyň gürrünini hem ýatlap, muňa mysal getiripdi. Gökdepe galasynyň goralýan günlerinde biziň tekeleriň duşmanyň öňüne düşüp, ýol görkezip gelen dönük türkmenler bilen hasaby diýseň başgaça hem has ýowuz bolupdyr. Orus ýeneki ele ýesir düşse, olaryň diri galmaga mümkinçiligi bolupdyr. Emma türkmen ýesir düşäýse welin, uly ot ýakyp, ony şol oda atyp, ar alypdyrlar. Özem oda atylanda ilki adamyň iki gözi tarsa çykýarmyş, atam pahyr şonam gördüm diýerdi diýip, dönüklik ýaly erbet görülýän işiň ugruna gidýänini hem oňa öňünden ýatlatdy.

Hojam han alamany Bäpbe bilen agasynyň ogly Mämmetmyrada ynansa-da ynandy welin, çagany ýumşa ugradan ýaly, soňra olardan dynyp oturyp hem bilmedi. Goşda galanlaryň ýanynda birsalym ondan-mundan gürrüň edip güýmendi. Baýyr depesinde ýol garap duran gözegçileriň ýanynda bir salym eglendi. Göwnüne bir erbetlik bolaýjak ýaly bolup duransoň, hiç ýerde-de janyna jaý tapmady. Ahyram atyny getirdip, atlanyp ýanynyň iki üç atlysy bilen alamana gidenleriň öňünden çykmaga gitdi.

Hojam han aňyrdan elhal diýşip gaçyp gelýän adamlaryna duşanda dünýä ýagşy gijäni arkadan agdaryp, ak gündiziň höwesine berlip ýördi.

Ol bir ýapynyň ýüzünde alamana gidenleri jemläp tükellän mahaly, Bäpbäniň bir zenan maşgalany atyň öňüne alyp, ony ýeňsesinden gujaklap oturanyny gören wagty Hojamyň içine zym gitdi. Hyrçyny dişläp, başyny ýaýkap, nägile bolup Bäpbe ýüzlendi:

– Bäpbe, bu ganjygyň näme? – diýip, haýbatly sorady.
–Olja diýýäler muňa, Hojam han!
–Adam oljalamaly däl diýilmedimi saňa näme!?
–Adam däl bi, heleý...
Hojam hatda han gazabyndan çekinmän, özi bilen deňine sanaşýan Bäpbeden nägile boldy. Oňa öjükdi. Gahar ugruna elindäki örme gamçysynyň ujuny sapan çyrkan ýaly edip, asmana salgap alansoň, onuň ujuny ýene tutup duran gamçy sapy bilen aýasyna gapjap aldy. Soňam ol töweregine gözläp, gamçysynyň ujuny, hol beýlede, at üstünde kese gyşaryp, otyr ýerine dem berip oturan, eginlek, daýaw, gyrçuw çal sakgal Annageldi äwmeze tarap uzatdy.
–Gel bärik! – Soňra bolsa ol ýene-de Bäpbä hökümli seredip talaply gepledi:
–Ýagşam bir pohuňy iýipsiň. Goşa ýetýänçäk ber häzir ol musallaty Äwmeziň atynyň syrtyna, saňa dagy heleý ynanyp bolmaz, häzir oňa, goý, şol göz-gulak bolubersin. Gözleri höwlenip dur, gorkandyr heleý, suwam içiriň, onsoň oňa başyny örtere-de, tapyň bir zat! – diýdi.
Bäpbe Hojam hanyň gazabyndan juda bir çekinip durmasa-da, umumy aladanyň bähbidi üçin, häzir onuň bilen eňekleşmeli däldigine tiz düşündi. «Güýçliniň ýüzüne köz degsin!» diýilmänmi nä? Olaryň öz diýenlerinden başga adalat bolýarmy, eýsem? Şeýle-de ol Hojam hanyň Hanumany görüp, öz haly bilen bolman, dergazap boluberşinden, hökümdir, talaba öwrüliberşinden çen alyp: «Meniň oljamyň görmekli maşgaladygyny görüp, munuňam oňa gözi giden bolmaly» diýibem küýlenip çen urdy. Sebäbi mundan biraz öň, garaňky sabap barýan mahaly Hanumany görüp, onuň özi-de şuňa meňzeş bir ýakymly duýgyny başdan geçiripdi. Hanumanyň saçynyň ysy, onuň bedeninden göterilýän zenan müşgi, biraz ajymtyk der, çaň ysy bilen gatylanlygyna seretmezden, Bäpbäniň göwnüne hamala bir gujak gül dessesini

gujaklan ýaly ýakymly duýgy döredipdi. Hanumanyň tizräk zowky-sapasyna ýetmek küýsegi bilen, ony, bir çolarak ýer gabat gelse, dolap alaýsam diýen höwesi hem bolupdy. Ýöne yzyňdan ýagy gelýänini bilip, howlugyp gaçyp gelýärkäň, töwerekde baram bolsa, beýle ýer seniň gözüňe ilýärmi?!

Hanyň talaby bilen Bäpbe Hanumany Annageldi äwmeziň syrtyna berensoň, ýolda şol pursady sypdyranyna ökündi. Içinden:

–Hojam han, sen bahana bilen meniň nesibämi elimden alaýjaksyň welin, Bäpbäň başy dik bolsa, seniň ol diýeniň-ä bolaýmaz – diýip, ondan nägile bolup düýrügýärdi.

Galtamanlaryň obadan bagyrdyp, öňüne kese basanlarynyň ýene birisi ýaban gezip, aýal höwesine halys aňyny aldyran morsakgal Güpbandy. Onuň oljalany ýatagynyň maly alnan, öýüniň saçagy silkilen, indem daş işikde: «Haý, ýetiň, waý, tutuň» diýip, elini mahal-mahal iki buduna şarpa-şarpa urup, kömek sorap gygyryp ýören kempirdi. Şol pursatda saçujuna dakylan apbasylar hem birgeňsi şagyrdansoň, Güpban ony alagaraňkyda şaňňyrdap ýören şaýly gelindir öýdüpdi. Höwesine duşanyna ynanybam ony geçi ýaly lägirdip, atyň öňüne basypdy. Şeýdibem o-da: «Adam oljalamaly däl, gözüňiz azyk-suwlukda bolsun!» diýlen şerti bozanlaryň biri bolupdy. Ýöne ol wagt, onda-da beýdip öňüňde şaňňyrdap, şaýly gelin gezip ýörkä kimiň ýadyna şert düşýär? Haçanda dünýä biraz ýagtylansoň, Güpban öňüne kese basan gyrnagy bilen gyzyklanan mahalynda, onuň saçlary duz ýaly, ýüzleri ýary ýaly çekilişip duran, gözleri köze gaçan gakylygy ýatladýan, eleşan bir kempirdigini görüp, lapykeç boldy. Gorkudan ýüzi ak tam bolan aýal indi Göroglynyň atyny ogurlan kempire öwrülip, özüni ykbalyň eline beren ýaly biraz köşeşip, birhili dalbynyp, tamaly hem seretdi. Töwerekdäki adamlar ilki jahan ýagtylýança Güpbäniň oljasyny görüp, ýolda oňa gözügidijilikli sereden hem bolsalar, garaňkyda görlen zenan gündizlikde ülhit kempire öwrülensoň, ony görüp, soňra ýaňsyly

seredişdiler. Güpbany bu ýaňsyly garaýyşlar diýseň kemsitdi, onuň öz nesibesinden göwni galyp, öňde-de biriniň: «Ähli zatda gara bagtam, garpyz kesenimde ak çykdy» diýeni bolanyny ýatlap, has-da kemsindi. Tizdenem kejikdirip, töweregiň gyjalatly garaýşynyň ony öz gününe goýmadygy belli boldy. Ol at üstünden oturan ýerinden göwni geçip kempiri:

–Bar-aý, ýok bol-aý! – diýip, ýere oklap goýberdi.

Kempiriň agzy gum gapdy. Şumjaryp aglady.

Hellew atly daýaw gyzyl ýüzli adam maslahat berenden bolup, Güpbanyň ýarasyna duz sepdi:

–Beýdäýmeli-ä däldiň-dä, sende göwün-ä ýogam däl eken onuň, gör, yzyňda zar-zar aglaýşyny! – diýip, içýakgynç ýylgyrdy. Şu arada hemişe gepläbem ýörmeýän elek ýüz, dodar ýigidem atyny onuň gapdaly bilen sürüp gelşine durup bilmän, kempiriň «tarypyna» goşuldy.

–Ene biraz garaşan bolsaň-a, guzudiş dagam çykardy oňa!

Bu gepi degşip görmedik, garaşmadyk adamsyndan eşideni üçinmi nämemi onuň degişmesi Güpbanyň janyna dik degdi. Ol gazap bilen gylyjyna ýapyşdy. Sowuk gylyç alaw bolup asmanda ýalpyldady.

Bu toparyň yzýany bilen gelýän toplumda Hojam hanyň inisi-de bardy. Ol topardaky edenli adamlaryňam biridi. Haçanda gan gaýnap, gylyç syrylan mahaly ol işiň-işden geçip barýanyny görüp, aňyrdan hanlarça hökümli abaýlap, olaryň arasyna düşdi.

–Goýuň-aý, oýna-çyna düşünmeýän mazardat mahluklar! Bir kemimiz indi şudam-da, orta ýolda bir-birimizi kerçemek!

Töwerekdäki adamlar Hojam hanyň inisiniň orta düşmegini dogry tapyşyp, nazar bilen ony ýerli-ýerden makulladylar. Topar gaýtadan ýola düşen wagty Güpban agzyna dolan topragy eliniň aýasynyň tersi bilen ýüzüne çyrşap, gorkuly gözler bilen töweregini gözläp, eňräp-sojap oturan kempiriň gapdalyndan ýüzüni kese sowup aýlanyp ötdi.

Kowgy boljagyny pikir eden galtamanlar bir obany çapmaga barýarkalar ýolda düşläp, biraz dem-dynç alyp, atlara hem dem berip ýörän-de bolsalar, yza gaýdyşyn olar hiç ýerde düşlemän, atlary dabradyp has gyssap sürdüler. Ejizini elinden gidiren oba onsoň dek oturarmy? Türkmeniň janyndan geçýän pursady dälmidir bu?! Oba adamlary, malyny, ýeneki zadyny alan bolsaň, jähennem etse-de ederdi, ýöne welin sen onuň pasyrdap oturan gelnine el urduň ahyryn. Şonuň üçinem Hojam Bäpbäniň bu urdumşalygyny halaman, munuň başa bela getirjegine, hä diýmän yzdan kowgy gelip, ganly çaknyşyk boljagyny pikir etdi.

Onsoň bu zenanlaryň düşen gününe öz ejizleriniň hem düşäýmeginiň juda mümkinligi ony hasam kejikdirdi.

Güpban hanyň Bäpbeden nägile bolýanyny görüp: «Bu şu däliň üstüne düwleýän bolsa, men-ä gazap ugruna bir oka tabşyraýmagam mümkin» diýip, bir bahana bolup, kempirden wagtynda dynanyna müňde bir şükür etdi. Özüniň hanyň gazabyndan sowlanyna begendi.

Galtamanlar goş ýerlerine ýagşy Güni asmana göterip ýetdiler. Olaryň goş düşüren ýerleri üç sany bir-birleriniň golaýynda biten, tagan aýagyna meňzäp oturan baýyr depesiniň aşak eteginiň biridi. Gözden sowarak hasap edip, bu ýeri hanyň özi göç üçin oňaýly düşelge hökmünde saýlap alypdy. Şeýle-de ýerden seleňläp asmana göterilen bu baýyr depeleriniň üsti ýelden-ykdan gelýän-gidýäni wagtynda görmek üçinem amatlydy.

Hojam han aňyrdan gele-gelmäne, Annageldi äwmeziň atynyň syrtyna mündürilen Hanumany ýatlady. Dessine ony atdan düşürtdi-de, «Sadap!» diýip, baýry heleýiniň adyny tutup, ony öz duran ýerine çagyrdy. Soňam oňa harasada düşen ýaly gapdalda elem-ebtat halda egnini salap duran Hanumany görkezdi.

–Şu gyrnaga eýelik et! – diýip, hökümli gepledi.

Sadap ýaňy saçynyň eteginden ak girip ugran, 40-45 ýaşly, tegelenip duran çörek ýüzli, eti-gany ýerindäki, toparda

eýemsirenibräk, ersibräk gezýän zenandy. Hanumany öz üstüne geterilen günüdir öýden Sadabyň ony görüp, bada-bat bereketli ýüzi birbada turşap, gaşlary çytyldy. Hanuma hem ony göz astyndan gözläp, heleýlerçe Sadabyň özüni güni-bäsdeş hasaplap, halamadygyny duýdy. Sadap Hanumany görüp, özüniňem hiç neneň heleý däldigini nygtaýan deý aýasynyň biri bilen hamala pikirinde öz görk-görmegini Hanumanyň zenan zynaty bilen deňeşdirip zynat berýän hörpde heleýlerçe tasanybrak alyn saçlaryny sypalap goýberdi. Adamsynyň ýüzüne seretmän, kesä bakyp ondan nägile boldy:

–Heleýem oljadyňyzmy?

Ol muny «Nä seň heleý meseläň barmy?» diýen äheňde aýtdy. Gepiniň arasy bilen bolsa zenanlarça adamsyny gabanyp, öýkeli pikir ýöredýärdi. «Bu kemçin näm boldy indi meniň başyma. Özem bir görk-görmekli süňňi suwly erkek halar zat eken. Muny görüp durup bilen däldir meniň är goçum. Öňem-ä ýogsam ilde biri bolsa, sende şonuň ikisi bar. Ýeri heleýden goş basjakmy? Möhümiň bitmän galan ýeri barmy aslynda? Bu erkek diýeniň yşykly, göze gelüwli heleý görse, öz haly bilen bolmaz eken. Üç heleýiň öňünden geçere sen indi öňki syçrap duran ýigit bolsaň, käşgä...»

–Görüp dursuň-a.

–Başa bela satyn aldym diýsene!

–Hudaý bardyr...

–Hudaý bir özüňkem däldir.

–Gepiňi köpeltme!

–Bu-da özüňemi onsoň?

–Bar äkit, ony soň göreris!

Goşda aýal-gyzlaryň öňem on-ýigrimisi bolup, çagalar bilen goşulyşyp oralyşyp-çoralyşyp, üstesine-de, goş-golamlary bilen çaşyşyp oturandyklary üçin, olar häzir hasam köplük bolup görünýärdiler. Eýýäm nämäniň nämeligine belli bir derejede göz ýetiren aýallar, ýaşmak çeýneşip gozgalaň tapyşyp oturyşlaryna

Hanumany öwreniji nazar bilen göz astyndan synlaýardylar. Hanumany özüne güni, bäsdeş hasaplap, Sadap näzi çekilýän zenanlarça tasanjyrdap, özüni bolşundanam gylyksyz, ýakymsyz edip görkezmäge çalyşdy. Hanumany goşaryndan siltäbräk tutup, ony Hojamyň ýanyndan alyp gaýdansoň, getirip öz gapdalynda bir düşekde oturan lopbuş ýüzli daýaw, ýaş aýalyň ýanynda oturtdy. Oňa: «Şuňa senem göz-gulak bol! Gaçyp-tezäýse onsoň ikimize-de gün ýokdur. Häzir bolsa suw ber oňa, gorkandyr maňlaýy gara, tutuş süňňi bilen sandyrap dur...» diýdi.

Hanuma kaýyllyk bilen olaryň gapdalynda çökdi. Daýaw gelniň meşikden guýup äberen suwuny içdi, soň iki eli bilen Bäpbe at üstüne zor bilen çekip alyp, kese basan mahaly eýere degip owulan, häzirem yza dönüp agyryp duran göwüslerine söýget edýän ýaly olary aşak eteginden tutdy-da agyrýan ýerlerini köýneginiň daşyndan ýuwaşja sypalady. Içinden: «Birki gapyrgam döwülmedigem bolsa ne ýagşy!» diýip oýlandy.

Hanuma at öňüne alnan mahaly kömek sorap, dady-perýat edenem bolsa, indi gününe kaýyl bolana meňzäp, Hojamyň heleýiniň gapdalyndan sulhup, geplemän otyrdy. Ýok, ol ozal aglan-da bolsa, häzir onuň gözlerinde gözýaşyň kenarlap galdyrýan yzy-da ýok, çölüň demi bireýýäm ony elýaglyk bolup süpürip-sylyp kepedipdir. Aşak bakyp oturyşy bir-de onuň gününe kaýyl bolanlygyny pikir etdirse, ýene bir-de «Bu zat nädip beýle bolup bilýär, hany şura, hany ýeneki gaýrylar? Olar meniň ugruma çykmajaklarmyka, men indi şeýdip bulara goşulyp, serhet aşyp gidibermeli bormukam?» diýip, gama batdy.

Birazdanam ol tapsyzlykdan başy aýlanyp, oturmaga rowgatynyň ýoklugyny duýdy-da, gollaryny bir-biriniň üstüne goýup, ýassyk edinip, oturan ýerinde ýanyn gyşardy.

* * *

Galtamanlar oba alaman edip giden güni-günortanyň öňüsyrasynda ol ýerde bolup, ýagdaýdan habar alyp, ýaňyrak

gelip atdan düşen Sarkisow gapydan girip-girmän, esgerlere Ahmedi gyssagly öz ýanyna soraga getirmegi buýurdy. Çilim otlandy. Aşyrma kemeriniň arkasyna öwrülip gidýän bölegini bir eli bilen öňünden gysymlap, jemlenip, bir salym has ykjamlanýana meňzäp, küýlenip durdy. Käte-de duran ýerinde bary-ýoguny barlaýan deý murtuny sypalaşdyryp durdy. Oýurgandygyça-da maňlaýy çygjaryp, onda maýdaja der düwmeleri peýda boldy.

Haçanda Ahmet getirilip, Sarkisow oňa oba galtaman çozup, iki sany oljalanan aýalyň biriniň Hanumadygyny aýdanda, Ahmediň hem maňlaýynda şeýle çygjarma peýda boldy. Dogrudanam, Hanumanyň ady agzalan mahalynda Ahmediň ini düýrügip ugrapdy. Sarkisow onuň ýüzüniň gazapdan hyrsyzlanyp, gözleriniň köräp, otlukly ýalpyldap gidenini gördi. Ahmet kowgynyň gijikdirilýänini eşidip, hasam nägile boldy.

–Olara «Ýolbaşçy bolan bolup, täze hökümetiň adyndan höküm sür, bähbit gazan» diý! Ili goramaly bolsa, hakyky il agalary bolup, jandan geçip, ýaga depmäge bolsa bogunlary ysmaz – diýip, ol hiç kimiň adyny agzaman, kimdir birinden nägile bolup gepledi.

Ahmet soň ýene-de galtamanlar bilen gyzyklanmagyny dowam etdirdi.

– Galtamanlar haýsy tarapa gitdilerkä?

– Ilerligine gidipdirler.

– Nädip oba dökülmäge milt edip bildilerkä, ýa biziň üstümizden serhetden geçmekçi bolýarmykalar?

– Guşga, Sarahsa, ähli ýere habar berildi. Barybir olaryň bir ýerden serhetden geçmekçi bolýandyklary belli.

– Olaryň kimiň toparyndandygy bellimi?

– Galtamanlar aşak tarapdan gelýän bolmaly. Şaýlyk Gara, Hojam han, Gurban gyzyldişiň galtamanlary bolmagy-da mümkin.

– Kim bolsa-da, Gurban gyzyldiş-ä däldir. Ol öldürseňem, gelip öz ilini çapmaz. «Gurban gyzyldiş gelip, şura, ýeneki garageýimleri kaklapdyr» diý, oňa ynanaýyn...

Sarkisow dürli tarapdan gelip, körük ýapyp, ot goýberen tamdyrynyň ahyr gyzanlygyna tejribeli OGPU işgäri hökmünde göz ýetirdi. Haçanda ol çilimini sorup gutaryp, elýaglygy bilen boýnuny ýüzüni süpürip, turup gidibirli görnende, häzirki pursatda başynda harasat gopan Ahmet oýurganyp:

– Sarkis aga, siz meniň at-ýaragymy özüme gaýtaryp beräýseňiz nädýär?!

Bu gep Sarkisowyň telim bir günden bäri gepleşip, Ahmetden eşidesi gelse-de, eşidip bilmeýän gepidi.

Ahmet şeýdibem Hanumanyň oljalananlygyny eşidip, nädip Sarkisow bilen göwündeş gopanyny hem duýman galdy.

Sarkisow Ahmediň pikirinde häzir Hanumany halas etmek üçin, ýüzin salyp at çapyp barýanlygyna düşündi. Oňa geregi-de şoldy. Ol Ahmet bilen has içginräk gürleşmek üçin, öwrülip ýene-de stoluna çökdi, howlukman täzeden çilim otlandy. Murtuny elläp onuň şol öňki ýerindeligine göz ýetirdi. Işiniň ugrugýanyny aňan wagty beýtmek onuň endigidi.

Sarkisow şol günüň özünde Ahmet bilen ýene-de iki atlyny garaňky gatlyşansoň, serhetden aşyryp ýola saldy.

* * *

Galtamanlaryň oba dökülmegi dürli gürrüňleriň döremegine sebäp boldy. Ol gürrüňleriň içinde, galtamanlara bolan gazabam bardy, Sowet hökümetiň il agasy edip goýan adamlarynyň nalajedeýinligine bolan igenjem. Adamlar toý-sadaka üýşen ýerlerinde: «Akynýaz Mämmet, Sakaw Batyr, Jumaguly Ahun, Gully emin bar mahaly, heý, Söýünalynyň ýaman niýet bilen üstüne gelip bilýän barmydy?» diýen soraga: «Gelse hakynam alardy-da...» diýen jogaby eşitdiler.

Şol günüň özünde Aman OGPU öz adamlary bile gelip, badabat ýagyň yzyndan kowgy gitmegiň deregine obada şol dökülen galtamanlaryň adamsy bardyr diýen pikir bilen, häsiýetine görä tersine yz çalyp, obada aňtaw işlerini geçirip, günäkärleri ýüze

çykarmak işine başlady. Ýöne muňa oňly tutaryk-da ýokdy, hamala, Hyňňylyň heleýi bir ýerde: «Men munuň şeýle boljagyny bilýärdim» diýenmiş. Ýeri, ol bir ýol bilen habarly bolmasa, nädip bilýärmiş? Şemal bolmasa, çöp başy gymyldaýarmy?

Aman OGPU-a bolsa munuň ýaly yrsarara bir zat tapylsa, oňa başga näme gerek? Hyňňyly aýaly bilen şuraň jaýyna gabap sorag etdiler, çagalary aglaşyp ejeleriniň yzyndan geldiler. Hyňňyl näme diýjegini bilmedi-de, jany ýanyp aýalyna käýindi:

–Ýoldaş Aman OGPU, Sülgündir-dä, diýer otyr-da. Onuňam bir gepi bolarmy?

Sülgün obada biraz zyýan zähmetli geňräk gepleýän aýal hasap edilýärdi. Has-da ýazda ot örgün mahaly onuň gepi köpelerdi. Geplände agzy köpürjikläbererdi. Obadaşlary, belet adamlar onuň bu döwürde basyrganan ýaly bolup ýörüşini görüp: «Sülgüniň jynlary güle gelipdir öýdýän, gezip ýören ýerinde samyrdap biri bilen gepleşibem ýör bi, elini salgap-salgabam goýberýär» diýýärdiler.

Hatda ol bir gün daň bilen il turmanka gaýyn agasynyň öýüne baryp: «Eşegiňizi beriň, men çöle joralarym bilen gül ýygmaga gitjek» diýip geň galdyrypdy. Ýagdaýly wagty bolsa ol hemişe gaýynlaryna eglip, Taňry salamyny berip, ommaza bir gowy sarpaly-sarmykly gelin bolup gezerdi.

Emma häzir güýzdi, gülüň wagty hem däldi, ýazdaky ýer ýüzüni gül-gunça öwrülen otlaram indi sary samana öwrülişip ýatyrdylar. Sülgüniňem rahatlyk tapaýmaly döwrüdi. Aman OGPU Hyňňyldan sorajagyny sorap, eşitjegini eşidensoň, şu heleý bir zatlar diýjeg-ä bolýar diýip, ony aýratynlykda sorag etdi. Ol öz öňünde ýaşynybrak töweregine müýnsüz garap oturan aýala ýüzlendi.

–Dogrudanam, sen galtamanlaryň oba dökülmeginden habarlymy?

–Bildim.

–Nädip bildiň?

–Agşam ýatyrkam, gara jynym gelip aýdyp gitdi.

Gara sözi adam adydyr öýden Aman OGPU indi onuň bilen gyzyklandy.

–Gara jynyň kimden eşidipdir?

–Gara jynym Sary jynymdan eşidipdir. Obanyň üstüne ýagy döküler, köp zyýançylyk bolmaz, mundan hökümetiň özi-de habarly diýdi...

Töhmetiň bir tarapynyň öwrüm ýasap, özlerine öwrülip ugramagy Aman OGPU-nyň gaharyny getirdi. Ol:

–Bar, ýok ediň bu dälini! – diýip, gapyda duran esgerine buýruk berdi. Gapyda duran:

–Ärini nädeli? – diýip, indi bularyň bu ýerde bolmagynyň hökmanlygy ýok hasap edensoň, başlygyna ýüzlendi.

–Onam ýok ediň-de, kowup goýberiň!

Şundan soň är-heleýiň ikisinem daş çykaryp kowup goýberdiler. Aman OGPU barybir bu jogap bilen kanagatlanmady. Ol henizem galtamanlaryň obada öz gulakdaş adamlary bardyr diýen müňkür pikirdedi. Barybir munuň bilen Aman OGPU-nyň gözlegine dyngam bolmady. Ol ýene-de müňkürlik bilen obany diňirgenip ugrady. Onuň bu galtaman çozuşyna obada kimiň gulakdaş, kimiň ýardamçy bolanlygyny diýseň ýüze çykarasy gelýärdi. Tapylsa, ol oba dönüginiň ýakasyndan ebşitläp tutasy gelýänleriň ýene birem Ýagdy şurady. Ol häzir Aman OGPU-nyň gapdalynda gözleg işlerine şaýat bolup, sorag soraýanyň biri bolup otyrdy. Oba ýagy döküleni bäri onuň keýpi ýokdy, alaçsyzlykdan murty mese-mälim sep berip salparypdyr. Onuň öz öýi-de garakçylaryň: «Şunda zat bardyr» diýip, kürsäp girip, ýarag çenäp, enesini, aýalyny gorkuzyp, saçagyny silkip, ýatagynda baka goýan mallarynyň ikisi alnyp gidilip, talaň düşen öýleriň biri bolupdy. Has beteri-de Hanuma elden gidipdi. Ýagdy obadan Owgana gaçyp geçen Seýli baýyň yzynda galan kiçi aýaly Aýsoltan bilen arany sazlaly bäri oňa bolan isleg-höwesiň artyklygyna seretmezden, henizem ol Hanumanyňam aýşy-ýeşretiniň hem höwesinde bolup, onuň

lezzetiniň täsirindedi. Hanumanyň at öňüne kese basylyp, alnyp barylýany onuň göz öňünden gitmeýärdi. Oňa häzire çenli hiç delalat edip bilmeýänligine gynanmak bilen, munuň gönüden-göni şura hökmünde duşmanlaryň özüne garşy gurnan hüjümi bolaýmagyny hem biraz ondan eýmenme bilen çen edýärdi. Şonuň üçinem ol Aman OGPU-nyň «Garakçylaryň obada öz dilleşen adamlary bardyr» diýen gepi bilen doly ylalaşýardy. «Bir bilip bolsa bolýar, onsoň men onuň ojagyny ýumrup, gyz-gelnini başganyň aşagynyň düşegine öwrerin» diýip, duşmana gaýybana öjügip, ahmyrly diş gyjaýardy. Eýýäm onuň hem Aman OGPU ýaly: «Şol garakçylara ýaranlyk eden şu bolsa gerek» diýip, şübhe astyna alan bir topar adamy-da bardy. Onuň ýamanlyk garaşýan, oglanlarynyň sürgün edilenligi üçin özi bilen alagöz hasap edip, şübhe astyna alanlarynyň biri-de Kymyş duzçudy. Ol özünden ýaňa Kymyş duzçynyň içiniň ýanyp duranyny, gabady gelse, aryny almak üçin gaýgyryp goýmajagyny-da pikir edýärdi. Kymyş duzçynyň özi-de şurany halamaýanlygyny, ýolbaşçy bolup, il öňüne düşmegi oňarmaýanlygyny: «Bir iliň bagty ýatanda onuň iň akmagy han çykarmyş. Töweregiň şeýtan siýdiginden döränleri ony ýokary göterip, başa çykaransoňlar, soňra onuň syrtyna barmak sokup oýnap, öz islän gabahatlyklaryny şonuň üsti bilen amal edermişler. Şeýle adam ýokarsynda otyrka, ilden rysgal-döwlet göterilip, ol horluga, zuluma sezewar bormuş. Häzir bizem, il soňy Ýagdy ýalylaryň ile baş bolup, hanlygyň hakyky eýeleri kowalanyp, tutulyp, atylyp, basylyp ýörkä şol betbagt halka öwrüldik» diýen ýaly agyr, kemsidiji gepleri oturan-turan ýerinde gypynç etmän aýdardy.

Haçanda inisi Bally bir gezek agasynyň bu bolşunyň täze hökümet adamlaryna ýaramajagyny, munuň gönüden-göni ýagyny özüňe öjükdirme boljaklygyny, soňundan ol gepleriň ýamanlyk bolup, dolanyp özüne geljegini jandurmazlyk edip:

–Dostdan duşman köp, sizden her eşiden gepini ýere gaçyrman, äkidip ýamanlap ýörenler bar, täze hökümetiň gepini

azrak edeweriň, başa ýene bir bela inäýmesin! – diýip aýdanda Kymyş duzçy:

–Heý, inim, Sowet ojagym-a ýumurdy, indi mundan beter olar maňa ýene näme ýamanlyk etjekmiş?! Mundan aýylganjam bir bela bormy, geregi ýeňňeň ikimiz bolsak, eýlesin-de Narly gamyşçynyň ogly dykaýsyn bizem gowuz ýerine! – diýipdi.

Galtamanlaryň oba dökülen gününiň ertesi Aman OGPU-nyň oba arasyndaky jansyzlarynyň ikisi dagy Begendik ussanyň ussahanasynyň öňüne ýygnanan adamlaryň arasynda bolup, bu waka bilen bagly aýdylan gepleri oňa ýetiripdiler. Olaryň arasynda şuranyň şol bir wagtda bolsa, Sowet döwletiniň ýerli, ýeneki ýolbaşçylarynyň mertebesini kemsitmeler hem duýulýardy. Şeýle gepleriň birem ýene Kymyş duzça degişlidi. Garakçylaryň gürrüňi edilende Kymyş duzçy ýigrimi-ýigrimi bäş ýyllykda oba ýagy çozan pursadyny ýatlapdy. Şol gezek bir bölek atly gündiziň-güni oba duýdansyz dökülipdi.

...Ol döwür gazy günleri bolansoň, obanyň erkek adamlarynyň köpüsi gazy-haşar işleriniň ugrunda bolup, Galagammar diýen ýerde gazy gazýardylar.

Ýakymsyz habary eşidip durup bolýarmy? Habar düşenden adamlar atly atyna, eşekli eşegine atlanyp, oba eňipdiler. Ýagy bu gezek gaýradan– Bäşdeşik tarapdan inip, esasanam, obanyň gaýra başy bolup oturan Bulamaklary çapypdylar. Yzlaryna dönenlerinde bolsa, ýolugra gabat gelen ýeneki oba adamlaryny hem ol ýerden öz süren adamlarynyň arasyna gatyp alyp özleri bilen bendiläp gidipdiler. Gully emindir Akynýaz baý, Jumaguly ahundyr gaýry oba ýaşululary bilen maslahatlaşyp galtamanlaryň yzyny ýel çalmanka, oba batyrlarynyň birnäçesini bir bölek atlynyň öňüne salyp, gyssagly olaryň yzyndan kowgy ýollapdy. Gully emin töwerekdäki obalara, habar ugratsa, Akynýaz baý şol wagt özlerini türkmen durmuşyndan çeträkde saklamagy kem görmeýän owgandyr ýerli orus hökümet adamlary bilen olary bu işe çekmek üçin gepleşik geçirmäge howlugypdy.

Gowy ýaragyň ýetmezçilik edýänligi lapyňy keç edýärdi. Obadan ilkinji kowgy bolup giden atlylara Anna Pälwany, Amat batyry, Şämit pälwany baş edip ugradypdylar. Olar serhedi ýanabrak ýörediler. Ýalňyşmanam ekenler. Tizden onda-munda garakçylaryň galdyran yzlary görnüp ugrady. Indi olaryň Owgana aşarman bolup barýan adamlardygyna şek-şübhe ýokdy. Onda-munda ýatan ölüler görnüp ugrady, çaky olar kowgyň yzdan gelerinden howatyrlanyp, sürege ýaramadyk asgynjaňlyk edenleri öldürip gidip barýan bolmaly. Duş gelýän jesetler esasynam çagadyr gojaýan adamlardy. Netikazalar olary öldürensoň, ýere dulaýynam diýmändirler, meýitler şol düşen-düşen ýerlerinde agyzlaryna, ýüzlerine mör-möjek gonduryp, ýüzlerine çaň-toz syradyşyp ýatyrdylar. «Ogry syrty gowşak» diýleni, olaryň öz etmişleriniň soňundan çekinýändikleri duýulýar. Hasam bir ýapynyň ýüzünde öldürilenler kän eken, olar gyzyl ýaýyrt bolşup ýatyrdylar.

Duşmanyň töweregini oýtarlap, habar almaga giden atlylar tizden olaryň Artyk guýyň başynda düşländiginiň habaryny getirdiler. Kowguçylaryň çeni dogry çykdy, olaryň aýak ýeterden uzaklaşmanlygy belli boldy. Bu ýerde gala diwary bolup keserip duran baýyr depesiniň ýeňsesinde aýlaw bolup syrt berip, duran ýerinde süýji suwly guýy bardy. Galtamanlar düşlänlerinde bu ýeriň töwerege gözegçilik etmegiň amatlydygyny hem göz öňüne tutan bolmaly. Gapdalda barha ýokarlygyna çowlanyp ösüp oturan depe bardy.

Şol depäniň üstünde hüşgärlik üçin ýörite goýlan gözegçileriň barlygy anyklanan mahaly, olaryň üstüne göni barmagyň kyn boljaklygy, nähili-de bolsa az ýitgi çekmek üçin bir emel etmelidigi belli boldy. Şu ýerde baş serkerde Anna Pälwan atlylaryndan bir toplumyny bölüp, Şämit bilen Amat batyry duşmanyň arkasyna geçip ýoluny kesmäge ugratdy. Depede duran garawullary alyp ýatmaga bolsa, Anna Pälwanyň özi gidermen boldy. «Başga biri gitsin» diýilse-de: «Muňa, paýym, meniň özüm gitmesem

bolmaz» diýdi. Soňam ol bendi alnan hökmünde Mahy dälişgäni atyň öňüne kese basyp, başa owganlylaryňky ýaly seleň selle oranyp, gözegçilik çekip oturan garawullaryň arka tarapyndan özüni ýekeçapar galtaman edip görkezip, golaýdan geçmek üçin emel etdi.

Anna Pälwan garawullap oturanlar özüni görüp, owgan adamsy hasap eder ýaly bildiginden parsylap, öňünde ýatan Maha käýinenden bolup, atyny howlukdyrman sürdi. Biraz wagtdan onuň diýşi ýaly hem boldy. Garakçylar kimdir biriniň başga birini atyň öňüne basyp, aşak etekden baýryň o ýanynda uly garakçylar toplumynyň ýatanyndan habarsyz, ýeriň giňişligini alnanda sögülýän sögünçler bilen sögünip, geçip barýanyny gördüler. Atyň syrtynda horjun bökdürilipdir. Gözegçileriň biri ölemen çilimkeş bolsa näme, ajy temmäkiniň ysyny beýle adamlar bir günlük ýoldan almaýarmy?! Çilim çekesi gelip, dişleri syrkyrap oturan garakçy şol barmana-da temmäki ysyny aldy. Gözi ýiteldi. Horjundan çaý, temmäki ýaly özüne derwaýys gerek zatlaryň barlygyna tamakinlik bilen göwün çaýyp ynandy.

Anna Pälwan deňine ýetiberende ol tüpeňiniň bilinden gysymlap, depeden aşak düşüp gelşine gygyryp oňa ýüzlendi:

–Eý, sen, aýak çek!

–Sen kim borsuň! – diýip, Anna Pälwan ýarym parsçalap, ony ilki görýän ýaly bolup ýüzlendi.

Jogap ýerine talaply sorag eşidildi:

–Nireden gelýäň?

–Gandarymy tapyp, tutup bendiläp gelýän. Men muny köp agtardym, ahyram ele saldym. Indem eltip dogan-garyndaşlaryma görkezip, munuň ýoguna ýanjak.

–Bir çümmük temmäkiň bolsa berseň, çöregem bolsa bölüşäý!

–Gel, al özüň horjunyň gözünden, meniň bir elimi ýaralady bu deýýus – diýip, halymsyrady, oňa horjunyň atyň beýle ýanyndaky gözüni görkezdi. Beýleki gamçyly elini bolsa janyýangynlyk bilen Mahynyň üstünden eňtererli bolup oňa çenedi.

Gözegçi galtamanyň hakykatdanam Anna Pälwanyň Owgandaky türkmen obalarynyň birinden bolup, onuň köýen aryny alyp gelýän adamdygyna ynananlygy belli boldy. Mahy bolsa bu pursatda ýatan ýerinde janagyryly yňranjyrap, daňylgy ellerini sypdyrmaga synanyşandan bolup, ýagdaýa hasam dartgynlylyk berdi. Garakçy atyň yz tarapyndan onuň duýdansyz toýnak salaýmagyndan çekinip, oýtarlybrak geçip gelip, eglip horjuna el uran çagy Anna Pälwanyň «şikesli» goly bilen şatyrdadyp ony dolap aldy-da, ýokary çekdi. Garakçy bir aýagyny silkip urnup, «hyrk» edip içini çekmäge ýetişdi.

Anna Pälwan şundan soň jyn ýaly çalasyn Mahyny atdan ýere zyňdy-da:

–Okuny, ýaragyny al! – diýip, gyssady. Elini bulap, gädikden seredip, öz duýduryşyna garaşyp ýatanlara: «Galkynyň!» diýip üm etdi. Söýünalylar aňyrdan: «Ur-da-gaňyr, ur-da-tut!» diýşip, gygyryşyp garakçylaryň üstlerine topuldylar. Duşmana bolan gazap häzir obadaşlaryň köpüsini serden çykarypdy. Galtamanlar el-hal diýşip, aňyrdan öz üstlerine elleri gylyçly, çarşakly, tüpeňdir gyrkylykly, naýzaly adamlaryň at salşyp gelýänleri görüp, ilki biraz aljyraňňyllyga düşen hem bolsalar, soňra olaryň hem tiz özlerini ele alandyklary belli boldy. Olar ýerli-ýerden ýaraga ýapyşyp atlylara garşy durdular. Galyberse-de, obadaşlaryňam sany garakçylaryňkydan köp däl. Garakçylaryň serdary munuň çakyny alan borly, o-da adamlary bilen batyrgaý herekete geçip ugrady. Garpyşykly uruşlar başlanan mahaly galtamanbaşy walaýlap, töweregini söweşe öjükdirip ýörüşine hökümli gygyryp, olara talaply buýruklar berişdirýärdi. Galtamanlaryň näme diýeni eli ýaragly üç-dört adam bendileri urup-sögüp, aňyrlygyna sürüp ugransoň onuň: «Ýesirleri bermäň, olar elde wagty bizi aňsat ýok edip bilmezler» diýdigi eken. Obalylaryň yzan-da-çuwan bolşup, ýagyň öňüne düşüp barýan ýakynlaryny başbütin duşmanyň elinden almak üçin gaýduwsyzlyk bilen eden ilkinji hüjümi ol diýen şowly bolmady. Galtamanlar gaça söweşip, bir amadyna

getirip güýçleri bir ýere jemläp, täzeden hüjüme geçip söweşmek üçin ýan berip yza çekildiler. Tüpeňler atylmaga ýetişmedi diýen ýaly. Onsuz-da iki tarapda hem üýşüp duran ok-ýaragam ýokdy, hyrlylary gyssag arada oklap atara wagtam.

Anna Pälwan galtamanlaryň geçide tarap çekilýänlerini görüp, öz çeniniň dogry çykanyny bildi. Ol ýerde Amat murtuň eýýäm gapdaldan aýlanyp geçenini, mergenler bilen onuň öňde garaşyp ýatanyny ýatlap: «Mergenler atyma getirip, bir atyp alsa, bulaň alty ýedisin-ä bada-bat gyr-ýapyr eder, ýöne olar aljyrandyr öýdüp, üstlerine çozsa welin, ýalňyşar, bularyň sany ýetik» diýip aladaly oýlandy.

Duşman pytyraňňy yza çekilýärdi, toparlaryň arasy sozulypdy, şeýle-de bolsa häli-şindi öňräkde barýanlaryň hasabyna yzky obalylar bilen çaknyşýan güýjüň üsti ýetirilýärdi. Şonuň üçinem galtamanlaryň eýýäm birnäçesiniň ölüp, ýaralanyna seretmezden, olar egsilip azalarly görünmeýärdiler.

“Kyýamat güni goňşudan» diýleni, şonda ilki Söýünalylara kömege ýetişen Guljadyr Bedeňler boldular. Anna Pälwan bir ýeňsesine öwrülende olaryň saýyň içi bilen toplum-toplum bolşup, at gorduryşyp gelýänlerini gördi. Indi duşmanyň üstüne her taraplaýyn hüjüm etmäge güýç ýeterlik boljakdy. Obalylary indi bir alada goýýan zat, eýýäm Gün baýyrlaryň ýeňsesini peýläp, eýýäm batyp barýardy. Näme etjek bolsaň, ol ýitip, garaňky gatlyşmanka etmelidi. Ýogsam onuň ähli zady öz gara eteginiň aşagynda gizlejeginiň ujy iki däldi. Häzir garakçylaryňam yza çekilip, güýç toplap, doly hüjüme geçmän, heder edýänden bolşup barşylary hem olaryň gijäniň düşmegine diýseň garaşýandyklaryndan habar berýärdi.

Gün indi bu ýerde bolýan zatlary batmankam görüp gideýin diýýän ýaly batar ýerine golaýlaşdygyça, ol ýere has yhlasly intizar seredýärdi. Onuň ýere gyýtak düşýän şöhleleri aýak astynda saman bolup ýatan çöl otlarynyň ýüzünde aýna ýaly ýalpyldaýardy, baýyr depeleriniň guzaý ýapylaryna çaýylyp, ol ýerleri has aýratyn,

has görnükli görkezmäge çalyşýana meňzeýärdi. Ýan kölegeler uzalyp, jülgeleriň düýbünde eýýäm barha goýalýan gije sudury köwlenýärdi.

Alamançylaryň gelýänini ilki gören geçelgäni gözegçilik edip, beýigräk ýerde atym alyp ýatan mergenler boldy. Amat murt öz oturan ýerinden bukdaklap, ýagynyň has gowy görünýän ýeri, mergenleriň arkasyndan baranda howlukmaç sürlenişip gelýän ýagyny öz gözi bilenem gördi. Olar kowgy duýdansyz ýerden döküläýmegini pikir edip, ahmal galmazlyk üçin käli ortalap ýöreýärdiler. Ýöne barybir olar käliň nätselerem bokurdak bolup – iki ýanaşyk depäniň arasyndaky daralýan ýerinden geçmelidiler. Töwerekde başga indi bäri-bärde beýle amatly geçelge ýokdy. Amat murt mergenleri iki topara– birini aşak etekde bir bukuda ýerleşdirse, ýene birini töweregi eýemsirenip oturan geçelge depäň üstünde ýerleşdiripdi. Usullyrakdyr öýden adamlaryny ýaragy tiz oklamaga nepi ýeter diýenlerini mergenlere kömekçi edip belledi. Üznüksiz hüjümi döretmek üçin alty mergeniň diňe ýokarky üçüsine hem aşakdan ikisine birbada ot açmak tabşyryldy. Ikinji biraz soňrakdan atyp, beýlekileň tüpeň oklaryna biraz bolsa-da maý bermelidi. Şämat pälwan duşman golaý gelende üstüne topulmaly topary geçelgäň ýeňse ýanyndaky bukuda ýerleşdirdi.

Haçan öňden gelýän bäş-alty atlyny ýokarda ýatan mergenler olar golaý gelen mahaly: «Sen ony, men muny alaýyn!» diýşip, bölüşip atdylar. Öňdäkileriň birnäçesiniň atdan ýykylanyny görüp, alamanlar ahmallyklarynym aldyranlaryny bilip, dessine çem gelen zada başlaryny dulap, duran-duran ýerlerinden goranyşa geçdiler. Okuň nireden gelenini anyklaşdyryp, şol ýerden bar bolan ýaraglar bilen depede ýatan mergenleri oka tutdular. Emma pesdenem ok atylyp başlanmagy olary birneme aljyraňňylyga salany belli boldy. Gara görnümde töweregiň iki-üç janpenasy bilen adamlaryň arasynda çawjap-alakjap, bir onda, bir munda görünýän alaman serdarynyň gykylygyndan soň, onuň öňdäkilere yza çekilmeli diýeni belli boldy. Bir salymdanam olaryň zyr-zöwran

edip, Söýünalydan alnyp gaýdylan ýesirleri öňe sürüp getirýäni göründi. Amat murt muny görüp, başyny ahmyrly silkdi:

–Haý, doňuz galtamanlar namartlady – diýip, sürlüp gelýänleri haýpygelijilik bilen synlady. Ok ýagdyrma dowam etdirilse, ähli adamlary gyrgyna beriljegi ikuçsuzdy. Olardan nämä garaşylsada, gowulyga garaşmak asla mümkin däldi. Ýöne ötükden geçirmek bu-da duşmanyň geçerine ýol bermekdi, üstesine, garaňkam gatlyşyp, duşmany gözden gizläp barýardy. Olar bir garaňka siňip bilseler, soň aňsat tapylmajagy, ele düşmejekleri bellidi. Amat murt bir pursat näme etjegini bilmän aladalandy. Ýagdaýy kimdir biri bilen maslahatlaşasy gelip, toparyň ekabyrraklarynyň biri bolup, öz töwereginde ýören Satlyga ýüzlendi.

–Bular öz adamlarymyzy özümize gyrdyrjak bolýarlar.

–Görüp durun, ýegen, garaňky gatlyşyp barýarka, duşman ýerine özüňkiň böwrüniň garalmagy gaty mümkin.

–Onda bir zat edeli, mergenleri ýokardan saýlap tüpeňlemek üçin goýýas-da, özümiz gylyja ýapyşyp, ýagynyň üstüne eňmeli.

–Jaý maslahat – diýip, gazap atyna atlanan Satlyk dişini gyjap dessine gylyjyna ýapyşdy. Yzdanam bu mahal Anna Pälwan eýýäm goňşy obalardan ýygnanan ýigitler bilen birigip, duşman üstüne at salyp, ýetip gelýärdi. Olaryň tanyş sesleri barha golaýdan eşidilip ugrapdy.

Maksat aýdyň bolansoň, Amat batyryň topary hem ýerli-ýerden gylyç syryp hüjüme geçdi.

Söýünalylar şol gezek galtamanlaryň ençemesini çapyp, ençemesini ýesir alyp, özleri üçin gerek bolanda durmaly ýerlerinde durup bilýändiklerini ýene bir gezek görkezdiler…

Aman OGPU bu ýagdaýdan ozaldan habarlydy. Şonuň üçinem Kymyş duzçynyň gepinde häzirki ýolbaşçylara aýdylýan göwnüýetmezçilikli gyjalat barlygyna seretmezden, onuň öňki ýaly tizräk duşmandan ar alynmagyny bu meseläniň edermenlik bilen çözülmegini isleýänleriň biridigine düşündi. Hakykatdanam,

beýle pikirleriň häzirki ar gidip ýatan mahalynda halkda döremegi tebigy ýagdaýdy. Aman OGPU bir öwrümde Kymyş duzçynyň sözüni gerek hasap edip, göwnüne jaý edensoň, Ýagdyň gojanyň suwuna degilmegini isleýänini bilse-de, onuň bu gepine gulak gabartmak islemedi. Halkyň bu ýagdaýa janyýangynlyk bilen seretmeginden gaýta o-da belli bir derejede kanagatlanma tapdy.

Çolpusyna degerli maglumat ilmedik Aman OGPU öz gözleg işlerini goýbolsun edip, günortanlar töweregindäki oba adamlaryna, galtamanlaryň yzyndan bir bölek serhetçi bilen ýerli milletden düzülen ýurda belet «Gyzyl taýaklylar» toparynyň kowgy gidenini mälim etdi.

* * *

Ahmet derýadan geçensoň, ilki Pyrary Marçagyna darady. Gaýynagalaryndan Hoja gök lakamly iň kiçileri öýde eken. Ahmet oňa çaý başynda dogany Akgülüň salamyny ýetirip, özüniňem bu ýere aşaýmak meýliniň ýok däldigini duýdurdy. Hoja oňa:

–Öň aýdyl-da saňa gel diýlip, ana, gördüň-ä gelmese, Jummanjem  ne güne düşdi. Orazgeldi aga keltelik etdi-dä, eger şonda bize «hä» diýende, olaram häzir gözümiziň alnynda bolmaly. Akynýaz akgam ýogsam Mahmydy ýörite üstlerine ugratdam-laý olaryň. Bolşewikden ýagşylykdan başga ähli zada garaşybermelidir... Sürgün edip goýberipdirler, ana, kim bilýär niräk? – Soň ol Ahmediň ýüzüne dikanlap: –Orazgeldi agalaň nirä gidenini heý bilýän barmy? – diýip sorady.

–Şolar-a alys bir ýerlere äkidilipdir öýdýän. Ýöne entäk belli zad-a ýok.

–Aýtdym-a bäri, bärlerde goýmazlar diýip, diýşim ýalam bolupdyr, ana – diýip, ol öz ejiziniň düşen gününe örtenip gürledi.

Ahmet gaýynagasyna  ýakyn günlerde maşgalasyny alyp gelmeli boljagyny aýdyp, ondan ýaşara amatlyrak ýer bolsa göz öňünde tutmagyny sorady. Ahmet gaýynagalarynyň biri bilen şu köpden bäri maslahatlaşmagy niýet edip ýören zadyny

maslahatlaşansoň, onuň janköýerlik bilen: «Öňüň gije, bu gün ýatyp, ertir daň bilen ugraýanyňda bolmaýarmy?» diýenine hem bakman, bary bir Hanumanyň haly gije-de özüne ynjalyk bermejegini bilensoň, ol wagta parh goýman, gyssagly atlandy.

Ahmet Marçakdan Hyrat töweregine aşmakçydygyny aýdyp, Balamurgap tarapa ugran-da bolsa, gijäniň içinde azaşan deý bolup, soňra öwrülip, biraz ters yzyny çalyp ýöränsoň, Murgabyň öz belet güzerleriniň birinden atyny salyp, ondan ilerligine – Guşgy töweregini niýetläp dik çykdy.

Onuň ýoly gamyşdyr toraňňylyk bolup duran jeňňeliň içi bilen geçýärdi. Murgabyň çep – türkmenler tarapy, sag kenardan hemişe özüniň ot-çöpüniň köplügi bilen tapawutlanýardy. Gijelerine dagy ol garylyp-gatylyp, garaňky bilen goşulyşansoň hasam uly, bimöçber bolup görnerdi.

Uzyndan hem boldan biten jeňňeliň içi oňly şemal düşmeýänligi üçin häzir diýseň agyr ysly hem kapasdy. Üstesine-de, çybyn-çirkeýlerem ozalagşam bolansoň, topar-topar bolşup, ýürek-bagra düşüşip, bu ýerde wag berýärdiler. Gören janly-jandarlaryň üstlerine jeňňel galtamanlary bolşup dökülýärdiler. Geleni «hüw» diýip, başyny alyp gitmäge mejbur edýärdiler. Şol barmana Ahmet gabat gapdalda bir ýerde haýsydyr bir ýekegapanyň basyksy, ynjalyksyz tanyş horgurmasyny eşitdi. Ýekegapanyň golaýdan özüniň geçip barýanlygyny aňanlygyny pikir etdi.

Horkuldynyň yzysüre gamyşlar güýçli gözgalaň tapyşyp, şatyrdaşan mahaly ol şol ýerden heder edip, üstüne ýekegapan hüjüm edäýjek ýaly pikiri bir pursat başdan geçirdi, üns jemläp hüşgärlendi. Emma ýekegapan alysrak boldumy nämemi oňa öjügmedi. Duran ýerinde guýrugyndan tutulyp aýlandyrylyp goýberilen ýaly, gamyşlary alaşagyrdy edip, pyrlanyp öwrülensoň, kese gitdi.

Haýwanlaram ynsanlar ýaly dünýäniň ýagdaýyny, ondaky üýtgeşiklikleri syzýan, öwrenýän bolmaly. Ozallar adamy ýeke

dagy görseler, oňa topulmany, silkip urmany hiç zatça görmeýän, jeňňel sorap ýören ýekegapanlar özlerini tutsa, hezil edip iýýän oruslar ýurda gelip, töwerekde ok-ýarag köpeleni bäri indi olaram tertibe gelip ugrana meňzeýärdiler. Göni gabat gelişmeseler, adamlar bilen gapyşyp, ýeneki edişip ýörmeýärdiler. Däri ysy bar ýere barmaga çekinýärdiler.Ýekegapan bilen gabat gelnilmedik bolsa-da, bu duşuşyk Ahmediň özüniň şol ýekegapan bilen gidişip alan, häzirki döwürde ýatlanyňda ol gerekmejek yňdyrmalyk bolup görünýän ganly etmişini ýadyna saldy. Ökündirdi. Ol döwür Ahmet obanyň heniz öý-işik bolmadyk gyzyleňek, okgunlydan hyýalbent jahyl gödekleriniň biridi. Toýlarda dyzanyp göreş tutardy, leňňerlendirip agyr ýükleri götererdi. Güýjüne, dogumyna baýrynardy.

Haçanda bir gezek obadaşlarynyň biri tokaýda eken ekinlerini bir doňuz sürüsiniň gijelerine jeňňel tarapdan gelip, zer-zaýa edip gidýänligini, çäresizdigini ýatlap, nätjegini bilmeýänligini aýdyp zeýrenen mahaly durup bilmän, oňa duýgudaşlyk edenleriň biri bolupdy. Ekin eýesi şonda bu beladan dyndyranyň bir öweç, birem täzeje garma don serpaýy bar hem diýipdi. Şonda ýagly guýruk gapjagy, üstesine-de täze donly bolmak islegi Ahmediň diýseň başyny göçüripdi. Şeýdibem, ol bu işiň ugruna nähili çykmaga razy bolanyny hem duýmanam galypdy. Şol günden birki gün geçiribem ol gijäni öňüne alyp, bakja eýesiniň gelýär diýip, salgy beren ýerinde bili jöwher pyçakly, eli doňuz golaý gelende onuň depesinden nagdynlap indiräýer ýaly tutdan tommak taýakly ýekegapana ýatdy. Şondan bir gün öň ol bakja eýesi bilen töweregi aýlanyp, doňuzlaryň güzer eden ýeriniň nirededigini, olaryň taşlanan köne ýabyň içi bilen sürlenişip gelýändiklerini, şol ýeriň çöp-çalamyna ilişip galan doňuz tüýleridir tezek-siýdiginiň yzlaryndan anyklady.Ýekegapan zaluwat gümbaş-aljyraňňy görünse-de, ol gün bir erbetligiň öňde özüne garaşýanyny duýdy öýdýän, şol gün wagty bilen onuň ne özi göründi, ne-de hemişe töwereginde şakyrdaşyp gezýän mekejindir jojuklary.

Gije halys garransoň-a olar asla-da gara bermejege meňzediler. Aladaňdanyň ukusyny diýsene! Ahmedi gözüňden, ýüzüňden aslyşyp, eňterip alyp barýardy. Ahmet şol garaşyp ýatyşyna daňdanlar gözüni çalyp, çala irkilenini hem duýman galdy. Ony birhaýukdan gapdalyndan şatyrym-şallak bolşup geçişip, sümsünişip barýan haýsydyr bir depgä düşenmi, aýagy basylanmy bir doňzuň çirkin çygyrmasy oýardy. Şonda bada-badam onuň burnuna, gören ýerinde jork batgamydyr, poh-püsüre bulaşyp ýören porsy doňuz ysy hapylap urdy.

Ine, bir görse, ýabyň içi bilen, düňreýlip, äpet bir janlydepe bolup, onuň ýoluna göz dikip garaşan ýekegapanam gapdalyndan geçip barýar. Ahmet howlugyp, ýekegapanyň gomuna goýmak üçin gapdalynda çemeläp goýan tommaky taýagyny hem unudyp, raýşyň üstünde ýatan ýerinden atylyp turup Allany çagyryp, ýekegapanyň üstüne zyňdy özüni. Arkasyna gonup gonmanka hem onuň gerşine gol boýy gezligi arlap bir dikip aldy. Janhowluna segräp göterilen ýekegapanyň ony arkasyndan agdaryp, atyp alasy geldi. Ýöne gerişden dikilen pyçak diňe bir ýekegapanyň janyna dawa salmak däl, Ahmede doňuz arkasyndan ýykylman, ýapyşyp oturmaga hem delalat boldy. Şol barmana-da ýekegapan duşan belasyndan nädip, sypjagyny bilmän, eňip barşyna süsňäp öňünden gelen gür gamyşlyga urdurylyp girýär. Gaýta gamyşlar aýaklaryna çolaşyp, onuň okgunly badyny alýar. Ahmede jöwheri garsa sogrup, ony ýene bir gezek, gerşiň aşak etegine, ýürege niýetläp garçyldadyp urmaga mümkinçilik döreýär. Emma aşak etekden sanjylan pyçak oňly ýapyşalga bolup bilmänsoň, tizden gamyşlara çolaşyp onuň özem, şol barmana ýekegapanyň üstünden agdarylyp düşýär. Ýaraly ýekegapan sakar ganyny sarkdyryp, jeňňeliň jümmüşine girip ýitip gidýär.

Onuň jöwher pyçagam şol ýekegapanyň teninde gidýär. Ahmet soň golaý bir ýerde jöwher gaçýandyr öýdüp, çöp-çalamda galan gan yzlaryny yzarlap näçe aýlansa-da, ony tapmaýar. Adamlar bu ýagdaý barada şol günler «Ýekegapan janhowluna baryp, özüni

batga ýa-da derýa ýenekä urandyr. Şol ýerleriň birinde ölübem galandyr. Ysgaw it dagy bolanlygynda ony tapsa-da bolar» diýen ýaly çaklama gürrüň aýdyp, ýiten pyçak üçin Ahmede duýgudaşlyk edipdiler.

Ýöne men diýen jöwher ardurja gitse-de, şondan soň gawun eýesi welin doňuz garakçylygy bilen bagly kellagyrsyndan dynypdy.Ýekegapan diri galanam bolsa, «At ürken ýerinden, är gorkan ýerinden» diýleni bolup, ol gaýdyp bu bakjanyň töwereginde görünmändi.

Her gezek jeňňele aralaşyp, doňuz horkuldysyny eşidende bolşy ýaly, Ahmet häzir hem ýene bir gezek şol ýekegapanda giden jöwherini ýatlady.

Ahmet kapas jeňňellikden tizräk çykmak üçin ýene bir salym atyny gyssap sürensoň, Pendi baýyrlarynyň bir çetinden aralaşdy.

Baýryň üsti janyň ujudy, onda sergin şemal öwsüp durdy. Ahmet bu pursatda şemalyň şu ýerdäki ähli çybyn-çirkeýem tozduryp äkidip, jeňňel kapasyna dykanyna ynandy. Ol seleňlige çykansoň, atyny aňyrlygyna gorgunyna sürüp, serginlige çolanyp gitdi. Ahmediň pikiriçe, oba çozan galtamanlar öz üstlerinden geçmeseler, hökman Guşgynyň töwereginden bir ýerden geçmelidiler.

Tagtabazar Guşgy aralygy alys aralyk bolup, ol täze hökümetiň heniz öz güýji bilen oňly gorap, ýapyp bilmeýän serhetleriniň biri bolmak bilen, ikitaraplaýyn gatnawyň doly kesilmedik ýerleriniň biridi.

Ahmet ýolugra golaý-goltumdaky öz bilýän çopan-çoluklarynyň goşuna darap, sorap-idese-de, barybir ol galtamanlardan belli bir uç tapmady. Galtamanlar barada oý köwlendirip: «Bular ýa-da başga bir ýerden urdurylyp geçjek bolýarmykalar? Gaçanlarynda ilerligine gaçan bolup, soň şol ýerden yzlaryna öwrüm edip, Bedeň obasynyň töwereginden bir ýerden derýadan geçip, Garabil baýyrlarynyň arasyna düşen bolmasyn!? Şeýden bolsalar olary kowgulary, hakykatdanam,

aldawa salandyrlar» diýip pikir etdi.Humlyň töwereginiňem bir serhediň gowşak ýerleriniň biridigini ýatlady.

Bir ýyla golaý bu ýerde gopan ahyrzamany, ganly çaknyşygy ýatlap, şondan bäri bu ýagdaýdan habarlylaryň bu ýere indi aňsat aýagynyň çekmeýänini, serhediň Garabil tarapynyň has howply serhede öwrülendigini ýatlady.

Bu ýerde 1920-nji ýylda ýurtdan gaçan owgan emiri Amanulla han bilen Sowetlere dokunyp gelen buluçlaryň bir bölegi ýaşaýardylar. Lenin olara şu ýerde wagtlaýyn gonalga beripdi. Amanulla han Moskwa gidip, onuň ýanynda gelen adamlaryna Ýolöten, Türkmengala töwereginde ýaşamaga ýer berlipdi.

Buluç hany Kerim Atabaýewiň diýenine gelip, birnäçe ýyl bolşewik adamsy bolup, töweregi Şkilter ýaly kommisarly ýaşan hem bolsa, ol barybir täze hökümetiň tutumyny, syýasatyny göwnüne jaý edip bilmändi. Bolşewigiň özüne häli-häzir degmesede, onuň uzagyna özüni bu elpe-şelpeliginde, han özi, soltan özi edip goýmajagyna gözüni ýetiripdi. 1931-nji ýylyň güýzünde ol «Essiň barka, etegiňi ýap» edip, Owgana – öz ýurduna göçermen bolupdy.

Haçan-da ol göçi bilen Humla golaý gelende, bu ýeriň serhet galasyndaky esgerler duýup, dumly-duşa howsalaly habar ataryp, özleri bolsa olary saklamaga synanyşyp, söweşe giripdiler. Kerim hanyň ýaragly adamlary Poskrebkonyň ýolbaşçylygyndaky on-on bäş adamdan ybarat bolan öz üstlerine gylyç syryp, hüjüm eden çaklaňja serhetçiler bölümini ýüzugra çapyp geçen hem bolsa, serhetçilere merkezden wagtynda ýetişen kömek güýçleri Kerim hana arkaýyn ýurduna dolanmaga maý bermändi. Taraplaryň arasynda gandöküşikli agyr söweş bolupdy. Kerim hana ähli zadyny taşlap, diňe ejesini atyň syrtyna alyp, serhetden aşmak başardypdy. Şol söweşe gatnaşyp, wepat bolanlardan Poskrebkonyň, Arnageldi baýyň, Nolowoýkodyr Kardaşyň buluçlar tarapyndan söweş meýdanynda, tike-tike edilip, öç bilen dogralan jesetleriniň galyndylaryny soňra toplap, halta salyp

getirip, Tagtabazar şäherçesiniň merkezindäki baglykda halky üýşürip, dabara bilen jaýlapdylar.

Şondan bäri gaýradaky serhet ýerleriniň has bek goral-ýanlygyndan Ahmediň habarly bolşy ýaly, täze hökümet bilen alagöz bolup, çöle çykanlaryňam köpüsi beletdi. Ahmet şol barşyna ýene bir salym galtamanlaryň nireden urup çykjagy barada pikir öwrensoň, ol ýene-de bir gezek olaryň Guşgudyr Tagtabazar aralygyndan başga ýerden geçmejegine ynandy.

Pendi baýyrlarynyň arasyna aralaşyp, has ýokary göterilip ugransoň, howa ýene-de mese-mälim serginledi. Gum syrat-mazlyga  çalyşýan ýaly säher şemaly gijäniň içinde düňreýlip ýatan baýyr depeleriniň sagrysyny ýuwaşja sypalap ösýärdi.

Ozalagşam asmanda peýda bolşup ugran ýadaw ýyldyzlaryň ýüzleri ýagtylyp, sany artyp, indi olar zenan nazaryny ýatladyp, ýeri otlukly höwes nazar bilen tolgunjyraşyp synlaýardylar.

Ahmet gijäniň içi bilen salgym bolup, tä daň saz berýänçä, at başyny çekmän ýöredi. «Diňe gözlense, olar şu golaýdan gözlenmeli» diýip, pikir eden ýerine ýetensoň, bir baýryň depesine göterilip, şol ýerde atdan düşdi. Atyň syrtyna bökdüren horjunyndan iki goşawuç arpa alyp, ony attorba salyp, atyň agzyna berensoň, özi-de ýanyna alan çöregidir gowurmasy bilen ýürekse edinmäge oturdy. Birazdan onuň gözüniň alnynda töwerek ýagtylyp, dünýä öňki kaddy-kamatyna gelip ugrady. Üsti seýrek çeti-çerkezli Pendi baýyrlary gijäniň içinden çykyp, ýene-de gündiziň töründäki öz orunlaryny eýeleşip ugradylar.

Asla göz öňünden gitmeýän Hanumanyň küýsegi ýene Ahmedi bu ýerde-de uzak oturtman birsalymdan ata çykardy. Bir ýerden bir del aýak yz, galan-gaçan goş-ýeneki gabat geler diýen tama bilen, ol indi atyny gyssaman, töweregi ünsli gözden geçirip sürdi.

Şol barmana-da ol iki baýyr depesiniň arasyndaky egrelip gidýän jülgäniň depesinde ýerden göterilen tozana meňzäp,



*14

çaňjaryp duranyny gördi. Onuň şol öz gözläp ýören adamlaryna degişli bolan çaň-tozanydygyny çen etdi. Öz ýanyndan: «Taňry işiňi ugruna etjek bolsa, bir yşarat berermiş, ýa bu şol yşaratmykan» diýip, ýoluny gözleýän toparynyň üstünden getirenligine ynandy.

Bu ýagdaý onuň düýrmekligi bilen ýene-de Hanumaly pikirlere berilmegine sebäp boldy. Hanumany ol öz ýanyndan özüniňki hasap edip ýörensoň, onuň oljalanmagyny hem ol öz namysyna degildigi hasap edipdi. Bu bolsa onda ar almak islegini, hut şol oljalany tapyp, onuň janyny jähenneme ibermek islegini döredipdi. Ol onuň bilen bir ýerde bolmasa, başga bir ýerde, ikiçäk duşup haklaşmak höwesi bilen burugsap ýanýardy.

Ol her gezek şu ikiçäk duşuşygy göz öňüne getirende onuň ýumruklary düwlüp, haýsydyr bir görülmedik wagşy haýwana öwrülip barýan ýaly ýüzi hyrsyzlanardy. Käte bolsa ol: «Hanumanyň indi gitdigi gitdigi bolarmykan?» diýip, umytsyzlanyp, lapykeç bolardy. «Gideniň habary özi bilen» diýleni has-da ony häzirki Hanumanyň niredeligi baradaky näbellilik örtäp köseýärdi. Başyna onuň bilen bagly bir-birinden mojuk pikirler gelýärdi.

Hanumany oljalanyň özi ýaly at üstünde möjek ýaşaýşyny edip ýöreniň biri bolup, onuň Hanumanyň gözelligini görüp, durup bilmän oňa höwes eden bolmagynyň, eýýäm ony bir çola aýlap, galtap alan bolmagynyň hem mümkindigi barada gabanyp-gaýnamak bilen oýlanýardy. Onuň Hanuma bilen nähili basa düşüp alanyny göz öňüne getirip, ol näbelli garşydaşy bilen ikiçäk duşuşyga gyssanyp, der-gazap bolýardy. Her gezegem ol şu pursatda pikirinde atyny ýüzin salyp, çapyp barýan nätanyş duşmanyň başyny gylyç syryp, boýnunyň çykan ýerinden çapyp düşürýärdi. Gaýybana ar alýardy.

* * *

Hojam hanyň ýola düşülmezden öň adamlary iýdirip-içirip, biraz taplandyraýyn diýeni, olaryň ýagdaýyna düşünenligi belli boldy. Birki ýerde ojak gazylyp, onuň üstüne, toparyň öz ýany bilen

göteren çaklaňrak gazanlarynyň iki sanysy atarylypdy. Oljalanyp getirilen mallaryň eti eýýäm derisinden çykarylyp, maýdalanyp ol gazanlaryň içine atylybam durdy. Ojaklaryň başynda Hojam hanyň başdaş aýalynyň ýobaşda durmagynda aýallaryň iki-üç sanysy elleri kepgirdir çemçeli, gazanlaryň töwereginde gowadaklaşyp nahar bişirýärdiler. Gazanlardan bygyrdap bişip duran etiň ýakymly ysy ýokarsyna göterilip, töwerekdäki sabry suw bolup oturan aç adamlary, ýuwdundyryp gulkundyrýardy. Adamlaryň açlygy barha ýiti duýmaklaryna sebäp bolýardy. Etiň tizara tenip, şor çorbasynyň boljagyna, göwün ýüwürtdirip, bagyr-öýken ýaly tizbişerräk ýerleriniň dagy eýýäm alyp iýibermeli, nan alyp, daşyna geçibermeli bolanlygyny pikir etdirýärdi.

Hojam han aşagyna düşelen owadan halynyň üstünde baýtallaryny özge atlardan gabanjanlyk bilen goraýan höwür at ýaly, gyňyrlyk bilen töweregine syn salyp otyrdy. Onuň üstünde oturan owadan halysy tozap ýatan topragyň üstüne, göýä asmandan gülli ýazyň bir bölegi inen ýaly owadan görnüp, Hojamy hem şol gülli ýazyň üstünde oturan ýaly  görkezýärdi. Onuň nazary birde baýryň depesinde gözegçilik üçin goýlan iki adamda saklansa, ýene birde Bäpbe dagyň aýratynrak üýşüşip oturan ýerleriniň depesini syryp geçip, aýallardyr çagalaryň bir-birleriniň geýim-gejimlerine çolaşan ýaly bolşup oturan ýerleriniň depesinde köwlenýärdi. Her gezek aýallaryň ýanynda oturan Hanuma gözüne ilen mahaly ol ony alada goýup oýlandyrýardy. Ony has-da Hanumanyň öz adamlarynyň öňünden sapança gezäp çykmagy oýlandyryp darykdyrýardy. «Sapançaly öý bolsa, ol öýüň şura ýa-da başlyk ýeneki bir ýarag göterýän wezipeli adamyň öýüdir, ol bolsa heleýini aldyransoň, dek oturmaz, ot açar, aryny alýança gidişer» diýip, onuň yzy bilen sorag salyp geljek güýçden eýmenýärdi. Şonuň üçinem ol özüni parahat görkezmäge çalyşýan-da bolsa aladalydy, pikirinde ýola gyssanýardy. Nahar iýilse, tizräk bu ýerden gitmäge howlugýardy. Diňe serhetden aşan haladynda bolşewigiň gazabyndan sypyp biljegine göwün

ýüwürdýärdi. Çagalaryny sag-aman serhetden aşyryp, musulman döwletine ýetmegiň ýeg boljagyna göwün çaglaýardy.

Nahardan soň haýal etmän ýola gidilýänligi belli bolansoň, atlaryň deri gaýdyşansoňam olaryň üstüniň eýerleri aýrylmady. Düşlenen ýerde, onuň golaý töwereginde-de guýynyň ýoklugy, suw zerurlygynyň bolsa barha artýanlygy topary ýola howlukdyrýan zatlaryň ýene-de birisidi. Özi-de wagt geçdigiçe adamlar arkaýynçylygyň düşegine ötüp, öz eden işleri barada pikir edip ugransoňlar, bu alada artmasa kemelmeýärdi.

Bäpbäniň gapdalynda naharyň bişerine garaşyp, tirsekläp ýatan gaýma gözli Girdiniň şol barmana bir hyýala münenligi belli bolup, onuň ýüzünde ýaňsa meňzeş gowuşgynsyzdan içýakgynç ýylgyrma peýda boldy. Bäpbäniň ýüzüni asmana öwrüp, günden goramak üçin ony elýaglygy bilen ýapyp, pikir atlylaryny aldygyna gorduryp ýatanyny görüp, Girdiniň garagolluk höwesiniň artanlygy belli boldy. Ol degsinip, ýerden alan sypal çöpjagazynyň birýanyny onuň gulagyna degirdi. Bäpbe gulagyna siňek-ýeneki gonandyr öýdüp, eli bilen gulagyny sypalap goýberdi. Soňam ýeňsesine öwrülip, pinegini ýene dowam etdirermen boldy. Ýöne onuň çetine degesi gelen Girdi gyjalatly gepläp, ony gaýtadan pineklemäge goýmady. Ol Bäpbä:

–Haý, zaluwat, gowy mal-a oljalapsyň – diýip, Hanumany ýene bir gezek synlap, öz diýýän gepine göz ýetireýin diýýän deý aýallaryň oturan tarapyna hyrydarlyk bilen gözüni aýlap gepledi.

–Hä, näme gözüň gidäýdimi, zaluwat? – diýip, Bäpbe başyny göterip, soňundanam iki aýagyny gujaklap, olaryň birine eňegini dirärli bolup oturdy.

–Eýsem, gözüň gitmez ýaly zatmy ol, hälem hanyň heleýi başyna bir zat atypdyr, ýogsam dagy köpüň hyllygyny akdyrjak onyň. Taňram ýasanyny ýasaýar-aý...

–Eri, ýeri, göwnüňi bölüp, şeýtanyň yňyna berlip oturma! – diýip, Bäpbe oňa Hanumanyň degresinde gaýybana-da bolsa şir-peleňiniň barlygyny nygtap dillendi. Hanumanyň höwesine berlip,

onuň tarypyna goşulanyny soňundan onuň özi hem duýmanam galdy.

–Gujagyňa alanyňda hem bir desse gül gujaklan ýaly, how – diýip, ol at üstünde başdan geçiren ýakymly duýgusyny ýene bir gezek höwes bilen ýatlady.

–Bagty çüwüp, eli gelen şuramy-da, kolhoz başlygynyň heleýi bolsa gerek. Malyň saýlanyp alnyşyna bir syn kyl!

–Dul ýeneki borly. Ol öýden çykansoň dagy hossarly bolsa, adam töwereginde görünäýmeli ýaly bolsa-da, başga-ha hiç kim göze ilmedi.

–Häzir oba-ha ot-ýelekdir. Olar muny saňa şeýle berip goýbermeseler gerek, Bäpbe han! Hökümet eşitse, serhediňem mümkin bolan ýerini ýapar dessine. Serhedi söweş bilen böwsüp geçmeli bolaýsak gerek? Ýöne bolmasa ýene bir salym oba adamlary gözläp tapman: «Galtamanlar Owgana aşandyr» diýip, pikir eder ýaly, Ýeroýulana tarap çekilinse-de kem bolmazdy!

–Eroýulandan ýaňy gaýtmadyňmy? – diýip, Bäpbe Girdiň meýlini unamdy. Soňam biraz dymyp, hamala öz pikirini Girdä has anyk düşündirýän ýaly: –Görýäň-ä azyk-suwlugam gutaryp barýar. Bu itgyran çölüňde hany altyn-kümşüňe-de berilýän zat barmy? Ýogsam Hojam han, ähli mal-halyny satyp, ondan ýüküni tutupdyr. Iki atyň dagy syrtyna altyn-kümüşli horjun bökdüripdir ol.

Girdi oýurganyp:

–Gumda birneme maly bardam-da zaluwadyň! – diýip, bu gezek Bäpe bilen pikirdeş gopdy. Şeýdibem ara dymyşlyk düşüp, henek-degişmeli gürrüňler biraz aladaly pikirlere öwrülene meňzedi. Emma ol gutarman eken. Biraz dymyşlykdan soň Girdi ýene-de Hanumaly gürrüňe gaýtadan dolanyp geldi. Gözlerini jeljelledip, hezillik tapana meňzäp, töweregini ýesersi synlansoň, ýene-de oýunlyga salyp, Bäpbä degip ugrady:

–Bäpbe, dogrymy aýtsam, ol gelni saňa-ha rowa göremok. Sen ýaly keleçewiň şeýdip, bagtam getiräýýär. Ýogsam ol meniň

dagy öňümden çykaýmaly dälmi!? Bir göwnüm seni bir oka tabşyryp, ony elinden alaýsam-da diýip dur!

–Eý, adam oljalamaly däl diýilmedimi nä ilki başda?

Bularyň Hanumaly gepeniň täzeden tutaşyp barýanyny halaman, gapdalda horjunyny ýassyk edinip, tirsekläp ýatan uly gözli Agamyrat ara goşuldy. Emma Agamyradyň Hanumaly gürrüňiň kem-kemden şere öwrülip barýanyny duýup, ýagdaýyň öňüni taryp aýdan gepi, onuň niýet eden köşeşdiriji tagallasy bolup bilmedi. Gaýta oňa ol gepiň ýaňyrak tutaşyp ugran oduň üstüne bir gysym saman-sepir atylmagy boldy. Girdiniň özüne göwnüýetijilik bilen aýdan teýeneli gepi tizgahar Bäpbäniň çetine degdi. Bäpbäniň öjügenligi mälim boldy. Onuň adaty ýylgyranda görünýän sargylt dişleriniň ýerini ýarmak isleýän ýaly hyrsyz syrtaryp duran dişler çalşyp eýeledi. Ol Bäpbäniň süýkenmesine goturyny gaşaýan düýeler ýaly süýkenme bilen jogap berdi.

–Ýöne, Girdi han, Bäpbä ýarag çekmäge seň ýalyň gaýraty çatmaz. Onuň üçin baý syrt gerekdir-ä, ol bolsa sende ýok. Sen ýaraga ýetip ýetmänkäň, Bäpbe seň eneňi göni dula bakdyraýar.

Bäpbiniň barha gazaby artyp, ýüzüniň gany gaçyp ugrady. Onýança bu ýagdaýy hasaba almadyk Girdi gepiň has çylkasyzyny tapyp, onuň hasam degnasyna degdi.

–Ýa ol heleýi alaňyň arkasyna aýlap, oglanlara nobata goýaýjakmy? Şeýtseňem-ä...

Çenden-çakdan çykyp barýan gürrüňi mundan artyk diňläp bilmejegine gözi ýeten Bäpbe turjak ýaly etdi-de, bir towsananda howada galgan ýaly bolup, Girdiniň alkymynda peýda boldy. Bada-badam nagdynlap, onuň dulugyna çekdi. Girdiniň başyndaky telpegi, tozup honda düşdi.

Bäpbe gazabyna bäs gelip bilmän saňňyldap haşylady.

–Kimi nobata goýmalydygyny men görkezerin seniň gözüňe! Sen obaňda ejeň-bajyny şeýdip nobata goýup ýören bolmaly. Ýogsam munuň ýaly gepi tapmazdyň sen eşek!

Dulugyna şarpyk degende, ýüzüne ot çabrap giden ýaly bolan Girdi gahar ugruna töweregini sermenekläp, gapdalynda ýatan tüpeňine el ýetirdi.

Gopdy bir topalaň iki sany özüne göwni ýetip ýören adam arasynda. Olaryň gahar-gazabynyň howsalasy, zöwwe-zöwwe ýerlerinden göterip, golaýda oturanlara hem ýetişdi. Bir bolmasy iş bolup, onuň kesdiniň bir gapdaly özlerine-de ýeter öýdüşip, adamlar olaryň golaýyndan ýeňse-ýeňse tesişip howatyrlandylar. Ýöne jyn ýaly çalasyn zaňňar Bäpbe-de towlanyp, okuň öňünden özüni gapdala zyňan ýaly edip, aşyrym atdy-da, tüpeňiň nilini bir eli bilen özünden sowup, beýleki eli bilen Girdiniň gulagynyň düýbüne ýumruk suňşurdy. Tüpeň pöwhüldäp atyldy, onuň oky Bäpbäniň gapdalyndan geçip, düşen ýerini tozadyp, topraga siňdi.

Urgynyň badyna Girdi entirekläp yza çekildi. Ýaragy elinden gaçdy. Şundan soň Girdi köşeşip, mugyra geläýjek ýaly hem bolsa, ol çen edileni bolmady. Gazaba dolup, aýaklanmadyk köşek ýaly aýak üstünde entirekläp durşuna ýene-de Bäpbaniň merkini bermek üçin, ýerde ýatan tüpeňini sermenekläp alyp, ony täzeden tutdy. Onýança rejäniň geň däldigini görüp, golaýda duran bir ýigit ylgap baryp:

–Girdi kaka, beýtme!? – diýip, onuň elindäki tüpeňiniň nilini ýetişip, gapdala sowdy.

Atylan ok toparyň çetinden duran garaýagyz ýigidiň golundan degip, aşyklynyň süňküni owradyp geçdi. Ýigit «owf» diýip, ýaralanan ýerini tutup, öçli sögünip, aşak oturdy.

–Haý, dawaňyz bilen siziň bajyňyzy ýaplaýdygym. Eliň-ä işini gördüňiz! – diýip, armanly käýindi.

Girdi bary bir munuň bilenem köşeşmedi. Ol elinden urlup, ýaragy gaçyrylsa-da, badyna baryp, bilindäki pyçagyny Bäpbeden saldy. Bäpbe ýene-de çalasynlyk bilen pyçagyň öňünden ýeňsä çekilmäge ýetişdi. Pyçak onuň sähelçe buduna kaklyşyp, balagyny parran ýyrtyp geçdi. Topalaň turup, ok atylyp, ahyrzaman gopanyny

görüp, aňyrdan ylgaşlap gelýän  Hojam han gele-gelmäge haýbat atyp, olara käýindi:

–Eý, siz itler, ölüşjek bolsaňyz, şundan başga ýer tapmadyňyzmy? Baryň ajalyňyza howlugýan bolsaňyz, hol alandan aşyň-da, ölüşiň hezil edip, häzire çenli öldürenleriňizi az görýän bolsaňyz. Meniň ýanymda boljak bolsaňyz, meniň diýenim bilen bolmaly bolarsyňyz. Ýogsam biz serhetden aman-ýesen aşyp bilmeris. Heleýini oljalap, bir ili özüňize garşy goýanyňyzy az gördüňizmi? Bir kemim indi şu orta ýolda özara ölüşmekdidä!?

Soň ol jandurmazlyk edip arkan düşüp, tirsekläp ýarasyny dandyryp ýatan Bäpbäniň ýanyna gelip, onuň alan ýarasy bilen gyzyklandy.

–Gaty dilipmi!

–Gyltyz.

–Girdem bir däli-däreý! Baryň ony äkidip, güýlüp taşlaň atlaryň duran ýerräginde, soň ony nätjegimi özüm bilerin – Hanyň buýrugyny eşidip, iki ýigit Girdiniň golundan tutup, idenekledip, ony pesde atlaryň duran ýerine tarap alyp gitdiler.

Bu ýagdaýy göwnüne jaý edip bilmän duran Hojam han ýene-de käýindi:

–Bularymy? Bularyň ikisini öldürseňem azdyr. – Soňam ol gazan töwereginde gowadaklaşyp ýörenlere talap bildirip, gazap bildirip käýindi:–Ne bela boldy, bişmedi-le ol naharyňyz. Malyňyz garry, lagar bir zatmydy ýa-da? Çekiň naharyňyzy tizräk, haýyr, biraz eti çigrägem bolsa. Zor etse, biraz garny agyrdar, yzyndan bolmasa Juma neşäň Tejen çaýyndan bir käse içäýmeli bor – diýip, duran ýerinden buýruk berdi.

Hojam han bularyň özlerini alyp baryşlaryndan çen alyp, adamlaryň umumy ýagdaýyny özi üçin anyklady: «Hä, warsaka, dawa-jeňe elleri ýetýän bolsa, bular gaty ýadamandyrlar onda... Ýadaw bolsalar ýatardylar süýnüp düşen-düşen ýerlerinde.

Naharlansynlar bakaly, ýene biraz taplanarlar, onsoň bulary ýola tutmaly, ýola. Ýol hakyndan çykýandyr bularyň! Ýogsam sähel dynjyrak bolsalar, päli azyp ugraberýär bularyň birnäçesiniň. Ine, soňam şeýle-dä bu pälazgynçylygyň – diýip, Girdi bilen Bäpbäni göz öňüne tutup pikir ýöretdi. Onuň pikiriçe, göç indi Owgan ýerlerine hem golaýlaşyp barýan bolmalydy. Serhet bir günlük, gaty gitse, indi bir ýarym günlük ýoldan uzak bolmaly däldi. Ol bu öwrä juda belet bolmasa-da, Hojaguly hana atly bolup ýörkä, şu töwerekdenem birki gezek geçilenini bilýärdi.

Adamlary naharlaň diýip gyssan hem bolsa, hanyň özi toparyň arasyna dolanyp barmaga howlukmady. Ol Bäpbe bilen häzirki gazaby gaýdyşmadyk haladynda, ýene-de sene-menä ýeterin diýip pikir etdimi nämemi, duran ýerinden öwrüldi-de, gazabyna basalyk bererli bolup, ýapy ýokarlygyna, ol ýerde ýörite goýlan iki gözegçiniň baýyr başynda, iki düýp ýanan hyşa ýaly bolşup, garalyşyp oturan ýerlerine tarap, agyr ädimläp, howlukman ýapyýokarlygyna tutduryp ýöräp gitdi. Ýol boýy-da gijigen öküňç bilen özüne igendi. «Şu Bäpbäni näme üçin ýanyňa aldyň diýsene, keşgä, sen ony tanamaýan bolsaň. Munuňam ýeser ýaly ýene-de gabat gelip durşuny diýsene. Çölde ýeke özi synsyrap ýörmesin diýip, nebsim agyryp: «Ýör senem meniň bilen» diýäýdim-dä. Olam mürehede ýakyn eken. Meniň bilen gidermen boldy. Aý, onsaňam indi Sowetiňem barha janlanýan mahalynda çöl içinde gezerlik galdymy? Ugran ugruňda alnyňdan çykyp duran şolar bol-da indi...”

Hojam han öý kowsarladyp, aýgytlydan agyr-agyr ädimläp, baýyr üstüne çykdy. Bu ýerde ol özüni görüp, öňünden çykan gözegçiler bilen, durup gysgaça hal-ýagdaý soraşansoň, olaryňam gapdalyndan geçdi-de, depäniň kert baglap, tümmek tutup oturan tarapyna ötdi. Soňam şol ýerde bir salym töweregini garanjaklap, dünýä synçysy bolup gazabyndan düşüşip durdy.

Gün çoguna eýlenen ýezgendir ýylgyn, ýeneki saman bolan çöpleri süňňine siňdiren guraksy güýz şemaly çöl üstüni ýelpäp

ösüp durdy. Töwerekde geçen gijäniň boldan getiren ümsümlik rahatlygyna çümen dünýä henizem töweregiň baýyr-depeleriniň goýnuna çolaşyp, çyrmaşan ýaly bolup ýatyrdy.

Asmanyň mawy gümmeziniň astyndan pytraňňy ak bulutlar süri bolup sürlenişip ýördüler. Lagambir töweregi eýelän Pendi baýyrlary häzir agyn bir örküçli, iki örküçli, ýer bagyrtlap çöküp oturan düýe toplumyna öwrülipdirler. Depedäki ak bulutlaryň bir toplumynyň öwrüm berip, baýyrlaryň depesinden inip gelýänini gören mahalyň, ýene bir salymdan bu düýeler şol ak bulutlardan ýüküni tutup, kerwen gurup göterilip giderli göründiler.

Ýüküňi tutaňsoň, eýsem bu jelegaýda eglenip näme? Nahar iýlip, biraz dem-dynç alnanyna mähetdel Hojam hanyň topary «Ýolagçy ýolda ýagşy edip”, ýola düşermen boldy. Ilerik–batar mekanyna ot çabran deý gyzaryp barýan Günüň ýüzi häzir ýüzüne ýalyn urduryp, tegelenip tamdyrdan çykyp gelýän nana örän meňzäpdi.

Hojam han atlanyp, inisi bilen ýene-de öňden ýöremeli toparyň öňüne düşdi. Adamlaram bellenen tertipde sozanguýruk bolup, onuň yzyna düşdüler.

Ikinji topar ýükli düýelerden, çaga-çugalardan, aýal-gyzlardan ybarat bolup, ol göçüň has uly bölegidi. Esasanam, onda garrylardyr çagalar, aýallaryň bir bölegi düýedir eşekleriň üstünde orun tapanam bolsalar, derçigişip, köp halatda arkalaryna bir bölek ýük alşyp, ýükli ulaglaryň gapdaly bilen sürrenekleşip gelýänlerem az däldi. Ýene ýüklerdir çagalara-da göz-gulak bolýanlaram esasan şolardylar. Bu goşuň öňüni gerimli ätläp gelýän ateşege atlanan Hojamyň baýry aýaly Sadap çekip gelýärdi. Ol öňüne bäbeklikden ýaňy saýlanyp gelýän agtygyny, yzyna günüsiniň dört-bäş ýaşly oglanjygyny gonduryp barýardy.

Göçüň yzyny üçünji topar jemläp gelýärdi. Bu hili ýöriş tertibi ähtibarly goranyş hökmünde, gerek bolanda, aýallardyr çagalaryň ýagydan daşyny dolamak üçin saýlanylyp alnypdy.

Hanuma arkasy ýükli, gaz ýaly oýmudyklap ýöreýän hanyň ikinji ýaş aýaly bilen Sadabyň eşeginiň yz ýanyndan derçigişip ýöreşip gelýärdi. Asmana ýeňiljek tozan göterilipdi. Wagtal-wagtal hümürdiler, gysga-gysga çaga agylary eşidilýärdi. Agy sesi eşidildigi erkekleň «Gap sesini» diýip, gazaplanmagyndan çekinilip, bada-bat olaryň agzyna emmesi tutdurylýardy. Yzky göçi jemläp gelýän toparyň ýaryndan gowragy Bäpbäniň öz adamlarydy. Onuň adamlaryndan bir Girdi ýokdy. Olaryň duşmançylygy täzeden örç alar gorkusy bilen han ony indi öz toparyna alypdy.

Bäpbe at üstünde oturan ýerinden töweregini garanjaklan bolup, ünsden düşürmän ortaky Hanumaly topary ýeňsesinden synlap gelýärdi.

Garaňky gatlyşyp, gözýetim daralansoň, Owgan diýip barýan topar gijäniň aralykda peýda bolan gara tutusynyň aňyrsyna geçen ýaly bolup, çal-çul salgyma öwrülip, gözden ýitdi.

* * *

Uzakly gün Pendi çölünde gözleg salyp gezen Ahmet şol gezip ýörşüne gijöýlänler bir baýyr jülgesinde üsti biraz çaň-toz bilen gömlüp ugran adamdyr düýe gumalaklarynyň, eşek-at tezekleriniň üstünden bardy.  Yzlary yzarlap ugransoň, olar Ahmedi iki-üç ýerde ýakylan ot galyndylarynyň üstünden eltdi. Ol töwerekde at toýnaklarynyň yzlarynyň köplüginden çen tutup, bu ýerde ýaragly adamlaryň hem ýetikdigine göz ýetirdi. Yzlar ýapylaryň ýüzi bilen, jülgeleriň içi bilen uzalyp, Owgan serhedine tarap  gidýärdiler. Öňüni gije gümürtikligini alan Bathyz şemaly hyzylap, has batlanýan ýaly bolup, ösüp ugrapdy, şeýle-de bolsa, ol entek çölde şu günki ähli yz-ýollary ýitirip-ýygşyrmaga ýetişmändi. Galyberse-de, ol yzlar köne-de däldiler.

Ahmet gören yzlarynyň, gonuş-göçüş ýagdaýyndan çen alyp, bularyň şol öz gözleýän garakçylar toparynyň yzlary bolmagynyň

mümkindigine ynanasy, olary ýetip tapasy geldi. Atyny debsiläp, olaryň yzyndan howlukdy. Indi onuň niýeti göçüň gapdalyndan oýtarlap aýlanyp, baryp, ilki ol ýerde Hanumanyň bar-ýoguny anyklamak, soňundanam ol bar bolsa ýagdaýa görä hereket etmekdi. Ol şondan soň telim gol aşyp, uzak gitmeli bolmady. Gara görnümde adam toplumyny gören wagty onuň tamasy hasam artdy. Ol topara golaýlap, atyny bir buky ýerde galdyransoň, göçüň gapdalyndan oýtarlap, seresaplyk bilen görünmän, aňyrlygyna geçdi-de, bäşatarynyň bilinden gysymlap, ýapyýokary ýerden düwdenekläp, aşaklygyna indi. Olar gapdaldan geçen mahaly golaýdan ymykly synlara amatly ýer gözledi. Tapybam, galtamanlaryň geçjek ýeriniň ugrunda duşan kürenleriň birini göwnüne jaýlap, şoňa sümlüp, onda özüni gizledi. Bu ýer gelýänleri ep-ýesli aradan synlamak üçin amatlydy. Ol biraz şol ýerde, özüne golaýlap gelýän göçi synlap oturyşyna, serhediňem indi şu töwerekden uzakda bolmaly däldigini, tizden şol ýerde iki döwlet tarapyndan goýlan daş bellik bolup, şol araçäk daşyna hem duşup boljakdygyny hem oý etdi. Bu ýer ilersine Guşgy, gaýrasyna Tagtabazar baýyrlaryny gonduryp oturan aralyk, deň-daşlykdaky ýerleriň biridi.

Ahmet ýarpy göwresini kürene sokup, gije çapawulçylygyna niýetlenen möjege meňzäp ýatyşyna olaryň heniz serhetden geçmäge ýetişmändigini anyklap begendi. Göç esasan üç bölek bolup gelýärdi. Onuň öňi bolup ýigrimä golaý atly-ýaragly, gerek bolanda bada-bat duşman üstüne at goýmaga gabyl topar gelýärdi. Ahmet gapdalyndan geçip ugran toparlary synlap, Hanumany ikinji çaga-çugalar bilen garyşyk bölekden tapdy. Dogrusy, ony-da birbada başy çabytly bolansoň, tanap bilmedi. Başyna bürelen könelişen çabyt ony töwerekdäki orta ýaşan aýallaryň birine öwrüpdi. Arkasy bir daňy ýükli-de bolsa, onuň ýöreýşi o diýen üýtgemändir. Şol barmana bile sürrenekleşip barýan aýallaryň biri oňa bir zat diýip ýüzlendi. Hanuma ol aýala tarap sähelçe öwrülen

mahaly onuň tanyş ýüzüniň bir bölegi ümürden jyklan Aý bölegi ýaly bolup, sähelçe görnüp gitdi. Bu ýumak ujunyň tapylmagy boldy. Hanuma şu ýerde. Ahmet azabynyň ýerine düşenine begendi. Ýürek bolsa ony görüp, her gezek duşanlarynda bolşy ýaly, ýene öz-özünden höwes tapyp, gürsüldäp bitakat urup ugrady.

Ahmet biygtýar Hanuma bilen dünýäni unudyp, bagtyýar bolan pursatlary ýatlanyny hem duýman galdy. Şonda ol özüni az wagtlygam bolsa, onuň zowky-sapasyna berlip, boýnuna gol salyp direnip duran ýaly, ýakymly bir duýgyny başdan geçirdi. Bu duşuşyk ony tamalandyryp, göwnüni galkyndyrdy. Ol barybir tä, Hanumany bulardan halas edýänçe ynjalyp bilmez, onuň ýüregide parahat urmaz. Aşyk ýürek magşugyna gowuşýança haçan karar tapanmyşyn!? Şu pursatda daş-töwerekdäki zatlaram onuň gözüne birhili gelşikli hem-de syrdaş göründiler. Göwnüne bolsa şundan soň oňa ähli zat öz isleýşi ýaly öwrüm alyp gidibererli göründi.

Şol barmana-da toparyň sesýetimliginden biriniň aňyrdan at çapdyryp gelşine gygyryp gelýän howsalaly sesi eşidildi:

– Yzymyzdan kowgy gelýändirle-how, han aga, ahmallygy elden beräýmäliň, how!

Toparyň öňi bolup barýan Hojam han bu sesi eşidip, at başyny çekip, ýeňsä, adamlara tarap öwrüldi. Gelýäniň anyk habaryny alyp-almanam, gyrgy gören ene towugyň çagalaryny goraglap, oda-köze düşüşi ýaly, ortaky toparyň töwereginde aýlanyp, adamlara pert-pert buýruklar berişdirip ugrady.

Aýal-gyzlara ok-ýenekiden çekeräk – aşak etekdäki jülgä çekilmegi buýurdy. Garrylar, çagalardyr aýallar bu habary eşidişip, gorkuşyp: «Alla jan, özüň sowawer!» diýşip, Taňra ýalbaryşyp, jülgä çekilmäge howlukdylar.

Yzdaky toparyň öňi bolup, at segredip gelýän Bäpbe aňyrdan gelýäniň habaryny eşidip, bada-bat ýeňsäni goraglap, adamlaryny halkalaýyn goranyşa geçirdi. Soňam ol deslapky

edilmeli hereketleri bişirmek üçin, at çapdyryp, Hojam hanyň ähli ýagdaýyň depesinden seredip, beýemçilik edip duran ýerine geldi.

Onýança aňyrdan gelýän çapar hem gelip ýetdi. Ol garaýagyzdan burunlak, ýaňy sakgal-murt goýberip ugran daýanykly bir ýigitdi. Han bada-bat ondan anyk habar sorady:

–Kowgy yzymyzdanmy?

–Hawa.

–Ýakyndan görüp bildiňmi?

–Gördüm.

–San hasaby näçeräk öýdýäň?

–Biziň sanymyzdan-a az däldir. Kowçum-kowçum bolşup gelýärler. Oruslardyr-da, aralarynda papaklylary-da bar.

–Pilmudy ýok bolagaýdyr. Pilmudy ýok bolsa, biz aňsat olara per bermeris.

–Yzlaryndan gelmeýän bolsa, meniň synlan toplumlarymdaha pilmut görmedim.

–Gaça uruşmaly bolarys.

–Meniň çakym çen bolsa, biz indi Owgan serhedine hem golaýlap ýören bolmaly.

–Menem-ä şol pikirde.

–Serhetden bir aşyp bilsek, bolşewigiň eli uzynam bolsa, onsoň ol bizi aňsat tutup bilmez. Ýolbeledi sal öňe, çaga-çugalara, goý, ýol görkezsin! Bizem hany gelibersinler, bakaly, başa gelenini görüberdik.

Bäpbe şu gürrüňden soň atyny debsiläp, özüne garaşýan adamlar bilen kowgyny garşylamak üçin howlukmaç ýene-de yzyna dolandy.

Ahmet göç duşundan geçip, biraz ara açansoň, oturan ýerinden töweregini garanjaklap, çemini aldy-da, çeýelik bilen gopup, görünmezlik

üçin dessine oturan depesiniň üstünden aňrylygyna ýeňsä aşdy. Tizräk atyna ýetmek üçin, ýapydan aşaklygyna bukdaklap

ylgap gitdi. Kowgy ýetip gelýän bolsa, ahmal galyp, üsti aldyrmazlygyň göçe gerek bolşy ýaly, ol Ahmede-de gerekdi. Gün ýaňyja bu günki geçmeli ýoluny geçip, gözýetimiň arkasyna aýlanypdy. Onuň batan ýerinde bir kölçe ýer tapawutlanyp, ýaban towugyň endamy ýaly ýalpyldap, äpet bir guşuň gerlen owadan ganatlaryny ýatladyp durdy. Uzakly gün asmanda agaýana gezen seýrek ak bulutlaram indi ýüzlerine goýry kölege düşürişip, gara buluda öwrülmek bilendiler.

Günbatar tarapdaky Pendi baýyrlarynyň Guşgy demir ýoluna tarap egrelýän ýeri, uzakdan çowlanyp, ýan taşlap ýatan äpet bir ýylanyň hyýrsyz kellesini ýatladýardy.

Ahmet atyna ýetiberende ýeňsedäki kertiň üstünde ilki bir, soňra ýene iki atly göründi. Bularyň başynda türkmenleriňki ýaly göreňden eýesini tanadýan seleň telpekleri ýokdy. Birsydyrgyn meňzeş geýimler olaryň serhetçilerdigini görkezýärdi.

Ahmet garakçylaryň yzyndan esasanam serhetçilerden ybarat kowgynyň çöl söküp yzarlap gelýänini, olaryň arasynda özüni tanaýjak adamlaryň hem bar bolmagynyň mümkinligini serhetçileriň nazaryna ilen bolsa, olaryň özüni hem garakçylaryň biri hasap eden bolmaklarynyň mümkinligini oýlady. Eýsem, bu ýerlerde, onda-da häzirki pursatda başga kim bolup biljekdi?! Atlylar kertiň depesinde ýene biraz bir-birleri bilen gepleşip, hümürdeşip duransoňlar, olaryň sesleri ýitip, yzlaryna öwrülişip gidendikleri belli boldy.

Kertiň dik aşak eteginde atynyň jylawuny ebşitläp tutup, görünmän oturan Ahmet at aýaklarynyň sesini diňirgenip, olaryň amatly ýerden öz oturan jülgesine inmekçi bolýandyklaryna göz ýetirdi. Mundan soň ol bu ýerde gizlenip oturmagyň howpludygyna, özüniň aşak inen serhetçileriň gözüne dessine iljekdigine düşündi. Ol atyna atlandy-da, ýeriň pesi bilen ikilenç göze ilmezlik üçin gaçmakçy boldy. Ýöne ol ýaňy atyny debsiläp ýola salanam şoldy welin, ýaňky öwrüme giden serhetçileriň eýýäm inişden inişip, at dabradyşyp, öz üstüne tarap gelýändiklerini gördi. Gamçy çalnan

at ony seýrek, gyrymsy çöl ösümlikleriniň arasy bilen agramy ýok ýaly edip, ýüzin salyp alyp gitdi. Ahmet atynyň aýagy öňde gabat gelen alaka hini-ýenä gidip, gaňrylyp döwülmese, bu atlylara ýetdirmejegini bilýärdi.

Kowgular biraz kowansoňlar, ýetip bilmejeklerine göz ýetirişip, onuň yzynda at üstünde oturan ýerlerinden «tark-da-turk» bolşup, ok atyşyp ugradylar. Birki sany ok şuwlap, gapdalyndan geçen mahaly, Ahmet kowgulara gaýtawul bermese, olaryň atýan oklarynyň biri bolmasa, ýene biriniň ýa atyny, ýa özüni alyp ýatjagyna düşündi. Ol şol barşyna tüpeňini amadyna aldy-da, ýarym göwre yzyna gaňrylyp, kowgularyň öňden gelýäniniň atyny atdy. At eýmenç bir haýkyransoň, aýaklary aýaklaryna çolaşan ýaly bolup, süsdürilip öňe ýykyldy. Onuň üstünde oturan janhowluna «Ah, twoýu mat...» diýip sögünip, atylyp honda düşdi. Kowgy galdy, Ahmet bir yzyna öwrülip sereden mahaly beýleki iki atlynyň hem atdan düşüp, şol ýykylanyň töwereginde köwejekleşip durandyklaryny gördi.

Ahmet özi üçin tarapsyz, iki oduň arasyndaky hatarly oýnuň başlananlygyna, haýsy kenara barsa-da, aňsat özüniň kabul edilmejegine, «Töwekgeliň işini Taňry oňar» etmese, başga ýolunyň ýoklugyna, ýöne bu ýerden welin, haýal etmän gaçmalydygyna düşündi.

Ol atynyň başyny Owgan serhedine tarap öwürdi-de, ýagydan ara açmak üçin gyssanyp gaçdy.

* * *

Habar-howsalasy öňünden gelse-de, gelmeli kowgynyň özleri welin wagty bilen gara berip görnübermediler. Bir habar galkaýjagam ýaly bolsa-da, ne-de golaýlap gelýän at aýaklarynyň dükürdisi, ne-de salgym-sudury göründi.

Bäpbäniň soňabaka garaşmakdan irip, kowgynyň gelýänligine ynamsyzlyk edip, yrsarasy gelip, ejinnesiniň atlanyp ugranlygy belli boldy. Ol beýleräkde atyny jylawlap, birki adam bilen

gürleşip duran, habar getiren çapar ýigide tarap öwrülip nägile dillendi.

–Ini beg, seniň ol kowgy diýeniň görnübermedi-le?

–Görünmelidirler özün-ä, gelýärdiler hümer-hümer bolşup...

–Ene ol atlylary sen agşam ýataňda düýşüňde, zatda gören bolaýma?

–Anyk gördüm, batyr. Şu gözlerim bilen gördüm – diýip, ýigit gözlerini görkezip, gepini nygtady.

–Onda bir ýerden gara berip, ugraberjegem ýaly welin olar.

Çapar ýigit alasarmyk ýagdaýa düşüp, biraz aljyrajak ýaly etdi. Soňam:

–Bolmasa gidip, ýene habar alyp geläýerin – diýip, atyna atlanyp, gyjalata çeti gyzýanyny mälim edip, barlaga täzeden gidermen boldy. Ony Hojam hanyň aýgytly sözi saklady.

–Gören bolsaň bolupdyr, gaýtadan gitmegiň geregi ýok.

–Ýok. Men olary buky ýerden golaýdanam synlap gördüm, soňam ýuwaşlyk bilen yza çekilibem bärik howlukdym –diýip, ýigit ýene ynam bilen öz gepini nygtady.

–Uzaga atýan ýaraglaram barmydy olaryň? –diýip, Bäpbe ýene-de gyzyklandy.

Çen-çaka berlip duran Hojam han:

–Ýa-ha olaryň ýoly aýra düşendir, ýa-da gije wagtlaýyn olaryň ýoluny kesendir – diýdi. Bir pursat dymansoň bolsa: – Ol gelýänleriň ählisi serhetçiler bolmaklary mümkin. Olar ýer-ýurda näbelet bolansoňlar, aňsat juda zerurlyk bolmasa, gije ýol ýöreýän däldirler. Garaňka yzlaryndan ýetdirip, üstlerini aldyran ýerlerinde, «Gijäniň haýryndan gündiziň şeri» edip gonuberýändirler. Gije ýol ýöremek olaram ýaga depjek ýaly ýaýdandyrýan bolmaly.

–Telpekli, donlularam-a bardy olaryň – diýip, çapar ýigit ýene ýatlap dillendi.

–Onda mesele başgaça. Ýanlarynda, soňky döwürde Sowetleriň serhetçilere ýardamçy hökmünde ýerli milletiň wekillerinden döredýän «Gyzyl taýaklylary» hem bar bolsa,



*15

onda olar gijeden çekinmel-ä däldirler. Olaryň içinde ýol-ýer ýagdaýlaryny bilýänleri ýetikdir...

–Şeýle bolubam gelmeýän bolsalar, onda ýollary aýry düşen bolmaly. Ýogsam gara berere wagt bold-a bireýýäm...

–Bular ýer asty bilen bir iş etmegiň kül-külüne düşen bolara çemli?

–Ahyrsoňy bir ýerden çykmaly bolarlar-a.

–Çykyb-a çykarlar, ýöne ahmallygyňyzy alaýmasalar ýagşydyr diýip çekinýän.

Bäpbe gysgaça gepläp, bir salym hamala bir aýtmasyz gepiň agzyndan çykmagyny islemeýän deý murtunyň üste abanyp duran agzyny bir ýere üýşüren deý pugta ýumdy. Diňe ara biraz dymyşlyk düşensoň, ýene-de ol öňki pikirinden yzyna dönene, şol bir wagtda bolsa han bilen ýürekden gopmaga çalyşdy.

–Bir çyksalar bolýar! Ýene olaryň birnäçesi atlanyp gelip ýüklenip gitmeli bolarlar. Çekinme, Hojam kaka! – Bäpbe şeýle göwündeş gürrüňde, köplenç, oňa ýüzlenende ýakynsyrap, kaka sözünem onuň adynyň yzyna goşardy.

–Wah, men çekinip, öz gaýgymy edemok-la, şu aýal, oglan-uşagy gyrgyna berermikäm – diýip gorkýan, arman asgynjagym barda şulara...

–Ähli zadyň bir alajy bolar, han!

Bäpbe bu gezek ony biraz darygýan ýaly görüp, oňa handygyny ýatladyp, göwünlik berijilikli gürledi.

Hojam han onuň gapdalynda Gün batar pursadyny ýene biraz dikanlap, synlap duransoň: «Bu ýagdaý nämüçindir meniň göwnüme jaý däl» diýip, elinde ebşitläp tutup duran gamçysy bilen biygtyýar ädigininiň gonjuna pat-pat kakyp, töweregine boýurgandy.

Bäpbe:

–Ertire garaşýandyr zaluwatjyklar, olaryň bizi gündizlikde görüp, şat-şat sanap, atyp alasy gelýändir.

–Seniňkem bir hasap bolmagy mümkindir, batyr, ýöne olar onda-da serhediňem beýle golaý wagtynda, onsoňam seniň alan gyrnagyň ýaly gerekli adamlary gidip barýarka, olaryň ynjalykly oturyp biljeklerine men ynanamok.

Gepiň şu ýerinde Bäpbe ýene-de özüne igenç bilen närazylyk duýdy.

–Biziň keýwanyň ol gyrnakdan alan maglumatyna görä, ol obada şurаň orunbasary bolup, Sowetiň syýasatyny ýaýradyp-ýaýyp ýörenleriň hem birimişin...

Kowgy bilen baglylykdaky kalbyny eýeläp, oý-ünjüler hamala göwne gelen erbetlikler desmi-dähel amala aşyberjek ýaly, Hojam hany alada goýýardy. Ol dynmaz jan halda at debsiläp, öz töweregindäki iki-üç adamdan ybarat topar bilen, toplumlaryň ýagdaýyny üns örüsinden sypdyrman, bähbit taryp aýlanyp gezýärdi.

Hojam han Bäpbe dagynyň ýanynda birsalym durup, bu ýerdäki ýagdaýlary anyklaşdyransoň, ýene-de öňdäkileriň ýanyna dolanmaga howlukdy. Ugrap barýarka maslahat beriji äheňde Bäpbä hüşgärligi elden bermezligi sargady.

Hojam hanyň habar tutup gidenine köp wagt geçmänkä, günbatar tarapda birki ýola yzly-yzyna tüpeň sesleri eşdildi. Çapar ýigit tüpeň sesini eşidip eserdeňlendi. «Ine, aýtmadymmy gelýärler» diýip, tüpeň sesi eşidilen tarapa seretdi.

Tüpeň sesleriniň yzysüre bolsa ileri tarapdan kimdir biriniň atyny ýüzin salyp gaçyp, iki-üç atlynyň bolsa, ony kowup gelýänligi göründi.

Bu wagta çenli Günem bireýýän öýläne sanyp, körjeýip dabara bilen batar ýerine golaýlaşybam ýördi. Ol aşakladygyça onuň batar ýerindäki peýda bolýan dürli reňkler toýlarda mertebeli adamlaryň aýagastyna düşelen owadan halylara meňzäp barha görk açmak bilendiler. Öýläniň kölegeleri boý çekip, uzalyp, giňelip ýaňyrak ýuwlup baýyr ýapylarynyň ýüzüne serlen garamtyl-goňras matany ýada salýardylar.

Bäpbe atlylary has anygrak görmek üçin bada-bat duran baýrynyň depesine çykdy. Aňyrdan eňterilişip gelýän atlylary görüp, köpler eýýäm ýaraga ýapyşyp, olaryň öz yzlaryndan gelmegine garaşylýan kowgularyň öňüdigine ynanypdylar. Emma garaşylan ýagdaý hemmeleriň gözüniň öňünde garaşylmadyk ýagdaýda öwrüm alyp üýtgedi. Öňden gelýän atly bir öwrümde çemesini alyp, ýeňsesinden gelýän atlylary tüpeňlän wagty bile görünseler-de, olaryň şol bir toparyň adamlary däldikleri belli boldy. Garşylykly ok atylanynyň yzysüre yzdan gelýän üç atlynyň biriniň atynyň aýaklary aýaklaryna çolaşana meňzäp, tüwdürilip gidenligi göründi. Kowup gelýänleriniň beýleki ikisi ýoldaşynyň atynyň agyp düşenini görensoňlar, ýerli-ýerden at başyny çekişip, oňa tarap dolandylar we atdan düşübem, ýykylanyň töwereginde gowadaklaşyp durdular. Kowgynyň şeýdibem häli-häzir-ä yzdan galandygy belli boldy. Öňden gelýän atly bolsa häzirem jylaw deňläp, badyny gowşatman, atyny ýüzin salyp gaçyp gelýärdi.

Syrtyna gyssag düşende gaçsa adamlaryň-u, haýwanlaryň-da gaçyşy üýtgeşik bolýar. Kimkän ol gaçyp gelýän!? Ony kowalap gelýänler kimkä aslynda? Bu soraglar şu wagt wakany alysdan synlap duranlaryň köpüsiniň aňynda peýda bolupdy. Şeýle-de kim bolsa-da olaryň öňden gaçyp gelýäniň-ä kowgulara hiç hili hilesiniň ýoklugy, onuň bir gazaba duşan gaçgakdygy belli bolupdy. Gaçyp gelýäniň yzyndan gelýänler galansoň, Bäpbe duran ýerinden iki-üç adamyň adyny tutdy-da, olary öňünden gaçyp gelýän atlynyň habaryny almak üçin şol tarapa ugratdy.

Jülge içi bilen at çapdyryp giden atlylar öz çen eden ýerlerinde boýurganyşyşyp gapdaldan çykyp, gaçyp gelýän atlyny ýerli-ýerden gol salgaşyp, öz ýanlaryna çagyrdylar. Gaçyp gelýän häzir Bäpbä töwerekdäki galagoply ýagdaýy bilmek üçin gerekdi. Ýeke çykan atlynyň kowgy barada bir zatlar bilýänligini tama edýärdi.

Ýumşa giden atlylar dolanyp gelenlerinde ol atlyny hem özleri bilen alyp geldiler. Dessine-de ony Bäpbäniň ýanyna getirdidiler.

Bäpbe henizem şol göterilen depesiniň üstünde hamala bu gün Günüň öňkülerinden üýtgeşik has owadan, has syrly bolup batjagyna ynanýan ýaly onuň batar ýerinde syn saklap, imrinişip durdy.

Bäpbe gaçgagy görüp, ony öwrenijilik bilen siňňin synlady.

–Eri, sen nireden çykdyň onsoň?

–Owgana barýardym. Ýolda serhetçilere uçradym. Kowup ugradylar, gaçdym.

–Olar saňa nirede duşup ýörler?

–Häzir bularyň ýok ýeri barmy?

–Senem basmaçy-da onda?

–Sowetleriň dilinde şoňa meňzeş bir zat menem.

Ahmedi görüp, Bäpbäniň synçy nazary öz öňünde hyrs ýaly dogumlydan gelen aladaly adamyň duranlygyna göz ýetirdi. Ol Sowetden gaçyp, bu öwrede köpden bäri ygyp, aňry geçip, bäri geçip, ýumuş hyzmatlarda bolup ýörenini aýdan mahaly bolsa, ony häzirki pursatda ýurt belet hökmünde peýdalanyp boljagyna hem tama etdi. Mümkin boldugyndan, onuň bilen içginräk tanyşmaga çalyşdy.

–Beýle bolsa, onda senem biz bilen dertdeş ekeniň. Soňam: –Seniň adyň näme? – diýip, ondan tanyşmak meýliniň barlygyny mälim edip sorady.

–Meniň adym Ahmet.

–Menem Bäpbe bolýan onda–diýip, Bäpbe hem göwündeş gopup, oňa tanyşlyk berdi. –Biz bilen ugurdaş ekeniň, Ahmet. Bizem Sowetlerden gaçyp, Owgana barýas. Isleseň senem bize goşul. Ýagy ýüz berse, ony gaýtarmaga kömek edersiň. Bileräk gidibersek kem bolmaz– diýip, haýyşly ýüzlendi.

Ahmet Bäpbäni diňläp, gökdäki dileginiň ýerde gowşanlygyny bilip, bada-bat kanagatlanma tapdy. Özüniň Hanumanyň ýanyna ýene bir depik golaýlaşanyna ynandy. Emma şeýle-de bolsa ol töwereginde duran adamlarda ýat hökmünde özüne bolan syndyr

müňkürligiň hem bolaýmagynyň mümkinligini pikir edip, ol teklip bilen bada razylaşyp: «Beý, bu ýaman ilgezik görünýä-le, munuň bir sebäbi bolaýmasyn?» diýen ýaly müňkür pikiriň döräýmezligi üçin oýurganandan bolup, oňa jogap bermäge gyssanmady. Diňe bir salymdan jogabyny howada sallap duransoň, Bäpbe bilen ugurdaş gopup, göwünjeň dillendi.

–Ugrumyz-a bir eken, elbetde, bileräk gidiberseg-ä erbet bolmazdy.

–Menem şony aýdýan-da–diýip, Bäpbe öz gepini ýene bir gezek ýüzugra nygtady.

Topar mundan soň ýene-de öz ýoluny dowam etdirdi. Gijäniň içinde hallan atýan ýaly bolşup, salgyma öwrülişip barýardylar. Bäpbe toparyny gijäniň içi bilen çen-çak bilenräk depesinden aşmak kyn bolar diýen beýik, berk baýyrlaryň gapdalyndan aýlap, nireden baryp çykjagy anyk bolmadyk näbelli jülgeleri kesip geçip, öňdäki topluma ýetmek üçin howlugybrak alyp barýardy. Hamala, asla garaşylmadyk bir ýerden kowgular ýüz bererli görnüp, töwerek howp-hatarly görünýärdi. Alasarmyk ünjüler bolsa ýol boýy artmasa, azalarly däldi.

Bäpbe bir ýerde durman, hereketini sazlamak üçin ýagdaýa aň salyp, bu öwrä belet hökmünde özünden sagdyn birnäçe atly bilen barýan Ahmediň ýanyna häli-şindi gelýärdi. Onuň bilen nähili edilende azaşman ýol geçmegiň maslahatyny edip, topary dogry alyp gitmegiň aladasy bilen aýlanyp gezýärdi.

Ozalagşam ösüp, çöle serginlik beren şemal günortadan demirgazyga ugruny üýtgedensoň, Bathyz şemaly indi öwrülip yzyna öwsüp ugran ýaly duýgy döretdi. Bäpbe duşmanyň duýdansyz garaşylmadyk bir ýerden çykyp, üste döküläýmeginiň ahmallygy barada şeýle bolanda gylyç syrylyp, nobat güýç-gaýrata ýetip, gazaply söweşiň boljagyny çen edýärdi. Has dogrusy, bu onuň arzuwydy. Ýogsam duşman öz atgyr ýaraglarynyň juda

guratlygyna buýsanyp, aňyrdan ok ýagdyryp inse, olaryň öňünden durmagyň ýeňil düşmejigini ol biraz alada bilen pikir edýärdi.

Bu wagta çenli gije garrap, Aý-ýyldyzlar depede öz orunlaryna ine-gana eýemsirenişip ugrapdylar. Aý gijäniň öňünden barha beglenip, onuň ilki başdaky symgyltdan ysmyksyz şöhleleri indi barha gijäniň süňňüne muwapyk aýdyňlyk berip, eserdeň şuglalanypdylar. Dolup tegeleleni bäri bolsa ol göçe gözleg salnyp, onuň yzyndan tutulan äpet bir nurly çyrany ýada salýardy. Bir görseňem Aý gije garradygyça terlenip, ýakymly ot-çöpleriň müşgüne möwç berip, töweregiň ümsümligini alyp, Pendi topragynyň boýnuna ak gollaryny salyp, dalbanyp, boý deňäp ýaryny gujaklap duran höwesli gelni ýada salýardy.

Hojam hanyň topary öň Sowetiň adamlarynyň birhili ýol bilen gözüne ilmän, ümsüm-kümsüm serhetden aşyp bolar diýip, tama eden-de bolsalar, oba talaň salyp, galtamançylyk edensoňlar, munuň ýatan itiň guýrugyndan basma, ýok belany başa satyn alma bolandygyna şonda düşünipdiler. Hojam bu urdumşalygyň edilmegine ýol berenligi üçin indi ökünip aňyrsyna çykyp bilenokdy. Aýlanyp-öwrülibem: «Bu bir soňuny saýmaýan doňuz-a» diýibem Bäpbä käýinýärdi. Töwereginiň iki-üç atlysy bilen halyndan habar alyp, toparlaryň arasynda bir ýerde durup bilmän, durmazjan bolup aýlanyp ýörşüne: «Owganam indi bolsa bir günlük ýoldur, şony bir kowga ýetdirmän, sag-aman geçip bolsa, Owgan serhedini bozmaga bolsa Sowet keseki ýeri hökmünde aňsat milt edip bilmez» diýip, kowgularyň şundan soň öz yzlaryndan galjagyna göwün ýüwürdýärdi.

Daňdanyň süýji ukusynyň kem-kemden adamlaryň ýakasyndan ebşitläp tutýanlygy barha ýiti duýulýardy. Adamlar indi at üstünde pallaşyp, gözlerini ümürledişip, goram-gowşak bolşup gelýärdiler. «Bir ýere kelläni goýup, gözüň awysyny bir alyp bolaýsady» diýlip arzuw edilýärdi.

Ýapydan inilip barylýarka Kadyr endigine görä sakgalyny sypalap, Bäpbä ýüzlendi.

–Batyr, görmesin-ä bular bizi görendirler...

–Barlaga ataran gözegçi-ýenekileriniň gören bolmagy ahmal.

–Onda bu şolaryň toparynyň gördügi dälmi?

–Hüm-m… – diýip, eýer üstünde pallap gelýän Bäpbe oňa gürrüň isleginiň ýoklugyny mälim edip, göwünsiz jogap gaýtardy. Emma Kadyr hem bu ýagdaý barada oýuna gelen pikiri aýtman durup bilmedi.

–Batyr, olar biziň başymyza oýun salmak üçin bir zatlar-a toslaýan bolmasyn? Ýogsam görüp-bilibem bizi günümize goýmalary, bu ýöne ýerden-ä däldir...

–Görüberýäs başa gelenini – diýip, Bäpbe ýene höwessiz dillendi. Agzyny giňden açyp pallap, boýnunyň çekgi damarlaryny şarkyldadyp, başyny çaýkap silkdi.

Telim günüň oňly alynmadyk ukudan has kösenýänleriň birem Ahmetdi. Hanumanyň näbelli ykbalynyň aladasam oňa ynjalyk bermeýän aladalarynyň birisidi.

Ol yzdan kowgy bolup gelýän toparyň Hanumany halas etmäge gelýänligine ynanyşy ýaly, olaryň arasynda obadaşlaryň, özüni tanaýan adamlaryň barlygyny hem çen edýärdi. Nädip etjegini bilmese-de, özüniň birine kömek etse, ilki şolara kömek etmäge borçludygyny hem ýatlaýardy. Ilki bir göwni bulardan sap atyp sypyp, yzdan gelýänlere Hanumany tapmaga kömek edäýsem diýen pikir küýe gelen hem bolsa, haçanda beýden mahalynda topar bir ýol bilen serhetden aşaýan mahalynda öz pynhan syrynyň açylyp, kimdigi belli bolansoň, soňra özüniň oňa golaýlaşdyrylmajagyny pikir edip, şindi mesele öz çözgüdini tapyp, Hanuma halas bolýança mümkin boldugyndan onuň töwereginden daşlaşmaly däldiginiň pikirine berilýärdi. Häli ol ýolda bir gürrüňçilikde gepden gep çykyp, Hanumany oljalanyň Bäpbedigini, onuň şondan bäri hem ony özüniňki hasaplap, öz

ýanyndan eýemsirenip oturanlygyny anyklansoň, özi ýaly bu dälibaş, garadangaýtmazyň aňsat ony özünden başga bermejegini hem çen edýärdi. Bu ýagdaýy eşideli bäri indi onuň gabanjaňlyk derdi artyp, Bäpbäni aýratynlap, halamazlyk bilen oňa hym baglap ugrapdy. Hanumanyň üstünde onuň bilen darkaş gurmaly boljaklygyny çen edipdi.

Bir öwrümde Bäbäniň dor alaşasy nämedir bir zada üýşenip, aýak çekip, gulaklaryny keýerjekledip, boýurganyp durşuna bir ýerlerik seredip, at ysyny alanlygyny mälim edip hokrandy. Şol barmana Bäpbäniňem gulagyna gaýra tarapdan at aýaklarynyň güpürdisi hem eşidilen ýaly boldy. Bäpbe açygrak ýerden kowgulary anygrak görerin tamasy bilen, atynyň başyny gaýralygyna alyp, synlamak üçin amatly ýer gözledi. Bir salym gijäni siňňip synlap, doňuz diňini salyp durdy.

Gije ozalkysy ýaly asudady. Asmandaky tegelenip dolan Aý, söwer ýaryň yhlasyndan göwni biten gelin ýaly, owadan hemem buýsançly görünýär. Uzakly gije gara öýleri ýatladyp oturan baýyr-depeleri indi ýapynjasyny çalşyran ýaly ak öýlere öwrülişip, gümmezekleşip otyrlar. Onýança-da uzak bolmadyk gözýetimde kowgularyň alagaraňkynyň içi bilen kowçum-kowçum bolşup, gapdaldan geçip barýan salgymy göründi. Bireýýämden bäri garaşylan kowgynyň ahyrsoňy ýüz berenligi belli boldy. Özi-de bularyň göçüň garaşmadyk ýerinden duýdansyz baryp urmak niýeti bilen, gijäniň ümüş-tamşynda ümsüm-kümsüm gelýärdiler.

Bir hikmet gopjagy belli bolup, ýürekleri ýakymsyz aladalar gurşap aldy. Indi ýagdaý haýal etmän, aýgytly hereket etmegi talap edýärdi.

Bäpbe kowgynyň aladasyna berlip, öz diýen adamlarynyň iki-üç sanysyny ýanyna çagyryp aldy, olar bilen nähiliräk hereket etmegiň aýak üstünden maslahatyny etdi. Ilkem Kadyr bilen Ahmede ýüzlendi:

– «Myhmanlar» ýetip gelipdirler... Bulardan gaçyb-a sypyp boljak däl.

– «Myhmanlar» gelen bolsa, ony donuna görä garşylamagymyz gerek, batyr– diýip, Kadyr hem köremek bilen, häzir bir garpyşyp alalyň, soňuny näme bolsa, soň görüberýäs diýen manyda dillendi.

– Duşmandan ýagşylyk tamasyny etmek ýalňyşlyk bolar. Yzdan ýeten bolsalar, indi olar bizi gaýgyryp goýmazlar, haýal etmän çäresini tapmagymyz gerek– diýip, Ahmet hem olar bilen göwündeş gopdy.

Bäpbe ýagdaýy aýdyp, gyssagly Hojam hana çapar iberdi. Ol topary ikä bölensoň, Kadyry toplumy bilen kowgynyň gapdalyndan çykyp, hüjüm etmegi tabşyrdy. Ahmedi hem ýurt beledi hökmünde oňa delalaty deger diýen tama bilen, onuň ýanyna goşdy. Bäpbäniň özi bolsa duşmanyň yzyndan gelip urmagy niýet edindi. Şeýdilende ol özlerini köp ýaly görkezip, duşman aljyraňňylygy salyp, olary bir salymam bolsa güýmäp, ýolundan egläp boljagyna tama etdi.

Bäpbe kowgy bilen aralykdaky Aýyň asmandan kese gözläp, oňly görüp bilmeýän, özge ýerlerden garalyp howatyrly görünýän jülgesine  düşýänçäler atyny jylawlap, bukurak ýerden duşmanyň ahmallygyny almak üçin, ony seresap halda gapdaly bilen ýöredip gitdi. Töwerekdäki beýleki atlylar hem şundan soň atdan düşüşip, Bäpbäniň göreldesini eýerdiler, seresaplyk bilen duşmana golaýlaşdylar. Şeýdibem, olar birsalymdan atlaryny gorgunyna sürüp, barýan kowgynyň ýeňsesinden duýdansyz ýerli-ýerden gygyryşyp hüjüme geçdiler. At aýaklarynyň güpürdisi çöl süňňüne sarsgyn berdi. Atlylar şol eňrerilip baryşlaryna-da bar bolan ýaraglardan yzly-yzyna duşmana ok ýagdyrdylar. Ara uzak bolmansoň, dessine-de iki ýagy bir-birleri bilen garpyşdy. Dara-direlikde boldy bir ur-ha, urluk, çap-ha, çaplyk, urýan haýsy, urulýan haýsy bu pursatda biler ýaly bolmady.

Atlar burunlaryny parladyşyp, bir-birleri bilen  çaknyşyp, hütüleşdiler. Şarka-da, şarka çakyşýan gylyçlaryň zarbyna ot

syçrady. At aýaklarynyň güpürdisi-tapyrdysy bir bölek çaň-tozan bilen asmana göterilip, çöle ýaň berdi.

Kowga nireden garaşan-da bolsalar, bulara göni ýeňseden garaşmandy. Bu duýdansyzlyk bada-bat kowgynyň yzky toparyny aljyraňňylyga saldy. Olar alňasaklyk bilen haraý isläp, öňdäki topara tarap çekilmäge mejbur boldular. Şu pursatda kowgy ýan berene meňzäp, Bäpbäniň toparyny has-da gylawlandyrdy. Ýöne bu alasarmyk ýeňişli pursat uzaga çekmedi. Gijäniň içinde bir ýerde çyglyp, eşek aňňyryp ugran deý bolup, surnaý sesi gijä ýaň berdi. Kowgy özüni ele alyp, ýagdaýa aýgyt edip ugranlygy belli boldy.

Kadyryň topary kowgynyň ýene bir bölegi bilen baýyrlarynyň gutaran ýerinde gabatlaşdylar. Atlylar «ur-da, ur!» bolşup, bir-birleriniň üstlerine topuldylar.

Ahmet öz gapdaly bilen gylyç syryp barýan ýigit ok degip, eýeriň gaşyny gujaklanda göni özleriniň öň ýanynda biriniň ýetişip, mauzerini işe girizenini gördi. Indiki gülläniň özüniňkidigine hem düşündi. Ýaragyny çemläp, atyny gyssady. Atynyň badyna dazlap, esgeriň gapdalyndan geçip barşyna hem elindäki gulagyny gaýtaryp atmaga ýetişmedik bäşatarynyň gundagy bilen onuň arkasynyň hükgüsine hütüledip suňşurdy. Oňa ýaragyny elinden gaçyrdyp, eplenip atynyň boýnuny gujaklatdy. Onuň başyndaky papagy öňe atylyp, at aýaklarynyň astyna düşdi. Ilki başda birki ok atylan-da bolsa, garjaşykly uruşlar başlanansoň, her kimiň atan oky özüniňkä degäýer öýdülip, indi ok atylmaýar diýen ýalydy. Ahmet özünden ýüz-ýüz elli ädim töweregi gapdalda gaýda-gaýtamalaşykly salgymlaryň has köpelenligini görüp, şol ýere howlukdy. Bu ýerde Kadyr öz topary bilen garpyşykly söweşler alyp barýardy.

Töwerekde aldym-berdimli söweşler dowam edýärdi. Bir-birlerine degip, şarkyldaýan gylyçlaryň, adamlaryň howlukmaç hasyrdy-sögünçlerine, at toýnaklarynyň sesine gatylyp, dürli sesler

säheriň sergin howasynda ýaňlanyp eşidilýärdi. Kowgy bu garma-gürmelikde ok öňündäkilere deger öýdýärmi ýa-da atymyny alyp bilenokmy nämemi, pulemýodyny işletmäge howlukmaýardy. Öňde bir ýerde zyňlan granat dünýäni sarsdyryp ýaryldy. Onuň düşen ýerini çöwrüp, badyna asmana göteren topragynyň bir bölegi gapdaldan daýyrdap geçip barýan Ahmediň üstüne-de şatyrdap döküldi. Ahmede at boýnuny gujaklap, eýeriň üstünde saklanmak zordan başartdy. Bu partlamanyň şundan soň diňe bir Ahmediň däl, onuň özge ýoldaşlarynyň hem ýüregine gorky-heder aralaşdyranlygy belli boldy.

Şundan soň Bäpbäniň adamlary duran-duran ýerlerinden at başlaryny öwrüşip, gaçmak bilen boldular. Bu sansyz okuň öňünden sowulmak, zeleliň ýaryndanam bolsa gaýtmakdy.

Atlaryň ýyndam aýaklary indi çöli güpürdedip, deprek edip kakdy.

Ahmet iliň yzy bilen çen-çak tutup, ýeňsä çekilip gidip barýardy. Gulagy bilen at toýnaklarynyň howadaky akymyny yzarlaýardy. Günorta-günbatar tarapda at aýaklarynyň sesi barha artyp köpelmek bilendi. Ol ýerler öz barýan ýerleri bolansoň, özüniňem mümkin boldugyndan tizräk şol ýerde bolmalydygyna düşündi. Ýelden-ykdan eşidilýän tüpeň seslerinden goh-galmagallardan çen tutup, Sowetiň Hanumany halas etmek üçin az güýç atarmanlygyna düşündi.

Çar tarapdan eşidilýän at aýaklarynyň dükürdisi, çen bilen atylýan tüpeň sesleri, gysgadan gömelteý aýdylýan azgyrylmalar, çakylyk, buýruklar yzzan-da, çuwwanlygy döretdi. Atlar jylaw gaňtarylan-gözleriniň gözlän tarapyna eňterilişip çapdylar.

Şol barmana Ahmet öň ýanynda bir tanyş sesiň kömek sorap, töweregine gygyrýanyny eşitdi: «Baýýa, Kerkaw, Sähet, Çeňňel kel, hany siz nirede, geliň, çekiň elden!» Ahmet atynyň başyny ses gelen tarapa öwürdi. Atdan ýykylyp, ulagsyz galyp, kömek sorap, elewräp duran Bäpbedi.  Ol duran ýerinden gapdalyndan

daýyrdaşyp geçip barýanlara el serip, kömege çagyryp, haýbat atyp gygyrýardy. Duşmanyňam yzdan ýetip gelýänini ýatlap, töweregine elewräp halas bolmaga gyssanýardy. Emma onuň howsalalay çakylygyny eşidenler bar hem bolsa, bu howply dara-direlikde onuň halynda habar alan bolmady. Baş-başa, jan-jana bolnup barylýarka, kimiň gözüne Bäpbe ilýär!?

Ahmet tanyş sesiň gapdalyndan geçip bilmedi. Ol atyny Bäpbäniň duran ýerine depdi. Ortada süýşenekläp, töweregine el serip ýatanyň  alkymyna gelibem: «Ýapyş!» diýip, oňa gamçyly elini uzatdy. Ýüzugra ony kakyp alyp geçmekçi boldy. Bäpbe gark bolup barýarka gapdaldan uzadylan taýakdan ýapyşýan deý, hopugyp, onuň elinden iki eli bilen ýapyşdy. Emma güýç-gaýrat ýetigem bolsa, ýaraly Bäpbäni atyň ardyna almak bada-bat oňa eýgertmedi. Ahmet jylaw çekip, atynyň badyny gowşadyp, Bäpbe tarapdaky üzeňňiden aýagyny boşadyp, gyssanyp öňki hereketini täzeden gaýtalady.

–Üzeňňiden basjak bol!

–Wah, ýaram aýakdan!

Ahmede diňe ykjam durup, ýaralynyň öz hereketindenem belli bir derejede peýdalanyp, iki eli bilen guşakdan çekensoň, ony kynlyk bilen atyň ardyna almak oňa başartdy.

* * *

Hojam hanyň öňe giden toparynyň habar düşüp, kömege gelmegi yzky topary adamlarynyň gönüden-göni wagtynda arkasyny almak boldy. Şundan soň tiz wagtdan kowgy uly güýje gabat gelendiris öýtdümi ýa-da Owgan serhediniň şu golaýda hem barlygyny ýatlap, öz hereketleriniň  gaýry ýurduň serhedini bozmak bolýanlygyny pikir etdimi nämemi, olar ýene surnaý çalşyp, at başlaryny çekişip, özleriniň mundan aňry gaçanlary aňtamaklaryny bes etdiler.

Ahmet ýene biraz ýeriň pessi bilen çen-çaka berlip, Owgan serhedine tarap gaçansoň, yzyna gözläp, töwerekde kowgynyň

galanlygyny görüp, atynyň badyny aldy. Yzynda oturan ýaralynyň halyndan habar alarman boldy. Onýança-da, Bäpbäniň özi oňa ýüzlendi:

–Kimem  bolsaň, hany, bir at başyny çek!

Ýarasy wagtynda daňlyp, gan ymykly togtadylmanlygy üçin, häzir dogrudanam Bäpbäniň haly harapdy, atylan ok onuň uýlugyny-aşyklyň etini ýagşy silipdi, häzirem ondan aşaklygyna yzarlap, ýyly gan syrygýardy.

Bäpbe garaňkynyň içinde, galyberse-de, bu gyssagarada öz dadyna ýetişen halasgäriniň kimdigini anyklamak islese-de, ony ýeňsesinden tanap bilmek şol pursatda başartmady. Onuň at üstünde düňreýibräk oturyşyny Girdä meňzedibem gaýta lapykeç bolupdy. «Bäh, bu ýerindengelme ind-ä, «Seni men halas etdim» diýibem, maňa minnet baryny eder-ow» diýip kejigipdi. Ýeri, çaknyşykda, dara-direlikde gaçylyp-kowlanda, eýsem, bolmaýan zat barmy?! Il aýtmagyna gör-ä, Anişirwan adyl hem bir gezek şeýle alaçsyz ýagdaýa düşenmiş.

Şol gezek Anişirwan derýadan geçmeli bolanda bir suw syzýan düýbi deşik gaýyga münmeli bolupdyr. Biraz ýüzensoňlar, onuň deşik ýerinden gaýyga suw dolup ugrapdyr.

Şonda ol patyşa halyna gaýykda gaýykçynyň hökümdir buýrugyny berjaý edip, eline berlen setil bilen, suw serpip oturmaga mejbur bolupdyr. Bu pursat soň onuň goşgularynyň birinde öz beýanyny tapypdyr.

Gämiçi han boldy,
Biz nöker bolduk.
Elimiz bedreli,
suw çeker bolduk.

Ýöne: «Bek ýapyş!» diýen kesgin talaply buýruk welin Girdiniňki däldi. Şu gulakda galan gep şonda biraz-da bolsa oňa arkaýynlyk beripdi.

At başy çekilip, aňa-üme mümkinçilik dörän mahaly töwerekdäki Bäpbäni atyň syrtynda görenleriň ikisi dessine ylgaşlaşyp, oňa kömege geldiler. Olaryň hersi bir ýandan gelip, oňa atdan düşmäge kömek etdiler. Diňe şundan soň Bäpbe öz halasgäriniň kimligine anyk göz ýetirdi. Bäpbe Ahmede minnetdarlyk bilen baş atansoň, çytylyp öz toparynyň adamlaryna ýüzlendi:

–Boluň-how, bir zat ediň-dä, aldy-ow bi! – diýip, olardan dessine ýarany daňyp, ondan syrygýan gany togtatmagy talap etdi.

Hojam han yzdan gelýän kowgynyň galanyna doly göz ýetirensoň, o-da töweregi bilen uly goşa dolandy. Atyşyk-tutluşygy görüp, zähresi ýarylan aýal-gyzlar, çaga-çugalar – gorky bilen goldan-gola gaçyp-tezip, halys surnugan topar bu ýerde onuň soňky buýrugyna garaşyp otyrdylar. Düşlemek, biraz-da bolsa özüňi dürsemek zerurdy. Hojam han atdan düşmäge howlukmaýardy. Ol bir deperäk ýere çykyp, bir eli bilen bilindäki gylyjynyň dessesini gysymlap, bäşataryny öňüne kese basyp, hanlarça töweregini tükelläp howalanyp durdy.

Adamlaryň töwerekden onda-da, mundan-da gelşip durmaklary hanyň kalbyna teselli berip, onuň il garamatyny sag-aman serhetden aşyran hökmünde kanagat tapmagyna sebäp bolýardy.

Demirgazyk-günbatardan ösýän sergin şemalyň demi ýakymlydy. Onda ýanan goýun çörüniň ysyna meňzeş, däri ysyny ýatladýan alagarjaw ys-koklaram bardy. Daň atyp barmagy bilen, gije çal goýnuň tüýdüm-tüýdüm ýüňüne meňzäp, gündizlige öwrülip barýardy. Ýöne baýyr-jülgeleriniň çuňalýan ýerlerinde gijäniň goýry garaňkylygynyň baslygyp, durkuny saklap, dykyn alyp duranlygy bildirýärdi.

Bäpbe bir bölek atlysy bilen il soňragynda göç yzyndan ýetende, bu ýerede eýýäm birki ýerde ot ýakylyp, çaý-naharyň ugruna çykylypdy. Oduň tüssesi rahatlygyň müşgi bolup, adamlaryň kalbyna siňip ugrapdy.

Hojam han Bäpbäniň adamlarynyň arasynda del atlyny görüp, birbada onuň näme üçin bu ýerdedigine düşünip bilmän nägile boldy. Berlen salama hem birbada aleýik bermäge howlukman, onuň bilen gyzyklandy.

–Batyr, ýanyňda del myhmanyňam bar ýaly-la!? – diýip sorady.

Töwerekdäki adamlar bu ýagdaýyň Hojama ýaramandygyna düşündiler. Bäpbe at başyny çekip, eýeriň üstünde egrelibräk ýarasynyň derdi bilen azarlap oturyşyna:

–Hojam han, bu-da biziň bilen dertdeş adam. Ýurdy taşlap, Owgana barýar...

Hojam hanyň dogrusy indi öz aralaryna ýat adamy goşasy gelmeýärdi. Onda-da beýdip bala-çagalar bilen, kelle etege salnyp, gyzyl oduň için bilen barylýan mahalynda. Ol ýolda duşup, Bäpbä-de «Ýör!» diýenine-de ökünip, aňyrsyna çykyp bilmeýärdi. Hasam ol onuň diýenini edip, oba dökülmäge rugsat berenine, onuňam garaşylmadyk ýagdaýda iliň töründe pasyrdap oturan maşgalany oljalap, topary bela goýanyna jany ýanýardy.

Sen öz türkmeniňe näbeletmi, maşgalasyny dagy aldyrsa, ol onsoň ölenini, öçenini bilermi?! Bir başa dikýänçä ol hi seniň yzyňdan galarmy? Şeýdibem, bu ýagdaýyň ýok ýagyny başa diläp alma bolanlygyny pikir edip, ýol boýy ahmyr edip gelýärdi.

Hojam hanyň kowgy yzyndan ýeten mahalynda hem, mümkin bolsa, olaryň öňünden töwellaçy çykaryp, parahatçylykly gepleşik getirmek pikiri bardy. Olardan bu bolan ýakymsyz ýagdaý üçin ötünç sorap: «Ine, maşgalaňyz hiç kim onuň namysyna batyrynyp bilen däldir!» diýibem, satyn alan belasyndan başyny gutarmakçydy. Hanumanyň özüni şaýat tutunybam, ony gaýtarybam hossarlaryna bermekçidi. Şonuň üçinem han ony bada-bat Bäpbäniň elinden alyp, öz bala-çagalarynyň arasyna goşupdy.

Onuň häzir Ahmede: «Sen, han ogul, Owgana barýan bolsaň gidiber, biz köpçülik bolup haýal ýöreýändiris, sen biz üçin

ýoluňdan galma!» diýesi gelse-de, bu gepiň Bäpbäniň jynyny atlandyrjagyny pikir edip, sabyrly, parhly bolmaga çalyşdy. Ýogsam Bäpbäniň äjinnesi atlanyp oňa:

–Han, saňa maşgala-garaňy ýurtdan saýlamaga kömekleşdim, indem meniň diýen adamym araňyza sygmaýan bolsa, onda men senden geçdim, töwereginde-de ýok, kürt-kürti degirmende görer edýäs! – diýäýmegi-de gaty daşda däldi. Onsoňam onuň häzirki ýarasy larsyldap agrap, güzap görüp duran janagyrly mahalynda.

Galyberse-de, bu öwrä ýeterlik belet bolmansoň, ol heniz özüniň serhetden aşyp-aşmanlygyny hem anyk bilenokdy. Yzda galan ýagynyň bolsa ýene bir ýerden ýüz beräýme wehimi-de ýok däldi. Bäpbäniň barmaly ýerine barýança ýene-de özüne köp ýerde gerek boljagyna hem pikirindedi.

Hojam han bir pursat ähli ýagdaýlary aňynda saldarlap görensoň, Ahmetli meseläni özüniň häzir çözmeli däldigine düşündi. Bäpbäniň ýagdaýyna duýgudaşlyk etmek bilen;

– Hany, tebibi çagyrdyňyzmy? – diýip, onuň aladasyny edip ugrady.

– Gitdiler yzyndan.

– Ol häzir uly toparyň arasynda gaçylan wagty onuň ýykylan-sürşenine delalat edýän bolmaly.

– Bar, başga işiňi-pişäňi goý-da, han tiz gel diýdi diý şoňa! – diýip, han onuň yzyndan gyssamak üçin ýene bir adam ugratdy. Soňam ol yzky toparyň şu ýerde düşlemegini makullaýanyny mälim edip, töwerekdäki söm-saýak bolşup duran beýleki adamlara ýüzlendi. –Sizem ot gallap, tüňçeleri o-da goýup, nahar-şoruň ugruna çykyberseňiz bolmaýarmy!? – diýdi.

Atdan düşüp, töwerekde gowadaklap ýörşüne: «Ýarany ýuwmaga mylaýym suwam gerek bolar, tebip gelýänçä, çakganrak hereket edip, suw zat gyzdyryşyberseňiz bolmaýarmy!» diýip, adamlary gyssady.

Hojam han tebip gelip, Bäpbäni bejermegiň ugruna çykansoň, pytraňňyrak oturan uly toparyň arasyna dolanyp bardy. Ol Owgana aşmagyň barha kynlaşýanlygyny, özüniň töwekgelçilik bilen bir topar adamy gabryň gyrasy bilen alyp barýanlygyny ýatlap, Alla sygnyp, ondan kömek sorap gelýärdi. Alyp barýan bu agyr melamatyny başybütin alyp çykmaga hemaýat dileýärdi. Ýürek togalap sorany üçin, soňam Taňrynyň özüne hemaýat etjegine, görünmeýän-görünýän belalardan gorajagyna göwün baglaýardy.

«Bu ýeser nireden çykdy?» diýip, soňam ol Ahmediň düşnüksiz peýda bolmagyny halamazlyk bilen ýatlaýardy. «Göräýmäge-hä Sowetlerden gaçyp, barara ýer, batara köl tapman ýörenleriň birine meňzeýär. Munuň ýaly synsyrap ýören azmy bu döwürde!? Emma onuň näme pikir edýänini, näme pirim küýleýänini nädip bilersiň!? «Haýwan alasy daşynda, adam alasy içinde» diýilmänmi, eýsem? Ähtimal, ol tötänden gelenem däldir. Bet pygylda bolmagy-da mümkin. Bäpbe-de şeýdip tapaýar-ow bir zady... Neneň duşupdyryn muňa, duşmanlar geçsem bolmaýarmy!? Ol Hojam hanyň ýanynda näme etsemem geçer diýýär. Hany sag-aman Owgana bir aşaly, onsoň seniň minnetiňi Hojam han çekäýermikän?» diýip oýlanýardy.

Hojam hanyň başdaş aýalynyň gapdalynda üç aýal bolup, uly bir kersen çanagy orta alyp, oňa soňra üstüne çorba guýlup ýumşadylyp iýiljek gaty nanlary dograp oturanlaryň biri-de Hanumady. Başyna çümreräk bürenjek bürENeni üçin, häzir onuňam bu ýerde barlygyny ýatlap, ünsli synlaýmasaň, ony tanar ýaly däldi. Hojam hanyň aýaly Hanumany aşyna goşuşy ýaly, hyzmat-kömegine hem goşupdy. Beýlekilere göterdişi ýaly ýolda bir arka ýüki hem onuň arkasyna beripdi. Nahar iýlende-de ýatsyradylman, bir tabaga gol sokdurylypdy.

Han heleýiň Hanuma bolan bu aram gatnaşygynyň aňyrsynda ol getirilip, topara goşulan mahaly: «Munam maňa güni etjekmikän bu ýeksurun?» diýip, adamsynyň ýüzüne nägile gözläp

heserlenende, Hojamyň aýdan gysgajyk gepi soňra oňa rahatlyk beripdi. Ol şonda Hanumany görkezip: «Heleý, muňa özüň göz-gulak bol! Seniň ornuňa dawasy bolmaz. Ahmallykda üstüni basdyran bir maňlaýygara bi!» diýipdi. Adamsyna ýarym gepde düşünýän aýal şonda özüniň muňa bäsdeşlik etmezden, garaşyk etmelidigine düşünipdi.

Yzda galan kowgy bilen bagly galagopluk bar-da bolsa, Hojam hanyň başdaş aýalynyň töweregindäki adamlar gaçyp-tezip surnuganam bolsalar, häzir nahar-çaý bilen bagly işleri aýratyn yhlas ygtaýarlyk bilen ýerine ýetirýärdiler. Aýal bar ýerinde gep-gürrüň-de gytlyk etmeýär. Edýän işleriniň gapdaly bilen indi üzlem-saplamrak gürrüňlere hem ýan-ýaýraw alşyp ugrapdylar.

–Erkekler biraz arkaýynlaşypdyrlar welin, kowgy galypdyr öýdýän?

–Şeýle bolsun-da hernä. Howlukdyrybam janymyzy aldylar.

–Duşman gelýä-dä ökjäni basyp.

–Täze hökümetiň elinden sag-aman sypyp bilseň, toý beräýmelidir.

–Meniň-ä her gyssanan ýerimizde Hudaý ýoluna aýdan malymy hasaplasaň, bir süri bolandyr.

–Sag-aman aşmaly ýerimize aşsak bolýar. Barýan ýerimiz öz musulmanlarymyz, sadaka berseňem, onda bu ýerdäki ýaly namazhon, dinhon diýip, saňa sürünjek adam bolmaz.

Hanuma yzymdan kowgy ýetip, meni halas eder diýen tamada bolan hem bolsa, her gezek şeýle gürrüňlerden soň, onuň halas bolmaga bolan tamasy barha azalýardy. Özüne öňde garaşýan näbelli ykbal birahatlandyrýardy. «Indi näderkäm?» diýip, öz aladasynyň edilmeýänliginden kemsinýärdi.

Neneň kemsinmesin «Ölsem seniň bilen bir çukurda, diri bolsam bir depede» diýýän adamlar şundan soň ony halas etmek üçin, ot-ýelek bolaýjak ýaly welin, ýöne şir sesini eşiden şagallar ýaly, olar şol pursat başyny gutarmak üçin hersi bir ýana ýumlugan

bolmaly. «Gerek wagty töweregimde birem ýok» diýip, ol bu kowgynyňam öz yzyndan gelerine garaşylýan däl-de, tötänleýin duşan Sowetiň adamlarydygyny pikir edip örtenýärdi.

Ýöne ol tizden ýagdaýyň öz hesret çekip pikir edişi ýaly hem däldigine göz ýetirdi. Atlaryny jylawlap, beýleräklerinden aşakdaky otlugrak ýere barýanlaryň arasynda birden oňa tanyş ýüz görnüp giden ýaly boldy. Umytdyr tolgunmadan ýaňa şu pursatda onuň ýüregi birden gürsüldäp, sarsgyn alyp gitdi. Bu Ahmetdi. Ol birbada öz gözüne ynanmadygam bolsa, ikinji gezek göz astyndan ony ogrynça synlansoň, onuň Ahmetdigine, öz Ahmedidigine anyk göz ýetirdi. Onuň kellesini etegine salyp, öz yzyndan gelenligine düşündi. Galkyndy.

Hanuma şonda tisginip, aşak gözläp, samrap goýberenini duýman galdy.

–Hih, janlarym!..

Tolgunmadan ýaňa onuň gözleriniň öňi ümezläp, başy aýlanyp gitdi. Hanuma töweregindäki aýallaryň öz boluberşini görüp, bilesigelijiligi artyp, näme üçin bu duýdansyz iç çekmegiň sebäbi bilen gyzyklanyşyp ugran wagty ol ýene-de tiz özüniň oljalanan gyrnakdygyny, nireden gelip, häzirki wagt nirede oturanlygyny ýadyna salyp, özüni ele almaga ýetişdi. Dessine-de gözlerini süzüp, nazaryny töwereginden gizläp, nan dograp otyrka atdanlykda gaty nana barmaklarynyň biriniň dyrnagyny gaňyrdandan boldy. Soňam barmagynyň agyrysy ýüregine düşüp barýan deý, şol barmagyny agzyna saldy.

Onuň çaň syran maňlaýyndan bulanyk der damjalary göründi.

–Gyrarakdan döwüp, dyrnagymy gaňyrdaýdym-da – diýip, geňirgenişip ýüzüne gözlän gelinleri ynandyrdy.

Çanaga nan dograşyp oturan gelinleriň käbirleriniň onuň düşen ýagdaýyna nebisleri agyryşyp, onuň kimdigini unudyşyp, hamala öz birleri ýaly ýerli-ýerden oňa duýgudaşlyk etdiler.

–Häzir bolarlar, gyz!

–Dyrnak gaňrylanda onuň awusy ýamandyr, damar yzarlap, barybam göni ýürege urýar-da ol...

–Bolmasa sen goýaý indi! Özümiz bir zat ederis, onsuzam dograp bolubam barýas-a.

Aýallaryň özüni awunandyr öýdüp, göwündeş gopmaklary Hanumanyň syr beren bolmasam ýagşydyr diýen gorkusyny rahatlandyrdy. Eýýäm ol özüni Ahmet bilen bagly ýakymly, joşgunly pikirleriň ummanyna oklapdy. Ahmet bilen jany-jana, yhlasy-höwese gatyp geçiren pursatlaryny ol ömrüniň iň bagtly döwri hasaplaýardy.

–Perizadym, gaýtarmam – diýip, Ahmediň her gezekler iner bolup üstüne kükrän wagty aýdaýan hoş sözleri hem şu pursatda onuň gulagyna eşidilen ýaly boldy. Ahmediň özi üçin başyny etegine salyp, soňuny saýman gelmegi onda diýseň uly minnetdarlyk duýgusyny döretdi. Begenip tas aglapdy, ýöne zordan saklandy.

Töweregiň garadangaýtmaz adamlary ýetik-de bolsa, ol Ahmediň özüni bir ýol bilen bu tordan alyp çykjagyna ynandy. Şol pursadyň tizräk bolmagyny isledi. Şu tolgundyrjy ýagdaýdan soň onuň gelen netijesi «Syr bermejek bolmaly» diýen pikir boldy.

Şeýle-de bolsa, ol wagtal-wagtal oturanlaryň üstaşyry Watan ýerlerine seredip, onuň bilen ogryn hoşlaşýan ýaly, şol tarapa göz aýlap alanyny-da duýman galýardy. Häzir yzda galan Watany ýat edip: «Ýat ilde bize nähili ykbal garaşýarka?» diýip, näbelli ykbaldan eýmenip, Watandan gidýänine gyýlyp-gynanyp, intizar bolup, yza seredýän gözler onsuzam az däldi. Barybir Hanuma häzir niräk seredýänem bolsa, ol diňe Ahmedi görýärdi. Onuň goparjak işiniň tizräk amala aşmagyna howlugýardy. Kalba basalyk berip, sabyr saklamaga çalyşýardy.

Bişirilýän nahar taýyn bolansoň, ýaş kiçileriň üç-dört sanysy hol beýleräkde atarylan gazandan gaplara nahar guýduryp, oturanlaryň öňüne çekýärdi. Häzir aralykda gezmeläp, bu işlere

beýemçilik edip ýören Hojam hanyň inisidi. Adamlar nahary bir-birleri bilen oňly gürleşmän, ajyganyň suw bolan sabry bilen biraz howlugyşybrak iýdiler. Lezzet tapma bilen şap-şap barmaklarynam ýalaşdyrdylar. Biraz iýlip, adamlaryň aňrylaryna oba gonanlygy belli bolansoň, nahar ýanynyň mesawy gürrüňleri hem tapyldy. Gürrüňler esasanam hemmeleriň ýas-ýaňy başdan geçiren hatarly pursatlary bilen bagly boldy. Göwünlere howsala salan bu pursadyň geçmiş bolmagyny omyn-töwiriň yzyndanam ýene dileg edildi. Hyzmatda ýörendir atlara esewan bolýanlar, onda-munda depe üstünde oturyp, gözegçilik çekýänler bolmasa, beýlekiler uly halka öwrülişip, Günüň gyzyp ugramagy bilen, agyr görnüp ugran dondur telpeklerini, ýaraglaryny ýene-de gapdala atdylar.

Bäpbe ýarasy sebäpli oňly oturyp bilmeýänligi üçin, hanyň aşagyna ýörite düşelen halynyň bir böleginde ýassyk tirsekläp ýatyrdy. Olaryň arasynda nahardan soň başlanan mesawy gürrüň henizem dowam edýärdi. Has dogrusy, ol gürrüň bolup, gürrüňem däldi-de, indiki ykbalyň aladasydy. Ýat ilde bize nä ykbal garaşýarka diýen aladaly, näbelli pikir häzir her kesiň başynda bardy.

–Hojam, senem, özümiziňkileň arasyna bararsyň-a?!

–Eýsem, nirä barjak? Maşgalamy getirmäge gaýdanymda-da şony göz öňüne tutup gaýdypdym. Ol ýerden bir süýthordan iki tanap ýer-de satyn alypdym. 1923-nji ýylda Hojaguly han bilen baranlaryň köpüsi şol ýerde.

–Hä, şol wagt baş alyp gitmegiň wagty eken welin, gitmän keltelik edipdiris-dä.

–Seniňem indi tiz maşgalaňy alyp gaýtmagyň gerek, batyr. Täze hökümet bolsa görýäň-ä gün-günden berkemese gowşanok. Ýene birazdan ýagdaýlar hasam kynlaşar. Şu gezek Tejen aýagyna depip, bala-çagaňy alyp gaýdan bolsaň, bolaýjagam eken welin...

–Bir nesibeli güni bardyr, han.

Ahmet olaryň gapdalynda gep-gürrüňe goşulman diýen ýaly iýip-içip, biraz ýadyrgap, töwereginde edilýän gürrüňleri öz ýanyndan saldarlap otyrdy. Ol Hanumaly pikiriniň gapdaly bilen bu mähelläniň öňüne düşüp, serdar bolup ýol kesip barýan Hojam han hakda oýlandy.

Onuň geýnişinde-de, özüni alyp barşynda-da parh duýulýardy. Hojam hanyň egninde könelmedik garma don, başynda seleň gara silkme telpek, aýagynda ýörände gadamyna dars berýän, her kime ýetdirmeýän gonçly gara ädigi bar. Onuň münýän atam beýlekileriňkiden has kuwwatly hem dyzmaç görünýärdi. Ol jylaw çeýnäp dyzanyp barýarka, baýdak bolup pasyrdarly görünýär. Hanyň garaýşynda-da tapawut bar, ol sereden zadyna sorag-talaply seredýär. Dogrudan-da, han bolan adam töwereginden şeýdip, belli bir derejede bolsa-da, tapawutlanmalydyr-da.

Aýallar arasynda beýemçilik edip gelýän hanyň baýry aýaly-da özgelerden tapawutly görünýär. Onuň başynda özge aýallaryň börüginden has uly görünýän maňlaýlykly topbusy bolup, ol onuň boldumlydan nurana ýüzüne özboluşly dabara berýär. Onuň aýdany aýdan, diýeni diýen mertebeli aýallaryň biridigine güwä geçýär. Häzirem ol aýal-gyzlaryň arasynda beýemçilik edip, oturyşyna, mahal-mahal töweregine göz aýlap, ähli ýagdaýy syndan sypdyrman, esewan bolup otyr.

Hanuma-da hanyň aýalynyň golaýynda, erkeklere ýeňse öwrüp oturan başy atynjaly aýallaryň biridi.

Gidip töwerekde aýlaň-çaýlaň edenden bolup, öz zerurýetiniň ugrunda bolup ýörenler nahardan soň köpelip ugrady.

Haçan-da topardan iki aýal ör turup tirkeşip, aýal-gyzlaryň gidýän tarapyna, gözden sowarak ýer gözleşip barýan mahallary Ahmet olaryň biriniň Hanumadygyny gördi. Gelinler aşak inip, birsalym depäniň aňyrsyna aşyp, gözden ýitenlerinden soň, täzeden görnen wagtlary ol Hanumany göz astyndan ýene bir gezek gaýtadan synlady. Aýallaryň ýüzi indi bäridi. Olar howlukman öz

maýdallaryna ýöreşip, gürleşip gelýärdiler. Şol gelýänleriň başy köne çabytly, egni ýatyş gyzyl köýneklisi Hanumady. Ol häzir hamala Ahmediň özüni synlaýanyny duýan ýaly, ýüzüniň bir bölegini tanasyn diýýän deý, görkezmek isläp çabydyny ýeňseräk çekip, onuň bir synyny bir goly bilen gysymlap, özüniň kimdigini äşgär edip  gelýärdi. Bu onuň şu pursatda özi barada bermäge ýetişen habar alamatydy.

Bu Ahmede onuň bu ýerde barlygyna, sag-aman gelýänligine ýene bir gezek göz ýetirmek boldy. Şeýle-de bolsa ol birbada nädip Hanuma delalat edip, ony düşen ýagdaýyndan dyndaryp biljegine aň edip bilmedi. Şu pursatda Hanumanyňam özüni görüp biljegini pikir edensoň, atyny suwlamalydygyny ýatlandan bolup, ýerinden turdy-da, bäşataryny orta bilinden gysymlap, aşakdaky atlarynyň töwereginde köpelýän adamlaryň ýanyna gitdi. Gaçkow ýagdaýlardan halys bolan adamlaryň nahar-çaýdan soň birazda bolsa, ýürekleri ýerine gelip, rahatlyk tapyp ugrapdylar.

Kowgudan gaça durlup, goranyş häsiýetinde çaknyşylan-da bolsa, ýaraly bolan ýedi-sekize, ölen-ýiten dört-bäşe barypdy. Ölenleriň birem Tirkişdi. Adyndan belli bolşy ýaly, ol biriniň ýekesidi. Onuň göç arasynda garryja ejesi-de bardy. Oglunyň söweş meýdanynda galanyny eşideli bäri, ol aýallaryň arasynda agtygyny gujaklap, zar-zar aglap, ýaşmak ezip, sessiz aglaýan gelni bilen, başlaryna ýas bürenişip, bagry birýan halda otyrdylar.

Hojam hanyň aýaly han heleýi hökmünde göçi eýemsirenip oturanlaryň arasynda aýlanyp, özüniň özge heleýlerden parhlydygyny nygtaýan deý ýitgi çekenleriň ýanyna birin-birin baryp, olara duýgudaşlyk edip, göwünlik berýärdi.

Hojam hanyň atly ýollap, ol merhumlary meýdandan ýygnamagyň ugrundadygyny hem teselli hökmünde aýdýardy. Köşeşer ýerde köşeşibermeýän Tirkişiň ejesiniň ýanyna ol hasam ýygy-ýygyndan aýlanyp, duýgudaşlyk edip, gapdalynda otyrýardy.

–Gaýrat ediň, enesi. Allanyň halanydyr. Alladan gelse, oňa ýäre bolmaz. Allatagalla diýermiş-ä «Kim meniň edenme razy bolmajak bolsa, çyksyn meniň mülkümden!» diýip.

–Wah, ýekämdi-le...

–Onuň birem bolsa, ölümiň awusy birdir, enesi. Muňa-da şükür ediň! Kowgy yzymyzdan ýetip barymyzy okdan geçiren bolanlygynda nätjek? Hälem erkekler berk durup, gaýtardylar ýagyny – diýip, ýagdaýyň has erbet bolmalygynyň hem mümkin ekenligini aýdyp berip, ony mümkin boldugyndan tobasyna daýandyryp, köşeşdirmäge çalyşýardy.

Hojam hanyň tebigaty göterimräk Girdä: «Serdar, özüň gitmeseň bolmaz!» diýip, gop berip, bir bölek atla ony baş edip, merhumlary ýygnamak üçin yza iberen topary, gün öýläne sanyberende wepat bolanlaryň üçüsiniň jesedini tapyp, goşa getirdiler. Olary il bolup, Pendiň guzaý ýapylarynyň birinde, ähli edim-gylymlara laýyklykda, şehit hökmünde depin etdiler. Olaryň ejizleri: «Watanyň sizi goýberesi gelmän eken. Ol sizi öz gujagynda alyp galýar. Indi biz näderis? Gidilmän geçen Owgana gitmänler geçsek bolmaýarmy?» diýşip, zar aglaşdylar. Bularyň arasynda öldi hökmünde dereklenen Tirkiş welin ýokdy. Gidenler ony ýer ýykyp, näçe gözleselerem tapmandylar. Atdan aganyny görenler ol ýerden soň baryp, onuň diňe telpegini tapyp alypdylar.

Tirkişiň şundan soň  ýaraly bolup, kowga ýesir düşenligi çen edildi. «Çykmadyk janda umyt bar» diýleni boldy.

Ogluny barlaryň arasyndadyr öýdüp, şundan soň onuň ejesi-de zarynlap eňremesini goýup: «Ölmedik bolsa, bir ýerden çykar» diýen tama bilen, Taňra sygnyp, ýagşy dilege berildi.

Hojam hanyň öz topary bilen gelip düşlän ýeriniň iki-üç küňre baýyr ilersinde bu töwerekde «Gaş» ady bilen belli bolan bir ýanyny Owgan topragyna sanyp, günorta-demirgazyga ýaýrap oturan, öwrüm ýasap, onlarça menzil türkmen topragyna uzalyp

gidýän baýyrlaryň arasynda ýerleşen bir düzlük bardy. Ol düzlügiň içi bilen ýylyň ýaz hem güýz aýlarynda jülgäniň pes ýerlerine ýňyp, beýigininiň gapdalyndan öwrülip geçip, wagtly-wagtal azalyp-köpelip, tomsuna bolsa akmasyny keserli bolup, suwy has azalýan bir jar bardy. Hatda ol tomus az salym akmasyny goýsa-da, onuň belli-belli ýerlerinde çeşmeleýän ýerleri bolup, bölek-bölek suw toplumlary jar içinde kölçerip ýatardy. Onuň suwy bu döwürde ajap, mal-gara içmegi üçin bolaýmasa, içimlik üçin biraz şor kakyp, ýaramsyzrak bolardy. Diňe ýaz-güýzde onuň olumynda akym başlanandan soň suwy hemmä içmäge ýaramly bolardy. Duzy azalan ýaly bolup, ýympy suwy bolardy. Şu döwürde bu öwräniň çopanlary hem mallaryny ýakýan guýulary öri ýerlerinden uzagrak bolsa, ýol aşyp, oňa gidip ýörmän, «Gaşyň» suwundan oňňut ederdiler. Jaryň iki ýakasy bolsa gür ösen, ýaşap giden pürli ýylgynlaryň, ýeneki maýda, köpýyllyk ot-çöpleriň mesgeni bolardy.

Golaýda bu suwuň barlygyna atlar ilki duýdular. Suwsan janawerler şol tarapa gözleşip, boýurganyşyp, ýerli-ýerden nähilidir bir gowulyk görýändiklerini mälim edişip, gözgalaň tapyşyp duran ýerlerinde tamakin halda hokranyşyberdiler.

Atlaryň salgy beren tarapyna gidip, birki atly ol ýeriň habaryny alyp, özleri üçin amatly ýerdigini anyklap gelensoňlar, göç otluk-suwluk bähbidini arap, şol ýere göçermen boldy.

Adamlar jar boýnuna gelip düşläp-düşlemänkäler, Ahmet at üstünde nirede düşlejekdiklerini peýleşip, maslahatlaşyp duran Hojamdyr Bäpbäniň ýanyna gelip, olara habarynyň barlygyny mälim etdi.

–Agalar, indi meniňem bir habarymy alsaňyz!

Atlylaryň ikisem oňa tarap at başlaryny öwürdiler.

–Näme habar? – diýip, Bäpbe biraz geňirgenme bilen ilki dillendi.

Ahmet:

–Ýolda gabatlaşdyk, ýoldaş bolduk, sag-aman duşman halkasyndanam aman sypdyk.

–Hudaýa şükür – diýşip, Hojamdyr Bäpbe ikisi iki ýerden ýüzugra onuň aýdanyny kanagatlanma bilen baş atyşyp makulladylar.

– «Dogmadykdan dogan bolduk» diýleni. Senem bize Hudaý ýetirdi – diýip, Bäpbe atyň jylawyny eýeriň gaşyna taşlap, Ahmediň ýüzüne çiňňerlibräk oturyşyna soňam onuň soňky diýmekçi bolýan gepi bilen gyzyklandy.

Ahmet:

– Men-ä, gardaşlar, sizden rugsat sorajak bolýan. Öz ýoluma gidibersem diýýärin!

Bäpbäniň raýy üçin ýüzüne gelip, bir zat diýmedigem bolsa Ahmet özüniň bu ýerde peýda bolmagynyň köpi gören hana «Munuň soňunyň bir çöpi bolmasyn?» diýen, şübheli pikir döredip, onuň düýrügenini görüpdi.

Bäpbe bu gepi göwnüne jaý edip bilmänligini mälim edip, oýurganyp biraz çytyldy.

Jogabyny Hojam hanyň özi berdi:

–Ildeş, bile gidiberenimizde bolmaýarmy? Barýan ýerimizem şol bir ýer, onsoňam entek türkmenleň oturan obalarynyň birine bir ýeteliň. Sen bir ýola belet adam. Gyssag bolmasa, biziň aýagymyza ýöräp, bileräk gidiberseň nädýär!?

Hanyň sözünde haýyş-da bardy, alada-da.

–Barýan ýerimiz-ä bir bolmaly. Häzir bu topraga aşanlaryň hemmesiniň Jüneýit hanyň töwereginde bolasy gelýär.

–Şondan başga nä ýat ilde türkmene hossar çykjak belli ýaka barmy, eýsem?

Bäpbäniň bu aýdanynyň Hojam bilen Ahmediň hem göwnüne jaý bolanlygy belli boldy. Olar düşünişme bilen bir-birlerine baş atyşdylar. Ýoly bile dowam etdirmegiň kem bolmajagyny makul bildiler.

Owgana aman-sag aşan adamlara sürlenişip bärden barjak ýerlerindäki özlerine garaşýan ykbal, näbelli ümrüň içinde bolsa-da, olar özlerini telim ýyllap sürnüp, saýrykdyryp ezen durmuşyň yzda galandygyna, indi ine-ganalykda ýaşap-işläp boljak ýere ýetendiklerine ynanaslary gelýärdi. Şeýle-de olar bu gidişligiň hemişelik däldigine, mümkinçilik bolsa tizara ýene-de Watana öwrülip geljekdiklerine, bu gidişligiň gün görkezmeýän guduzlan ýagynyň öňünden birbada sowulmakdygyny pikir edýärdiler. Adamlaryň serhetden geçilse-de, ondan uzaklaşaslary gelmeýänliginiň sebäbi-de şundady. Olarda mümkinçilik bolsa, ýene-de harsa şonda yzymyza dolanarys diýen tama bardy. Haýsydyr bir gudrat Watan tarapdan hemmeleriň kalbyny hamala olaryň gidibermeklerini göwnemeýänligini duýdurýana meňzäp, özüne çekýärdi. Häzirki döwürde bu gep zir-zöwran bolup, Watany bialaç taşlamaly bolanlaryň yzda galan topragy ýat edip, onuň ruhunyň öňünde hasrat odunyň ýalnyny ýüzüne çabradyp, öz ýanyndan edýän kasamydy. Ahmyrdyr armanda galan goç ýigitleriň bir gün jemlenişip, uly güýje öwrülip gelip, duşmanlary bilen hasaplaşmagy, öz topraklarynyň üstünde, Günleriniň astynda ýaşamaga ýene-de hukuk gazanmak bilen bagly öz tamaly umydydy.

Jaryň boýuna gelnensoň, başlary Güne gyzyp, yssylap ugran adamlar bu ýerdäki bol ösen ýylgynlaryň kölegesini eýelemekdenem ötri, olaryň başlaryny bir-birlerine çatyşdyryp, özlerine saýalar ýaly has oňaýly çöp çatmalar, sümelgeler ýasandylar. Atlar, eşekler düýeler ýylgynlygyň aralygyndaky ululy-kiçili boşluk – aramlyklarda ýerleşdirler. Adamlar bu giden ýylgyn tokaýlygynyň amatly düşelge bolmak bilen birlikde onuň özlerini töwerekde bolaýmagy mümkin hasap edilýän, ygyp-ysyrganyp ýörenleriň hem gözünden sowarak hasap edilip, onuň özlerine töwerege gabalap, gizleýändigine hem göwün

ýüwürdýärdiler. Birazdan adamlaryň kalbynyň rahatlyk tapyp ugranlygy belli boldy.

Hojam han ýakyn töweregi bilen Gaş jarynyň boýundaky ýylgynlaryň bir bol biten ýeriniň aralygyndaky öwrümçäni saýlap ýerleşdi.

Bir ýerlerde ýeriň giňini alan bedeneleriň bydyklaşýan sesleri eşidilýärdi. Üns berseň, olaram sazlaşykly saýraşyp, adamlary rahatlyga ýetendiklerine ynandyrmak isleýäne meňzeýärdi. Jar boýuna töwerekden gelip, suwlap gidýänler başga-da az bolmaly däl, mahal-mahal uly bolmadyk guş toplumlarynyň bu ýere uçuşyp gelýänlerini, pasyrdaşyp ýylgynlygyň depesinden göterilişip barýanlaryny hem görse bolýardy. Ýaňyrak bir bölek goýun bu ýerde suwlap giden bolmaly, ýylgynlaryň arasynda togalanyşyp ýatan täze çörler we goýun ysy bardy. Jaryň suwy hasam irden biraz duzy çöküşip, içmek üçin amatly bolýan bolmaly-da.

Hojam han topary bilen indi garaňky gatlyşyberende bu ýerden göterilip, ýola düşmegi niýet edinýärdi. Ýöne bu ýeriniň kölegeden başga-da bar bolan bol ot-iým, suw bähbidi Hojam hanyň toparyny has köprägem eglärli görünýärdi. Onsoňam bu ýer soňky döwürde bolşewigiň asmandan aýeroplanly gelibem, bu ýerlere köw salyp gidebermesiniň bardygy üçin olaryň gözünden gizlenmek üçinem amatlydy. Ýakynda Mor galada ýörite olar üçin uçar-gonalga ýer oňarylyp, oňa iki-üç uçarly bölüm hem getirileni bäri, olar bu serhetde hasam köp görnerdiler. Olaryň tarryldysy al-asmandan eşidilerdi. Onuň gaçan-goýana aňtaw salyp, serhet ýagdaýlaryny öwrenmek üçin aýlanýanlygy bellidi.

Tilkiniň müň sapalagy bolup, iň gowusynyň göze görünmezlikdigine ynanýan Hojam han şonuň üçinem Gaşyň buky şu ýagdaýyny hem göz öňünde tutup, ýene-de biraz bu ýerde eglenäýenini kem görmeýärdi.

Ahmet Bäpbäniň aýratynrak topary bilen bölek goş bolup, iki sany ýanaşyk ösen ýylgynyň başyny çatyp, şonuň töwereginde ýerleşipdi.

Em edilen-de bolsa Bäpbäniň ýarasynyň agyrysy süňňi sowadagyça, has ýiti duýlup ugrapdy. Ol wagtal-wagtal tebibe igenýärdi.

–Ow, tebip, aldy-la, how bi, bir zat et-dä muňa! – diýip, nägile bolýardy.

–Edilmeli emler häli-häzir edildi, batyr!

–Aýag-a halys yza-zähere öwrüldi. Indi agyry baryp, ýürege urýar!

Bäpbäniň gapdalynda ýaňyrak nahardan soň göknar içip, keýpini birneme köklän Hellew bagşy öňüne dutaryny kese basyp, bileninden iki-ýeke heň gaçyryp, sazy bilen Bäpbäniň derdini ýeňledýänine ynanyp, oňa saz çalyp beren bolup meýmiräp otyrdy. Gaňyrçakly burnuny talawladyp oturyşyna göknaryň bady bilen özünden göwni hoşdy. Şol oturyşyna-da ol Bäpbä: «Batyr, ýene haýsy sazy çalyp bereýin?» diýip, dertli adamyň ýüregine düşýändir öýtmän, gepini hetjikläp häli-şindi oňa ýüzlenýärdi.

–Batyr, saňa bolmasa, ýepbegräk heň bilen «Gelinleri» gaçyryp beräýeýsem nädýä? Şu arada «Gelinlerli» gepiň biraz-da bolsa Bäpbäni özüne imrindirendigi belli boldy. Bu aýdym onuň halaýan aýdymlarynyň biridi. Hellewe jogap hökmünde ol änewli bagşyny ýatlady.

–Hä, ony änewli bagşa aýtdyraýsaň. Çalgyrdrak diline çolap bir aýdar welin, ine, görseň çeşmeden küýzesini dolduryp, egnine alyp messan basyp gelýän bir gelin görner. Ol şol pursat öz gujagyňa gelýän ýaly duýlup, göwün hezil tapar...

Bu gepden «Sen onça aýdyp bilesiň ýok!» diýen kemsidiji göwnüýetmezçiligi duýan bagşy.

–Meniňem «Gelinlerimi» erbet görenoklar, haw – diýip, ondan biraz nägile boldy.

–Diňledim-ä senem. Sen onuň bir bendinem goýup aýdýaň.

–Öňem şeý diýdiň sen bir gezek, batyr. Ol nähili bentmişin onsoň?

–Men änewli bagşyny diňlän adam-a...

–Aýt-da onda bilýän bolsaň şol bendi!?

–Bend-ä ýat bilemok... Ýöne onuň manysa şeýleräk. «Eý, gelinler, men ölemsoňam, siz şu öwlüýäň içinden çeşmä suwa ötersiňiz, şonda meniň ýoluňyzdaky gubrumdan sowlup geçmän, ony ýalaňaç, akja aýajyklaryňyz bilen depgiläp-depgiläp geçiň, meniň ruhumy şat ediň! – diýen terzde aýdardy ol...

–Haý, zaluwat änewli, heleý gadyryna bilýän eken, «Ýalaňaç aýajyklaryňyz bilen gabrymy depeläp geçiň» diýşini, gör, onuň! – diýip, Hellew bagşy gelinler bilen bagly gürrüňden hezil tapanyny mälim edip, dutarynyň kirişlerine kakybam goýberdi. Soňundanam Bäpbäniň ýüzüne köpmanyly gözläp: – Seniň ol oljalanyňam görmegeý gelin eken, zaluwat. Änewliniň ýalaňaç aýajyklary bilen gabryny depeledesi gelenem, hut şeýle bir melek bolmaly – diýdi. Hanumany görüp, oňa gözi gidenini mälim edip gürledi.

Gep aýlanyp, dolanyp ýene Hanumanyň üstünden gelensoň, Ahmediň bu ikisiniň ol baradaky gyjynyşyp edýän gürrüňlerini diňläp oturasy gelmedi. Atynyň aladasyny edenden bolup, turup olaryň ýanyndan gitdi.

Ýylgynlygyň degresi hiç neneňsi dälem bolsa, heniz bolubam Owgana aşanyna juda bir ynanyp barmaýan Hojam hanyň birazdan «Ýagydan ýaý boýy» edip, ýola düşmekçi bolýanlygy belli boldy.

Adamlaryň birnäçesi eýýäm atlaryny örklän ýerlerinden getirişip, eýerläp, ýol şaýlaryny tutmaga başlapdylar. Hojam hanyň aýaly turup, töweregine gözläp: «Bökdüm-dökdüm bolmasyn, goş-golamlaryňyzy ýatdan çykarman, toplaşdyryp alyň, tizräk boluň özüňizem, erkekleri garaşdyryp irikge etmäň!» diýip, elini aýlap, biline urup durşuna töweregine buýruk berişdirip ugrady.

Emma tizden köplenç adamyň göwnüne gelen zatlaryň, onda-da has hem ýakymsyz zatlaryň hakykat bolýanlygy ýene bir ýola subut boldy. Hojam hanyň obany oljalamak bilen bagly Hanumany atyň öňüne basyp, bir iliň ýüzüni ýere basmak bilen bagly oýlara berlip, aňsat beýle işleriň türkmençilikde jogapsyz galmaýanlygyny howatyrly ýatlap, ýene-de bir gezek pikir edenem şoldy welin, ileri tarapda, sesýetimlikde depäniň üstünde ýörite goýlan bir garawulyň aňyrdan howsalaly bir zatlar gygyryp, düwdenekläp oturan depesinden aşaklygyna inip gelýänligi göründi. Onuň näme diýýänligi birbada aýyl-saýyl bolmasa-da, elem-tas bolup aljyraňňy gelşinden oňly habarynyň ýoklugyny welin bilmek kyn däldi. Onuň bolup gelşi adamlaryň töwereklerini garanjaklaşyp, ýene bir belanyň bäri bakanlygyny pikir etmeklerine sebäp boldy. Ýene-de adamlaryň kalbyna howsala aralaşdy. Onýança ýaňky gözegçiniň oturan depesiniň üstünde, ilki bir, soň ýene iki atly peýda boldy. Atlylaryň kimdigi näbelli bolsa-da, Hanumanyň oljalanmagyny göwnüne jaý edip bilmän ýören Hojam han, olaryň şonuň yzyndan gelmegini çak edýän kowgusydygyna ynandy: «Häý, eden işiň bar bolsun seniň!» diýip, ýene içinden nägile bolup, Bäpbä käýindi. Atlylar salgym atyp görünýändikleri üçin, olary bu ýakyn bolmadyk aralykdan entek durlap aýyl-saýyl etmäge mümkinçilik ýokdy.

Hojam han çen-çakyny soňlap-soňlamanka, aňyrdan düw-denekläp gelýän gözegçi ýylgynlaryň arasyndan çykyşyp, özüne tarap gelýän adamlary görüp, arka tapyndymy nämemi, diňe şundan soň yzyna öwrülip, görnen atlylara tarap ok atdy. Atlylaryň kimligi bilinmänkä ok atylmagyny han halamady. Ol duran ýerinden: «Haý, oňarmady-ow doňuz ogly!» diýip, oňa käýindi.

Ýöne eýýäm boljak iş boldy. Iki taraplaýyn ok atyşygy başlandy.

Hanyň buýrugy bilen erkek adamlar bükdekleşip, amatlydyr diýen ýerlerinde ýer ýassanyşyp, goranyşa geçdiler. Göçüň

asgynjagy aýal-gyzlar ok, ýenekiden sowarak hasap edilen ýer – jaryň hanasyndaky bukurak boşluklara çekilmäge howlugyşdylar.

Ýat atlylar özlerine tarap atylan oklara biraz garşylyklaýyn ok atyşyp, jogap berensoňlar, ýene-de duran-duran ýerlerinden at başlaryny ýeňsä alşyp, depe ýeňsesinde gözden ýitdiler. Soňam olar wagty bilen hiç ýerden gara bermän, Hojam hanyň toparyny alada goýdy. Niredenem bolsa bir ýerden görnäýjege meňzäp wehim saldy. Ahmet dagy dört-bäş bolup, nätanyş atlylaryň görnen depesine ýerli ýerden hal-hallaşyp çykyp, töweregi gözden geçirseler-de, olardan derek tapylmady. Hany, saňa gören ýeriňde duşman durýamy göni bakyp?!

Bu düşnüksizden howply ýagdaý soňra ýola düşmekçi bolup oturan Hojam hanyň pikiriniň üýtgetmegine sebäp boldy. Şundan soň ol gije ýöremegiň howpludygy, şol görnen adamlaryň bir ýerde bolmasa, ýene bir ýerden gara berip ýa-da ýol saklap, özlerine garaşyp, atymyny peýläp ýatan bolmaklarynyňam mümkinligini pikir etdi.

Görnen atlylar barada Hojam handa olaryň başlaryndaky seleň telpeklerini görüp ilki: «Ötüp barýan ötegçi bolaýmagy-da ahmal, öter gider diýen çen-çak pikir dörän-de bolsa, garşylyklaýyn ok atylansoň, ol barybir, munuň anyk bellisi bolmasa, özüniň ynjalyp bilmejegine düşündi. «Nirden-nirä getiren adamlarymy gelip-gelip, indi şu ýerde gyrgyna beräýmäýin» diýen gorkuly alada berlip oýlandy. Häzirki ýagdaýda ýoly dowam etdirmegiň howpludygy, bolmasa belli bir wagta çenli şu amatly ýerde goranyşa geçip ýatmagyň pikirini etdi. «Kelte gaýdýan bolmaýyn?» diýen oý bilen töweregindäki toparyň sala salýan adamalaryna hem bu pikirini geňeşdi. Olar hem hanyň: «Bu gün şu ýerde galyp, ertir gündizligi öňe alyp ýöräbersek nädýär?» diýen gepini makul tapdylar:

–Ýarym güne ýaryş ýok.

–Onýança atlylaryňam kimdiginiň bellisi bolar.



*17

–Seresaplyk zelel etmez. Barjak ýerimize bir gün, ýarym gün giç barjak ekenik-dä, sag-aman barsak bolýar – diýişdiler.

Topar gije ýol ýöremek niýetinden el çekensoň, goşlar täzeden çözüldi. Töweregiň gözegçilik saklawy öňküsinden has güýçlendirildi. Niredenem bolsa golaý bir ýerden duýdansyz görnäýjek, sürnüberjek ýaly bolup duýulýan atlylara wagtynda gaýtawul bermek üçin taýynlyklar görüldi.

Gije il deňinde başyny ýere goýan-da bolsa Hanuma golaýynda, bir ýerde höwür at daňylanyny syzan meýil-messanly baýtalça ýaly, Ahmedi görüp tanansoň, wagtynda ynjalyp uklap ýatyp bilmedi. Ýatan ýerinden agdarynjyrady. Ahmediň özüniň yzyndan gelenine minnetdar bolup ýatan ýerinde sessiz aglabam goýberdi. Aglamasyna ol şol Ahmedi ilki atlylaryň arasynda gören mahaly aglapdy. Ýöne syr bermezlik üçin, aglaman saklanmaga, munuň ýeri däldigini özüne ynandyrmaga şol pursatda gurbat tapypdy. Ol häzir haýsy ýylgynyň astynda ýatan bolsa-da, Ahmediň özüni gözden salmaýanlygyny, mümkin boldugyndan, duýdansyz hereket edip, özüni halas etmegiň ugrundalygyny çen edýärdi. Ol bir ýerden duýdansyz boýugaýjak ýaly bolup duýulýardy. Tutuş durky bilen göz-gulaga öwrülip, tamalanyp garaşýardy.

Hanuma gijäniň gaýry bir wagty ahyr irkildi, üstesine-de bulaşyk, ýakymsyz düýşem gördi. Ol Gaş jarynyň içinde köýneginiň eteginiň öňüni ebşitläp, ony göbeginiň töweregine çenli göterip, tutup durmuşyn. Bir balyk, soňra ýene bir balyk edil onuň gapdaljygyndan guýrugy basylan deýin, segräp, şapyrdap ýokary böküär. Özem balyklaryň hersem el ýaly, tylla teňňe çaprazmyşyn. Olar howada ýygrylyp-ýazylyp bir pursat urnuşansoňlar, palçyldaşyp, palçyldaşyp suwa düşdüler. Hanumanyň üstüne suw syçratdylar. Hanyma «Üsti başymy suwdan doldurdylar» diýip, nägile bolup, ýeňsä çekilmekçi bolup, suwuň ortasynda geriş bolup ýatan gara adajygyň üstüne ýeten wagty, ol ada jan girip, äpet balygyň arkasyna öwrülip, üstüne

basylandan nägile bolup, bulanyp herekete geldi. Aýagy taýan Hanuma: «Bu suwda-da beýle uly balyk boljak eken?» diýip, geň galmasyny soňlap-soňlamanka-da ol aýagyndan alnan ýaly, taýyp, pajyldap ýaňky balygyň gapdalyna ýykyldy. Balyk şu pursatda ony özüniň äpet göwresiniň astyna alyp mynjyradarly göründi. Hanuma balygyň mähnet göwresiniň aşagyna düşmejek bolup, ýüzüp ondan daşlaşmaga çytraşýar. Birazam bolsa şonda oňa balykdan daşlaşmak başardýar. Ýöne tizden balygyň, hol, yzynda köwlenip duran guýrugy herekete gelýär-de, ony uzaklaşdyrman urup ýykýar.

Hanuma öz sesine özi hopugyp oýandy. Häzir onuň tutuş süňňüni gorkuly galpyldy gaplap alypdy. Hasam ol balygyň guýrugy özüni badyna ýere sokarly bolup uran wagty gorkupdy.

Hanuma ýerden başyny göterip, esli wagt dişi agyrýan ýaly, iki eli bilen ýüzüni tutup, äpet balygyň deminden sypanyna ynanyp bilmän gorkuly oturdy.

Ýylgynlygyň bir ýerinde hüwi gygyryp, töweregi bilen gürrüňdeşlik edýän eken. Juda gorkany üçin, hüwiň sesi hem oňa birbada, hut şol gara balyga degişli ýaly bolup hatarly eşidildi. Ýatan ýerem birden öwrüm alyp, balygyň gerşi ýaly süýşüp, gozganyberjek ýaly howply duýuldy. Biraz özüne gelen çagy şeýle gorkulanda, ýürege biraz basalyk bermek üçin suw içmelidigini ýatlasa-da, suwly meşigiň, hol beýledäki üýşmek goşuň töweregindeligini ýatlap, adamlaryň üstünden geçip, oňa ýetäýmegiň aňsat däldigine düşündi. Onuň agzy taplap kepäp durdy. Balygyň wehimi onuň süňňüniň gyzgynyny hasam artdyrypdy.

Hanuma ýene şeýdip, bir salym meýdanda galan çopan çelegi ýaly bolup lagambir ukuda ýatanlaryň arasynda dikelip oturansoň, ýuwaş-ýuwaşdan ýas-ýaňy duşan howp-hatarlarynyň deminden aman sypanyna ynanyp ugrady. Gijäniň gaýry bir wagtydy. Hanuma dikelensoň, täzeden ýerine süýnmäge gyssanmady.

Indi häzir gaýrada daňyň atar ýeriniň töwereginde, ýaý berip oturan bir bölek solaksy ak meýdan peýda bolup ugrapdyr. Daň eteginiň gyzarar wagty bolup ýören bolmaly. Emma nirededir golaý bir ýerde jeňňel otlanyp, onuňam burum-burum gara tüssesi asmany gaplap alan ýaly bolup, henizem gara gijäniň içinde imisalalyga çolanyp ýatyrdy.

Asman ýyldyzlarynyňam şindi başy bozulmandyr.

Aý ilki doganda dilim gawuny ýatladyp görnen hem bolsa indi, deňiz içinde öz töweregindäkileriň haýsyny mündürjegini bilmän, ýyldyzlaryň arasynda ýüzüp ýören ak gaýyga öwrülipdi...

Hanumanyň töweregindäkiler irki namaz wagtynyň boluberenligine seretmezden, ýer diňleýän ýaly bolşup, henizem süýji ukuda ýatyrdylar. Olaryň burunlarynyň sazlaşykly «hyşy-wuşusy» dowam edýärdi.

Hanuma aýakýoluna giden wagty, ol özüniň bu ýerde göz astyndaky adamdygyny ýene bir gezek ýatlap, ýanyna ýoldaş aladasyny etmelidigine düşündi. Özüne ýoldaş edinmekçi bolup, gapdalynda depe bolup ýatan hanyň kiçi aýalynyň egnine elini goýup, ony sähelçe yralady.

–Dürnabat! –Dürnabat ukusyna degilmegini halamady, horguryp, güpüläp gapdalyna öwrülerli göründi.–Dürnabat, tursana gyz, ýör bile aýakýoluna baraly-la?! – Hanuma bu gezek öz sesini töwerekde oýa bolanlara eşitdirmek maksady bilen öňküsiden biraz gatyrak ýene bir gezek pyşyrdady.

Ukusy agyr Dürnabat ony ýene-de eşitmedi.

Hanuma ör turup, başyna atynan çabydyna çolanyp, kelte nazar aýlap, şol duran ýerinde töwereginiň habaryny alansoň, Dürnabada kaklyşmazlyk, ýeneki kimdir birine büdremezlik üçin seresap basyp, aýaguçdan usul bilen aýlanyp geçdi-de, aşak jara tarap ýöneldi.

Hanuma gündizlikde aýal-gyzlaryň özlerine aýakýol edinen ýeriniň nirededigine beletdi. Ol ýylgynlary aralybrak

biraz ýöränsoň baryp, atlaryň örklenen ýeriniň gapdalyndan bir ýerlerden çykdy. Töwerekde her ýerräkde, her ýerräkde örklenen atlar, olaryň ot-çöpe timisgenmekleri üçin agyzdyryklary kellesinden aýrylyp, amatlylyk döredilen hem bolsa, olar otlaman, dünýäniň ukusyna gatylyşyp, aýak üstünde ümsümlige goşulyşyp irkilişip durdular. Düýnki del adamlar sürini garamlaýan möjege meňzäp, göç töwereginde görnenden soň, ahmallygy elden bermezlik üçin, gerek bolanda bada-bat atlanaýar ýaly atlara indi eýer-jul-da goýlupdy. Hanuma atlary gören wagty, şu atlaryň biriniň Ahmediniň atydygyny çen etdi. Ahmedi göreli bäri küý-köçesi şol bolansoň, onuň göwnüne olam häzir golaýda bir ýerde bar ýaly bolup hem duýuldy. Şol barmana-da ol niýetini üýtgedip: «Gaçaýmaga amatly wagt eken» diýip, pikir edenini hem duýman galdy. Şundan soň onuň ýürek urgusynyň üýtgänligi belli boldy. Onuň göwnüne, kimdir-biri töwerekde öz hereketini göz astyna alyp, yzarlap ýören ýaly duýuldy. Onuň ýüregi tutulan guşuň ýüregi ýaly gürsüldäp, hamala, gaçyp barýanyň aýak düňküldisi bolup, has batly urup ugrady. Töweregini gözläp Hanuma eden pikirinden üýşendi.

Hanuma haçanda bir irkilip duran atyň gapdalyndan ötüberende at töwereginde ýat barlygyny syzyp, burnuny parlatdy. Şol barmana-da kimdir biri golaýdaky uly ýylgynyň ýeňsesinde tüýkürinjiredi. Gorkudan ýüregi gürsüldäp urýan Hanuma nädip duran ýerinde aşak oturanyny hem duýman galdy. Aňyrdan kimdir biriniň balagynyň uçguryny daňyp gelýän sulbasy göründi. Ony görüp gorkusy hasam artan Hanuma gyssaga düşen wagty hemişe biygtyýar bolýan neminiň birazyny waşyrdadyp, oturan ýerine nähili goýberenini hem duýman galdy. Aňyrdan gelýän adam öňünde bir zenanyň meýdan edip oturan sulbasyny saýgardy-da, «ähüm» edip, oňaýsyz ýagdaýa düşenligini mälim edip, onuň gapdalyndan oýtarlap ötdi.

Hanuma şundan soň onuň özüni aýakýoluna çykan aýaldyr öýdüp pikir edenligini bilip, biraz arkaýynlanyp-rahatlandy. Ýöne ondan dyndym diýse, biraz-da ýeňsede ýene biriniň ýeňiljek ardynjyramasy eşidildi. Işini bitirip, uçguryny daňyp, yzyna köwlenmekçi bolup duran Hanumany bu üsgürinjireme hasam howatyrlandyryp, ýene töweregini diňirgendirdi. Onuň yzysürede golaý bir ýerden guş ganatynyň pysyrdysy eşidilen ýaly boldy.

Indi bireýýämden bäri ýylgynlaryň biriniň şahasynda oturyp, hetjikläp, gijäni nämedir bir zada ynandyrjak bolýan ýaly bolup, yzly-yzyna süre okaýan hüwiniň sesi hem şu arada symah boldy. Kimdir biriniň golaýlap gelýänligini duýup, o-da ýüregine howsala alyp, göç edip uçan bolmaly...

Hemmeler ýatsa-da, Ahmet ýatmandy. Onuň garagyna syh kakylan ýalydy. Hanumaly meseläni birýüzli etmese, ýatyp-da, ynjalyp-da biljek däldi. Ol ýatar ýer edinip, oňa süýnenem bolsa, gözi aýal-gyzlarly toplumyndady. Uzakly gije ol ýerdäki hereketi synyndan sypdyrman, Hanuma barada oýlanypdy. Göwnüne her hili pikirler getirip, sähel salymdan telim bir hyýala münüpdi. Hanumany halas etjek bolsa hiç wagtam şundan amatly wagtyň bolmajagyny, munuň üçin bolsa örän akylly-başly, şol bir wagtda hem soňuny saýmazdan edilen aýgytlydan batyrgaý hereketiň hökmandygyna düşündi. Şu pursatda onuň bir çemine salyp, Hanumany pasyrdadyp, atyň öňüne alyp gaçyp gidiberesi geldi. Meýdanda Hanuma bilen ikibaş galynanda dagy boljak aýşy-eşret hezilligiň höwesi bolsa ony şol pursatda bu pikire hasam imrindirdi.

Göçem Owgan ýerlerine doly aşmasa-da, indi eýýäm onuň gyrak-çetlerinden aralaşybam ýördi. Ýöne indi näme etseňem, göç barýan ýurduna ymykly aralaşmanka etmelidi. Ahmediň bilşiçe ýylgynlyk Gaşyň dowamy bolup, göç aýagyna ýörelende ýenede azyndan bir günden gowrak dowam edip, soň şol ýerlerde ol gutaryp, üsti çöllük uly ýere sanmalydy.

Bu ýagdaý hem nädibem bolsa Hanumanyň halas edilişiniň tizleşdirilmegini talap edýän zatlaryň biridi.

Hanumany atyň öňüne alyp gidesi gelse-de, emma ol ýene-de tizden özüniň kimligini, nähili ýumuş bilen nireden nirä barýanlygyny hem bärde özüne yza ýoluň bolup bilmejegini ýatlady. Ony alyp gaçma niýetinden el çekip, bu meselede başgaça bir ýol bilen hereket etmelidigine düşündi.

Hanumanyň bu gezek ýeňsesinden eşiden çybşyldy, ol golaý gelip, häliden bäri Hanumany syndan geçirip duran Ahmediň aýak sesidi. Ahmet gaty golaý barýança öz aýak sesini eşitdirmezlige çalşyp, aýaklaryny tikenli ýerden aýak ýalaňaç ýöreýän ýaly bolup, göterip-göterip alyp, seresap basyp gelen-de bolsa, Hanuma ony eşidipdi. Ýöne ol «Bu näme boldugykan?» diýip, çybşyldy bilen gyzyklanyp-gyzyklanka ýeňsesinden ýuwaşja tanyş ses eşitdi.

–Hanuma, bu men!..

Onýança-da arkadan gelen Ahmet «Ýene birden gorkup gygyryp goýberäýmesin» diýen pikir bilen, Hanumanyň agzyny tutup, beýleki eli bilen onuň göwresini dolap, öz gujagyna aldy.

Hanumanyň süňňünden göterilýän ýakymly zenan ysy hapylap Ahmediň burnuna urdy. Şu pursatda ol göz açyp-ýumasy salymda bolsa tas maksadyny unudyp, huşuny aldyrypdy. Hanumany diýseň küýsänligine göz ýetirdi... Tizbişerligini edip, sowky-sapasyna berlip, tapyr-tupur onuň bilen ýylgyn astynda ähli zady unudyp, basa düşüp alarly göründi.

Hanuma diňe häzir nämäniň nämedigine göz ýetirdi. Onda-da aňryýany bilen. Ahmet onuň pikir edişi ýaly nirededigini bilip alansoň, gije-gündiz çemine salyp, özüni halas etmegiň ugrunda bolup gezendigini bildi.

Hanumanyň şu pursatda öz gören-görgülerini ýatlap, hossar çykyp gelen Ahmediň kükregine başyny goýup, zenanlarça içigip-içigip aglasy geldi.

Bu pursadyň şol zenanyň goç ýigidiň saýasyny saýalynda bagtly bolýan pursadydygyna ynandy.

–Başymy etegime salyp geldim – diýsene! –diýip, soňam ondan minnetdar boldy.

Bu Hanumanyň Ahmedi tanap, yzyna öwrülip, demi-demine ýetmän tolgunyp durşuna aýdan ilkinji gepi boldy.

Bu sözüň zenanlarça aýdylanyndanmy nämemi, onuň süňňünde-de diýseň çäksiz minnetdarlyk hem mähir bardy.

Ahmet jogap ýerine ony pugta gujagyna gysdy-da, höwes bilen kükregine göterdi. Duşuşygyň ýakymly pursady şunuň bilenem tiz gutardy. Işiň iň jogapkärli hem howply bölegi entek öňdedi.

Ahmet eserdeňlik bilen töweregine garabam Hanumany ýola salmaga gyssandy.

–Ýör, düş yzyma!? – diýdi-de, özi öňe düşdi, soňam ýylgynlary aralap, bukdaklap ýöräp ugrady.

Hanumada bada-bat oňa tirkeldi. Ahmet ony uzak äkitmän, bir ýylgynyň arkasynda duran ozaldan gerek boljagyny pikir edip peýlän dyzmaç atyň ýanyna eltdi. At aňyrdan hasanaklaşyp gelen adamlardan ürküp, ýüpüniň ýeten ýerine çenli çekildi. Ahmet dessine şatyrdadyp, onuň jylawyny ele alyp, agyzdyrygy agzyna berensoň, at janawer duran ýerinde bir basyp, iki basyp, endigine berlip, ýola taýyn bolup durandan boldy.

Ahmet aýagyndan göterip, Hanuma ata münmäge kömek edensoň, öz aýasynda gapjap duran jylawyny onuň eline berdi.

–Indi bolsa, eglenme-de gaç! Ýoluň howatyrsyz däldir, Allany çagyr-da gidibergin! – diýdi.

–A, sen näme bärde galjakmy?

Hanuma Ahmediňem özi bilen atlanyp, at başyny deňläp gitmegini isledi.

–Sen meniň gaýgymy etme, öz başyň gutar! Menem bir gün bararyn…

–Tizräk gelgin onda, oglan, öňkiň ýaly ýol garadyp goýaýmagyn!?

–Ýylgynlygy arala-da duýulmanrak gitjek bol! Eger duýlaýsaň, welin, at başyny gaýralygyna öwrüp, basgyn oňa gamçyny!

Ahmediň diňe häzir Hanumanyň elinde gamçy ýoklugy görüp, dessine ýeňsesine öwrüldi-de, oňa gapdaldaky ýylgyndan döwüp, gamçy ýerine çygar çybyk berdi.

–Gerek bolanda, şunuň bilenem çawlabergin sagrysyn!

Ahmet Hanumadan özüniň bialaçja galmaly bolýanlygyna gynanyp, ýogsam onuň bilen ýol söküp, ikiçäk gidilenden hezillik barynyň boljagyny ýatlap, alaçsyzlygyna jany ýanyp durşuna onuň bir gowy bolup, gümmezekläp eýere gonan sagrysyny aýasy bilen hyrydar sypalap degişdi:

–Paýlap gutaraýmagyn ýöne bu berekedi! – diýdi.

Hanuma onuň niräni tozudýanlygyna dessine düşündi.

–Ynanmaýan bolsaň, mün senem syrtyma, artlaşar-da gidiberýäs – diýip, onuň ýüzüne hyrydar gözläp, gepine gör-ä gep gaýtardy.

–Seniň bilen näler gidesim gelýär welin... – ol soň sözüniň yzyny aýtmaga howlugyp, Hanumany gyssady.

–Indi eglenme, ugra tiz!

Ahmet Hanuma bilen gyssagly hoşlaşdy. Hanuma at başyny ýola öwürdi. Ahmet onuň yzyndan seredip, at toýnagynyň gijelikde ýaňlanyp eşidilýän güpürdisini diňirgenip, ýene biraz durdy. Ol diňe şundan soň, öz isleýşi ýaly, Hanumany hamyrdan gyl sogran ýaly edip ugradanlygyna ynandy. Goý, onuň ýoklugyny ertir görüp, ahmyr etsinler diýip, özüçe ertirki boljak etir-tütürligi göz öňüne getirip, eden işinden hoş boldy.

Ahmet aýakýolundan gelýänden bolup, aňyrdan uçguryny daňyp gelende Bäpbäniň töweregindäki adamlar eýýäm ertir namazyna turup ugrapdylar.

Ortada ot ýakylyp, oňa täret suwy üçin niýetlenen tüňçeler ýanalyp goýlupdy.

Ahmet ýylgynlykdan çykyp gelýärkä, oda süsdürilen tüňçeleriň çala gyzanlarynyň birini alyp, ýylgyn ýeňsesine täredini almaga barýan Atajan diýen degenek adam oňa pete-pet geldi.

Ol Ahmediň ýanynda ýaragyňda barlygyny görüp:

–Aýakýoluna-da indi ýaragly gidýäň-ow, zaluwat!? – diýip, oňa ýaňsylabrak ýüzlendi. Ahmet:

–Nätjek ýagdaý şeýle, gardaş. Ýagyň nireden ýüz berjegini bilip bolýarmy? – diýip, oňa aýakýolundan gelýänden bolup, göwünjeň jogap berdi.

Ol:

–Seniňkem bir hasap – diýip, namaz wagt gyssanansoň, onuň duşundan howlugyp geçdi.

Hanuma Ahmediň maslahat berşi ýaly, öz sulbasy göze iläýende hem «Bu kim boldugy?» diýdirip, ünsi çekmezlik üçin, töwerekde goýlan garawullaryň  üstünden göni baraýmaz ýaly, olaryň bolaýjak ýerlerinden gaça durup, münen dyzmaç atynyň jylawyny çekip, gyssaman öz maýdalyna sürdi. Bu howply ýerlerden tizräk saýlanmagy isleýän-de bolsa Hanuma seresaplygy elden bermezlik üçin, atyny ýüzin salyp çapmaga gyssanmady.

Ahmet ýene-de oňa: «Gaş derýasynyň gaýra tarapynyň düýnki atyşyp, ýeňsä çekilen atlylaryň esasy geler öýdülip garaşylýan ýeri däldigini, olara ileri, şol öňki görnen taraplaryndan garaşylýanyny, şonuň üçinem gaýra tarapda goýlan garawullaryň seýrekdigini oňy ýola salanda, ugur alara maglumat hökmünde aýdyşdyrypdy.

Bu wagta çenli eýýäm dünýäniň ak gündizidir gara gijesiniň bölekleri bir-birleri bilen goşulyşyp, töwerek ýene birneme aýdyňlaşyp agarypdy.

Derýanyň iki ýakasyny alarladyp ösüp oturan ýylgynlaryň ýokarsyndan bolsa gije entegem oňly saýlanyp bilmändir, onuň

gara bölekleri ýylgyn uçlaryna ilişip, şol ýerde-de galan gara geýim böleklerine meňzeýär.

Hanuma aty näçe seresap sürse-de, oňa garawullara görünmän geçmek başartmady. At aýaklary ony göni getirip, töwerege gözegçi goýlan adamlaryň oturan ýerleriniň gapdalyndan çykardy. Duranlaryň hol beýlede bir gara gözüne kaklyşan ýaly bolmagynyň yzysüre Hanumanyň özüniň hem ol garanyň gözüne ilip, ünsüni çekenligi belli boldy. Şol barmana-da öňde salgym bolup duranlaryň biri::

–Kimsiň-ow, geliber, biz bärde – diýip dillendi. Onuň Hanumany uly goşdan wagtal-wagtal özlerinden habar tutmaga iberilýän adam hasap edenligi belli boldy.

Hanuma dessine at başyny çekdi. Göz-açyp ýumasy salym ardurja ele düşmezlik üçin näme etmelidigini oýlady. Dessine-de ol gaçyşym bar kowuşyma bermenem edip, özüniň zut gaçmalydygyna düşündi. Hyrra atyň başyny gyssagly gaýralygyna aldy. Jylawy gowşadylanyna mähetdel dyzmaç at, ugrukdyrylan tarapyna ýylgynlygyň içi bilen aýak aldygyna çapyp gitdi. Diňe şundan soň garawullar onuň öz diýen adamlary däldigine göz ýetirişip, ýaraga ýapyşyp, ber-başagaý bolşup, yzyndan ok atmaga başladylar.

At öňünden gabat gelýän uly ýylgyn düýplerinden gapdalyndan zordanrak sowulmaga ýetişýän-de bolsa kiçiräk ýylgyn düýpleriniň üstünden aýaklaryna gerim berip, ýüzugra uçan ýaly bolup böküp geçýärdi. Hanuma atyň boýnuna tarap eglip ýapyrylypdy. Tozup düşmezlik üçin eýeriň gaşyndanam jylawly-jylawsyz goly bilen, mümkin boldugyndan, bek ýapyşypdy. Şol bir wagtda hem ol atyň bir belanyň üstünden baraýmagyndan çekinip, oňy çendenaşa-da gyssanmaga ýol bermezlige çalyşýardy.

Gabat gelen ýylgyn çybyklary indi onuň atynyň, özüniň töwereginden gelip, çaňňal urup, şatyrdaşyp aslyşýardylar, çybyk bolup çem gelen ýerlerine saýylýardylar. Ýylgynlaryň ilki aslyşyp

alyp galan zady – Hanumanyň başyndaky oňly berkidilmedik bürenjegi boldy. Atynjanyň aşagyndan başa boglan ýaglygy hem aşak süýşüp, boýna çolanyp, indi ol ýerde kiçiräk baýdak deý pasyrdaýardy.

Ok atylyp ugranyna mähetdel, garaşylan duşman ol tarapda ýüz berendir öýdüp, Hojam hanyň inisi töwereginiň iki-üç atlysy bilen garawullaryň halyndan habar almak üçin at salyp, bu ýere geldi. Gele-gelmäne-de, gyssanyp olardan habar sorady.

–Ýagy nireden bakdy, hany nirede olar?

Hanyň insiniň öňünden hasanaklap çykan uzyn boýly hortap adam sakgalany sypalap, ýöwselläp durşuna howlukmaçlyk bilen, oňa ýagdaýy düşündirdi.

–Bir atly uly goş tarapdan peýda boldy. Biz-ä ilki ony siziň biriňizmikän diýdik. Kimdigini oňly saýgaryp bolmady. Gara görnüme gelibem bizi görüp, at başyny çekdi. Ýanymyza çagyrdygam welin, zut gaçmak bilen boldy. Başy çabytlymakan diýdim. Bu aradan anyg-a görüp bolmady welin, öz-ä bir aýal adammykan diýdim. Ol kimem bolsa, biziň garaşýan ýagymyz-a bolmaly däl...

–Atly aýal, eýsem, ol kim bolup bilerkän? – diýip, Hojam hanyň inisi garawullary diňläp, bir pursat oýurganyp iňkise gitdi. Soňam nämedir bir zat çen edip, ahmyrly dyzyna urdy. «Haý, şol Bäpbe keleçewiň oljalan gyrnagy gaçandyr-ow!» diýip, lapykeç boldy.

Hanyň inisi garawullardan onuň giden ugrunyň salgysyny alyp,  çen-çak bilen bir salym kowansoň, olar ýolda Hanumanyň başyndan şemalyň tozduryp alyp galan aýal çabydynyň bir ýylgynyň başyna bürelip duranlygyny gördüler. Şundan soň Mämmetmyratda gaçanyň aýal adamdygyna-da, onuň Hanumadygyna-da şübhe galmady. Hanyň inisi çabydy tanap, jany ýanyp, agasyna käýindi:

–Hany, et adama ýagşylyk. Şu heleýiň dagy eliniň daňysyny çözmeli däl-ä dözmezlik edip. Onuň başyny örtüp, özümiziňkileň arasyna-da goşýar-a gaýta. Bagla goluny, ýüpüň beýle taranynam ber biriniň eline. Goý, äkitsin ony ýany bilen nirä gitse çekip süýräp. Bu adamlara ýagşylyk etseň-ä, ine, olaryň taňryýalkasyny-da saňa...

Wah, Amandöş kaka aýtdam-la ýogsam: «Araňa ýat goşma!» diýip, onda-da ýolda duşan ýady dagyn ara goşmaly däl-ä. Ýaşulynyň aýdanyny edip, ozal başda şu Bäpbe tentegi aramyza goşmaly däldi welin, şol goşuldy-da, ähli bela-beterligem şondan soň başlandy. Bu zamanda hany seniň ýaly dogry adam galdymy?» diýip, janygyp, agasyna gaýybana nägilelik bildirdi. Gazap bilen gamçy çalyp atyny hasam gyssady. Heleýiň at üstünden uzak oturmaga ukyply bolmaýanlygyny pikir edip, oňa ýetmegiň mümkindigine ynanyp, inçejik tama bilen kowdy.

Hanuma ýylgynlygyň arasy bilen ýene birsalym yzyna gözlemän gaçansoň, ahyr onuň gabawyndan çykyp, sesýetimlik gaýradaky bir-birleriniň töwereginde münderlenişip, asmana göterilişip, dünýäni depesinden synlaşyp oturan baýyrlara tarap gönükdi. Bu ýerde baýyrlardyr ýylgyn tokaýçylygynyň aralygynda üsti şytlar çöpsüz, bir düz boş ýatan meýdan bardy. Hanuma yzyndan kowgy boljagyny bilýänligi üçin, hut şu açyklykda olaryň gözüne ilerin gorkusy bilen, atyň jylawyny ýene biraz gowşadyp, bu aralygy, mümkin boldugyndan, tiz geçmäge çalyşdy. Ata çybyk çaldy. Kän gamçy gaýry çalnyp ýörülmeýän sarç at şundan soň şeýle bir öňe okduryldy welin, Hanuma bek oturanyna ynanýan-da bolsa, ýeňsä süýşüp, tas eýer gaşyndan syrylyp düşüp galypdy. Ol elindäki bir ujuny goşaryna çolan jylawyndan çekip, zordan ýykylman saklandy.

Hanumanyň gorkusy esassyzam däldi, gaçany kowup ýetýän, gaçsa ýetdirmeýän ýyndam atlylar atlaryny gitdigine goýberip, eýýäm onuň yzyndan el-hal diýşip kowup arany

ýygryp hem gelýärdiler. Hanuma janyny barlamak üçin ýolda bir yzyna gözlän mahaly ýylgynlykdan çykan üç-dört atlynyň, atlaryny ýüzin salşyp, öz yzyndan kowup gelýändiklerini gördi.

Şu pursatda garşydan göýä özüne tarap howlugyşyp gelýän ýaly bolup görünýän baýyrlaram oňa diýseň alys bolup göründi. Howp-hataryň henizem yzdan galmanlygy anyk boldy. Diňe ol şu ýerde obada gerek bolar öýdende göterýän sapançasynyň ýanynda ýoklugyna gynandy. Okly-ýaragly bolan mahalynda dagy häzir birki gezek «tüw-tark» edäýenliginde bularyň badyny almak boljakdy. Tizden yzdan gelýän kowgynyň arany hasam ýygryp, howpuň barha abanyp gelýänligini gördi.

Hanumanyň indi gaýdyp, ikinji gezek bu adamlaryň eline bendi bolup düşüp, olaryň Sowetler bilen baglylykdaky ahmyrly gazabyna duçar bolasy gelmeýärdi. Howp-hatar halkasynyň ýene-de ümür, salgym bolup, ýene onuň daşyny gallap ugranlygy belli boldy. Halas bolmak üçin indi diňe wagtynda edilen ýerlikliden batyrgaý hereket hökmandy. Muňa köpügörenligini edip, Hanuma tiz düşündi. Indi, mümkin boldugyndan, çalt hereket etmeden başga alaç ýokdy.

Hanuma atyň iki gapdalyndan ýanjan aýaklaryny gysyp saklap, iki eli bilen eýeriň gaşyna bek ýapyşyp oturyşyna kem-kemden atyň jylawyny goýberip, onuň badyna ýene gerim berdi. «Sizem indi meni aňsat ele salaýmasaňyz gerek, körem hasasyny iki aldyrýan däldir» diýip kesgin oýlandy. Atlylar şol gelişlerine Hanumanyň howuny basyp, ony aljyratmak üçin ýerli-ýerden talaply tarp atyşyp gygyryşyp ugradylar:

–Dur, heleý!

–Eriň deşigine girseňem taparys seni!

–Bir ele düşseň bolýar. Onsoň sen ganjygy özüm nätjegimi bilýärin.

–Senimi...

Yzdan gelýän kowgularyň gazabyndan at ýüregininiň hem beleň alanlygy belli boldy. At badynyň göteren şemaly indi guýrugyndan tutulan guş bolup, Hanumanyň gulaklarynyň agzynda pasyrdaýardy. Hanuma şundan soň baýyrlaryň arasyna aralaşýança yzyny gözlemedi. Guş bolup uçup barýan atynyň özüne halas etjekdigine ynandy, atynyň ýolda gabat gelýän alaka hine, ýenekä büdremän çapmagyny dileg edip, tä kowgynyň gözüne görünmez bolýança şeýdip çapyp gitmegi niýet edindi. Barha ýakynlaşýan baýyrlaryň özüne kömek etmek üçin, öňünden gujak açyp çykanlygyna ynandy.

Atlylar ýene biraz kowansoňlar, Hanumanyň barha ara açyp barýanlygyny görüp, şol gelişlerine ýerli-ýerden onuň yzyndan kelepatara ok atyşyp ugradylar. Oklaryň ikisi dagy «juwlap-juwlap», onuň golaýyndan geçdi. Hanuma okuň öňünden sowulmak üçin, öňden ilki gabat gelen saýlaryň birine tarap gönügdi.

Kowgy bu ýerleriň Sowetlere degişlidigini pikir edip, serhetçä-ýenekä duşaýmaly diýdilermi nämemi, şundan soň Hanumanyň yzyndan tiz galdylar. Hanuma ýene biraz gaçansoň, kowgyň yzyndan galanyny bilip, biraz arkaýynlaşyp at başyny çekdi. At janawer hut häzirjek suwdan çykana meňzäp süllümmaý derläpdi. Onuň süňňünden ýeňiljek ajymtyk at ysly bug göterilýärdi.

Hanuma soň kowgynyň yzdan galanyna ýene bir gezek göz ýetirmek üçin, öz syryp barýan jülgesiniň depesinden gözleşip oturan baýyrlaryň biriniň ýokarsyna çykdy. Durup daş-töweregini ünsli syndan geçirip, ümsümligi diňirgendi. Diňe şondan soň kowgyň yzyndan galanlygyna ynandy.

Hanuma şundan soň biraz arkaýynlaşyp, özüni ele alyp ugrady. Şeýle-de bolsa göwnüne bir ýerden çykaýjak ýaly bolup duran kowgudan ýene biraz ara açmak üçin, Ahmediň sargydyny ýatlap, çen tutup, atyny gündogar-demirgazyga sürenini kem görmedi. Töwerek bolsa topar tutuşyp oturan şol bir Pendi baýyrlary. Haçanda şol barşyna bir tanyş

baýra duşansoň, ol özüni hossarlarynyň arasyna atan ýaly hasam arkaýyn duýdy. Ýagdy bir gezek ýazlaga mal üstüne gelenlerinde: «Ýör, seni çigildem kän ýere äkideýin» diýip, ony şu ýere getiripdi. Töwerekdäki baýyrlary görkezip: «Şu ýerlerem, tä Gaşyň bäri etegine çenli biziň şuralygymyzyň öri meýdany» diýip eýemsirenip görkezipdi.

Gün dogupdy, ol günebakar kellesi bolup, ýolunda gabat gelýän çalpaw batgalygy ýatladyp ýatan bulut bölekleriniň arasyndan saýlanyp bilse, onuň ýene-de ýere howur baryny ataryp, dünýäni yssy bilen doldurjagy duýulýardy. Emma säher-säherler ýylgynlaryň başyny yralap, ýeriň sagrysyny sypalap serginlik paýlap, dünýä terlik berip ösüp ugran Bathyz şemaly henizem bardy..

Hanuma atdan düşüp, tanyş depesiniň üstünde giňligini alyp, çaşan saçlaryny toplap, olary aýalary bilen syntgylap ýatyrdy, köýneginiň eýlesinden-beýlesinden çekişdirip, daşyndan sypyp, halka bolup boýnunyň ýüzüne öwrülip duran ýaglygyny çözüp alyp, silkip epläp ony başyna täzeden daňyp, öýden ile çykyp barýanyndaky ýaly, üst-başyna serenjam berip sypandy.

Hojam hanyň aýalynyň başyna atan ýektaýynyň häzir ýolda galyp-gaçman, ýanynda bolanlygynda kem bolmajak ekenligini ýatlady.

Haçanda ol atyna, özüne biraz dem-dynç berip, täzeden atlanan mahaly sary erik bolup, hal atyp ugran Gün eýýäm al asmandady.

Hanuma töwerekdäki tanyş görnüşi ýene bir salym hyrydar nazar bilen synlap duransoň, at başyny gaýralygyna alyp, ýoluny aňyrlygyna dowam etdirdi. Ýöne kowgular bir emel toslap, bir ýerden ýüz beräýjek ýaly bolup, onuň kalbyna henizem bükgüldi berýärdi. Özi-de kowgy galsa-da, bu gorky entek-ýentekler tä özüni oba atýança, onuň yzyndan galarly hem däldi. Ol şol barşyna-da mahal-mahal at başyny çekip, töweregini müňkürlik bilen diňşirgenýärdi, syndan geçirýärdi. Syryp barýan jülgesiniň

egrelip, aýlanyp-dolanyp barýanlygyny görüp: «Şu meni ýene yzyma alyp barýan bolmasyn?» diýibem howatyr edýärdi. Biraz saga gyşaranlygyny hem güman edýärdi.

Bu gezek Hanumany saý içi bilen barýarka ony golaýdan eşidilen jaň sesi diňirgendirdi. Golaýda bir ýerde süriň barlygy belli boldy. Şeýle aýraçylykdan soň her kimde yzyna dolanyp gelende bolşy ýaly, onuň hem kalbyny şu pursatda begençli joşgun gurşap aldy. Hanuma bu jaňyň öz şuralyklarynyň mallaryna degişlidigine bilýärdi. Dogrudanam, ol ýalňyşmandy, gapdalynan geçip barýan deresiniň ýokarsyna göterilen wagty, ol töweregine gözüni aýlanda, hol, beýlede taýagyny biline kese tutup, onuň iki tarapyndan gollaryny geçirip, ganat baglan ýaly bolup, süriniň yzyna düşüp, aýlanyp ýören çöwürme telpekli çopany gördi.

Hanuma çopany görenden tanap, özüniň hut gelmeli ýerine gelenligine ynandy. Gözlerini güldürip, henizem özüni oňly tanap bilmän duran çopanyň ýüzüne biraz ýaňsylyrak gözledi. Dogrudanam, Gullar çopan ony birbada tanamandy. Del atlynyň kimligini aň etjek bolup, çiňňerilip-çiňňerilip: «Bu ýerlerde aýal-ebtat häzir näme işläp ýörkän, özem ol biziň şuranyň hatdaty, şol Hanuma gelin ýaly-la. Soňky günler ýanymda bolsady diýip, gelnim Ýazgülüň arzuwyny köp etdim welin ýa-da bu şonuň bilen baglylykda gözüme görünýän bir bela-beter dagy bolmasyn?» diýibem biraz howatyrlandy.

Hanuma golaý gelensoň, özüni synlap, gözlerine ynanyp bilmän, aňk-taňk bolup duran çopana özüni tanatdy.

–Gullar, men Hanuma, ol...

–Ii... Hanuma, sen bu ýerlerde näme işläp ýörsüň?

–Näme, işläp ýörsüň diý-de goýaý ýöne... – diýip, Hanuma ýene-de basyrganan ýaly bolup düşnüksiz gürledi.

Soňundanam gury ýuwdunyp:

–Gullar, hany sen maňa bir suw ber ilki!? – diýdi.

Ymgyr çölde özüne gürrüňdeş tapanyna begenen çopan, höwes bilen joşgun alyp gepledi.

–Sen Hanuma bolsaň, saňa suwam bereris. Çaý, naharam!

Ýakynda obada bolmansoň, Gullar çopan Hanumanyň başyna ne işler düşüp ýöreninden habarsyzdy.

Onsoňam bu ýerler nire, aýal halyna bir özüniň, at münüp, çöle dolup ýörmesi nire?! Hanuma öňem käte bu ýerlerde görnerdi. Özi-de hemişe Ýagdy şura mallardan habar almaga gelende, şonuň bilen at başyny deňläp gelerdi. Şonuň üçinem Gullar ony tanansoň, yzynda bir ýerde Ýagdy şura hem barmykan öýtdi. «Ýagdy nirdekän... olam-a bar bolsa gerek?» diýip, töweregine ýeňil syn salyp, onuňam gara bererine garaşdy.

Gullar çopan Hanumany goşuna getirensoň, ylgaşlap gidip, hol, beýleräkde duran çelekden okara suw salyp, oňa getirip berdi. Suw akydyp berip, onuň el-ýüzüni ýuwdurdy. Hanuma gollary bilen çaşan saçlaryny daraklap sypalap, çaň siňen ýaglygyny kakyp, başyna täzeden çalyp daňansoň, bu timarlyk onuň ýüzüne gelşik berdi. Çopan aty jylawlap, ony örklemäge alyp barýarka, Hanumanyň ýaňky atlylar ýene bir ýerden çykaýmasyn diýen gorkusy özünde bar bolany üçin, oňa aty uzak äkitmän, golaýrakda örklemegi haýyş etdi.

Hanuma Gullar çopanyň öňüne goýan gaty çörek bölekleridir çaý gowurmasy bilen nahar edinip oturyşyna oba bilen gyzyklandy:

–A, onsoň obadan näme habar, Gullar.

–Obadan habar bilinýän däldir, ýoldaş Hanuma şura.

–Gelen-giden ýokmy?

–Ýagdy şuraň mahal-mahal gelip, mallaryň üstünden aýlanyp, birki malam soýduryp, çorbalyk-şorluk alyp gidäýmesi bardy welin, onuňam soňky döwürde pagta, ýeneki bilen bize gelmäge eli degmeýän bolmaly. Esli wagtdan bäri şolam gara berenok. – Soň ol nämedir bir zady ýadyna salyp, ileri başda oturan baýyrlara tarap gözläp goýberensoň, sözüniň üstüni ýetirdi. – Düýn goňşy çopan Ýamat aga gelip, bir gysym duz alyp gitdi. Şol-a bir zatlar, bir zatlar diýişdirdi. Ýamat çopan-da, ol süri haçan turup ugrasa,

o-da taýagyny alyp düşüberýär onuň yzyna. Goýnuň bolsa yzyna düşseň, onuň ygyp barmaýan ýeri barmy?.. Bir gepinde şol aýtdy maňa: «Gaşyň ileri başynda haýsydyr bir Owgana barýan göçüň düşläp kül döküp, ony-muny galdyryp-gaçyryp giden ýerine gabat geldim. Özlerem olaryň aşak ýüzden gelip, Töreşyh tarapa gidipdirler. Düşnükli, oňa ýeten bolsa, Owganam onsoň ol ýerden uzak däl» diýib-ä şol bir gürrüň berdi...

Hanuma göç hakynda, olaryň galdyran külüdir igi hakynda eşidende gürrüňiniň şol öz gaýdan ýeriniň adamlary barada gidýänligine düşündi. Ol:

–Adam gaýry görmänmi? – diýip, olar barada köpräk bilmek isläp, ýene-de dillendi. –Wi, ýogsa-da, iki-üç günlükde gije onuň goşuna Owgana geçip barýanmy ýenekimi üç sany atly natanyş hem gelipdir.

Sürini ýatyran Ýamadyň özüniňem şonda garnyny doýrup, nançy goýnunyň boýnundaky ýüpüni bir tarapyny goşaryna daňyp, ýaňy ýatjak bolup oturan wagtymyş.

Bir görse gijäniň içinden: «Çopan aga, biziň habarymyzy al!» diýşip, iki-üç atly direnişip durmuş. Olaryň şonda ýanlarynda haly teň bir ýaralysy hem bar eken. Gelenler ody uludan gallap, şonuň ýagtysyna, pyçagyň ujy bilen onuň egnindäki gurşuny köwläp alypdyrlar. Melhem ýapyp daňypdyrlar. Ýaralanan juda mert adam eken diýýär. Ujy otda gyzan pyçak tenini daglap girende bir siňrigini ýygryp, gapdalyna gözledi. Soň ondan sesem çykmady üýnem» diýýär. Ýamadyň çeni olar şu golaýda bir ýaragly adamlar bilen atyşyp alan bolmaly. Gijäniň etegi göterilip-göterilmänkä hem olar ýene-de iýip-içip, biraz kuwwatlanyşyp, oňa duz çöregi üçin minnetdarlyk aýdyşyp, atlanyşyp, göterilişip gidipdirler.

–Niräk gitdilerkän olar?

–Ýamad-a ilerligine– Guşgy tarapa gidäýenler ýaly diýdi.

–Olaryň kimdiginem bilip-bilmänmi?

–Özleri aýdaýmasa, olardan sen kim diýip sorap bolýarmy, onda-da häzirki, atly-ýaraglynyň çölde köpelen döwründe.

Olaryň käbiri şeýdip gelip, çopanyny öldürip maly hem sürüp gidiberýär. Häläm Ýamada duşanlar ganyma öwrülen netikazalar däl eken. Olaryň arasynda-da halal süýt emenlerem az däl borly. «Şaýat galmasyn» diýip öldürip giderlermikän diýip, janymda jan galmady – diýdi.

Çopançylygam näme öwrenilen endik-dä. Hudaýa gaçylyp gezilip ýörülendir ýöne. Ýogsam halymyz hal üstünde diýlenidir. Haçan päliýamanyň ýoly üstümizden düşse, biz merkimizi alaýmaly.

–Ol diýýäniňem dogry – diýip, Hanuma özüniňem şol dowzahyň içinde çykyp gelýänini ýatlap, Gullar çopanyň aýdanyny göwünjeň makullady.

Gullar çopan on bäş-ýigimi gün mundan öň obada bolanyny ýatlap, ýene-de şol ilki başlanan gürrüňe dolandy.

–Wi, ýogsa-da, Hanuma, siz meni gördüňiz-ä obada, kepretilden çykyp

gelýärkäm!?

–Hä-ä... – diýip, Hanuma-da ony görenini göwünjeň ýadyna saldy.

–Şol günüň ertesem gaýtdym-da men, indem çoluk oba gitdi. O-da gelmeli şu günde, ertede.

Bu gürrüň mahaly Gullar çopanyň boý-syratyndaky Ahmede bolan çalymdaşlyga Hanumanyň syny düşdi. Syn düşmez ýaly hem däldi. Gullar çopan gapdalyndan, ýeňseden synlanynda, özüniň ýeňsesini Kymyşlarça tüňňerdibräk ýöremek häsiýeti bilen, ol öz doganoglany Ahmede hasam keşmer-çalym berýärdi. Şu pursatda Hanumanyň ýadyna biygtyýar Ahmet düşdi. Hamala, ol hakykata öwrülip barýan ýaly, ýakymlydan bir üýtgeşik duýgyny başdan geçirdi. Ol Ahmat bilen öz jaýynyň gapysynyň öňünde hoşlaşyp duranmyşyn...

–Näme sen eýýäm gidiberjekmi? – diýip, Hanuma natuwan bolup, onuň boýnundan gujaklaýar.

–Gitmeli-dä...

–Goýberesim gelenok.

–Şonda-da gitmeli. Daň atyp gelýär!..

Hanuma goşda çaý-çörekden bolup, özüni howpsuz ýere atanyna ynanyp, arkaýynlanyp ugransoň, telim günüň ýadawlygynyň süňňüni basmarlap ugranlygyny duýdy. Ukusy tutup, gözleri ýumlup-ýumlup gitdi. Bir ukyny alyp biläýse-hä, dünýä täzeden inen ýaly bolup, terlenip turjagyny uky arasy bilen pikir etdi.

Gullar çopan sürüsini örüzip, örä bakmaga alyp barýarka, Hanumanyň goşda edinen kölegesiniň aşagynda uklap galanyny gördi. Ol adam ýatanda derlän süňňüne şemal çalanda, üşek bolýanlygyny ýatlap, egnindäki ýekegat donuny çykaryp, onuň üstüne ýapyp ötdi.

* * *

Gullar çopan sürüsini öňüne salyp, şol gidişinden Gün ýagşy öýläne sanandan soň gaýdyp geldi. Hanuma henizem şol gyşaran ýerinde çiň-arkan düşüp, tagty-eýwan bolup ýatyrdy. Telim gün bir doýa garna iýip-içmegiň köýünde bolan hem bolsa, iýsin-içsin diýlip, gapdalynda goýlan zatlara hem ol oňly batyrynmandyr. Gullar çopanyň iýgin diýip goýan zatlary onuň gapdalynda henizem başy bozulman diýen ýaly durdy. Bar iýeni iki barmak nan bilen, iki käse çaý-çorbasy bolupdy. Çölde ygyp-tozup ýörmek, howp-hatarly aladalar, düşüp görlen günler baradaky bir-birinden ýeňil bolmadyk oý-pikirler bu üç gün içinde Hanumany diýseň ýadadypdy. Ol şol wagt: «Biraz gyşaraýyn, soň turup ýene garbanybererin» diýip, pikir eden-de bolsa, gaflat uky bir goltugyna dolap alansoň, ony galdyrmandy. Onsoňam ol: «Indi özümi öz adamlarymyzyň arasyna atdym» diýibem birneme arkaýynlanypdam. Ynjalykly alnan ukynyň lezzetem üýtgeşik bolýar.

Gullar çopan bir esewan bolsa, Hanumanyň köýneginiň etegi ep-ýesli boýna tarap çyzgalyp çekilipdir, kiçi köýnegiň bir bölegi biraz jaýjanaklap arasy açylan satanlaryň aralygynda bir ýere

üýşen ýaly bolup, aýaklar arasynda gözilginç halda tümmek tutup dur. Birgeňsi ak baldyrlar, keýigokara darahdyny ýatladyp, hasam gözilginç bolupdyrlar.

Zandy görmegeý zenanlar dünýäni unudyp, süýji ukuda ýatan wagtlary dagy hasam owadan bolýarlar.

Munuň şeýledigine häzirki pursatda Gullar çopanam şaýat boldy. Ol öň Hanumany beýle görmegeýdir öýtmeýärdi. Dogrusy, ol bu gelni henize çenli beýle ýakyndan dikanlap synlabam görmändi. Onsoňam türkmençilikde, özüňe tagallyk bolmadyk zenan dikanlanylyp synlanylyp ýörülmeýär.

Bu gezek welin Gullar çopanyň ondan gözüni aýrasy gelmedi. Çöl-meýdanda seleňläp, islegli gowulyga öwrülip ýatan gelne onuň halys göwni gitdi. Ýüreginiň urgusy üýtgäp, damarda ganyň başgaça aýlanyp ugranlygy belli boldy. Erkek adam bolup beýle görmegeý zenan şeýle ýagdaýda duşanyňda, onda-da Gullar ýaly ýigrimi günläp, bir aýlap aýal garasyny görmän, onuň arzuw-höwesin-de bolup ýören çopan bolanlygyňda, bu ýagdaýyň öňünde durmak asla aňsat däldi.

Başda bir-birinden lezzetli, özüne çekiji arzuw-höwese öwrülip barýan pikirler soňra çyrpynyp, joş urmaga başlady. Çola ýerde dagy duşanyňda bu pursady sypdyryp bormy? Çopan niýetini bozup, gyzgyn zenan eginlerinden aslyşyp, demiňi onuň demine gatmagyň, depelenip duran memme depeleriň üstünden bürgüt bolup inmegiň görlüp eşidilmedik lezzetdigi barada oýlandy. Hanumanyň aýaklarynyň ýalaňaç ýerinden çalyp tutakget-de, olaryň hersini bir egnine alyp, töwekgeliň işini Taňry oňar edip, onuň hezilligine, mähir-muhabbetine goşulmak isledi. Şeýdibem Hanumanyň höwesi Gullar çopany barha möwç alyp barýan sile öwürdi. Bagtly pursat şeýle bir golaýlapdy welin, Gullar çopanyň hyjuw bilen böwedi böwüsjekdiginiň indi ujy iki däldi. Bary bir ol şu pursatda özüniň näme-näme edýänligini hem unudypdy. Onuň gözleri diňe häzir öňünde bir enaýy bolup, «Ine, men!» diýip serlip ýatan zenandady.

Şol arada Gullar çopanyň beýleräginde köw-söw edip ýören köpek bir del adamy ýa-da süriniň töwereginde sümsünip gezýän tilki-şagal gördümi nämemi, duýdansyz ýagdaýda duran ýerinden dyzanyp üýrüp, haýbat atyp, Gullar çopanyň gapdalyndan hasanaklap geçip gitdi.

Itiň alahasyrdy bolup gitmegine kimdir biri goşa ýetip gelýändir öýtdürip, Gullar çopanyň badyny aldy. Onuň päline «kuh» berenligi belli boldy. Köpegiň bu bolşy Gullar çopanyň jany dagy hut dik degdi.

Gören garasyny kowalap giden it gaýdyp gelen wagty Gullar çopan gapdala atan çopan taýagyny aldy-da, ony: «Hä, seniň bir…» diýip, ite aýlap saldy. Taýaklanan it çyňsap esli ýere çenli gaçansoň, şol ýerden yzyna gözläp, eýesiniň bolşuna düşünip bilmän, geň galyp, ümürläp seredip durdy.

* * *

Jemal mama bu habar düşmezinden birki gün öň düýş gördi. Düýşünde ýaňyrak daş çykan Ogulbike köwşünde öýe gar alyp gelýär. Jemal mama onuň daş gapyda aýagyny kakmagy unudyp girip gelýänini görüp, allaniçigsi bolup oňa käýinýär:

–Heý, weý, daşarynyň ähli garyny öýe getirdiň-le sen! Aýaklaryňy bosaganyň öňünde kakyp-kakyp geliberseň bolmaýarmy?

Hemişe-de öz çaga hereketleri bilen biraz alada goýýan Ogulbike bu gezegem bolmalysy ýaly boljak bolup durmady. Ol aňyrdan gelşine aýaklarynyň gary bilen düşegi basgylap, töre geçdi.

Jemal mama onuň bolşuni görüp, has alada galyp:

–Men saňa aýagyňy kakyp gir diýmedimmi näme? Diýen etmez eken şu çaga. Yzyňa dolan-da, kak gapynyň öňünde aýaklaryň garyny?

Mama nägile bolup samyrdan wagty, ony Akjagülüň ukuly sesi oýardy.

–Mama, mama, düýş görýäň-ä, oýansana!?

–Hä, näme?

–Düýşüňde bir zatlar diýib-ä samyrdaýaň!

–Ogulbike hany?

–Ana, ýatyr-a aňryňda!

–Wi, hä şeýlemi? Men şu garda geýinmän, başy açyk daş çykyp gidiberdimikä diýipdirin.

–Hany, gar barmy nä?

–Ýaň-a bardy... Düýşümdir-dä onda.

Düýşi ak gar bilen bagly bolansoň «Ak zat alnyňa ýagşy» diýen ynamy ýatladyp, mamany sähelçe-de bolsa, haýsydyr bir bolaýmagy ahmal gowulyga tamalandyrdy. Ol bu gowy düýşüniň yzyndan ol haýsydyr bir bulaşyk düýşi görerin öýdüp, soň uklamady. Garly düýşünden aýrylasy gelmedi. Nireden geljegi belli bolmasa-da, şundan soň haýsydyr bir gowulyk hä diýmän gapysynan ätläp, bat alyp başlaberjek ýaly tamaly duýgy döretdi. Mama Alatagalla sygnyp, gowulyk diledi.

* * *

Sürgünleriň gidenlerine bir ýarym aý diýlende, Soltanýaz agalar Gully eminiň kiçi ogly Kämirandan hat aldy. Bu habar oba ýaýransoň, olaryň öýüniň gelim-gidimi köpeldi. Her gelen biljekden, eşitjekden. Hat sürgünden gelensoň, onsoňam ol Gully eminlerden gelensoň, olar barada eşidesi, bilesi gelýänem kän. Adamlar hal-ahwal soraşyp, ondan-da gelýärler, mundan-da. Soltanýaz kilwanyň hat bilýän ogly Nazar bolsa her gelene ol haty okap berip, öz şatlygyny olar bilen paýlaşýar. Jemal mama ilki «Soltanýazlar sürgüne gidenlerinden hat alanmyşlar» diýip, eşitse-de, onda öz hilesi bardyr öýtmänsoň, bu ýagdaýa şeýle bir ähmiýet beribem durmady. Orazgeldi dagy olar bilen äkidilseler-de, bir ýere düşerler diýen pikir şol mahal kimiň kellesine gelipdi!? Oba bolsa henizem ogryndan-dogryndan olaryň gürrüňini edýärdi. Birnäçeler olaryň alys bir ýerlere äkidilip atylandyklaryny gürrüň

etseler, ýene birnäçeler: «Atjak bolsalar, şu ýerde olary atyp bilenoklarmy nä, atjagyny bolşewik öz golaý-goltugymyzda – Handepede-de ýoklap durmanmy näme, ilem bir zat diýmeli diýseler, ýöne diýip goýberýär, diliň süňki ýok diýleni-dä» diýip, bu pikiri öz aňynyň çäginde şübhe astyna alýardy.

Haçanda Nazaryň ýanyna bir iş bilen baran Kymyş duzçynyň agasynyň ogly Sähetdurdy haty okadyp diňlänleriň biri bolansoň gelip, Jemal mama: «Gelneje, şol hatda biziňkiler barada hem käbir zatlar ýazylypdyr. «Ýanymyzda Kymyş aganyň ogly Orazgeldi hem maşgalasy bilen bar... diýlipdir» diýensoň ol galkyndy. Indi ol haty okadyp, onda ýazylan zatlary öz gulagy bilen eşitmese, ynjalyp bilmejegini bildi. Sürgüne gidenleri barada bir zat eşidip bilmek onuň gije-gündiz Alladan edýän dilegleriniň biridi. Enäniň gökdäki dileginiň ýerde gowşanlygy belli boldy. Ol şol günüň özünde agtyklary Akjagüldür Ogulbikäni hem yzyna tirkäp, dessine Soltanýazlaryň oturan bölejigine tarap ugrady. Olar bärden baranda her öýe gelenlere haty okap berýän Nazar daş işiklerinde aýlanyp, ol-bi öý işlerine güýmenip ýördi. Ol Jemal mama dagyny görüp, olaryň hat üçin gelendiklerine düşündi. Jemal mama salam berip: «Gelneje, siz öýe giriberiň, gelniňiz bardyr, menem, ine!» diýip elindäki çarşagyny gapdalda seňňer baglap duran ot üýşmegine sançdy. Nazar diýşi ýaly köp garaşdyrman, daşda duran kündükden elini ýuwup ýetip geldi. Jemal mamadyr onuň agtyklary içirek girip, Nazaryň: «Geliň, mamasy» diýip, açyk ýüz bilen garşylan aýalynyň gapdalynda öz mähribanlary barada hata ýazylany eşitmäge howlugyşyp, sabyr saklaşyp oturdylar. Her gezek sürgüne gidenler ýatlananda bolşy ýaly, ýene-de ol gidenler Orazgylyjyňkylar bilen olaryň gözleriniň öňündedi. Ogulbikäniň ýene-de ilki ýadyna wagtal-wagtal basa düşüp, özi bilen deň sarmanaklaşyp ýakalaşýan jigileri –Alla jandyr Akgy jan düşdi. Olar bilen basdaşlyk edenine, käte ikisinem güpürdedip basyp, bir ýerlerini agyrdanyna ol indi

diýseň ökünýärdi. Käte pikirinde: «Alla jan, Aky jan, sizi ýaman göresim gelipdir, geliň, gelseňiz bolýar. Indi size barmajygymam batyrmaryn, meniň jiger-janlarymam!» diýip, olar bilen gaýybana gürleşibem hamsygýardy.

Nazar öýüniň törüne geçensoň, keçäniň aşagyna goýan hatyny ol ýerden aldy-da, gatyny açyp, soňam ony hamala «Gurhan» sürelerini okaýan ýaly, sesli doga sanaýan hörpde okap ugrady.

Nazar hem Gully emin rowaç döwürleri onuň Buharadan oba çagalaryna ders bermek üçin ýörite getiren özbekmi-täjikmi bir molladan üýşüp sapak alan oglanlaryň biridi. Molla birnäçe ýyldan ýurduna gaýdanda «Yhlasymy Kämiran aldy, edebimi Nazar aldy, bilim gorumy Gurban baýyň agtygy Seýit aldy» diýipdi. Soňra şol halypasy bilen gidip, Buharada bilim alyp gelibem oňa meňzäp, obada oglan okadanam Jemal mamanyň doganynyň ogly şol Seýit bolupdy. Orazgeldem, Orazgylyjam ondan özlerine ýeterlik hat-sowat öwrenen oglanlardy.

Kämirandan hat gelensoň, «Biziňkiler näme hat ýazmaýarkalar ýa olar kagyz, galam tapmaýarlarmykan, täze hökümetiň bu bilim diýip, likbez aýal-ýerkegi okatjak bolup sürüp ýörşüne-hä seretseň, munda adamkärçilik, sylag-serpaý diýlen zat tapylmasa-da, galam bilen kagyz-a tapylmaly» diýşip kemsinerdiler.

Hat ilkinji jümlesinden oturanlaryň hemmesiniň ünsüni özüne çekdi. Ol şeýle diýip başlanýardy: «*Kim diýip soranyňyzda, öz biriňiz Kämiranyň, atam Gullynyň, agalarym Seýitmyradyň, Abdysemediň, inim Tyllanyň gelnejelerim Gurbanýazyň, Akjemalyň we beýleki ähli dogan-garyndaşlaryň tarapyndan size köp dogaýy salamlar iberýäris. Hal-ahwallarymyz barada aýdar bolsam bolsa onda şeýle, obadan alyp gaýdansoňlar, bizi Tagtabazara eltip dykdylar bir howla, görsek bu ýerde eýýäm adam bary bar eken. Bala-çaga, uly-kiçi byg berýär. Milleti bolsa ýene-de sürläp getirip durlar. Hamala ähli pendililer bir ýere üýşürilip, sürgün ediläýjek ýaly.*

Üç-dört gündenem asdansiýa getirip, waguna ýükläp, Mara ugratdylar. Şol bizi yzan-da-çuwan edip waguna ýükläp durkalar beýleräkde biz obadanam Ýagdy kemsit, Hardat kepretilçi, Aman OGPU bilen at üstünde gürleşip duran ekenler. Wagunyň gapysyny ýapjak mahallary OGPU bilen ýene bir ol ýerde duran nätanyş golaý gelse-de, biziňkiler özlerinde  müýn duýdularmy nämemi, gelip hoşlaşaýmaly ýaly hem bolsalar, şol duran ýerlerinde galdylar. Atam olaryň bolşuny görüp: «Ýok, ol ikisi biziň ýanymyza gelip bilmez, müýnlüdirler. Ha, bu oglanlar döwür-döwran hemişe özümizde bolar öýdüşip ýalňyşýarlar... Gör, olar nijeme adamlaryň soňuna çykdylar... Olar il boýnuna atan syrtmak halkalarynyň soňra öz başlaryndan injeginden bolsa habarsyz» diýdi. Atamyňam olaryň: «Sag-aman geliň!» diýen gepini eşitmäge göwün edenligi belli boldy. Biz Marydanam gaty wagonlarda gyslyşykda Daşkende telim gün ýöräp ýetdik. Şol töwerekde galdyrýamyşlar diýip, bir myş eşitsegem, ýöne üç-dört gün wagon bir gabalgada saklanansoň, ýene-de ýola düşdük. Indi görüp otursak, bizi gazaga, onuňam çet bir ýerine alyp barýan ekenler. Oňa gazagyň öz ýeriniň üsti bilenem az ýöremezden, orus ýerleriniň üsti bilen aýlanyp barmaly eken. Otly öwrüm berip, gündogara aýlanansoň, howa-da belli bir derejede serginleýän eken.

Bu serginlik kapas ys-kokly wagonlarda gelýän adamlara nähili bolsa-da özüni dürsemäge medet berdi. Otly bolsa Orenburg, Orsk, Torsk, Çelýabinsk, Petrozawodsk diýen ýerleri bat-bat basyp süýnüp barýar. Telim bir gün ýol ýöräp, ahyrsoňy biz Akmolla şäherine geldik, ol ýerdenem bizi arabalara ýükläp, paýu-pyýada ýöredip, şäheriň 75 kilometrligindäki 31-nji barak diýen ýere alyp geldiler. Gazaklar bilen  goňşy otyrmykak öýtsegem, bäri-bärde onuň ýeriniň aňrybaşy ýok eken. Bu ýerde başga ýerlerden sürgüne getirilen bir bölek adam ýaşaýan-da bolsa, bize girere sümelge tapylmady. Jaý gurmak üçin indi kerpiç

guýup ugradylar. Atam-da şol ýerde goýlan kerpiçleri guratmak, daşamak işlerinde işleýär. Men bolsa agalarym bilen polowoýstan diýen ýerde daýhançylyk edýän. Bugdaýy bu ýerde güýze ýetirip orýan ekenler. Her işläne 750 gram günemmalyk nan berilýär. Şonuň üçinem biziň hemmämizem işlejek bolýarys. Akjemal gelneje hem biziň keýwany ýene-de bir topar aýal-gyzlar bilen şu ýerde däneçilikde işleýärler.

Kymyş akganyň uly ogly Orazgeldi hem biziň goňşymyz. Öýlerine aýdyň olaram sag otyrlar, köp dogaýy salam aýdýarlar. Onuňam aýaly Oguljuma gelneje biziňkiler bilen şol bugdaýda işleýär. Orazgeldi akgaň özi bolsa araba sürýär, şähere däne çekýär.

Obaçylykda onuňam çagalaryna özleri ýok wagty biziň garry gelnejemiz seredýär. Işleşip, doly iki paýok alyp ugranlary bäri olaryňam ýagdaýlary has gowulaşdy. Hudaýa şükür, durmuş gowulaşyp barýar. Işleseň hor-zar bolmasa boljak. Ýöne bu ýeriň gyşy gaty gazaplymyşyn, görlüp-ýeşidilen dälmişin, ýyly geýim gerekmişin, ellik, jorap, dolak ýaly zatlar hökmanmyş. Eger mümkinçiligiňiz bolsa, ýüň ugradyp bilseňiz, aýallar ellik, ýeneki örer ýaly. Şunuň ýaly zadyň ýagdaýyny Bally ýaly bolşewigiň ähli zadyna goşulyp ýörenler gowy bilýändir. Soraň, ugruny biler şolar!

Bizden dogan-garyndaşlara, soran ildeşlere köp dogaýy salam aýdyň. Hudaý hor etmese, bizem hor bolmarys.

Sag boluň. Biziň salgymyz.

Demirgazyk Gazagystan, Akmollinsk, 31-nji poçta bölümi.

Kämiran Gully. 1932-nji ýyl».

Haty diňlänsoň, Jemal mama Nazaryňkydan onuň aýalynyň göwünjeňlik bilen «Mamasy noýbalyja unaş bişip dur, nesibäňizi iýip gidiň!» diýenine hem seretmän, agtyklary bilen öýüne howlukdy. Nazar olara: «Kymyş akga-da okap bermeli bolsa geläýsin, ýa oglan ibersin, haçan diýse, özüm baryp okap berip gaýdaryn» hem diýdi. Nazar hatda Kymyşlar baradaky habar bir

oýnam bolsa-da, onuň bulara juda gerekdigine, dertli ýüreklerine melhemdigine düşünýärdi. Şonuň üçinem ol hatyň şol ýerini bulara iki gezek okap berdi.

Kymyşlar hoş habary eşidip, ol ýerden aýaklary ýeňläp, hatda özleriniňkileri hem ýatlan Kämirandan bolsa minnetdar bolup gaýtdylar. Ýolda gelýärkäler gidenleri baradaky, olaryň sag-salamatlygy baradaky hoş habary eşidip, göwni galkynyp begenen Ogulbike dänjiräp Akjagülüň saçynam çekip goýberdi. Akjagülem hem ondan kem galmajak bolup, bir eli bilen başyndaky tahýasyny gaçyrmazlyk üçin tutup, beýleki goluny salgap, onuň yzyndan kowalady. Jemal mama agtyklarynyň gaçyşyp-kowşup ýörüşlerini görüp:

–Haý, saçy kesilmişler, goýuň dänjiremäňizi. Uly gyz çykyp barýan  halyňyza köçede hölpüldeşip ýörmäge utanaňyzokmy, gören-eşiden näme diýer! – diýip, agtyklarynyň yzyndan söýünçli käýinjiredi. Olaryň begenjine, göwün galkynmasyna bolsa buýsandy. Sebäbi maşgala bölünip gideli bäri begenere zat bolmandy, öý gidenlerini ýat edip, gaýgy-hasratda ýaşaýardy.

Jemal mamanyň özi-de oglunyň, gelniniň, bir-birinden mähriban agtyklarynyň habaryny eşidip begenipdi. Onuň gözleriniň öňünde begenç gözýaşlary balkyldap, püre-pür bolup durdy. Şonuň üçinem häzir öňde kowalaşyp barýan agtyklaram oňa ganat baglaşyp, ümür-dumanyň arasynda gaýmalaşyp uçuşyp ýören ýaly bolşup görünýärdiler. Häzir onuň töweregindäki agaçlar, Agajan murtuň gerlip, dyrmyşyp, üzüm ýaprak iýýän şahly geçisem, jaýlardyr öýlerem şol ümürdir dumanyň içindediler. Ol gözleriniň öňüni tutan gözýaşyň özüniň uzak ýöretmejegine, aýagynyň aýagyna çolaşaýmagynyň mümkindigine, birazam bolsa bir ýerde dyz epmelidigine düşündi. Ýoldan biraz gapdala çekilibem, şol ýerde başyny tutup çommalyp oturdy.

Göz öňünde bolsa gözünden uçan agtyklary: «Mama-da, mama» bolşup, onuň  aňynda, töwereginde şowhunly pelesaň urşup ýördüler.

Daş işikde gapysyny syryp ýören Garlynyň aýaly Sarygül Jemal mamanyň başyny tutup, ýol üstünde oturanyny görüp, oňa bir zat bolanyny pikir edip, elindäki sübsesini gapdala atdy-da, garrynyň halyndan habar almaga gyssandy. Aňyrdan gelşine-de:

–Mamasy, size näme bolýar? – diýip, halyny sorady.

Jemal mama:

–Hiç zat. Biraz başym aýlanjak boldy – diýdi.

Gelin ýene-de:

–Ýörüň, onda men daşaryk düşek ataýyn, başyňyz düzelýänçä biraz biziňkide oturyberiň! – diýip, garrynyň goltugyna girip, kömek edip ony öz gapysyna äkidermen boldy. Emma Jemal mamanyň şol çöken ýerinde oturaýanyny kem görmeýänini görensoň, ol gidip, öýünden bir jam suw getirdi-de, biraz aýňalmaga kömek eder öýdüp, Jemal mamanyň el-ýüzüni ýuwdurdy.

Jemal mama ýolda oturyp, biraz özüni ele alyp, aňyrdan gelende eýýäm begenişip özünden ozup gaýdan agtyklarynyň daşarda oturan babalaryna hat barada, bir-birlerinden öň geplejek bolşup, şüweleňli jammyldaşýandyklaryny gördi. Jemal mama gelensoň, hat barada Kymyş duzça özüçe gürrüň berdi. Gep arasynda Nazar Soltanýazyň: «Kymyş akga okap bermeli bolsa, habar edäýiň, özüm baryp okap bererin!» diýenini hem minnetdarlyk bilen ýatlandy. Iki garry şu ýerde öz ogullarynyň hem şeýdip, özlerine hat ýazaýmaýandyklaryna göwün edişip gynandylar. Gully eminiň molla oglundan bolsa hatda özüniňkiler barada maglumat bereni üçin, ondan minnetdar boldular.

Birazdan Kymyş duzçynyň özi hem Soltanýazlara gidip, şol haty okatdyryp, onuň oglanlary hakyndaky ýerini öz gulagy bilen eşidip gelermen boldy. Ýogsam ynjalmajagyny bildi. Ol gitmek üçin töweregini sermenip, hasasyny gözläp ugran mahaly, onuň nirä hyýallananyny aňan Ogulbike oňa ýüzlendi.

–Baba, Nazar akgalara gitjekmi?

–Hawa, oglum, haty menem öz gulagym bilen bir eşidäýsem diýýän.

–Baba şol hatyň özümiz baradaky ýerin-ä men ýatdanam bilýän, aýdyp bereýinmi? –diýip, gojany geň galdyrdy.

–Meniň gyzymyň ýady gowudyr. Eşitdigi dessine ýat belläp alýandyr – diýip, gapdaldaky sandygy açyp, ol ýerden nämedir bir zatlar gözläp ugran Jemal mama hem gara kösenç bolup, o ýere ýene gitmek nämä gerek, Ogulbikäni diňläý, diýen manyda gürledi.

Ogulbike babasyna sürgünden gelen hatyň özlerine degişli ýerini Nazaryň hat okaýşyna meňzedip, onda ýazylan jümleleriň hersine aýratyn labyz berip, ýatdan okady. Kymyş duzçy agtygyny diňläp kanagatlandy. Soňam oýurganyp: «Sag-aman gezip ýörenlerini eşitdik, Hudaýa şükür, atylmanam, türmä, ýenekä basylmanam ekenler. Nazara aýtmaly, yzyna hata jogap ýazanynda, biziňem habarymyzy ber diýmeli oňa! Goý, sag-amanlyk diýip ýazsyn. Ýazyp bilseler, özlerem hat ýazsynlar diýsin. Orazgeldimem, Orazgylyjymam hat-a bilýän bolmaly. Olary medrese gutaran öz daýysy telim ýyl okatmadymy näme?

Ogulbike ýene durup bilmedi:

–Baba, haty özümiz ýazaýalyň, men olaryň bolýan ýeriniň belgisinem ýatdan bilýän – diýip, baba-mamasynyň ýüzüne haýyşly gözledi.

Hamala Ogulbike eýýäm özünden öňürdip, ol ýazylmaly haty ýazyp barýan ýaly Akjagül hem şundan soň dessine gapdaldan gepe goşulyp, ýene basdaşlyk etdi. Ogulbikäň ýüzüne çytylyp seredip: «Ýazaňda-da, kim seniň hatyňa düşüner, hatyň it otlan ýala seniň!» diýibem, oňa göwnüýetmezçilik etdi.

Çetine deglen Ogulbike:

–Baba, şu gyzyň henizem söte ýaly bolubam meniňki ýaly haty türgen, şarlandyryp okap bilenok-da! – diýip, onuň kemsitmesine kemsitme bilen gaýtargy berdi.

Jemal mama ýene käýinjiräp ara düşdi:

–Goýuň-a, berebekgeý serçeler, jammyldaşyp ýürege düşdüňiz-le!

Gazakdan gelen hoş habar Kymyşlary galkyndyrdy, umytsyzlykdyr lapykeçlikler ýene-de arzuwdyr höwese öwrülip ugrady. Gol doly döwletli döwranyň şeýdip, düňderilip gidensoň rahatlyk tapyp ynjalyp bolýarmy? Onda-da ogluň ogul, gelniň gelin ýerinde bolup, agtyjaklaryň daýyrdaşyp, öz oýunlary, boluşlary bilen öýi şatlykly bazara öwrüp ýören mahalynda.

Hemişe şeýle ýagdaýda edilişi ýaly maşgalanyň öz şatlygynyň daş-töweregi bilen paýlaşasy geldi. Ýogsam bu şatlyk Kymyşlary wagty bilen ýere gondurarly däldi.

Jemal mama gele-gelmäne iş-ýumşuň agtyklarynyň hakyndan çykýanlygyny ýatlap, özüniň kakadyp alan erik-kişdelerini goýan ýerinden tapyp, şondan töwerege gysym-çaňňal ugradyp, daş töweregindäki goňşularynyň agzyny süýjedermen boldy. Emma soňra muny-da az gördi. Dessine agtyklarynyň hersiniň elline bir kersen-çanak bugdaý berip olara: «Baryň daýyňyzyň degirmenine gidiň, Ballyň degirmenem haçam görseň adamlydyr, Aýsoltan daýzaňyza diýiň, size nobat beýleki diýip durmasyn. «Mamam nan ýapjak, tiz dolanyň diýdi diýiň!» diýip, tabşyryp, olary öz dogany Jumanazar baýyň eldegirmenine ugratdy. Ogulbikedir Akjagül gezekli-gezegine degirmen aýlaşyp, bir salymdan äkiden bugdaýlaryny üwäp, una öwürdip getirdiler. Olaryň köýneklerinde, ýüzlerinde, maňlaýlarynyň kä ýerlerinde un ýokundylary bardy. Jemal mama muny görüp agtyklaryna:

–Baryň indi öýe giriň-de, köýnekleriňizi kakyşdyryň, elýüzüňizi ýuwuşdyryň, bar ýeriňize un ýokduryp, kilwana öwrülipsiňiz-ä! – diýip, käbir halatda entegem olaryň edýän işlerini, edilmeli başarnyk bilen däl-de, çagalarça edýändiklerini özüçe belledi.

Şularyň ýerine häzir işlerine ygtyýar gelinleri bolanlygynda olaryň hamala bu işe el urmazdan, una bulaşman degirmenden gaýdyp geljeklerini, gyzlaryň bolsa entek bu işleriň oňly abyny-tabynyny almanlygyny pikir edip, goşa gelinli döwrüni aýratyn bir küýseg bilen ýatlady. Agtyklary kakynyşyp-silkinişip ýanyna gaýdyp gelensoňlar, Jemal mama olaryň öz gapdalynda kendirik başynda oturdyp, hamyr ýugurtdy. Hamyr etmek öz başyna düşüp ugraly bäri Akjagül indi belli bir derejede bu işiň abyny-tabyny alyberipdi. Onuň gollary suwdur uny bir-birine gatyp, ynamlylyk bilen hamyr ýugurýardy. Biraz kerseniň üstüne egilibräk, leňňer atybrak oturyşyna özüniň çyzgalan gollarynyň ýumruklaryny erjellik bilen onuň üstünden inderýärdi. Hamyr indi şapba-şapba depesinden inýän ýumrugy ogşap, özüniň taba gelenini mälim edip ugrapdy. Akjagül ýene biraz hamyry agdaryp, onuň galan eýini ýetirensoň, Jemal mama onuň üstüni ýapdyryp, bir gyra süýşürdi-de, alşyp-galaryna goýdy.

Durmaly müddetini durup, hamyr güpüläp galansoň, Jemal mama nan ýapmak işine agtyklary bilen Kymyşlarça biraz gyssanybrak täzeden girişdi. Akjagül hamyry kendirik üstüne togalap alyp, ony bir nanlyk, bir nanlyk edişdirip, böleklere bölüşdirdi. Ýaýyp-ýazyp, olaryň hersini repidä münäýmeli edip taýynlady. Jemal mamanyň özi bolsa daşaryk gidip, Ogulbike bilen tamdyra ot goýberdi.

Ogulbike mamasyna önjeýli kömek etmegiň ugrunda çir-çitirdi. Tamdyryň gapdalynda durup, geriljiräp oňa odun salyşýardy. Her gezek ot güýçlenip, tamdyryň ýalyny daş ýüzleri bilen lowlap çabranda Jemal mama ony goraglap:

–Eňseräk çekil, balam, saçyňy-gaşyňy çirkizäýme! – diýip, elini daldalap alada edýärdi.

Ogulbikäniň çaga göwnüniň bolsa töwerekdäki aýallara özüni görkezip: «Tüweleme, Ogulbike mamasyna kömek berip ýör, tamdyr otlaşyp, tizden ol güpledip-güpledip, nanam



*19

ýapar» diýdiresi gelýärdi. Tamdyryň töwereginde höwes bilen «Mamasynyň kömek gyzy» bolup gaýmalaýardy.

Jemal mama agtyklaryna degirmende bugdaý üwedip, hamyr etdirse-de olary tamdyra salmaga howlukmaýardy. Olary entek bu işe hötde gelerden ejizräk görýärdi. Hamyr gelip, tamdyra çykmaly bolanda köpülenç Ahmediň aýaly ilgezeklik bilen gelip: «Mamasy, nan ýapjak bolanyňyzda aýdyberiň, özüm gelip ýelmäp bererin. Maňa onuň kyny ýok!» diýip, ýaş gyzlaryň entek bu işe gatnyşmanlygyny özüniňem kem görmeýänligini janköýerlik bilen duýdurardy. Ýöne soňky günler onuň haly teňdi, kömek bermekden geçen özi kömege mätäçdi. Gaýtam hepde-on günden bäri o-da, çagalaryny indi Jemal mamanyň aladasyna goşupdy. Şonuň üçinem birki gezekden bäri, tumaklyraklygyna seretmezden, hamyry ol gyzan tamdyra ýelmäp bermeli bolanda: «Baryň Kümüş gelnejeňizi çagyryň, ýelmäp berip gitsin şu hamyry!» diýip, onuň üstüne agtyklarynyň birini ýollardy. Kümüş barly hem ýagdaý-hally maşgalanyň keýwanysy bolansoň, ol töweregiň beýleki aýallaryndan edenli hem gepi ýörgünli hasap edilýärdi. Hatarda ärleri mertebe-mynasybetli Jemal mamanyň gelinleri Oguljumadyr Amangül barka onuň bu ýagdaýy duýulmazdy. Şeýle-de ol Jemal mamadan birneme çekinerdem, sähel doňuz tüýi ösüp, gepi-sözi gyşaryp-üýtgäp ugrasa, mama onuň göni ýüzüne gelip, gylawyny alardy: «Gopalman-galgaman öňki bolşuňa bolubergin, gelin baý! Bujagaz günüňe masaýynmagyn, öňde geçmeli ýol-çil kändir entek... Bu bäşbelalar heleýi gaty gowy görýän-de bolsalar, heleý halyňa taň edip, şah çykaryp süsüberseň welin, dessine seniň şahyňy döwüp, heleýligiňe dolap getirýändir bular» diýerdi. Onuň şeý diýşi ýaly, Bally hem Kümüşden agasydyr ýeňňesi hakda bir gyşygrak gep eşitse, şol pursatda eline ilen zat bilen bererdi onuň güpesine.

–Sen kim bolupsyň tuga deperçe, sen kim bolupsyň ojaga tüýkürerçe! – diýip, ol bir gazabyna tutup ugransoň, Kümşe onuň öňünde durmak aňsat düşmezdi.

Bally başga wagtda hem agasydyr ýeňňesi bilen baglanyşykly bir gep ara gelende, aýalynyň hem bilip goýmagy üçin olaryň özlerine eden ýagşyklarynyň käbirini ýatlabam goýbererdi. Köplenjem ol öz gürrüňini: «Biz, bäşbelalaryň hemmesi Kymyşyň ojagynyň başyndan turandyrys. Idi-yssywada mätäç ýetim-ýesirimiz bolsa hemişe ýetik bolupdy. Gözümiziň çyzyldygy biz her gün irden şol gapa barardyk; beýleden Garajumaňkylar: Arnageldi, Magsut agasy Mahynyň söte ýaly gyzy  Öwkänäm arkalaryna hopba edişip gelerdiler, bärdenem biz ymysganyşyp bararys. Gelnejem kyn görmezdi, hemmämizi ojagyň töwereginde tegeläp oturdyp, süýt-gaýmak bilen baryndan nan, nahar bilen naharlar. Biz şol günler oýnanymyzda hem şol öýüň töwereginde oýnaýanymyzy kem görmeýärdik. Gelnejem başga zat tapmasa, gara-çorba ederdi welin, bir zat bişirerdi, öz çagalary bilen tabak başynda bileje oturdyp bizem naharlardy. Onuň ýaly bolaýmak her ýeten heleýiň syrtyndan geläýmez» diýerdi. Gelnejesi bilen agasynyň öz gadymky atalary Muhammetgylyç serdaryň ojagynyň mynasyp, rysgal-döwletli eýeleri bolandygyny, özüniňem şolar ýaly ýalkap-ýalkanyp oturan öý bolmagy isleýänligini mälim edip, onuň gulagyna guýardy.

Tamdyryň ody-ýalyny ýetip, gyzaryp-bozaryp ugramagy bu tamdyryň taba gelmeginiň alamatydy. Diňe şeýle bolan ýagdaýynda ol ýapan hamyryňy bir salymda Güne meňzeş tegelek nanlara öwrüp berýärdi. Çörek bişirmäge ökde aýallar hut şu pursatda hamyr arkasynyň ýelim çalnan ýaly tamdyra şapba ýelmeşýänligini gowy bilýärler. Şonuň üçinem olar: «Bu gelin-ä Aý ýaly nanlar ýapdy» diýdirmek üçin, bu pursady ezberlik bilen peýdalanýarlar.

Ogulbike: «Mamam hamyrymyzy ýelmäp bersin!» diýdi diýip, gelende, Kümüş öýde Ballynyň myhmanly gelerin diýenini ýatlap, onuň öňünden geçmek üçin biş-düşüň ugruna çykyp ýördi. Ol Ogulbikä «Ine, barýan...» diýenem bolsa, nahar-şoruň aladasy bilen güýmenip, biraz eglenç edenini hem duýman galdy.

Ýöne tabyny alan tamdyr halap garaşyp durkan, ol seniň eglenç, ýenekiňe seredip durýarmy?

Kümüş aňyrdan howlugybrak gelen mahaly eýýäm Akjagül eline hamyrly repidäni alyp, daraklygyna galyp, geriljiräp, ýüzüne gyzgyn howur urduryp, oňa niýetlenen hamyry ýelmemekçi bolup dert-azar bolup durdy. Tamdyryň howry uran ýüzüni çytyp, kösenip, ony kese-kese sowýardy. Öz güýjüňden aňry işi etmek oňa entek ýeňil düşmeýärdi. Jemal mama küýkerlibräk durşuna oňa «eýt-beýt» diýip öwredişdirýärdi.

Kümüş eneli-gyzyň aňsat düşmeýän işi etjek bolşup, dert-azar bolup duruşlaryny görüp howlukdy.

–Mamasy, garaşaýmaly ekeniňiz-dä, ine, men geldim! – diýip, dessine aňyrdan gelşine Akjagülüň elindäki ebeteýini tapman duran hamyrly repidäni  onuň elinden aldy.

Jemal mama Kümşe ýol berip, tamdyrdan biraz yza çekilip durşuna: «Wah, men garaşjak-la, ýöne hamyr bilen gyzan tamdyr garaşanok» diýip, biraz nägileligini duýdurup gepledi. Mama gepini gutaryp gutarmanka Kümüş tamdyryň üstüne geriljiräp ikinji başarjaňlyk bilen alnyp berlen hamyry hem ýeňillik bilen tamdyra ýelmedi. Soňam ol şeýdilip ýasalyp, repidä mündürilip berlen beýleki hamyrlaryny hem yzly-yzyna ezberlik bilen, tamdyra ýapyşdyrdy, ody aşarakdyr öýden mahaly gapdalda duran suwly kündügi goluna alyp, oda biraz-da bolsa basalyk bermek üçin, tamdyra suw sepeledi. Ol diňe ýapan hamyrlaryny ýalpyldadyp, göz guwaňdyryjy nana öwrüp, tamdyrdan ýeke-ýekeden goparyp durka:

–Mamasy, bu gün-ä nanlaryňyzyň sanyny köpelden ekeniňiz! – diýip soragly dillendi. Jemal mama jonnuk pyçak bilen nanlaryň arkasyny gazap, galan-gaçan kesek-kesmekleri aýryp oturyşyna göwnühoş dillendi:.

–Ýaňy gyzlar bilen Soltanýazlara gidip geldik. Onuň Nazaryna Gully emininiň ogly Kämirandan hat gelipdir. Olar Gazagyň Sibir diýen ýerine eltilenmişinler. Hatda «Ýanymyzda Kymyş agaň

ogly Orazgeldi aga hem bar. Hemmesi başy bütin sag-salamat» diýlip ýazylypdyr.

–Gözüň aýdyň onda, mamasy! – diýip, Kümüş hem begendi.

–Taňryýalkasyn – diýip, Jemal mama-da begençli gutlagy üçin ondan minnetdar boldy.

Bu ýakymly gürrüň alysdan gelen hoş habar bilen birlikde tamdyryň töwereginde duranlaryň hemmesiniň göwnüni göterdi.

Jemal mama beýleki goňşy-golamlaryňam eşitse, şeýle begenjegini göwün hoşlap, kanagatlanma bilen pikir etdi.

Nan ýapylyp, saçaga dolansoň, Jemal mama olary bölüp-bölüp, agtyklaryna düňkedip, töwerekdäki öýlere nan paýlatdy. Gidenleriniň baran ýerlerinde sag-aman bolmaklaryna berlen bu hudaýýolyň Taňry dergähinde kabul bolup, olara munuň geljekde-de hemaýat boljagyna ynanyp göwün ýüwürtdi.

Bu gün Jemal mamanyňka onuň begenenini eşidip, «Gözüň aýdyňa”, maşgalanyň şatlygyny paýlaşmaga gelýänleriň sany az bolmady.

Gijöýlänler «Kymyş aga, jora, öýdemisiň?» diýip, gapynyň öňünde Begendik ussa peýda boldy. Onuň elinde çekize halta meňzeş ak mytgal haltada üç-dört kilo töweregi tüwi-de bardy. Ol salam berip, içeri girip-girmäne elindäki haltajygy ojagyň gapdalynda oturan Jemal mama golaý goýdy.

–Gelneje, şunda birazrak tüwi bar. Begenen günüňiz palaw dagy edersiňizmi nämemi?

Onuň sözüne Jemal mama derek dostunyň hoş habary eşidip, göwündeşlik etmäge gelmegine göwni bitip begenen, öýüň töründe ýassyk tirsekläp ýatan Kymyş duzçy berdi.

–Dogry aýdýaň, ussa Begendik! Bu gün murtlary bir ýaglamasak bolmaz – diýip, ony garşy alyp, düşünişme bilen gepledi.

Tirsegine galyp, iki eplenip, at eýerini ýatladyp duran ýassygyň ýokary başyndan ata münmekçi bolanyň eýeriň gaşyndan çemelenip gysymlaýşy ýaly gysymlap, gozgalaň tapyp oturyşyna dosty bilen gadyrly görşüp, ony öz gapdalynda oturtdy.

–Jora, geladyňmy?

–Oglanlaryňdan habar düşenini eşitdim-de, jorama bir gözüň aýdyň aýdaýyn! – diýip gaýdyberdim.

–Şuny oňarypsyz, ussa, ýogsa, bu ýagdaýda bir zadym kem ýaly bolubam durdy. A, indi bolaýdy.

Kymyş duzçy soň oturan ýerinde kiçi agtygynyň adyny tutdy.

–Ogulbikäm, owlak-gyzym. Bar gyzyl horazy tutup al-da, soýdur ony birine!

Jemal mama agtyklaryny hem ýanyna alyp, höwes bilen daşardaky ojakda palaw bişirmegiň ugruna çykdy.

Kymyş duzçynyň begenjine goşulmaga gelen bu gün diňe bir Begendik ussa-da bolmady. Giçlik işden gaýdyp gelensoň, gojanyň agalarynyň oglanlary ilen-çalanlarynyň birnäçesi – Sähetdurdymydyr Magsut, Arnageldidir Mahy, Hürtek, Bally, Rozmyrat, Muhammetnazardyr Öwezberdi, Işanguly çakan dagy gözaýdyňa geldiler. Gelenleriň soňy bolup, Jemal mamanyň hossarlary Jumanazar baý ogly Hommady hem birnäçe özüniň ilen-çalanlaryny yzlaryna düşürip tirkeşip geldiler.

Ýörite çagyrylyp getirilen Nazar Soltanýaz ol haty ölügsiräk ýag çyranyň yşygyna ýene-de iki-üç gaýra okamaly boldy. Oglanlary maşgalasy bilen sürgüne atarylany bäri, biraz egni gysyk görünýän Kymyş duzçynyň öýi galkynyp, ýene-de toýhana öwrüldi.

* * *

Kymyşlar telim günläp Gazakdan gelen hatyň täsirinden çykyp bilmän gezdiler. Hat okalany bäri maşgala Gazaga gidenleri bilen bagly ýakymly, tamaly duýgulary başdan geçirýärdiler. Bu şatlyk hasam Ogulbikedir Akjagülde gowy duýlardy. Asyl duýmaz ýaly hem däldi, olaryň ýüzleri açylyp, dişlerinde gülki peýda bolupdy. Indi olar buýrulan işleri, meýdan işleri bolsun, öý işlerini-de, şol sürgüne gidenlerini öz golaýlarynda duýşup, aýratyn bir höwes, yhlas bilen ederdiler. Olar deň-duşlaryna-da, ýolda-yzda gabat

gelen dogan-garyndaş, ilen-çalanlara-da ol hat barada höwes bilen gürrüň bererdiler. Ogulbikä-hä hatyň özlerine degişli ýerini ýatdan okabam berýärdi.

Nazara «Kämirana jogap hatyny ýazanyňda onda biz barada ýazmagy hem unutmawergin, sag-gurgun» diýip ýazawergin diýen-de bolsalar, göwünler munuň bilenem kanagatlanmady. Haty özleri ýazyp, göwünlerine jaýlamasalar, ynjalyp bilmejeklerine düşündiler. Şeýdibem Kymyşlaryň özleri kagyz-galam tapyp, ol hatyň daşyna geçdiler. Haty ýazmaga Ogulbike-de döwtalap bolanlygyna seretmezden, ony haty owadan hökmünde Akjagüle ýazdyrdylar.

Salam haty

*Kim diýip soranyňyzda öz ataňyz, mamaňyz, Ogulbikäniň, meniň hemem ähli Bäşbela – Hojabegi ýarawlarymyzyň tarapyndan Gazakda sürgünde ýören mähribanlarymyz bolan Akgam jana, ejem jana, Alla jan bilen Rahmannazar posalamyza, Rahmanguly janymyza köp dogaýy salamlar bolsun. Gully Emin akgalaryň maşgalasyna-da bizden salam bolsun! Kämiran akga Soltanýaz agalara hat iberende ol ýerde siziňem barlygyňyzy ýazan eken. Sag-salamat ýaşap ýörenligiňizi eşidip, örän begendik. Hudaýa şükürler edip, mundan beýlägem sag-aman bolmagyňyzy Allatagalladan dileg etdik. Indi bizden habar sorasaňyz, bizem hudaýa şükür, sag-gurgun otyrys. Ahmet akgamlaram, Sähetdurdy, Bally, Mahy, Gully, Hürtek akgamlaram, daýy-daýzalaram sag otyrlar. Olaram duşan ýerlerinde siz barada sorap durlar. Köp dogaýy salamlar aýdýarlar.*

Ýöne Akgül gelnejem soňky wagtda biraz ýaramajak bolýar. Mamam her gün irden düýejä gatnap, şol ýerde biriniň köşeklije düýesi barmyş, ir bilen saglan badyna şondan bir käse düýe süýt içse gutular diýip, Nobat tebip aýdanmyş.

Bally akgam hem şähere gatnap işläp ýör.

Eje jan, menem, Ogulbike geçi gyzyň ikimizem sargap gidişiň ýaly akyllyja bolup ýörüs, mamamy käýindiremzok, ýöne siziň hemmäňizi ýaman göresimiz gelýär. Rahmannazar jany, Rahmanguly janymyzy gujaklap-gujaklap ogşasym, ysgasym gelýär. Olaram indi biraz ulalandyrlar. Ýa Rahmannazar jan henizem emmesinden göwün üzüp bilenokmy? Ýekeräk otyrkaň gelip henizem süýkenýärmi? Mamam-a «Süýdi bolsa emdiribersin, Anna pälwan-a 14 ýaşyna çenli emipdir. Enesi bir ýere gitjek bolanda hem onuň yzyndan ýetip, çukura salyp, öýe dulap hem emip galar eken» diýýär.

Babam-a ene süýdüni köp emen çaga soň Anna pälwan ýaly pälwan, garadangaýtmaz bolýarmyş hem diýýär.

Babamyňam indi siz gideniňiz bäri bir aýagy gawunda bolsa, bir aýagy öýde. Bugdaý ýerdäki samanymyzy ýygnap aldyk. Häzir bolsa aýagaldygyna pagtamyzy ýygýarys. Mamam her gezek pagtaly atyzymyzyň içine girenimizde: «Balamyň yhlasy ak patrak bolup açylypdyr» diýip, oňa Orazgylyç akgamyň suw tutup, bejergi edip gezenini ýatlaýar.

Orazgylyç akgamlardan entek habar ýok. Garaşýas. Olaram bir ýerden gara beräýedir-dä, Alla jan. Gara sygrymyz bar. Ateşegimizem bar. Ähli mal-garany kolhoz elden toplap aljakmyş diýilse-de, enteg-ä olara degenoklar. Ýöne şura dagy bilen gelen adamlar bile bir aýlanyp gelenlerinde akgamyň münýän ýabysyny, çuwal bugdaýymyz bilen dört-bäş keçe-ýorganymyzy aldylar. Mamam-a: «Alsa alyp geçsinler, olaram sürgüne gidenlerimden gowy däldir. Sag-aman gelensoňlar, atam edinerler, öý-owzaram» diýýär. Ýöne Ýagdy şuraň enesiniň üstüne bir gidip: «Ýykylan öýüň zady ýykyljak öýe bararmyş. Seniň öýüňem ýykyljak güni indi uzakda däldir!» diýip aýdyb-a gaýdypdyr. Ýagdy şuraň muňa juda gahary gelipdir. Ol ýakynda… «Indi kimi basmaly, kimi sürgün etmeli?» diýlende, «Kymyş yňdyrmany!» diýip, babamy görkezipdir. Hälem bagtymyza Bally akgam bar ýeken. Şol ulular

bilen tirkeşip, içişip-göçüşip ýörensoň, babama zat diýenoklar. Ýagdy bir gezek soňuna ýanmak üçin babama öjügende, onuň şol uly işgär orus dosty oňa: «Ballyň şol goja agasyndan başga seň işiň tükendimi?» hem diýipdir. Şonda mamam bilen babam: «Iki barmak dile ygtyýar etmeli» diýşip, bir-birlerine igenişdilerem.

*Akga, Kämiran akga hatynda bugdaýda işleýäs diýipdir. Babam: «Dänäniň golaýynda işleseler, hor bolmazlar» diýýär. Ind-ä näme işledip, hökümet olary öz iş-aladalaryna-da gatyp ugrapdyr. Hany işden gaçan barmy!?» diýibem begenýär.*

*Akga, sizlere babam, mamamam hat ýazsyn diýýär. Ýene-de «Hemme zat geçer, üstüňi alyp durjak gara gün ýokdur. Magtymguly şahyr «Dünýä, seniň bu gezekli gerdişiň» diýmänmi näme hem diýýär.*

*Babamam, mamamam her namazdan soň sizi ýatlap, ýagşy dilegler edip, namazlygyň üstünde Hudaýa sygnyşyp oturýarlar.*

*Akga, eje, onda men-ä sözümi häzirlikçe gutarjak. Hoş sag boluň. Gezen ýeriňizde sag-salamat geziň. Ähli bela-beterden Hudaý janyň özi gorasyn sizleri. Hatymyzyň jogabyna mamam, babam, Ogulbike, men bolup gije-gündiz garaşýarys".*

Hat ýazylansoňam Ogulbike özi ýazmansoň, ony şeýle bir doly göwnüne jaý edip bilmedi. Onuň yzyny ýene-de dowam etdiresi geldi. Hat iberilmäge taýyn edilip, ertire çenli keçäniň aşagyna sokulansoň, ol töwereginiň bir çolalygyny alan mahaly ol haty özüçe ýene-de dowam etdirdi:

Oňa: «*Bar, hatym, bar, akgam jany görüp gaýt. Ejem jany görüp gaýt, Alla jany, Rahman jany görüp gaýt. Salamlary ýetirip, salamlaryny alyp gaýt. Özlerinem şol ýerden özüň bilen alyp gaýt*» diýen ýaly jümleler goşuşdyrdy.

Haty şol günüň ertesi Bally şähere gitjek bolup durka: «Özüň bir ýolun tapyp ugradarsyň!» diýip, Jemal mama gelip, onuň eline berdi.

Hemmeler hatyň sag-aman öz mähribanlaryna baryp gowuşmagyny Hudaýa sygnyşyp, ýürek ezişip, dileg etdiler.



## BÄŞINJI BÖLÜM

* * *

Baryp-ha 1917-nji ýylda bolşewikleriň hökümet başyna gelensoň, çaýkanyp ugran durmuş adamlaryň başyndan görlüp-ýeşdilmedik bela-beterleri indermek bilen, sarsyp-çaýkanmasyny henizem dowam etdirýärdi. Bu bolsa XIX asyryň ahyrlarynda rus patyşa goşunlarynyň Orta Aziýany basyp almak üçin ýakan-aldajy odunyň indi ýene-de täzeden çabramasy bolupdy. Ol oduň ýakyp-ýandyrmasy şondan bärigem bir ulalyp, bir kiçelip henizem dowam edýärdi, özi-de onuň indi haçan togtap-gutaržagy-da belli däldi. Sebäbi yrsarap degene-de degip, degmedige-de sürünýän yňdyrma bolşewikleriň dünýäde garşydaşlary köpelmese, azalarly däldi.

Ilki başda bolşewik ýersize ýer, donsuza don berjekden bolup, adalat tutup, ejiziň arkasyny alarman bolup gelende, il içinde onuň hoşdilmine imrinenem az bolmandy. Halk arasynda «Päl-ä gowy munuň» diýlip, onuň patyşa hökümetinden has ýeg-gowy boljagyny tama edilipdi.

Uzak wagtyň dowamynda uruş-gowgadan bizarlar bolan halk bolşewigiň boldan berýän bu wadalarynyň, onuň diýşi ýaly, parahatçylykly dynçlygyň örüsi bolmagyny isleýärdi. Şonuň üçinem halk soňabaka bolşewigiň özboluşly garaýatma keselidigini az-owlak aňyp ugran-da bolsa, badyhowalyga berlişip, onuň özlerine kast etjegine şol wagt ynanýanlar-da juda bir köp däldi. Emma döwür bulaşyk-da bolsa, bolşewigiň öwzaýyna düşünmek

üçin, özüňe zor salmaly bolýan-da bolsa, oňa wagtynda düşünen adamlaram az bolmandylar. Olaryň köpüsi-de barly hem ylym-bilim eýeleridi, mertebeli adamlardy. Halkyn bu bölegi: «Mundan gowulyga garaşyp bolmaz, heý, gedaýçylykdanam bir gowulyk bormy? Bu bolsa aýlap-dolap garyp-gasarlygy öňe sürýär!» diýşip, duran-duran ýerlerinden howlukmaç paty-putularyny ýygnap-ýygnaman, gözleriniň gören tarapyna gaçmak bilen bolupdylar.

Şol döwürde Orta Aziýanyň ot içindeligini gören Angliýa, Fransiýa, Türkiýe ýaly döwletler bu ýerde ýaşaýan halklara daşardan duýgudaşlyk edýärdiler. Olar bolşewiklerden bu eden-etdiliklerini bes etmeklerine, janköýerlik bilen, dürli ýollar bilen yzygiderli talap bildirip durýardylar. Emma gönüden-göni bolşewige tarap güýç ulanmaga howlukmaýardylar. Sowet döwleti ilkinji berkarar bolup barýan döwri bolsa olaryň bolşewikleri gundagdan çykmanka ýok etmäge eden synanyşyklary başa barmandy. Ýogsam rus generallary Antanta bilen bolşewigi ýok etmek üçin elinden gelenini gaýgyrmandylar. Emma bolşewik islenmedikden dogluşy ýaly, ýene-de islenmedikden hem her hili ýollar bilen aýak üstünde durmagy-da başarýardy.

Häzirki döwürde bu gaýry döwletlerdenem, onda-da ýaragly kömek meselesinde Antanta bolup eden söweşleriniň şowsuz gutarmagyny sapak edinýärlermi nämemi, aýgytly hereketler ýokdy. Emma uly tama bilen garaşylýan-da bolsa soňra birnäçe ýyldanam önjeýli kömek meselesinde bu döwletleriň gurrasy duşmandy.

Emma uly göwrümde bolmasa-da, daşary ýurtlardan berilýän kömekler ýok hem däldi. «Ahyret güni goňşudan» diýenleri bolup, Owgan emiri Nedir han Orta Aziýa halklarynyň adamlary üçin, olaryň gaçybatalga gözlemäge mejbur bolanlaryny göz öňünde tutup, öz serhedini açypdy. Emma bolşewigiň gazabynyň özüne gönügmeginden heder edýändigindenmi nämemi bu halklara doganlyk goluny uzatmaga Eýran o diýen bir döwtalaplyk edip

barmaýardy. Şeýle-de bolsa ol ýurtda hem müňlerçe türkmen we beýleki orta aziýalylaryň maşgalalary orun tapypdylar. Öz musulman ýurdum diýip gelenleriň ýüzlerçesi bolsa, ol ýerlerde hem oňly gonalga tapman, ýene-de aňyrlygyna – Hindistan, Pakystan diýip, göç etmeklige mejbur bolýardyrlar. Orta Aziýa halklarynyň bolşewik belasyna düşen gününe ýene bir gowy düşünýän Türkiýe döwletidi. Onsuzam Orta Aziýa türkleriň ata watanlary hökmünde ýatda saklap, mertebeläp gelýän ýurtlarydy. Osman imperiýasynyň ýerine türk döwletini esaslandyran Ata Türk: «Ejem – Zubeýda aýdardy: «Oglum, seniň ata-babaň şol Merwden gelen ýörüklerdendir» diýdi» diýip, ol hem öz aslyna buýsanar eken. Asla-da osmanly halklar ata Watanlarynyň nirededigini hiç wagt unutmandyrlar. Ýewropanyň, Arabystanyň, Kawkazyň köp ýerlerini asyrlaryň dowamynda güýç bilen özlerine bakna eden türkler hiç wagt Orta Aziýa goşun çekmändirler. Bu işi olar öz Watanyňy çapmak, geçmiş ata-babalaryň gabyr-tümmeklerini depelemek hasap edipdirler. XIV asyrda Temirleň bärden baryp, türk soltany Ýyldyrym Baýazidi dyza çökerenden soňra, olarda hem belli bir döwürde, ar almak pikiri döräpdi. Ýöne ýene-de Watan mertebesi olary raýyndan gaýtarypdy. Olar Orta Aziýany çapmagyň öz-özüňi çapmak boljagyny ýatlap, geçirimlilik edip, bu işden el çekipdiler.

Alysda bolsalar-da hemişe kalp-ojaklarynda köz bolup duran Watan söýgüsi olaryň pälini azdyrman saklapdy. Türkleriň ata Watany hemişe ýatda saklaýandyklaryna Ata Türk bilen Wladimir Leniniň duşuşykda eden gürrüňleriniň bölekleri hem anyk şaýatlyk edýär. Ata Türk şonda Lenine Osman döwletiniň adyny üýtgedip, ýene-de öňküsi ýaly oňa Türkmenistan diýip at bermekçidigini aýdanynda, Lenin özüniň hem hut şu at bilen türkmenlerden respublika döretmegi göz öňünde tutýandygyny aýdyp, oňa iki sany şol bir atly döwlet bolmazlygy üçin başga at tapmagy maslahat beripdir. Kemal Ata Türk şondan soň osmanly

döwletiniň türk aslyny mertebeläp, Türkmenistan sözüniň «-istan» bölegini aýryp, ony «Türkiýe respublikasy» diýip atlandyrypdyr.

Häzirki wagtda ata Watan Orta Aziýanyň derdini janköýerlik bilen duýan, onuň derdine ýarap, arkasyny çalmaga synanyşýan türk ogullary hem bu ýerde az däldi. Şolaryň biri-de polkownik Enwer patyşady. Ol Türkiýede, Ýewropada bilim alan Osman imperiýasynyň bähbidini arap, Arap ýurtlaryna, Ýewropa edilen ululy-kiçili ýörişlere gatnaşan serkerdedi.

Ýurtdan gaçyp, özüni Owgana atan Buhar emiridir Ybragim begiň, Jüneýit handyr ýeneki yzyna atly düşüren adamlaryň arasynda ilki başda häzirki gazanylan düşünişme-de ýokdy. Muny gazanmak üçin iňlis maslahatçylarydyr türk ofiserleri diýseň köp alada etmeli bolupdylar. Bular hernäçe agzala boluşlaryçada bolşewigiň guşy gaz alyp, barha işi rowaçlanýardy. Bu agzybirligiň gazanylmagyna-da Enwer patyşadyr ýeneki türk ofiserleriniň ýerli-ýerden edýän hemaýatlary, şol bir wagtda hem özlerini oda urup, görkezýän gaýduwsyz edermenlikleri juda uly netije bitiripdi. Bir-birek bilen ozalky alagöz taraplar indi bileniň gepine gulak salyp, agzybirlik bilen bir-birege gerek ýerinde hemaýat berip, hereket edýän bütewi güýje öwrülip ugrapdy. Olaryň bolşewik bölümleri bilen çaknyşmalary indi öňkülerden netijeli, bir-birege arka durşup, has batyrgaýlyk bilen alnyp barylýardy.

Türkden Orta aziýaly gardaşlarynyň arkasyny almaga gelen harbylaryň sany köp bolmasa-da, olaryň berýän kömegi az-owlak däldi. Olar maslahatçy bolmak bilen birlikde göwünlerine deglen adamlaryň arasy bilen başlaryny eteklerine salyp, Sowetlere garşy gaýduwsyz söweşler alyp barýardylar. Bolşewikleriň şol döwürdäki goşun bölekleriniň ýazgylarynda galan maglumatlaryna görä, türk ofiserleriniň bar ýerlerini olar özleri üçin howply ýer hasaplapdylar[1].

[1] «…Ерли халкың басмачылары голдамагы бизиң еңишлеримизе улы пәсгелчиликлер дөредип, душманың болса гүйҗүни артдыряр.

Barybir Sowetleriň Orta Aziýa halklaryna edýän sütemi barha artmasa kemelmeýärdi, kemelerli hem däldi. Şonuň üçinem onuň duşmany hem öňküden köpelmese azalmaýardy. Gelenlerinde hoşdilim bolup, towşan tüýli, sypaýysyrap gelen bolşewikler indi hakykatdanam aldajy möjege öwrülip, ýeten ýerine agyz urup has wagşylaşypdylar. Halky saýrykdyryp, olary özüçe «basmaçy, baý, kulak, galtaman» diýen ýaly atlar bilen tagmalap, zalymlyk bilen gyrýardylar. Orta Aziýanyň ähli halkyny paýhynlap, gaçyryp-tezdirip, olaryň ýerine-de özlerine ýapja, bakna döwletini berkarar etmäge çalyşýardy.

Ýogsam bu ýerde bolşewikleriň ýerli halky äsgermezçilikli edýän gatnaşyklarynyň Sowetleriň işiniň rowaçlanmagyna kast edip biljegini, bu ýerdäki  eden-etdikleriň bimöçberdigini bilip, hut Leniniň özi-de olara duýdurypdy. Hatda ol, bu ýagdaýyň öňüni almak üçin Orusýetiň, Gündogaryň ähli musulmanlaryna ýörite ynam haty bilen hem ýüzlenipdi: «Siziň öz milli durmuşyňyz bardyr. Bilip goýuň, siziňem Russiýanyň ähli halklary bilen hukugyňyz deňdir we ol Sowetiň ähli güýji bilen, onuň edaralary işçi, esger, daýhan deputatlary tarapyndan goralyp saklanylýandyr!"

Ol bu ýerdäki bolşewik komissarlarynyň bulaşdyran işini düzetmek üçin komissar P.E.Kobozewiň ýolbaşçylygynda öz ynamdar adamlarynyň birnäçesini Daşkende tabşyryk bilen ýollapdy.

…Түрк полковниги Энвер патышаның улы гошуна баш болуп гелмеги билен Термез-Ширабат төверегинде гүйчли чакнышыклар башланды: Олар гүндогар Бухараны даглыга ченли, өз ёлундакы Гүлабы, Җар курган, Набадыян, Җыллы көл, Сарайы, Вахшың әхли чеп кенарыны диен ялы деряның әхли төверегине. Орта токай диен ада билен билеликде  элеедилер. Шу дөврде ене бир түрк офицери Селим патышаның гошуны бизиң бир батальонымызы – 15.12.1922-нҗи йылдан 11.01.1923-нҗи йыл аралыгында габавда саклады. Олардан арка тапынып, Ыбрайым бек хем бизиң батальонымызы өз гүйчлери билен 20 гүн (19.12.1922,-8.01.1923) аралыгында габавда саклады...

…Бизиң полкумыз 1927-нҗи йылың августында Чәрҗеве гетирилди. Инди болса биз бу ерде эййәм Җүнейит ханың гаршысына алнып барылян урушлара гатнашып йөрүс". *7-нҗи Түркүстаның Гызыл байдаклы атыҗылык полкуның 1922-1928-нҗи йыллардакы маглуматларындан. Чәрҗев, 1928-нҗи йыл.*

Oňa: «Biziň syýasatymyz üçin, gaýrylaryň ynamyny gazanmak diýseň hökman, onda-da ony üç, dört esse edip, gazanmak hökman. Biz olara özümiziň imperialist däldigimizi, ol tarapa gyşarmalary hem halamaýanlygymyzy subur etmelidiris. Seresap bolmaly, bu – Gündogar. Munda başgaça bolmaýar, 1000 mertebe seresap bolmaly!..» diýip sargapdy.

Emma Türküstanda halka edip bilen ýamanlygyny etmäge endik eden ýerli ýolbaşçylar Leniniň sözüni diňleseler-de, onuň amala aşmagyna ýol bermeýärdiler. Asla ýol bermek hem islemeýärlerem. Gaýta Kazakow, Kolesow, Frolow ýaly döwlet ýolbaşçylary (A.Frolow Aşgabatda topalaň turzup: «Biz Sowetiň tarapynda, ýöne birnäçe geregi ýok komissarlara garşy» diýipdi) Leniniň iberen adamlaryny ýekirdip, öz wezipelerini, bähbitlerini gorap, olaryň üstünden gülýärdiler. Olar Leniniň iberen komissaryny äsgermän: «Kobozew, diňle bizi, sen özüňi at, biz seni gahryman hökmünde jaýlaly. Ýogsam sen bize päsgel berýärsiň!» diýişýärdiler. Kobozewem olara: «Gaýratyňyz bolsa, siz meni atyň, meniň ýoldaşlarym sizi paş eder. Maňa ýadygärlik gurarlar. Meniň tutan ýolum ýeňer!» diýip, olar bilen çaknyşýardy.

Orta Aziýa ýolbaşçylarynyň bu ýerde ýerli halka görkezýän zorlukly sütemleriniň öňüni şol döwürde Leniniň talaply aladasy hem alyp bilmändi. Birek-birek bilen barlyşyksyz göreşler öňki hörpünde alnyp barylýardy. Elbetde, Sowet komissarlarynyň arasynda Kobozewiň toparyndan başga-da halka duýgudaşlyk edip, onuň arkasyny alýan ýok däldi.

Olaryň biri-de Gaýgysyz Atabaýewdi. Ol özüniň bu hereketiniň şol döwürde Kremle ýaramajagyny, bilse-de halk üçin, janköýerlik edip, bu oduň içine mertlerçe özüni urupdy.

Gaýgysyz Atabaýew bir mejlisde eden çykyşynda basmaçy hökmünde saýrykdyrylyp ýok edilýän halk bilen nämüçin henize çenli düşünişip bolmaýanlygynyň sebäbini mysallar arkaly giňişleýin düşündiripdi:

...«Ýoldaşlar, basmaçylyk biziň Türküstanda, belki hem, Gündogarda alyp barýan ähli işimiz üçin ägirt uly aýypdyr. Ýogsa-da, 4 ýyldan bäri basmaçylygyň ýok edilmeg-ä beýlede dursun, gaýtam, Ferganada möwç alyp, beýleki oblastlarada geçmegini, bütin Samarkant oblastyny, Surhanderýa we Türküstan oblastlarynyň bir bölegini gurşap almagyny näme bilen düşündirmek bolar? Munuň sebäbi biziň 4 ýyldan bäri alyp barýan işlerimiziň barysynyň bu ýerdäki ýerli ilatyň arasyna asyrlar boýy ornaşan ýaşaýyş ukladyna, durmuşyna, däp-dessurlaryna büs-bütin ters gelýänligidir. Biziň bu ýagdaýy hasaba almagy başarmaýanlygymyz hemmämiziň umumy keselimizdir: ol bizi ýolbaşçylar hökmünde dürli iş bilen baryp gaýdýan serhetdeş ýurtlarymyzyň käbirinde agyr çylşyrymlaşmalara getirdi.

Biziň goýberen ýalňyşlyklarymyzy, säwliklerimizi, käbir derejede Ferganadaky gözçykgynçylyklarymyzy has aýdyň anyklaşdyrmak üçin biziň beýleki serhetdeş ýurtlarymyzda alyp barýan işlerimizi häsiýetlendirmegiň üstünde gysgaça durup geçmegi zerur hasap edýärin. Eýrandaky rewolýusion hereketi alyp göreliň. Siz biziň 20-nji ýylda ägirt uly üstünlikler gazanandygymyzdan habarlysyňyz: biziň goşunlarymyz Zakaspide ak gwardiýaçy bandalary ýeňenlerinde soň, olary gutarnykly ýepbeklemek üçin Enzeli eýelediler. Şondan biziň «Iňlis imperializmine garşy göreş» diýip yglan eden şygarymyz pars ilatynda duýgudaşlyk döredip, ony özüne maýyl etdi, çünki ol onlarça ýylyň dowamynda iňlisleriň sütemini çekip geldi.

Bu göreşde biz iň uly pars rewolýusionerleriniň biri bolan Kuçuk han bilen arany sazladyk, onuň bilen bilelikde Horasan welaýatynyň baryny eýeledik we iňlisleri Maşatdan çykyp gitmäge mejbur etdik. Ine, onsoň, göwnümize bolmasa, has uly üstünlikler gazandykmykak diýip ýörkäk, birdenem özümiziň kommunistlerdigimiz ýadymyza düşüp, hanlar neslinden bolan Kuçuk han bilen ýakynlygy ylalaşykçylyk, menşewiklik we

beýlekiler hasap etdik. Şonuň üçinem biz ony agdarmaly diýip yglan etdik, muny ilki bilen onuň özüne aýtdyk we Kuçuk hanyň yzyna eýerýän goşun bölümlerine daýanjak bolduk, Kuçuk han, elbetde, biziň garşymyza haýal etmän, front açmagy unutmady, netijede, biz Eýrandan goşumyzy saýlamaly bolduk. Şeýlelikde, biziň Eýranda alyp baran ähli işimiz, gazanan ähli üstünliklerimiz ýele sowruldy.

Eger siziň Eýrandaky ýagdaýdan, ol ýerde höküm sürýän elhenç gedaýçylykdan, ilatyň dini fanatizmden, yza galaklygyndan, baş-başdaklygyndan, pars zähmetkeşleriniň köre-körlüginden habaryňyz bar bolsa, onda ol ýerdäki synpy gatlaklara bölünişik baradaky gürrüň size samahyllama bolup eşidiler.

Indi Hywany alyp görsek, onda biz ol ýerde-de geçiren işlerimiziň şondan idili güne düşmändigine göz ýetireris.

Oktýabr rewolýusiýasyndan soň biziň Hywany her edip-hesip edip rewolýusionlaşdyrmagy göwnümize düwendigimizi siz bilýänsiňiz. Biz bu hereketimizde hanlyk döwründe premýer-ministr bolan Žüneýit han bilen garpyşmaly bolduk. Biz Hywa hanlygynyň paýtagty Hywa şäherini basyp aldyk. Hywa hanynyň özüni tussag etdik, emma Jüneýit hany esli wagtlap ýok edip bilmedik, bir amatly ýagdaý gabat gelmedik bolsa, ony ýok edip biljegimiz hem belli däl eken. Jüneýit hana garşy göreşe Jüneýit hana duşman bolan Gulamaly, Goçmämmet ýaly beýleki türkmen serdarlary hem tötänden goşuldylar. Netijede, biz iki taýpanyň garpyşmagyny gazandyk, Jüneýit han bolsa Gulamalynyň we Goçmämmediň kömegi, Gyzyl Goşunymyzyň bilelikdäki tagallasy arkaly söweşjeň birleşme hökmünde ýok edildi.

Emma şol ilkinji üstünliklerden soň bu ýerde, Hywada-da özümiziň töwerekdäki ýagdaýlardan düýpden bihabardygymyzyň, ony hasaba almany oňarmaýandygymyzyň, şowa körlügimiziň üstünden bardyk.

Men bu barada uzak gürläp durjak däl, diňe Hywada köne wagtdan bäri duşmançylyk edip gelýän, esasan-da, irrigasiýa se-



*20

tindäki suw üstünde dawalaşyp gelýän iki halkyýetiň – ýomut we özbek halkyýetleriniň ýaşandygyny aýtmakçy bolýaryn. Ýomutlar akabanyň aýagynda ýerleşip, galanja suw bilen mydar edýärler. Özbekleriň bolsa suwuň esli bölegini bölüp almaga mümkinçilikleri bar. Suwuň şunuň ýaly deň-derman bölünmezligi birsyhly düşünişmezlikleriň, dawalaryň, köplenç bolsa, ýaragly çaknyşyklaryň egsilmez çeşmesi bolup hyzmat etdi. Bu duşmançylyk täze döredilen hökümete – Nezirler Sowetine hem geçdi.

Türkmenleriň hem, şol sanda Gulamaly bilen Goçmämmet dagynyň hem goşulan Nezirler Sowetinde soňkulara garşy hileler gurlup başlandy. Olary döwlete dönüklik etmekde, hamala döwlet agdarylyşygyny taýynlaýandyklarynda we beýlekilerde aýypladylar. Nebsimiz agyrsa-da, şol wagtlar Federasiýanyň Hywadaky ygtyýarly wekilleri Şokirow we Malyşew ýoldaşlar şol hile-allara ynanypdyrlar, netijede bolsa, Jüneýit hany ýok etmäge bize diýseň uly kömek eden Gulamaly bilen Goçmämmedi otrýadlary-zatlary bilen ýok etmek barada karara gelipdirler. Gulamalydyr Goçmämmedi ähli güýçleri bilen birlikde ýok etmek üçin olara hamala ýakyn wagtda Buharanyň üstüne ediljek ýörişe taýýarlyk görülýändigi barada ýaşyrynlyk bilen habar beripdirler we ähli nökerleri bilen Hywa gelmeklerini teklip edipdirler.

Men Adatdan daşary tribunala geçirilen derňew materiallary esasynda bu işiň taryhy bilen jikme-jik tanyş boldum, meniň özümem şol tribunalyň agzasy.

Goçmämmet we Gulamaly hiç zat oslamazdan nökerleri bilen Hywa gelipdirler we özlerine berlen jaýlarda düşläpdirler. Şol gijäniň özünde biziň gyzyl esgerlerimiz Goçmämmediň üstüne duýdansyzlyk bilen çozupdyrlar, ony tussag edip, nökerlerini ýaragsyzlandyrypdyrlar. Tussag edileninden sanlyja sagat geçmänkä Goçmämmet ýanynyň ýakyn adamlary bilen birlikde gylyçdan geçirilipdir.

Gulamalynyň gaçanlygy mälim bolanynda, onuň yzyndan jeza beriji otrýad iberilipdir, otrýadam öňünden çykan ençeme obany ýer bilen ýegsan edipdir.

Bu habar ýomut ilatynyň gulagyna ýeteninde her kim duran-duran ýerinden ähli zadyny taşlap, kim ýabyly, düýeli, kim öküzli, pyýada oglan-uşaklaryny alyp, söm-saýak bolup gaçyp ugrapdyrlar, olar ýolsuz-ýodasyz ýerden müňlerçe werst geçip, Kaspi deňzine çykypdyrlar we özlerini Eýrana atypdyrlar.

Bu wakalar biziň juda sowatsyzlygymyza, bolşewik bolup, jemgyýetçilik güýçlerini-de, olaryň özara gatnaşyklaryny-da nazarda tutmany oňarmaýanlygymyza gözli şaýatlyk edýär.

Netijede, bize şu zatlar belli:

1) Ýomutlar uçdantutma tozgunlyga düşdi. 2) Jüneýit hanyň mysalynda basmaçylyk şu çaka çenli dowam edýär. 3) Türkmen ilatynyň bary gahar-gazapdan doly.

Ýoldaşlar, eger indi Buhara geçsek, bu ýerde-de biz töweregimizdäki ýagdaýdan büs-bütin baş çykarylmaýandygyna duş gelýäris. Biz öz Gyzyl Goşunymyzyň güýji bilen iki ýyl mundan ozal Buharany tutuşlaýyn diýen ýaly eýeledik, indem iki ýyl edara edenimizden soň, ol ýerde amatsyz ýagdaý emele gelip, Buharanyň ähli ilaty Sowet häkimetiniň garşysyna aýaga galýar.

Men sanlyja gün mundan öň Buharada boldum, şujagaz az salymyň içinde aňlaşyma görä, biz bu ýerde-de özümiziň emelsiz syýasatymyz bilen bütin ilaty garşymyza goýupdyrys. Mysal üçin, men diýseň häsiýetli bir fakty gürrüň bereýin. Buharadaky rewolýusiýanyň manysyny düşündirenlerinde oratorlar: biziň rewolýusiýamyzyň beýleki rewolýusiýalardan tapawutly ýeri, hamala, ol diňe emire garşy gönükdirilmän, eýsem, Xudaýa garşy hem gönükdirilendir diýip aýdypdyrlar. Özem bu zatlar, gel-gel «keramatly» hasaplanýan Buharada, diniň berk ornaşan, durmuşyň bar ukladynyň tutuşlygyna dini esaslara daýanýan ilatyň iň dindar, iň fanatik ýeri bolan Buharada şeýle diýlip aýdylypdyr! Şeýle

bolansoň, ilatyň baryny özümize garşy aýaga galdyrandygymyz öz-özünden düşnüklidir...

Ferganada Sowet häkimetiniň döremegi bilen bir hatarda musulman intelligensiýasynyň birtopary ulamalar bilen birlikde musulman esgerleri bilen daýhanlaryň gurultaýyny çagyrdylar. Şol gürultaýda Awtonom Türküstan hökümeti düzüldi. Ol hökümet hem ähli talaňçylaryň, ogrularyň günäleriniň geçilýändigini yglan edip, olary Ferganada düzülýän milli goşunyň hataryna girmäge çagyrdy. Gepiň gerdişine görä aýtsam, öňki ogry we talaňçy, patyşa hökümetiniň sürgüne iberen adamy, rewolýusiýadan soň gaýdyp gelen Ergeş hem şol ýere çagyrylypdyr. Ol kurbaşy edilip bellenipdir. Sada dil bilen aýtsaň, ol Kokand şäheriniň goragynyň naçalnigi bolmaly.

Sowet häkimiýeti bu bandany ýok etmek üçin Kokanda ýoldaş Perfilewiň baştutanlygynda otrýad iberdi. Otrýad şäheri gabap başlady. Awtonom hökümet ähli musulmanlary yslam dinini, milli azatlygy we Awtonom hökümeti goramak üçin milli goşunyň hatarlaryna girmäge çagyrýan jarnama çykardy. Şondan soň, muňa golaýdaky obalar seslenip, elleri kätmenli, paltaly, aw tüpeňli we gaýryly Kokanda geldiler. Söweş üç güne çekdi. Şol wagtyň içinden Awtonom hökümet nirädir bir ýaňa sumat boldy, Ergeşem gitdi. Kokand alnanda şäherde diňe kömege gelen obalylar galan eken. Iň köp horlanan hem şolar boldy.

Biziň otrýadymyz uçdantutma daşnaklardan ybaratdy, daşnaklylar dörän ýagdaýy bada-bat aňyp, birneme pul gazanmagy ýüreklerine düwüpdirler. Öç almaklyk esasan söwda ugry boýunça geçirilipdir. Ýerli täjirleriň hemmesi atylyp, emläkleri skladlara, wagonlara çekilipdir, galan zatlary bolsa otlanypdyr. Ilat zorluga, talaňçylyga, şäher bolsa tozgunçylyga sezewar edilipdir. Fergananyn ilaty beýle rehimsiz öç almany görenlerinden soň, awtonomçylaryň: «Bolşewikler hakykatdanam talaňçylardyr,

kellekeserlerdir, olar hiç zady aýaýan däldirler, özlerem dine, Hudaýa garşydyrlar» diýen wagyzlaryna uýdular.

Ol ýerdäki syýasy işimiz nähili tertipde alnyp baryldy? Biziň «Ýok bolsun köne dünýä, ýok bolsun buržuaziýa!» diýen şygarymyz, takmynan, şeýleräk durmuşa geçirildi. Köne dünýä diýip ýapdyran ähli metjitlerimizi, medreselerimizi, tussag eden kazylarymyzy, ulamalarymyzy göz öňüne tutýardyk, dini yrymlara-ynamlara garşy göreş şeýle zatlara syrykdyrylýardy. Sowet häkimiýetiniň wekilleri Margelanda musulmanlaryň keramatly hasaplanýan Gurhanyny oda ýakdylar, Andijandaky ybadat edilýän «Jamy» metjidi musulman otrýadlarynyň kazarmalaryna öwrülip, otrýadyň adamlary ol ýerde beçjeçilik bilen meşgul boldular.

Biziň otrýadlarymyz metjitleriň üstüne çozup, namaz okap duran işanlaryň, ulamalaryň üstüne bomba taşladylar. Netijede, ulamadyr işanlaryň ýerden ýöräni basmaçylara goşuldy.

Ýene-de bir zady aýtmak gerek: biz şu çäreler bilen bir wagtyň özünde atlary almak, zähmet borçlulygyny girizmek, adamlary Gyzyl Goşuna çagyrmak ýaly çäreleri hem geçirdik. Bular bilen bir hatarda galla monopoliýasyny-da, azyk razwerstkasyny-da alyp bardyk, şonun üçin ekerançylyk bilen meşgullanýan daýhanlar, hünärmentçi zähmetkeşler, ilatyň uçdantutma barysy Sowet režiminin, Sowet tertip-düzgüniniň garşysyna aýaga galdylar we bu herekete başda galtamançylyk häsiýetlerini berseler-de, soň syýasy äheň berip, basmaçylara goşuldylar. Şonuň üçinem 1919-1920-nji ýyllarda Ferganada eýýäm galtamançylyk, basmaçylyk däl-de, belli bir derejede halk gozgalaňynyň bolaňdygyny aýdyp geçmek gerek.

Biz bu hereketi basmaçylyk hasap edip, dört ýyllap onuň häsiýetini hem dogry kesgitläp bilmändiris, ýogsam bu gozgalaň bolupdy ahyryn! Basmaçylyk sada dil bilen aýdanyňda, garakçylyk bolýar, şonuň üçinem şeýle nädogry kesgitleme bizi meseläni

çözmäge nädogry çemeleşmeklige getirdi. Şeýlelikde, biz bu hereketi dört ýyllap hiç bir jähetden ýok edip bilmedik.

Sowet hökümeti gitdigiçe güýjeýän gozgalaň bilen iş salyşmaly bolanynda, iri şäherlerde bekemek bilen boldy we gozgalaňa garşy göreşe çykdy.

Ilkinji döwürlerde biziň Gyzyl Goşun bölümlerimiz bir bütewi komandowaniýä birikmeýärdi, her şäher basmaçylara garşy özbaşdak söweşýärdi, Gyzyl Goşun otrýadlary galapyn ýerli ilata hiç hili dahyly bolmadyk, gaýtam gelip çykyşy boýunça oňa duşman bolan daşnaklardan ybaratdy, duşmançylygyň sebäbi: meşgullanýan işleri boýunça söwdagärler bolan ermeniler öz gündelik durmuşlarynda ýerli ilat bilen basdaşlyk edýärdiler. Ine, biz şol wagtlar islendik otrýadymyz bilen garpyşyp, her gili hüjüme hötde gelerlik güýçleri bolan basmaçylara garşy şu otrýadlar arkaly göreş alyp barýardyk. Ýerli ýaşaýjylardan goldaw tapýan basmaçylar köp halatlarda bizden rüstem çykýardylar.

Ençeme ýyl geçip, ýerli işgärler ýetişdi we olar diňe talaňçylykdyr parahat oturan ýerli ilata zorluk etmek bilen meşgullanan şol otrýadlarymyza garşy protest bildirip başladylar.

...Biziň basmaçylary okdur gylyçdan geçirip, ýok etmeli diýip pikir eden wagtymyzyň hem bolandygyny size aýtmagym gerek. Şol maksat bilen «basmaçylyk keseline uçran» iriräk obalar rehimsiz suratda ýok edildi, munuň netijesinde bolsa ilat Sowet häkimiýetinden gitdikçe daşlaşdy. Biziň Ferganany tutuşlygyna eýelänligimiz hem kömek bermedi. Bir wagtyň özünde Fergana 30 müňe çenli goşun düşürildi, iri obalaryň hemmesi gyzyl esgerleriň garnizonlary tarapyndan eýelendi. Ilat bize duşmanlygyna galdy, basmaçylar garnizonlarymyzyň hötdesinden ýeňillik bilen geldiler, şonuň üçinem biz ahyrsoňy obalardan goşunlarymyzy çykarmaly bolduk...

Ferganany üznüksiz harby hereketler zerarly surnugan ilaty şobada dörän ýagdaýdan çykalga gözläp başlady we basmaçylaryň

baştutanlaryna — kurbaşy diýilýänlere zor salyp, Sowet häkimiýetiniň tarapyna geçmek barada aladalanyp ugradylar.

Ahyrsoňy 1921-nji ýylyň awgustynda Ferganadaky basmaçylar Türküstan Sowetleriniň X gurultaýyna gabatlap, parahatçylykly gepleşikler geçirmek barada Sowet häkimiýetine resmi suratda ýüz tutdular, şonda olar dini, hojalyk we syýasy meselelere degişli birnäçe şert goýdular. Ol şertler şerigat kanunlaryna rugsat berilmegine, metjit, medrese, mekdep açmaklyga, kazylaryň, baýlaryň hukuklaryny dikeltmeklige, wakuflaryň gaýtarylyp berilmegine, dini uçlara, ekerançylyk hojalyklaryna, hünärmentçilik önümçiligine ygtyýar berilmegine, basmaçylar otrýadlarynyň Gyzyl Goşun hatarlaryna alynmagyna syrykdy.

Fergana toparynyň komanduýuşşisi ýol. Zinowýewiň Sowet häkimiýetiniň tarapyna kabul eden kurbaşylarynyň ikinji topary bolsa haýynlarça tutulyp atyldy. Bu iki fakt ýene-de halky bizden daşlaşdyrdy, basmaçylyk täze güýç bilen tutaşyp ugrady[1]...

* * *

Sowet hökümetiniň Orta Aziýa gelip, ozalky umumy Türküstan respublikasynyň ýerine ony böleklere bölüp, milli respublikalary, Awtonom birleşmeleri döretmegi onuň halk içinde ýene-de belli bir derejede makullama tapan işleriniň biri boldy. Döwlet bolmagy ozal-ahyr arzuw edip, oňa ýetip bilmeýän halklar bu ädimi üçin bolşewikden minnetdar boldular. Indi bu döwletiň öz ýurdunyň daşyny gallap, ony gorajagyna, azatlyk berip, halkyň gowy ýaşaýşyna gönezlik boljagyna tama etdiler. Türkmenistan Sowet sosialistik respublikasy döredilip, oňa Gaýgysyz Atabaý, Nedirbaý Aýtak ýaly her halkyň öz adamlary ýolbaşçy edilibem goýlansoň, diýseň-diýmeseň, Magtymguly şahyryň.

[1] Гайгысыз Атабаевиң 1929-нжы йылың 18-нжи июлында Түрк МИК-иң Дашкентде болуп гечен 4-нжи пленумының 5-нжи мejлисинде эден чыкышындан гысгалдылып алынды.

– Bir suprada taýýar kylynsa aşlar. Göteriler ol ykbaly türkmeniň – diýen arzuwynyň hasyl bolýanlygyna ynam hem döräp ugrapdy. Şu döwürde az salymlyk bolsa-da Sowetiň syýasaty hem gowulyga üýtgärli görnüp, halkyň ynam-arzuwyny goşalapdy. Öň: «Gurbany men Gurbanmyrat serdaryň”, «Alan ýurduň gutly bolsuň, menşewik!» diýip goşgy ýazan şahyrlar indi: «Alan ýurduň gutly bolsun, bolşewik”, «Gurbany men Sowet janyň ýolunyň» diýip joşýardylar.

Bu milletiň derejelenmegi hatda Sowetler bilen gaçyp-kowup darkaş gurup ýören Jüneýit handa hem şol döwür belli bir derejede bu döwlete ymtylyş döredipdi. Ol 1924-nji ýylda öz ýurdunyň Türkmen döwleti diýlip yglan ediljegini eşidip, bu dabara gatnaşmak üçin sargyt bilen ynamdar adamlaryny oňa ýollapdy. «Baryň-da gatnaşyň, türkmen halky, şu diýlişi ýaly, özbaşdak döwlet bolýarmyşyn, onsoň şeýle bolýan bolsa, onda bizem ömür-baky çölde çägä bulaşyp ýörjek däl, il bolup, onuň gullugyna baryberýäs!» diýip göwün ýüwürdipdi.

Emma tizden Türkmenistan döwletiniň alyp barýan işleriniň, ýöredýän syýasatynyň hörpünden onuň şol arzuw edilen döwletli-döwranly ýaka däldigi belli bolup ugrapdy. Onuň ady üýtgesede, bolşewigiň bu ýerdäki halk bilen «basmaçy, baý-kulak, işan-molla» diýip ýöredýän syýasaty üýtgemändi. Halky böleklere bölüp, edilýän gysyşlar öňki hörpünde dowam etdirilýärdi. Türkmenistan özbaşdak döwlet diýlip yglan edilen-de bolsa, onuň bolşewigiň öz bähbitlerine, ýerli halkdan goýlan ýolbaşçylaryň üsti bilen göwün-islegine görä dolandyrmak üçin döreden döwletidigi belli bolupdy. Bu bolsa tiz halkyň nämäniň-nämedigine düşünip, ondan göwni geçip ugramagyna sebäp bolupdy.

Şol döwürde döwletiň ýolbaşçysy Gaýgysyz Atabaýew bir gezek Gökdepä baranda, onuň serdar kakasyna mertebe goýýan adamlar oňa sorag berdiler: «Aý, Göktäç serdar ogly Atabaýew Gaýgysyz. Saňa bir sowalymyz bar, ýurdumyz Döwlet bolsa-da,

ol garaşylan gowulyklar bolubermeýär-le bi?» Şonda Gaýgysyz hem Taňrydan gizlemeýänini olardanam gizlemändir. Halk bilen gönüsinden gelip, açyk gepleşipdir: «Adamlar, bizi ata mündürmesinä-hä mündürdiler welin, ýöne jylawy ele berenoklar» diýip, hakyky ýagdaýy boýun alypdy.

Wagtyň geçmegi bilen bolşewigiň bu şeýdip, döwlet döredenden bolup, öz garşydaşlarynyň hakyndan çykmak üçin edilen emeldigi belli bolansoň, garşylygynyň täzeden möwç almasy başlanypdy. Halk iki oduň arasynda galyp, ýene-de agyr ýitgiler çekýärdi. Moskwa bolsa Orta Aziýada öz diýenini gögertmek üçin bu ýere täzeden-täze goşun bölümlerini yzygider getirip, bu halklara edýän zulumy barha artýardy. Şeýdibem, Orta Aziýany gaplap alan «Basmaçylyk» Kremliň esasy ünsüni çekýän, kellagyrlarynyň birine öwrülipdi.

* * *

Dört-bäş günlükde obanyň orruk ortasyndan atyň öňüne basylyp alnyp gidilen Hanumanyň gaýdyp gelmegi adamlarda dürli pikirler döretdi. Biri: «Galtamanlar ony äkidip, oňa-muňa ulanyp-ulanybam, zyňyp gidendirler» diýse, ýene birisi: «Garakçylaryň arasyndan onuň üstünde dawa bolupdyr, şu garma-gürmelikden peýdalanybam, ol çem gelen atlaryň birine atlanybam gaçypdyr» diýýärdiler. Käbirler bolsa anyk aýtmasa-da: «Bu Sowetiň oýnudyr, şondan başga hiç zadam däldir. Oýny bolsa munuň köp...» diýip, hökümetiň özüni şübhe astyna alýardy. Ýöne köpler onuň sag-aman gaýdyp gelmegine begendiler. Birnäçeler gözaýdyň bahanasy bilen, nämeler bolanlygynyň anygyny eşitmek üçin, onuňka barybam gaýtdylar.

Bu habary eşidip begenenleriň biri-de Kymyşlardy. Kulakçylyga çekilenleriň emläklerini almak üçin, hökümet adamlary aýlanyp, obany döküp oljalanda, Hanumanyň özlerine eden garaşygy üçin Kymyşlar näme üçin munuň beýle bolýanyna düşünmeselerem, ondan minnetdar bolupdylar. Hanumany

mümkinçilik bolsa, özlerine ýamanlyk etmejek, gaýta, hossarlarça arkalaryny aljak adam hökmünde tanapdylar. Kyn günüňde, alaçsyz töweregiňe gözläp durkaň hemaýat edeniň gadyr-gymmaty-da üýtgeşik bolýar.

Jemal mama bu habary eşidip, biraz oturansoň, onuň özüni görmese, aňsat  ynjalmajagyny bildi-de, günüň gijöýläne sananyna seretmän: «Ertir irden gelen bolsa, eýýäm barjak baryp, görjek görüp, adamlar saýhal tapandyr, daşy çolarandyr» diýip, onuň öýüne gözaýdyňa baryp gaýdarman boldy. Ol daşarda birzatlara güýmenip ýören Ogulbikäni ýanyna çagyryp aldy-da, gabsadan giren ýeriň ýeňsesinde togarlanyşyp ýatan gawunlaryň uluraklarynyň birini oňa görkezdi.

– Al, gyzym, şonam eliňe!

– Nirä gidýäs, mama?

– Hanuma ejeň gaýdyp gelipdir. Ýör, mamaly gyz bolup, şoňa «Gözüň aýdyň» diýip geleli!

Bu habar Ogulbikäni begendirdi. Ol ýeňil gopup, gapdalda ýatan gawunlaryň birini gujagyna aldy-da, höwes bilen mamasynyň yzyna düşdi. Begenende bolşy ýaly, ýene-de onuň ýüzi nurlanyp, nazarynda otjagazlar uçganaklady.

Mamaly-gyz Hanumalara ýetip baryberenlerinde, öýden alawagyrdy bolup, şuranyň jigidi çykdy Ol örme gamçysyny onuň sapy bilen ýanjap, gyssanybrak çykyp gelşine, öýden kimdir birini ýenjip çykyp gelýäne meňzeýärdi. Şuraň jigidi hem bir ýerlerden gelip, Söýünala soň goşulan maşgalalaryň biridi. Onuň kakasy maryly Jopban baýyň telim ýyl gapysynda talabançylyk edip, soňam onuň ýaş aýallarynyň biri bilen gatylyp, gaçyp gaýdan adamdy. Ol gelibem bu obada Gurban baýa çopan durupdy. Onuň syrgynynyň bir ýanynda öý tutunypdy. Şeýdibem, Gurban baýyň öwresine özüni ýakyn tutup, şolaryň birine öwrülip ugrapdy. Gurban baýyň gyzy Jemal mama-da şondan bäri olaryň özümiňki hasap edip, gören ýerlerinde ýakynsyraýan adamlarynyň biridi. Kymyşlaryň toý-ýasyna hem Jemal mamanyň hossary hökmünde

gatnaşýanlaryňam biridi. Gurban baýyň ähli ýaýrawy bilen dogan-garyndaş bolup ýaşamaga çalyşýardylar.

Bu ýerde görünmeli adam hasaplamaýany üçinmi nämemi, ol Jemal mamany görende gözlerini tegeläp, birhili geň galdy.

– Hih, Jemal-je, sizem geldiňizmi? – diýende onuň gepi oýnaklap ynamsyz çykdy.

Jemal mama-da muny bada duýdy. Äjinnesi atlandy.

– Hanuma gelniňkä Jemal gelmeli däli diýlip ýazylan ýeri barmy? – diýip, o-da gepine bada-bat onuň öz hörpüne görä sorag berdi. Oýlanyşyksyz gepine bada-bat gaýtargy alan ýognas ýigit şundan soň çapgy ýassygy ýaly ýeňsesini biygtyýar sypalap:

– Jemal eje, men-ä heniz beýle ýazga duşamok, duşsam aýdaýaryn – diýip, öz gepini degişmä öwrüp, ýene teýeneli bir zat eşidäýmäýin diýip, onuň ýanyndan gyssagly gitmek bilen boldy. Özi-de öz gyşyk gepi üçin hakyny alanlygyna uýalyp, müýnli ädimläp, sumat boldy.

Çolarak wagt gelendirin öýtse-de öýde Hanuma ýeke däl eken. Mämmet çokaýyň hemişe sypanybrak geýinmegi gowy görýän aýaly Nartäç bilen, ilki ogluny öýerenden soň, başyna sary atynan Orazberdiň aýaly onuň ýanynda eken. Olaryň üçüsem gapynyň öňünde Jemal mama görnen mahaly, ýerlerinden turşup, hormat bilen baş egişip, ýerli-ýerden oňa salam berdiler.

– Geliň, mamasy – diýip, Hanuma dessine ony öz ýanlaryna çagyryp, törden ýer berip oturtdy. Kyn pursatda gelip, arkasyny alan hossaryny gören ýaly, gözleri biygtyýar nemlendi.

Jemal mama beýdip, ýürekdeşlik edip geler öýtmedik Hanuma minnetdar bolup tolgundy.

– Alyň, mamasy! – diýip, saçagyndaky zatlardan onuň öňüne süýşürişdirdi.

– Mama, muny nirede goýaýyn? – diýip, mamasynyň yzysüre gapydan giren Ogulbikäni alagaraňkyrak içerde oturanlar diňe häzir görüp galdylar.

Jemal mama:

– Goý, gyzym, şol ýerlerde bir ýerde, togarlanyp öýden çykyp gidesi ýok.

Onýança-da Hanuma mähirli ýylgyryp, elindäki gawunyny nirede goýjagyny bilmän, töweregini gözläp duran Ogulbikä ýüzlenip, oňa tarap ellerini uzatdy.

– Ogulbike jan, getir maňa beräý!?

Hanuma onuň elindäki gawuny alyp, ony höwes bilen oturanlaryň öňünde goýdy.

– Şul-a bolaýdy. Bularyň agzyny näme bilen süýjetjegimi bilmän otyrdym – diýip, tap bilenlik bilen, olara minnetdarlyk bildirdi.

Soňam ol oturan aýallaryň: «Hökman däl-le, gyz!» diýip sypaýçylyk edenlerinde seretmän, gawun dilimläp, olaryň öňünde goýdy.

Saçak başynda, adaty duşulanda edilişi ýaly, oý-içeri saglygy, hal-awhallar soraşyldy. Oba sürgünlerden habar düşenini eşidenlerini ýatlaşyp, ol aýallar hem Jemal mama gözaýdyň diýdiler. «Hat gelen bolsa, özlerem bir gün gelerler!» diýip, ýagşy dilegler bilen göwünlik berdiler.

Hanuma oljalanyp gidilensoň, oba adamlarynyň ha oňa, ha muňa gidişleri, OGPU diýeniň, serhetçileriň, şäherden gelen ýeneki ýolbaşçylaryň oba gelenligi ýatlanyldy.

Talaňçylykly gürrüň başlanan mahaly Hanuma-da öz başyndan geçirenlerini anygrak aýdyp ugraýjak ýaly bolsa-da, ol beýtmedi. Bilesigelijilik bilen garaşylsa-da, Hanuma soňam öz düşen halynyň jikme-jikligi barada dil ýarmaga howlukmady. Gelenlerem onuň özi dil ýarmansoň, ondan bu ýagdaýlar barada gönüläp soramagy gelşiksiz gördüler.

Iki aýal öýlerine köwlenere wagt bolanyny ýatlaşyp turansoň, Jemal mama-da bu ýerde uzak oturman turmakçy boldy.

– Sag-aman gelen ýeriň bolýar, gelin baý! Öň-ä bu ýagdaýlary eşidip gynandyk. Indem geleniňi eşidip begendik. Hemme zatl-

aryň soňy şeýle gowulyk bilen gutarsyn-da hernä – diýip, ol hükgeribräk gapa tarap ýönelip barşyna dileg etdi.

Birdenem ol gapa ýetip-ýetmänkä öňüne düşüp barýan Ogulbikä:

– Sen çykyber, gyzym! – diýdi-de, aýak çekip yzyna öwrüldi. Özüni ugradyp, yzyndan gelýän Hanuma ýüzlendi:

– Sen, gelin, düşen-gonan ýerleriň-de, heý, biziň Ahmed-ä gören dälsiň?

Hanuma bu gepi eşidip, hopugan ýaly bolup, uludan demini alsa-da geplemedi.

Jemal mama Hanuma öz beren soragymy oňly eşiden däldir öýdüp, ony ýene bir gezek gaýtalady.

Hanuma ýene sesini çykarmady.

Jemal mama bu gezek oňa düşündi. Özüçe düşündi:

– Ol hökümetiň-ä elinden bir ýol bilen sypyp gidenmiş. Owgana aşdymy, çöle çykdymy belli däl. Ýöne bir ýerde uruş, gykylyk bolsa, şolam-a bir gyrasynda bolmaly. Bir ýerde bar bolsa bolýar – diýibem gapydan çykyp barşyna özbaşyna düşnüksiz gepledi.

* * *

Hojam hana hem Hojaguly hana onbaşy bolup, bu ýere gelende oba hany bilen dil tapyşyp, oňa bermeli hak-heşdegini berensoň, Hyradyň aşak etegindäki owgan obalarynyň birinden ýurt ýer edinmek kyn bolmandy.

Ol hem ähli serhetden geçýänler ýaly, ýurtda ýagdaýlar gowulanyp, ýene yzyna–Watana dolanma tamasy bilen, serhet golaýlygynyň amadyny peýläp, munda gonanlaryň biri bolupdy.

Gonalga ýeriň öňden belli bolmagy Hojam han bilen gelen adamlarda arkasy alnan ýaly duýgy döretdi. Ýat ilde, nirede gonjagyňy, nireden göteriljegini bilmeýän alasarmyk wagtyňda bu ýagdaý bosgunlara diýseň gerek zatlaryň biridi.

Bäpbe öz töwereginiň adamlary bilen Ahmetdir Hojam hanyň göçüniň bir gyrasynda oraça tutunyp ýerleşdi. Ol henizem Ahmede özüni kyn ýagdaýda halas ediji hökmünde görýärdi.

Ahmet Bäpbäniň ýanynda orny bar bolsa-da, ol bu ýerde uzak saklanmady. Gele-gelmäne ýakyn garyndaşlarynyň barlygyny aýdyp, Marçaga gidip, birki gün şol ýerde bolup gelipdi. Indem ýanyna-da iki-üç adam alyp, üç-dört düýäni tirkege alyp, ýurda belet hökmünde odun ugruna çykypdy.

Owganda odun meselesi iň kyn meseleleriň biridi. Oduny bolanyň ody bolup, bu onuň baryndan ony-muny bişirinmäge-düşürmäge mümkinçiligidi. Oduncylaryň arkalap, düýä, eşege ýükläp bir ýerlerden getirýän odunlaryny barly adamlar goýun-guzy berip almaly bolýardylar. Garyp-gasarlar goýun çöri, düýe gumalagydyr ýalazy pahal ýeneki bilen kyn oňňutdadylar. Ahmet adamlary yzyna düşürip, şu jelagaýyň esasy odun ýygylýan ýerine getirdi. Bu ýerde Murgabyň bir böwür beren ýerindäki peslikde onlarça kilometre uzalyp gidýän, içi toraňňyly, gamyş-gajrawly jeňňel bardy. Ahmet bu ýere beletdi, ondan gitseň, atla Marçagam bir günlük ýoldy. Şeýle-de jeňňel ady bilen tanalýan bu ýer Marçakdyr Hyradyň deň aralygy diýibem türkmenleriň bu ýere köpçülikleýin göçüp gelmekleri başlanansoň has takygragam tanalyp ugralypdy.

Bu giňiş çöketligi her ýyl ýaz derýa joşup, hanasyndan çykan mahaly suw basardy, hatda ol ýerem mesgeni bilen dolduryp, çaýylyp-çaýkanyp ýeneki boşlaň giňişliklere-de aşyp, sag kenaryndan egni biraz pes bolan çep kenara ýaýrap gidibererli görünýärdi. Üstünden jokrama tomsy geçirip, dünýä güýzäp ugransoň, onuň suwy ýere siňip, bugaryp gutarardy. Şeýdibem ol ýylandyr ýaban towuklar, doňuzdyr şagallaryň mesgenine öwrülişi ýaly, odunyň hem bol ýerleriň biridi.

Ahmede ol ýer her gezek gelende öz obalarydyr Owgan Marçagynyň töweregindäki jeňňelligi ýatladýanlygy üçin, ol

pikirinde bir pursadam bolsa, özüni Söýünalyda, öz ýakynlarynyň golaýynda duýýardy. Çagalary, aýaly alada bilen ýada düşýärdi. Ol töwerekde agtyklary bilen öz çagalaryna-da seredişip ýören Jemal mamany, düňreýlip eşegine üzeňňi oňaryp atlanjak bolup duran Kymyş agasyny, atyny ýüzin salyp, gaçyp barýan Hanumany görýärdi...

Ahmet ýanyndaky ýoldaşlary bilen gelip şu ýerden-ä ýükümizi arkaýyn tutsak gerek diýen ýerinde düşläpdi. Ol paltasyny alyp, jeňňel arasyndaky öýüň içi ýaly açyklygy kesip geçensoň, töwerekde söm-saýak başly-baratly ösüşip oturan toraňňy tokaýlygyna aralaşdy. Bu ýer suwy ýetip, maýda ot-çöpleriňem bol biten ýeri bolansoň, ele-aýaga çolaşyp, toraňňylary isleňişi ýaly, töňürtgesine ýetirip, düýpden çapmagy kynlaşdyrýardy. Toraňňylygyň içi kapas bolup, onuň çybyn-çirkeýi-de ýetik eken. Olar ýerli-ýerden zyňňyldaşyp, göz-ýüzüňe, gulak-burna girişip ýürege düşýärdiler. Ahmet wagtal-wagtal işini togtadyp, derçigen ýüz-gözüne, boýnuna gonan çybynlary kakynyp, şarpyldadyp-şarpyldadyp urup durşuna «Aldy-laý bu bela-beterler» diýip käýinýärdi. Gurbaga kerepli ýata suwuň ýitiden agyr ysy hem bu ýerdäki demligiňden alyp, köseýän zatlaryň biridi. Odun çapmaga girişilmänkä eşidilen ýaban towuklaryň tanyş sesleri indi nämedir bir zada gykuwlaýan ýaly bolup allowarradan, jeňňeliň adam aýagy sekmeýän ýerlerinden gelip, olaryň odun çapýan adamlaryň sesinden tebil tapyp gaçandyklary belli bolýardy.

Ahmet çapýan odunlarynyň gururaklaryny saýlap, bir ýere heniz çygraklaryny pudarlap, hersini aýratyn düýä ýüklemek üçin, başga bir ýere rejeläp basyşdyrýardy.

Giçlik eşeklidir atly odun çekýänler ýüklerini tutup gaýdyşansoňlar, Ahmet ýüküni gowy tutmak, ertir irden işleri täzeden başlamak niýeti bilen soňra arkaýynlykda ýola çykmak üçin, öz ýoldaşlary bilen şol ýerde galdy. Olar açyklykda ot ýakyşyp, hümürdeşip otyrkalar iki düýäni yzyna tirkäp gelip,

olaryň beýleräginde düşläp adam hem bularyň türkmençe gepleşýänlerini eşidip, öz ildeşlerim eken – diýip, olaryň ýanyna gümür-ýamyra geldi. Ol aňyrdan gelşine özüni tanadyp, habaryny berdi.

– Doganlar, salawmaleýkim, görsem özümiziňkiler ekeniňiz, gep-sözüňizden tanap-da gaýdyberdim.

Oturanlar «aleýk» alşyp, ony-da oduň golaýyna çagyrdylar. Gelen myhman bilen soraşylyp-ideşilip oturylsa, o-da Tagtabazardan bolup çykdy. Ahmet onuň bilen ýakyn ildeş bolup çykansoň, ony has anygrak tanamak üçin ýene-de oňa sorag berdi:

– Tagtabazaryň niresinden bolarsyň, halypa?

– Erdenden.

Söliteräk geýnen erdenli ýigit biraz gowuşgynsyzrak görünýän hem bolsa, ol mylaýymdan gelen gürrüňçi adam eken.

Ahmediň ýoldaşlary iýlip-içilip bolansoň, ertirem gara daň bilen turmalydyklaryny ýatlaşyp, tüssäniň ýaýylyp gidýän tarapyny – çybyn-çirkeýiň az ýerini peýleşip, ýatmak bilen boldular. Ot başynda Ahmetdir myhman iki ildeş bolşup galdylar. Olar ikiçäk gürleşip ugransoňlar, diňe bir gepleriniň alşyp ugranlygy däl, şunuň ýaly göwün açyşylyp edilýän derdinişme gürrüňi bularyň ikisiniňem isleýändigi hem anyk boldy. Myhman biraz iňkisliräk, käte zordanrak ýylgyrybam goýberip tukat halda Watan küýsegine berlip gepleýärdi. Wagtal-wagtal gapdalyndaky kesewi bilen ody ölçerip goýberýän Ahmet bu adamyň berýän gürrüňlerine berlenini hem duýman galdy. Nätanşam birazdan özüniň içgin gürrüňe berlip, heniz bolubam gürrüňdeşine adyny aýtmaga-da ýetişmänligini ýatlap, adynyň Rozudygyny aýdyp, oňa täzeden tanyşlyk berdi. Alty-ýedi ýyl mundan öň özüniň erdenli barly adamlaryň birki sanysy bilen täze hökümetiň zulumyndan elheder alyp gaýdanlygyny ýatlady. Düýesine ýükläp aňyrdan alyp gaýdan öýüni olaryň gapdalynda dikse-de, ýerli baýlara para-

peşgeş bermäge ýagdaý bolmansoň, ol ýerde özüniň ýerli-suwly adamlaryň hasabyna goşulyp bilmänligini ýatlady.

Bürgüdiň adamlary baýlardan alşy ýaly, ondanam bir zat almak üçin, ondan-mundan tirsekläp görseler-de, Rozudan zat çykmandyr. Bu bolsa han adamlarynyň gahar-gazabynyň gaýnamagyna, onuň Marçakdan Galaýynur atly suwsuz, ýaşaýşyň has agyr ýerine kowulmagyna sebäp bolupdyr. Dogangaryndaşlykda barly adamlar kömek beräýmeli ýaly hem bolsalar, olardanam şol pursatda kömek bolmandy. Gaç-hakowluk barlylaryň hem aňkasyny aşyryp, sahawatyny kemipdi. Sahawatlylygyň ýerine ertirki günüň labyryndan howatyrlanma duýgusy gelipdi. Rozynyň kakasy: «Bu meniň ömrümde iň samsyk eden işim barlylaryň göçüne gatylyp, Watany terk etmekligim boldy. Özümiz ýaly ýeter-ýetmezleriň ýaşap ýörenleri azmy nä ol ýerde...» diýip, ökünç bilen arman çekipdir. Her gezek etjek işi başa barman jany ýananda ogly Roza: «Biz-ä eneň bilen ol günleri görerismi-görmerismi welin, oglum sen bir özüni mümkinçiligi bolsa, Watana atjak bolawergin!» diýip, janyndan syzdyryp zarynlapdyr.

Sözüniň duýgudaşlyk bilen diňlenmegi Rozynyň öz gürrüňine has içgin aralaşmagyna sebäp boldy. Käte-de ol şol gürläp oturyşyna sähelçe baş götererdi-de, Ahmediň ýüzüne gözläp:

– Jora, hany naskädiňi ýene bir bersene, bedeňleň tem-mäkisinden ýasalan bolmaly, gowy nasyň bar eken – diýip, tyk-tyk naskädini dişine kakyp, hezil edip nasam atýardy.

Haçanda ol: «Hudaý diýen ýerimem, durmuşyň maňa-da gülüp-yşyp bakjak güni bar eken» diýip, özüniň soňky ykbaly barada gürrüň berip ugranda, eýýäm gijäniň gaýry bir wagtydy. Bu wagta çenli Ahmediň uzakly gün toraňňy çapyp, odun küdamlap gezen ýoldaşlary eýýäm bir ukyny, ozal agşamyň yňma ukusyny alyp, indem orta ukynyň iň süýji lezzeti bilen ümürleşip ýatyrdylar.

Ol Ahmede ýüzlenip:

– Sen han Jüneýid-ä eşidensiň? – diýip sorap, onuň baş ataryna hem garaşman – Häzir bu döwürde Jüneýit hany bilmeýän barmy, eýsem, onda-da onuň bilen ykbaldaş, öz türkmeni bolup – diýibem, ýene-de öz soragyna özi jogap berdi.

– Galaýynurda men ýekeje düýäm bilen odun satyp, gün gördüm diýdim-ä. Hä... Bir zat gazanjak bolsaň, etmeýän işiň, barmaýan ýeriň bolmaz eken. Ine, bir gezegem ýolda barýarkam meni Jüneýit hanyň aňyrdan dabyrdaşyp gelýän atlylarynyň birki sanysy saklady. Odunyň bilen düş biziň yzymyza! – diýdiler. Görsem Jüneýit han Hyradyň golaýyndaky Kepderhan obasynda öz – töweregi bilen uly toplum bolup ýaşaýan eken. Meni-de şol ýere ertip, bir dalanda odunymy düşürtdiler. Soňam elime iki owgany berip: «Talap edýän bolsaň, odunyňy şu ýere getiriber, hakyň köýmez» diýdiler. Görüp otursam, hanyň ýerleşen ýeri hem odun-çöpüň teň ýerleriniň biri bolsa näme. Başga-da bir odunyňa artyk pul berýän ýerem ýok, onsoň menem şol dabyr-duburrak ýomudyň diýenini edip çekiberdim şol ýere ondan-munda tapan odunymy. Görseler-ä, men bir öz günüm bilen güzeran ugrunda gezip ýören mysapyr bir bende, olara-da geregi şol bolsa näme!? Ilkiler getiren ýükümi, uly howlynyň daşynda düşüren bolsam, soň ony howla basyp, ojaga salaýar ýaly edip, çapyp, gerek bolanda oduny galanyň içindäki ojaklaryň başyna hem gujaklap, goltuklap ertibem ugradym.

Han aganyň iýjek naharyny, otuz-otuz bäş ýaş töweregindäki, orta boýly gözleri sähelçe gyýmaly, bir bakyşda hanyň özüne-de çalym berýän aýal bişirýär eken. Ol her gün donunyň synlaryny bilguşagyna çalyp, çemesini alyp, ojagyň töweregine aýlanyp nahar bişirýär. Ilki men ony hanyň aýallarydyr ogullarynyň gelinleriniň biridir öýden-de bolsam, soň men onuň hanyň aýaldoganydygyny, adynyňam Soltan ekenligini bildim. Han özi üçin tagam taýynlamagy diňe şoňa ynanýan eken. Jan dawasy bilen bagly ýagdaý bolanda aýal dogan hemmelerden ýeg-ynamly

bolýan bolmaly-da? Onuň gazanynyň gapdalyna aňsat adam goýberilmezdi. Barylsa-da onuň özi çagyryp, odunyny, ýenekisini getirdeninde barylardy. Özi-de ol her gezek bişiren naharyny alyp bermeli bolanda, ilki bir okara ondan birki çemçe kakyp, ondan özi dadyp görerdi. Onuň agasyna alyp bermeli tagam bolanlygyna göz ýetirensoň, diňe şundan soň, ol nahary tabaga guýardy. Hemişe diýen ýaly, gapdalyndaky öýleriň biriniň arkasynda garysyny ýassanyp ýatan item ol hödürsiz goýmazdy. Nahar diňe şundan soň hana äberilerdi.

Hany aýamalydygy, onda-da häzirki ýaly Sowetiň her-hili ýollar bilen onuň kastyna çykylýandygy belli mahaly.

Bir gezek ol gazan başynda ýekeräk durka, meniň getirýän odunymy ojakdan daşyrakda düşürenimi görüp:

– Heý, oglan, odunyňy getir ojaga golaýrak, at bärik! – diýip ýüzlendi.

Men odun goltuklap, onuň golaýyna baranymda, öňümde göze gelüwli bir zenan gördüm.

Şeýle zenan erkek kişini öz gününe goýýarmy, eýsem?! Höwese berlip, oňa göwnüm gidip, soň ol barada oýlanyp ugranymam duýman galypdyryn.

– Baý, heleý jan eken-ow...

Men hem oňa şeýle bir sereden ekenim welin, nazarym zenanyň, zenanlygyny ýadyna salyp, süňňüni goram-gowşak eden eken. Muny maňa Soltan indi-indiler aýdyp ýör. Ýöne özümiň-ä onuň nazary bilen nazarym çaknyşansoň, näme-näme edenimi bilemok, yzama dolananymda bir ol ýerden gidesi gelmän, aýagymyň aýagyma çolaşan-a ýadymda. Aljyrap dert-azara galanym-a hak. Emma ýadymda şol gezekden soň men nirik gitsemem, nirede bolsamam küý köçäm şol görlen balkyldap duran owadan goýun gözler boldy durdy. Her gezek tizräk onuň huzuryna ýetmek isledim. Ojak başynda onuň aýlanyp durşy welin hemişe gözlerimiň öňündedir.

Men indi her gezek ýükümi beýleräkde düşürip, odun çykan ýüpümi, çekip alyp, saýhallan bolup, onuň beýleräginde eglenç edip: «Haý, adam, at bu ýere bir goltuk gury odun!» diýerine garaşyp durun. Özümiň bolsa bahana tapyp, onuň töwereginden aýrylasym gelýän däldir.

Biz özümiziň hyrydarlyk höwesimizi telim bir wagt, hemmelerden gizlin, diňe bir-birege bolan mähirli bakyşlaryň çäginde sakladyk.

Diňe ýekeje gezek ojagyň töweregi çolarak wagty onuň bilen bir oýnam gysgajyk gep bolupdy. Ol:

– Bir hepdeläp niräk ýitdiň, odunçy oglan? – diýip sorady. Gözastyndan ýüzüme hyrydar gözläp, pessaý ses bilen sorady.

– Oba. Garryja enem bar, şonuň ýanyna baryp gaýtdym. Onymuny, iýer-içer zat ertdim. – Soňam halymyň soralmagyna monça bolup ýakynsyrap, menem onuň adyny tutup gepledim.

– Ejeke, men indi nirik gitsemem köp garaşdyrman – diýdim. Ol gelin myssa köpmanly ýylgyrdy-da:

– Men kimiň ejekesi bolýan-da bolsam, seniň-ä ejekäň däl, meniň adym Ejeke däl, Soltan men! – diýip, biraz uýalyp, tolgunyp, meniň sözüme düzediş berdi. Soltana gazan başyna gelip gidýänleriň köpüsi Ejeke diýip ýüzlense, näbileýin onuň ady şolmuka diýipdirin.

Men onuň ýanyndan dolanyp, düýelerimiň ýanyna barýarkam, kalbym joşup, ernim gulagyma ýeterli bolup ýylgyryp dolananym ýadymda.

Biz birek-birege gizlin göwün çaýýarmykak diýsegem, ýöne biziň syrymyz garaşylmadyk ýagdaýda özem örän tiz açyldy. Şol gün men han saraýynyň daş ýüzünde düşürilen odunlary howlynyň içine daşap, at ýatagynyň gapdalynda saýhallap basyp ýörkäm, şol ilki hakyna tutan ýomut adamsy iki sany ýigit bilen geldi-de, meniň duran ýerimde sen-men ýok, şatyrdadyp, elimi arkama daňdy. Ol şol arada elindäki gamçysynyň ujuny çenäp, dyzanyp gaharly maňa bir zat diýip sögübem goýberýärdi.

Ýöne ýomut halky kä halatda şeýle bir tiz gepleýär welin, meniň ýaly goýaz saryk «ä?» diýip, ol gepi täzeden gaýtalaýmasa, sözüň manysyny aňa alybam ýetişenok. Näme-nämeligine göz ýetirmänkämem getiribem taşladylar atýatagyň gapdalyna güýlüp.

Atbakanam bir çokga sakgal goja kişidi. Onuň bilen käte sataşyp, naslaşyp gümür-ýamyr edişäýmämiz-de bardy. Men oňa getirýän toraňňylarymdanam her gezek sogrup-sogrup, iki-üç sanysyny odunlyk berýädim.

Onuň ýanyna getirip taşlanlary üçin men ilki goja oklaýan odunym bilen dagy bir gep barmykan diýip pikir etdim.

Aý, ýok, onuň bilen-ä hiç-kimiň işi ýok, azar bermegä beýlede dursun, gaýta, Öre däde – diýşip, ony mertebeläp gepleýärler. Soň görüp otursak, belanyň körügi başga ýerde eken. Soltan bilen gizlin gatnaşygymyza haýsydyr bir hanyň ýakyn adamlarynyň syny düşüpdir.

Bu-da baryp ýetmezmi hana. Şol günden bir gün öň giçlik Soltan agasynyň naharyny äberip, ýeňňeleridir gelinler bilen naharlanmaga baranda, uly ýeňňesi ony yzyna düşürip, Jüneýit hanyň huzyryna alyp barypdyr. Oturyp-oturmankalaram han ondan:

– Oduncy oglandan habaryň barmy? – diýip sorapdyr.

Bu sözi eşidip, Soltanyň inine ot çabyran ýaly bolupdyr. Syr hasap edip ýören zadynyň äşgär bolmagy ony diýseň kyn ýagdaýda goýupdyr. Ol özüniň bu hereketi bilen, dünýäde ähli zatdan ilerläp, buýsanyp ýören mertebeli agasynyň gaşyna ýakmajak hereketi edendirin, namysa goýandyryn öýdüp juda uýalypdyr. Ol iki süňňi bilen takdyra ten berip galpyldan oturyşyna aşak düşelen halynyň gölüni barmagy bilen dyrmalapdyr. Jüneýit han Soltan geplemese-de, uýasynyň ýagdaýyna düşünipdir. Ol: «Şuny bileýin diýdim» diýip, soňam ony öz ýanyndan: «Bar, işiň bilen boluber» diýip çykaryp goýberipdir.

Hanyň aýal doganynyňam janly adamdygy, oňa-da Allatagalla tarapyndan beýleki adamlara mahsus bolan jübütlikde, dünýäniň aýşy-eşretine höwesli bolup ýaşamaga hakynyň barlygyny ýatlanlygy belli bolupdyr.

Şol günüň ertesi meni südürlenip atylan ýerimden çykaryp alyp, bir öýe salyp, täze lybaslar bilen bilen geýindirdiler. Agşamlygam öýleriň birinde molla Soltan ikimize nika gaýyp, bizi bir-birege gowşurdylar.

Barybir garyndaş bolamsoňam men olaryň işine goşulan maslahat-saparlaryna gatnaşan adam bolmadym. Öňkim ýaly odun daşap, odun owradyp, hyzmatda bolup geziberdim. Soltanam agasy üçin öňküsi ýaly nahar bişirip ýör. Ýöne gijelerine ol meniňkidi. Onuň ak babyr bilekleri, nur bolup çoýýan ala gözleri, pyşyrdap aýdýan we kalbyňa aralaşyp, ganyňa siňip, höwesiňe höwes goşýan sözleri, hemmesi meniňkidi. Birem şeýle zenanyň gujagyna ýetseň, uzak gyş gijelerem göwnüňe juda tiz geçen deý görner eken.

Şondan soň ojak başyna oduny arkaýyn elten bolmasam, başga üýtgän zat bolmady. Birem hana niýetlenilip taýynlanýan nahary indi öňünden men öýde bolsam, Soltan okara kakansoň, ony biz bile dadyp görerdik. Birem hanyň körekeni hökmünde sylap, onuň kiçi ogly we Soltanyň ýeneki ýaşkiçi garyndaşlary maňa Taňry salamyny berip ugradylar. Öňki odunçy wagtyň sen kimiň gözüne ilýäň, kim seni alga alýar!?

Indi bolsa diýseň diýmeseň, hanyň naçar ejiziniň ýanýoldaşy men. Soltanyň men ikinji adamsy, onuň birinji ýoldaşy biraz ýaşap ýaşamankalar, Garagumda bolan çaknyşyklaryň birinde okdan uçupdyr...

Rozynyň gürrüňleri örç almasa, tükenerli däldi. Onuň kalbynyň joş alyp duranlygy helebärde köşeşerli hem däldigi mese-mälim duýulýardy.

Owsunyp duran gelniň gül keşbi sallanjyrap, uýaljyrap, häzir onuň gözüniň öňünde duran bolmalydy. Onuň sözünden diňe bir

ýanýoldaşy Soltan gelne däl, Taňrydan soň, han Jüneýide-de, onuň ýakynlaryna-da bolan minnetdarlygynyň çen-çaky ýokdy.

Haçanda Rozy[1] üç ýaşlyja oguljygynyň hem barlygyny ýatlan mahaly, onuň şatlyk joşgunynyň ýeke däldigi belli boldy. Ol:

– Jora, tüweleme göz degmesin, özem düňkäp ýören, şeýle bir gudumanja welin gepläp, dürli oýunlar tapyp hezil berýär. Ýok wagtymam «Hany dädem?» diýip, meni gözleýändir. Gaýdyp gelenimi görse-de «Dädem» diýer-de ylgap gelip zyňar özüni

---

[1] Розы ага мен 1965-нжи я-да 1966-нжы йылда Марының педучилищесинде окаян дөврүм бир гезек өе гелип, окувыма гидип баряркам Тагтабазарың демир ёл дуралгасында төтәнден габат гелдим.

Ол демир ёл дуралгасының гапдалындакы нахархананың дашкы, депеси япык, дөрт тарапы ачык сыпа-тапчанының үстүне атылан дүшегиң бир башында чайлап отуран экен. Мен нахарханадан алан чайымы, шемалдегеррәк хасаплап, гөтерип ол ере баран вагтым төверегинде отуран ене бирки саны яшулы адам билен онуң гүмир ямыр гүррүңи ягшы гызышыпды. Геп алышяныңы габат гетирип, дердинишме дийилйәни шу болмалы. Эсасанам хәзирки пурсатда ятлама умманына сандык болуп атылан Розы ага гүрлейәрди, бейлекилер диңлейжидилер. Тарыхы гүррүңлери говы гөршүм ялы, гожаның Женейит хан билен баглы гүррүңи шонда мениң-де үнсүми өзүне чекди. Мен шейле адамың барлыгыны хем шонда билип галдым.

...Онуң Овгандакы Солтанлы багты соңам довам этсе эдерди, эмма ол дүеси билен йүк алып бир ерден гелйәркә, серхетде НКВД-лериң элине дүшйәр, оңа «Контрбандист» хөкмүнде 35 йыл түрме туссаглыгыны берйәрлер. Шондан соң оңа Солтанына душмак миессер этмәндир. Йөне оглы бир ёл билен большевигиң элине дүшен «басмачы» чагаларының бири болуп, Дашкент интернатында тербиеленипди. Розы ага бәш-он йылдан түрмеден чыкансоң, обасына Эрдене гелип, тәзеден өйленипдир. Соңкы аялынданам онуң ики оглы болупдыр. Онуң «Язмухаммет атлы оглум дүканчы, шу төверекде ишлейәр» диени хем ядымда.

Ене-де ол огланларының Солтан энелеринден болан агасыны хем Дашкенде гидип, тапып гөрендиклерини, улы оглуның өзүниңем Дашогуза Солтаның илен-чалан гарындашларыныңка гелип гиденлигини хем айдып: «Ай, ол орус тербиесини алып, орус ялы болубам гидипдир...» хем дийди.

Мен гожаның геп салувындан чен тутуп, онуң шу голайдакы дүкандыр бейлекиниң гаравулыдыгыны пикир эдипдим. Гожа өзүниң өмрүниң говы хем эрбет пурсатларыны ятлап берен шол гүррүңи мениң ядымда хемишелик галан экен.

gujagyma. Soltan ikimizi şeýdip Allatagalla eý gördi. Şeýle bagtymyň uzagyndan bolmagyny dileg edip ýörendirin jora.

Gije bolsa indi ýarymdan geçip barýardy. Ahmet Rozynyň gürrüňini diňläp oturyşyna mahal-mahal pallap, agzyny aýasy bilen tutýardy. Uky mähnediniň özüne-de agram salýanyny duýýardy. Ozalagşamky ýelpäp ösüp ugran şemal töwereginiň çybyn-çirkeýlerine indi bireýýäm saýhal beripdi. Olaryň hemmesini toparlap, aladagdan aňyrlygyna aşyrana dönüpdi. Bu dertden dynan düýelerdir atlar başlaryny silkişip, guýruklaryny bulaýlaşyp, ýerine gijäniň ümsümligine berlişip, parahat durdular.

Sesýetimlikden aýlanyp-öwrülip akýan derýa indi süýşüp gelip, has golaýdan şogurdap akýana dönüpdi. Töwerek bolsa imisalalyk, ozalagşamky jeňňel şagallary hemmeden ozduryp, çapgy astyna düşen ýaly gykylyklaşanam bolsalar, indi olaram gohlaşyp ýadan bolmaly, symah imi-salalyk ähli ýeri öz eteginiň aşagyna toplapdyr. Gijede ýagşy garrapdyr, ondaky ýyldyzlaryň sany, şuglasy hem, mese-mälim artyp, asman agzy çyzgalyp goýlan içi dür göwher daşly doly çuwala öwrülipdir.

Gijäniň düýrügibräk, düňreýibräk dünýäniň kükregine başyny goýup, oýurganyp oturyşy, hamala, gündiziň gutaryşy ýaly onuň aladalary hem şonuň bilen gutarana, häzir dünýäde ýetmeýän zadyň ýoklugyna, ähli erbetlikleriň ýerine gowy günleriň gelip, indem hemişe şeýle boljak ýaly duýgy döredýärdi.

Rozy hem aňynda, bir pursatlygam bolsa, hemişe arzuw edip ýörüşi ýaly, oguljygy bilen Soltanyny düýesine mündürip, Erdene gaýdyp barýanlygyny görýärdi. Sebäbi onuň depesindäki ýyldyzlar, onuň Erdeniň ýokarsynda gören ýyldyzlaryna ekiztaýy ýaly diýseň meňzeşdiler.

Uzakly gijäni hümürdeşip geçiren obadaşlar, ertir ir bilen ýene-de duşuşyp durmagy wadalaşyp hoşlaşdylar.

* * *

Söýünalyda pagta ýygymyň barha giň gerim almagy, ýüzüni çaňjardyp gelen ýaltalaç güýzüň gyzgalaňyny has-da artdyrypdy. Hiç bir ekinem-ä erbet görülýän däldir welin, ynsan ýanynda pagtadyr bugdaýyň gadyry has başgady. Onuň gadyry has-da Sowetleriň dokma fabrikleri üçin çig mal talap bolup, pagta bolan yhlas artypdy. Halk bolsa pagtany pygamberiň mertebelän ekini hökmünde görüp, oňa yhlas edýärdi.

Bir gezek Muhammet pygamberden ekinler baradaky onuň garaýşyny soranlarynda ol «Ýekiniň gowusy pagtadyr» diýip, jogap beripdir, soňam onuň näme üçin aýratyn sarpaly bolýandygyny töweregine özüçe: «Pagta doglanymyzda biziň dolanan arlygymyz, ýaşan döwrümiz geýim örtügimiz, ölenimizde köpenimiz bolýar» diýipdir.

Ýöne milletiň pagta yhlasly bolmaklarynyň sebäbi ýeke bu onuň pygamber tarapyndan ilerlenmegi hem däl bolsa gerek. Mundan başga-da onuň tebigatynyňam bir süňňüne mahsus özüne çekiji häseti-de bar. Ony heniz ýetişmänkä, ösüşde mahaly synlamak has hem ýakymly. Tomusda ol ýaşyl öwsüp, baharyň unudylyp goýlup gidilen bir pursadyny ýatladyp, göz guwandyrýar. Ak patrak bolup açylansoň bolsa onuň täsiri has-da artýar. Atyz gyrasyna dagy barsaň, ol dessine seni imrindiriberýär, onsoň adam nädip ýygymçy bolanyny, «Kim-köp ýygmaşak» edip, bäsleşige girenini hem duýman galýar.

Hanuma özüne berkidilen brigadanyň pagta meýdanyna gelende töwerek entek alagaraňky-dy. Şonuň üçinem ol bu günem ir gelenleriň biri boldy. Ol gelende eýýäm partyklaryny dakyşyp, atyza giren ejeli ogly görüp, olaryň gapdalynda atdan düşdi. Tanap: «Siz eýýäm bärdemi?» diýip, olar bilen salam-helik alyşdy.

– Ir başlaýanyň kem däl muny. Bir penje artygrak ýygsak, bir peýda diýdik-de, gaýdyberdik irräkden ejeli ogul bolup – diýdi.

– Siziň töwerekleriňizde menem uzakly gije düýşümde pagta ýygyp çykdym – diýip, Hanuma düýşüni höwesli ýatlady.

– Hanuma gelin, gowy düýş görüpsiň, ak zat alnyňa diýlenidir. Bir gowluga duşjaksyň – diýip, işinden bir pursat baş göteren zenan, höwes bilen onuň düýşüni ýorup, ol gowulygyň bir gapdaly hamala özüne-de ýetäýjek ýaly göwnühoş ýylgyrdy. Soňam:

– Ýekebaralaryň arasynda bizden öňem işe gelýänler bar eken, ýaňy gapdallaryndan eşekli geçip gelýärkäk gördük, atyz içi agyn müňňüldi – diýip, sözüniň üstüne goşdy-da, boýurganyp hamala olaryň nireräkdeligini salgy berýän deý boýnuny uzadyp, alagaraňkynyň bir ýerlerine seretdi.

– Galyň bende heniz ýagyn-saçyn bolup, çyg düşüp, hasylyň berekedini almanka aljak-da alyp bilenini – diýip, Hanuma hem ýekebaralaryň ýagdaýyny özüçe göz öňüne getirip, olara duýgudaşlyk bildirip gürrüňdeşi bilen göwündeş gopdy.

Aýal haçanda henizem Hanumanyň atyň jylawyny tutup duranyna ünsi düşen wagty ol dessine özüne ýoldaş edinip getiren ýigdekçe ogluna:

– Baýram jan, bar Hanuma gelnejeň atyny äkit-de, örkläp gel ony – diýip, oňa ýumuş buýurdy.

Oglan bilindäki partygygny dessine çözüp, Hanuma «Özüm daňaryn» diýse-de, höwes bilen jylawy onuň elinden aldy. Şol bada-da aýallara tarap ýaltaklap:

– Ata münüp gidäýeýin? – diýip, haýyşly dillendi.

Hanuma oglanyň höwese berlenini görüp, hoşamaý ýylgyryp baş atdy.

– Mün-de gidiber!

– Ýöne çapdyrman gitgin! – diýip, oglunyň häsiýetine belet eje-de şu arada bada-bat gepe goşuldy, soňundanam eýýäm atlanyp özlerinden daşlaşyp barýan oglanyň yzyndan gygyrdy. – Eşegiň golaýynda örkläp, çolaşar ýaly edäýmegin! – diýibem sargady.

Öz bolşuny Hanuma geňlär öýtdümi nämemi, ýygymçy aýal soňam myssa ýylgyryp, özüniňem çagalaryň bu häsiýetini kä halatda taňlaýandygyny boýun alyp gürledi:

– Şu oglanlar at görseler, öz haly bilen bolmaýar şular. Münjekden-de, çapjakdan. Münselerem hezil edýärler. Eltimiň ýaňy ýöräp ýören oguljygy bar, atly görse şoňa ganatyny gerip, hut bökjekläberýär. Bulara Taňry tarapyndan ata ýakynlykmy, höwesmi, bir zat berlen bolmaly. Biz naçar pahyrlar-a at münmedenem, çapmadanam elli bizar, münsegem gaty eşege münäýenimizi kem göremzok…

Hanuma töwereginden elini uzadyp alyp, gysymyna üýşürip duran pagtasyny aýala uzatdy-da, onuň gepini özüçe makullamak bilen: «Nätjek, heleý bolsaňam, at münmeli bolýar-da» diýip, «Menem şuňa aňrybaş bir höwesek däl» diýen manyda aýtdy.

Hanuma şu ikinji brigadanyň daýhanlarynyň üstünden gözegçilik etmäge şura tarapyndan goýlan ýörite wekildi. Ol özüniň täze işi bilen indi biraz öwrenişiberipdem. Onsuzam, soňky wakalar bilen baglylykda aralaryna sowuklyk düşenindenmi Hanumanyň Ýagdyň bar ýerinde şura jaýynda hat-petege ulaşyp, başlyklarça bar zady bilenden, bar meseläni çözenden bolup oturmany halamaýardy. Meýdanda onuň-munuň bilen gürleşip, ýygymyň barşyna pagtanyň daşalyşyna gözegçilik edip ýörse, gaýta, onuň göwni açylýardy. Meýdanda bolsa aladalar arasynda köwsarlap ýörşüne ol nädip Günüň batanyny hem duýman galýardy. Ol diňe giçden soň, ähli ýolbaşçylar ýaly, gündizki edilen işleriň hasabyny bermek üçin şura jaýyna gelerdi.

Hanumanyň şuradaky öňki alyp baran hat-petek işleri indi hat-sowatdan başy çykýan ýaş oglan tapylyp şoňa ynanylypdy.

Ýagdy birnäçe gezek onuň bilen aragatnaşygy ýola goýup, ýene öňküleri ýaly ýakyn gatnaşykda bolmaga synanyşypdy. Emma onuň synanyşyklarynyň hiç biri-de ugruna bolmandy. Hanuma hamala çalşyrylan ýalydy, üýtgäpdi. Ol indi başga

Hanumady. Ýagdy üçin ýatdy hem sowukdy. Ol her gezek Ýagdy ikiçäk duşuşmaga höwes bildirende, indi barybir onuň hajyk-hujugyna ylygmaýardy. Gaýtam:

– Öz heleýjigiň bar-a, şonuň bilen bolubersen-äý, şura! – diýip, jübütleşmäge höwesi bolmadyk baýtalçanyň, at sürnen wagty halamaýşy ýaly çytylardy. Hanuma gaýdyp gelen günleriň birinde gijäniň bir wagty ol öňki gatnaşygy dikeltmek üçin, onuň üstüne sürnüp ýöriteläbem barypdy.

Ýöne hemişe aýak sesi golaýlaşandan açylýan gapy bu gezek kakylyp, özüni tanadany bilenem açylmandy. Dogrusy, ol gapy arkasyndan alnan adaty sorag, jogap bolupdy.

– Hanuma!

– ?...

– Hanuma, bu men!

Ýagdy gapyny iteläp, ikinji gezek dillenensoň, Hanuma parhsyz dillendi.

– Bolaň-da näme?

– Bolamdamy… Alkymyňa dykylybam bir «Gözaýdyň» diýäýsem diýýän saňa!..

– Azara galma, şura. Konturda diýdiň-ä, bor şol!

…Siltenişige düşen gapy açylaýmaly ýaly bolsa-da, ol soňam wagty bilen açylmady. Ýagdynyň «Heleý näzidir, etegine bir ýetip bolsa, ýene-de hemme zat başgaça bolar» diýip, ýagdaýýň Hanumanyň şol öňki yhlas-lezzetli bal gelne öwrüljegine ynanyp, eden tagallalary barybir ýol almaýardy. Hanuma soňra onuň gepini alga alyp hem durmady, esli wagtlap içerden sesem bermedi. Onuň juda düýrügenligi belli boldy. Ýagdy hemişeki, il gözüne güýdüşip, gizlinje gelip-gidip ýören gapysynyň öňünde, golaýdan ötüp geçýän beýlekä göz bolup gadalyp durmagyň soňra ertir dürli gep-gürrüňiň döremegine sebäp bolup, onuň bir tarapynyň ýene-de baryp öz ata-enesidir aýalyna ýetjegini aň edip, bu ýerde uzak durmaly däldigine düşündi. Köýnegi dar bolup, bokurdagyny

kimdir biriniň eli bolup gysýan ýaly duýgy döredi. Ol köýneginiň ýakasyndaky ilikleriň ýazdyryp, çöpürli boýnuna giňişlik berdi. Biline guşanan kemeriniň töwereginde gasyn atyp, sölperip ugran köýneginiň etegini çekişdirdi-de, oňa ýüzugra tertip-düzediş berdi. Gapynyň öňünde ýene biraz ony süsüp döwerli dyzmaç öküz bolup, gezelip duransoň, kejigip-käýinip yzyna dolandy.

– Akylsyz heleý diýerler saňa. Şu heleýleriň akyly jüýjetowugyň akyly ýaly diýenleri dogry eken. Sähel beýnisi bolan heleý biziň ýaly sahawatly goç ýigidi garasy görnenden garbap almaýamy?…

Şol barmana-da, hemişe şeýle ýagdaýda hezil berýän, öýünde ýoluna göz dikip oturan aýaly onuň ýadyna düşüp, öýüne ýetip bilse, onuň höwes bilen hyzmatda boljagyna göwün ýüwürtdi.

– «Öýkeläniň paýy süýji» diýipdirler. Seniň ýeriňe öz heleýim hezil ýeder – diýip, göwün çaglady.

Bary bir Ýagmyra şol günüň ertesem, yzýanky günlerem Hanumanyň öýkesini ýazmak, onuň höwes-yhlasynda öz ornuny gazanmak başartmady...

Emma Ýagdy hem netikazalygyny edip, maza tapan zadyndan beýdip aňsatlyk bilen el üzerli däldi. Hanumanyň özüne gerekligine ynanyşy ýaly, özüniň hem oňa derwaýys gerekdigine badyhowalyk bilen ynanýardy. Emma Ýagdy hemişeki ýagdaýyň bolmagyny isläp, näçe sürünse-de, ýagdaý barybir onuň isleýşi ýaly boluberenokdy. Hanumanyň nämüçin bulanýanyna bolsa ol düşünipjik durdy. Bu ýerde düşünip, düşünmez ýaly syram ýokdy. Hanuma oljalanyp-bagyrdylyp, atyň öňüne basylanda, Ýagdynyň yzdan kowgy başy bolup gelerini, Hanuma, elbetde, özüni ýagyň elinden gaňryp alaryna göwün ýüwürdip tama edipdi.

Bile bir gapydan girilip-çykylyp işlenip ýörülip, höwes edilip ýakynlykda bolnan pursatlaryň hatyrasyna hem şeýdip hossar çykmak tüýs ýerine düşen mert, zenan sylar hereket boljakdy. Emma şonda şäherden gelmeliler gelip, maslahat salmalylara

garaşylyp bolunýança bada-bat edilmeli aýgytly hereket edilmändi. Hany, sen ine-gana üýşüp-çaşyp maslahaty bişirip, ata atlanýançaň oljasy oňan garakçy bu jelagaýda durýarmy?

Ýagdy müýni bar-da bolsa, ol özüniň mele gelniň huzuryna ýetip, bir demine-demini gatyp bilse, onuň Gün gören ýaz gary ýaly, süňňüniň gowşap, çalam-çaş bolup erejegine, ýene-de öňki boýna gol salyp, özi bilen deň gopup sarmanaklaşyp höwes bilen söýgi oýunlaryny oýnajagyny tama edipdi. Bir ýola şura jaýynda onuň bilen daşyny çolardyp, ýekeräk galanda ýene bir gezek höwes bilen, Hanumanyň gümmezekläp duran guýma guşaklygyny geýim daşyndan sypalap goýberip, ony täzede özüne imrindirmäge synanyşdy:

– Gör, nähili gowulyk eýesiz galyp hor bolýar.

Hanuma şonda onuň bu oýnuna halamazlyk bilen çytylyp, soňam oňa ýüzüni açman, sowuk jogap berdi.

– Ýagdy, boldy bes et indi! – diýip, talaply gürläp, ony öz ýerinde oturdypdy.

Hanuma galtamanlaryň elinden sypyp, ölümiň öýünde gaýdyp gelensoň, onuň hüý-häsiýeti hamala ol başga biri bilen çalşyrylan ýaly üýtgäpdi. Ol keýpsiz hem umytsyz ýaşaýardy. Galtamanlaryň görkezen görgülerini ýadyndan çykaryp bilmeýän ýaly bolup görünýärdi. Iliň dili, güman-pikirlerem ýene bir ýandandy. Onuň keýpsiz sus halyny görüp, obanyň dili uzynlary «…Aý muny galtamanlar çete çykaryp hezil edendirler. Olar ka, çölde aýal-ebtat görmän, şory depesine çykyp, heleýsiräp ýören deýýuslar munuň ýaly, maýa-maňyzly, göze gelüwli gelin dagy tapsalar, hezil etmeýärmi?..» diýşip, ol ýerde bolan hezilligi özleriçe gaýybana göz öňüne getirişip, gep-gybata bat berýärdiler. Birnäçeler bolsa onuň suslugyny güman astyna alyp, özleriçe başgarak düşünip: «…Aý, ň galtamanlardan gören hezzetini ýene-de isläp, tukatlanýan mes heleý diýerler» diýip aýdýardylar.

Bir öwrede ýaşalyp ýörülen wagtynda bu gepler heý, gulaga degmezmi? Gybatlar dolulygyna bolmasa-da, kem-käsleýinem bolsa Hanumanyňam gulagyna degýärdi. Bu gürrünler, süýrelen hökmünde öňem utanyp, ilden ýüzüni nirede gizlejegini bilmän ýören Hanumanyň önki ýeňil bolmadyk ýüküniň üstüni ýetirýärdi. Indi ol şura jaýynda hat petek bilen bolup, gelen-giden öňünde gazalyp oturmagy kyn görýärdi. Şu ýerde pagta ýygymyň başlanmagy bilen meýdan işlerine bolan ünsdür talabyň artmagy onuň maňlaýyndan diräpdi. Hanuma oba aýal-gyzlary bilen iş alyp barýan bölümiň başlygy hökmünde 2-nji brigada alnyp barylýan işlere gözegçilik etmäge goýlupdy.

Hanuma töwerekdäki patraşyp duran pagtadan gysym-çaňňap ýygnaşan bolup durşuna Arnabegi bilen pagtanyň ýagdaýy hemişe ýekebaranyň ýetişdirýän hasylyndan pesräk bolýan kolhoz pagtasynyň bu ýyl ondan kem däldigi barada özara gürleşip durdular. Janypkeş Arnabegi Hanumanyň ümi alyşýan, wagtal-wagtal ýanyna gelip gürleşýän az sanly aýallarynyň biridi. Has takygy olary Arnabegiň üstünden biraz mundan öň inen töhmet belasy ýakynlaşdyrypdy.

Ol waka şeýle bolupdy.

...Şol gün Arnabeginiň öýüniň gapdalynda, gelip çykyşy näbelli bolan bir horjun gawun peýda bolupdy. Bu ýagdaýy gizlin sakladykmykan diýseler-de, üç günden soň eýýäm onuň habarynyň ummadan çykanlygy belli bolupdy. Dördünji gün diýlende, bu habaryň yzyny derňäp, ýörite şäherden gelen prokuratura işgärleri bilen onuň öýüne gözegçilik edýänleriň biri hökmünde ýoldaş bolup, Hanuma barypdy.

Şonda şäherden gelen prokuratura işgäri bu gawunly ýagdaýyň daşary ýurt bilen baglydygyny ýatlap, endigine gör-ä, ýagdaýyň ters yzyny çalarman bolupdy. Sorag berip Arnabegini alarladyp ugranda aljyran gelniň dadyna Hanuma ýetişipdi. Prokrotura işgärine serhediň bu golaýlygynda, onuň iki tarapynda

hem ýerleriň dürli ýurtlara degişlidigine garamazdan, garyndaş adamlar ýaşaýan mahalynda beýle ýagdaýyň her kim bilenem bolup biljekdigini, bu ýerde Arnabeginiň günäsiniň ýoklugyny, serhedi bozany başga ýerden gözlemelidigine ugruny tapyp, ony ynandyrypdy.

Hanumanyň aýdanlary bilen kanagatlanan prokuratura işgäri şundan soň ýene obada şunuň ýaly ýagdaýyň gaýtalanaýmagynyň mümkinligini, şeýle bolanda bu barada ýerli guramalary bada-bat habarly edilmegini tabşyrandan bolup, aýalyň ýakasyndan elini aýrypdy.

Bu waka Hanumanyň kömegi bilen başdan sowlan töhmetli bela hökmünde Arnabeginiň ýadynda galypdy.

…Şol gezek Arnabegini daňdanlar, arslan-şir gören ýaly aňyrdan aljyrap, köwşüniň apgyrdyny basyp gelen eltisi süýji ukudan oýarypdy. Gapyny itibem: «Baýramyň ejesi» diýibem, ony daş işige çagyrypdy. Ol eltisiniň habaryny almak üçin, gapydan çykan mahaly, gapynyň öňünde duran horjuny görüpdi. Ýakymly tanyş ys burnuna uran mahaly ol horjunyň ýüküniň nämedigine dessine düşünipdi. Ondan bark urup, «waharman» gawunyň ysy kükeýärdi. Horjunuň gapdalynda özi göterip getiren ýaly eltisi elini owkalap durany üçin Arnabegi «Bu nädip şu agyr horjuny göterip getirdikän?» diýip, geň galan mahaly, eltisi ýene dillendi.

– Gyssanyp daş çykaýmanmy, aýakýoluna oturanymam şoldy welin, bize golaýlap gelýän bir atly göründi. Ol gelibem töweregine garanjaklap, siziň gapyňyzyň öňünde atyny saklap, ondan şu horjuny düşürdi-de, dolanyp, ýene yzyna gitdi. Öý talamaga gelen garakçy-ýenekidir öýdüp janymda jan dagy galmady. Gorkymdan oturan ýerimde doňup galaýypdyryn – diýdi-de, gorkanyny mälim edip, ezenegi agan köýneginiň ýakasyny bir ebşitläp tutup, bir goýberip durşuna, käte-käte açyp, haýygyp ýakasyna tüfledi.

Arnabegi eltisiniň gep saluwyndan, dessine bu işi kimiň edip biljegine çen bilenräk düşündi. Içinden «Akgam jandyr» diýip,

alty-ýedi ýyllykda maşgalasy bilen Owgana aşan kakasyny ýatlady. Onuň bu gawunlary gyzydyr agtyklaryna dadyrasy gelip, ata-ene janköýerligi bilen, serhediň howpundan çekinmän getirenligini bildi. Ondan minnetdar boldy. Kakasynyň derýanyň aňry ýüzünde ýeri bardygyny ony görüp-tanan birki adamdan eşidipdi. Hatda onuň özi-de şol golaýdan geçende, töweregindäkilere syr bermezlik üçin, ol tarapa seretmedikden bolup: «Heý, bir daşyndanam bolsa, akgamy görüp bolmazmykan!?» diýip, delmirip seredenini duýman galýardy. Şonuň üçinem gawunly horjuny kimiň düşürip gidenligi bellidi. Kakaň, agaň ýa-da ogluň bolmasa, kim seniň gapyňa horjunlap gawun düşürip gidýär. Gelibem onuň süýji ukuda ýatanlary oýarmaýyn diýen bolmagam mümkin, esasanam, ol Sowetler görüp, maşgala gep getirmekden çekinen bolmaly.

Beýle hereket, köplenç, öz bala-çagalaryna hemişe ýagşylyk-delalat etmegiň ugrunda gezýän, ondan lezzet alýan ene-atalara mahsus bolýar. Munuň şeýledigini iki-üç çaganyň ejesi bolup ýören Arnabegi bilmän, kim bilsin.

Töwerek ýagtylyp ugransoň, ýygyma gelýän adamlar barha köpelişip ugradylar. Hanuma olaryň birnäçesi bilen saglyk-manlyk soraşansoň, duran atyzynyň boýundaky aralyk çile düşdi-de, ondanam saga öwrülip, derýa boýundaky ýekebara hojalyklaryň pagta ýygýan ýerine gitdi.

Ol düýn uzagrakdanam bolsa, Kymyş duzçynyň agtyklary Ogulbike bilen Akjagül ikisiniň öz ýerleriniň pagtasyny ýygyp ýörendiklerini görüpdi. Indi munuň nämüçindigini bilmese-de, Kymyşlardan birini görse, ol Ahmedi ýatlaýardy. Düýn gyzlary görüp, Ahmedi köpräk ýatlanlygy üçin bolsa gerek, agşam Ahmet onuň düýşüne-de giripdi. Ony öte küýsemegine sebäp bolupdy. Agşam ýatyrka, ertir gyzlara duşup, olardan osmakladyp  sorap, Ahmet barada bir zat bilesi gelipdi.

Hanuma ýer ortasynda göbek bolup, ep-ýesli meýdany tutup oturan depäniň gapdalyndan geçip barýarka, Gün bir gyzyl köz



*22

bolup lowurdap onuň öňünden çykdy, özi-de ol şol öňküsi ýaly, haýsydyr bir näbelli etmiş üçin uýalyp, gyzaryp, gaýtarma gelne keşmer berip, owadan bolup dogup gelýärdi. Ýas-ýaňam töwerek garaňkyrap duransoň, Gün entekler görnerli däl bolup duýulýardy. Hanuma özüniň nireden geçip barýanlygyny aňyna getirende, il içinde bu depä ýanalynyp-ýortulyp aýdylýan Söýünala işe gelen döwründäki eşiden hekaýasyny ýatlady...

...Bu gürrüň türkmeniň saryk kowumynyň Marydan gaýdyp, Pendä ozalky mal bakýan öri ýerlerine ymykly göçüp gelen döwürlerindäki, bu ýerde ýüz beren kynçylyklar bilen baglydy. Muňa sayklaryň ozalky öri ýerleriniň töweregine göçüp gelip, ornaşyşyp, daýhançylyk bilenem meşgullanyp ugramagy sebäp bolupdy. Şonda Pendiniň bu etegini eýemsirenmegiň ugruna çykyp ýören Kerki begi Gyzylinjige bu ýagdaý ýaramandy. Sebäbi onuň mallary Buhara emiriniň emri bilen, öz wagtynda tirseklenip, türkmenlerden alnan şu ýerleriň bir böleginde bakylýardy. Buhara emiriniň dikmesi Gyzylinjik şundan soň ol örüler hamala doly elinden gidip barýan ýaly, sayklaryň üstüne goşun çekipdi. Sarygyň hany Sary han Gyzylinjigiň gylyç syryp gelýänini eşidip, häzirki wagtda, öňem göç-gon bilen tapdan düşen millete bir özüniň, bu güýjüň öňünde durmak aňsat düşmejegini bilip, o-da Mara habar atarypdyr.

Marydan tizden Nurberdi hanyň ýolbaşçylygynda bu ýere iki müňe golaý atly ýetip gelipdir.

Sary han olary özüniň Babahan, Magsut han ýaly belli serdarlary, ahun-işanlary bilen şu ýerde garşy alypdyr. Şeýdibem bu depe, şol döwürde, türkmenleriň birleşen goşunlarynyň jülgäni saklap ýatan bölüminiň düşlän ýeri bolupdyr. Durmuşda halkyň ykbaly bilen bagly çözmesi derwaýysdan kyn ýagdaýlar bolýar, şonuň üçinem onuň bilen bagly ýerlerem, halkyň öňüne düşüp batyrgaýdan paýhasly hereket eden şahslaram taryh bolup, halkyň aňynda galýar. Bu depe-de şeýle ikitaraplaýyn garşylygyň möwç alan ýerleriniň biri bolupdy.

Söweş başlanmazyndan öň taraplaryň hanlary syýasat edip, ilki şu depäniň üstünde duşuşypdyrlar. Duşuşyk mahaly gylyjyny öňüne kese basyp oturan Nurberdi han «Nämä yrsarap geldiň?» diýen manyda Gyzylinjige ýüzlenip:

–Daňdanky jöwürdäp ýürege düşen gürji ýene bir üýrsün! – diýip, ýer üçin türkmenleriň ölüşmäge taýyndygyny oňa mälim edipdir.

Gyzylinjik han görse-hä türkmenleriňem tutumy-güýji özüniňkiden artyk bolmasa, kem däl. Söweşde agyr ýitgileriň iki tarapdanam ýetik boljagynyňam ujy iki däl. Emma Gyzylinjigiň goşun çekip, nireden nirä gelensoň, bir garpyşman gidesi gelmändir. Şonuň üçinem ol bu ýerde iki tarapy hem kanagatlandyrjak şertli gepi orta atanam ýene-de onuň özi bolupdyr. Ol her tarapdan on sany men diýen pälwany orta çykaryp göreşdirmegi, haýsy tarapyň pälwanlary üstün çyksa, dawaly ýerlerem şolaryňky bolmalydygyny şert hökmünde öňe sürýär.

Gyzylinjik hanyň öz pälwanlaryna diýseň göwni ýetýän eken. Onuň özi-de arkasy ýere degmedik göreş humarly pälwan bolupdyr. Bu döwletli maslahat iki tarapdanam şonda makullanypdyr. Şeýdibem, dawany gylyç-galkan däl-de, pälwan göreşleri çözmeli bolupdyr.

Iki tarapdanam nobatma-nobat pälwanlar orta çykyp, göreşip ugrapdyr. Taraplaryň hersinden ýykanam az bolmandyr, ýykylanam. Ýöne dagyň bölegi ýaly bolup orta çykan Läheň[1] pälwany

[1] *Ләхең сердар* XIX асырың орталарына дөврүң ил-юрт бәхбитли ишлери үчин өңе чыкаран адаты болмадык эдермен, гайдувсыз огулларының бири болупдыр. Сөвеше гиденде, онуң гылыҗыны үч адам гөтерипдир. Атларың битгинлиден кувватлысы болаймаса, хер бир ат онуң аграмыны аңсат гөтерип билмәндир. Хайсы ата мүнсе онуң гарны салланып били ян берипдир. Шонуң үчинем ол берк мал дийип, гатыр я-да өкүз-дүе мүнүпдир.

Ол 1881-нҗи йылда Ахалдан көмек сорап, Пенди, Ёлөтене чапар геленде, оңа гидип, гахрыманчылык гөркезенлериң хем бири болупдыр.

Сарыкларың Гөкдепе галасына көмеге гелендиклерини тассыклаян эсасанам бизе белли болан үч саны чешме бар, оларың бири язув, икиси хем ыгтыбарлы ил ичинде сакланып гелен ятлама-ёргутлардыр. Язув чешмесинде «Гөкдепе галасы сынансоң, сарыклар нохура чекилдилер» диен бир җүмле бар. Халкың гулагында галан гүррүңлериң ене бириси – эллинҗи йылларда

Гөкдепеден гүррүң чыканда, Аганяз сердарың 80 яшлы гызының: «Акгам дагы орсы гайтармак үчин, топар-топар атлы болуп, Гөкдепә гидипдилер...» дийип айдан гүррүңидир. Шол дөврүде Сарахсданам бу урша-көмеге 700 атлы гидипдир. Ил аңында муны тассыклаян ыгтыбарлы бир шыгыр сетирлери-де мениң ядымда галыпдыр. Гөкдепә салыр-сарыкдан көмеге гидилмеги барадакы бу шыгры мен ёртманҗа огланҗык вагтым Камиран багбаның үзүминде гуш гораян вагтым бир өврүмде эшидипдим. Шыгры ол сарахслы, сүргүнде биле болан досты Оразмыратдан эшиденини ятлаярды. Олар машгалалары билен 16 йыллап, Газагыстаның Акмолинск дийлен еринде сүргүнде болупдылар, Оразмырат ишан-да Камиран молла болшуп, бир-бирлери билен гадырлы гатнашыкда болупдырлар:

*Сарахсдан уграды еди йүз атлы.*
*Өңүнде Тәчмәммет голтугы хатлы.*
*Бәш йүзи салырдан, ики йүз сарык.*
*Гочаклаң шанына мынасып тарып.*

Гөкдепә гидйәнлере ак ёл арзув эдилип уградыланда дөрән бу гошгы хем манысыны тирип отурсаң, онуң хем бу меселеде ыгтыбарлы чешмедигини субут эдйәр, гошгуда ятланылян Тәчмәммет айдышларына гөрә кераматлы «Гурхан» сүреси тенинден дөмен аңрыбаш мусулманчылыкдан билимли адам болупдыр. Голтугындакы кераматлы хат оны хатда окдан хем горанмыш. Гошгудакы «Бәш йүзи салырдан, ики йүз сарык» дийилмегиниң себәби болса Пенди-де салырлар билен озалданам гадырлы гатнашыкда болан сарыкларың ягы гайтармага доган-доган болуп биле гидендиклерини гөркезйәр.

Ёлөтенден ене-де бир топлума баш болуп, Гөкдепә баран, гайдувсызлыкда якасыны танадан Оразмырат хорасанлы – Оразмырат сакав болупдыр. Ол Нурберди хан билен Гүлҗемал хана өйленип, Марыда яшап угрансоң, гатнашып достлашыпдыр. Соңундан болса Нурберди оңа өзүниң энебашга аялдоганларының бирини берип, онуң билен гуда-гарындаш болупдыр. Оразмәммет сакав тиз гылыч урмага җуда өкде адам экен. Нурберди хан ол барада «Сакав яман тиз, эгер ол ягыш ягып дурка гылыҗыны сырып, даш чыкса, үстүне еке дамҗа дамдырмазмыкан диййән» диенмиш. Гөкдепе галасының горагына барланда «Оразмырат сакав Магтымгулы ханың гошунында ерлешди» дийилйәр. Соңра ол-да Гөкдепе шехитлериниң бири болупдыр.

...Галаны горайҗылар бирнәче гезек гиҗе душман үстүне төвекгелчиликли чозушлар эдипдирлер. Шол чозушларың биринде Ләхең пәлван душман эсгерлериниң габат гелен икисини «дил» үчин герек болар дийипдир-де, херсини бир голтугыны алып гелипдир. Шейле-де Ләхең пәлваның Гөкдепе галасы алнанындан соң, шол Нохура чекиленлериң хем бири боланлыгыны пикир этмек мүмкин. Сарыкларың ол ере чекилмегиниң бир себәби хем даг арасы билен гидип, Сарахсдан чыкмак бәхбитлерини гөз өңүнде тутанларыны

welin ýykan däl, ony ýerinden gozganam tapylmandyr. Göreşe halys gyzygan Gyzylinjik hanyň şonda Läheň pälwan bilen özüniňem güýç synanyşasy gelipdir. Ol töwereginiň «Size-de hezil bermez bu pil adam» diýip, göreşmezligi maslahat berenine seretmezden, dyzanyp, çyzganyp orta çykypdyr. «Emeliň seresi – güýç» diýleni bolup, Läheň pälwan ony golaýyna gelenden harsa ony depesine göterip, soňam aýlap ýere pylçap urarly görnüpdir. Hanyň töwereginiň adamlary pälwan ony ýere çalsa, ondan tebibe zat galmajagyny pikir edişip, ýerli-ýerden Nurberdi handyr Sary han daga ýüzlenip: «Göreşi togtadyň-da, göreşi togtadyň» bolşup gozgalaň tapypdyrlar.

Türkmen hanlarynyň özlerem işiň işden geçip barýanyny görüp:

–Haý, zaluwat, gödeklik edip, bir ýerini omraýma, boldy et indi, boldy! –diýşip, Gyzylinjik hanyň pälwanlykdan başga-da onuň han hatyrasynyň barlygyny hem Läheň pälwana ýatladyşyp, ýerli-ýerden oňa töwella-tagsyr edipdirler.

Läheň pälwan diňe şundan soň ony depesinden düşürip, öň ýanynda iki aýagynyň üstünde goýupdyr.

Gyzylinjik han hakyky pälwan eken. Ol Läheň serdardan ýeňlenine gaharlanmagyň ýerine, gaýta, şunuň ýaly biten, taýsyz pälwan adamyň barlygyna begenipdir. Oňa özüniň altyn saply gylyjyny peşgeş beripdir. Şundan soň Gyzylinjik hanyň bu jelagaýda uzak saklanasy gelmändir. Ol bu parahatçylykly çözülen

---

чен этмек боляр. Ләхең сердар хем шол урушдан саг-аман геленлериң бири болупдыр. Ол бу шовсузлыгы соң-соңларам йүрегине сыгдырып билмән: «Вах, сен эмел этмән, мертлерче бир биз билен сөвеше гирен болсадың!..» дийип ахмыр эдипдир. Патыша гошунлары Гушгы төверегини алансоң, Ләхең пәлван: «Капырларың йүзүни гөржек дәл» дийип, башына пота гейип, үмдүзине, чөле чыкып гидипдир. Ләхең сердарың неберелери хәзирем Гушгы төверегинде яшаярлар. Белли лукман, Совет дөврүнде Социалистик Зәхметиң Гахрыманының «Алтын йылдызыны» дөше дакан Хүмметгулы Хожагелдиев онуң човлук – ювлукларының бириси болупдыр.

düwnüň şanyna ýörite gurlan dabara hem galman, «At ürken, är gorkan ýerinden» edip, «Ýeriňem özüňe nesip etsin, suwuňam» diýip gyssagly atlanmak bilen bolupdyr.

Şeýdibem, bu depäniň bagty işläp, «Ganly depe» adyny almadan halas bolup, diňe hanlaň döwre gurap oturyp, agzybirlik edilen ýeri hökmünde halkyň aňynda galypdyr...

Gün tegelegi taplanan tamdyryň içi ýaly, gyzgylt reňkini ýitirip, agaryp ugran-da bolsa entek, tomsuň bir güni azaşyp galypdyr diýdirýän tüp yssy entek düşmändi. Serginlik bu günler ähli ýerde, hemişe şeýdip durarly bolup, öz halyny saklaýardy. Hanuma öňünde egrelip-dogralyp barýan ýodany yzarlap barşyna bol hasyl getiren pagtaly meýdany, ony ösdürip ýetişdiren daýhanlaryň buýsançly nazary bilen synlaýardy. Käbir pagtanyň juda gowy açylan ýerine duşanda onuň gapdalynda aýak çekip, hamala ýene bir azdan öňüne partyk dakynyp, onuň bir başyndan giriberjege meňzäp, garly meýdan bolup oturan atyzlary gözügidijilik bilen «Bu kimiň pagtasykan?» diýip synlabam durýardy.

Ýagdy şuranyň «Biziňem pagtamyz ýekebara hojalyklarynyň pagtasyndan kem däldir» diýip, pagta barada gep bolanda bäsdeşlik edip aýdýan gürrüňi bardy. Hanuma kolhoz pagtasynyň içinden çykyp, ýekebara hojalyklarynyň ösdürip-ýetişdiren hasylynyň içine aralaşaňsoň, dogrudanam, onuň artykdygyna, hasyllydygyna ýene bir gezek göz ýetirdi. Nurjumanyň pagta barada gaýtalamagy halaýan jümlesini ýatlady. Ol «Pagta bi igli çaga ýalydyr, örän köp azap, alada talapdyr. Ilkiler kesegiň arasynda syçanyň gulagy ýaly gulajygyny herreldip otyrka, ondan bir zat çykaram öýtmersiň, suwuny, dökünini wagtly-wagtynda berip, daşyna geçen haşal ot-çöpleriň arasyndan bir alyp çykarsyň welin, ana, onsoň gör, onuň pasyrdap boluberşini. Güýzem ýagyn-saçyna galdyrman, bir toplap alyp bilseň, dag dömen ýaly seňňerläp duran ap-ak pagta dagyň bardyr. Onuň depesine çyksaň, onsoň şol ýerden Aşgabat, Meskewinem görüp bolýar» diýip, ol muny pagta

bolan aýratyn bir buýsanç bilen aýdardy. Haçanda ol bir gezek şura jaýynda bolýan maslahatlaryň birinde, hemişe oňa bir zat tapyp, degnesi gelip durýan Ýagdy:

– Ýoldaş Nurjuma, gepiň soňuny uçuraýdyň-la, how sen, pagtaň dag bolaýanda-da onuň üstünden saňa Aşgabat, Meskew görnermi?! Olar baryp nirlerde – diýip, öňüni dolanda ol jogap tapman, çytylmagyň ýerine oňa: «Men pagta dagynyň üstüne ýöriteläp çykyp ýören-ä däl welin, ýöne görünýändir. Olaram bizi şol ýerden görýändirler. Ýadyňdamy, şura, Mara ýygnaga gidenimizde, Orusýetden, onuňam Reutowa diýen pawriginden gelen aýalyň çykyş edip aýdany «Siziň, doganlar, pagtadan daglaryňyzy Moskwadan görýäris, berekella, şeýle daglary siz hasam köp dörediň, biz ondan dürli matalary dokarys, onsoň siziňem geregiňiz mata bolsun» diýmänmidi näme?

– Ä-hä, beýle göçme pikir etseň, onda seňkem dogry, başlyk –diýip, Ýagdy-da şonda onuň bilen Söýünalynyň Moskwadan görünýänligine ynanypdy, Nurjumanyň pikirine özüçe düşünip kanagat tapypdy.

Bir-birleri bilen bäsleşip, pagta ýygşyp ýören Ogulbikedir Akjagül işe gyzyşyp, Hanuma on-onbäş ädim golaýa gelýänçä, onuň gelenini duýmadylar.

– Armaň, gyzlar! – diýen sözi eşidip, gyzlaryň ikisem birden işden baş göterdiler. Görseler, ine, her ýerden bir hana alyp, Hanuma aýagyna çolaşýan gowaçalaryň arasy bilen, ýüzýän ýaly bolup, ak dişlerini sähelçe görkezip, göwnühoş ýylgyryp gelýär. Hanumanyň başyndaky kiçijik topby börügi görnenden, Ogulbike ony dessine tanap, minnetdarlyk bilen ýylgyrdy.

– Hanuma eje, sizem kömege geldiňizmi?

– Gyzlar, size nepim degse, armanym näme!? – diýip, Hanuma gyzlara gözläp, mähirli dillendi. Olaryň golaýyna gelende, eline üýşen pagtany Ogulbikä berip, töweregine göz aýlap dillendi.

– Pagtaňyza gowy bitipdir, gyzlar. Plan-a artyga bilenem ýerine ýetirersiňiz.

– Akgamdanam beter Orazgylyç akgam yhlas baryny etdi-dä muňa...

– Her ýylam biziň pagtamyz gowy bolýar, Hanuma eje – diýip, Akjagül hem gürrüňe goşuldy.

Hanuma şol geçirilen kulak emläginiň ýazylyşygynyň öň ýanynda gelip, elden almak üçin göräýmeli zatlary hem görmän, göwni ýykylan maşgala hemaýat edip gideli bäri Kymyşlar oňa indi ýakyn adamlarynyň biri hökmünde seredýärdiler.

Akjagül bilen Ogulbikäniň Hanumanyň geýnişine, onuň zyba keşbine gözi gidýärdi. Ol başyna oba aýallary ýaly, uly topby geýmän,  özüne gelişýän ýeňiljek ýaglyk atyp gezerdi. Häzir Hanumanyň egninde meýdan işlerine çykanda geýýän könelip göwşüllän alaça köýnegi, özüne ulurak görünýän mahmal dony bardy. Ýöne ol barybir şu ýönekeý geýimde-de, «Hakyky gözel jinde içinde-de, kül üstünde-de gözeldir’’’ diýlişi ýaly, syratly hem görmegeýdi.

Hanuma gyzlardan: «Mamaňyz hany, hol gün o-da bile gelýän ýalydy-la siz bilen» diýende, gyzlar oňa, mamalarynyň häzir öýden daşlaşara ýagdaýynyň ýoklugyny, agalary Ahmediň aýalynyň tabynyň halys peslänligini, mamalarynyň şonuň töwereginden aýrylyp bilmän galmaly bolandygyny aýdyşdyrdylar. Hanumanyň: «Hany maşgalasyna göz-gulak bolara Ahmediň özi niredemiş?» diýip, Ahmet barada bir zatlar eşitmek üçin beren soragyna, Akjagülden öňürdip ýene-de Ogulbike jogap berdi.

– Ol heniz sizi galtamanlar ogurlamazyndanam öň türmeden gaçyp, ýene Owgana aşanmyş diýdiler. Babam şonda gaharly: «Bu doňuz ahyr özündenem zabun birine duşar. Munuň nirede jesediniň galanynam bilmän galarys. Hiç gorkmany bilenog-a bu doňuz!» diýip, käýindem – diýip, ol barada eşiden käbir zatlaryny hem gep ugruna ýatlaşdyrdy.

Akjagülem şonda nämedir bir zatlary ýadyna düşürip: «Hol, Gurt agaň ortanjy ogly Nazar soldatlaryň gözüne güýdüşüp, Owgana aşyp, uly agasyny görüp gelenmiş. Ol şonda Marçakda Ahmet akganam görenmiş. At münüp, owganlaňky ýaly başyna selle oranyp, dakynyp bilen ok-ýaragyny dakynyp, gyzyl ot bolup ýörmüş, ony mamam sorap baranda Nazaryň özi aýdanmyş”.

– Haçanrakka Nazar Gurduň ol ýere gidip geleni?

Hanuma gyzlara syr bermezlik islese-de, gürrüň şu ýere ýetende özüniň nähili dilleneninem duýman galdy.

– Hepde geçen-ä däldir – diýip, Ogulbike oýurganyp ýadyna saldy. – Öz-ä juma günüdi. Mamam şol günem namazlygyň üstünde köp oturyp gowy dilegler etdi. Ol juma güni edilen dilegler Alla dergähinde has gowy kabul bolýanlygyna ynanyp, mamasynyň bu güne has yhlasly bolýanlygyny hem ýatlady. Hanuma gyzlary osmakladyp durşuna magadyna ýetmek üçin olardan ýene bir zatlar soraşdyrmakçydy. Ýöne alysdan atlaryny ýanaşak sürüp gelýän iki atly görnen wagty olar onuň ünsüni özüne çekdi. Ol gelýänleriň sag tarapyndaky eýerden ösüp çykan ýaly bolup oturany has tanyş görnüp, atlylar ýakynlaşdyklary saýy indi ol Ýagdy şura öwrülmek bilendi.

Hanuma Ýagdynyň bu ýerde özüni görüp, bulaň ýanynda durmagyndan müňkürlik bilen, özüçe «Bu heleý Kymyşlaryň töwereginde köp görünýär welin, näme bähbidi barkan?» diýen pikir bilen, ters yz çalyp ugramagyndan, bulara bir zeleliň ýetäýmeginden çekinip, ol heniz görüp ýetişmänkä bu ýerden gidäýenini kem görmedi. Hanuma soňky döwürde, has dogrusy, Ahmede duşaly bäri Ýagdy bilen gabatlaşmagy näler islemese-de, ýöne bile işleşensoňlar, «Ýylanyň ýigreneni narpyz, o-da hininiň agzynda gögärmiş» diýleni bolup, bir ýerde bolmasa, başga bir ýerde duşuşmaly bolýardy.

– Gyzlar, işläň onda! – diýdi-de, özüniň şundan ilerki Parlaň baýyň oglunyň brigadasyndaky işleriň barşyndan habar alyp, gaýtjagyny aýdyp, uly çiliň üsti bilen howlugybrak ilerligine

ýöredi. Şeýtmek bilen özüniň bu ýakymsyz duşuşygyň daşyndan aýlanyp geçýändigine ynandy.

* * *

Ýetişdirilen bugdaý hasyly 31-nji barakda indi iki aýa golaý wagtdan bäri ürç edilip ýygylýan-da bolsa, onuň alada-ykarady entek-entekler tükener ýaly däldi. Meýdanlarda bugdaý oragy dowam etse, arabalar aýak aldygyna Akmolladaky däne ammaryna ürç edip, bugdaý daşaýardylar. Howa-da bu ýyl daýhana edip bilen garaşygyny ederli görünýärdi. Heniz ýagyş ýagmadygam bolsa, wagtal-wagtal asmanda gara bulutlar sürlenişip peýda bolup: «Haý, büýä ýagsa gerek, şunça garaşdy, ýene biraz garaşsa-ha gowy bordy, ýogsam galan hasylyň berekedini alar bi, soňy kä ýyllardaky ýaly göni gyşa ýazyp, hasyly gar-buzuň öz gujagyna ymykly alaýmasa ýagşydyr» diýdirip, adamlaryň alada galmaklaryna sebäp bolýardy.

Gara daň bilen obadan çykyp, Orazgeldi bilen ekin meýdanyna ugran Iwan Zaharowiç ýoly ortalaberenlerinde, aňyrdan alagaraňkylygyň içi bilen meýdandan ýüküni tutup, uzyn hatar gurup gelýän kolhozyň Akmolla barýan bugdaý ýükli arabalary gabat geldi.

Hataryň öňüni düýe goşulan arabalylar çekip gelýärdiler, öňdäki arabanyň gapdaly bilen düýäniň owsarynyň bir ujuny eline saran Tätän gerimli-gerimli ädimläp gelýärdi. Onuň yz ýanyndan ýolda sürgünlikden gaçyp, ile iş bolan, şeýdibem günäliniň oduna bigünä ýanar diýleni bolup, ili OGPU-nyň gazabyna gerňeden Nurýagdy Ýegelek bilen Akmolla ýolunda onuň giňliginden, çolalygyndan peýdalanyp, wagtal-wagtal Watany ýatlap, aýdyma zowladyp, eýýäm bagşy hökmünde hem tanalyp ugralan Garýagdy Öwelek hatardan öňräkde bir kowçum bolşup gelýärdiler. Bularyň üçüsi-de ýakynda gum içindäki çarwa gazaklardan bugdaý çekmek üçin düýeleri soralyp alnansoň, bu işe golaýda gatylan adamlardy.

Orazgeldi başlygyň bugdaý çekýänleriniň habaryny alman, olaryň gapdalyndan geçmejegini bildi. Toparyň duşunda arabany saklady. Baş atyşyp, ýagdaýa görä, ildeşleri bile gysgaça salamhelik alyşdy. Arabadan aýagyny sallap oturan Reşetnikow nazary bilen adamlary aýyl-saýyl edip oturyşyna hersi alagaraňkynyň bir bölegi bolşup duran düýelere göz aýlady:

– Nähili, düýeler araba boýnaýarmy?

Topara berlen soraga arabasynyň gapdaly bilen ýelpäbräk gelýän Nurýagdy jogap berdi.

– Boýnaman nirä gitsin, başlyk? Adama boýnamaýan jandar barmy?

Barakçylyga gelnensoň, Nurýagdynyň rus dilini öňem takma-tukma bilýänligi belli bolup, ol bu ýerde iş salşyp, oruslar bilen gepleşip ugransoň, onuň orusça gepleýşi indi birneme öňküsinden kämilleşip ugrapdy. Bu bolsa oňa dil bilmeýänlerden az-owlak tapawutlanmaga mümkinçilik berýärdi. Ýene-de töweregindäkilere deregem başlyk bilen ol gürleşdi.

Ol häsiýetine görä, şeýle edende başlyga ýakymly bolar diýip gürlände ýöwseläp, zordanrak gülümsiräp gepledi. Reşetnikow gitmänkä bularyň gaýdyp gelerine howlugýanlygyny mälim edip gürledi.

– Bu gün-ä siz ýolda borsuňyz.

– Ýol eslije baram-da. Arabalaryň ýükem ýetik. Däne tabşyrylýan ýer bir golaýda bolsa bolmaýarmy!?

– Onuňam pikiri edilýär. Kaşikow stansiýanyň golaýynda goňşularymyz 30-njy, 29-njy, 28-nji baraklara hem amatly bolar ýaly, ýene bir goşmaça däne tabşyrylýan ýer edinmek pikiri hem bar.

– Şeýdilsin-dä hernä. Şonda bir gije-gündizde iki dagy gatnasa boljak.

– Ýöne bu ýyl däl, geljegiň gürrüňi bi. Şonda töwerekdäki goňşularymyza-da guruma wagona ýüklemäge amatly ýük boljak.

Nurýagdy özüniň başlyk bilen rusçany deňine gürleşip bilýänligini töwerekdäki ildeşleriniň görýänine, özüniň gerekli adamdygyny subut edýänligine monça bolmak bilen, biraz tolgunjyrap, gaýta-gaýta eňegini ähmiýetli sypalaýardy. Reşetnikow:

– Dänäni kombaýnyň döwenlerinden ýüklänsiňiz-dä?

– Şondan. Ol ýerde entegem kän. Depe-depe bolup ýatyr.

– Bozulman işläp ýörse, ol dünýäň dänesini döwýär-ä...

Reşetnikow Akmolla barýanlaryň habaryny alansoň, olaryň uzak ýol sökmelidiklerini ýatlap gyssandy:

– Baryň, ýoluňyzdan galmaň! – diýip, ýükli arabalary ýola salmak bilen boldy.

Başlygyň arabasy bir salymdan bugdaýly meýdanyň çetinden girip, ugrady. Bu mahala çenli dünýä ýene birneme agaryp, gündiziň örüsi giňäpdi. Asman gargalaryň ylgar mesgenine öwrülip, olaryň her günki irki uçuşy başlanypdy. Gargalar kowçum-kowçum bolşup, özleriniň däne çöpleýän ýerlerine tarap, gagyldaşyp, bir birlerini kowalaýan deý, şowhunly uçuşyp barýardylar. Orazgeldi gargalaryň sesine üns berip, öwrülip depesini gözlän wagty arabadan aýagyny sallap oturan Reşetnikowyň hem depesini gözläp, gargalaryň gopduran tomaşasynyň synçysy bolup oturanyny gördi.

Gargalar Orazgeldiniň bugdaý ýygymynyň başlarynda hoşa çöpläp, başlaryna bela satyn alan ildeşlerini ýatlamagyna sebäp boldy. Şadmanow şonda gazaba tutup, ol bendelere gan gusdurypdy. Juwajy ýaly, özünden geçen janköýer tapylmadyk bolanlygynda ol bendeler häzir, gör, haýsy türmeden baryp çykardylar. Juwajy bolsa şeýdip, etmedik günäsini boýun aldy-da gidiberdi. Onuň hereketi barada öňem telim gezek pikir edenine seretmezden, ol wakany ýene bir gezek ýatlap, goç ýigide mahsus hereket hökmünde Juwajyny mertebeläp oýlandy.

Şadmanowyň hoşa çokýan gargalara alajynyň bolmajagyny, ýöne elinden gelse, onuň zalymlyk bilen gargalaryň hem

bokurdagyna ýapyşmany hiç zatça görmejegini, gargalaryň elýetmez tarhanlygyny ýatlap buýsandy. Ol bir pursadam bolsa hemmeleriň gargalar ýaly erkin bolmagyny isledi.

Araba bugdaýy orlan meýdanyň içi bilen ýene üç-dört kilometr ýöränsoň, Reşetnikow bir hyýala müneni belli bolup, ol araba gidip barýarka ýüzugra ondan böküp düşüp: «Oraz, senem bar-da häzir kombaýnyň töwereginden ýüküňi tut. Ýaňkylaryň yzyndan gidiber onsoň. Bir gysym däne artygrak aşyrsak, bir peýda. Men häzir el bilen bugdaý orýanlaryň halyndan habar alaýyn, ol ýerde boljak bolsam, maňa ulag-da gerek bolup durmaz. Gerek bolaýsa-da günüň bir wagty ýoldaş Şadmanow geler aýlanmaga, şonuň paýtunyny bile ulanaryn» diýip, oňa tabşyryk berdi.

Däne oragy ýyglyp-ýyglyp häzir allowarra süýşüpdi. Orakçylar indi onuň bäri-bärde bolmadyk aňry etekleriniň dänesini orşup, ýygnaşyp ýördüler. Reşetnikow Orazgeldini bähbitarap iş ugruna ugradansoň, özi bir salym arabadan düşen ýerinde, köýneginiň synyny çekişdirip, kimdir birine garaşýan ýaly, töweregini kanagat tapmak bilen synlap durdy. Bugdaýy orlan ýeriň içi bilen gönüläp, ol orakçylar bardyr diýen tarapyna ugrady.

Ol dänesi orlan meýdanyň içi bilen gidip barşyna hasyl ýygnamak meselesinde az iş edilmänligini, bu ýyl howanyňam gowy garaşyk edenligini, häzirki biraz howlukmaçlyk bilen edilýän meýdan işleridir ol işlere ulaşyp dert-azar bolup zähmet çekip ýörenler, ýene-da gabadyna gelen zatlaryň birnäçesi babatda, orlan ýeriň möçberini anyklamagyň ugruna çykan deý, bir görseňem bir zadyň üstünden ätleýän ýaly bolup barşyna küýli oýlandy. Dek geçen ýylam boş çaňap ýatan meýdandan bu günki gün toplanan we döwlete tabşyrylan däne az däldi. Hä, diýmän berlen plan amal bolup barýardy.

Wah, şu däne çekmekde ulag bökdençligi bolmadyk bolsady, onda eýýäm plan dolup, aşybam gitmelidi. Ol çekilýän zähmeti, gazanylýan zähmet üstünliklerini görüp, hökümetiň hem

sürgün adamlaryna bolan dartgynly garaýşyny biraz-da bolsa ýumşatjagyna tama bilen göwün ýüwürdýärdi.

Elbetde, durmuşyň düzeljegine tama etdirýän alamatlar ýok hem däldi. Ilki-ilkiler obanyň daşyny halkalap goraýan adamlar bugdaý oragy başlanyp, däne çekilip ugransoň, onuň daşyndan aýrylypdy. Indi onuň ýerine töwerekdäki barak obaçylyklaryny aýlanyp, «tersçil» gözleýän OGPU arabasy bilen dört-bäş sany garageýimli ýaragly adam galypdy.

Şadmanow 31-nji baraklylarynyň arasyndan tapan «tersçillerini» indi şäheriň sud, prokuroruna şol adamlardan ugradýardy.

Reşetnikow bir gezek raýkomyň sekretary Satybaldyýewa haýyşly ýüzlenip: «Ýoldaş Ýerlan Satybaldyýewiç, bu organlaryň adam ýygnamasyny, juda erbet günä etmese, hi bolmanda, däne ýygymy gutarýança bir galdyryp bolmazmykan? Dänäni ýygnamaga häzir diýseň el güýji gerek!» diýip ýüzlenipdi. Şundan soň obada belli bir derejede tussag edilip, jenaýatçylyga çekilýänler azalyp, 31-nji baraga OGPU arabasynyň gelmesi azalypdy. Ýaňy-ýakynlaram ol adamlaryň arkasyny almak däl, hatda bu barada pikir etmäge-de çekinilýärdi. Elbetde, ol bu ýere sürgün edilen adamlaryň, dynç alyş öýüne getirilmänligini, iş üçin, onda-da agyr işler üçin şahtada kömür köwmek, daş daşamak, ekin ekip hasyl ýetişdirip, eziji synpyň wekili hökmünde öz «günäsini» ýuwmak üçin getirilendiklerini hälişindi ýatlaýardylar.

Heniz-henizlerem raýon ýolbaşçylaryň ýygnaklarynda OGPU ýolbaşçylary çykyş edip: «Sürgüne gelenleriň, ezije synpyň wekilleridiklerini unutmaň, aýamaň, berk gözegçilikde saklap işlediň. Talapy güýçlendiriň. Baý-gulaklar gatyr ýaly ýükçi hem çydamly bolýandyrlar» diýýärdiler. Raýon ýolbaşçylaryna kim bilen işleşýändiklerini ýatladyp durýardylar.

Reşetnikow türkmenleri öz meýdan işlerine tüýs wagtynda ýetişen kömek hasap edýärdi. Özi-de olar bilen aýry-aýry dillerde

gepleşilýänligine seretmezden, tiz düşünişip ugrapdy. Käte ol türkmenler, olaryň dünýäsi barada pikir edende, bu adamlaryň gaýry dilde gürleýänlerine, däp-dessur aýratynlyklaryň barlygyna, başgaça geýim geýýändiklerine seretmezden, olarda ruslara ýakyn birnäçe häsiýet-meňzeşlikleri bar ýaly, hamala özüni dilini çalşan, başgaça geýnen öz obalarynyň arasynda gezip ýören deý taň duýgyny başdan geçirýärdi.

Sürgün durmuşynyň kem-kemden gowulaşyp barýanlygy barada oýlanyp, bu ýakymly, pikirlerden onuň wagty bilen aýrylasy gelmezdi.

Öňňinki raýon ýolbaşçylary bilen galla oragy baradaky bolan ýygnagy ýadyna saldy. Dogrusy, ol henizem ondaky eşiden gürrüňleriniň täsirindedi. Onda gazak topragynda galla ugrunda janaýamaksyz göreşiň depgin bilen barýanlygy, bu topragyň şu ýyl galla meselesinde hasylly ýyldygy, ýurduň birnäçe ýerinde gurakçylyk bolup, garaşylan gallanyň önmänligi ýatlanylyp, ýyglan gallanyň ýekeje dänesini-de zaýalaman, döwlet ammaryna tabşyrylmagy barada köp nygtalyp aýdylypdy. Raýon partiýa komitetiniň ikinji sekretary ýoldaş Satybaldyýew işleriň gidişi barada bar bolan hasap-hesipler bilen sözüni nygtap çykyş edende, iň gowy barak hojalyklaryň arasynda 31-nji baragyň adyny diňe umumylykda hem tutup goýman, bu üstünligiň barak ýolbaşçylarynyň işi guramaçylykly ýola goýmaklarynyň netijesidigi belläp, komendant Şadmanow bilen Reşetnikowyň adyna taryply sözler aýdypdy. Ady agzalsa-da, Şadmanow ýygnaga çagyrylmandy, ol özüniň tarypyny gelensoň, Reşetnikowdan eşidipdi. Bu onda raýon ýolbaşçylaryna bolan minnetdarlyk duýgusyny döredipdi: «Şeýdip aýtmaly ahyrym. Işlenilýär-ä gije-gündiz diýilmän...» diýipdi.

Reşetnikow birsalym ýöränsoň, ol ýene-de aýak çekip, çilim otlandy. Orakçylary bäri-bärde görmänsoň, olaryň öz çen eden ýerinden has aňyrrakda işleşip ýörenlerini kanagatlanma bilen pikir etdi.

Töwerekde durşuna saman bilen basyrylan meýdan ýaýylyp ýatyrdy. Özi-de onuň Gün çoguna enesi söýüp ýalan sary göläniň endamy ýaly ýalp berýärdi. Bugdaý bitginli bolanda, onuň samany hem bolsady ekilen ýaly bol bolýar. Şu pursatda Şadmanow paýtunyny dazyrdadyp, bir ýerden görnäýjek ýaly duýlan pikiriň yzysüre Reşetnikow on-on bäş günlükde onuň bilen bagly duşan uýatly ahwaly ýatlanyny-da duýman galdy. Şonuň yzysüre-de ýene-de Şadmanow baradaky eşiden, bilen zatlarynyň birnäçesi onuň ýadyna düşdi.

Karlen Şadmanow ýaşan bolsa kyrk ýaşy alarladyp baran adamdy. Komsomolda işläp ýören jahyl ýigit mahaly ol OGPU-a işe alnypdyr. Dogrusy, ol bu işe alynmasa-da alynmazdy. Onuň ýakyn garyndaşlaryndan eýýäm tersçil hökmünde tapylyp, almytyny alanlar-da bardy. Ýöne bu meselede oňa tanymal gyzyl komandiriň gyzyna öýlenmegi kömek etdi. Ol ilki şol günlerde demir ýolçy maşgalasyndan bolan bir gyza öýlenmekçi bolup, onuň bilen halaşyp ýördi. Emma şol döwür halypa tutunyp ýören kommunist ýoldaşlarynyň biri ony gowy ýaşamak üçin, maşgala durmuşyňy, mümkin boldugyndan, bähbit arabrak, döwür-döwrana göräräk gurmalydygyna ynandyrdy. Mümkin bolsa, jöhit gyzyna öýlenmegi, olaryň jogapkärli wezipelerde aglaba köplükdigini, gerek ýerinde bir-birlerin gözden salman, janköýerlik bilen goldaýandyklaryny aýdyp, ony arkaly durmuşa imrindirdi. Soňam ony öz abraýly tanşynyň lukman gyzy bilen tanyşdyrdy. Ol hortapdan gelen görmekli, gara gözleri şadyýan buldurap duran ýeňlesräk gyzdy. Ýöne ol ilkinji söýgülisinden ät galany üçinmi nämemi Şadmanowy dannap durmady, tanşanlaryna köp wagt geçmänkä, höwes bilen oňa durmuşa çykdy. Soňra Şadmanowyň durmuşy hut şol halypa kommunistiň diýşi ýaly hem bolup ugrady. Ony ýurtdaky ters garaýyşly adamlara garşy, mynasyp göreşip biljek ýaşlaryň biri hökmünde OGPU-a mertebeläp, işe aldylar. Ol ýerde-de tiz wagt içinde hyzmat görkezen hökmünde

gulluk basgançagyndan barha ýokaryk göterildi. Doňýürek, ur diýseň, öldürýän, Sowetiň duşmanlary bilen gidişýänligine ynanýan hakyky OGPU işgäri bolup ýetişdi. «Gyzymy berdim, janymy berdim» edip, gaýynatasynyň janköýerlik bilen eden aladasy şeýdibem ony bu ugurdan oblast boýunça tanalýan adamlaryň birine öwürdi. Doktor gelin durmuş guranlaryna köp wagt geçmänkä, oňa bir gyz dogrup berdi. Iki-üç ýyldanam olaryň oguljyklary dünýä indi. Ýöne onuň aýaly çen edişinden ýeňlesräk bolup çykdy. Onuň ogryn-dogryn öňki söýgülisi bilen duşuşýanlygynyň üsti açyldy. Ýöne Şadmanowyň olary bile görmänsoň, wagty bilen eşidenine ynanasy gelmedi. Bu barada gönümel gürleşmegiň bolsa aýalynyň üstüne yrsaramak ýaly bir zat boljagyny pikir etdi. Emma bu galplyk özüne uzak garaşdyrmady. Ol bir gezek komandirowkadan wagtyndan ir dolanyp gelende, aýalydyr oýnaşynyň göni üstünden geldi. Şadmanowyň göwni galsa-da, aýalynyň kimiň gyzydygyny, özüniň kim bilen bu derejelere ýetenini ýatlansoň, kyn-da bolsa, ol kine-gaharyny wagtynda jylawlamagy başardy. Aýaly ony myhmançylyga gelen köne tanşy hökmünde stol başynda tanyşdyrdy. Onuň merkezden şäher prokuraturasynyň orunbasarlygyna işe ugradylandygyny aýdyp, tanşyp-gatnaşmak üçin peýdaly adamdygyny aýtdy. Iki organ işgärleriniň duşuşygy şeýlelik bilen, stol başynda bir-birlerine düşünişmek ýagdaýynda, yzly-yzyna arakly bulgurlar göterilip, has-da berkidilipdi.

Bilýän zadyňy bilmeýänden, görýän zadyňy görmeýänden bolup, partbilediňi aldyrman, işden gyrakladylman işlemek üçin onuň başga alajy ýokdy.

Şeýle-de bolsa indi öýi onuň öňki giden ýerinden küýsäp, howlugyp gaýdyp gelýän ýeri däldi. Ýöne çagalary üçin aýaly bilen är-heleýlik gamyş köprinem aradan aýyrmaýardy. Soňra gaýynlarynyňam bu ýagdaýy duýup, ondan sowanlygy belli bolupdy. Olaram indi giýewlerini göterip, öňküleri ýaly alada edip



*23

barmaýardylar. Bu bolsa şundan soň birki ýylda öňki jogapkär wezipeli Şadmanowy adaty onda-munda ulanylýan uly ähmiýeti bolmadyk bir işgäre öwrüpdi.

Wagtal-wagtal öýüne gidip, çagalaryny görüp gaýdýan, sergezdanrak ýaşaýan Şadmanowyň 31-nji barak komendantlygy wezipe basgançaklaryndan düşüp-düşüp soňky gelip düşen ýeridi. Emma onuň aýaly bilen baglylykda adamlara müňkürligi, zalymlygy köpelmese, azalarly däldi.

...Reşetnikow ol gün ertir irden şähere gitmek niýeti bilen, ol ýerde gerek boljak maglumatdyr kagyzlaryna güýmenip, kontorda gijä çenli oturypdy. Ýola gitmelidigini ýatlap, öýüne gaýdansoň, ol ýerde däne tabşyrygy bilen işi artan buhgalter Toma Borisenko bilen komendant Şadmanow galypdy. Şadmanowyň-a kabineti öýüdi. Ol Reşetnikowyň ýaşaýan umumy baragynda hem özüne tagallyk bir jaý saklaýanyna seretmezden, esasan, şu ýerdäki kabinetinde ýatyp turardy. Onuň kabineti Reşetnikowyň gapdalyndaky uly otagdy. Muny barak hojalygynyň ýolbaşçylary üçin bu jaý taýyn bolanda Şadmanowyň özi saýlap alypdy. Reşetnikowyň sag tarapyndaky otag buhgalteriýa bölünip berlipdi.

Emma şol gezek ol öýüne baransoň, bir gerekli kagyzyny almagy unudanlygyny, ertirem howlukmaç ýola düşse, ony ýene-de ýanyna almagy unudaýmagynyň mümkinligini ýatlap, öýüne baransoň, yzyna dolanmaly bolupdy.

Reşetnikow yzyna dolanyp gelen wagty gije-girimde ýapylýanda bolsa, umumy girilýän gapy heniz açyk eken. Buhgalter gelin çykyp gidensoň, Şadmanow ony ýapmagy unudan bolmaly ýa-da ol käte edişi ýaly gijeki işlerini birýüzli etdim hasaplansoň, ýene biraz içip, kelläni sämeden bolmaly. Dogrudanam, içerde ýiti arak ysy däl-de, zenanlaryň höwes bilen içýän çakyrynyň tanyş ysy hem bardy.

Hawa-da, Şadmanowa ony ýapmak nämä gerek, kim onuň ýanyna çagyrylman gelip, ynjalgyny bozmaga milt edip

biljekmişin? Adamlar çagyrylsa nalaç, onda-da ýaga depjek ýaly onuň ýanyna ýaýdana-ýaýdana gelýärler. Buhgalter gelin hem giden bolmaly, onuň kabineti hamala garaňky gijeden dykylyp dolduran deý bolup, hümer baglap dur. Şadmanowyň jaýynda yşyk bar, gapynyň açyk galan yşgalaňyndan içerdäki ýagtynyň bir bölegi görünýär. Ol ýerde bir hili hümürdem bar ýaly.

Aý, kim bolsun Şadmanowyň özüdir-dä, onuň käte şeýle kimdir birine gaýybana samrap-sögünip, haýbat atybermesem ýok däl ahyryn.

Reşetnikow şeýle pikir bilen, bu zatlara oňly üns hem bermän gelşine  göni öz kabinetine geçdi. Şol arada-da Şadmanowyň nägile hüňürdisi eşidildi.

– Aňyrky gapyny ýapmanmydyň? Bir aýak sesi bar ýaly-la?..

Gidemde ýaparyn-da – bu aýal sesidi.

Komendantyň bir del çybşyldy, bir zat gulagyna ilen bolmaly. Hüşgärligi elden berendirin öýden Şadmanow şol pursatda aýaldanam, özündenem nägile boldy:

– Heleý-dä bular?.. Menem muňa ynanyp…

– Gulagyňa eşidilen bolaýmasyn?! Başlyg-a gitdi öňräk öýüne. Başga kim bolup bilsiň?.. – diýip, ýene-de aýal sesi pessaý pyşyrdady. Soňam ol gulaga eşidilen ýaly bolan çybşyldynyň kimiňki bolup biljegini bilmek üçin, pelteli çyrany alyp, jaýlaryň öňündäki aýmança çykdy. Şonda Reşetnikow öz jaýynyň gapysyndaky yşgalandan eli çyraly aýaly görüp tanady. Ol buhgalter Borisenkody. Onuň komendant bilen arasy barlygy baradaky gürrüň öňem bir onuň gulagyna degipdi.

Yşgalaňa görmegeýligi, gelşikli, erkek halar Borisenkonyň biraz çaşyp seçelenen saçlarynyň arasy bilen onuň ýüzüniň bir bölegi,  bir zatdan uýalan deý bolup biraz gyzaryp görünýärdi. Reşetnikow henize çenli bu gelni ýatyş köýnekli, oýun – söýgä höwesli halda görmänsoň, bu ýagdaýda onuň öz kabinetine girmeginden howatyr edip, yzyna gaýdyp gelenine ökündi, öz-özünden uýaldy.

Almaga gelen kagyzlaryny, öňünden stoluň bir tarapynda taýynlap goýanlygy üçin, ol özüniň çyrany ýakmanlygyna begendi.

Aýal çykan gapysynyň öňünde ýene biraz töweregini garanjaklap, dünýä diň salyp duransoň, yzyna öwrüleni belli bolup, çyranyň ýagtysy keseläp ýeňsä öwrüldi. Şol barmana-da Şadmanowyň gapysy açylyp-ýapylyp, howply pursat sowuldy. Reşetnikow kagyzlaryny alyp, epläp olary goltuk jübüsine saldy-da, usullyk bilen gapa tarap ýöneldi. Gapyny emaý bilen açybam öýüne ýetmäge howlukdy...

Toma Borisenkonyň ýaraşykly, içki geýimdäki keşbi soňam esli wagtlap onuň göz öňünden gitmändi. Reşetnikow ondan bäri on-on bäş gün geçen-de bolsa, ol şol gözünde galan gijeki keşbini ýatlap, onuň erkek höwes gelindigine göz ýetiripdi. Ol çilim sorup, bu zatlary ýatlap durşuna nädip onuň soňuna çykanynam duýman galdy, diňe sorula-sorula tükenen çiliminiň ody barmaklaryny ýakyp ugransoň duýdy. Howlukmaç çiliminiň oduny söndürdi-de, ýere taşlady, muny-da az görýän ýaly, soňra ony ädiginiň burny bilen mynjyratdy. Elini çilime dagladyp alansoň, häzir hamala bu ýetmişi üçin ondan ar alýana meňzedi.

Şadmanowdyr buhgalter gelni beýle ýakynlykda görüp, munuň nädip beýle bolup biljegi barada oýa berlenini hem duýman galdy. Barak obaçylygynyň adamlarynyň-a gaçgyny Şadmanowdy. Ol görünse, kimdir birini tussag etmäge gelýän ýaly duýulýardy. Şonuň üçinem ony görenlerinden görmediklerini müň paý gowy görýärdiler. Onuň çagyranda ýanyna barmagam adamlary gaplaň-şiriň üstüne depjek ýaly eýmendirýärdi. Toma Borisenko hem bu ýere Tambowdan getirilen sürgüne degişlidi, organlar olary geçmiş etmişleri üçin has göz astyna alyp, ünsşübhede saklaýardylar.

Olaryň sürgüne berlenini hem az görüp, bu ýere getirilensoňam tambowlylaryň eýýäm dört-bäşisiniň yzyndan OGPU işgärleri gelip tussag edip äkidipdiler. Birki aýlykda şol äkidilenleriň biri-

de Mişa Borisenko bolupdy. Ýöne ol Akmolla äkidilse-de, birnäçe günden düşnüksiz halda ýene-de yzyna dolanyp gelipdi.

Ýogsam Reşetnikowyň pikiriçe, öňki etmişi üçin biri basylsa, ol Borisenko bolmalydy. Onuň ykbaly Sowetleriň isleginiň garşysyna 1918-nji ýylda gurlan Tambow döwleti bilen baglydy. Tambowlylar öz döreden döwletlerini gorap, 151 sany uly goşun bölümlerini döredip, Sowetler bilen barlyşyksyz uruşlar alyp barypdylar. Şol döwürlerde Tambowa garşy uruş alyp barýan goşuna Troskiý, Tuhaçewskiý, Blýuher ýaly komandirler ýolbaşçylyk edýärdiler.

Olar hem öz gezeklerinde tambowlylary «Tambow möjegi» atlandyryp ýigrenýärdiler. Tambowlylaryň goşun bölümlerine garşy barlyşyksyz ganly söweşler alyp barýardylar. Emma tambowlylar agzybirlik, edermenlik bilen gaýtawul bermek bilen, Gyzyl Goşun bölümlerini paýhynlamagy başarýardylar.

Mişa Borisenko heniz ýaş ýigdekçe bolsa-da, şol wagt öz watanyny goramakdan çetde durmandy. Ulular bilen deňine gyzyllara garşy eline ýarag alyp göreşipdi. Ýaraly bolup gospitala düşüpdi. Ýöne barybir tambowlylaryň azaby ýerine düşmändi. 1921-nji ýylda Sowetler olary güýç bilen alyp bilmejeklerine göz ýetirensoň, Tuhaçewskiniň ýolbaşçylygynda haýynlyk bilen, ol halkyň, topragyň garşysyna iýiji gaz ulanypdylar.

Halky köpçülikleýin gyrgyna berip, onuň güýçlerini doly dargydypdylar...

Şondan bäri-de, Troskiý ýaly ýolbaşçylar Stalin bilen dereje, wezipe üstünde oňuşman, ýurtdan çykyp giden-de bolsalar, olaryň Sowet döwleti tarapyndan tambowlylara döreden garaýşy üýtgemändi. Tambowlylaryň yzarlanylyp, çapylmasy, ýanalmasy öňki hörpünde dowam edýärdi.

Diňe şu zatlary ýatlandan soň, Reşetnikow buhgalter gelniň Şadmanow bilen gatnaşygynyň sebäbine belli bir derejede düşündi. Bu meselede buhgalter gelniň haýyşy boýunça Şadmanowyň

Borisenko kömek edenligine, gelniň adamsyna kömek etmäge başga ýolunyň galmanlygyny düşündi. Oba-da ol Akmolladan Şadmanowyň paýtunynda gaýdyp gelipdi.

Şundaň soň hemişe keýpsiz, ýüzi ümürläp gezýän agras Borisenkonyň perişan keşbi ýene bir gezek onuň gözüniň öňüne geldi.

Reşetnikow dogduk obasy Lesnýankada-da bugdaýdyr çowdary ekip gezen döwürlerini ýatlady. Bugdaý ol ýerde hem esasy ürç edilip ekilýän ekindi. Ol ýerde hem giden meýdanlar bugdaýa gark bolup oturardy. Ýöne ol ýerlerde ýakyndan-daşdan sürnüp gelen tokaý agaçlary ýeterlik bolansoň, onda gazagyň ýeri ýaly gitdigiňçe gözýetimi giňeldip, uzap gidýän ummasyz ekin ýerleri ýokdy. Birnäçe ýerde Lesnýankanyň töwereginde tokaý bolup, olar ekin ýerleriniň arasyny telim ýerde böltäp keserdiler.

Russiýa giň-de bolsa, ol ýerde gazagyňky ýaly ekin ýerleri birsydyrgyn tükeniksizlik däldi. Emma hemme ýerde bitýän bugdaýlardan bişirilýän nanyň ysy welin birdi, ýakymlydy.

Orak döwürleri her gün Gün batyp garaňky düşensoň, orakçylar öýlerine dolanardylar. Şonda bolsa aýdym ýaňlanardy. Orakçylaryň gaýdyp gelýänligi belli bolardy.

Aýallaryň sesi erkek kişileriň ýognasdan gelýän seslerinden has ýiti hem labyzly bolup, köp halatda olaryň seslerini basyp, göçgünli eşidilýärdi. Emma ol seslere turbadan çykýan ýaly ýogyn erkek seslerem, wagtal-wagtal goşulyp durmasa, aýdymyň has göçgünli hem lezzetli bolmagy üçin nämedir bir zadyň ýetmeýänligi duýlardy. Hawa-da, Taňry adamzady döredende, Zenan bilen Kişini olar her bapda bir-birleriň ýetnesi bolsun diýip, şu bitelik üçin goşalap döretmänmidi, eýsem?!

Şol barmanda-da Satybaldyýewiň 31-nji baragyň bugdaýly meýdanyny synlap buýsançly aýdan tarypy onuň ýadyna düşdi.

– Ýoldaşlar, bagtyňyza gowy hasyl ýetişipdir. Dänelere seret, dok däneler. Müňlerçe adamyň maňlaýyndan dirär bu däneler. Aý,

näme ömür ekin görmän ýatan mes ýerler-dä bu ýerler. Ýene on-on bäş ýyl bu ýerler tohum ýerine daş atsaňam şinelidip, gögerdip bersin. Indi muny gyşyň ýel-ýagmyr talaňyna goýman, ýygyp-ýygnap almagyň alajyny etmeli. Munuň üçin bolsa adamlar artdyrylap, gaýrat bilen işlemeli bolar...

Gözýetimde giden töwerege ýaýrap, hars urşup ýören orakçylar görnen wagty, Reşetnikow ýatlamalaryň eteginden çykyp, şol ýerde ýene çilim otlandy.

Bugdaýy ýyglan, ýygylmaly meýdanlary synlap, alnyp barylýan işlere, ýene näçeräk hasyl boljagyna, ýene-de onuň aladasy bilen bagly birnäçe zatlara çen urdy.

Bu wagta çenli Günem asmana göterilip, onuň kese düşýän boldumly şöhleleriniň aşagynda bugdaý meýdanlary sary adalar bolşup ýaýrap ýatyrdylar.

* * *

Suw bol bolsa-da, Orazgylyç dagynyň bu getirilen ýerinde gyt zadyň biri odun eken. Derýa golaýda bolansoň, onuň töwereginde suwunyň gaçany-tezen ýerlerinde toraňňyly, ýylgyn gamyşly, gargöjele jeňňel, ýeneki döräýjegem ýaly welin, emma beýle däldi. Bu golaýda wokzal jaýlarynyň töweregindäki bir kowçum ösüp oturan ýogyn billi gara agaçlardan başga köplügräk bolup ösüp oturan agaç-bag düşnügi hem göze ilmeýärdi. Beýikde ýerleşýäni üçin bu ýere suw çykmaýan bolmagy mümkin. Ýöne häzir nähili döwürde ýaşaýanlygyňy ýatlasaň, munuň juda beýle däldigini pikir etmek hem mümkin. Häzirki ýere-suwa dawa salnylyp ýörülen mahaly, täze hökümetiň gazabyndan bu ýerlerde-de ýere-suwa hyzmat edibermäge çekinilýän bolmaly. Ýogsam erkine goýanyňda, kätmeni bilen ýüzlerçe menzillik kanal-ýaplary çekip, meýdanlary jennete öwürýän zähmetsöýer özbek daýhany heý-de bu ýerleri ekmän-dikmän boş goýarmydy?

Adamlaryň töwerekde odun borluk zat gözlemeleri oňly netije bermeýärdi. Ot hem suwuň, nanyň gerek bolşy ýaly, öz

agyr günüňde mydar etmek üçin gerekdi. Howlyň ortasynda her gün bir gezek sürgünler üçin bişirilýän çorbany bişirmäge hemişe odun tapylýardy. Köplenç garakömür ýakylýardy. Nahara biraz kömür ysyny urýar diýmeseň, onuň odun kemi ýokdy. Adamlar tizden nireden kömür alynýandygyna göz ýetirdiler. Demir ýoldan mahal-mahal kömürli wagonlar geçip duran bolsa näme!? «Hudaý berse guluna, getirip goýar ýoluna» diýenleri. Beýle ýagdaýyň barlygyny bilensoňlar, odun-çöpsüz kösenişip oturan adamlary saklap bolýarmy!? Dessine olar ötüp-geçýän otlularyň häsiýetini, ýagdaýyny bilip aldylar. Bu ýer otlularyň tertibe salyp saklanylýan ýerleriniň birisi bolup çykdy. Munda otly kerwenleriniň goşalanyşyp durmaklary hem hut şonuň üçin eken. Daşkende geçip barýan ýa-da ol tarapdan gelýän ýük otlularyň käbiri bu ýerde ýarym salkyn, käte nirä barýanyny hem unudana meňzäp, iki-üç günläbem duruberýärdi. Demir ýoluň bu amatlygyndan ilki känbir giden ýerleri hem yzarlanylyp ýörülmeýän ýigdekçe çykyp gelýän çagalar peýdalandylar. Sürgün obaçylygynda onuň-munuň öýünde ot peýda bolup ugransoň, «kömür» heseriniň hemmeleri diýen ýaly galtanlygy belli boldy. Oglanlar dört-bäş bolup çeträkde duran kömürli wagonlaryň üstünde birden duýdansyz peýda bolardylar-da, ol ýerden aşak oklap bilen kömür böleklerini oklardylar, oglanlaryň ýene birnäçesi bolsa hasanaklaşyp, ylgaşyp, ony çöpläp beýleräk bir ýerde üýşürip ugrardylar. Özi-de kömür almagy olar otly ýol boýunda oýnaýandan bolup, başardyklaryndan muny gizlin etmäge çalşardylar, köplenjem olar öz hereketleriniň bir ýanyny garaňky düşüp, aýak ýygnalýan mahallary etmäge çalşardylar. Bir tarapdan wagty-nobaty gelip, güýzem indi assa-ýuwaşdan öz ornuna dawa tutup ugrapdy. Gündizlerine yssy tomsa berimsiz bolýan hem bolsa, gije üstüňe ýorgan çekäýeniňi kem görmeýärsiň.

Şeýdibem, howa sowap ugradygyça ot-ojagyň barha gadyry artyp ugrapdy. Bäş-alty günlükde Ahmet bilen Aganazar hem öýe

telim tokga kömür böleklerini getiripdiler. Bu gezek welin stansiýa kömürli wagonlaryň gelenini olar giç eşitdiler. Oglanlaryň üç-dördi eýýäm oýun ýerlerine gelenlerinde ýola çykyp, kömür oljalap gelipdiler. Ýene-de: «Türkmeni göçürjek bolsaň, gapdalyndan göç geçir» diýleni boldy. Aganazardyr Ahmet deň-duşlaryndan kömürli wagonlaryň salgyny alyp, ylgaşlaşyp baranlarynda eýýäm garaňky gatlyşyp ugrapdy. Wagonlar ikinji hatarda duran hem bolsa, yzyndaky wagonlar kömür ýükli bolany üçin bu has amatlydy. Üstüne çyk-da, zyň pese, gerek kömrüňi, soňam düş-de alyber toplap. Gerek kömri tizräk ol ýerden aşak oklamak üçin, bu gezek oglanlaryň ikisem onuň üstüne bile çykarman boldular. Ahmet ekabyrlygyny edip ilki wagon aralygyndaky açyklyga dyrmaşyp, soňam elinden çekip, öz ýanyna çykmaga Aganazara kömek etdi. Şeýdibem birazdan iki ýerden wagon gapdalyna gütde-gütde zyňylýan kömür bölekleri gaçyşyp ugradylar. Olaryň ikisi iki ýerden kimdir biri göräýmänkä, edýän ogurlyk işleriniň üsti açylmanka, bu ýerden göterilmek üçin, has tiz hereket etmäge çalyşdylar. Öz ýanlaryndan bolsa eýýäm öýlerine kömür eltip: «Ogullar odun getiripdirler» diýdiripdiler. Hatda olar öz aladalary bilen başagaý bolşup, otlynyň ugraýanyny mälim edip, bir ýerlerde jürlewügiň çalnanyny hem eşitmän galdylar. Otly ugramanka duran ýerinde içini çekene meňzäp, bir halkyldap silkindi. Onuň badyna oglanlaryň ikisem duran ýerlerinde entirekläp gitdiler. Wagon gyrasyna golaý duran Ahmet şonda onuň badyna tas wagondan agyp düşüpdi. Ol wagonyň gyrasyna ýapyşyp zordan saklandy. Onýança-da dähedem-dessem edip otly ugrady. Oglanlar nätjeklerini bilmän, bir-birleriniň ýüzlerine seredişdiler. Bökeýin diýseňem, iki ýanyňam agyn kerwen gurup duran otly. Syrylsaňam eliň sypyp, ýeneki edip otly aşagyna düşäýmegiň-de juda ahmal. Oglanlara gözlerini tegeleşip, şol duran ýerlerinde nätjeklerini bilmän, oturybermekden başga alaç galmady. Otly bolsa takyrdap-tapyrdap, barha tizligini artdyrdy. Oglanlar

ýürekleri birden eýelän gorkudan ýaňa bir salym olaryň dillerine söz hem gelmedi. Olar iki dost bolup, iň soňky kömürli wagonyň üstünde iki sany  gopan kömür bölegi ýaly, gadallaşyp oturdylar. Otlyň ugramagy bilen ösüp ugran ýalazy şemal indi hasyrdap, olaryň arkasyndan itiberibräk ösýärdi. Töweregi çyraly wokzal jaýy, ýagta gelene meňzäp hümerlenişip duran baglary alysda garaňkyň içinde oturan kerwensaraý-sürgün obasy, bularyň bary otly ädimi ýygjamlatdygy saýy yzda galyp, alys bolşup ugradylar. Oglanlardyr sürgünleriň bolýan ýerleriniň aralygy barha uzalyp-ýazylyp barýan alyslyklar öwrüldi. Aganazardyr Ahmediň düşmek üçin amat peýläp garaşýanlygyna seretmezden, otly welin wagty bilen durar ýerde durmady. Durmasa bolsa, ondan nädip düşjek? Bu beýiklikden, onda-da tizligini artdyransoň, ondan bökmek hasam howply. Otlynyň bir ýerde säginerine garaşmakdan başga alaç ýok.

– Indi şeýdip gider otyrmykan bi? –diýip, şemala ýüzüni tutup, biraz özüne gelip ugran Aganazar howsalaly dillendi.

– Bir ýerd-ä durmaly bor – Ahmet Aganazaryň özünden kiçiligini ýatlap, agalarça oňa göwünlik beriji äheňde geplemäge çalyşdy. Emma otlynyň tekerleriniň şakyrdysyna onuň sesini üzüp-ýolýan ýaly bölüp-bölüp eşitdirdi.

– Durdugy düşjek bolaly!

– Düşeris. Häzir bökseg-ä bir ýerimizi maýyp etmegimiz mümkin.

– Hä, indi bir kemimizem şoldy-da. Akga-ýejemiziň maýyba seretmeden başga derdi-akarady azmy?

– Ilki men syrylyp iki wagon aralygyndaky ýasy demre aýagymy ýetireýin, soňam ol ýerden saňa sybyrylyp, ýanyma düşmäge kömek etmäge mümkinçilik bolar – diýip, Ahmet otly durandan soňky ondan düşmegiň ýagdaý-ýollaryny peýläp ugrady. –Ondan hem aňryk ýere böküp, aşak düşeris...

– Häzir öýdäkiler nädýäkäler?

– Eýýäm habar düşendir öýdýäňmi? Töwerekde adamam-a ýokdy, kimdir biri görüp aýdandyr diýsek.

– Gelmediler diýşip, nadynj-a bolýandyrlar...

Garaňky goýaldygyça howanyňam öwzaýy üýtgäp, sowap ugrady. Aý dogup, ýüzüni ýukajyk gije sülbasy bilen perdeledi.

Işleri bilen ber-başagaý bolşup, otlynyň ugranyny hem duýman ahmal galyp, aljyraňylyga düşen oglanlaryň göwnüne garaňky öňkülerinden has duýdansyz, has tiz düşen ýaly bolup duýuldy. Gün doganda bolşy ýaly Aý doganda hem dünýäniň süňňüne ýagty bilen birlikde ýyly hem ýaýraýjak ýaly bolup duýulsa-da, beýle bolmady. Aýyň ýüzi gaharly, ýüzüniň gany gaçan adamyňky ýaly solgun hem sowuk görünýärdi. Indi beýdip kömrüň depesinde otlyň duranyna garaşyp, burkuda aýdylan ýaly bolup oturmak howpludy. Doňdurmasa-da şemal beýdip barha sowap öwsüp dursa, onuň juda üşetjegi welin ikuçsuzdy. Muňa ilki Ahmet düşündi. Ol Aganazara «Sen häzir şu ýerde oturyber men bir yklaw edineýin» diýip, wagonyň yzky burçuna tarap süýşenekläp ugrady. Soň ol şol burçdaky uly kömür böleklerini, eýläk-beýläk atyşdyryp, ahyr birki adam sygar ýaly ygyşak ýer edindi. Soňundan Aganazary hem şol yklaw ýere çagyryp aldy. Şundan soň eýýäm bizar etmäge ýetişen şemal şu pursatda hamala ugruny üýtgedäýen ýaly kanagatlanma duýgusyny döretdi. Oglanlar ýas-ýaňam kömrüň depesinde otyrkalar, birden irkilip, togarlanyp gidiberjek ýaly duýgyny başdan geçiripdiler. Bu ýer şemalsyz bolşy ýaly hem howpsuzdy. Oglanlar şol oturyşlaryna janlary biraz aram tapansoň, irkilenlerini hem duýman galdylar. Aganazar gijäň bir mahaly golaýda adam hümürdilerini eşidip oýandy. Otly gijäniň içinde bir ýerlere gelip durupdyr. Biraz başyny göterip, töweregiň habaryny alan mahaly ol iki sany adamyň eýläk-beýläk çyra tutup, kömürli wagonlaryň üsti bilen özlerine tarap gelýänlerini görüp, başyny göterişi ýaly-da ýene-de usul bilen dessine görünmezlik üçin aşak egildi. Ahmedi turuzdy.

– Ahmet, bizi gözleýänler ýaly-la?

– Hä!.. Kim?

– Ýuwaş-ş, wagonlaň üsti bilen iki sany eli çyraly adam bize tarap gelýär.

– Kömür ogurlygyna gelenler bolaýmasyn?

– Däldir. Olar görnerin, tutularyn diýip gorkýana meňzänoklar.

– Ýuwaş, sesler golaýlady, men häzir bir jyklajak bolaýyn.

Garaňkynyň içi bilen hellewleýän ýaly bolşup, daş-töwereklerine çyra tutuşyp gelýän adamlary görüp, Ahmedem olardan gorkup eýmendi. Ol barha aýaklarynyň ysgynyň gaçýanlygyny duýdy. Sebäbi ol bu gelýänleriň otlularyň ýüklerine gözegçilik etmek üçin goýlan garawullar däl-de, hut özleriniň gözlegine çykarylan adamlardygyny çen etdi. Kimdir biriniň özlerini keseden görüp: «Olar otluda gitdiler. Olary tutup saklaň» diýlip, ähli ýere telefon edilen bolmagy mümkin. Sowet hökümetiniň eli uzyn, onuň ýetmeýän ýeri barmy?

Hümürdeşip gelýän iki adam birazdan gelip, iň soňky wagonyň öň ýanyndaky wagonyň aýagujunda aýak çekdiler. Indi gerimliräk bir ädimledikleri olar oglanlaryň bukup oturan wagonynyň üstüne geçäýmelidiler. Eger olar şol ýerdenem töweregi ünsli synlan bolsalar, onda bulara gözleriniň düşmegi ahmaldy. Ana, onsoň, OGPU-nyň öňüne düşüp barýan Ahmetdir Aganazaryň bardyr-da. Türmä dykaýmaklary hem mümkin. Türmäni ýatlanda Aganazaryň ýadyna kakasydyr ejesi bilen iki-üç ýyllykda oba dogan-garyndaşlaryna görme-görşe gelen öz deň-duşy Rahman[1] diýen oglan düşdi. Onuň kakasy şol ýyllarda döredilen

[1] Гызыл командириң оглы Рахман Бердимырат шол гезек обалы деңдушларына тиз гелмәге сөз беренде болса, ол вагты билен өз берен сөзүнде тапылманды. Диңе 10 йыла голай вагтдан соң ол он алты яшында, түркменчәни оңлы билмейән, газак дилини говы билйән йигдекче болуп гайдып гелипдир. Онуң какасы Гарашсыз түркмен дөвлетиниң болмагыны пейлейәнлериниң бири хөкмүнде туссаг эдилипдир. Рахман хем эҗеси билен туссаг эдилип, Газагыстандакы түрмелериң биринден чыкарылыпдыр. Эҗеси өленсоң, ол түрмеден етимлер интернатына берлипдир. Ол яш-да болса, түрмеде эҗесиниң Түркменистан, доган-гарындашлар барада айданларының көпүси ядында галыпдыр. Эҗеси оңа: «Оглум,

Türkmen atly polkunda gulluk edýän eken. Harby lybasly ol adamy oba dogan-garyndaşlarynyňka gezmäge gelende ony Aganazaryň özem görüpdi. Şeýle gelşikli geýimi özüne-de arzuw edip durupdy. Obada ol barada onuň türgenleşik meýdanynda ussatlarça at çapdyryp, çybyk çapyşyny Gaýgysyz Atabaý, Nedirbaý Aýtakow ýaly hökümet ýolbaşçylary hem görüp, onuň ussatlygyna berekella beripmiş diýen gürrüňem bardy.

Rahman Aşgabada gaýdan mahaly obada dostlaşan oglanlaryna ýene-de gelmegi söz berende bolsa, ol soň gelmändi. Aganazar özleriniň sürgün bolmazlarynyň öň ýany bolsa «Hökümet Berdimyrat komandiri aýaly, ogly bilen türmä dykypmyş» diýen

бу довзахдан чыкып билсең, өзүңи Ватана атҗак болгун. Түркменистанда доган-гарындашларың бардыр, бизиң адымызы айдып, шонуң оглы дийсең, саңа хоссар чыкан тапылар. Йитип гитмезлик үчин адам өз юрдунда доган-гарындашларының төверегинде яшамага чалышмалыдыр» диен экен.

Бир мүмкинчилик боланда Рахманың эҗесиниң хоссарлары Солтанязларың шол дөврүниң билимли, догумлы огулларының бири Хакы Җума Бердимырадың машгаласыны гөзлемегиң угруна чыкяр. Ворошилова, енеки атлы адамлара хат үстүне хат гөндерип, ахыр Рахманы тапып аляр. Ол геленде түркмен дилини унудан экен, зыбрым рус хем газак дилинде геплəпдир. Шейле-де ол йигит яшына баран хем болса хениз сүннет хем эдилмедик экен. Шонуң үчинем ол гелип, Мухамметяз дайысыныңкыда бир салым яшап, хал-ягдайлара гөз етиренсоң, өзүниң көпүң ичинде ак гарга болмагыны ислемəндир ве дайысына: «Мен шу илиң ичинде яшаҗак болсам, онда менем деңлешдириң!» дийип, 16 яшда сүннете ятырылырдыр.

Рахман Ватана гелип, дайханчылык билен бирнəче йыл мешгулланансоң, юрдуң дөше телим орден-медалларыны дакынан уссат пагтачыларының бири болуп етишйəр. Йөне ол гелип, өз эне дилини тиз өвренен хем болса, ил ичинде онуң ады хемише Рахман газак дийлип, етим дөврлери өзүне хоссар чыкан юрдуң ады билен таналяр.

...Отузынҗы йылларда режисёр Михаил Ромм Түркменистанда «13-лер» киносыны сурата дүшүренде, онда ойнаян артистлерден башга-да, Түркмен атлы гошунының ичинден хем бирнəче догумлы эсгерлери сайлап алыпдыр. Шоларың бири-де бу кинода... командириң көмек сорап меркезе уградан чапары Мырадов болуп, ол ролы Бердимырат ойнапдыр.

Кинода Бердимырат аңырдан көмеге гелйəн Гызыл гошуна душуп, өлүмден халас болян хем болса, дурмушда түркмениң бу харбы серкерде оглы Сталиниң довзахындан халас болуп билмəндир.

gürrüňi eşidipdi. Şonuň üçinem ol ele düşselerem, özleriňem türmeden çykmaklarynyň mümkinligini pikir edip howpurgandy...

Asmandaky tegeläp, tamdyra taýynlanylyp goýlan hamyra meňzän Aýyň hem indi ýagtysy artyp, ol-da bu gözlegçilere hemaýat etmegiň ugruna çykana meňzeýärdi. Aýa ol asmandan görünmeýän zat barmy, elbetde, ol bu oglanlaram şol ýerden görüp oturandyr. Hälem onuň dil bitip, gepläp bilmeýänem bir gowy zat, ýogsam «Siziň gözleýän oglanlaryňyz, ana, burçda çukur gazyşyp gizlenişip otyrlar» diýäýmegi-de gaty ahmal görünýär.

Çyra tutup garaňkynyň içine gözleg salyp gelýän adamlar ýene birazdan iň soňky kömürli wagonyň üstünde peýda bolarly görünseler-de, wagty bilen duran ýerlerinden gozganmaga gyssanmadylar. Olaryň hümürdileri geldi durdy. Olar çilimleşýän bolmaly. Şemaldan çilim ysy gelýärdi. Olaryň çilimden soň gözlegi dowam etdirjekleri ýa-da şol ýerden dolanyp yzlaryna gitjekleri belli bolar.

Çilim ysy Aganazara kakasyny ýatlatdy. Ejesi öýde çilim çekilse, seňrigini ýygryp, juda bir halamasa-da, Aganazar nämüçindir onuň gapdalynda çilim ysyny alyp oturanyny kem görmezdi.

...Ine, ahyram şol garaşylan pursadam gelip ýetdi. Hümürdiler seýrekläp, soňundanam ol sesler barha daşlaşmak bilen boldy. Çilim ysy-da indi öňküsi ýaly ýiti duýulmady. Gözlegçileriň yzlaryna dolanyp gidendikleri belli boldy. Ýogsam Aý-a gözlegçilere kömek etjek bolup, dünýä öňküdenem beter aýdyňlyk berip, elinden gelenin-ä etdi-le...

Oglanlar şondan soň özleriniň gözlenýändiklerine, mundan aňry bu ýerde galmaly däldiklerine doly göz ýetirdiler.

Wagonyň yzyndan sallanyp, süýşenekläp ilki Ahmet ýere düşdi, soňam Aganazara düşmäge kömek etdi. «At ürken, är gorkan ýerinden» diýenleri boldy. Olar ýapyrylyşyp, wagonlarynyň gapdaly bilen biraz ylgansoňlar, Aýyň ýagtysyna ýere atylan ak keçäni ýatladyp ýatan topursow ýol bilen gözleriniň gören,

aýaklarynyň giden tarapyna yzlaryndan ýagy gelýän deý ylgaşyp gitdiler. Käte ýykylsalaram, turup ýene ylgadylar. Dogrusy, bir ýerde güýlünip otura-otura gurşan aýaklarynyň ylgasy-da gelip gidipdi. Niräk barýandyklaryny bilmeseler-de, olar bu barýan ýollarynyň özlerini ahyr soňy aýlap-dolap, eje-kakalarynyň ýanyna alyp barjagyna ynanýardylar.

* * *

Ahmetdir Aganazar özleriniň otlynyň üstünde barýanlaryny hiç kim gören däldir öýtse-de, bu juda beýle hem däldi. Olaryň üç wagon aňryýanynda bukulyp kömür alýan bir sürgün aýal iki sany oglanyň kömür ýükli wagonyň depesinde barýanyny görüpdi. Ol bularyň kimdigini anyk bilmese-de, olaryň öz obaçylyklarynyň oglanlarydygyny welin aňypdy. Eger şolar bolmasa, başga bu töwerekde kömür diýip zir-zöwran bolup ýören başga kim bolup biljekdi. Onuň düşelgä gelip: «Iki oglany otly alyp gitdi, düşmäge ýetişmediler öýdýän» diýen gürrüňi aýallaryň arasynda «meniňki bolaýmasyn?..» diýen gorky döredip, olaryň çagalarynyň adyny tutuşyp, tükelleşip jüýjesini ýitiren ene towuk ýaly käkeleşip, töwereklerine seredişip, alada galmaklaryna sebäp boldy. Ahyrda-da Aganazar bilen Ahmediň ýoklugy anyklanyldy. Bu ýerden howlugyşyp, ýaňrak kömre gidenem şolardy. Amangül ýagdaý anyk bolandan, ýüregi howlap, ylgap daş çykdy. Töwerege sorag salsa-da, hiç ýerden olary gördüm-bildim bolmady. Ol: «Waý, gara başym, Hudaý bize şu zulumly durmuşam az gördümikän, hiç zat bolmadyk bolaýadyr!?» diýip, hamala yzlaryndan ýetip, olary alyp galaýjak ýaly bolup elewräp demir ýola tarap gaýtdy. Amangül oglanlar barada sorap, demir ýolçularyň ýanyna baranda, Ahmediň ejesi hem elewräp, onuň yzyndan ýetip geldi. Erkek adamlaryň bolsa OGPU esgerleri tarapyndan ertir irden sürlenip, bir ýerlere işe äkidilişidi. Olar her gün garaňky ýagşy gatlyşansoň yzlaryna gaýdyp gelerdiler. Häzir olar obaçylykda ýogam bolsalar, indi geler wagtlary bolubam ýördi. Garaňky gatlyşyp, dünýäni

duman örtýän ýaly bolup gije garaňkysynyň täsiri artyp, gije goýalyp ugrapdy.

Hiç zatdan habarsyz demir ýolçular aýallaryň aňyrdan elem-tas bolşup gelişlerini ilkä geň gördüler. Demir ýolçy goja aýallar bilen zordanrak düşünişensoň, nämäniň-nämedigine göz ýetirip, çokga sakgalyny gysymlap gaharlanyp, gozgalaňa düşdi.

– Siz, heleýler, ugruna seretmejek bolsaňyz, näme üçin olary dogranmyşyňyz? Dogurdyňyzmy serediň-dä, şonuň üçin heleý-dä siz! – diýip igençli käýindi. Ol soňam dessine goňşy wokzallara habar ýetirmek üçin, jaýyň bir burçunda duran habarlaşyk enjamlarynyň başyna geçen mahaly, sürgünleriň komendanty Orazgylyç bilen Allaberdini öňüne salyp, demir ýol jaýyna ýetip geldi. Ol gele-gelmäne-de bu meselede özüniň soňra iş oňarmadyk hökmünde suwuna degiljegini pikir edip, demir ýolçulardan habar sorap, Orazgylyç daga käýindi. «Siz, kulaklara men beletdirin, bu siziň guran oýnuňyz bolmaly. Kömür ogurlamak bahanasy bilen size çagalaryny yzlaryna gaçgyryp goýberen adamlar diýerler. Tapdyňyz bu ýerde oýun etjek adamlaryňyzy... Hany, şolar bir tapylmasyn, gözüňizde döwek aýlaryn...»

Howlugylyp ýene-de bir ýerlere jaň edildi.

Sürgünleri hemişe OGPU adamlarynyň şeýle heňe gelmeýän zatlarda günäkärläp edýän töhmet-müňkürlikleri aýralyk ýaly hemme zatdan beter horlaýan zatlaryň biri. Ýogsam-da çagasyny «Baryň, gidiberiň!» diýip, gaçyryp goýbermek, onda-da niredendigi hem belli däl bir alys ýat ýerden kimiň kellesine geljek zatmyşyn, eýsem bi?! Onda-da Aganazar ýaly biriniň janyndan ileri görüp, är-heleý ikisi iki ýerden üstüne kökenek bolup saklaýan ýeke dikraryny? Komendant gahar ugruna öz OGPU häsiýetine laýyklykda çagalaryň ene-atalaryny götinogry tutup, bu gepi diýen hem bolsa, gepiň çaklama hökmünde onuň

özüniňem öz aýdan gepine o diýen bir ynanybam barmaýanlygy, aýdylsa-da ol jogap talaply höküm däldi.

Telefon edilip durka bir ýanda oturan aýallar oglanlar hakda öz bilýän zatlaryny ärlerine şymjaryşyp gürrüň berdiler. OGPU wekili indi jaýyň içinde elini arkasyna tutup, iki ýana gezmeleýärdi.

Demir ýolçy her gezek zyr-zyrladyp, telefonyň towuny berip, jaň ataryp, bir ýerler bilen gürleşende, aýak çekip gysgaça onuň habaryny alýardy. Özi-de arasynda telefonyň öňüne baryp, bir ýerler bilen gürleşip görýärdi.

Telefon  üsti bilen dürli ýerlere atarylan gyssagly habarlar, alşylan sorag-jogaplar barybir wagty bilen netije bermedi. Oglanlaryň ýitirim bolmagy bilen bagly näbelli dartgynlylyk dowam etdi. Has-da jaýyň bir dulunda ýygrylyşyp oturan iki aýalyň haly teňdi. Olaryň kalbynda çagalarynyň bir ýerlerde heläkçilik bilen baglylykda gorkudan dörän harasat howpy barha möwç urýardy, häli-şindi gözleriň okarasy gözýaşdan dolýardy. Wagtynda duýup, «Gitmäň, ýakylman geçsin şol kömür» diýmändiklerine ökünişip, müýn çekişip ýanyp-köýýärdiler. Has-da bu başdan inen belanyň oglanlardan derek tapylman, öňküsinden barha ulalyp barýan ýaly bolup duýulmagy olary hopukdyrýardy.

Gijäniň bir wagty komendant Allaberdidir Orazgylyja tarap baş atyp: «Bular gaýdybersinler» diýip, aýallara düşelgä gitmäge rugsat etdi.

Amangüle oglunyň, adamsynyň şundan soňky näbelli ykbaly öýe gelensoňam, ynjalyk bermedi. Komendantyň: «Siz ogullaryňyzy ýurduňyza gaçyryp goýberensiňiz» diýip, özlerini asla kellä gelmejek zat bilen aýyplamagy, indi hökümetiň gazabynyň ogly üçin adamsyndan-da sowa geçmejekligi ony has-da gorkuzdy. Bu ýanama aýyp zenanlaryň ikisiniň-de hesretini artdyrypdy. Zenanlar gijäni çirim etmän, ýola gözleşip geçirdiler.

Orazgylyç bilen Allaberdini gijäniň bir wagty demir ýoldan alyp gaýdan komendant olary öýlerine goýbermegiň ýerine getiribem öz ýanlaryndaky - başbozar sürgünlere niýetläp gurlan



*24

gazamadyna gabady. Olaryň tussagdadyklary hem şol günüň ertesi çörek-haklar paýlanylyp, olar hakyny gazamatda alar diýlensoň bilnip galyndy.

Daş düşen ýerine diýleni boldy. Aýallar ogullaryndan, ýanýoldaşlaryndan hemişelik aýra düşmekleriniň mümkinligini pikir edişip, zar-zar aglaşdylar. Haýsydyr bir ýeserlik bilen gurlan tora düşen ýaly duýgyny başdan geçirdiler. Olar diňe ýeke gezek bu bolýan ýagdaýlar barada bir-birleri bilen iki-üç oýnam gep alyşdylar.

– Oglanlaryň şeýdip gidişi gidiş bormukan indi?

– Demir ýol çar tarapyna habar baryny ýollady. Belki, gara beräýediler-dä bir ýerden.

– Otly ýene bir ýerde duran bolsa-ha olar düşendirler. Otlynyň aşagyna düşmedik bolaýadyrlar-da hernä.

– Aý, özler-ä düşbüjedirler...

Ahmediň ejesi häzirkisinden ýaşrak wagty hem oglunyň Kagyzly dagy ýogsam nireler, şondanam onuň babasy odun ýükläp berse, alyp gelýänini ýatlady.

– Kakalaryna näme diýlerkän?

– OGPU ters dawa tutsa, olaryň ýagdaýy kyn bolar.

Aýallara ynjalyksyz halda, töwereklerine gözleşip, bu ýagdaýlaryň soňunyň gowulyk bilen gutarmagyny dileg edip oturmakdan gaýry ýol galmady.

* * *

Hanuma meýdanda ýygymçylaryň arasynda bolup, günortanyň öň ýanlary pagta serlip, ganarlara salynýan ýere gelende ol dykylyp, ýola taýyn edilen pagtalaryň heniz bolubam döwlete pagta tabşyrylýan ýere äkidilmän, togalanyşyp-togarlanyşyp ýatandyklaryny gördi. Ine, saňa işiň ýatyp galan ýeri! Hanuma bu ýagdaýy görüp, sorag salyp, töweregini garanjaklady-da, pagta dykýanlara:

– Hany araba, nämüçin bular henizem pagta tabşyrylýan ýere äkidilmändir? – diýip ýüzlendi. Ýogsam brigada ýörite pagta çekmek üçin iki at goşulan araba berkidilipdi. Ol gün içinde umumy pagta kabul ediş ýer bilen aralyga telim gatnardy. Arabaçynyň göçgünliden-dälişgeräkdigini ýatlap, Hanuma içinden: «Bu deýýus kellesi göçüp, atlary gyssap, bir ýerde arabany jara-ýenekä süsdürmedigem bolsa ýagşydyr?» diýip oýlandy. Işiň şeýle gyssagly döwri onuň ýitirim bolmagyna başga näme sebäp bolup biler? Hanuma ýene töwerege ýyglan pagtalary ýaýradyp, dykylmaly ganarlary dykyp, olary äkidilmäge taýyn edip goýan adamlara ýüzlendi.

– Bu araba näme boldukan?

– Araba-ha heniz bolubam ýok öz-ä…

– Aý, kim bilýär Sapby handyr-da…

– Ol kim han bolsa-da, öň-ä onuň beýle häsiýet-ä ýokdy.

Barybir Hanuma brigadir ýigit gelýänçä öz soragyna jogap tapyp bilmedi.

Brigadir aňyrdan gelen mahaly bolsa salamlaşylanyna mähetdel oňa ýüzlendi.

– Esen, hany bu arabakeşiň, arabaň ýok-la? – diýdi.

Esen jogap bermäge howlukmady. Ýuwdunyp ýeňsesini gaşan bolup, gowy habarynyň ýoklugyny mälim edip lapykeç dillendi.

– Aý, ýoldaş Hanuma, şonuň ertirem boljagynyň bellisi ýok.

– Hä, näme bolupdyr? – diýip, Hanuma brigadiriň gepiniň aýgydyny eşitmäge howlukdy.

– Aýtsam näme. Şura Parlaň baýyň ogly «Pagtamyzy çekere ulag gerek, bir araba ýetenok» diýse, ony şoňa berip goýberipdir.

– Ony nirden bilýäň?

– Ýaňy ýolda araba bilen gabatlaşdym. «Beýleden nirden gelýäň?» diýsem, ol keleçöw gomalyp: «Brigadir, men bu gün seniň hyzmatyňy edemok, Parlaň baýlardan üýürýän. Islesem seniň bilen gepleşerin, islemesem gepleşmesem-de bolýar» diýip, dänjiräp, şonuň pagtasyny çekip ýörendigini aýtdy.

– Biziň pagtamyz näme pagta dälmi, eýsem ol daşalmaly dälmişinmi? – diýip, Hanuma nägile bolup dillendi.

– Onçasyny bilmedim, ýoldaş Hanuma.

– Onda gidip şurany tapyp, onuň bilen gürleşseň, sebäbini bilseň bolmadymy?

– Şonuň ýanyna meni ugratmasaňyz-la: «Näme, ýüregiň ýarylyp barýamy, şu adamlar öz etjek işini bilmeýändir öýdýäňmi?» diýen ýaly bir bolgusyzyny atyp ýüregi bular. Onsuzam soňky döwürde onuň päli azyp, gygy ajap ýör – diýip, özüniň ol ýere aýagynyň çekmeýänini boýun aldy.

Şundan soň Hanuma şuraň üstüne bu mesele bilen özi gitmese, taýyn berekediň soňra-da halyndan habar alynman ýatjagyny bildi. Dogrusy, onuň özi-de Ýagdyny göreninden görmänini gowy görýänleriň biridi. Duşuşmak barada oýlanyp ugran mahaly onuň ýadyna şuranyň her gün diýen ýaly gelip, günortanlyk naharyny edinýän ýerini ýatlady. Mundan biraz demirgazygrakda Ýagdynyň gowaça gyrasynda ýörite özi üçin gurduran çatmasy bardy. Köp halatda ony gözläp, başga ýerden tapyp bolmasa-da, şol ýerden tapsa bolýardy. Hanuma biraz oýurganyp duransoň, obada bar bolsa, ýygnak beýleki diýlip çagyrylyp gitmedik bolsa, onda oňa şu ýerde duşup biljegine ynandy.

Ol: «Hökümet öz baýlygynyň beýdip pytrap, isrip bolup ýatmagyna ýol bermez… Siz badyňyzy gowşatmaň-da işläberiň, meniň özüm anyklajak bolaýyn» diýip, çetiniň gyzanyny mälim edip, zenanlarça küpürsäp ýola düşdi.

Ýagdynyň düşleýän çertegi derýanyň boýuny syryp çaran ýol bilen gönüläp gitseň, bu ýerden şeýle bir uzagam däldi, aralykdaky derýa mesände suw gaçan ýerde dörän jeňňeliň gutarýan ýerine çenli gidip, soňra onuň halka atyp ilerligine öwrülýän ýerinden ýoda bilen gönüläp, ýokarlygyna çykmalydy. Oňa barýan ikinji ýol öwrümliräkdi hem ondan gitseň, tutuş jeňňeliň töweregine diýen ýaly öwrüm etmeli bolýardy.

Hanuma zenan halyna at münüp barmagyň ýaman algyly ýaly, munuň birhili dawa salyp baran ýaly gelşiksiz boljagyny pikir edip, ol ýere öz maýdalyna pyýada ýöräp, gitmegi makul bildi. Ol gaýra ýüzdäki inişden inip, derýa boýuna ýetensoň, onuň gyrasy bilen egrelip-dogralyp, bir-de gamyş aralygynda gysylyp, ýene bir-de ýazgynlyga öwrülýän ýodany syryp gitdi. Murgap bu golaýda tolkunlaryny bir-birleri bilen ýakalaşdyryp, çolaşdyryp, öz-özünden çusluk tapyp, has çus akýardy. Öňe düşüp barýan ýoda her gezek gamyşlygyň arasyndan geçen mahaly, palçykdyr çüýrüntgi otlaryň, wagtal-wagtalam guş tezekleriniň ysy onuň burnuna gelýärdi. Gitdigiňçe-de jeňňel gujagy kapasap, dem almak barha kynlaşaýjak ýaly duýulýardy. Emma pikirinde şura bilen gidişip, oňa özüçe öjügip gidip barýan Hanuma häzir bu zatlary duýmaýardy. «Itiň işi gedaý bilen» diýlişi ýaly, häzir onuň bar pikiri arabadyr Ýagdy şura bilendi.

– Sen nätseňem arabany gaýtaryp bermel-ä bolarsyň!.. Seniň näme üçin syrtyňy bulaýanyňy bilýärin… Eýsem, men bilmän, dagy kim bilsin!? Men beled-ä saňa…

Pagta üstüne aýlanyp ýören raýon ýolbaşçylarynyň biri häzir bu ommalyşyp ýatan ganarlaryň üstünden geläýse nätjek? Olar seniň bu işiňi halap barmazlar. Häzir hasyl ýygmakda sähel bir ýerde eglençlik-ýeneki edilse, ilki seniň özüň: «Tersçil, Sowet hökümetine hyýanat ýetjek bolýaň!» diýip, gygyryp iliň zähresini ýarýaň. Barmaly pagta wagtynda harmana barman saklansa, şonda seň özüň iň hakyky tersçil bolýaň. Seni ýolbaşçylar şura diýşip götergiläp, goldap ilerleýänem bolsalar, bu ýagdaýy görseler, olar aňsat senem onsoň sylap goýmazlar. Diýlenini edip, berilmeli pagtaňy wagtynda bermeseň, olaryň ýanynda bir köpükdir seniň bahaň. Beýle ýagdaýlary göre-göre gelýäs-ä…

Emma Hanuma Ýagdy bilen pikirindäki sene-menesini tamamlamaga ýetişmedi. Ol şol barmana ýeňsesinde «güpbül-tapbyl» edip aýnabrak basylýan at aýagynyň sesi peýda boldy.

Onuň yzysüre-de at burnunyň parryldysy eşidildi. Ol ýeňsesine öwrülen wagty gözleg salyp gelýän şuranyň öz yzyndan atly ýetip gelýänligini gördi. Ýagdy Hanuma ýeňsesine öwrülenine mähetdel, tutarman bolan gumrusyny atymyna salan pişik ýaly pygylly ýylgyrdy. Soňam:

– Hanuma gelin, ýol bolsun! – diýip, murtuny sypap göwnühoş dillendi.

– Men-ä, kemsit, seniň gözlegiňe çykypdym.

– Şeýt-de birneme açylyş, how senem, öňki näzli gelinligiňe meňze ahyryn.

– Ýagdy, sen maňa düşünmediň… Hawa-da, seniňki henizem şol öňki heň…

– Ol heň köne bolsa, men ony täzeläbem bilýän… Eýsem-de, ol erbet heňem däldir… Öňler-ä sen ony höwes bilen diňlärdiň… «Ýene-de, ýene-de...» diýen pyşyrdylaryň gulagymdan gidenok…

– Ýagdy, goýaly-la şu gürrüňi, geçeni geçdi bil!

– Geçen zadyňam gaýtalanaýmasy bardyr-a–diýip, Ýagdy atdan düşdi-de, onuň jylawyny gysymlap, Hanuma onuň gapdaly bilen ýöräp ugrady.

Şonda Hanuma onuň otlukly ýalpyldap giden gözlerinde joşgunly hyrydarlyk gördi. Ýagdy şol lapykeç bolup, Hanumanyň gapysyndan gaýdaly bäri, bir amadyny alyp, onuň bilen bir çolada duşsa, gürleşesi gelibem ýördi. Ol bu gelniň özüne ýetmeýänini duýup, ony küýseýärdi. Hanumanyň garakçylaryň goluna düşüp, özüniňem ony wagtynda halas etmegiň ugruna çykman, dili kelte bolanyny ýatlap, öňki ýagdaý-gatnaşygy dikeltmegiň ugruny gözläp, lapykeç bolup gezýärdi. Häzir ol hut şol öz garaşan pursadynyň gelenine düşündi.

Bir-birleri bilen nazarlar çaknyşan mahaly, Ýagdy şapba onuň goşaryndan çalyp tutdy.

– Şura, eli goýber! – diýip, Hanuma halamazlyk bilen çytylyp, elini onuň elinden sypdyrjak bolup ýeňse tesdi.

– Goýbermeli wagty goýbererin...
– Päliňi bozma, ýoldaş şura!
– Bozuljagyny ol eýýäm seniň garaňy görenden bozuldy…
– Tizbişersiň özüň-ä…
– Şony bilýän bolsaň, onda arkan-ýüzün gaýşyp, özüňden ýetilmez menzil ýasap durmaň näme?..
– Indi meni unut, şura!
– Nädip?
– Ol öz işiň. Nädip unutsaň şeýdip unut! – Hanuma şeý diýdide, tenini gataldyp, goşaryny onuň elinden silkip aldy. Soňam yza çekilip, Ýagdy şatyrdadyp tutan mahaly agyran goşaryny beýleki eli bilen sypap durşuna nägile bolup hüjüme geçdi.
– Sen meni günüme goýmajak bolsaň, men saňa jylaw taparyn. Onsoň nädersiň, men tarapa seretmäge-de gorkup ýören bolsaň!
Emma talaply aýdylanyna seretmezden, eýýäm ähli küýi-köçesi bilen Hanumanyň höwesine berlen Ýagda bu gepiň uly täsiri bolmady. Ol häzir Hanumany öz atymyny arap ýören islegli pursadynyň gelenligi barada joşgun alma bilen oýlanýardy. Şol bir wagtda-da ol Hanumany zora tutmasa bolmajagyna, işiniň bitmejegine düşündi.
Ol Hanumanyň goşaryndan täzeden şapyladyp tutup, ony öz alkymyna çekip, gözlerine dikanlap, üstüne dyzandy.
– Menden doýupsyň-da onda. Bolup biljek zat, oňa-da düşünýän. Ýöne men nämäni pikir edenem bolsam, aramyzyň şeýle boljagyny pikir etmändim.
– Günäkär özüňsiň!
Bu sözüň aýdylyş äheňi, Ýagda az-kem-de bolsa, Hanumanyň özgerip sep berip ugranlygyny aňdyrdy. Hanuma indi ýaňky gahar bilen elini silkip, alan nägile zenan däldi. Ýagdy ikinji gezek goşardan alyp, özüne tarap çekip alanda, olaryň diňe bir nazary däl, kükrege kükreklerem galtaşdy. Ýagdynyň ýüzüne

uran gyzgyn demi, göz-açyp ýumasy salymda gelne özüniň şol öňki arzyly gujakdygyna ynandyrdy. Hanuma hemişeki ýaly Ýagdy bilen höwese berlende bolşy ýaly, guýma guşaklygynyň töweregine ýakymly tolkun çaýylyp gidenligini duýdy.

Ajymtykdan ýakymly erkek ysynyň höwesine berlip, dünýäni undup humarlanyp durdy.

– Doýanam bolsaň, men saňa bir zat aýdaýyn, şu gezek meniň badymy gaýtarma, soň men senden aýraryn öz talabymy. Şol wagtda hem Hanumanyň serke höwesine berlen geçi ýaly süňňünde maýdaja saňňyldy peýda bolup ugranlygy belli boldy. Şeýle pursatda zenan süňňi höwese berlen erkek üçin girilmegini isleýän açyk gapa öwrülýär. Şundan soň Hanuma Ýagdynyň elinden sypjak, onuň elini goşaryndan aýyrjak bolubam durmady.

Ýagdy Hanumany golundan tutup, ony gamyşlaryň gür ösen ýerine äkitdi.

Şundan soň gür gamyşlygyň arasy birsalym doňuz agnaýan ýaly, bolup hasyrdap şygyrdansoň, ol şygyrdy, hasyrdy duýdansyz başlanyşy ýaly hem duýdansyz gutardy. Birazdanam aňyrdan balagyny çekip, uçguryny daňyp, gamyşlykdan çykyp gelýän Ýagdy göründi.

Hanuma saçlaryny düzedip, geýimine ýapyşan çöp-çalam bölejiklerini aýryp, özüne tertibe salyp, töweregine uýatly garanjaklap gamşyň aňyrsyndan çykyp gelýärkä, Ýagdynyň eýýäm atlanyp, ýeňsesini tüňňerdip, hol beýleden göwnühoş kimdir biri bilen gürleşýän ýaly, ala samyrdy bolup gidip barýardy.

– Dogry-da walla, öz-ä araba aljak, alsa-da onam muzzuny bermän mugt aljak, mugt zat Buharda barmy? Alarsyň sen Ýagdydan muzzuny bermän mura-mugt araba… Ana, indi araba-da, onuň bilen alan galaň-da seniňki. Oljalanyp, ýesirlikden gaýdyp gelensoň, göwnüme bolmasa, hasam tagam tapyp, süýjänem ýaly bu heleý…

* * *

Sowetler ýurdy eýemsirenip, hökmürowanlyk bilen, ony öz isleýişleri ýaly dolandyryp ugransoňlar, olardan elheder alyp, ýamandan ýaý boýy edilip, halkyň köpçülikleýin çekilen ýerleriniň biri hem Tejen aýagy bolupdy.

1932-nji ýyla çenli ol öwre eýýäm müňlerçe tozguna düşen maşgalalaryň gaçybatalgasydy. Ol milletiň «Sowet başdan sowulaýmazmyka dert bolup?» diýip, inçejik tama bilen soňra ýene dolanyp, obalaryna barmak islegi bilen göwün ýüwürdip ýaşaýan ýerine öwrülipdi. Emma näçe garaşylsa-da, Sowetleriň hökmürowanlygy onlarça ýyllaryň geçenine seretmezden henizler bolubam milletiň başyndan sowlar ýerde sowulmandy, ind-ä ol asla sowlarly hem däldi. Gaýta Sowetler indi barha pugtalanyp-berkemek, hökmürowanlygyny artdyrmak bilendi. Halky eziji synpa, basmaçy kulaga bölüp, ony yzarlamasyny öňki hörpünde zalymlyk bilen dowam etdirýärdi.

Tejen aýagynda bir ýanyny guma sanyp oturan maly-ýenekisi bilen mydar edýän millet örän ýiti iýmit-suw ýetmezçiliklerini başdan geçirip horlanýardy. Ýagdaý nähili-de bolsa bir çykalga gözlenilmegini talap edýärdi. Halk özüni bu agyr ýagdaýdan alyp çykjak, Görogly sypat bir serdar gözlegindedi.

1932-nji ýylda Tejen aýagyna ýygnanan milletiň öňüne düşýän adamlaryň arasynda maslahat bolup, ähli hal-ýagdaýlary ölçäp-döküp, «Essiň barka etegiňi ýap» edip, nädibem bolsa bu ýerden, Owgana aşmagyň gamyny etmeli diýen karara gelindi. Ýol örän hatarlydy. Köpleri şu oýlandyrýardy.

Halkyň başyny jemläp, onuň garamatyny öz başyna alyp biljek serdar gerekdi. Hany bu dara-direlikde olary nireden aljak? Ozal beýle adamlar il içinde bar-da bolsa, bolşewik gelensoň, onuň bilen atyşyp, çapyşyp, türmelere gabalyp, olaram duw-dagyn bolupdy. Olaryň diňe bir bölegine gaçyp-sypyp, Eýrana, Owgana aşyp, başyny gutarmak miýesser edipdi.

Şol halkyň tama baglan arka tutunmak isleýänleriň birem irgözinden Hojaguly han bilen Owgana aşyp ýetişen Annaguly

handy. Şeýlelik bilenem «Gelip bizi Owgana aşyrsyn!?» diýlip, Annaguly hana bu ýerden halkyň adyndan ýörite habar gönderildi.

Emma Annaguly han il garmatyny boýnuna almagy başda birbada göwnemedi. «Adamlar, bolşewik häzir güýçlendi. Ol sizi orup-çapsa-da, çagalaryňyza-ha degmese gerek. Siz ulular, ondan heder edýänler, gaçyp öz başyňyzy gutaryň. Iki-ýekeden gaçsaňyz, häzirem serhetden geçmäge mümkinçilik bar!» diýip, şol bir cözüni gaýtalap arkan gaýşyp oturdy.

Töwella-tagsyryň oňa täsir etmeýänini görüp, Ahaldan gelen adamlar şonda ony namartlykda aýypladylar.

– Halkyň-a onda yzanda-çuwan bolup, barara ýer, batara köl tapman otyr, senem bu ýerde gorkup, samahyllap, akyl satan bolup otyrsyň. Bizi halk seniň yzyňdan hil bir adam hasaplap, akyl soramak üçin däl-de, «Annaguly serdary getiriň, şol gelse, özi ýol keser!» diýip ugratdy.

Şu gepden soň ol gelen adamlaryň Annagulynyň hut tutmaly namys damaryndan tutandyklary belli bolupdy. Ol:

– Bolýar, şu başy Alla il üçin alýanam bolsa alsyn. Halk üçin atlanyň, men siziň bilen! – diýip, döwletli gürrüň tapypdy. Bu habary eşiden Jüneýit han hem il öňüne düşüp biljek, halky aman-sag Owgana aşyryp biljek adamyň tapylandygyna ynanyp, şu pursatdan peýdalanmany makul tapypdy. Jüneýit hanyň Owgana aşaly bäri bu ýerdäki teke-türkmenleriň öňüne düşýän hanlaryň arasyndan Annaguly hana ozaldanam syny oturyp ýördi Şonuň üçinem halkyň ony çagyrýanyny eşiden wagty: «Çagyrylýan bolsa, ilem ony tanaman çagyrýan däldir» diýip, o-da Annaguly han dogrusynda halkyň gelen netijesini öz ýanyndan makullapdy.

Atlylar Ahala ugramazdan öň Jüneýit Annaguly han bilen duşuşdy. Onuň bilen ikiçäk oturyp, maslahaty çaý başynda urdy. «Meniň özüm indi köpden bäri halky Sowetiň ganly penjesinden alyp çykyp biljek adamyň gözleginde-de bolup, kimiň ýakasyndan tutjagymy bilmän ýördüm. Mümkin bolsa, başardygymyzdan

halkymyza kyn gününde hemaýat etjek bolmaly, biziň ilimizden ileri nämämiz bar!?» diýdi.

Annaguly hanyň bu ýumşa gitmegini oňa göwnüýetijilik bilen belledi: «Seniň bu ýumşa gidýänligiň gowy zat, ol ýerden halky ugurtapyjylyk, seresaplyk bilen hamyrdan gyl sogran ýaly edip alyp gaýtmak gerek. Onam sen başararsyň…»

Jüneýit han ýaly gaýduwsyz, mertebeli adamdan bu sözleri eşitmek şonda Annaguly hany hasam ekezlendiripdi. Ugradanda Jüneýit hanyň ahuny bilen beren ak patasy hem onuň bu hatarly işe ýüregi togalamagyna medet beripdi. «Bu gaty kyn hem sogap iş!» diýip, onuň aýdan makullaýjylykly gepi hem ýadynda berk galdy.

Bu duşuşyk ol ýerde bolan maslahatdaky oýlanyşylan zatlar, Annaguly hana özüniň kimligini ýatladyp, soňam onuň kalbina medet berer.

Jüneýit han Annaguly hana öz tarapyndan ýoldaş edip, Tagan zabuny bäş-alty atla baş edip goşdy. Tagan zabun biri gitse, bu ýumşa gitmeli adamlaryň biridi. Onuň ol ýerde gol doly maşgalasy galypdy.

Jüneýit hanyň 1928-nji ýylda Atabaýewiň ýanyna giden wekilleri: «Gaýgysyz: «Men indi kömek edip bilemok, öz najatyny özi görsün!» diýýär» diýip gelensoň, ol gyssagly goşuny daňyp, öz oturan guýusynyň başyndan göterilip, Eýrana aşmak bilen bolupdy. «Ýolda bolşewigiň guran halkasy bardyr, yzyma düşüren bolup ähli halky gyrdyraýmasam ýagşydyr» diýibem, ol näme bolsa bolar-da diýen pikir bilenem, ýanyna öz diňe has ýakynlaryndan bir toplumyny alyp, şolar bilen göç edipdi.

Han ýola çykanda, eýer üstünde dyzmaç atyň jylawyny çekip oturyşyna Tagan zabuna:

– Inim Tagan, sen-de agaň töwereginde bolsaň, gowy boljak! – diýipdi.

Maşgalasy goňşy guýuda oturan Tagan zabuny bu sözler dessine ozalky ýurtda galmak niýetinden dändiripdi. Ol göwünjeň:

– Baş üstüne, han däde! – diýip, ýeňsesine-de gaňrylyp seretmän, onuň yzy bilen jylaw deňäp duran ýerinden atlanyp gaýdan adamdy. Ol bu ýere gelip, ýerli zenanlarynyň birine öýlenenleriň biri bolsa-da, onuň ýüregi hemişe ýurtdaky şol goňşy guýuda galan maşgalasyndadady.

Jüneýit han ýat ýurtda özi bilen bir ykbaly bölüşip ýören türkmen hanlarynyň köpüsine beletdi. Agzybirlik üçin olar bilen, mümkin boldugyndan, hemaýat-hormatda bolup, aragatnaşyk saklamaga ymtylýardy. Hojaguly han, Annaguly han dagy onuň ozaldan tanaýan serdarlarydy.

Şeýle-de tejenlileriň öz hanlaryny arka tutunyp: «Bizi ýanyňyza göçürip äkidiň!» diýip gelmekleri Jüneýit hanyň çöl içinde galan öz adamlaryny ýene bir gezek ýada salmagy bolupdy. Ol ýerde çöl içindäki guýularyň töwereginde galan, Jüneýit hanyň tarapynda bolşewik bilen barlyşyksyz söweşler alyp baran, indem iki tarapyny deňläp, Sowetleriň gabawunda kyn ýagdaýlarda alaçsyz ýaşaýardylar. Ondan delalata tamakin bolşup mahal-mahal: «Han däde biziň aladamyzy etmejekmikän, onuň gitdigi hemişelik gitdigi boldumykan, indi biz şeýdip, başsyz-döşsüz başa gelenini çekip ýörmeli bolarmykak?..» diýen ýaly habarlar han yzyndan gelip durýardy. Onuň öňem ogly Eşşi hany «Serdarlaryň ýene birki sanysy bilen ol çölde galanlarynyň yzyndan iberäýsem näderkän?.. diýibem ýördi. Sowetiň nirede bir serhediniň gowşagrak ýeri barkan?» diýip, oý eden döwrem az bolmaýardy.

Annaguly hanyň yzyndan gelinmegi bu Juneýit hanyň gapdalyndan göç geçirmek bolanlygy belli boldy. Bu onuň indi köpden bäri gözläp, jogabyny tapman, kösenip ýören meselesidi.

Şonuň üçinem ol Annaguly hanyň Watana gitmek, göçe baş bolmak bilen bagly matlabyny höwes bilen makullady.

Watanda galan halky Owgana aşyrmagyň ugruna çykan Annaguly hanyň ýolbaşçylygyndaky topar şondaň soň iki-üç

günden Allany çagyryp ýola düşdi. Barýanlaryň hemmesiniň kalbynda Watana barylýandygy bilen, birki günden Watan demininiň ýüzlerine urjaklygy bilen bagly kalba ynam, kuwwat berýän ýakymly duýgular bardy.

Bäpbe-de şonda Annaguly han bilen onuň aladasynyň bir ýanynda durmak üçin atlanan az sanly adamlaryň biri boldy.

Tejen töwereginiň gum içindäki halkynyň Owgana aşmak bilen baglylykdaky esasy silkinmesi Annaguly han bu ýere geleninden soň başlandy. Annaguly hanyň özi Ýolbarslydan uzaga gitmese-de, indi onuň adamlary atdan düşmän diýen ýaly il arasynda aýlanyp habar ýetirip, habar alyp, wagyz işlerini geçirip, özleriniň halky Owgana aşyrmak üçin gelendiklerini aýdýardylar. Millete Owgana geçmek meselesini ýatladyp, ýörite il çakylygyna hossar çykyp gelenligini aýdyp, çöli aýlanýardylar.

Annaguly han ýanyna gelenlere:

Adamlar, göç-gon bilen bagly mesele ýöne mesele däl. Göçmejege zorluk ýok, häzir pursat barka ýakynlaryňyz bilen gowy akyllaşyň. Owgan hökümeti biziň biçäre ýagdaýymyza düşünip, öz musulman doganlarymyz – diýip, töwereginden özüne edilýän basyşlara gulak gabartman, zor kömek edýär. Türkmenler ol ýerde ýene birneme köpelen ýagdaýynda emir ýurduň bir welaýatyny biz türkmenlere berjekmişin. Hanymyzam öz türkmenimiz Jüneýit han bolýarmyş. Sag-aman aşyp bilsek, gün-güzeran aýlara ýagşy mümkinçilik bor diýip tama edýäris. Umyt-höwesde bolup ýörüs. Onsuzam bolşewik sizi bu ýerde tirsekläp, günüňize goýar öýdemzok. Eýýäm Ahal-Marydan telim bir otly kerwen edilip, adamlar sürgüne ugradylypdyr. Sizem ony eşidensiňiz. Äkidiljek adamlary eltip, çagalary bilen bygladyp, Tejen wogzalynyň gapdalynda bir jaýa gabapdyrlar, soňam olary magunlary getirip-de, dykyp başlapdyrlar, mal-hal ýaly edip şoňa. Daşhowuzly ýomut garyndaşlary bolsa, gämilere salyp, Dörtgül diýen ýere ertip, ondanam, aňry Ukrain diýen ýere äkidenmişler. Indi olaryňam gitdigi gitdigidir. Gaçyp-sypyp birki sanysy

bolaýmasa, yzyna dolanyp geljegi ýokdur–diýip, özüçe wagyz edýärdi.

Tejen töwereginiň adamlary Daşhowuz tarapynda näme-nämeleriň bolup geçýäninden habarsyz bolsalar-da, öz töwereklerinde bolýan-goýýan zatlaryň welin köpüsinden habarlydylar. Ýakynda sürgün edilenleriň arasynda dogan-garyndaşlary gidenlerem bardy. Onsuzam bolşewigiň soňraky turuzýan oýunlary baradaky howsalaly myş-myşlar il içinde barha örç alýardy.

“Bolşewik goşun çekip gelip, gum içinden oturan obany basmaçy diýip pilmuta tutup gyrypdyr, olaryň kellesini kesip, halta salyp, öz ulularyna ugradypdyrlar. Goňşy obadan Tejene baryp alnan kelleleň dökülen çukuryndan öz garyndaşlarynyň kellesini tanap alyp gaýdanlaram bolanmyş» diýlip gürrüňler edýärdiler. Şu döwürde gyzyllaryň adamlarynyňam bolşewikden elheder alyp, çöle gaçan, alysa çekilen adamlaryň ýanyna gatnap, göçmezligi wagyz edýänleride bar eken. Garasaý, olaram halkyň göçme hyýaldygyndan habarly bolmaly-da. Habarly bolman näme haýsy ýerde, onda-da häzirki döwürde olaryň «göz-gulagy» ýokmuşyn?

– Gepe gidip, oýan-buýan göçäýmäň! Aldanarsyňyz, gowusy oba geliň-de, kolhoza giriň! Täze hökümetiň degirmenine suw guýsaňyz, birde bilmese-de, birde bahaňyzy biler. Gyzyllar örän tutumly döwlet gurýar. Türkmen-de özüne birikdirip döwlet döretdi, oňa-da baş edibem öz oglanymyz, Täçgök serdaryň ogly, syçmazdaky Agažan serdaryň inisini baş edip goýdy. Pyçak öz gynyny kesmez, bir ýerde bolmasa, başga bir ýerde nepi deger, orsa dilini düşündirip, ilniň arkasyny alar–diýip, beýleligine wagyz edýärdiler.

Gapma-garşylykly galagoply habarlar köpelip, halkyň howsalasy  günsaýyn artýardy. Täze hökümetiň goluny çermäp, halkyň kastyna çykanlygyna ynanýanlaryň sany gün-günden

köpelmese, azalmaýardy. Adamlaryň aňynda bolşewigiň görenini çapyp, tutup, basyp mynjyradyp ýören äpeň-säpeň-wagşyýana döw sypaty bardy. Halk bolsa şol döwüň eline düşmejek bolup, nirä gitjeklerini bilmän, onuň gazabyndan gizlenmäge ýer gözläp, aljyrap, çar ýana urnuşyp gaçyşyp ýörene öwrülipdiler.

Annaguly han gelşine bu ýerdäki ýagdaýlara tiz göz ýetirdi. Owgana aşmaga döwtalap adamlaryň sany bolsa, onuň adamlary il içinde aýlanany bäri, hasam artypdy. Şol bir ilde owgana aşmak üçin taýynlyk işleri hem başlanypdy.

Bu ýyllarda halk Sowetlerden başyny gutarmak üçin oturymly ýerlerden gaçyp, çölde-kölde selbe-sel bolup ýaşaýanlygy üçin, onuň ekin-tikine oňly mümkinçiligi ýok diýen ýalydy. Hemişeki Tejen topragynyň giň giden meýdanlarynda göz guwandyryp, ygşyl atyp oturýan bugdaýy hem indi telim ýyldan bäri gözden uçupdy. Şonuň üçinem nan ýetmezçiligi onda häzirki ýola näme alarkam diýilýän döwürde diýseň ýiti duýulýardy. Adamlar nanyň ýerini tutjak höregiň ýokdugyny bilseler-de, ýanlaryna gowurma gowrup almaga çalyşýardylar. Ýolda onuň suwsadyp, suw talap boljagy ýatlanylyp, duzy ýetmedik gowurmanyň tagamynyň bolsa o diýen bolmaýandygyna seretmezden, ony ýuwanrak duzlap, ýanlaryna köpräk almaga çalyşýardylar. Aýallar ýerli-ýerden ýola alynjak zatlary unudyp, soňra «wah» diýmezlik üçin öwran-öwran goşlaryny jemläp gözden geçirýärdiler.

Süýdi çekize, gurt edip, gawuny toşap, sök edip ýolda nan ornuna ulanyljak iýip-içiljek zatlaryň aladasy hasam ykjam edilýärdi. Suw salynjak meşikler, tulum ýaýlyklar, geýiljek geýim-gejimler ýuwlup, çatylyp, ýamalyp täzeden gözden geçirilýärdi.

Töwekgelçilik bilen halk melamatyny başyna alan Annaguly han öz tutan işiniň ýagdaýyny ugralmazyndan öň «Maslahatly biçilen don gysga bolmaz» diýip, ýerlere atly iberip, il içindäki belli-belli adamlary öz ýanyna ýörite maslahata çagyrdy.

Bu onuň ýoluň hatarlydygyny ýene-de bir gezek aýdyp, bu işi başyna almak bilen özüniň borç-ynanjynyň, halkyň öňündäki

jogapkärçiligini ynamdar adamlaryň öňünde ýene bir gezek nygtamagy boldy.

Maslahata gelen taýpa wekilleri Annaguly han üçin dikilen giňiş öýüň içindäki ojagyň töwereginde döwre gurup oturdylar. Geläýmeli adamlaryň gelmedikleri-de bardy. Şolaryň biri-de agalaňly, şol döwürde belli bolan adamlaryň biri Agdarhan Potrady. Garma dony ýelbegeý alyp oturan Annaguly hanyň gapdalynda iki-üç adamdan daňlyp ýasalan ýaly bolup, gerdenlek Goşa pälwan düňderilip otyrdy. Ol il içinde ýolbarslyň jeňňelliginde goşaryna ýüp sarap, gerek bolanda ony ýolbarsyň agzyna berip, tutluşyp alan adam hökmünde tanalýardy. Oňa näme etmelidigini, nirä gitmelidigini görkezseň bolany-dy, işiň bitmän galjak gümany ýok hasap edilýärdi. Galan zadyň çäresini özi tapýan adamdy. Geljeklere garaşyp mesawy gürrüňe berlişip otyrkalar Annaguly han mahal-mahal ter gara sakgalyny sypalap, aňynda töweregindäki adamlar barada, özüne belli zatlaryňam birnäçesini oýlap, ýöriş mahaly olaryň haýsysyny nirede ulanyp biljegini oýlaýardy. Onuň sag gapdalynda Dolak serdar otyrdy. Garrapdy, elbetde. Ol orsy ýaňy görmeli däldi. Orus topy-şemhaly bilen Gökdepe galasyny gabap ýatan günleri, o-da özi ýaly il gödekleriniň biri bolup, tutara zat bolmasyn diýip, ýalaňaç endamyna ýag çalyp, gije duşman üstüne gylyç gemrip alamana gidenlerdendi. Bu hüjümi ýatlan mahaly Annaguly hanyň ýadyna, soňra şol döwür rus esgerleriniň birinden eşidilen, türkmenlerde buýsanç duýgusyny döreden waka bolupdy..

...Orus esgeri süýji ukuda ýatyrka birden olaryň biriniň burnuna, özem gaty golaýdan ýüň ysy gelen ýaly bolup duýlupdyr, onýança-da onuň burnuna bir ýakymsyz ýumşak zat, mylk edip galtaşyp geçipdir. Ynjalygy gaçan esger, bu nämekä diýip, ýatan ýerinden elini uzadanda ol ýumşak zat onuň penjesini doldurypdyr. Gözlerini ýalpa açan mahaly ol bir ýalaňaç adamynyň pyçak dişläp, ofiserleriň ýatan tarapyna düýşde görlen deý emedekläp-

däbenekläp barýanyny görüpdir. Esgeriň mylkyldap, eline ilen zat bolsa, onuň aşagynda sallanyp barýan inegi bolup, ysam şonuň töwereginiň tüý-emiz ysy eken. Gorkudan zähresi ýarylan esgere şonda gözlerini täzeden ýumup, uklan bolaýmakdan başga alaç galmandyr.

Bu wakany Dolak serdary görüp, ýene bir gezek ýatlamagy Annaguly hanyň seýrek ýylgyrýan ýüzünde duýlar-duýulmaz gönençliden ýaňsyly ýylgyrmanyň döremegine sebäp boldy. Soňra onuň ünsüniň düşeni gapyň çep böwründe Gökjeden gelen Burduly mergen bilen käte goňşularça gep alşyp oturan Rah kämil boldy. Ol il içinde haýyş edilenligine seretmezden, tekäniň hanlygy berlende ony almakdan boýun gaçyran Orazmämmet hanyň neberesi hökmünde tanalýardy. Has-da ol bir gezek gyzylbaş dökülende eden öz hereketi bilen tapawutlanýardy. Bu waka onuň ederini bilýän adamdygyny görkezipdi. Halk şol gezek ýagy dökülende gaçyp toraňňy jeňňeline urup, gaça urşupdyr. Marydan goşun kömege gelmegi eýýäm ili oljalap gitmekçi bolup oturan gyzylbaşlar üçin garaşylmadyk ýagdaý bolýar. Soňra türkmenlere derek olaryň özleri gaçyp, jeňňele urmaly bolýarlar. Gaçan gaçyp, ölen ölüp, soňra halk uruş bolan ýerlere gözden geçirip, olja tükellläp ýörkä, Rah kämil bir toraňňynyň gapdalynda ýatan, halsyz, geýnüwli bir gyzylbaşyň üstünden barýar. Haçanda Rah kämil ahmal galmazlyk üçin ýaraga ýapyşanda gyzylbaş özüni öldürjek bolýandyr öýdüp oňa ýalbarýar.

– Meni öldürme! Men serbaz başylaň biri, gala hanynyň ogly.

Meni başga birlerine-de öldürtme, hossar çyk, sag-aman ýurduma aşyrsaň, hezzet-hormatyňy ýetirin! – diýýär. Nebsiň agyrmaz ýaly hem däl eken, ol halys tapdan düşüp, haly harap eken. Rah kämil gije gizlin ony öýüne ertip, birnäçe gün seredensoň, ol biraz özüni dürseýär. Şundan soň Rah ony özi bilen gizlin Eýrana aşyrýar. Ol Rahy myhmanlap hezzet-hormatlaýar, oňa köp altyn kümüş bermekçi bolýar. Emma Rah şol galada bäş-alty türkmeniň



*25

bendilikde saklanýandygyny eşidýän eken. Ol bu zatlaryň deregine handan şolary sorap alýar we getirip iliň alkyşyny alýar. Kämil lakamy esasanam şondan soň, onuň adynyň yzyna hormat bilen goşulyp ugralypdy.

Agdarhan Potranyň geldi habary Annaguly hanyň töweregi baradaky edýän pikirini böldi.

Dogrusy, Annaguly han şu pursada çenli Agdarhan Potranyň Sowetler tarapyndan tirseklenip, çöle çykmaga mejbur bolanlaryň biridigini bilse-de, ýöne onuň maslahata gelip, göçe goşulmakçy boljagyna şeýle bir ynanyp barmaýardy. Ol Sowetde pylankes bolup, onuň duşmanlaryna garşy gyzyl komandir bolup ýören, hyzmat görkezip, hut Wladimir Leniniň öz elinden «Gyzyl Baýdak» ordenini alan Annamyrat Potranyň agasydy. Olaryň köpden bäri biri-biri bilen alagözdüklerini bilse-de, iş gyzza-gyzza gelende «Dogana toba ýok, ýamana oba» diýleni bolup, iki doganyň düşünişip, Annamyradyň gerek bolsa abraýyna leňňer berip, agasyna eýe çykmagynyň mümkindigini pikir edýärdi. Annamyrat Potranyň gelmegi belli bir derejede ýagdaýa aýdyňlyk berdi. Annaguly han göçi bilniksizden ümsüm-kümsüm Sowetleriň ünsüne düşmän, hamyrdan gyl sogran ýaly seresaplyk bilen alyp gitmegi niýet edinýän-de bolsa, ýöne göterilip gitjek millet görünmän, baýyr-depelere bukulyp, jülgelerde ýitip giderden has uly boljakdy. Şonuň üçinem ýol boýy öňde boýugan garşylyklary, ähli päsgelçilikleri ýeňip geçip, gerek bolanda gaýduwsyzlyk görkezip ýöremeli boljakdy.

Salam-helikden soň Agdarhan hem ojagyň töwereginde ornaşdy. Maslahat başlandy. Annaguly han oturanlara, maksadyny aýdyp, köpçülikden makul tapansoň, ýol şaýyny tutmagyň, halkyň ýany bilen götermeli azyk-suwlugynyň, ýöriş tertibiniň alada-maslahaty edildi. Bar bolan ýaraglar, onuň yzynda durjak adamlar hasaba alnyp, gerek bolanda bir-biregiň dadyna ýetişmeli, göç goragynyň esasy ýolbaşçylary anyklanyldy.

Annaguly han şeýle-de kethudalara özleriniň ýeke däldiklerini, gum içinde han Jüneýitden galan ýomut göçüniňde özleri bilen gidýänligini aýdyp, göçde ýaragly adamlaryň ýetik boljagyny ýatlatdy. Iki güýç birigende duşmana onuň öňünde durmagyň ýeňil bolmajagy tama edildi. Annaguly han heniz Owganda mahaly Jüneýit han bilen maslahatda bişirişi ýaly, iki güýç bolup goşulyşyp, gerek bolanda milleti gorap biljek güýje öwrülip hereket etmelidi. Şonuň üçinem ol, onýança ýomut garyndaşlaram gelip ýeter diýen pikir bilen, öňdäki çarşenbäni umumy il bolup göterilmeli göç güni diýip belledi. Oňa bolsa, bary-ýogy, üç gün bardy. Maslahatdan soň Annaguly han öz adamlarynyň birnäçesini eýýäm ýoldadyr diýip, çak edýän ýomut göçüni garşy alyp, olary biraz gyssamak üçin, Tagan zabunyň üstüne atly iberdi.

Owgana aşyp-aşmazlyk häzirki döwürde onlarça ownukly-irili adamlaryň, özleri bilen bagly hem bagly bolmadyk, emma belli bir derejede wagta görä arabaglanyşygy bolan ýagdaýlar bilen baglydy, ol bolsa batga bolup, kem-kemden özüne sorup barýan ýaly, ýene bir-de bolsa, niredendir bir ýerden kömek ýetişip, ähli zatlar şondan soň ýaz gelendäki ýaly, öz-özünden gowulyga öwrülip gidiberjege meňzeýärdi.

Eýýäm ahy-nalalar asmana göterilip, sürgüne ugradylýanlaryň derdinden: Workuta, Ýakutsk, Ukraina, Gazagystan, Özbegistan... aralygyna-da türkmenleriň ajy gözýaşlary seçelenýärdi. Türkmenistan şagal giren towukketege dönüpdi. Ýurtda galanlar bu apatyň öňünden bir salymlygam bolsa sowulmak isläp, elewräp, elenip çykalga gözleýärdi. Şonuň üçinem şu pursatda «Ili Owgana aşyrjak» diýip, Annaguly hanyň bir bölek atlysy bilen gelmegi, gark bolup barýan halka: «Al, ýapyş!» diýlip, gapdaldan gelnip, gol uzadylan ýaly hemaýat boldy. Halk tama bilen gobsundy. Maslahatdan soň Annaguly hana Ahal iliniň Tejen töwereginde jemlenen bosgunlarynyň Owgana aşmaklyga göwün togalanlygy belli boldy. Onuň özi-de bu halky sag-salamat, abraý bilen Owgana aşyrmaga uly itergi berdi.

Şeýdibem, Annaguly hanyň göçe baş bolmak üçin saýlanyp alynmagy halkda uly goldaw hem ynam tapdy. Il içinde Annaguly hanyň häzirki döwürde ile gerek şol ýeke-täk serdar oguldygy barada tamaly gürrüňler edildi. Onuň çawy az salymda obadan-oba, guýudan guýa ýaýrady. Annaguly hanyň adamlary indi mümkin boldugyndan halky bir ýere jemlemek üçin, at derini sowatman, ýerlere aýlanýardylar. Olaryň aýdýan gepleri şeýle ýagdaýy köpden bäri küseýän adamlaryň gulagyna adam gepi däl-de, Taňry hikmetli Ýagşyzadalaryň agzyndan çykan keramatly söz ýaly eşidilýärdi. Hemmeleriň Owgana aşmagyň häzirki agyr, hatarly döwürde şeýtmegiň ýeke-täk çykalgadygyna ynanasy gelýärdi.

Halkyň, nirädir bir ýere göçmek niýetiniň barlygyny azda-kände aňýanlaryň biri-de Tejen raýkomynyň jogapkär işgäri Çary Permandy. Şeýle-de ol Tejen öwresiniň adamlarynyň bölünmezliginiň tarapyndady, «Türkmene öz watanyndan ileri ýer bolmaz» diýip, pikir edýän we muňa özi ynanýan halkyň janköýerleriniňem biridi.

Näme etmeli? Döwrüň bu soragy wagtal-wagtal ýagdaýa görä biraz üýtgedip, ýene-de halkyň öňünde goýanlygy belli boldy. Ilkinji gezek halk bu soragy öňki asyryň 80-nji ýyllarynda Orta Aziýa topraklaryny yzly-yzyna basyp alyp gelýän rus goşunlary Gökdepe galasynyň etegine gelende özüne beripdi. Halkyň öňünde «Ýurdy söweşsiz berip, duşmana tabyn bolmalymy ýa-da uruşmalymy?» diýen mesele keseripdi. Şonda duşman güýjüniň galadygyny görüp, oňa garşy durmagyň halky agyr gyrgynçylyga bermek boljakdygyny ýatlaşyp, Orazmämmet serdar başlyklaýyn: «Galany söweşsiz berip, gyrgynçylykdan halas bolmaly» diýen pikiri öňe sürenler bolupdy. Emma muny Gökdepe galasyny goraýjylaryň ikinji topary makul tapman: «Başa gelenini görmeli, duşman bilen söweşmeli» diýen karara gelipdi. Bu pikir şonda halkyň köp böleginden goldaw tapypdy. Ilkinji pikiri öňe

sürüp, duşmandan gorkan ýaly görnen Orazmämmet serdara şonda: «Teke, men seniň üçin öz gara başymy bermäge hemişe taýyn. Emma gyrlarsyň, gaty gyrylarsyň, şondan howp edýän» diýäýmekden başga alaç galmandy. Soňra Orazmämmet han hem galany mertlerçe gorap, onuň üçin baş goýan adamlaryň biri bolupdy. Çary şol Orazmämmet serdaryň inisi Permanyň agtygydy.

Wagt bir mahalky onuň mertebeli agasynyň öňünde goýan «Nätmeli?» diýen soragyny bu gün indi onuň öňünde hem keserdip goýupdy.

Çary Perman bu günler halkyň bir gozgalaňa düşenini aňyp, Sowetiň atlylary bilen oturymly ýerlerden gaçyp çölde guýularyň, källeriň töwereginde ýaşap ýören adamlaryň arasyna baryp, olara göçmezligi wagyz edýärdi.

– Göçäýmäň onuň, munuň gepine gidip, obalara gelip kolhoza giriň. Hiç ýerde öz ýurduňyzdan gowy ýer tapmarsyňyz. «Towşana dogduk depe, doňza porsy batga» diýlenidir. Gidenlerem ol ýerde oň gün görýändir öýtmäň!

Adamlar ony diňleseler-de, bolşewigiň işan-mollany, iki-üç mallyny baý diýip, hiç kimi aýap goýmaýanyndan habarly bolansoňlar, onuň sözlerini juda bir alga-da alyp barmaýardylar. Ony ýolbaşçylaryna: «Çary Perman halkyň dilini tapýar» diýdirmek üçin, agzynda aş gatykladýan hasap edýärdiler. Onuň bolup ýörşüni möjek bilen dost bolan geçi baradaky ertekidäki, öz janyny goramagyň ýoluny tapan, şol gär geçä meňzedýärdiler.

...Ertekide öň aýagynyň yzyna düşüp, çete çykan geçi bir möjege duşýar. Munuň ýaly çola ýerde duşsa, möjek seni sypdyrýarmy? Dessine iýjek, ganyňy ýalap toý etjek. Geçi-de muny dessine aňýar, o-da öwrümsiz goýun däl, şeýtanlygam bar. Ol gaçaryny aldyranyny duýup, dessine öz ýalňyşlygyny düzetmegiň ugruna çykýar. Möjege:

– Möjek ýegen, sen meni iýmäge howlukma! Iýjek bolsaň, gaty geçini haçan iýeňde bolman dur. Ýöne semizliginden ýaňa zordan ýöräp maňraşyp ýören goýunlar bar, sen şolardan iýmeli, heziller edäýersiň! – diýýär. Soňam ol möjege şol goýunlary yzyna düşürip, sürüden azaşdyryp, guýruk gapmaga amatly edip, atyma getirip bermäge söz berýär. Bir başa derek telim başa eýe boljak bolup durka, itlerden çekinip, sürä golaý baryp bilmän ýören möjek munuň ýaly utuşly hezilik tapsa, ol eýsem geçä «hä» diýmezmi?

Geçi şundan soň sürä gaýdyp gelip, möjek bilen dilleşişleri ýaly her-haçan ol süriniň golaýyna gelip uwlanda öz töweregindäki goýunlara «Ol ýerde has tagamly ot bar» diýip, aldap çete alyp çykypdyr. Şeýdibem ol hyzmat baryny edipdir oňa.

Çary Perman hem şu döwürde halka şol ertekilerdäki geçini ýatladýardy. Şonuň üçinem halkam gönüläp oňa ýok diýmezden o diýdigim, bu diýdigim däl diýen ýaly başdansowma jogaplar berýärdi.

– Göçmeden bizar.

– Bolşewik bu ýerde ýaşamaga ygtyýar etse, oňa ýetesi zat barmy?

– Öwrenişen ýeriň ýalam bir zat bolarmy? «Ýaryndan aýrylan ýedi ýyl aglar, ýurdundan aýrylan – ölinçä» diýilmänmi näme?

Her gezek wagyzçylaryň garasy saýlanansoň, bu gürrüň dessine il içinde başga öwrüm alardy:

– Hä, gör munuň diýýänini. Sowetler öň-ä depip-gapyp başa oýun baryny getirdi. Indi oňa biz gerekmişik. Gerek bolsak, öň näme işlänmiş ýagdaýa görä bolýanlarynda bolmadymykan? Geçiniň yzyna düşüp barsak, ol ýene bizi parçalar – diýşip, ätiýaçly gürrüňler bolýardy.

Bäpbe gelen gününiň ertesi göçmek habaryny ýetirmek üçin, Agalaň töweregine gitmäge döwtalap boldy. Bäpbäniň çagalary, garyndaşlary şol töwerekde bolmalydy. Bu ýerde oňa indi

bireýýämden bäri maşgala durmuşy bilen bagly garaşylmadyk ýagdaý-da garaşýardy. Ilki başda gaçylanda onuň agasy öz toparlarynda bolan-da bolsa, ýaňy-ýakynda ol Çary Permanyň hajyk-hujugyna ynanyp, yzyna oba göçüp barmakçy bolupdy. Elbet-de, ol özi bilen inisi Bäpbäniň hem maşgalasyny äkitmekçidi. Emma ol ýere barsa: «Galtamanyň maşgalasy» diýlip, özleriniň tirseklenjeklerini pikir edýän Bäpbäniň aýaly gaýynagasy bilen ol ýere gitmegi göwnemändi. Eltisine:

– Enesi, siz gidiberiň. Biz entek ýüwrüjiňiziň özi gelýänçä, şu golaýda bolaýsak kem bolmaz. Soraman göçüpsiňiz diýmesin. Siz baryp ornaşyberiň hany! – diýipdi.

Bäpbe Sowetler bilen bir-iki çaknyşan adam däldi. Ol çaknyşa-çaknyşa ýaşaýardy. Onsoň onuň maşgalasy eline düşse, Sowetleriň äjinnesiniň atlanjagynyň gümany ýokdy.

Bäpbäniň gelnejesi bolsa Çary Permanyň daşkyrak garyndaşy bolup, her duşanda ony: «Dogan jan» diýip, hossar tutunyp, eýemsirenip gürlärdi. Sowetiň ynamdar adamlarynyň biriniň ejizi-dözmezdigine ynanyp, oňa buýsanýardy. Olar Çary Perman ikinji gezek yzlaryndan gelensoň, göçüp gidipdiler.

Bapbä gökden düşen ýaly bolup gelen güni bu zatlary aýaly oňa gürrüň berdi. Bir aý bolup bolmanam, öýünden «Gurhan» tapylyp, maşgalasy bilen zir-ziwan edilip, Tejen şäherine ertilip, ol ýerden sürgün edilendiklerini aýdyp berdi. Bäpbe aýalyny diňläp, agasynyň öz maşgalasyny hossarsyz goýanlygy üçin, ondan biraz kine eden-de bolsa onuň maşgalasy bilen sürgüne iberilenini eşidip, janyny ýakyp gynandy.

– Haý, edeniň bar bolsun! Çary Permanyňy kim seniň özüňki hökmünde alga alýar. Onuňam bir gepi bormy. Özi onuň ony ýamanlap, muny ýamanlap, Sowetlere ýaranyp zordan gün görüp ýören adam-a – diýip käýindi. Agasyny gapana düşen adam hasaplap, onuň halyna doganlarça gynandy. Şol pursatda maslahatlaşar ýaly onuň ýanynda özüniň bolmanlygyny ýatlap

ahmyr etdi. Bäpbe aňyrdan «Aga-ini bolup, Owgana aşsak, bileräk bolsak, ol ýerde-de günümizi göreris» diýip, göwün ýüwürdip gelýärdi. Bäpbäniň agasy ýaly il içinde aldawa düşüp, aňňalak gapanlar başga-da köpdi. Erbet habar tizem eşidilýärdi. Ol bolsa adamlaryň aňyny gul-gula salýardy. Şeýdibem bu belanyň öňünden nirägem bolsa bir ýere çekilesi gelýänleriň sany gün-günden artýardy.

Agasynyň sürgün bolup gitmegi Bäpbäniň: «Soňky döwür meniň işlerim ugruna däl» diýip, gelen pikirini has-da nygtady. Bu pikir onda Hanumany elden gidirenden soň döräpdi.

Hanumanyň erkek halar owadan ýüzi, atyň öňüne basanda haplap burnuna uran ýakymly ysy, syratly katdy-kamaty onuň gözünde hemişelik galypdy. Ol: «Hudaýa berdi welin, özüm oňarmadym. Ýeri, oň ýaly zat eliňe ilensoň, Hojamyň ýanynda ne körüň bar? Git-dä başyňy alyp bir ýerlere, çola çykyp onuň bilen ýabany är-heleý bolup, hezil et-de ýör-dä» diýip, özüne käýinýärdi. Ony ile görkezmän, bolmanda birje gezek aýşy-eşretde bolmanlygyna gynanýardy.

Şeýle köýli-köçeli pikirlere hemra bolup ýöreni üçinmi nämemi, aýaly ýene Bäpbä Hanumany ýatladypdy. Onda Hanumanyňky ýaly özüne çekiji, mähirli meňzeşlik bardy. «Ähli zenan milletiniň topragy bir ýerden alnanmyş weli bu şondanmykan?» diýip, Bäpbäniň oýlanmagyna sebäp bolýardy.

* * *

Gaýradan ýomutlardan gelmegine garaşylýan göçüň öňi gelip ýetensoň, şol günüň ertesi Tejen öwresinde jemlenen bosgunlaryňam Allany çagyryp, ýola düşmegi bilen onlarça müň adam, atdyr eşek, düýeler, süri-süri maýda mallar şol bir wagtda galkynyp-çaýkanyp herekete geldi. Indi sereden ýeriň ýöne tapan goş-golamyny ulagyna urup, eňaşak düňderilip gidip barýan milletdi. Ugralmazyndan öň düýeler çökerilip, olaryň köpüsiniň üstünde, aýal-ebtat, çaga-çugalar köpräk ýerleşer ýaly olara

ýürek ýasalyp, howudyň töweregine ýaýraw berlip giňeldilipdi, bu bolsa olaryň hersiniň üstüne, iki aýala birnäçe çaga bilen münmäge mümkinçilik berýärdi. Kä bir gyzlardyr ýortmança çagalar düýe leňňer atanda, onuň üstüne gaçyp galmaz ýaly, şol ýürekleriň töweregine ýüp aýlap daňypdyrlar. Ähli ýüki düýeler öz gerdenlerine alýan ýaly bolsa-da, eşekleri, atlary artlaşyp münenler-de az däldi. Ýoluň ugry agyn düýe jörrüldilerinden, eşek aňňyrmadyr hynçgyrmalaryndan, çagalardyr ululary özara gep gürrüňlerinden ýaňa dünýä hyň berýärdi. Göç mümkin boldugyndan howpsuz ýerlerden, seresap hereket edilip, alnyp gidilmek niýet edilen bolsa-da, ýörite atlylaryň aýlanyp, ýuwaşrak bolunmagyny talap edip, milletiň arasyna aýlansa-da, köp halatda bu zatlaryň öňüni almak olara başartmaýardy. Onsoňam eýýäm aýaklaryň astyndan göterilen çaň-tozanam galkyp, asmanda «Ine, men» diýip, bulut tutup aýlanyp ýördi.

Düýeler bir-birlerine päsgelçilik döretmez ýaly, olary hatar edip, ortadan goýberipdiler.

Eşekliler, ulagsyz ýigdekçeler, ulugyzlardyr aýal-ebtatlar öz düýä urlan ýükleriniň yzyna düşüp, öňüni çekişip, topar-topar bolşup gelýärdiler. Müňlerçe ýaragly adamlar göçüň daşyny halkalap alyp, gorap barýardylar. Agzybirlik bilen tertipli ýörelen wagty ýakyn bolmadyk heniz entek telim günlük ýolda ýatan Owgan serhedine hamala golaýlaşylýan ýaly duýgy döreýär, belli bir derejede adamlaryň süňňüne gurbat, kalbyna tama berýänem häzir şudy.

Gidip barýan ýygnyň bolsa ne aňyrsy görünýärdi, ne-de bärsi.

Ýol ýöreldigiçe Watandan jyda düşmek bilen bagly hesretli pikirleriň ümür-dumanlary kirşen bolup, kalplara çökýärdi, onsuz-da dogduk depelerden daşlaşdyklaryça kalplarda susluk aralaşypdy. Özleri-de bilmezden indi olar sähel zada-da girre gaharlary gelip, ýeňseleri gatap duran bolupdylar. Bar kişiniň başy pikirli bolup, hamala özüniň ýakyn bir adamsyny soňky ýoluna ugradyp barýan ýaly ýüzler salykdy. Adamlaryň bu bolşy öňde,

ýat ýerde özlerine garaşýan ykbaly öňünden biljek bolnup, alada galynýanyndan habar berýärdi. Kalpda dörän gorky güýji bolsa barha ýetilip, ýumrulanyp ulalmak bilendi.

Göçüň gapdaly bilen, gorag atlylarynyň biri bolup barýan Amaşyň şol barmana ünsi birden ýanynda göterýän pyçagynyň gynynyň boşdugyna düşdi.

– Al, saňa gerek bolsa, kelle! – diýip, ol pyçagyny ýitirenine janyny ýakyp käýindi. At başyny çekip, pyçagyň gözlegine giderli görnüp, yzyny gözledi.

Onuň jibrinip, at başyny çekenini gören, kak çekge murtly Dary gotur ýüzüni sypalap oňa ýüzlendi:

– Amaş, näme bitlän ýaly o ýeriňi, bu ýeriňi sermenekläberdiňle! –diýdi,

– Haý, edenim bar bol-a, düýä ýük urup durkam bardy-la, çagalara düýäň owsaryny abatlap bermekçi bolamda hem bardy. Ýüpi kesip, ony soň alaryn pikiri bilen gapdalyma dürtdüm-dä. Ýadyma düşýär, şol ýerde-de galandyr içigar.

– Howlugyldam-da! – diýip, gapdaly bilen barýan Ýazly-da, çaňjaran ýüzüni sypalap oňa duýgudaşlyk etdi.

– Gynanma, galan zadyň galdygy bor.

– Bir ýere gitsem, meniňki hemişe şeýle-dä, şu gezeg-ä zat galdyr-maýyn diýip ünsli bolmaga çalyşsam-da, bir zadym galýar-da.

– Belki, onuň saňa indi geregi-de boljak däldir. Käte şeýdip, bir ýere gideniňde galdyran zadyňa gynanýaň, soň görüp otursaň, onuň geregem bolup durmaýar – diýip, Dary gotur ýene-de gep ugruna oňa göwünlik berdi.

– Aý, seň ol diýýäniň ýüpdür, ýa suw-çaý içäýere käse-päsedir, bu bolsa süňk saply bir gowy pyçakda-da – diýip, Amaş ýene-de jibirinmesini dowam etdirdi.

Bu ýaňka-ýaňka meňzeş ugursyz gürrüňiň topary öňi bolup barýan Garraw hanyň ýüregine düşenligi belli boldy. Ol at üstünde düýrügibiräk oturyşyna jylawa biraz çekip, atynyň ädimini

haýallatdyrdy-da, pyçagyň gürrüňiniň gereginden artyk köpeldip gelýänlere tarap çytylyp seretdi:

– Goýuň-aýt, bir garyş pyçak ýitdi diýip, gep baryny etdiňizlaý. Seniň ol pyçagyň nämemiş, birini ýitirseň, beýlekisini edinersiň. Biz häzir Watany goýup barýarys, hany sen soň ony nireden tapjak? – diýip, bolgusyz gürrüňe pisindi oturman talaply gepledi.

Bu gep adamlara kepäp ugran ýaranyň kesmegini goparan ýaly täsir etdi. Adamlar ýiten pyçagy unudyşyp, Watany ýat edişip suslandylar. Sebäbi şu pursatda aýralygyň derdi has ýiti duýulýardy.

Göç bolsa Tejeniň alaň-depelerini, çägeli seňňerlerini yzda galdyryp, indi Marynyň toýunsow, birsydyrgyn meýdanly topragyna aralaşyp barýardy. Ýazda Murgabyň hanasyna sygman töweregine kowan suwlary baran ýerinde birgiden hyşagamyş jeňňelliklerini, toplum-toplum ýylgyn tokaýlyklaryny döredipdi. Marydan Sarahsa, Maşada, Aşgabat, Tejene çenli ümdüzüne tutduryp barýan ýol, ýodalar, hamala, göçüň dogry ýol saýlamagyny isleýän ýaly göçüň öňüni häli-şindi kesýärdiler.

– Beýdip, «Iki göç – bir talaň» bolup, görgi baryny görüp baran ýerimizde karar tapsagam ne ýagşy. Ýöne ol ýerde-dä seniň türkmenleriňe «Gel!» diýip gujak gerip garaşyp duran-a ýokdur – diýip, häli pyçakly gürrüňiň baryny eşidip gelýän başyna ýapbaş telpek geýen Durdy tärim özüniň gepe goşulman gelşinden baryljak ýerdäki durmuş hakda oýlanýanlygyny mälim edip, watanly gürrüňiň yzyny özi-de bilmezden täzeden başlady.

–Aşyna her ýeteni şärik eder ýaly, Owganyň özem-ä nanyny bol tapýan bolmaly däl. Öňler olar Mary bazaryna sürüläp goýun satmana gelenlerinde, yzyna gidenlerinde çuwallap, alyp gidýänleri, esasanam, seniň bugdaýyňdyr arpaň bolardy.

– Owganystan gaty ýurtdugyn-a gaty ýurtdur. Onuň ýurdy agyn daş bolup ýatyr diýýärler.

– Biziň barjak ýerimizdä-hä suw bol zadyň birimiş. Suw bol bolsa, hor bolmarys, nesip bolsa, şalyňam, bugdaýyňam, ýeneki ekin-tikiňem bolar, enşalla... Ýöne ili bizi sygdyrman: «Keseden gelenler!» diýip, tirseklemese bolany.

– Aý, o-da azda-kände bolmanam durmaz. Ýöne nätjek, bir ýerden bir ýere muňalyp baraňsoň, buça-buçany çekmeli bolar. Ähli musulmanyň bir-birini dogan hasap etmesäm-ä bardyr özün-ä...

– Biziňkiler – Jüneýit han, Annaguly han dagy öň bu meseläni Owgan emiri bilen duşup bişiren bolmaga çemli. Şeýle bolmasa Annaguly han «Näçe köp bolup barsak, şonça gowy» diýmezdi. Ýogsam beýdip ýygyn tutup, üstüne ýöriş edýän ýaly bolubam bir, bir ilden başga ile baryp bolarmy, bir arka direýän ýeri bardyr, elbetde.

– Şeýle bolsun-da hernä. Ýene göçüp-gonup kösenmesek bolýar.

– Ol illerde şalaryň aýdany aýdan, diýeni diýendir özüň-ä, onuň garşysyna durmaga aňsa milt edip bilen-ä bolmaz – diýip, häliden bäri töweregini diňläp gelýän Amaş hem pyçagyny unudyp, tama bilen aýtdy.

– Biz onsoňam hemişe olaryň üstüni alybam durasymyz ýog-a! Gaýdyrys bir mümkinçilik bolsa ýurda. Bu ýurdy hemişelik goýubam bir gidip bolarmy?!

– Şeýle-de bor, enşalla. Magtymguly aga «Dünýä seniň bu gezekli gerdişiň!» diýmänmi näme? Bize-de enşalla ýaýnamaga nobat ýeter.

– Haý, nä bileýin-dä, şol gerdişe bir münensoň, aňsat ondan düşmeýär. Täze hökümetem wagty bilen halkyň gerdeninden düşäýer öýdemok...

Ak saply pyçak baradaky oslagsyz başlanan gürrüň duýdansyz Watan baradaky gürrüňe sapyp, ýene bir pursadam bolsa, olaryň pikirlerinde özlerini taşlap barýan ýerlerinde duýmaklaryna sebäp

boldy. Adamlar şol gidip baryşlaryna mahal-mahal yzlarynda galan Watan ýerlerine intizar seredişip durýardylar.

Güýz-de bolsa, heniz ýere ýagyn-saçyn düşmändi. Öňkülerden biraz gijrägem bolsa Günem her gün guşluk töweregi asmanda öwrüm edip ýörene meňzäp, bir ýerlerden görnerdi. Her gezek şundan soň aýlaw berip, depeden düňderilen ýaly bolup duran asman gümmeziniň ýüzi altyn suwy berlen ýaly bolup şuglalanyp, ýagtylyk mesgenine öwrülerdi. Hemme ýerde–gernişip oturan çöl meýdanlarynda, dag gerişlerinde, tolgunyp-uýalyp oturan suwlaryň ýokarsynda, ýerden galkyp barýan gara tüssäni ýatladyp oturan jeňňelleriň ýüzünde – ähli ýerde güneşli güýzüň tebigatyna meňzeş şähdaçyklyk dörärdi.

Telim günläp, mümkin boldugyndan, ýol şaýyny tutan millet indi Allany çagyryp, onuň hak işde öz arkalaryny aljagyna, müşgil işlerini aňsat etjegine ynanyp, özlerine göwünlik berip, kalplaryny tama bilen ruhlandyryp, agyr märeke bolşup barýardylar. Nazaryň düşen ýeri agyn müňňüldi – adam-gara, düýe, eşek bolup durdy. Düýelerde esasanam garrylardyr çagalar, eme bäbekli gelinler ýerleşdirilipdi. Olaryň gapdaly bilen esasanam eşekliler, aýakgaldyry bolmadyk pyýadalar eňterilişip barýardylar. Göçüň bolsa ne öňi görünýärdi, ne-de ardy. Atly-ýaragly adamlaryň köpüsi, göçüň daşynda bolup, gerek bolanda ili goramaga taýyn bolşup barýardylar. Milletiň hereketi dürli ýerlerinde duýdansyz peýda bolýan Annaguly han tarapyndan göç içinde aýlanyp gezýän atlylaryň üsti bilen dolandyrylýardy. Ilki başda Tejenden göterilen göç ýomutlardan bölünibräk öňden ýörän hem bolsa, ikinji gün ýolda Annaguly hana ähli göçi bir gulaga düzmek başartdy.

Şonuň üçinem Annaguly han gören-eşiden ýatlarda göç Sarahs tarapa barýar, Eýrana geçmegi niýet edipdirler diýen pikir döretmek üçin, biraz aýlawlyrak boljagyny bilse-de, halkyň ýüzüni öz isleýşi ýaly, şol tarapa öwrüpdi. Eşitse Sowetiň ýaragyny besläp, oda-köze düşjeginiň ujy iki däldi. Onuň bir ýyl mundan

öň buluçlaryň Kerim hanynyň[1] başyndan indiren ahyrzamanyny bu göçüňem başyndan indirmegi juda mümkindi. Bu zatlardan Annaguly han habarlydy. Onuň ilki il çakylygyny eşiden mahaly, «Indi hökümet berkedi» diýip ikirjeňlemesiniňem sebäbi şeýle bir-birlerinden şum eşidilen habarlardy. Şonuň üçinem ol boldugyndan, bolaýmagy mümkin agyrlyklardan, ugurtapyjylyk hiläň üsti bilen sowlup geçmäge ymtylyp seresap hereket edýärdi. Onuň pikiriçe, diňe şeýdip, ýagdaýa görä, seresap hereket edilende il garamatyny aman-sag Owgana aşyryp boljakdy.

Bu ýagdaý bir-de ölüm bilen oýun edilýän ýaly howp-hatarly duýulýan ýaly hem bolsa, halkyň Annaguly hanyň özlerini duşmana aldyrman, orta ýolda galdyrman, Owgana aşyrjagy bilen bagly ynamy ýoluň şüweleňli geçilmegine medet berýänligi duýulýardy. Adamlar diýlişi ýaly, uly bir goh-galmagalsyz duşman gözüne ilmezden, ýeriň pessi bilen bilniksizden ýöremäge çalyşýardylar. Annaguly hanyň özlerini hut şeýle ýerlerden alyp barýandygyna ynanýardylar. Ýol aşmada syrlylyk ýagdaýy esasy talaplarynyň biridi. Halkyň köpüsi Owgan diýip, nirä ýöreýänini bilmese-de, hanyň özlerini ahyrsoňy sag-aman serhetden aşyrjagyna welin ynanýardy.

Munça adamyň birbada özünden ýüz öwrenini eşitse, Sowetleriň halamajagy, elbetde, belli zat.

Ol indi köpden bäri özünden geçilip gaçylmagyny hem özüne duşmançylyk edilen hökmünde görýär. Onuň öňüni almaga hemme ýerde erjellik görkezip, ýarag besläp, güýç görkezmäge çalyşýar.

Bu gezegem Sowetleriň giden milletiň özünden geçip barýanlygyny bilse-hä, gonjuna gor guýulsa gerek.

Gizlinlik bu ýagdaýyň esasy talabydy. Annaguly han, beýleki göç ýolbaşçylary-da diňe şeýle edilip, bilniksizden ýol aşylanda

[1]1931-нҗи йылың 15-нҗи сентябрында Хумлы диен ерде Советлер гачып, ызларына гечип барян булучлары Овган серхединде дашларыны габап пайхынлапдылар (Тарых).

aldyrman-galdyrman, Owgana geçip Sowetlere aňňalak gapdyryp boljagyna ynanýardylar. Beýdip görünmän, üzülip-bölünmän ýöremek üçinem bu gizlinlik hökmanylykdy. Diýlen bilen bolman, diýlen ýerden ýöremeseň, Sowet aňtawçylarynyň ýeneleriň üstünden barjagyňam juda ahmaldy.

Göç islenişi ýaly üç günläp garaşylmadyk hadysa bolmazdan, hamala, Annaguly hanyň talabyny tutup, bolaýmaly hadysalaryň daşyndan öwrülip geçýän dek ýeriň pessi bilen parahat ýöredi. Emma öňdäki ähli howp-hataryň üstünden niýet edilişi ýaly beýdip onuň bilen gabatlaşman, bilniksizden daşyndan aýlanyp geçmek welin ýok eken. Eger köpüň içinden bir başbozar, batnyksyz tapylmadyk bolanlygynda göç ýene-de, bilniksizden telim gün ýol ýörese-de ýörärdi. Emma şeýle bir ýerinden gelme tapylyp, ol ähli ili ahmyrda goýdy.

Gün batyp garaňky düşüberende, sesýetim ýazgynlygy tutup gelýän göçüň öňüni keserip ýatan Mary-Aşgabat demir ýoly kesdi. Bolmajak bolsa, bolmaz eken. Soňundanam ähli zat kest etmek üçin ýörite gurnalýana döndi. Şol arada-da endam-jany agyn çyra bolup, Aşgabatdan Mara ötüp barýan otly göründi. Adamlara duran-duran ýerlerinde sessiz, ýok ýaly bolup durmak tabşyryldy. «Ýoldan geçjek bolup, otla çolaşaýmaň, görünmäň, ýarag beýlekem ulanaýmaň!» diýlip tabşyryldy. Otly bolsa kerwen gurap, agyn çyra-şugla bolup geçip barýar. Şol arada ýeňsede bir ýerden kimdir biriniň garaňka dulanyp ony tüpeňlänligi belli boldy. Otlynyň bir aýnasy şaňňyrdap, kül-uşak boldy. Şeýdibem bu başbozarlyk soralmadyk ýerden Sowetlere öz habaryňy ýetirmek boldy duruberdi. Milletiň dik jany dagy ýanaýdy. Annaguly hanyň adamlary bu başbozary gözläp ikiýana at saldylar, emma bu dara-direde dörän başagaýlykda, gijäň içinde saňa hany ol nireden tapdyrýar!? Ýöne göçüň arasynda göçüň peýdasyna başarsa badak atjak Sowetiň jansyzlarynyň hem bar bolmagynyň mümkinligi pikir etdirdi. Annaguly han jany ýanyp:

– Öz syrtymyzy özümiz açdyk-ow... Indi, hä diýmänem Mary, Aşgabada-da habar düşer. Ana, onsoň lek-lek goşunly kowgy üstüňe gelibersin. Ýatan doňzy bilgeşländen depmek boldy bi – diýip käýindi.

Sowetleriň ýüz bererinden heder edilen hem bolsa, şol günüň ertesem göçüň ýol gazanmagyna daşdan-içden päsgelçilik bolmady. Diňe ýolda bir ýerde adamlar tükellenilende Annagurban ýumurtgaçynyň, Ata kürt diýilýänleriň maşgalasy bilen göçde ýoklugy anyk boldy.

Bu mesele boýunça göç heniz ýola düşmänkä, Annaguly hanyň tabşyrygy bilen ýerlere barlanda, adamlar bilen degişli gürrüňler edilipdi: “Adamlar, sizi zor bilen Owgana göçürjek bolýan ýok, islemeseňiz, sähel göwnüňizde güman bolsa galyň! Ýöne ýola düşeňden soň welin, yza dolanma ýokdur. Kim gaçyp-tezäýse, onuň hereketi dönüklik hasap ediljekdir. Dönügi bolsa türkmen halaýan däldir” diýlipdi. Halkyň agzybirlik bilen yzyna düşmegi bolsa hanyň gadamyna ynam beripdi.

Bu ýolda galyp-gaçma bilen bagly başbozarlyk göçüň otly tüpeňlenenden soňky ilkinji gezek büdremesi hökmünde görüldi.

Annaguly han bu barada maglumat eşidende, ilki ol bularyň yzyndan atly ibermekçi boldy. Ýöne galan adamlary tanaýanlygy üçin, olar ýaly ilden aýry göwünli adamlaryň öz aralarynda bolanyndan bolmanlygynyň kem däldigini pikir etdi. Olaryň il içinde halanylmaýan adamlardygyny ýatlap, bular ýalylaryň kestiniň bir ýerde bolmasa, ýene bir ýerde ýetmeginiň ahmaldygyna ynanyp, geçenden geçmeli diýen karara geldi. Olaryň bir amady gelende jeňňeli aralap düşläp, soňam onuň içine çekilip, töweregi gidýänçä şol ýerde busup galandyklaryny çen edildi.

* * *

Daňdanyň howasy hoştapdy. Biraz mundan ozal gara oýlugy bilen zemin üstüni örtüp dünýäni eýemsirenip, ileri-gaýrany sorap oturan gara gije indi böleklere bölünip, asmana göterilip, kowçum-

kowçum bolup barýan garga sürülerini ýatladyşyp, gaýda-gaýmalyşyk bolşup, çaňjaryşyp çaşyşyp, pytramak bilendiler. Asman örüsi ýaýraň alyp barha giňelmek bilendi.

Annaguly han hemişe göçüň howply hasap edilýän ýerinde bolmaga çalşardy. Özüne belli gonalga bermezdi. Töwereginiň bir bölek atlysy bilen göçüň dürli ýerlerinde görnerdi.

Bu gün irdenem Annaguly han säher bilen atlandy. Onuň bu gije düşlän ýeri ýomut göçi bilen golaýlykdaky ýerleriň biridi.

Ýol şaýyny tutýan aýal-gyzlaryň şaňňy sesleri, erkekleriň ýoňtar-ýogyn sesleri, çaga agylary ir bilen ýük urulmagyny halaman bozlaýan düýeleriň sesi eşek aňňyrmalary bilen goşulyşyp, töwerekde barha ulalýan hümmürdi-hasyrdylara öwrülýärdi. Annaguly han adamlaryň bir pursadam bolsa, özlerini öýünde ýatan ýaly duýmak islegi bilen gonulan ýerdäki öýleri, erkek adamlaryň itenek-de-çomanak bolşup söküp ýörüşlerini gördi. Aýal-gyzlar esasanam düýelere uruljak öý-goşlary bilen bagly zatlaryň, çagalaryň töweregindediler. Hana adamlar gereginden haýal deprenýän ýaly bolup duýuldy. Ol her toplumyň gapdalyndan ötende, olara ýola düşmegiň wagty ýetenini ýatladyp, topar ekabyrlaryny howlukdyryp geçdi. Haçanda ol ýomut göçüniň arasyna baranda, bu ýerde eýýäm göçüň ýola taýyn bolup barýanyny gördi. Munda Tejen göçünden tapawutlylykda öýleri söküp duranlaryň köpüsi aýal-gyzlardy. Erkek adamlar bolsa, atlaryny eýerlemek, düýä ýükleri urmak bilen meşguldylar. Erkekleriň sakgal-murtuna timar berip, üst-başyna serenjam berip oturanlary-da ýok däldi.

Annaguly han öňki gören ýagdaýlaryny häzirki töwereginde görýän ýagdaýlary bilen deňeşdirip:

– Beý, bularda-ha öýi dikýänem, sökýänem aýallar bolsa näme? Köp ýyllardan bäri göçüp-gonup, gum içinde çarwa ýaşap ýörensoňlar, bu işleri aýallar erkeklerine ýetirmän, ony tiz etmegide öwrenipdirler. Bizde bolsa bu işler erkeklere degişli – diýip, ol



*26

ýomut zenanlarynyň çasbaň hereketini öz ýanyndan gözügidijilikli makullama bilen oýlandy.

Birneme ýol gazanmagy arzuw eden uly göç Güni depesine göterip, ýola düşdi. Ýene-de birsalymdan adamlaryň depesinde aýak astyndan göterilen çaň tozanyň çal buludy peýda boldy.

Tagan zabun öz töwereginiň bir bölek atlysy bilen göç ýola düşeli bäri atdan düşmeýär diýen ýalydy, ol bir-de Annaguly han bilen göç barada maslahatda bolsa, ýene bir-de göçüň ha öňünde, ha ortasynda at dabradyp gezerdi. Yzda sürenýänleri tijäp, ýazylyp-ýaýraw alanlary gaýtaryp, jemläp uly akyma salýardy.

Bir gezek olar ýomut göçüniň gapdaly bilen gelýärkäler, olaryň ýoluny akymdan çykyp, gapdala sowlan atdyr eşek, düýedir köşek bolşup, tirkeşip barýan onlarça aýak yzlary kesdi. Yzlar ýapy ýüzüni törç edip, biraz günbatara gidensoň, ol ýerdenem öwrüm berip, demirgazyga uzaýardy.

Tagan zabun uly goşda düýn-öňňinlikde Annagurban ýumurtgaçydyr Ata kürtüň sap atyp, göçden bölünip galandyklaryny eşideni üçin, ol bu yzlary hem ilki görende şolar ýaly il gözüne çöp atyp, göçden galmak islänlere degişli bolaýmagynyň mümkinligini pikir etdi. Öz aralaryndanam şeýle göwni bölek adamlaryň döremegi onuň çetine degdi. Kejikdirip gaharyny getirdi. Tagan zabun bu adamlaryň bölünmeden başga-da özlerini aňtap ýören Sowetlere dagy duşsa, olaryň duşman öňüne düşüp, ýol görkezjek, göç üçin howply adamlara öwrülmekleriniň mümkindigini hem ýatlady. Içinden:

– Haýt, siziň bir… Galjak-gaçjak bolsaňyz, telim gün ýolda bolundy, öň näme işlediňiz? Ýa biriniň aşagynda ýatyrmydyňyz? – diýip käýindi. Soňam:– Şularyň bir habaryny alaýyn! – diýip, Annaguly handan bölünip, terse giden yzlaryň habary almak üçin, at başyny Sarahs tarapa öwürdi.

– Ýeri, ol ýerik baranyňyzda, siziň kimligiňiz bilnip durka, Sowet siziň ýüzüňizden sypar öýdýänizmi? – diýip, gidenleri gaýybana abaýlady. Onuň yz ýany bilen garry alaşasyny

gyssabyrak sürüp gelýän işan bu ýagdaýdan başgaça many çykardy. Zabunyň gazap atyna atlanyp barşy oňa ýagdaýy anyklap-anyklaman, gidenleri tapsa, olary zabunlygyna tutup, gyran-jyran edip ugraýmagynyň mümkinligini ýatlap, tapbilenlik bilen howpurganyp aladalandy.

– Bu maňlaýy garalar garaňkyda azaşan bolmaly – diýip, çen urup sakgal-murtuny sypady.

– Bularyň öňüne düşen akylly-başly birisi ýokmukan, eýse? – diýip, Zabun nägile gepledi.

– Akylly-başly bar bolsa bardyram welin, ýöne bu ýer seniň ol belet ýeriň Orta guýyň ýa bolmasa, Ata guýyň töweregem däldir. Ýat ýerde çen almak-da aňsat bolmaýar – diýip, işan endigine görä, azaşanlary Tagan zabunyň gazabyndan goraglap, öz pikirini ýene sypaýçylyk bilen nygtady.

Yzarlanyp gaýdylan yzlar atlylary biraz wagtdan bir käliň üstünden inderdi. Gapdala sowlup, azaşyp gaýdan ol göç gelip, şu ýerde düşlän eken. Düýeler çökerilip, urlan ýükler düşürilen-de bolsa, olaryň örküjiniň howudy heniz aýrylmandyr. Aýal-gyzlar al-ýaşyl bolşup, çaga-çugalar bilen bir bölek bolşup otyrlar. Adamlar ikiden-üçden düýedir atlaryň ýanynda görünýärler. Bir bölek adam aýallaryň ýigrimi, otuz ädimliginde söm-saýak bolşup duran ýerlerinde kimdir birini töwerekläp, maslahat gurap durdular. Olary görüp:

– Ana, olar köwejekleşip durlar – diýip, aňyrdan gelýänleň biri Hangeldi atly, ýüzi bäbegiň ýüzi ýaly ýylmanak ýigit elini uzadyp, kömelek tapan ýaly begenip, gamçyly eli bilen olary görkezip dillendi. Topar tutup duranlaram bulary görüp, olara tarap ýöneldiler.

Tagan zabun toparyň alkymyna golaýlap, at başyny çekdi. Nägile nazary bilen duranlaryň ýüzüni çawlap aldy. Adamlaryň arasynda onuň ýakyndan tanaýan bir adamsy bar eken. Ol Myllyk bagşydy. Çuwal bagşynyň ak patasyny alan bu bagşy aýdym-sazyň

demirgazyk ýolunyň ussat kişileriniň biridi. Jüneýit han Eýrana aşarman bolup ýören günleriniň birinde hem muny ýörite tapdyryp, getirdip, iki gün dessan diňläpdi. Onuň ady Myllyk bolsa-da, haçanda ol gyzyp, möwjäp, aýdymlar obasynyň depesine göterilip, küküräp aýdym aýdanda aýdym-sazyň bagşyny mertebä göterip, Görogla öwürýänini şonda Tagan zabunyň özi-de görüpdi. Her gezek ol haýkyryp, gyjak-dutaryň göteren ýakymly sesine çolaşan  ýaly bolup, indem şondan dyzanyp çykjak bolýan ýaly ner bolup, kükräp aýdym aýdanda töweregiň kalbyny bagtyýar joşgun eýeleýärdi.

– Ýigit başy malsyz bolmasyn,

Aý, ýigit başy malsyz bolmasyn

Malsyz bolsa, onda onuňam bir… diýip bir zowladardy welin, bu ýakymly owaz soň-soňlaram gulagynda ýaňlanyp durardy. Şeýdibem bagşy şonda Görogly bolup, onuň gözünde galypdy. Beýle adamy ertip bilse han ýanynda sarpasynyň has uly boljagyda ikuçsuzdy. Sebäbi han aýdym-saza diýseň sarpa goýup bilýän adamdy.

«Watanda bilbilim galdy» diýip, ahmyr etmeginiňem sebäbi onuň hut aýdym-saza bolan uly höwes-söýgüsi bilen baglydy. Ýöne han bu küýsegli sözi diýse-de, ol bilbiliň adyny welin tutmandy. Belki: «Hä, sen han bagşysy ekeniň» diýlip, başgalaryň soňra azar beriljegini pikir edendir.

Şonuň üçinem bu ady tutulmadyk bilbil, köp halatda, Çuwal bagşydyr öýdülse-de, onuň «bilbilim» diýende, hanyň Myllyk bagşyny-da eý görenligini bilýän adamlaryň arasynda han aganyň bilbiliniň şoldugyna ynanýanlaram bardy.

Tagan zabun aňyrdan gelýärkä azaşanlara gahar edip «Enesini bir dula bakdyryp alaýyn bularyň!» diýip gelýän-de bolsa, bagşyny tanandan soň, gazabyny ýuwudyp, gepine henek äheňini gatyp gürledi.

– Hä, bagşy, niräk tutduryp barýaňyz onsoň?

– Ýüzümiz-ä Guşgadyr, batyr aga!

– Ol ýerde, nä eýsem, Guşgy barmy?

– Barmykan diýib-a barylýandyr özüne-ä…

– Ol ýerde-de bir Guşgy bormy? Sarahs diýseň-ä bardyr, biraz ýeňseräginde Eýran-da bolmaly, ýöne Guşgy welin ýokdur ol ýerde. Tapmarsyňyzam!

– Özümem-ä aňdym azaşylandygyny, şonuň üçinem şu ýerde garaşyp düşläp otyrys, iki-üç atlyny «Göçi tap!» diýip, ugratdyk indem näden-nä borkak? – diýip, otyrys şolaryň gaýdyp gelerine garaşyp – diýip, gözlerini müýnli süzdi.

Toparyň göçden galma niýetindäki adamlar däl-de, azaşyp gapdala çykanlardygy belli boldy.

Bagşynyň yz ýanynda onuň arkasy bolup duranlaryň biri egni etegi dyzyna ýetip duran, boldan tikilen ak köýnekli, üstündenem Hywa donuny geýip, bilini tirme guşak bilen guşan, orta göreşe çykmaga hyýallanyp duran pälwansypat ýaş daýanykly adamdy.

Hangeldi ony görüp, tanap göhi gelenini mälim edip, gözlerini erejekletdi. Bu onuň öňki obadaşy bolup, ozaldan toýda-ýenekide degnişip, hezil tapyşyp ýören deň-duşudy.

Yzanda-çuwan bolnup, bolşewikden gaçylyp, çöle çykylyp, guýularyň töwereginde goş basylany bäri ol öz obadaşlary bilen az görüşýärdi. Esli wagtan bäri daýy obasynyň adamlarynyň arasynda öz maşgalasy bilen ýaşaýardy. Bu obada onuň bir dogumly, sala-sarmykly daýysy bolup, dädesi okdan uçansoň, ejizine arka durup, bulary öz penasyna ýygnap alypdy. Köpden bäri görüşmedigem, wagtyň geçmegi bilen öňküsinden ýarsyp-ýognan-da bolsa, Hangeldi ony göreninden tanady. Onuň gözi ýaşlykdan kemli bolup, bir gözi dil sokulan ýaly bolup, oýulyp durdy. Bu belliginden başga-da ol hemişeki dolmuş ýüz keşmerinem saklapdyr.

Tagan zabunyň Myllyk bagşy bilen gürrüňi alşyp, gapdalrak çekilip, mydy-myda berlenine mähetdel Hangeldi ersip, gülümsiräp tanşyna ýüzlendi.

– Eý, kör, sen ili ýoldan sowup, ummadan çykarypsyň, zaluwat. Gapdallap, gözüň görýän tarapyna öwrülip barýan adam diýerler saňa.

Gözi kemli öň munuň bilen degşip ýörenligine seretmezden, tapa salnyp köpçüligiň arasynda öz keminiň nygtalmagyny halamady. Ol-da biraz çytylansoň, ondan kem oturasy gelmedi:

– Köse, seniň henizem şol öňki köseligiň-ow. Bir-ä saňa tüý çykmandyr, birem ýaşyňa görä akyl gelip, adam bolmansyň.

Hangeldi gidişdikleriçe töweregindäki adamlaryň ünsüniň özlerinde jemlenýändigini görüp, öjügip has-da teýeneli geplemäge çalyşdy.

– Sen özüňe derek ikinji heleýiňi öňe salaýsaň bolmadymy. Gyzka-ha şonuň gözi ýitijedi.

Ýaňy obadaşyny görende, Hangeldiniň ilki ýadyna düşen zatlarynyň birem onuň aýaly bolupdy. Gelniň ýatda galmagynyň sebäbi ene-atasy ony Hangeldä alyp bermekçi bolup, söz aýdypdylar. Emma gyzyň ene-atasy: «Eşegem öz deňi bilen gaşaşýandyr, baryň sizem deňiňizi tapyň!» diýip, olaryň süňňüniň özlerinden pes görüp, kowup goýberipdiler. Soňam ony: «Gelin dogurmazak» diýip, Mätek özüne ikinji heleý edip alypdy. Mätek onuň teýeneli gepiniň öz üstünden sowlup, indem maşgalasynyň depesinden inmegini, hapa aýakgap bilen törüne geçilen deý halamady. Ol hem Hangeldiniň ýetmezini dile çolap, onuň özüne meňzäp, jogap bermäge çalyşdy.

– Haý, kösäm, kösäm, bir-ä saňa sakgal-murt çykmandyr, birem henizem şol öňki duzsuz içýakgynçlygyň eken. Ilde «Kösä her kim bir gyl berse, köse sakgally bor» diýen bir gep bar. Saňa-da men ol ýerimden alyp, bir gysym tüý beräýsem nädýär? Akyl gelmese-de, sakgall-a bolup galarsyň!

Töwerekdäki adamlar Mätegiň eýlämden-beýlämden tüý bereýin diýip, adyny tutmasa-da, onuň dessine niräni çaňydýanlygyna düşünip: Hangeldiň-ä merkini berdi gerek diýen pikir bilen, ol gepden hezil tapyşyp, onuň ýüzüne gyjalatly gözleşip

ýylgyrjaklaşdylar. Mätegiň gep saluwyna düşünen Hangeldem kem galmak islemän, dessine jogabyny nagt etdi.

– Özüňkidenem-ä berseň ber welin, ýöne kiçi heleýiňem şol ýerindäki tüýünden bergin bir penje. Ysy burnuma gelip durar ýaly, men ondan temegime murt edinjek.

Oýun çyna ýazdy.

Mätek aňyrdan atylyp gelip, Hangeldiň atynyň jylawundan çalyp tutdy.

– Hä, seniň doganyň... kösesi!

Tagan zabun işiň işden geçip barýanyny görüp, olara özüniň bu ýerde barlygyny ýatladyp, gylyjynyň dessesine elini ýetirip hökümli gepledi.

– Goýuň, eý, doňuzlar, dawany. Ýogsam ikiňem häzir iki bölüp, Pendiň şagallaryna şam edýän sizi! – diýip talaply gepledi. Hangeldem, Mätegem depelerinde ýalaňaç gylyç ýalpyldap giden deý, şundan soň özleriniň çäkden çykyp barýandyklaryna dessine düşündiler. Talaba boýun bolmadyk ýagdaýlarynda Tagan zabunyň özlerini aýap goýmajagyna, duran ýerlerinde kerçäýmeginiň hem daş däldigine düşündiler. Tagan zabun öz zabun lakamyny Daşhowuz bazarynda gurat mal eken diýdirmek üçin, çybyk bilen sygyr ýenjip, janaweriň süňňüne çiş ýöredip satyn alan adam däldi.

Birazdan Tagan zabun özüne geň bolup görnen haýsydyr bir zady ýadyna salanlygyny mälim edip, çal murtuň astyndaky ýumlan dodagyny sähelçe göterip, alyn dişleriniň birkisini görkezip, bagşynyň ýüzüne öz aýtmakçy bolýan zadyna pikirdeşlik isleýän deý bolup seretdi:

– Şu biz ýomutlaryň gadymdaky eneleriniň biri «it» bolanmyş diýýärler welin, şol dogry öýdýän. Bular, bir-birlerinden gep tapyşyp wagtal-wagtal şeýdip hyňranyşyberýärler – diýip söýünçli käýindi.

Bagşy sakgalyny sypap, zabunyň öz berjek jogabyny nähili görjegini öňünden bilmek islän ýaly ýüzüne gönüläp gözläp, onuň gep saluwyna tap gözlemäge çalyşdy.

– Düýnküde biziň Könede bir Hywada medrese bitirip, köp kitap dören bir bilimli ýaşuly bardy. Şonuň-a bir gezek: «Biziň ýomut adymyz nireden gelip çykdykan, näme manysy barkan?» diýlip, gürrüň çykanda ol: «Biziň halkyň bu ady türki kowumyň gadymky ut sözünden gelip çykandyr diýen çaklama-da bar. Ut diýmek bolsa, ot diýmek bolupdyr. Wagtyň geçmegi bilen onuň – uduň ýomuda öwrülen bolmagy gaty mümkindir. Görseň, birden-birden ot ýaly çabramamyzam bar-a biziň» diýerdi.

Bagşy jogap hökmündäki sözüni tamamlanyna mähetdel Tagan zabun bagşydyr onuň töweregindäki adamlara ýüzlenip, olary gyssady.

– Adamlar, azaşan bolsaňyz, indi siziňki getirdi. Hany ýükleriňizi uruň-da, düşüň yzyma. Göç ummadan çykmanka, ýeteliň tiz olaryň yzyndan.

Tagan zabun azaşan topary tapyp, olara täzeden gop berensoň, at başyny dolap, uly göçüň yzyndan howlukdy.

* * *

Göç ýoly barha alyslara uzalyp, depelerden aşyp, çöl daragtlarynyň arasyny daraklap, jülgeleriň içi, ýapylaryň ýany bilen, çägelikleriň, düzlükleriň depesini syryp, giden milleti yzyna düşürip gidip barýar. Onuň depesine göteren çaň-tozy bulut bolup, asmana göterilipdir. Ýene bir salymdan görlüp-eşidilmedik äpet bir harasat gopup, ähli zady tozduryp, gabşyryşdyryp, dünýäni durşuna ber-başagaýlyga öwrerli görünýär.

Göç, mümkin boldugyndan, ýol gazanmaga çytraşýan-da bolsa, töwerekdäki görnüşleriň birmeňzeşligindenmi nämemi, göç ýolbaşçylaryna adamlar haýal deprenýän ýaly bolup duýulýardy. Olaryň: «Adamlar, tizräk ýörejek bolalyň, gyssaň birneme ulaglary!» diýip, talaply geplemeklerine sebäp bolýardy. Şonda göçüň bady gamçy çalnan atyň bady ýaly birbada silkinýärdi.

Bir menzil ýolda otly tüpeňlenensoň, indi howp-hatar öňküden has artmak bilendi. Göç barýanlygy baradaky habar ýetse,

Sowetiň dek ýatmajagynyň, otlynyň atylmagy, eşegaryň ketini gorjalamak bolanlygy ýatlanylyp, ahmyr edilýärdi. Sowetleriň bir ýerlerde galan Annagurban ýumurtgaçydyr Ata kürti öňe salyp, ýol görkeziji edinip, yzdan kowup gelýänligi hem çen edilýärdi.

Sowetleriň duýanlygynyň bolsa ujy iki däldi. Ötüp barýan otlusyny tüpeňlärsiň-de, Sowet duýmazmy?

Bir eşege agtyklarynyň ikisi bilen syrtlaşyp münüp barýan garryja aýal, küýkeribräk, kiçisini gujaklap otyr. Onuň yzýany bilen, gapdallap, ulugyz bir eli düwünçekli dogumly ýöräp gelýär. Ol hiç ulagda ýer tapylmadyk torba salan goşuny bir-de sag elinde göterse, ýene bir-de sol goluna geçirýärdi, käte-de ony eginleriniň biriniň üstüne goýup, ýüküň ornuny çalşyp, mümkin boldugyndan, özüne ýeňillik döredip ýöreýärdi. Gyzyň ýüzi nuranady, onuň ala gözleri höwesli uçganaklaýardy. Ha, diýmän bir gowy ýere ýetiljegine ynanýana meňzeýärdi. Örülen uzyn saçlar bolsa, eýesiniň göwresiniň töwereginde biline çolanarly bolup, iki ýana owsun atýardy.

Ýaňy-ýakynda eje-kakasy ony bir ýerlere ýerleşdirmegi niýet edibem ugrapdylar. Hatda ony soraglap, ýelden-ykdan gudaçylyga gelenler hem bolupdy. Olaryň birine aňyrsyny soraşyp-ideşensoňlar, «Hany, biz bir garyndaşlar bilenem bir geňeşeli, onsoň nesibäňizde bolsa, gudaçylyk açaýarys, gyzymyzy sizden gowa bereris öýdemzok» diýip,  hoş sözem beripdiler. Şu döwürde gyza obalaryndaky daşkyrak garyndaşlaryna gelen ýigidi daşyndan görmek, ol syratly ýigit bilen duşuşmak, hoş arzuw beslemegem nesip edipdi. Emma şol arzuw edilen pursada gowuşmak nesip etmändi. «Maňlaýda ne bolsa, görülsin indi» diýleni bolupdy. Ýöne gyz ýigidiň  hem häzir bir ýerlerden özi ýaly göç jemendesiniň biri bolup barýanlygyny ýatlap, bu ýerde bolmasa, Owganda onuň bilen tapyşyp, bir-birege gowuşma arzuwy bilen göwün ýüwürdýärdi.

Eşegiň syrtynda, mamasynyň guşagyndan ýapyşan ýedi-sekiz ýaşly başy tahýaly, ak köýnekli oglanjyk otyrdy. Ol häli-şindi

ýaltaklap, yzdan gelýän gyza tarap gözleýärdi. Käte ýeňsesine gözläp, onuň bilen birki sözem alyşýardy. Onuň gyzyň ýüzüne çalym berip duran keşmeri, bularyň ýakyn adamlardygyny nygtaýardy. Olar hakykatdanam bir öýden ösüp, ers-mers bolşup gelýän iki dogandylar.

Oglan wagtal-wagtalam doganyna ýoldaş bolmak isleýänini aýdyp, enesiniň ýüregine düşüp gelýärdi. – Ene, menem Tyllaň ýanyndan ýörejek!

– Ýadarsyň, balam.

– Tylla näme ýadanokmy?

– Ol uly adam-a indi balam!

– Bolanda näme?

– Ulular seň ýalydan güýçli hem çydamly bolýar.

Şol barmana oglanyň iňirdisi öňden owsary goşaryna salyp, düýe çekip barýan, bilindäki ala guşak bilen köýnegini bököüdiribräk guşanan orta ýaşan aýalyň, ýüregine düşen borly, ol ýeňsesine öwrülip, garry aýala ýüzlendi:

– Goýberiň, enesi ony. Bu çaga ýagşylyk ýaraşmaz. Il-ä ony çagadyr, ýadamasyn-ýorulmasyn diýip ulaga mündürýär, bu bolsa... Ýagşylyk ýaraşmaz, goý düşesi gelse düşsün-de, bile ýöräbersin. Biraz ýöresin, hany onsoň, özi ýadadym diýmäýärmi!? – diýip dillendi.

Enesi «Onda bizden galmaňda geliberiň!» diýensoň oglanjyk syrylyp eşegiň syrtyndan düşdi. Öz diýenini gögerdenine monça bolubam, çagalarça töweregine ýatlaklap, gözlerini şatlykly ýylpyldadyp hezil tapdy. Soňam doganynyň düwünçeginiň bir gapdalyndan tutdy-da, ýöräberdi bile gapdallaşdy-da. Gaty eşegiň syrtynda telim günläp oturmak halys ýadadan bolmaly-da ony.

Göçüň içinde hamala bu zir-zowranlykdan hezillik tapýan ýaly ýol boýy ýylşaryp gelýän-de bardy. Ol eşegine ýükläp bilen ýüküni ýükläp gelýän Çary ýyrşdy.

Onuň dogabitdi ýokarky dodagynyň burnunyň eteginde toplanyp durmagy, aşakysynyň bolsa ýandak syrjak düýäň erni ýaly, aşak salparyp durmagy ony hemişe ýylgyryp ýören keýpisaz edip görkezýärdi.

Käte ýas-sadakada duşulanda nätanyşraklar onuň ýyrşarýanyny görüp, halamazlyk bilen: «Ýas ýerinde dagy munuň nämä böwregi bökýärkä?» diýip, ondan nägile bolýanlarda tapylardy. Käsi bolsa: «Erniňi ýygna-ow, halypa, toý ýerde oturaňog-a sen!» diýip, ýas ýeriniň edebini talap edýänler-de tapylardy.

Çary şonda burnuna salybrak hüňürdärdi.

– Meniň bolşum şeýle, how!

Diňe ol şeýdip, dilini peltekledip, kejegip başyny silkip alansoň, onda ýyrşarma aýbyndan başga-da biraz kelle çaýkawlygynyň hem barlygy duýlardy.

Ýogsam ata-enesi ondaky duýlan bu ýagdaýyň wagtynda öňüni almak üçin ol çagaka ellerinden gelenini edipdiler. Töwerekdäki tebip-işanlaryň ýanyna barylmadygy, öwlüýälere aýlanylmadygy galmandy. Emma ondaky bu ýagdaýlaryň öňüni almaga hiç zadyň nepi degmändi. Çary haçan görseň, Aý gören ýaly ýylgyryp ýören saňsarrak ýigit bolup ýetişipdi. Peltekligi-de munuň üstüne urnady.

Şeýdibem Hudaýyň ony hut şu görkde, şu durkda görmek islänligi belli bolupdy. Ene-ata hem ahyrsoňy bu ýagdaý bilen ylalaşmadan başga alaç galmandy.

Çaryň üst-başy häzirem hemişekisi ýaly sallam-sajagrakdy. Ol ezenegi agyp duran köýnegiň üstünden sarygidenräk çäkmen geýip, onuň hem bir synyny biline çolap guşan guşagyna gysdyryp, özüçe ykjamlanyp, beýleki synyny topugynyň töwereginde ykjadyp, oňa çolaşarly bolup gelýärdi. Şol bolşunda howlukmajrak biraz aljyraňňam bolup barşy bilen töweregine baş ýaýkadyp: «Çary jan-da...» diýdirýärdi. Ol eli ýarag tutan gorag aladalaryna

gatylany üçin kemliräk görlüp, bu ýerde galdyrylyp, bu toplumyň arasy bilen barýan az sanly erkek adamlaryň biridi.

* * *

Annaguly han wagtal-wagtal töweregiň göbek bolup, seleňläp duran depeleriniň biriniň üstüne öz töweregi bilen peýda bolýardy-da, soňundan şol ýerde agyr goşuny deňinden ötürip, esewan bolup duran goşun serkerdesine öwrülip, töwerege pähimli ser salyp durardy. Şonda onuň ýanyna çapar atlylaryň biri gelse beýleki giderdi. Ol käte golaý-goltumdan geçip barýan toparlaryň ýolbaşçylaryny hem ýanyna çagyryp, ýagdaýlary soraşdyryp, olara degişli görkezmeler berişdirerdi.

Bu ýagdaý Annaguly hany töwerekden gören adamlarda: «Hanyň özem biziň golaýymyzda eken» diýşip, arka tapynyşyp tamaly pikir etmeklerine sebäp bolýardy. Onuň depe üstünde töweregini synlap durşy özüniň ähmiýetine düşünip, iliniň derdine ýaraýanyna buýsanyp: «Nesip bolsa, sizi sag-aman ala dagdan aşyrap, ýetmeli menziliňize alyp bararyn» diýip, buýsançy ynama berlene meňzeýärdi.

Adamlara öz barmaly menziline ýetjegine ynam döredýärdi. Annaguly han gidende hem gelendäkisi ýaly duýdansyz göterlip giderdi. Şonda ol hamala ganat ýaýyp, asmana gaýyp bolan ýaly birhili halatly duýgy dörederdi.

* * *

Ahmet Marçaga gidip, ol ýerde maşgalasyny göçürip gelmäge ýer peýläp gelen gününiň ertesi ýene-de ýolda iki düýe ýükli odundan gaýdyp gelýän Roza duşdy. Olar «obadaş-da, obadaş» bolşup gadyrly salamlaşdylar, oturyp naslaşyp, hal-ahwal soraşdylar.

Rozy gürrüň arasynda soňky döwürlerde Jüneýit hanyň howlysynyň gelim-gidiminiň köpelip, onuň saklawynyň has

güýçlenenligini, indi hatda özüniňem öýi hanyň toplumyndaky öýleriň biri bolansoň, oňa barmagyň hyllalla bolanlygyny biraz närazylyk bilen ýatlady.

– Ýomutlar, jora, soňky döwürde bir gul-gula-ha düşdüler. Özlerem bir-birleriniň üstüne hörmeýşip, şeýle bir tiz gepleýäler welin, men-ä köplenç näme diýýänlerinem aňşyrman galýan şolaryň. Gepiň täzeden aýdylmagyny isläp, «Ä-ä» diýenimi hem duýman galýan.

Rozy şu arada biraz dymyp, nämedir bir ýakymly zady ýatlaýanyny mälim edip ýylgyrdy.

– Meniň toklujygymam, jora, dil çykaranda ýomutçalap: «Dätde» diýip çykardy-da. O-da tiz gepleýär, tüýs daýylary boljak...

Oguljygydyr ýanýoldaşyny ýatlanda, onuň gep saluwyndan kalba ýakymly bolan buýsanç tolkunlary peýda bolýardy. Bu bolsa Rozynyň ol ýere ýetmäge howlugýandygyndan, özüni olaryň ýanynda duýanlygyndan habar berýärdi. Durmuşda haçan-da bir-birlerine hyrydarlykda bolan är-aýalyň söýgüsinden dörän çaga maşgala goşulanda şeýle lezzetli bolýar. Aýralyk mahalynda hem bu durmuşyň küýsegi-de uly bolýar.

Ahmet hem Rozynyň Marçak barada bir zatlar bilmegi isleýänligini bilýänligi üçin, ol hem öz sapary barada oňa käbir zatlary aýdyşdyrdy. Ahmet Hanuma barada ol ýerde bir zat bilip bolar diýen tamada bolanlygy hakynda bolsa dil ýarmady. Rozy alçaklyk bilen öz Soltany barada gürlände Ahmet Hanumany küýseg bilen göz öňüne getirip otyrdy.

Rozynyň öz maşgalasy baradaky lezzetli gürrüňi Ahmediň hem maşgalasyny ýadyna saldy. Bir pursatda çagalary, onsoň gap böwürde haly teň ýatan aýaly göz öňüne geldi. Şeýle-de bolsa ol Rozy: «Seniň ýagdaýlaň nä tap, jora?» diýip, bilesigeljilik bilen Marçagyň ýagdaýy barada soransoň, Ahmedem Marçagy ýatlady. Bu döwür marçakly barly adamlaryň arasynda ýer-suw dawasynyň

has ýitileşen mahalydy. Olaryň bir-birekden üstün çykmak üçin bärden baran baý türkmenleriň Owgan emeldarlaryna para baryny berşip, bir-birlerini «Ol bolşewigiň adamsy, ol şurawi kapyr!..» diýşip, ýamanlaşyp-ýyrtylyşyp masgara bolşup ýören günleridi. Şonuň üçinem iliň garyp-gasarynyň ýagdaýy «It görse, gözi agar» diýleni bolupdy.

Ahmede häzir Marçakdaky bu ýagdaýlary ýatlamak ony ýene bir gezek başdan geçiren ýaly diýseň ýakymsyz boldy.

Ol: «Döwür diýeniň ýowuz boldy-da, ol adamlara aň edip, pikirini durlara hiç wagt berenok, ýaşaýşam bu barha gata tutup barşyna onuň soňunyň näme bilen gutarjagy-da belli däl. Al, çap, ur, gaç. Şumukan indi bizi halkymyzyň maňlaýyna ýazylan ykbal» diýip, gürrüňini nägile, lapykeçlige berlip gutardy.

Rozy-da gürrüňi diňläp, bu meselede Ahmet bilen deň gopdy.

– Biziňkileriňem agzy birigäýerdem welin, Jüneýit han ýaly bir dogumly, zabun serkerde gerek-dä, il bir agza sereder ýaly. Ýomutda hansyz çöp başy gymyldaýan däldir görseň...

– Şonuň üçinem olar baran ýerlerinde hem hemişe hormat-mertebe eýelerem-dä. «Agzybire Taňry bir, agzalany gaňrybir» diýilmänmi näme?

– Gaty dogry aýdylan zat...

Ildeşler nasyň humaryna berlişip, hersi öz pikirleri bilen bir pursadam bolsa ikiçäk galyşyp, alysdan jülgede oturan Hyrat şäherini synlaýan deý bolşup oturansoňlar, ýene-de birazdan öňki gürrüňlerine dolanyp geldiler.

Rozy Watan küýsegine berlipdi, şonuň üçinem onuň derýanyň aňyrsy, bärsi hakynda ýene-de bir zatlar eşidesi, bilesi gelýärdi. Ol:

– Hany, aňyrdan gelip, geçýänlerden bilýän zadyň ýokmy? –diýip, ýene-de goýlup gaýdylan ýurt barada bir zatlar bilmek isledi. Ahmet:

–Gelen, giden-ä ýogam däl. Lebap boýundan gaýdan birki maşgala gelip, biziň obaň üsti bilen derýadan geçipdir.

– Baý-ba, şondan gelip, şu taýdan geçmänlerinde ýer tapylmadymykan?

– Kerki töwereginde täze hökümet serhedi berkidenmiş.

– Şeýledir, ýogsam synsyraklap galyň bende şondan-şuňa geljekmi?

– Bizden-ä ýakynda göçüp gelen ýok eken.

– Aý, biziňkileň göçjegi eýýäm göçüp ýetişendir.

– Nazar Gurt diýen biz obaly biri gelip, agasyndan habar alyp gidipdir –diýdiler, ýöne o-da gizlin gelip, görünmänem giden bolmaly, oba ýagdaýyny soraýjakdym, duşup bilmedim...

Ahmetdir Rozy näme hakda gürrüňleşseler-de, olaryň gürrüňi aýlanyp-dolanyp, ýene ýurt baradaky gürrüňlere dolanyp gelýärdi. Küýseg duýulýardy.

Rozy bolsa ýurt ýatlanan mahaly häli-şindi höwese berlip, Soltany düýesine mündürip, oguljygynam onuň gujagyna berip, niredesiň Erden obasy diýip, Watana gaýdyp gelýän tolgunduryjy pursady göz öňüne getirýärdi.

Olar dünýä synçysy bolup, iç döküşip, hyýal-höwes tapyşyp oturdylar. Ildeşlere bu dag gerşiniň üstünden Hyrat şäheriniň depesinden gözläp oturan Mussalla metjidiniň diňleri laňlap göterilen goluň ýumrugyna meňzäp, şäher depesinden indirerli bolup salgym atyp görünýärdi.

Ildeşler ýene biraz seleňleşip, gürleşip oturansoňlar, bir-birlerine «Ýitme-de-ýitme» bolşup gadyrly hoşlaşdylar.

* * *

Ýolda göç tarapyndan tüpeňlenen otly baryp Mara ýetensoň, Tejen töwereginden örän uly adam toplumynyň ýüzüni Pendi baýyrlarydyr Sarahs tarapa öwrüp, göçüp barýanlygy bilindi. Şeýdibem göçüň habary az wagtyň içinde erbet habaryň ganatly bolşy ýaly ýyldyrym tizliginde ýaýrady.

Göçüň garşysyna alnyp barylmaly çärelere şundan soň garaşylmadyk tizlik bilen girişilip ugrady. Mary töwereginde

göçüň öňüni almak üçin, gyssagly işler geçirilip ugraldy. Ýaragly goşun bölümleri jemlenip başlanyldy. Şol öwredäki goşun bölümlerine ýörite görkezmeli buýruklar ataryldy. Nädibem bolsa göçüň öňüni haýal etmezden tiz kesmek talap edildi.

Bu «basmaçylyk» atlandyrylýan garpyşyklydan ganly döwür başlanany bäri Sowetler özlerinden gaçyp sypmakçy bolýan adamlary, soňra serhet aňyrsyndan güýç toplap gelip, öz kastlaryna geljekdiklerini pikir edýärmi ýa-da bäsdeş daşary ýurtlaryň: «Sowet gurluşyndan gaçan adamlaryň müňlerçesi şu gün ýene-de serhetden geçdi» diýen gepinden çekinýärmi nämemi, bu ýagdaýy diýseň agyryly kabul edýärdi. Bu ýagdaýa dünýä öňünde Sowetleriň mertebesini peseldýän ýagdaý hökmünde garaýardy.

Elbetde, özleri barada hemişe öwgüli gürrüňleriň bolmagyny isleýän we ähli alyp barýan işlerini gowulyk hasap edýän Sowet, partiýa ýolbaşçylaryna beýle kemsidiji sözler eşitmegiň ýeňil bolmajagy ikuçsuzdy. Munuň üçin bolsa, göç-ýaňy tutaşyp barýan ot bolup, ol ula ýazmanka onuň öňüni alyp, ys-kokuny çykarman güpbasdy etmek juda zerurdy…

Tabşyryk alan Tejen otrýady ilkinji bolup, Ýolbarslydan Mary topragynyň aýaguçlaryna aralaşmak bilen, göç yzyny yzarlap ugran kowgy boldy.

Çary Permanam raýkomyň wekili hökmünde bu ýerdäki ýolbaşçy adamlaryň biridi. Başynda ýyldyzly papagy bolmasa-da, ol-da harbylarça nyzamly geýnipdi. Ony esgerleriň arasynda kömelekledip, biraz del görkezýän burmalary seçelenip duran tüýüni aýrygsadyp ýetişmedik işşek goýnuň derisinden tikilen seleň telpegidi. Ol otrýadyň öňüni çekip barýan akýagyz, häli-şindi ýokarky murtly temegini aşaky dodagy bilen sypap alýan komandir Stepanow bilen atyny ýanaşyk sürüp barýardy. Şol gidip barşyna-da ol komandiriň mahal-mahal ýer ýagdaýlary barada berýän sowallaryna ýagdaýa belet ýerli adam hökmünde jogap gaýtarýardy. Çary Perman öňden barýan göç yzlarynyň ýaýraw

alyp, Sarahs tarapa eňňit edýänini gören mahaly: «Bu zaluwatlar halky Sowetiň garaşmadyk ýerinden, Sarahs duşundan serhetden aşmakçy bolýandyrlar, şol ýerde Eýran Sarahsynyň obalaram ýakyn, olar serhede dykylyşybam otyrlaram-da» diýip, göçüň şol ýerden geçjegi barada pikir öwürdi. Otrýady Sarahsy nazarlap äkitdi. Otrýadyň yzy bilen garama-gara Annamyrat Potra ýorga ýabyly otrýada niýetlenen azyk-suwlukly üç-dört sany düýeden ybarat kiçeňräk kerweniň öňüni çekip, bir bölek atlysy bilen gelýärdi. Şeýle-de ol bu ýygyn içinde agasy Agdarhanyňam hem öz maşgalasy bilen barlygyny bilýärdi. «Garpyşyk-ýeneki başlanmanka duşup, ony bir ýol bilen alyp galyp bolmazmykan?» diýip, häli-şindi böwrüni diňläp, alada berilýärdi. Sakgal-murtsuz at ýüzüni sypalap, öňden barýan at aýaklarynyň astyndan göterilen tozanyň biraz depede topbak tutuşyny synlap, içini hümledýärdi.

Şol barmana depäniň üstünde bir süri maly töweregine pytradyp seleňläp oturan çopan göründi. Atlylary ýat görüp, itler ýerli-ýerden olaryň päliniň gowy däldigini duýşup, gapdaldan üýrüşip çykdylar. Aňyrdan çopan haýbat atyp, itlerini kowup gelen mahaly Çary sag elindäki gysymlap oturan gamçysynyň ujy bilen telpegini ýokary göterip, oňa ýüzlendi:

– Mal kimiňki?

– Mal-a, aga, şerekediňki – diýip, üstüne abanyp duran bir topar atlyny görüp, biraz howy basylan çopan sakawlabrak gepledi.

– Süri eýesi baý, ýenekä däldir?

– Ýok, aga, olaryňky bolar ýaly obada baý-molla galdymy näme? Bir topary göterilip gitdi bireýýäm ýurtdan çykyp, dag aşyp. Bir toparynam maşgalasy bilen sürgüne iberdiler.

– Hä, sen näme gynandyňmy olaryň gidenine? – diýip, Çary Perman eýer üstüne egilibräk sorady. Içinden bolsa: «Bu çopan bir bada höwessizräk görnense-de, beýle ýüpe gurt serjek bolup



*27

ýören sada-ha meňzemeýär» diýip, onuň gep urşundan çen alyp, çopan ýigit barada oýlandy.

– Aý, ýok, şu gidişine gitse, obada adam galar ýaly däl.

– Bu haýsy şerekediň mallar onsoň?

– Biziň şerekediňki!

– Ady ýokmy onuň?

– Ilkä kiçi aga diýerdiler, indem «Goşçy» diýilýär öýdýän…

– Sen öň näme iş edýärdiň?

– Orazmyrat işanyň sürüsini bakýardym.

– Hany ol süri, işan äkitdimi ol goýunlary?

– Ýok, gaýta onuň özüni maşgalasy bilen sürgüne äkitdiler. Malyny ol ondan öň kolhoz gurlan mahaly şoňa beripdi. Sowetler başymy agyrtmasyn – diýip.

– Hak-heşdegiňi wagtynda berýämi-di?

– Her aýyma uly goýun alsam ikini, tokly alsam üç-dörtden berýärdi. Olaryň maşgalamam ünsünden düşürmezdi. Aýalym, çagalarym onuň öýüniň ol-bi işlerine kömekleşip, şolardan iýip içýärdiler. Öýi hemişe gelim gidimli bolansoň, ol ýerde hyzmat hemişe ýeterlikdi.

– Garyndaşyň zadyňmydy? Taryp edesiň gelip dur-la ony?

– Tiräm-ä bir, salarlardan biz, ýöne taýpam ýalawaç.

– Ýalawaç bolsaň aýt hany onda, göç gördüňmi?

– Ýok, göç-ä göremok, göç biraz gündogardan gumy etekläp ýöräpdir.

– Görmedik bolsaň, ony nireden bilýäň?

– Näme bilmän. Şol töwerekde biziň suw içýän guýymyz barda. Görsek daş töweregi aýak-yzlar torç edilipdir. Guýy hem suwy alnyp taňkyradylyp gidilipdir. Suw täzeden ýygnanýança esli garaşmaly bolduk. Biz ol guýudan, şerekediň beýleki bir sürüsi bilen, herimiz bir gün gezekli-gezegine günaşymdan mallary suwa ýakýarys. Göç ol sürinem eteklerine dolap, özi bilen äkidipdir. Soň gördim-bildim, şaýat galmasyn diýen borly-da.

– Görmedik bolsaň, sen muny nireden bilýäň? –diýip, Çary Perman has anyk jogap isläp, ýene-de talaply dillendi.

– Beterem bilýän. Biz obanyň şura başlygy Orry uzyn iki sany adam bilen at gordurysyp, düýn günortanlar şu ýerden geçip gitdi. Süriniň elden gideninem men şondan eşitdim – diýip, häli-şindi maňlaýynyň derini, donunyň syny bilen süpürip durşuna: «Hä, şony dagy bilmän näme?» diýen göterimräk bir hörpde duranlaryň ýüzüne göni gözläp aýtdy.

Çopanyň jogabynyň öňden taýynlanan ýaly nagt bolmagy, üstesine-de akyl-huşy ýeter-ýetmeziňki ýaly onuň barha ersip gürlemegi Çary Permanyň biraz çetine degdi. Ol komandire ýüzlenip:

– Gideliň, munuň çen-çakdan başga bilýän zady ýok! – diýip, çopanyň jogabyna pisindi oturman gürledi.

Göç yzyny çalyp, çen-çak bilen howlugyp barýan Tejen otrýady şol kowgy bolup gelşine gün gijara heniz başy oňly bozulmadyk täze yzlaryň, ot ýakylyp oturylan ýerleriň üstünden geldi.

Otrýad şundan soň göç yzyndan ýetmäge howlugýanda bolsa, «Gijäniň haýryndan, gündiziň şeri» edip, garaňkyda görmän, göçüň ýeňsesini dolap barýan ýaragly güýje duşarys gorkusy bilen, gije şu ýerde düşlemegi niýet edindi. Öz aňtawçy adamlaryny ikiden-üçden töweregiň habaryny almaga atardy.

Bathyzyň ýokarsynda bulutlar goýulaşýan ýaly bolup, şam-garaňky düşüp ugrapdy. Assa-ýuwaşdan şemalyň öwsüp ugramagy bilen, howanyň demgysdyryjy petişligi barha azalyp, Bathyz deresi guran-u-guramadyk çöl ot-çöpleriniň ýakymly ysy bilen dolýardy. Barha goýalýan gije özüne ýagarman bulutlardyr öýtdürip, tizden gübürdäp, ýyldyrym çakyp, onuň otly çybyklary emer-damar bolup, asmanyň ýüzünde peýda bolarly bolup görünýärdi. Şu pursatda güýz has garrap, öz ömrüniň aýak ujuna çykyp barýan ýaly gutulgysyz pikirleri başa getirýärdi.

Iki esgeriň bir söm boýly rus esgeri bilen, geýen geýimi amanat ýaly sölpüträk görünýän türkmen düýeden pulemýoty düşürip durkalar, atyny idip, otlurak ýerde örklemäge olaryň gapdalyndan geçip barýan Çary Perman pulemýota höwes etdi. Türkmene ýüzlenip:

– Dötde, inim şunuň atmasyny bir maňa-da öwret.

– Aý, Çary, munuň näme öwrenmesi bar. Okuny bermäni oňarsaň bolany nyşana alyp gysybermeli. Ana, onsoň munuň öňünde döw dursun! – Dötde özüne sala düşenine monça bolup, salparyp aşak düşüp ugran balagyny çekdi. Soňam-ýeýýäm gapdalyndan geçip, özünden daşlaşyp barýan Çarynyň yzyndan seredip - sözüniň üstüne goşdy – Basmaçylary palaç ýatyran ýaly edýär-ow bi...

Çary Perman atyny örkläp, komandiriň ýanyna dolanyp geldi we ony-da ýagdaýdan habarly etdi. Komandir diňe şundan soň birki ýerde esgerlerine ot ýakyp, nahar bişirmäge rugsat etdi.

Çary Perman komandir bilen nahar edinip, çaý içdi. Olar göçüň nähiliräk hereket edýänligine çen urşup gepleşip otyrdylar. Garaňky içinde Çarynyň ala gözleri suw üstüne düşen ýyldyz şöhlesi bolup, ýylpyldap gidýärdi. Töwerek ýene-de özüne mahsus asudalyk tapyndy, howa arassady, ýöne wagty bilen şeýle pursatda eşidilýän, şagaldyr möjek, ýeneki haýwan sesleri eşidilmeýärdi. Göç hamala olaram özüne gatyp, sürüp gidiberen ýaly duýulýardy.

* * *

Göç Ahal ýerlerinden daşlaşyp, Pendi topragyna barha içgin aralaşýardy. Öňde güýzüň gelmegi bilen biraz depesiniň ot-çöpi egsilip, ýalaňaçlanyp ugran ümbilmez meýdan giňlik bolup ýaýylyp ýatyr. Çerkez, sazak, sözen ýaly köp ýyllyk pürli ösümlikleriň indi ähli pür-pudagy ýetişip, töweregiň bu byrsydyrgynlygyna özleriçe görk berýärdiler. Ýaşyl kürtä çolanyp oturan gelinleri ýada salýardylar. Muňa seretmezden, töweregiň indi bireýýämden bäri özüni güýze sanyp otyranlygy welin mese-mälimdi. Eýýäm

birdir-ikidir göçüň öňünden çykyp, barha töwerekde köpelişip ugran pisse agaçlary, öz syçangulak saralyp-güýzän ýapraklaryny töweregine seçeläp, öz töwereklerinde aýmança depejikleri döredipdiler. Indi esli wagtdan bäri baslygyp, dymyljap ýatany üçin ol depejikleriň ýokarsyna goýras çüýrüntgi ysy göterilýärdi. Alysdan depä çykanyňda, Bathyzyň aşak eteginden Sarahs tarapa syrt atyp ýatan Gyzylgaty belentliginiň gerişleriniň kä ýeri gyzgylt öwsüp, salgym atyp görünýärdi.

Indi türkmeniň Bathyz ady bilen gugaryp oturan çöllüginiň ulgamlary başlanypdy. Häzir onuň sypaty şol ýaz ot-çöpleriň, gyzylly gökli meýdan gülleriniň mekanyna öwrülip, hemişe şeýdip beglenip-beslenip oturjagyna ynandyrýan Pendi çöli diýseň ynanar ýaly däldi. Ýaz möwsümini üstünden geçirensoň, ol indi öz üstüniň ýapynjasyny çalşyp, gojalyp, lagar düşen ýaly gitdigiň saýy ýokary göterilip, barha beýgelýän baýyr-depeleriniň kükregine gysmyljyrap oturan ümsümlige öwrülipdi. Tomsuň gyzgyn howry Bathyzyň alar ýaly ýeriniň nemini alyp, ony gaty talaň düşen ýerleriň birine öwrüpdi. Hemişe bu öwrelerde gazan hinlerinden çykaran gum depejiginiň gapdalynda hile bir iş eden ýaly temeklerini talawladyşyp, sykylyk atyşyp oturýan alakalar, emedekleşip, müňňüldä öwrülişip gezýän mör-möjejikler, ýer bagyrtlaşyp, gorkan ýerlerinde «Sen ne azarym» diýip, guýruklaryny galdyryşyp, ibirtde-zibirt bolşup gezýän suwluganlar, öz-özünden ýel alyp, nämä kejigenligi hem köp halatda bellä bolmaýan zemzenleriň, çölüň daşyna ýüp aýlaýana meňzäp, süýnüp-sarkyp gezýän ýylanlaryň mesgenine öwrülerdi. Olar göçüň gelýänligini ysyndan-kokundan eýýäm allowarradan duýan bolmaly, çölüň şol bol mör-möjejiklerem baram bolsa, häzir juda seýrek görünýärler. Bathyzyň kaňkap ýören şagaldyr tilkisi, syrtlandyr möjegi öňem gündizlerine şeýle bir görnübem barýan däldirem welin, häzir olaram hemişe adamlardan oýtarlap gaçyp gezýän keýikler ýaly, bir ýere çekilipdiler.

Bathyzyň belli maly gulanlar welin bir-ikem däl, telim ýerde göç adamlaryna gabat geldiler. Olar aýakgaldyrsyz pyýada adamlara: «Wah, şulary bir tutup, münüp bolaýsa» diýip, arzuw etmeklerine sebäp bolýardylar. Golaýlaşyberseň olar ala güpürdi bolşup, tutdurman hyzzyllaşyp gaçyp giderdiler.

Meýdan doňuzlarynyň hem bu öwrede az däldigi çen edilse-de, olar göç adamlaryna diňe bir gezek gabat geldiler. Şonda olaryň bir bölegi ýazda çeşme bolup, Ýeroýulana guýan akarlaryň biriniň döreden şorunyň batgalygynda läbige bulanyşyp ýatyrdylar.

Çöl çöl bolýar, ol islän ýeriňden suwdur malyň üçin otdur-çöp ýaly höregiň tapylyp duran ýeri däl. Ýazda üstüni bol ot-çöpüne basdyryp ýiten ýol-ýodalaram indi ýene-de bir ondan çykýandyrlar, birem mundan, ýöne haýsynyň nirelerden baryp çykjagy welin belli däldir.

Gijöýlänler ýene-de Bathyz şemaly öwsüp, bu gerimdäki ähli zatlaryň: ot-çöpleriň, tebsiräp jaýrylan ýapylaryň, çüýrüntgiler baslygan çöketlikleriň ys-koklaryny öz demine gatyp, ondan güllerden boglan çemen ysyna meňzeş üýtgeşik bir müşk ýasap, äleme paýlap ugrady. Ol ys zyr-zowran bolup barýan millete öz lezzetli ýakymlylygy bilen Watan müşgi bolup duýulýardy. Olaryň Watan bilen hoşlaşyk duýgusyna joş berýärdi. Bu müşk gün gijigip, serginlik aralaşdygyça adamlara şu zatlary galdyryp, Watan gujagyndan çykyp barýandyklaryny ýatladyp, has hoşroý, hasam mähriban kükeýän ýalydy. Bu adamlaryň soňky bir gezek Watan bilen özboluşly hoşlaşyk pursady boldy.

Ýöreldigiçe suw ýetmezçiligi barha ýiti duýlup ugrapdy. Janly-jandaryň suwly ýaplarynyň, derýa-kölüniň töwereginden aýrylarlygy barmy? Aýryldygam öňküje halyňy tapyp bolanok. Janlynyň jany suw bilen diýleni-dä.

Teşnelige dözümli düýeler suwsuzlyga belli bir derejede çydasa-da, badyny suwdan alyp ýören atlar welin beýle däldiler. Olar kelte duşalan ýaly duran ýerlerini depgileşip, ädim ädesi

gelmeýärdi. Eşekleriň ýagdaýyna bolsa hemişekiler ýaly «Aý, gaty eşekdir-dä» diýdirip, oňly üns hem berilmeýärdi. Suwsuzlyk hemmelere dert bolup: «Eje, suw işjek», «Meşik boşap barýar», «Suwuňyz bolsa, bize-de bir owurt beriň!» diýen ýaly gürrüňler göç arasynda barha köpelip ugrapdy.

Onlarça ýyllap türkmen degresiniň çölüni-dagyny goýman, möjek ýaşaýşyny edip gezen Annaguly han Bathyz töweregine-de belli bir derejede beletdi. Onda süýji suwly guýularyň ýetikdigini hem bilýärdi. Injirlide, Çemenebit ilersinde çeşme suwunyň böreň-böreň akyp ýatan ýerleri-de bardy. Suwlulyk, esasynam, Bathyzyň günorta-gündogardaky, bölegine mahsusdy. Ýöne oňa ýetmek üçin ýene-de azyndan iki-üç gün ýol ýöremelidi. Bu ýerler, esasynam, guýy suwlarydyr ýylyň belli bir döwründe emele gelýän kak suwy bilen oňňut edilýän ýerlerdi. Galyberse-de, guýularyň suwlary-da birsydyrgyn süýji suwly hem däldi. Suwy ajy kakýan guýularam ýeterlik bardy. Beýle guýulardan, esasynam, suwy oňly dannap durmaýan mal-garalar suwarylardy.

Ýöne Annaguly han bu guýularyň öz ýanyndan hasabyny ýöredip, biraz kynçylyk bolsa-da, olaryň suwlaryny tygşytly ulanyp bolsa, onuň halka günemmalyk boljagyny tama edýärdi. Göç ýolbaşçylaryndan bar bolan guýy suwlaryny juda tygşytly ulanmagy talap edýärdi. Häzir onuň wagty bilen millete gonalga bermän alyp barmagynyň ýene bir sebäbi-de şudy. Onuň göçi bu suwy teň ýerden tizräk geçirip, aňyrrak aşyrasy gelýärdi.

Annaguly han ýeňil bolmasa-da, agyr mähelläni öz islegine görä çalt hem galdyryp-gaçyrman ýöretmäge çalyşýardy.

Haçanda göçe nobatdaky düşelgä rugsat edilen mahalynda Annaguly hanyň töwereginiň besmeçilik edip ýören adamlary göçüň günorta-gündogar gapdalyndaky, seleňläp oturmak üçin üsti ýazgyn depeleriň birini saýladylar.

Pessaý agşam şemaly ösüp durdy. Adamlaryň kalbynda dünýä rahatlyk aralaşyp, öz kaddyna gelip ugran ýaly duýgy döreýärdi.

Annaguly hanyň düşlänine uzak wagt geçmänkä Tagan zabun hem öz töwereginiň adamlary bilen gelip atdan düşdi. Oňa işany bilen mertebeläp, haly düşegiň üstünde ýer berdiler. Ha diýmänem, eller ýuwdurylyp, orta nahar çekildi. Tagan zabun ýene Annaguly han bilen tabakdaş boldy. Ol başga wagt köplenç öz töweregi bilen ýomut göçüniň töweregräginde Annaguly hanyň tabşyryşy ýaly, onuň sözüni özüne ýörelge edinip hereket edýärdi. Owgandan ildeşleriň yzyndan gaýtmaly bolanda Jüneýit han oňa bu işi ynanyp: «Inim, Annaguly han bilen maslahatlaşyp ýöribergin, ol ýer-ýurduň ýagdaýyna, iliň talap-borjuna belet adamdyr. Gerek ýerinde il bähbidini arap, onuň arkasyny alyp, duşman bilen garpyşmada hem özüni tanadan pylankesdir, serdardyr, il ynamyny gazanan oguldyr. Göwni ýetmese halk: «Bizi gelip alyp gitsin» diýip, her kimiň yzyndan adam iberýän däldir» diýip, oňa özüniňem göwnüniň ýetip, hormatlaýanyny mälim edip, ýörite sargapdy.

Bu ýerde her gezek nahardan soň, göçüň ýagdaýy barada maslahatlaşylyp, öňdäki guýulardyr çeşme-şorlaryň suwuny tygşytly, isripsiz ulanmak, ýagynyň köw salaýjak taraplary, şondaky ilkinji edilmeli goranyş işleri, çen bilen göçüň indiki baryp düşlejek ýeriniň töweregindäki otdur-suw bilen bagly bolup biläýjek meseleler barada gürrüňler edilerdi.

Annaguly han bu gün günortanyň öň ýanlarynda yzly-yzyna iki sany gyssagly habary eşidipdi. Gyssagly bolşy ýaly habarlaryň ikisi-de ýakymsyzdy. Olaryň birinjisi Tejenden kowgy gaýdanlygyny habar berse, ikinjisi mundan bir günlük ýolda Mary tarapdan bir bölek atlynyň gelýänligini habar berýärdi.

Bu bolsa Sowetleriň ýerli-ýerden göçüň kastyna çykanlygyny görkezýärdi. Şonuň üçinem, adamlaryň ýadap-ýorulanyny bilse-de, ýamandan ýaý boýy etmek aladasy bilen, Annaguly han göçe wagty bilen dynç almaga gonalga bermändi.

Özi-de ol uzakly gün ýagynyň ýüz beräýjek ýerlerinde aýlanyp gezipdi. Göçüň gorag meseleleri bilen bagly çäreleri geçiripdi. Bäpbäniň gapdal gorawda barýan toparyny duşman bilen garpyşylanda kem oturmasyn diýen pikir bilen, ony Tejen, Sarahs göçüniň arkasyna geçiripdi.

Agdarhan Potrany Mary tarapyndan geljek duşman bilen döwüşmeli ikinji bir topara ýolbaşçy goýupdy. Onuň toplumyny Dolak serdar ýaly ömrüni alaman-uruşda geçiren, içinden ýalyn geçen serdarlaryň topary bilen berkidipdi. Habar gatnadyjy çaparlar şundan soň: nähili habarlygyna, nirededigine seretmezden, ony hana ýetirmäge borçly edilipdiler.

Üçünji howsalaly habar bolsa hana töweregi bilen nahary ýaňy öňüne alan wagty geldi. Hanyň töweregini goraýan janpenalarynyň biri geleni atdan düşürip, onuň habaryny alsa-da, nahar wagty hanyň ynjalygyny bolmazlyk üçin gelen habary bada-bat oňa ýetirmäge gyssanmady. Habar getirene sorag berip, ondan özi üçin ýene birnäçe zady anyklap durdy.

– Magşar keliň alyp barýan göç toparynyň öňünde Sowetiň adamlary

peýda bolupdyr-da onda?

– Şol-a şeýle. Göçüň öňi guýuly oýa inip ugran mahaly, olar pilmutdan ot açyp ugradylar, garaşyp ýatan bolsalar näme.

– Öňden gidýän gözegçiler görmänmi olary?

– Gizlenen borly, olar geçende beýle zat görmändirler. Magşar kel näme şolaryň hötdesinden gelip bilmedimi?

– Aý, olaň pilmuty bar-a. Görneniňi palaç ýatyran ýaly edýär ol how...

– Beý, olar nädip beýdip görünmän, içe aralaşyp bildilerkän?

– Aý, men nä biläýin. Hany habarly et diýdiler, gaýtdym atymy ýüzin salyp.

Nahardan soň çaý başynda Annaguly han ýene-de öz töweregi bilen, göç hereketleriniň ýagdaýyny anyklamak bilen, indiki edilmeli hereketleri maslahatlaşyp başlady.

Emma soňky gelen gyssagly habar serdarlary ine-gana maslahatlaşmaga goýmady. Hemmeleriň kalbyna garaşylmadyk ynjalyksyzlyk aralaşdy. Annaguly han nireden ýaga garaşsa-da, olaryň beýle alkymdan çykyp biljegine garaşmandy.

Bu mahala çenli eýýäm dünýäniň töweregini gaban gijäniň garaňkysy gaplapdy. Bathyzyň ýokarsynda ikiden-üçden peýda bolşup ugran ýyldyzlaram sanyny artdyryp, hezillige heşelle kakýan ýaly, barha köpelýärdi. Hemişe güýzüň ahyrlaryna altyn arabanyň sypan tekerine meňzäp tigirlenip gezýän Aý hem indi ha diýmän, asmanda peýda bolmalydy.

Gije her gezek şeýdip dünýä depesine Aý-ýyldyzlaryny göterende ol kejebä, onuň gujagyndaky zatlar bolsa, şol gelnalja gelen toý kejebesiniň ýolagçylaryna öwrülerdiler.

Annaguly han guýyny duşman elinden almaga töweregindäki serdarlaryň birine «Bar, sen şol plimutyň bir ýol bilen sesini gapdyr!» diýäýmeli ýaly hem bolsa onuň atlanyp özi gidermen boldy. Guýynyň alnanyny öz gözi bilen görmese, ynjalmajagyna düşündi.

– Ýagy beýle alkymlan bolsa, onda ol ýerde mesele kiçi-girim däldir, özüm gitmesem bolmaz – diýdi.

Han atlanansoň, Tagan zabunyňam ondan galasy gelmedi. Töweregi bilen atlanyp, han bilen jylaw deňläp, ýagyň üstüne depdi.

Annaguly han aňyrda göçüň uly bir böleginiň garamatynyň Tagan zabunyň egnindeligini ýatlap:

– Tagan batyr, seniň öz alyp barýan göç toplumyň ýanynda bolmagyň gerek! – diýip, ony raýyndan gaýtaryp, öz öňüne düşüp barýan göçüniň ýanyna ugratmakçy boldy.

Emma Tagan zabun:

– Ýagy ýylandyr. Ýüz beren ýerinde ähli güýç bilen onuň kellesini ýençmelidir. Şony alyp ýatanymyzy görmesem, gitsemem, men ynjalyp bilmerin, han, näme bolsak, bile bolaly. Bolsa bolubersiň, Sowetiň plemuty, biz ony bu gün görmeli däl–diýdi-de, Tagan zabun özüniň galma meýliniň ýoklugyny mälim edip, Annaguly hanyň atynyň yzy bilen atyny debsiläberdi. Olar göç toparlarynyň arasy bilen atlaryny gyssanmaç sürüp gitdiler.

* * *

Annaguly han töwereginiň bäş-alty atlysy bilen Türkmenistana, ol ýerden gaýtmakçy bolýan halkyň yzyndan ýumşa gidensoň, Jüneýit hanyňam bir gulagy şol tarapa boldy. Ol Annaguly hanyň sag-aman serhetden geçip, Tejen aýagyna aşmagyny dileg edip, onuň şol ýerdäki alyp barjak işlerini özüçe pikirine getirýärdi. Haçanda birnäçe günden Ýolbarslydyr Orta guýy, Ajyguýy töwereginiň bosgunlarynyň göterilip, ýüzlerini Owgana tutup, Guşga tarap ýola düşenliginiň habary ýetip gelen mahaly bu handa kanagatlanmak duýgusyny döretmek bilen birlikde aladasyny hem artdyrypdy. Indiki mesele ol halky sag-aman serhetden geçirip almakdy. Bu babatda han ähli ýagdaýlary bir-birleri bilen deňeşdirip, göçüň öňünden çykyp, ony serhetde garşylamagyň, serhet golaýynda göç bilen Sowet güýçleri çaknyşan mahalynda aňyrlygyna ötüp, olara hemaýat etmegiň hem aladasyny edip ýördi.

Kepderhan obasyna indi çaparlaryň biri gitse, biri gelýärdi.

Göçi duşman pejesinden sypdyrmaga kömek etmäge gidýänlere ilki hanyň özi ata çykyp, baş bolmakçydy. Emma özi ata çyksa, munuň duşmanlar tarapyndan bilnip: «Orta Aziýa halas ediş» goşunlarynyň herekete geçmegi hökmünde kabul edilip, wagtyndan öň uly garşylygy özüňe garşy goýmak boljagyna düşündi. Şonuň üçinem ol serhede kömege gidýän toparlara öz ogly Eşşini baş edip belledi.

Jüneýit han esasanam Annaguly hanyň başarjaňlygyna, tutanýerlilik bilen etjek akylly-başly hereketlerine bil baglaýardy. Bu işiň ýeňil iş däldigini, onda-da häzirki Sowetiň barha berkeýän döwründe Annaguly han heniz ugramanka, ol munuň pikirini edipdi. Onuň ol ýerde dara-direlikde aýgytly herekete dagy geçmeli bolaýsa, gerek bolar diýip, öz ynamdar adamlarynyň biri, köp çaknyşyklardan abraý bilen başyny alyp çykan Tagan zabuny goşupdy. Tagan zabun 1928-nji ýylda Jüneýit han Eýrana gyssagly aşylanda, maşgalasy şol ýerde galanlaryň biridi. Şonuň üçünem bu sapar Tagan zabunyň hem-ä hossar çykyp, öz maşgalasynyň yzyndan bardygy hemem maşgalanyň öz diri ýitigi bilen duşuşmagy il bähbitli işiň han tarapyndan bir tarapynda duruldygy boljakdy.

Jüneýit han göçe kömek berdirmäge ugratjak ähli güýçlerini böleklere bölüp, kän göze ilip ýörmezden ümsüm-kümsüm hereket ýetmegi tabşyrdy. Onuň pikiriçe aňyrdan gelýän göç möçberi uly bolansoň, olar esasanam geçelge hökmünde öňden bilinýän, göz öňüne tutulýan iki ýer bolup, şondanam geçmelidiler. Olaryň biri Guşgynyň demirgazyk günbataryndaky Owgan gädik-diýlip bilinýän ýer bolsa, ýene birisi Guşgynyň golaýyndaky Akrap çeşmäniň töweregidi.

Eşşi han ýola ugramagynyň öňüsyrasynda, ol öwrä belet ýolbelediň gerek boljak gabylrak adamyň pikirini edende, onuň ýadyna düşen adamlarynyň biri Ahmet bolupdy.

Jüneýit han Marçakdan raýdaşlyk bildirip gelenleriň arasynda Akynýaz baýyň hem barlygyny eşidip, onuň bilen aýratyn söhbetdeş bolmaga isleg bildirip, ony ýolundan alyp galypdy. Ahmet hem şonda olaryň duşuşygynyň soňuna çenli, soňra ýoldaş bolmak üçin, şol töwerekde galan onuň iki ýoldaşynyň biridi. Jüneýit handyr Akynýaz baýyň tanyşlygy bu günüň, golaý düýnüň tanyşlygy däldi.

Akynýaz baý Jüneýit hana haçanda ol 1916-njy ýylda general Galkin bilen garpyşyp, Owgana çekilen döwürleri – ondan-oňa synsyrap ýörkä duşupdy.

Jüneýit han bir gezek Söýünala myhmançylyga baranda, Gully emin olary öz öýünde tanyşdyrypdy. Her gezek Jüneýit han deryadan geçip, serhetden aşyp, öz aňtawyna çykarylan adamlaryň hem ýok däldigini bilýänligi üçin, olaryň gözüne ilmez ýaly, ýüzüni gijelige tutup, ümsüm-kümsüm, it görmesinem, üýrmesinem edip, töwereginiň az sanly adamlary bilen gelip giderdi.

Uzakly gije myhmançylykda Gully eminiň hatyralap ýazan saçagynyň başynda onuň bilen küýsegli söhbetdeşlikde bolup, şol günüň ertesem ýene-de säher-säherler töweregi bilen atlanyp, gelşi ýaly-da duýdansyzam göterilip giderdi. Jüneýit han bu ýerde diňe Gully emin bilen söhbetdeş bolardy. Şonuň üçin hem oňa ilki başda Akynýaz baýy öz gürrüňçiliklerinde görende, ol bu ýerde artygrak ýaly hem bolup görnüpdi. Ýöne onuň Ýolöten pristrawlygynyň işgäridigi belli bolup, haçanda ol dünýä ýagdaýlaryny, öz halkynyň ýagdaýlary bilen baglap gürlän mahaly, Gully eminiň ýurduň ýagdaýyny onuň eýeleriniň arasynda gezip ýören, belet adamdan hana eşitdiresi gelenligi belli bolupdy.

Gully eminiň onsuzam ol her kesi özleri bilen tabakdaş etmejegini bilýärdi. Şeýle-de Gully eminiň: «Pelek işidir, han, bilip bolmaz, biziň illere düşüp gelseň, men ýogam bolsam, meniň ornumy tutjak adam bardyr, men seni ol adam bilen duşurýan!» diýdigi bolupdy. Hoşlaşanlarynda olar bir-birleri bilen pikirde bolşup hoşlaşypdylar.

Jüneýit hanyň raýdaşlyk bildirmäge gelenleriň arasynda Akynýaz baýyň hem barlygyny eşiden mahalynda Söýnalydaky şol myhmançylyk onuň ýadyna düşüpdi. Onuň bilen didarlaşyp, öten-geçen, il-ýurt barada gürleşip oturmak isläpdi. Ol Akynýaz baýyň Sowetiň ynamdar adamsy, Kerkide degerli hojaýyn bolup, ýörenligini hem eşidipdi. Ine, indem görüp otursa, o-da bu

ýerlerde, ýurda sygman çykanlaryň biri bolup ýör. Eşşi şonda dädesiniň soňky döwürde duşýan adamlary bilen juda olary seljerip duşýanlygyny bilýänligi üçin, onuň atlanyp ugrap barýan ýöne bir adaty tanyş adamy ýolundan alyp galmanlygyna düşünipdi. Eşşi Ahmediň Owganyň bir ýerlerinde barlygyndan çen bilen habarly bolsa-da, ony anyk nireden gözlejegini bilmeýärdi. Ýöne ony Hojam hanyň adamlarynyň arasyndan tapyp boljagyny welin öz ýanyndan çen edýärdi. Emma Ahmediň gereklenilýänini eşidip, garaşylmadyk ýagdaýda onuň bilen ýakynda duşuşan Rozy Eşşi hana onuň anyk salgyny beripdi.

Şeýlelik bilenem Ahmet çen edilýän ýerinden däl-de, Jüneýit hanyň uly ýörişine garaşyp, Hyrat öwresini ýassanyp ýatanlaryň ýene-de birisi Gurban gyzyldişiň toparynyň arasyndan tapylmalydy. Gurban gyzyldiş Türkmenistanda ýol saklap, kerwen oljalap gezen galtaman hökmünde öňden bellidi. Ol ymykly yzyna düşülensoň, ýakynda Sowet esgerleri bilen gyrlyşyp, Owgana özüni atypdy. Gelşi ýaly-da köneden tanyşlygy bolansoň, Jüneýit hany tapyp, onuň huzuryna barypdy:

– Han aga, men-ä gelendirin! – diýip, oňa habaryny beripdi. Hanam oňa:

– Gelen bolsaň gowy edipsiň, adamlaryň bilen golaýraklarda ýerleşip, gulakdaşrak boluber, serdar! – diýipdi. Ahmedem Hyradyň eteginde Gurban gyzyldiş bilen ildeş-meslekdeş bolany üçin indi köplenç şonuň töwereginde bolýardy. Ol muny ýolda gabatlaşanlarynda gepden gep çykyp, Roza hem salgyny beripdi. Şonuň üçinem Ahmedi tapmak kyn bolmandy.

Gurban gyzyldiş Jüneýit han bilen köneden tanyşdy.

Çölde galtamanlyk edip ýören Gurban gyzyldiş bir gezek tilki kowalap, ýolbarsyň üstünden baran möjegiň gününe düşüpdi. Ol şol gezek orta çölde tanaman-bilmän, Jüneýit hanyň kerwenini oljalapdy. Onuň Jüneýit hana tagallyk ýükleri alyp barýanlygyny bilenden soň bolsa: «Kerwen han agaňky bolýan

bolsa, onuň bitiniň burny ganamasyn» diýip, hanyň mertebesine dokunypdy. Kerweniň daşyny özi goraglap, oňa Jüneýit hanyň soraýan öwresine aşmagyna hemaýat edipdi. Birazdanam onuň bilen gyzyklanyp, Jüneýit han ýörite adamlaryň üsti bilen ony öz huzuryna çagyrdypdy. Ol günler hanyň mümkin bolan güýçleri jemläp, Dörtgüli almagyň ugruna çykyp ýören günleridi. Şonda Gurban gyzyldişem hana atly bolmaga, onuň bilen Dörtgüli basyp almaga döwtalap bolupdy.

Şol günlerden handyr Gurban gyzyldiş arasynda bolan bir henekli gürrüňem Eşşiniň ýadynda galypdy. Şonda Jüneýit han Gurban gyzyldişiň aýallaryňky ýaly gyrasy gyzyl parawuz bezegli balagyna, ujy gotazly uçguryna ünsi düşüp, oňa geň galypdy.

– Batyr, seniň ol gotazly uçguryň, parawuzly balagyň näme? – diýip, bu birhili özüne gelşiksiz görnen ýagdaý barada, «Beýle bezeg-beýlekini bizde aýal-gyzlar edýär. Ol bezegi aýal-ýenekiler edýän ýalydy-la, ýene çalşyp, aýal tammalyny geýip gaýdan bolma, zaluwat» diýen äheňde ondan sorapdy.

Şonda jyn ýaly eserdeň zaňňar, hanyň ýarym ýaňsy, ýarym degişme bilen niräni çaňydýanyna dessine düşünipdi hem bada-bat yňdyrmalyk bilen onuň soragynyň jogabyny duran ýerinde nagt edipdi.

– Han aga, sizler-ä baýtaly bezeýärsiňiz, bizem aty – diýip, oňa türkmen taýpalarynyň adamlarynyň hersiniň özüçeräk geýinýändigini ýatladypdy.

Şonda soragynyň jogabynyň elin alan Jüneýit hana: «Hä, eýle bolsa, bolýar onda» diýip, ylalaşaýmakdan başga alaç galmandy. Ýöne Eşşi serdar Gurban gyzyldişiň Pendä beletligini bilse-de, Ahmetden başga onuň töwereginiň adamlaryny özüne ýoldaş edinmäge döwtalap bolmady.

Töwerekde Sowetiňem göz-gulagynyň ýetikliginden habarly Eşşi han Guşgyny niýetläp atlansa-da, bada-bat ol tarapa at başyny gönükdirmäge gyssanmady. Adamlaryny kiçiräk-kiçiräk toparlara

bölüp, olara nähiliräk hereket etmelidigini düşündirip ýola saldy. Onuň özi-de şol günüň ertesi Kepderhandan çykyp, at başyny ilerligine aldy-da, ýurt içinde bir ýere barýandan bolup, aýlawlyrak ýola düşdi. Atlylar diňe Hyrady gapdalda galdyryp, onuň daşyndan aýlanyp geçensoňlar, garaňkyny ýagşy gatlyşdyryp, at başlaryny demirgazyk-gündogara öwürdiler.

Atlar şundan soň hamala Watana barylýanyny syzan ýaly jylaw çeýneşip, dyzanyşyp, öňkülerinden has ýeňil gopuşyp ugradylar. «Jüneýit han bir hyýala münüpdir, demirgazyk Owganystana goşun çekip ugrapdyr…» diýdirmezlik üçin, şeýleräk öwrümli hereketler, duşmana yrsaramaga mümkinçilik bermezlik üçin hökmandy. Topar şol günüň ertesem derýa boýuna ýetip, onuň boýuny syryp, amat arap, wagtal-wagtal ýolda düşläp, çaýlap-suwlap gitmegi niýet edindi.

Murgap derýasy bilen duşuşmak hemişeki bolşy ýaly, ýene-de ýakymly boldy. Derýanyň akymy bu ýerde kak ýaly burlup, towlam-towlam bolup akýardy. Şeýle-de alys bir ýerlere sapara gidip, indem Watana golaýlaşanyny görüp, adamda tolgunmadan döreýän galpylda meňzeş duýgy derýanyň süňňünde-de bar ýaly duýulýardy.

Her gezek Ahmet ara wagt düşürip, duşman-duşman, Murgap bilen duşanda Söýünalyny, öýüni, dogan-garyndaşlaryny küýsäp ýatlardy. Öýüdir çagalary, Akgülüň tapynan derdiniň barha erbetleşip barýan ýagdaýy, eýesiz çagalaryna ýaşaýşyň ýeňil düşmeýänligi baradaky pikirler bilen, hemişe onuň aňynyň bir ýerlerinde küle gömlüp ýatan köze ýeten deý köräp, derdini ölçärdi. Çagalaryň duýgur bolýanyny, olaryň ejeleriniň gün-günden horlanyp mejaldan gaçyp barýanyny görüp, howatyrlanyşyp, nätjeklerini bilmän gözlerini tegeleşip, hossar isläp, özüni gözläp, töwereklerine seredişýändiklerini aňlaýardy.

Akgüle bir zat bolsa, çagalaryň başga gapylarda synsyramaly boljakdyklaryny kalbynda hasrat münderläp ýatlaýardy. Gül ýaly

maşgala hemmeleriň gözüniň alnynda horlanyp, barha mejaldan gaçyp gurap, gutaryp barýardy. Soňky iki-üç aýdan bäri bolsa onuň Jemal mamanyň sygrynyň süýt-gatygyndan başga zat bokurdagyndan geçmeýärdi. Bende kyn güne galyp kösenip ýaşaýardy. Agyr dert diýseň ony erbet horlapdy. Ol indi öňki maşgalanyň kalbyny ýylydyp, öýüni öz başarnygy bilen buýsançly öýe meňzedip oturan gollary batly, lebleri datly, joşgunly gelne asla meňzemeýärdi.

Yrgyl-dargyl süýrenip, öýüne girip-çykyp ýören Akgül soňam wagty bilen onuň göz öňünden gitmedi.

Balamurgap tarapa gitdigiňçe töwerekde gabat gelýän obalar indi barha selçeňleşme bilendiler. Gowgaly döwür-döwranlaryň başlanmagy bilen bu ýerlerde öň her gezek golaýlaşaňda özüniň köplügi bilen ünsüňi çekýän goýun sürüleri-de indi seýrek gabat gelýärdiler. Bu öwreden şu gabahatlyklar zerarly rysgal-döwletiň elheder alyp göterilenligi mese-mälim duýulýardy.

Bu ýerlere öňden belet adamlaryň bu zatlar bada-bat ünsüne düşýän ýagdaýlardy. Meýdanlaryň gugaryp, ot-çöpi-de indi öňküsinden has garyp görünýärdi. Ahmediň Murgap bilen her gezek duşanda ýadyna düşýän zatlaryň birisem, derýaň şanyna düzülen, mollada okaýarka öwrenen aýdymydy. Bu aýdymy telim ýyllap obadan ýitip gidip, Buharada medrese bitirip gelen molla Seýit ahunyň hut özi şol ýerlerde Watany küýsäp döredenmişem diýýärdiler. Umumanam, ol okuwçylaryna «Şulary bilip ýat bekleseňiz, hemişe, hemme ýerde özüňizi höwürli, ýanyňyz maslahatçyly duýarsyňyz» diýip, Gurhan sürelerini, şahyrlaryň şygyrlaryny ýat bekletmegi gowy görerdi.

Murgap hakyndaky bu goşgam Ahmediň şol döwürlerde ýat bekläp alan goşgularynyň biridi. Ahmet ony her gezek ýatlanda derýanyň keşbi göz öňüne gelip, tolkunlary aňynda owsun atan ýaly bolýanlygy, özi bilen bagly köp gowulyklary ýada salýanlygy



*28

üçin gowy görerdi. Häzirem ol töweregi bilen at gorduryp, barşyna ol aýdyma küýseg bilen hiňleneninem duýman galdy.

*Murgabmyz – söýgüli derýamyz biziň,*
Hemişe bagtyýar biz onuň bilen.

Pendi baýyrlary, Garabil bilen,
Söýünaly, Alaşa, Baýraç... il bilen.

Ýüzläp oba-kendi ýakasna düzüp,
Onlap jeňňellerde suwuny süzüp.

Akýar jülge syryp üstünden düzüň,
Hemem ýüregmiziň üstünden biziň.

Halka giden rysgal, bol-ýelin suwluk,
*Kenarlary onuň lälezar, gowluk.*

Taňrydan gadyrlan gowlugnyň biri
*Pendini türkmene berenden bäri.*

Ýüzläp aý, ýyllaryň salamyn alyp,
*Otyr küren iliň Watan bolup.*

Magsut han herzeki, Baba han sugty,
*Şu ýerden tapypdy köp gözläp bagty.*

Bahyllyk bu ýere daşy köp atdy.
*Ýöne olaň bary pälinden tapdy.*

Murgabmyz – mähriban derýamyz biziň,
Owsun atyp akýar o-da biziň bilen.

Eşşi han Balamurgaba ýetmän, öz topary bilen at başyny ilerligine – Pendi baýyrlaryna tarap aldy. Töwerek haýsydyr bir agyr hasraty içine salan ýaly, diýseň sus görünýärdi. Pendi topragynyň üstüne synyny süýräp aýlanyp ýören şemal göterip bilen çaň-tozany asmana göterip, ol ýerde günorta-demirgazyk aralygyna ganat bolup gerlip duran çaň-tozan toplumyny emele getiripdi. Pendi baýyrlary indi uzakdan şol tozan-örtüge çolanyp oturan deý, salgym atyp görünýärdi.

Ahmet öňde Gulmet atly, Eşşiniň wagtal-wagtal «Daýy!» diýip, nygtabrak ýüzlenýän, ýaşy kyrkdan geçen gyrçuw sakgal adam bilen gara görnümden topar öňi bolup barýardy. Gulmet gözlerini jel-jelledip, niräk gelenini biljek bolýan ýaly, köp synlap, az gürleýärdi. Ahmet bir zat soraýsa dagam: «Hi» diýip, onuň ýüzüne dikanlap, ýaňy böwrüne dürtülip ukudan turzulan ýaly, oňa hutgürip, alasarmyk jogap bererdi. Hamala agzyndan bir ters gep çyksa, han öňünde oňa jogap bermeli bor diýip, alada edýäne meňzeýärdi.

Tanyş ýerler goşalanyp öňünden çykyp ugran mahaly, Ahmet bir aýdan gowrak wagt mundan ozal Hojam hanyň goşy bilen bu ýerlerden geçenini ýatlady. Indi bolsa ol bir bölek atlynyň öňi bolup, yzyna barýar.

Döwür şeýle düşnüksiz, zabun bolanda haçan, nireden baryp çykjagyňy bilip bolmaýan eken. Ol yzyna dolanjagyny, bir wagt Watana gelmeli boljagyny bilýärdi, ýöne näme pikir etse-de, beýle tiz dolanmaly bolaryn öýtmändi. Haçanda Hojam hanyň aýal maşgalalarynyň arasynda Hanumanyň köneräk çabydy başyna bürenip oturyşy aňynda peýda bolan mahalynda, onuň göz gytagy bilen özüne seredip, tananlygyny mälim edip oturyşy onuň ýadyna düşdi. Aňyndaky Hanumanyň görmegeýligine gözi gidip: «Gözel jinde içinde-de gözel» diýip, oňa höwes etdi. Soňam onuň tas elden giderli bolanyny ýatlady: «Tas-a, Bäpbe zaluwadyň de-

mine düşüpdem welin, ýöne soňundan ony özüne niýet edindimi nämemi Hojam han berk durdy-da».

... Hanuma bilen ýüzbe-ýüz duşuşyk. Ol Ahmedi owsunyp baryp, höwes bilen gapynyň öňünde boýnuna gol salyp gujaklady.

Olar mähirde-mylakat bolşup, bir pursat şol duşan ýerlerinde bir-birleri bilen gysmyljyraşyp, boý deňeşdirişip durdular. Hanuma hamala bu pursada garaşan ýaly, egnine ýuka ýatyş köýnegini geýip, başyny ýeňiljek ýaglyk bilen maňlaýyna düşürip daňypdyr. Mähir-muhabetli näzenin zenana öwrülipdir...

– Weý, sen nireden çykdyň, oglan! – Onuň pyşyrdysynda birden mesen begenç-de bardy, joşgun-höwes-de.

Ol Ahmediň özüni ýatlap gelmegine, onuň indi özi üçin hiç zatdan gaýtmajagyny ýatlap begenip-buýsanyp, bu duýgynyň aňyrsyna çykyp bilenok. Hanuma dünýäniň bulaşyklygyna seretmezden, Ahmediň özünden el çekmejegine onuň dünýäsine ýürek togalap ynanýardy.

Ahmet ýene bir salym Hanumaly ýakymly ýatlamalaryň ümründe ümürlänsoň, ony ýylgynlygyň içi bilen çola äkidip, şol ýerden ata ataryp, gaçyryp goýberenden soň gutardy.

Eşşi hanyň atlylary öz niýet edip gelýän ýerine şol günüň ertesi güni gijikdirip ýetip geldiler. Haçanda Akrap çeşmäniň döreden bir gulak suwy şogurdap, ýaýkanyp atlylaryň öňüni kesen mahaly toparyň gelmeli ýerine gelip ýetenligi belli boldy. Indi Guşgy hem bu ýerden uzakda bolmaly däldi.

* * *

Göç habary gelip ýetensoň, Marydan ilki onuň kastyna çykarylan, Gyzyl Goşun arasynda basmaçalary çapmakda uly hyzmat görkezen, gaýduwsyz gyzyl komandir hasap edilýän Niçaý Konstantinowyň eskadrony boldy.

Marydan ýagşy saýlanansoň, eskadronyň ýüzüni Pendi çölüne tarap öwürdi. Birnäçe gün ýatakda bolup, bakysy-idegi ýetik, ýola

taýynlanan atlar indi dyzanyşyp,  ýoly ýeňil geçýärdiler. Olar diňe öňden çykan gür ösen sazak, çerkez-gandym tokaýlyklaryň içinden geçmeli bolanlarynda, ot-çöp päsgälçiligine duşup, atlaryň badyny gaýtarmaly bolýardylar. Bu ýyl ýagyş-ýagmyry ýetik ýaz diýseň gowy gelipdi, ot-çöp çen edilişidenem bitginli, bol bolupdy. Meýdan häzire çenli tomusda, ýazda gazanan baýlygynyň köp bölegini mal-gara harçlan-da bolsa, ýerligi bol bolansoň, ondan güýze hem ýeterlik paý galypdy.

Eskadron içi biraz kapas sazak tokaýlygyny daraklap geçensoň, öňden barýan komandir Konstantinow atynyň başyny ýeňsä alyp, yzdan başly-baradrak, ýetişiksiz halda at debsileşip gelýän esgerlerine tarap öwrüldi. «Janlyrak depreniň! Ýetişiň-de, tiz tertip tutuň!» diýip, talaply buýruk berdi.

Esergerlerini öz isleýşi ýaly ýöriş hatarlaryna jemlänsoň bolsa, köne derdiniň gozganlygyny mälim edip, eskadrondan aýdym aýtmagy talap etdi.

–Hany, biziň söýgüli aýdymymyz ýaýykly kazak gelni… – diýip, ol haýsy aýdymyň aýdylmagyny isleýänligini, ýüzugra aýdymçylary ýatladyp hem goýberdi.

–Goý, ärsirän jalmarkalar ýene bir gezek derýa boýuna baryp, oňa içine döksün...

Aýdym ilki özüniň ýoňtar sesi bilen hatar ortasynda gelýän Mizdanula atly salpy murt esger agzyny ýokary tutup, göçülen ýurtda galan it ýaly uwlap, goşgy setirlerini sanap ugrady. Şundan soň töwerekdäki beýleki esgerlerem ýerli-ýerden oňa höwes bilen ses goşuşyp, aýdyma göçgün berdiler.

Akýar Ýaýyk ýaýkanyp,
Hasap tutup bar zatdan.
Akyl berip kazaga,
– Menden daşa gitme sen!

Ýogsam seniň jalmarkaň,
Ýekelige bolanok
Ýekeleri jennetem,
Öz gujagna alanok.

Bu aýdym aýdylanda her gezek esgerleriň göz öňünde derýa bilen derdinişip duran, söýgi-mylakam, erkek yhlasyna küýsegli, höwesli gelin göz öňüne gelerdi. Esgerler onuň degişme äheňinden hezil tapyşyp, hamala şol gelin derýa boýunda hut özlerine garaşýan ýaly ýakymly duýgulary başdan geçirýärdiler.

Aýdym şeýdip her gezek aýdylanda Konstantinow hem öz ata mekany, ýaýylyp akyp ýatan Ýaýyk boýlaryny küýseg bilen ýatlaýardy. Şeýle halda onsoň özi-de aýdymyň bir ýerinden oňa goşulanyny duýman galýardy.

Seň bolsa şol gidişiň,
Baran ýeriň gör, niri!?
Gidensoň gyzyň boldy,
Bor ýaly ýene biri.

Akýar Ýaýyk ýaýkanyp,
Peýwagtyna howlukman,
Iliň bolsa derdi kän,
Derýam bar derde derman.

Konstantinow bu aýdym aýdylan wagty, watanynyň ýatlanylýandanmy nämemi golçalap, haýsydyr bir süýji miweden edilen şiräni başyna göterip, murtuny ezip, ýakasyndan syrykdyryp içen ýaly ýakymly bir duýguny başdan geçirýärdi, ondan hezil tapýardy.

Komandir Konstantinow bir salym aýdym aýtdyryp, esgerleriniň söweşjeň ruhuny göterenine, şol bir wagtda hem atlara hem biraz-da bolsa dynç berlensoň, olardan ýene-de ýola howlugyp, atlary gopgunyna goýbermegi talap etdi. Komissar

bilen eskadronyň gapdalyndan aýrylyp, ýene onuň öňüne geçdi. Hüşgärligi elden bermezlik üçin, öňden, iki gapdalyndan aňtawçy gözegçileriň barlygyna seretmezden, duýdansyz göçe golaýlyşyp, onuň ahmallygyny elinden almak üçin, ol mümkin boldugyndan, bilniksizden tiz ýöremäge çalyşdy.

Göçgünli aýdym sesini ýene-de çöl sümňüne sarsgyn berýän, at aýaklarynyň güpürdisi eýeledi. Towlanyp çal tozan asmana göterildi. Ýöne Konstantinow göçüň yzyndan şol gün-ä däl, onuň ertesem ýetip bilmän, üçünji gün diýlende çäşgäler, Gün howrap ugransoň ýetip bardy. Eskadron ilki ýeri torç eden sansyz adamdyr at, düýe, eşek yzlarynyň üstünden bardy. Töwerekde gabat gelýän mal tezekleriniň könelmäge, yzlaryň bozulmaga ýetişmänligi, indi göçüň hem uzakda däldigini görkezýärdi.

Konstantinow ýene bir salym sürüp, depeleriň biriniň üstüne çykyp, töweregi dürbülän mahaly göçüň kowçum-kowçum bolşup barýandyklaryny gördi. Ol göçi görüp, ýene-de Sowet ýolbaşçylaryna özüne iş bitirip, tapawutlanan komandir hökmünde görkezmäge pursat gelenligine ynandy.

Ol «Konstantinowyň eskadrony çölde basmaçylaryň uly toplumyny ýok etdi...» diýdirmek höwesine berildi. Bu pursatda ol bosgunlary yzdan gelýän uly goşun bölümleriniň ýetişip gelip, öz gazanjak ýeňşine şärik bolmaklaryndan gabandy. Göçüň hetdi-hasabyndan oňly habary bolmasa-da, bir hüjüme geçse, ony alyp ýatjagyna, mertebe eýesi boljagyna göwün ýüwürtdi.

Gün birneme asmana göterilen hem bolsa aýaklarynyň astyndan göterilen çaň-tozanyň derdinden ýaňa howanyň ýüzi kül urlan ýaly çaňjaryp durdy. Komandir kiçi komandirlerine nähili, nireden hereket etmelidigini düşündirmek üçin, olary gyssagly öz komissary bilen gürleşip duran ýerine çagyryp aldy.

Öňde duran meseläni buýruk hökmünde düşündirdi.

– Gylyçlar syrylsyn. Duşman näme-näme bolýanlygyny bilip bilmänkä, onuň içine doňuz bolup kürsäp girmeli. Gaçmaga, goranmaga maý bermeli däl!

– Elbetde, olaryňam-a gaýtawul berjek ýaraglylary ýok däldir –diýip, komissar hem tüýlek ýüzüni sypalap, şeýle ýagdaýda nätmeli diýen äheňde soragly dillendi. Pikirinde göçe öjügip duran Konstantinow ýüzugra oňa jogap berdi.

– Ondakysyny onda göreris. Ýagdaýa göre hereket etmeli bolarys. Ýöne men-ä ol ýerde, özi-de göç bolsa, onda bize garşy durup biljek güýç bardyr öýdemok. Sallam-sajak bolup barýan göçüň, söweşjeň gyzyl eskadronyň öňünde durup bilmejegine ynanýan. Hatda ol häzirki ýagdaýda o diýen geregi-de bolar – diýip hasap etmedik, yzdan azyk-suwluk bilen gelýän, pulemýotly toparynyň hem gelip ýeterine howlukdy. Amat hasaplan pursadyny elden beresi gelmedi. Ol göz-görtele atyny dyzandyryp, tüýsüni üýtgedip, eskadronyň öňüne düşdi:

–Eskadro-on! Sowet hökümetiniň dabaralanmagy üçin, yzym bilen öňe!

Göçüň gapdaly bilen onuň yzyny dolap, goraglap barýan adamlar allowarradan bir süri atlynyň gylyç syryşyp, ýerli-ýerden «urra!» gygyryşyp atylyşyp gelýändiklerini gördüler.

Bu topara ýaşy altmyşa golaýlan, at üstünde düňderilip, aýy ýaly bolup tagaşyksyz oturan süňkbaşy iri, görene, şunuň döwmi, aýymy bir gatanja bardyr diýdirýän Dolak serdar baş bolup barýardy.

Dolak serdar ýüzugra at başyny çekip, aňyrdan atlaryny ýüzin salşyp, ýaýlany ýaňlandyryp, «urra!» gygyryşyp gelýän atlylara keltejik nazar aýlady. Soňam aňynda esgerleri: «Yzymyzdan kowup ýeten bolsaňyz, geliň hany. Siziň doňuz dowluňyzdan çekinýän barmy!?» diýip, ýagyny nähili garşy aljagyny aýgytlap durşuna göwnübirlik bilen oýlandy. Soňam: «Käşgä şeýdip emelsiz, plimutsyz bir mertlerçe gelsediňiz...» diýibem, duşmanyň bolşundan kanagatlanma tapmak bilen gepledi.

Serdaryň häzirki dara-dire göwnübirlik bilen duşmana göni gözläp, özüni ýeňşine ynanýan halda parahat alyp barmagy,

duşmanyň ýetip gelýänini görüp, biraz galagoplanyp ugranlaryň hem tiz özlerini ele alyp, ruhlanmaklaryny sebäp boldy.

Dolak serdar töweregindäki adamlaryna anyk tabşyryklar berensoň, ýagdaýy habar bermek üçin, bir atlyny baş goşa – Annaguly hanyň üstüne atardy.

Diňe şundan soň ol duşman bilen darkaş gurmak üçin, töwereginde jemlenişen atlylaryň öňüne düşüp, gylyjyny depesine göterdi.

– Ýigitler, gylyçlary syryň, tekäniň gylyjynyň Gökdepeden soňam entek kütelmändigini görkezeliň bulara!

Dolak serdar her gezek şeýdip, Gyzyl Goşun bilen çaknyşanda, olar bilen, Skobelewiň ýolbaşçylygynda Gökdepe galasyna çozan patyşa goşunlary bilen uruşýanyna, bularyň şol gelen aldajy goşunyň yzydygyna ynanýardy. Ol şol wagt on-on iki ýaşly ýaňy temegi garalyp ugran ýortmançа oglandy. Her gezek ruslar alysdan galany top okuna tutansoň, soňundan olar ak köýnekli sap-sap bolşup, köpene çolanan ýaly bolşup, hüjüm edip ugraýardylar...

Bu aýylganç pursat Dolak serdaryň hemişelik ýanynda galypdy. Şol söweşlerde bir gezek, adaty goşun bölümlerine türkmenleriň hezil bermeýänini görüp, Skobelew: «Şular-a hakyndan çykar bu halkyň!» diýip, Ýewropany çapmakda ýakasyny tanadan kazak atly polklaryny galany goraýjylaryň garşysyna sürüpdi.

Jany ýangynly türkmenler Ýegen galanyň ýanynda ýyndam atlaryna atlanyp, ýyldyrym çaltlygynda gelip, şeýle bir oýun görkezipdiler welin, gylawly kazaklaryň görmediklerini görkezip, telpegini ters geýdiripdiler.

Kazak atamany onlarça ölüsini meýdanda galdyryp, bir giden ýaralysy bilen yza çekilmäge mežbur bolupdy. Gelibem Skobelewe: «Tekäni gylyç bilen alyp bolmaýar. Ony dyza çökermek üçin nähilidir bir emel ulanmaly…» diýip, generalyň öňünde ýüzüniň ganyny gaçyryp durupdy. Hatda şonda türkmenleriň agyp-dönüp çalasynlyk, mertlik bilen urşuşyna bu söweşi gapdalyndan synlan

Skobelewiň-de olara göwni ýetipdi. Gapdalynda duran dosty suratçy Wereşagine:

– Şular ýaly gaýduwsyz adamlardan düzülen bäş-on diwiziýam bolan bolsady, men Pýotryň arzuw eden Hindistanyny bir ýyla galdyrman alyp, rus esgerlerine ädikleriniň çaňyny Hindi okeanyň suwuna ýuwar ýaly ederdim… – diýip, göwün çaglapdy.

Konstantinowyň kakasy hem şol söweşde agyr ýaraly bolan kazaklaryň biri bolupdy. Iki-üç aý geçip-geçmänem, ol şol ýarasyndan ölüpdi. Şol söweşe gatnaşan kazaklaryň ýene biri starşşina Froluşkin dostuny hatyralap, soňra onuň dul galan aýalyny ýaş ogly bilen öz goşun bölümleriniň soňky duran ýeri Germaba göçürip getiripdi.

Şonuň üçinem gyzyl komandir her gezek türkmenleri çapmaly bolanda, özleriniň basybalyjy ganhordyklaryny hasaba almazdan şular sebäpli ýetim galanlygyny özüne ýatladyp, olardan kakasynyň aryny alýanlygyna, kakasynyň ruhunyň özüniň türkmenleri atyp-çapyp ediberşini o dünýäden synlap, onuň ruhunyň şat bolýanlygyna ynanýardy. Ýetim galandan soňky maşgalanyň başdan geçiren mazasy bolmadyk durmuş pursatlarda onuň ýadyna düşüp, ähli görlen görgüleriň sebäpkäri öz patyşalary däl-de, türkmenler hasap edip, gaýduwsyzlyk görkezip, öçli uruşýardy...

Starşşina Froluşkin maşgalany göçürip, öz ýadyna getirensoň, köp wagt geçmänkä onuň ejesi bu ýerde aýaly ölen bir kiçi çinli komandir bilen çatlyşypdy. Göze gelüwli ol aýalyň ondan başgada hyrydary az bolmandy. Ştab kapitany Gýorgiýew bolsa ol diýip, halys başyny ýitiripdi. Ahyrynda-da bu iki ofiser biri-biri bilen atyşyp, ikisi-de ýaraly bolupdylar. Soňra olardan başga-başga ýerlere gulluga geçirilip dynylypdy. Şundan soň aýalyň keýpihöziri harby bölümiň ol-bi hojalyk işlerine güýmenip gezýän Ryza kürtüň ogly Hezzan kürte galypdy.

Kakasynyň raýy üçin Orsýete harby okuwa ugradylanda, onuň ejesi eýýäm bäşinji äri bilen ýaşap, heleýliginiň hezilini

görüp ýördi. Rewolýusiýa döwri eýýäm ol ak patyşa wepadarlyk bildirip, bolşewikler bilen ölüşip ýörenleriň biridi. Frunzäniň goşun bölümleriniň garşysyna urşup ýören mahaly ol ýaraly bolup hassahana düşüpdi. Şo-da muňa soňra bolşewik gazabynyň öňünden sowulmaga bähbit bolupdy. Gyzyllar ýesir alnan ýaralylary şol gezek ar alyp çapmandyrlar. Soňam gyzyllaryň arasyndan özi bilen bile okan harbylaryň biri tapylyp, oňa hossar çykypdy hem oňa bolşewigiň özüne ok atan adamlaryň irde-giçde soňuna çykjagyny aýdyp, yzy ýitirmek üçin, tanalýan ýerinden gaçmagy oňa maslahat beripdir. Oňa Orta Aziýa basmaçylarynyň garşysyna atarylýan goşun bölümleriniň birine ilteşmäge kömek edipdir. Şeýdibem ol Orta Aziýada indi Sowetleriň adamsy hökmünde, onuň duşmanlaryna garşy söweşip ýördi. Bir döwürde bolşewikleri gyryp, etmiş baryny edip gezenini barha çuň gizlemäge çalşyp, munuň üçin bolsa özüni has wepaly görkezmek üçin çaknyşyklarda Sowet hökümetiniň garşydaşlary bilen gaýduwsyz söweşýärdi.

...Ýöne bir gezek welin tas, onuň köne etmişleriniň üsti açylyp, ol çykgynsyz bir ýagdaýa uçrapdy. Şol günler Buharada Wahş derýasynyň çäklerindäki Sowetlere el bermeýän basmaçy toparlarynyň garşysyna aýgytly göreş alyp barmak üçin, bu ýerde goşun güýçleri jemlenip, aýratyn taýynlyklar görülýärdi. Şonda bu giň möçberli alnyp baryljak söweşlere gözegçilik etmek üçin, Moskwadanam birnäçe ýörite ýollanan komissarlar gelipdiler. Bir gezek Konstantinow goşun ştabynyň jaýyndan gylyjy bulanyp, aýagyna çolaşmaz ýaly, onuň dessesine goluny goýup çykyp gelýärkä, şol golaýda çilimleşip duran Moskwadan gelen komissarlaryň biriniň oňa ünsi düşüpdi. Ol tanajak bolup: «Bu näme işläp ýör bu ýerlerde?» diýen pikir bilen, ony dikanlap içgin synlapdy.

–Podporuçik, hany bir minut aýak çekiň! Bu ses aklaryň goşunynda gulluk eden döwrüni onuň ýadyna saldy. Ol bolsa Orta Aziýa özüni atansoň, indi geçmişinden özüni tanaýan-bilýän

adamlardan ymykly ara açanlygyna bireýýämden bäri ynanyp ýördi. Emma bu juda beýle-de däl eken. Öz köne derejesini eşidip, onuň birbada ini düýrügen-de bolsa, ol köpi görenligini edip, tiz özüni ele alyp, bu pursatda nähili özüni alyp barmalydygyny özi üçin anyklady. Komissaryň gepini, özüne degişli däl ýaly görkezmäge çalyşdy. Elini papagynyň etegine ýetirip, harbylarça mertebeledi-de, olaryň gapdalyndan geçiberdi.

–Ýoldaş harby, men size diýýärin, hany bir minut aýak çekiň! Ýalňyşmaýan bolsam, siz podporuçik bolmaly…

Konstantinow komissarlaryň çakylygyna olaryň ýanyna barsa-da, özüniň podporuçik bolup tanalmagyny islemedi. Ol ozalky harby derejesi barada, ony ilki eşidýän ýaly, egnini gysyp, ör-gökden gelenden boldy.

–Ýoldaş komissar, siz meni kimdir biri bilen-ä çalyşýan-a dälsiňiz. Men gyzyl komandir Konstantinow.

–Görýän. Sen häzir gyzyl komandir... Ýöne Donda bizi köne saraýda telim gün ýesirlikde saklan we birnäçämizi atan welin juda saňa meňzeş podporuçikdi… Ol komissar Muzyçenkony bolsa gözümiziň alnynda atany üçin bolsa gerek, ol meniň ýadymda Sowetiň ganym duşmany hökmünde galypdyr…

– Ýok, ýoldaş komissar, ol men däldirin. Men donly däl-de, Ural derýasynyň boýundan…

Etmişiniň üstünde tutmasaň ýa-da şaýatlar tapyp, günäsini boýnuna goýmasaň, Konstantinowyň bu geçmişini boýun almajagy belli boldy. Komissar Konstantinow näçe sapalak atyp, ynamly geplese-de, ol barybir ýene-de öz pikirinde onuň ömrüniň etmişli döwrüni her ýollar bilen gizläp ýören, Sowete ok atan adamdygy baradaky pikirinde galdy. Ol şonda:

–Sen mönsüräp, kimligiňi häzir boýun almasaň, alma welin, ýöne nirede bolsaňam, sen şol podporuçik bolmaly… Men häzir ýörişe gidip barýaryn, gelemsoň giňişlikde, seniň anygyňa ýeterin –diýip gidipdi.

Konstantinow bolsa şol gezek komissary atyp, muny atmanyna diýseň ökünipdi. Ýöne Konstantinow, oruslar aýtmyşlaýyn, tüýs «Köýnekli doglan», ýagny bagty getiren diýilýänlerden eken. Ony tanan şol komissar soweşde wepat bolup, yzyna gaýdyp gelmändi. Şeýle-de bolsa onuň öz güman astyna alnan ýerinde soňra durasy gelmändi. «Essiň barka etegiňi ýap» edip, bu ýerden nirädir başga bir ýere gidäýse kem bolmajagyny pikir edip, tiz wagtdanam özüniň Türkmenistana geçirilmegini gazanypdy. Şondan bäräm ol bu ýerde atyp-çapyp, gan baryny döküp, şura hökümetine özüni wepaly, başarjaň gyzyl komandir hökmünde görkezip dogum-dabaralanyp ýördi. Her gezek ol türkmeni çapmaly bolanda olardan kakasynyň köýen arynyň barlygyny hasap edýänligi üçin ar alýanlygyna ynanýardy.

...Iki tarap göçüň sesýetimliginde gazaply garpyşyga girdi. Göçüň gyzyl esgerleriň garşysyna çykan güýçleri hem ýeterlik bardy. Olar Konstantinowyň esgerleri ýaly birsydyrgyn ýaraglanan goşun däl-de, hersi tapan ýaragy bilen ýaraglanan adamlardan ybaratdy. Suwara atýan ýaraglar azlyk etse-de, gylyç meselesi welin bularda-da ýeterlikdi.

Konstantinow bilen ilki gabatlaşan, eýeriň üstünde özüne salnan gylyjy depesinden sowa geçirjek bolýan ýaly büküdibräk oturan maýyny tapyp, garşydaşyny atdan agdaryp urma höwesi bilen at dyzandyryp gelýän ýigit boldy. Şarka-şarka çakyşan gylyçlardan uçgun syçrady.

Konstantinow ol ýigidi bada alyp ýataryn öýtse-de, onuň maksady ýüzugra başa barmady. Ýigit at üstünde gylyjy diýseň ezber oýnadýardy. Onuň münen aty dyzanyp, eýesiniň jylawy gowşadanyndan peýdalanyp, per bermän çapyp gidibererli görünse-de, ol-da duran ýerinde aýlanyp-öwrülip, beýle çaknyşyklary ilkinji gezek görmeýänligini görkezip, eýesine düşünme bilen hereket edýärdi. Şol barmana atyny duran ýerinde diýen ýaly pyrlap, gaýduwsyzlyk bilen gylyç salýan

ýigit Konstantinowy aljyraňňylyga salyp alyp ýatarly göründi. Töwerekden komandiriň düşen ýagdaýyny görüp, iki esger oňa wagtynda kömege ýetişmedik bolanlygynda Konstantinowyň sakar ganyny sarkdyryp, atynyň boýnuny gujaklajagy ikuçsuzdy. Gyzyl esgerler üç atly bolup, ýigidiň daşyna geçseler-de, ýöne barybir bada-bat ony alyp ýatyp bilmediler. Komandir Konstantinowa şol barmana ýagdaýyň çenini almak, nähili hereket edende duşmanyň ahmallygyny alyp boljagyny anyklanlygy belli boldy. Ol at başyny gapdala alyp, asgynlap gaçyp ugran ýaly edip, garşydaşynda pikir döretmek üçin, yzyndan kowduryp, ýigidi yzyna düşürdi-de, kömege gelen ýoldaşlaryna emele salnan ýigidi ara alyp, oňa iki ýerden hüjüm etmäge mümkinçilik döretdi. Şundan soň gaýduwsyz ýigidi alyp ýatmak kyn bolmady. Çepden hüjüm eden esger bu pursatdan peýdalanyp, onuň boýnuny ýarpylap çapdy. Garşylykly hüjümler bolsa indi barha güýjemek bilendi. Beýle gazaply garşylyga garaşmadyk Konstantinow öz isleýşi ýaly göç adamlaryny bada-bat aljyradyp alyp bilmejegine düşündi. Bu ýagdaý onuň öňküdenem beter gaharyny getirdi. Ol şu pursatda urşuň häsiýetini üýtgetmek bilen, şahsy görelde görkezmek arkaly esgerlerini ruhlandyrmalydygyna düşündi. Komissary bilen golaý-goltumdaky kiçi komandirleriniň bir-ikisini gysga wagtlyk ýanyna toplady-da, şeýdilse göç güýçlerini halka alyp bolar diýen tama bilen, olara gyssagly tabşyryklar berdi. Göçe üç tarapdan hüjüm edilmegini talap etdi.

Özi bolsa töwereginiň dört-bäş atlysy bilen töweregini söweşe ruhlandyryp ýören Dolak serdara öjükdi. Başdan Gyzyl Goşun bolup inen beladan gutulmagyň ýoluny oňa degerli gaýtawul bermekde gören göç adamlary Konstantinowyň esgerleri bilen ölenlerini-öçenlerini bilmän, gaýduwsyz söweşip ugradylar. At aýaklarynyň dükürdisi, çaknyşýan ýaraglaryň şarkyldysy-gürpüldisi, iki-ýeke atylýan tüpen sesleri, adamlaryň bir-birige meçew berşip: «Ur, ýenç! Dola öňüni. Ber küpesine, öldüren kazy,

ölen şehit!» diýşip gygyryşýan otlukly sesleri bilen goşulyşyp derä ýaň berdi.

Komandir Konstantinow göç goragynyň adamlary bilen ýakyn aralykda çaknyşyp ýörşüne Dolak serdaryň öz beýleräginde esgerleriň gabat geleninden ony onda, muny munda paýhyn edip ýörenligini ýene bir gezek gördi. Onuň urşa oňurga bolup, söweşip ýörenine düşündi.

Köpi gören tejribeli komandir Konstantinow şundan soň ýeňiş gazanmak üçin «Ozalbaşda agdarlar serdaryny» edip, şony bir ýol bilen alyp ýatmalydygyny bildi. Bu mahala çenli eýýäm iki tarapdanam ýitgileriň sany artyp, töwerekde jylaw süýräp, alňasap çapyp-çolaşyp ýören üsti boş atlaryň sany köpelipdi. Ýöne söweş güýçleriniň iki tarapdanam ýetik bolandygy üçin çaknyşyklar öňki hörpünde aldym-berdimli dowam edýärdi. Taraplaryň hiçisinde bir-birlerinden kem galasy gelmeýärdi. Eskadron okgunlylygyny gowşatmazlyga çalşyp, çaknyşygy dowam etdirýärdi, göç goragy hem olara erjellik, mümkin bolan garşylyk bilen tutanýerlilik görkezýärdi.

Komandir Konstantinow bir öwrümde Dolak serdar bilen döwüşmek üçin at debsiläp, oňa golaýlaşmak başartdy.

Dolak serdar onuň özüne tarap gelýänini gördi. Başyndaky gyzyl ýyldyzly papagyndan, aşyrma kemer bilen çaga gundan ýaly özüni bezeýşinden, buýrukly hökmürowan hereketinden onuň ýöne adam däldigini aýgyt etdi.

Şundan soň Dolak serdar Konstantinowyň özünde hyrşynyň barlygyny görüp, ony özüne golaý goýbermäge boldugyndan söweş bilen ýan atyp, yza çekildi. Bu-da onuň Konstantinowyň badyhowalyk bilen bildiren ýekme-ýek uruşmak niýetine beren jogaby, onuň çakylygyny kabul etmesi boldy. Gyzyl komandir serden geçip, at debsiläp, Dolak serdaryň garşysyna hüjüme geçdi. Düwläp üste sürnüp, ony alyp ýatmak isledi.

Komandir Konstantinowyň gylyç salmagy ezberligi ýetik bolsa-da, ýöne onda, emel-ýeneki bilen ýerini dolaýmasa, Dolak

serdaryň tebigatyna mahsus gara güýç welin kemlik edýärdi. Bu ýagdaý garşydaşlar ýekme-ýeke  urşup başlansoňlar, hasam belli boldy.

Komandir elindäki gan ýokly gylyjyny iki-üç gezek aýlap garşydaşyndan salyp, gaýtargysyny alan wagty, onuň özüne hezil bermejegine düşündi. Diňe ol şundan soň çykalga hökmünde häzir pulemýotlar bolanlygynda bularyň hakyndan çykmak boljak ekenligini ýatlap, ol toplumdan gyssanan bolup, ozup gaýdanyna diýseň ökündi. Bir ýerden delalat bolmasa, gaşydaşyna gylyç urup, bir özüniň ony alyp  bilmejegini duýup, gaçgaklap urşup ýörşüne kömek isläp töweregini gözledi.

Ozalky türkmenleriň uruş ýagdaýyna belent bolan rus generallarynyň: «Türkmenler ýakyn-tutluşykly söweşlerde hezil bermezler. Olar ata adam bolup atlanýan-da bolsalar, söweşe girensoňlar, tüýslerini üýtgedişip, gaplaň-şire öwrülýärler. Gowusy, olar bilen golaýyna barman, golaýyňa-da goýbermän, oka tutup uruşmakdyr…» diýip beren maslahatlaryny ýüzugra, pulemýot bilen baglylykda ýatlap, şol adamlaryň maslahatyny tutmanlygyna gynandy.

Haçanda ol kömege tamakin bolup, töweregine gözläp, özüniň agyr ýagdaýa düşenini görüp, töwerekden kömege gelýäniň ýoklugyny görensoň, bada-bat atynyň başyny howlukmaç gapdala alyp, gaçmaga synanyşdy. Emma garşydaşynyň pikirini bilen Dolak serdar, dessine atynyň başyny gapdala alyp, debsiläp, ony komandiriň atynyň öňünde kesertdi. Konstantinowyň aty kükregi bilen gütüläp, Dolak serdaryň atyna urlan wagty, at onuň badyna entirekläp, üstünde oturan eýesi bilen gürpüldäp ýykylarly göründi.

Dolak serdaryň göwne düwen amatly emeli ýerine düşüpdi. Atlar jarka-da-jarka çakyşan mahaly Dolak serdar gylyjyny garşydaşynyň depesinden çalasynlyk bilen keseligine salmaga ýetişdi.

Türkmenlerden ömür öçli gyzyl komandiriň şeýdibem bu türkmenler bilen eden iň soňky söweşi boldy... Kakasy şol gezek türkmenleriň deminden ýaraly bolup sypan-da bolsa, Konstantinowa ol ykbalam miýesser etmedi. Ol indi sakar ganyny sarkdyryp, atdan agdy.

Dolak serdar bolsa boguksy sesi bilen, öz adamlaryny batyrgaý uruşlara çagyryp, ýene-de töwerekdäki söweşlere: «Haý, goçaklarym, uruň, hak işde Alla ýardyr bize!» diýip, meçew berip, ýigitlerini gaýduwsyz söweşlere ruhlandyrdy.

Söweş meýdanynda komandirleriň atdan aganyny görensoňlar, eskadronyň beýleki esgerleriniňem urşup ugurlary bolmady. Şeýdibem, Gyzyl Goşun esgerleriniň ýeňiş üçin edýän ynamly tagallalary, öz-özünden ýöwsellik tapyp goranyşa ýan berip, yza çekilmelere öwrülip ugradylar. Ýara yzasy ýaly bolup tutuş eskadronyň süňňüne, gorky howpunyň aralaşanlygy belli boldy.

Eskadron komissary Karapetow komandiriň düşen gününi görensoň, bu güýjüň garşysyna durmagyň özlerine ýeňil düşmejegine öz çemeçil paýhasy bilen tiz göz ýetirdi. Ol indi eskadronyň başynda ýeke-täk ýol kesmeli komandir bolup galanyna seretmezden, güýçleri ýygnap, duşmana gaýduwsyz garşylyklar görkezmäge gyssanmady. Ýeriň pessini peýledi. Başy gutarmak üçin ýalňyz galan tagallanyň gaçmakdygyna düşündi. Komandiriň bolsa jansyz gana boýalan jesedi, ýykylan mahaly atylyp öňe düşen gyzyl ýyldyzly papagynyň bir ädim yz ýanynda ýeri gujaklaýan ýaly gollaryny gerip ýüzin ýatyrdy. Karapetow ýanynyň iki-üç esgeri bilen gaçsa-da gaçdy welin, ýöne uzak gaçmak oňa miýesser etmedi. Duşmanyň sag tarapyndan gabalan, göç toplumynyň urşujylary onuň pesligi kesip, gönümel geçerli bolan mahallary görüp, tiz olaryň ýoluny kesdiler. Bir ýol tapylmasa, gazap ugruna indi olaryň töwereginiň esgerleri bilen komissary çapyp taşlajagynyň ujy iki däldi.

Ýoly kesilip, gabawa düşensoň, komissara näme gaýratyň, emeli bolsa ony tiz, iş-işden geçmänkä ulanmalydygy belli bolupdy. Özüniň ugurtapyjylykly häsiýeti bilen komissar muny tiz duýdy. Ol uruşmakçy däldigini mälim edip, gan yzly gylyjyny ýere taşlady. Şu pursatda onuň göz okarasynyň içinde gabagyny ýyrtaýyn diýip iki ýana alakjaýan gözlerinde, burunlak garaýagyz ýüzünde mese-mälim gorky alamatlary gurşap alypdy. Ol naýynjar töweregine garanjaklandan soň, birdenem ol garaşylmadyk halda çalgyrt türkmençe gepläp ugrady.

– Men... çapmaň! Men... size gerek. Meni haýal etmän, serdaryňyzyň ýanyna ertiň!..

– Sen ýalynyňam bir geregi bormy?..

Gapdalda duran ýigitleriň biriniň komissaryň bolup durşuna äjinnesi atlanyp, öňe dyzanyp ony kakyp düşürmekçi boldy. Emma töwerekde duran ýaşuluraklaryň biri, ýesiriň gepinden jim alyp ýetişenligini mälim edip, goluny daldalap ýigidi saklady.

– Dur, Mergen! –soňam ol öwrülip, komissary soragly dikanlady.

– Hany aýt, seniň bize nähili geregiň degip biljekmiş?

– Meniň eltiň serdaryňyzyň ýanyna! – diýip, ol ýene-de şol bir diýenini gaýtalady.

–Serdar bilen gepim bar diýsene. Bor, seni serdar bilenem duşuraýarys. Ýöne nepiň degjegine ynandyryp bilmeseň welin, ýigitlere ýetirmän, seni özüm kerçelärin! – diýip, ol ähli gazabyny komissarda jemläp aýtdy.

Komissar özüne bolan gazabyň bu gepden soňam köşeşerli däldigini görüp hasam aladalandy: «Bular geplemänkäm kellämi almasalar ýagşy, bir dilim geplesä-hä, jan gutarmagyň bir alajy bolar» diýip, oýlanansoň, öz aýtmakçy bolýan habarynyň bir ujuny eýýämden ýaňzydyp ugrady.

– Siz göçde Sowetiň ýörite goşan jansyzy bar...

– Kim ol?

– Ony men häzir aýdyp bilmerin. Serdaryňyza duşuryň meni, janyma aman berse, şonda men ony aýdar!

«Göç arasynda Sowetiň içalysy bar bolmasyn?» diýen pikir hasam artypdy. Şonuň üçinem komissaryň gepi belli bir derejede iliň çaklamasynyň şaýatnamasy bolup, töweregiň bilesigeljegini artdyryp, gahar-gazaby möwjetdi.

– Sen tanarmyň ol adamy?

– Göremýok ony. Ýöne görse, ol meni tanar. Her zat eder, men bilen duşmak islär...

Komissaryň gepi janyna gutarmak üçin, gorkudan aýdylýan gepe meňzese-de, oňa töwereginiň geçirimliligini gazanmaga mümkinçiligi ýok ýaly bolup görünse-de, ol bu gepi aýdansoň, adamlaryň öz aralaryndaky ýagyny tapyp almak islegi has güýçli geldi. Dolak serdaryň topary ony Annaguly hanyň huzuryna ýetirmäge howlugyp, atyndan düşürmän, birki ýigidiň öňüne salyp, göni göçüň yzyndan ugratdy.

Şeýle etmeklik  töweregiňem göwnüne jaý boldy.

...Komandir kömek sorap atly iberen hem bolsa, onuň garaşan kömegi gijöýläne çenli hem gelip ýetişmedi. Eskadron gysga wagtyň içinde başyny aldyryp, çym-pytrak boldy. Indi elem-tas gaçyp barýanlaryňam, maslyk bolup meýdanda bir-birlerine çaknyşyp ýatanlaryňam köpüsi gyzyl eskadron esgerleridi.

Dolak serdar ýeňşi jemläp, ölenleriň jesedini ýere berip, oljalap bilen ok, ýarag, atlaryny oljalap, «Gaçany kowujy bolma!» diýen akyla eýerip, gaçyp sypanlaryň yzyndan kowjak bolman, dolup-daşyp garaňky gatlyşyberende, öz adamlary bilen göçüň yzyndan gitdi.

*Ikinji kitabyň soňy.*

## DAGLARYŇ AŇYRSYNDAN DAGLAR GÖRÜNÝÄR...

Agageldi Allanazarowyň döredijiligini hyýalymda başdan-aýak yzarlasam, rus edebiýatynyň romantizm akymynyň kerwenbaşylarynyň biri W.Žukowskiniň: «Daglaryň üstünden daglar görünýär» diýen ajaýyp şahyrana setiri ýadyma düşýär. Dogrudan hem, Agageldi Allanazarowyň 1964-nji ýylda çap bolan «Ussanyň jogaby» goşgusyndan başlap (bu goşgy onuň çap edilen ikinji eseridi), 2000–2006-njy ýyllarda peýda bolan uly göwrüml ikitaplaryna çenli döreden eserleri bir-biriniň aňyrsyndan görünýän, bärkisinden az-kem, barha beýgelip gidýän dag gerişlerini göz öňüňe getirýär. «Ojak» romany häzir-ä şol gerişleriň iň belendi.

A.Allanazarowyň döredijiligi kem-kemden kämilleşdi, öňürti dörän eser özünden soňky eser üçin basgançak bolup hyzmat etdi. Şeýledigini ýazyjynyň eserlerini okan her bir okyjynyň özi hem hökman aňlar. Ussat ýazyjynyň döredijiligi baradaky esasy gürrüňe geçmezimden ozal, onuň döredijilik ýoluny ýagtyldan tanymal şahslardan söz açmak isleýärin. 1966-njy ýyl. Türkmeniň tanymal ýazyjysy Gurbandurdy Gurbansähedow Mary şäherine ýaş ýazyjylaryň maslahatyna gatnaşmaga baranda, şol mahal mugallymçylyk mekdebinde okap ýören Agageldi Allanazarowyň goşgularyny seljerip, oňa ak pata beripdi. Şondan soňam onuň şygyrlary gazet-žurnallarda yzygiderli peýda bolmaga başlady. 1987-nji ýyl. Agageldi Allanazarowyň «Bir gezek uçan it» powesti Çingiz Aýtmatowyň ýazan sözbaşysy bilen birlikde rus dilinde neşir edilýär. Şol sözbaşyda ol ýaş okyja ýüzlenip: «Seniň okamagyňa garaşýan, okanyňdan soň hem, ynanyşyma görä, göwnüňden turjak şu kitap barada gürrüň berip oturjak däl. Meniň saňa esasy aýtjagym şundan ybarat: sen öz ejeň bilen kakaňdan hem Agageldi Allanazarowyň şu powestini okamagyny haýyş et. Soňra olaryň hem birneme özgerendiklerini, boluşlarynyň üýtgändigini görersiň» diýen sözler bar. Häzirki zamanyň dünýä edebiýatynyň uly sütünleriniň biri, türki edebi äleminiň parlak ýyldyzy hasap edilip, uly sarpa goýulýan uly ussat Çingiz Aýtmatow kitabyna sözbaşy ýazyp,

eserine şeýle uly baha berse, her bir ýazyjy hem özünden, eden işinden hoşal bolardy. Üstesine-de, nesibäm çüwüp, has ýakyndan gatnaşanym, hüý-häsiýetine belet bolanym üçin Çingiz Töregulowiçiň öwgüli sözleri saga-sola sowrup ýörmändigini bilýärin. Ol çem gelen kitaba sözbaşy ýazyp, çem gelen eseri mahabatlandyrýanlardan hem däl. Ýöne onuň dünýä medeniýetine goşant goşýan ussatlara, edilen işe mynasyp baha bermegi «ýokuş görýänlerden» däldiginden hem habarym bar. Ol göz guwanjymyz Magtymguly Pyragynyň döredijiligine-de belent baha berip, öz pikirlerini paýhaslylyk bilen esaslandyrypdy. Türkmen suratkeşi Yzzat Gylyjow hakda: «Yzzat, sen meniň buýsanjymsyň", kompozitor Nury Halmämmedowyň ussatlygyndan söz açyp: «Nury Halmämmedow sazyny ýazmadyk bolsa, «Şükür bagşy» kinofilmi dünýäde gazanan şöhratynyň derejesine göterilmezdi» diýip ýazan hem şol. Uly ussadyň biziň ýazyjydyr şahyrlarymyzyň, sungat wekillerimiziň işine şeýle ýokary baha bermegi dünýä medeniýetinde deňli-derejeli ornumyzyň bardygyna şaýatlyk edýär. Biz oňa guwanýarys. Ýöne Agageldi Allanazarowyň döredijiliginiň ähmiýetini hemmetaraplaýyn açyp görkezmek ýene bize— onuň eserleri bilen asyl nusgasynda tanyş edebiýatçylara bagly bolup durýar. Men döwürdeşi, döredijiligine sarpa goýýan, ilkinji goşgularyny, hekaýalaryny höwes bilen okan, özboluşly zehininiň derejesinden az-kem habarly adam hökmünde onuň eserleri, olaryň tutýan orny barada käbir pikirleri okyja ýetirmek isleýärin. Agageldi Allanazarowyň döredijiliginiň örän agramlydygyny, onuň öz halkynyň medeniýetini dünýä ýaýmakda uly işler bitirendigini, döwrüň talabyny ödeýän ajaýyp eserler ýazandygyny äşgär edip duran esasy alamatlar nämeden ybarat? Şol sowala gysgaça, ynandyryjylykly hem mynasyp jogap bermek üçin men iki terezi gurundum. Terezileriň birini kino sungaty, ikinjisini bolsa terjimeçilik sungaty emele getirýär. Bu iki tereziniň eserleriň agramyny dogry çekýänine ýüregim bilen ynanýaryn. Sebäbi üns berseňiz, ajaýyp kino eserleri ajaýyp kyssa eserlerinden dörändir. Wakasyz, hereketsiz, gury sözler bilen ýazylan hekaýadan, powestden, romandan kino döremeýär. A.Tarkowskiý, N.Mihalkow, W.Şukşin, B.Mansurow dagyny uly režissýor derejesine göteren, eýsem,

olaryň hakyky kyssa eserlerini esas edinmekleri dälmi? Mysal üçin, Bulat Mansurowyň režissýor hökmünde adyny äleme ýaýan «Şükür bagşy» powesti boldy. Umuman alanyňda-da, rus edebiýatynyň L.Tolstoý, N.Gogol, A.Puşkin, A.Tolstoý, Ý.Bondarew, B.Wasilew, M.Şolohow, W.Şukşin ýaly läheňleriniň eserleriniň kinonyň diline geçirilmedigi ýokdur. Sebäbi kinematografiýa haýsy eseriň zehine ýugrulandygyny duýmagy örän gowy başarýar. Kinonyň diline geçirilen kyssa eseri şol edebiýatyň naýbaşy eseri hasap edilmeli. Türkmen edebiýatynda-da şeýle. Soňky ýüzýyllykda dörän ýokary derejeli eserlerimiziň aglabasy kino diline geçirildi. Bu babatda B.Kerbabaýewiň «Aýgytly ädimini», N.Saryhanowyň «Şükür bagşysyny», G.Kulyýewiň «Gara kerwenini», N.Jumaýewiň «Ýuwaş gelnini» ýatlamak hem ýeterlik bolsa gerek. Ikinji terezim hem hakyky eseri saldarlamak babatda örän dürs işleýär. Terjimeçi, adatça, başga bir dildäki iň gowy eseri terjime etmäge çalyşýar. At-abraý getirmejek bolsa, onuň wekilçilik edýän edebiýatyny baýlaşdyrmajak bolsa, terjimeçi beýle eseriň golaýyndan hem barmaz. Şonuň üçin hem, başga dile terjime edilýän eseriň asyl nusgasynyň hem kämildigini gypynç etmän aýdyp bolar. Türkmen ýazyjysy Agageldi Allanazarowyň döreden eserleri bolsa, meniň ulanýan «iki terezimde» çekilende hem olaryň ýüpüne gaty gowy agram salýar. Sebäbi onuň eserleriniň esasynda eýýäm dört kino döredildi, şonuň ýaly-da «Ýedi däne», «Çat açan menzil», «Welosiped», «Iner ýüki», «Goja», «Güneşli gämi», «Mähriban at» ýaly 25 kitaby dünýä halkarynyň 30-a golaýynyň diline terjime edilip, 5 000 000-dan gowrak nusgalykda çap edildi. Bu bolsa türkmen ýazyjysy Agageldi Allanazarowyň eserleriniň dünýä edebiýatynyň baýlaşmagyna goşant goşýandygyndan, olarda gaýry milletleriň okyjysy üçin hem öwrenere zadyň bardygyndan habar berýär. Eserleriniň dünýäniň dürli dillerinde neşir edilmegi diňe ýazyjynyň özüne däl-de, medeniýetimiziň, Watanymyzyň abraýyna-da abraý goşýar. Her ýurduň dünýädäki abraýy milli medeniýetiniň ösüşi, esasan, başga milletleriň medeniýetine täsir edişi bilen ölçelýär. Şol nukdaýnazardan biz häzirki zaman döredijilik işgärlerimize, öňi bilen hem, A.Allanazarow ýaly, dünýäniň onlarça dilinde kitaby çykan

ýazyjymyza guwanmalydyrys. Çünki ýazyjynyň döredijilik arabasyna bäş-on setirlik goşgudan, iki-üç sahypalyk hekaýadan başlap, egninde agyr ýük, ýazyjynyň öz gowy görýän meňzetmeler dilinde aýtsak, «iner ýüküni» göterýän romanlara çenli kän sanly eserleriň ýüklenendigini görýäris. Agageldi Allanazarowyň köp taraply döredijiliginden söz açyp, onuň çagalar üçin ýazan goşgularyna, ýüzugra bolsa-da, üns bermän geçmek bolmaz. Çünki ol edebiýat meýdanynyň gyrasyndan goşgy bilen girip, dürli döwürlerde «At gaýraty», «Günüň öýi», «Şadyýan harplyk», «Bir bar eken», «Çölüň deňiz günleri», «Yssy gün», «Ýaňlan, tüýdügim» ýaly ýygyndylaryny okyja hödürledi. Olara hil taýdan gysgaça baha bermek üçin, ýene şol ýokarky ölçegimize ýüzlenmeli bolýaryn. Bu ýygyndylaryň hemmesi diýen ýaly, dünýäniň ýigrimiden gowrak diline terjime edildi. Onuň çagalara niýetläp döreden eserleriniň aglabasy ýaşlar üçiň gowy eserleriň ýygyndysy bolan «Çagalar edebiýatynyň hrestomatiýasyna» girizilip, rus dilinde wagtal-wagtal gaýtalanyp çap edilýän bu kitapda öz ornuny tapdy. Şeýlelikde, Agageldi Allanazarowyň goşgulary başga ýurtlaryň çagalarynyň hem söýüp okaýan goşgularyna öwrüldi.

Makalany okanyň «Awtor näme üçin başga dillere beýle ýykgyn edýärka?» diýmegi mümkin. Ýok, Agageldiniň goşgulary türkmen dilinde ýazylyp, öňürti türkmen çagalarynyň göwnünden turdy, türkmen çagalarynyň halan eserlerini bolsa başga milletleriň çagalary hem haladylar. Halanany üçinem ol kitaplaryň birnäçesi käbir ýurtlarda gaýtadanam çap edildi. Çeper eseriň başga dillere terjime edilmeginiň «gamyny iýmek» diýen pikire men gaty pert jogap berip biljek. Özüň gamyny iýeniň bilen eseriň başga dile terjime edilmeýär, ony hemişe eseriň çeperçiligi, hili, özboluşlylygy gazanýar. Agageldi Allanazarowyň döreden eserleriniň aglabasy şol zerur bolan talaplary ödeýär. Diýmek, terjime edilmegini onuň eserlerinin özleri gazanýar.

Gün agşam deňze, batýan ekeni.
Balyklar bilen ýatýar ekeni. *(«Günüň öýi»)*
Baglaň başyny her ýana yrap,
Berýär guşlara höwürtge gurap. *(«Şemal»)*

Üns berseňiz, ýokarky setirlerde manysyz «boşluk» ýokdur, tersine, çagalaryň göwnünden turjak hem olara örän düşnükli täsin suratlar bar. Çagany boş sözler däl-de, onuň aň derejesine kybapdaş ýeňiljek, manyly, özüne çekýän görnüş gyzyklandyrýar. Çagalar üçin goşgy ýazanda, daýaw Agageldiniň özüni-de ylgap ýörenje çaga öwrülendir öýdýärsiň. Ol goşgularynda çagalar bilen çaga oýunlaryny oýnaýar, çaga dilinde gepleýär. Şahyr şol hereketleriň ussady. Çagalar edebiýatyndan edilýän esasy talap hem şondan ybarat. Dünýä çagalar edebiýatynyň sütünleriniň biri Agniýa Bartonyň: «Agageldi Allanazarow türkmen çagalarynyň name barada piker edýändiklerini örän oňat bilýär» diýip ýazmagyny-da özüm-ä uly ussadyň ildeşimiziň döredejiligine beren ýokary, ýöne dogry hem mynasyp bahasy hasap edýärin. Belli rus şahyry Lew Oşaniniň az-kem başgarak äheňde: «Agageldi Allanazarow öz ýaşajyk dostlarynyň ruhy dünýäsini oňat bilýär, olar bilen ýürekdeş gürrüň etmegi başarýar» diýip bellemegi-de, Agageldiniň döredijiligi bilen tanşan uly şahslaryň onuň çagalar üçin ýazan eserleri barada gowy pikirdedigine şaýatlyk edýär. Çaganyň ruhy dünýäsini inçelik bilen öwrenen, öwrenenini hem usasatlyk bilen ulanmagy başarýan ýazyjynyň utuşly tarapy hem şondan ybarat. Ol çagany gury sözüň däl-de, manyly suratyň özüne çekýändigine göz ýetiripdir. Ýene bir bellemeli zat: çagalar edebiýaty bilen düýpli iş salyşýan W.Berestow, Ýa.Akim ýaly ussat halypalaryň bellemeklerine görä, Agageldi Allanazarowyň goşgulary haýsy dile terjime edilse-de, onuň liriki gahrymanynyň başy – türkmen tahýaly. Ol başga dilde geplese-de, sözleriň owazy, äheňi türkmeniňki. Bu häsiýet onuň döredijiliginiň hamyrmaýasyna öwrülipdir. Şeýle hem, pikir, görnüş bezegine baý goşgular başga dile geçende-de milli özboluşlylygyny ýitirmeýär. Şonuň üçin hem şahyryň döredijiliginiň daşary ýurtly synçylarynyň biri: «Agageldi eserlerine öz adyny goýmasa-da, goşgularyň türkmeniň galamyna degişlidigi görnüp dur» diýip ýazýar. Meniň has-da göwnümden turany üçin mysal getirýän setirlerimdäki diňe hakyky ussadyň döredip biljek şahyrana keşbine üns beriň:

Gelin bolup, süýji pallap, gerinip,
Garly meýdan çykdy gijäň içinden.

Ýa-da:

Bulutlar ol ýerde ganat kakyşyp,
Sowlup barýan al şapagy kowlaýar.

Tebigatyň içinde özboluşlygyny ýitilik bilen yzarlamaga guýmagursak ussatlygy şahyryň hemme goşgularyny diýen ýaly durmuşa, ýaşaýşa okyja golaý edip görkezýär, ony özüne tabyn edýär, goşgularynyň keşbi, dili tebigatyň gözel keşbi tebigatyň näzik dili bilen baýlaşýar. Türkmen çölüniň, türkmen sährasynyň, umuman, türkmen tebigatynyň gözelligine inçe synçylyk bilen garamak ussatlygy Agageldi Allanazarowyň goşgularyny baý, özüne çekiji, täsin edip görkezýär. Olardan Pendi sährasynda öwüsýän mylaýym şemalyň sesi saz bolup ýaňlanýar, türkmen howasynyň ýakymly tagamy duýulýar. Onuň aglaba eserleriniň başga dillere höwes bilen terjime edilýänligide şonuň üçin bolsa gerek.

Ýazyjynyň türkmen tebigatyndan ylham alan eserlerine üns beren belli edebi synçy hem kyssaçy Saýlaw Myradow metbugatdaky çykyşlarynyň birinde: «Türkmenistany, onuň tebigatyny men hem bilýärmikäm öýdýärdim welin, Agageldi Allanazarowyň kitaplaryny okap, öz ilimi täzeden, ony hem özüm üçin täzeden açdym» diýip ýazypdy. Agageldi Allanazarowyň giň göwrümli, ýokary hilli döredijiligi barada onuň derejesine laýyk gürrüň etmeli bolsa, ýazyjynyň hekaýa-nowellalaryna aýratyn üns bermek gerek. Men galamdaşy, yhlasly okyjysy hökmünde onuň nowellalarynda başga ýazyjylaryňka meňzemeýän özboluşlylyk duýýaryn. Uly göwrümli powestlerinde, romanlarynda bolşy ýaly, onuň hekaýalarynda-da («Dogan», «Täze ýyl heseri», «Welosiped», «Ene») arassa türkmen diliniň kömegi bilen gazanylýan şahyrana beýan ediş usuly ünsüňi çekýär. Şahyrana duýgular bolsa, sagdyn, manyly, arassa diliň üsti bilen beýan edilende, has-da özüne çekiji bolýar. Ýazyjynyň esasy ýaragy diýilýän dil ýaragy Agageldiniň elinde bökdençsiz işleýär. Onuň wakalara, herekete baý kyssasy sadadan düşnükli halk diliniň ulanylmagy bilen utýar, lejikdirmeýär, lezzet berýär. Men yhlasly okyjysy hökmünde Agageldi Allanazarowyň döreden kän sanly powestleriniň arasynda iň

saýlantgysyny – hakyky edebiýatyň ähli talabyna hertaraplaýyn jogap berýän «Iner ýüki» powestini özüme golaý hasap edýärin. Eýýäm allegorik adyndan göterilýän ýüküň ýönekeý bir ýük däldigini aňdyryp başlaýan eser ilkinji sahypasyndan okyjyny yzyna düşürip ugraýar (Eseri şeýle dartgynly derejede başlamak hemme ýazyja başardyp hem durmaýar). Diňe ineriň göterip biljek ýüki – ýaňy murty taban ýigdekçäniň entek bekemedik gerdenine agram salan durmuş ýüki, kynçylygyň ýüki. Uruş döwründe tylda galan ýetginjekleriň başdan geçiren agyr günlerini beýan edýän powestler türkmen kyssasynda az däl. Ýöne Agageldiniň döreden «Iner ýüki» biziň edebiýatymyzyň agramyna has-da agram goşdy. Häsiýetleriň ynandyryjy wakalar, mertligiň, edermenligiň şertlerine jogap berýän hereketleriň üsti bilen açylmagy, kynçylykly durmuşyň ýuwmarlanman, owadanlanman, ýazyjyk ussatlygy bilen dogruçyl görkezilmegi, şonuň netijesinde-de, ýazyjynyň ýaşlaryň nusga alarlyk keşbini ýokary çeperçilik başarnygy bilen ýüze çykarmagy göwnüňden turýar. «Iner ýüki» sagdyn, ilhalar ideýasy, wakalarynyň ynandyryjy beýan edilmegi bilen ösüp gelýän neslimize her hili ýagdaýda-da milli buýsanjyny saklap, arassa zahmetiň kömegi bilen kynçylykdan rüstem gelinýändigini görkezýär. Zähmet adamy, mert adam, onda-da entek bedeni onçakly bekemedik ýigidiň uly adamyň etmeli işlerini amala aşyryşy, Watana elinden gelen ýardamy aýamaýşy okyjyda oňa bolan söýgi, hormat oýarýar.

Beýle ýagdaý hemme halklaryň ýaşlary üçin hem mahsus bolsa gerek. Şol sebäpli-de, özlerine göwni ýetýän edebi derňewçiler «Iner ýüküne» az mahalyň içinde ýigrimi gezek üns berdiler. Beýle ýagdaý edebiýatda ýygy-ýygydan gaýtalanyp duran waka-da däl. Bu powest türkmen, rus, bolgar dillerinde 5 gezek çap edildi, şeýle hem S.Antonow, Ý.Trifonow, W.Astafew ýaly rus edebiýatynyň nusgawy ýazyjylarynyň döreden saýlama powestleriniň arasynda ýer aldy. Bu türkmen kyssaçysy A.Allanazarowyň ussatlygyna berlen örän uly bahadyr. Millionlap nusgalykda çap bolýan kitaplary döretmek her bir ýazyjynyň arzuwydyr. Ýöne kitabyň nähili hupbat bilen döredilýändigine belet adam Agageldi Allanazarowyň özüni tanamasa-da, näderejede zähmet

çekýändigini eserlerinden biler. Eser ýazylanda, her sahypasy telim gezek göçürilip, sülä getirilýändiginden az-kem habarly bolanym üçin, Agageldi Allanazarowyň nähili azaphon ýazyjydygyny göz öňüne getirýärin, parahat gijeleriniň närahat geçendigini, ýumşak ýassykda dynç almaly kelläniň näçe sagatlap gaty stol üstüne eglip durandygyny çaklaýaryn. Ýöne Agageldiniň çeken azaby, gören görgüsi döredijilik hasyly bilen ödeldi. Türkmen edebiýatynda beýle uly derejedäki ussadyň döremeginiň iki bäbi bar diýen aýgyda gelýärin. Olaryň biri Taňry guýmuş, ýöne hemme kişiniň başarmaýan zady – erjellik bilen hupbatly zähmet. Agageldiniň adyny edebiýatymyzyň taryhyna ýazan, dünýä okyjylarynyň hem örüsine çykaran şol iki sebäpdir. Şeýlelikde, hut meniň özüm-ä zehinli şahyr hem kyssaçy Agageldi Allanazarowyň döreden ajaýyp eserleri döretmek üçin çeken çäksiz zähmetiniň soňy halkara derejesindäki abraý bilen utgaşyp gitdi diýen netijä gelýärin. Ýokarda meniň Agageldi Allanazarowyň döredijiliginden agzap geçen eserlerimiň sanawy hem bir ýazyjy üçin ýeterlik ýük, onda-da Agageldiniň iri göwrümli bir eseriniň ady bilen aýtsam, iner ýüki. Ýöne her bir uly ýazyjynyň ady tutulyp, döredijilik örüsine ser salnanda, onuň haýsydyr bir eseri beýlekilerinden saýlanyp ýadyna düşýär. Mysal üçin, dünýä belli onlarça tomluk eser ýazanam bolsa L.Tolstoý diýlende «Uruş hem parahatcylyk», N.Gogol «Derňewçi», Puşkin «Ýewgeniý Onegin», A.Tolstoý «Pýotr I», M.Şolohow «Ýuwaş Don», B.Kerbabaýew «Aýgytly ädim», B.Seýtakow «Doganlar», G.Kulyýew «Gara kerwen» romanlary göz öňune gelýär. Şol eserler olaryň iň naýbaşy kitaby hasaplanýar. Şol nukdaýnazardan biziň döredijiligi barada gürrüňini edýän Agageldi Allanazarowymyzyň eseri haýsy diýlende ol (häzirlikçe), elbetde, eýýäm okyjynyň minnetdarlygyny gazanan «Ojak» romany (Agageldi entek-entekler öňkülerinden pes bolmadyk eserleri döreder diýen berk ynamymyz bar) diýip basap edýärin.

Agageldi Allanazarow diýlende, ilki bilen, eýýäm okyjynyň minnetdarlygyny gazanan «Ojak» romany ýadymyza düşýär. «Ojak» ýazyjynyň Garaşsyzlyk ýyllarynda döreden esasy eseri boldy. Bu

roman hakdaky gürrüňe başlamazymyzdan öňürti ýazyjy Agageldi Allanazarowyň «Ojagy» okyja ýetirmegine nämäniň sebäp bolandygy, onuň name üçin şol esere kalbynyň dyňzap duran joşgunyny bagyşlanlygy bilen biraz gyzyklanalyň. Türkmen halkynyň agyr taryhynda pajygaly wakalar kän boldy. Halkymyzyň diňe XIX asyrda başdan geçiren agyr pajygalaryny sanamaly bolsa ortaça düşünjeli okyjy Sarahs, Mary, Gökdepe söweşlerini ýatlar. Garrygala söweşi, Gazawat gandöküşligi köpüň ýadyna-da düşmez. Biziň taryhymyzda şol agzalan söweşlerden pes bolmadyk enäni gyzdan, atany oguldan, müňläp-müňläp bigünä adamlary dogduk depeden, ata Watandan jyda eden ýene bir aýylganç tragediýany bolsa görer gözden, eşider gulakdan gizläp sakladylar, ykbal çözýän syýasatçy kişiler ajy hakykatyň gizleneni bilen süýjemejekdigi, nahak ganyň ýerde ýatmajakdygy barada oýlanmadylar, halkyň hakyda sudundan gaçyp gutularys öýtdüler. Şol gizlin saklanan halk pajygasy hakynda taryh maglumatlary näme diýýär? Üns beriň: «1917-1930-njy ýyllarda Türkmenistanda baý-kulak diýlip sürgün edilenleriň sany 900 müňden gowrak adamdy. Şol ýyllar ýat illerden mesgen gözläp, ýurtdan gykanlaryň sany 4 milliondan geçdi. «Sürgün edilenleriň, bosgunlaryň, açlykdan, jebri-jepa ekmekdem gyrylanlaryň sanyny bolsa anyk bilýän ýok. Megerem, olaryň sany ýokarda agzalan uruşlarda wepat bolanlaryň sanyndan has artykdyr.

Geljekki ýazyjy Agageldi Allanazarow ene-atasy 16 ýyllyk Gazagystan sürgüninden gaýdyp gelenlerinden bäş-alty aý geçensoň, 1948-nji ýylda dünýä inýär. Gepiň keltesi, «sürgüniň ogly» bolmak Agageldiniň hem nesibesinden çykypdyr. Gazagystan sährasynda sürgünde wepat bolan agasynyň öwezini tutmagyny dileg edip, oňa Agageldi at goýýarlar. Halkymyzyň esli böleginiň başyndan hupbat bolup inen belanyň ýaňy ýaş oglanyň kalbyndan çykmaýar. Ol ýaň, ol ýanardag ahyram «Ojak» (şertleýin ady «Sürgünler») romany bolup, daşyna çykýar. Şu ýerde men ýene-de bir zady bellemekçi bolýaryn, türkmen topragynda XX asyrda bolup geçen ol aýylgaç wakany çeper edebiýatda, gazet-žurnallarda açyk beýan etmek däl, agzamak hem bolmaýardy. «Ojagyň» okyjyny özüne beýle güýçli çekmeginiň

bir sebäbi-de romanyň şol gizlinligi paş edýändigi bolsa gerek. Ýaşlarymyzyň negada biri bolaýmasa, ol gizlin, namart, «ejizeganymlyk urşundan» oňly habarly däldi. Şonuň üçinem bir asyra golaý üsti basyrylyp gizlenen wakadan ilkinji bolup, uly göwrümli eser ýazan Agageldi Allanazarow diňe bir täsin, täze temadan roman döretmek bilen däl-de, tutuş halkymyzyň, aýratynam beýle zatlar bolandyr öýdüp pikirem etmeýän ýaş neslimiziň gözüni açmak bilen, taryhymyzyň öňünde ägirt uly hyzmat bitirdi.

Romanda Kymyş goja, onuň maşgalasy başdan-aýak ýazyjynyň üns merkezini eýeleýär. Birmeňzeş agyr ykbala sezewar bolan müňlerçe türkmen maşgalasynyň çeken jebriniň Kymyş aganyň hojalygynyň üsti bilen görkezilmegi romanyň saga-sola pytraman, ykjam bolup çykmagyna getiripdir. Bu maşgalanyň öň orna geçirilip, üns bilen yzarlanmagy ýazyjynyň utuşly tarapy bolsa gerek. «Ojagyň» ýordumyny yzarlamagy, wakalaryny jikme-jik beýan etmegi, olara düşündiriş bermegi özüme borç edinmeýärin. Eger başarsam, türkmen edebiýatynda dörän, çeper diýseň hem, taryhy diýseň hem, syýasy diýseň hem, üstüne basan «iner ýüküni» göterip biljek bu özboluşly romanyň esasy damaryna ser salmak isleýärin. Romany okap çykaran netijäme görä, ýazyjy adam ogluna kynçylygyň edýän täsirini ýüze çykarmagy esasy wezipe edip öňünde goýupdyr. Ol durmuş pajygasynyň döredýän kynçylyklarynyň ynsanyň ruhy dünýäsine ýetirýän täsirini edebi keşpleriň üsti bilen okyja ýetirmäge çalyşýar. «Ojagyň» sürgün edilen gahrymanlarynyň Watandan jyda düşmekleri olara çekip-çydardan agyr düşýär. Aýlardyr ýyllar hem olary ýat toprak bilen öwrenişdirip bilmeýär. Ýasaýyş syrlary hakynda oýlansan, çökder kynçylyk, töhmet belasy, ynsan gerdeniniň göterip bilmejek ýüki, onda-da hiç kim üçin peýdasy ýok, ýörite oýlanyp tapylan jeza her hili mert kişini-de ejizlemäge mejbur edýär, onuň aňyna erbet zeper ýetirýär, gowy häsiýetiniň ýaramaz häsiýet bilen çalyşmagyna, ejizlemegine getirýär. Beýle ýagdaý adamlaryň köpüsiniň psihologiýasyna mahsus ýaly bolup hem görünýär. Emma kynçylykly ýagdaý Agageldi Allanazarowyň romanynyň gahrymanlaryny gatybaşa, erjele, mert kişä öwürýär, olaryň aňyndaky watanperwerlik

duýgusyny, öz ojagyna küýsegini güýçlendirýär. Men uzak ýyllaryň dowamynda dogduk mekandan uzakda ýaşap, umuman alanyňda, biziň halkymyzyň başga halklaryň hiç biri bilen deňeşdirer ýaly derejede däl oturymly, öz ojagyna wepalydygyny göz ýetirdik. Men başga milletler onuň tersine diýen çaklamadan gaty daşda. Ýöne türkmenler... Men ojak meselesinde Agageldi Allanazarowyň romandaky ideýasy bilen pikirdeş bolup, bizin halkymyzyň şu güni bilenem öz çaklamamy tassyklap bilerin. Hut şu günem kän-kän milletleriň kän-kän wekili başga ýurtlara öz peýwagtyna gidip, edil öz watanynda ýaşaýan ýaly bolup ýaşaşyp ýörler. Emma türkmen welin, dogduk depesini terk etmegi halaýanlardan däl. Şonuň üçinem «Ojagyň» sürgün edilen gahrymanlarynyň Watandan alysda bolmagy olara çekip-çydardan agyr düşýär. Aýlar-ýyllaram olary ýat toprak bilen öwrenişdirip bilmeýär. Romanyň gahrymanlarynyň Watana ýetmek üçin sanaýan günleri gaty kynlyk bilen, hatda ölüm-ýitim bilen baglanyşykly hupbat bilen geçýär. Kynçylyklar türkmen sährasynyň balalarynyň iline aşmak arzuwyny has-da güýçlendirýär, wagt, ýat toprakda gün geçirmek öz Watanynyň has-da gymmatyny artdyryrar. Şol meselede romanyň kynçylykly ýaşaýyş mekdebini geçen gahrymanlaryň hemmesi-de okyjynyň tarapynda, okyjy hem olaryň tarapynda.

Ýaş nesil «Ojagyň» üsti bilen durmuş mekdebini geçýär, ildeşleriniň alysdaky hupbatly ýaşaýşynyň beýany olarda öz topragyna, öz ojagyna, parahat Watanyna söýgi, buýsanç oýarýar. Sen nirede bolsaň hem Watanyňy söýmeli, ondan aýrylmazlygyň, oňa ýetmegiň aladasyny etmeli. Watan seniň daş galaň, başymyzy jemlejek ýene şoldur. Ojak seniň berekediňdir, rysgalyňdyr, seni açhor etmejek ýene şoldur. A.Allanazarowyň «Ojagynyň» esasy leýtmotiwi şol. Şonuň üçin hem Pendi sährasynda sönüp ugran ojaklaryň odunyň ýene alawlap başlamagy okyja ynjalyk berýär, ony türkmeniň bereket nyşany bolan gyzgyn ojagynyň başyna çagyrýar. Öndümli işleýän uly ýazyjynyň kyrk ýylda döreden alty-ýedi jiltlik eserleri barada bir içijik makalanyň çäginde doly gürrüň etmek mümkin däl. Ýogsam Agageldi Allanazarowyň uruş temasyndan döreden «Ak ýelken», «Urşa giden adam», «Maňa meňzeş maýo»», «Jaň sesi» ýaly özboluşly powestleriniň

beren ýazyjylyk tejribesinden soň dörän ýene bir göwrümli eseri «Düwlen» romany hem düýpli seljerilmäge mynasyp eser. Ony türkmen edebiýatynda dörän ilkinji psihologik roman hasaplaýaryn. Eserde türkmen ýigidi Balkan bilen nemes gyzy Bertanyň ykbaly yzarlanýar. Ýazyjy bir urşuň gutaranyndan soň hem adam ykbalyny bulaşdyryşyny, bir başlanan urşuň diri galanlar üçin gutarmaýandygyny, urşy başlanyň hem üstüne çozulandan az jepa çekmeýändigini çeper keşpleriň üsti bilen açyp görkezmegi başarypdyr. Nemes gyzynyň öz ildeşleri tarapyndan başlanan uruş zerarly müňlerçe nowça ýigitlerini, heniz maşgala gurman ömür bilen hoşlaşan ogullaryny ýitiren türkmen topragyna gelin bolup düşmegi, özünden gan algyly bilen bir maşgala döretmegi iki sany garşydaş aňyň gizlin çaknyşygyna alyp barýar. Maşgalanyň bozulmagyna, birmahal tamamlanan hem bolsa, ýene uruş sebäp bolýar. Kalbyňy daglaýan durmuş hakykatyny açýan bu örän dartgynly eser okyjynyň aňynda harasat baryny döredip, psihologik romanyň kanunlaryna doly gabat gelýär. Alnan wakanyň diňe bir türkmen topragyna degişli bolman, urşy başdan geçiren ähli halklaryň (oňa dahylsyz halk barmy!) kalbyna-da gozgalaň saljakdygy sebäpli, «Düwlen» umumadamzat eserine öwrülýär. Bu romanyň hem esasy äheňi ynsan aňynda çuň filosofik oýlanmalaryň aýlawyny ussatlyk bilen işletmegi başarýan ýazyjy Agageldi Allanazarowyň ähli döredijiliginiň baş temasy bolan OJAGA gelip direýär. Agageldi Allanazarowyň ýazyjy hökmünde ýokary ussatlyk derejesine ýetmegi, döredijiligine dünýä möçberinde uly üns berilmegi, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň milli medeniýetimizi dünýä ýaýmak baradaky görkezmesini durmuşa geçirmekde onuň ep-ýesli iş edendigi, elbetde, örän guwandyrýar. Ussadyň ýaş döredijі nesillerimize nusga alarlyk öz ýazyjylyk mekdebini döredendigini hem aýratyn bellemek zerurdyr. Ol mekdep zehinli ýazyjy Agageldi Allanazarowyň ebebiýatymyzyň derejesini ýokary götermekde bitiren esasy işidir.

*Atajan Tagan,*
*ýazyjy.*

## MAZMUNY

Dörtdünji bölüm . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 4
Bäşinji bölüm . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 298
Atajan Tagan. Daglaryň aňyrsyndan daglar görünýär . . . . . . 452

*Agageldi Allanazarow*

# O J A K

Roman

Ikinji kitap

Redaktor *G.Gulbaýew*
Suratçy *G.Okaýew, D.Akyýew*
Dizaýn *A.Öwezow*

Ýygnamaga berildi 10.10.2006. Çapa rugsat edildi 8.02.2008.
Ofset kagyzy. Ofset çap ediliş usuly. Ölçegi 60x84 $^1/_{16}$. Möçberi .......